**Agageldi**
**ALLANAZAROW**



# O J A K

Roman
Üçünji kitap



Aşgabat – 2014

UOK 894-361
A - 48

**A.Allanazarow. Ojak.** Roman.
3-nji tom, TDKP 2008.

Türkmeniň beýik Garaşsyzlyk zamanynyň görnükli ýazyjylarynyň biri Agageldi Allanazarowyň «Ojak» romanynyň üçünji kitaby hem onuň 1-nji hem 2-nji kitaplarynyň gönüden-göni dowamy bolmak bilen, birlikde munuň hem esasynda halk ykbaly ýatyr.

Romanda diýdimzorlukly Sowet zamanynda talaňa salnan, bala-çagalary bilen gün edilip ýat illere sürgün edilen türkmen maşgalalarynyň ykbaly öz beýanyny tapýar.

«Ojak« häzirki zaman ilkinji döredilen köp tomly romanlaryň biri bolmak bilen, ol bu gün ýurdumyzda alnyp barylýan beýik, tutumly işleriň buýsançly mukamy bolup ýaňlanýar.

KBK. 84.Tür – 7
© A.Allanazarow, 2008.



# Üçünji kitap



## ALTYNJY BÖLÜM

* * *

Bathyz degresinde çyg-nemiň ýetmezçilik etýänligi indi bireýýämden bäri, diýseň, ýiti duýulýardy. Tomus öz döwür-döwranyny bireýýäm ötürenem bolsa, heniz bolubam, onuň yssysy oňly azalyp-egsilmändi. Ol öňküsi ýaly ýeri her gün ot-ýalyna basyryp gyzdyrýardy. Hasam günortanlar tomsa berimsiz jokrama, kapas yssylar bolardy. Henizem Bathyzyň üstünden ýamanalgyly ýaly bolup ýalynly şemal öwserdi. Ozalky towlanyp akan çeşme suwlaryň köl bolup, oýtaklary gark edip oturan kak suwlarynyň hanalary guraşyp, jaýrylyşyp, olaryň bolan ýerlerinde indi birki aý bäri tüweleý turýardy. Ýaz aýlarynda Bathyz üstüniň ýere-ýoma sygman, tolkun atyp, deňiz bolup oturýan ot-çöpleri häzir wagtyň geçmegi bilen azalyp-egsilip, indi barha kösäniň sakgaly ýaly, diýseň, selçeňläpdiler. Onuň üstünde häzir çerkez-çeti, pisse, sazak ýaly ýaşaýşa ummasyz höwesli bolan, kynçylyklar bilen göreşip, erjellik görkezip bilýän bir oýnam ösümlik galypdy.

Näme diýseňem, mahal-mahal howanyň öwzaýy üýtgäp, güýz maňlaýyny görkezip-görkezip giden ýaly hem bolýardy. Sergin şemal öwsüp, bulut baryny lemmerlendirip toplap, baýyrlaryň ýokarsynda bulutlar çaknyşyp, bir-birleri bilen demir-döweç bolşup, ýyldyrym çakyp, hä diýmän, ýagybererli hem görünýärdiler. Adamlar her gezek şu pursatda ýaňaklaryndan syrygjak, saçlaryny ezjek kümüş reňkli ýagyş düwmelerine

özleriniň golaýlaşandyklaryna ynanaslary gelýärdi. Özi-de bu tamaly döwür bolsa-da, hemişe ir ertir şeýle bolýardy.

Bu günem asman çytylyp, ol bir hyýala münene meňzäp, irden şeýle boldy. Bathyz bolsa äpet bir tolkunyň ummandan çykaryp, kenara taşlan, indem gury ýuwdunyp, demini sanap ýatan äpet kit balyga öwrülip, ýere-ýoma sygman güberilip ýatyrdy.

Asman ýüzüni gamaşdyryp, sergin şemal ösdürip, depesine ýokdan-bardan tapan bölek-büçek bulutlaryny göterip, erjellik bilen näçe çygylyp çytraşsada barybir bü günem ol dogrup bilmedi.

Guşluga ýetip-ýetmän, ýene-de asmanda parlap, Gün peýda boldy.

* * *

Kowgy bolup göç yzyny çalyp gelýän Tejen otrýady indi ikiüç günden bäri gözleg salyp, çölüň içinde bir ondan çykýardy, bir mundan.

Otrýad düýnden bäri: «Çoçük yzyndan hä diýmän, ýetsek gerek?» diýip, çen edýän-de bolsa, ýöne heniz bolubam ne ýetilen göç bardy, ne-de duşulan adamlar. Töwerek şol birsydyrgyn ýaýylyp-ýaýrap oturan sähra bolup ýatyrdy. Çolalykdy. Tejen otrýadynyň başy bolup, komandiri gapdallap at gorduryp gelýän Çary Perman golaýda däl tüsse ysy burnuna uran mahaly eserdeňlik bilen başyny göterip howany soragly ysyrganyp, at başyny çekdi. Howada şeýle-de atdyr eşek-düýe tezekleriniň ysy bardy. Şol barmana-da onuň nazary bir daban ýerde pytyraşyp ýatan düýe gumalaklaryna düşdi. Çary Permanyň muny görüp, ýüzi açylyp, ýitiren yzyny tapan yzçy ýaly, göwnühoşluk bilen kanagat tapdy. Soňam it ýylgyryşyny edip, komandire ýüzlendi:

– Ýoldaş komandir, ahyr-soňy göçüň yzyndan-a ýetdik gerek!– diýip, elindäki gamçysyny ilerligine uzadyp, oňa töwerekdäki göçüň habaryny berýän alamatlary görkezdi. – Düýe ýakynda gumalaklapdyr. Ol şu Günüň astynda-da doly gurap ýetişmändir. Indi göçüň özem bizden uzakda bolmaly däl –diýip, sözüni biraz

dabara bilen tekrarlady. At üstünde töweregine boýurganyp oturan ýerinden alysda, asmanyň sähra bilen birleşýän ýerini kanagat tapmak bilen gönençli synlady.

Çary Permanyň göç yzlaryny görüp, kanagat tapmagynyň sebäbi birem däldi, ol iki dagam bardy. Onuň bu kanagatlanmagynyň birinji sebäbi ýitip ýören göçüň tapylmagy bolsa, ikinjisi, onuň şu goşda barlygy belli bolan, köpden bäri duşup aryny almagy arzuw edip ýören ganym duşmany bilen baglydy. Onuň şol ganymy Bäpbedi.

Olaryň Bäpbe bilen duşmançylygy mundan alty-ýedi ýyl ozal, Bäpbäniň Sowetlerden juda bir gaýpynman, Tejen töwereginde özüniň dört-bäş meslekdeşi bilen galtamançylyk edip ýören günlerinden başlanypdy.

Çölde gonup-göçüp ýören Bäpbäniň öňem azyk-suwluk zerurlygy bolanda, duýdansyz gelip, şular-a barlydyr öýden öýlerini çalarak çapyp, çörekdir undan ýüküni tutup gidäýmesi bardy. Emma şol gezek gelip, Agalaňy çapanda ol diňe bir azyk-suwluk bilenem kanagatlanmandy. Öýüň töründe oturan gelin hoşuna ýakyp, töwereginde çaga-çuga-da görmänsoň, şula bir başyboşa meňzeýär diýen pikir bilen, onam oljalapdy. At öňüne basylyp alnyp barylýan gelniň ahy-perýady şonda küren obany az salymda aýaga göteripdi. Beýle bir göze gelüwli maşgala dagy gabat gelse, çölde aýal-gyz islegi bilen şory depesine uran Bäpbe-de heý, bu gowulykdan öwrülip geçip biljekmi!? Ol şeýdibem ýatan itiň garnyndan basanynam bilmän galypdy. Eýsem-de bolsa, paýhasly iş edýän bolsa, Bäpbä «keleçew» lakamy galarmydy!?

Ýöne şol gezek Çary Permanyň täsiri bilenmi nämemi Tejen otrýady wagtynda, diýseň tiz hereket edipdi. Bäpbe heniz uzak ara açyp, çölüň töründe ýeriň giňişligini almanka, otrýad onuň yzyndan kowup ýetipdi.

Bäpbe ölüşmeli bolsa ölüşjekdi, ýöne eline düşen, eýýäm syny oturyp, höwesine berlen bu eýjejik zadyny hiç kime bermekçi däldi. Emma kastyna ykjam çykylanlygyny mälim edip, komandir

Stepanow ony  gepleşige çykarmagyň ugruny tapypdy. Gepleşik Bäpbe bilen Stepanowyň arasynda ikiçäk, gözden sowa geriş alaňyň arkasynda ýüzbe-ýüz bolnupdy. Komandiriň başdan sözi talaply boldy.

– Bäpbe, gelni dessine yzyna gaýtar!

– Stepan aga, men gelni yzyna gaýtarmak üçin oljalamadym.

– Bäpbe, näme üçin oljalan-da bolsaň, ony tiz yzyna gaýtar. Ýogsam ganatyňy gyraryn. Hetdiňi tana. Sen kime el gatýanyňy bilýärmiň aslynda?

– Ýok, kimmişin? Kim bolanda näme?

– Gelin ýoldaş Çary Permanyň aýal dogany eken. Bilýänsiň-ä, Çary Permanyň kimligini.

– Çary bolşewik diýsene.

– Edil özi. Onsoňam sen meni gowy diňle, Bäpbe. Kim-de bolsam, Çary Permany özüňe duşman edinseň, men seniň çöldäki maşgalaňy gorap bilmerin. Sen bilýäň-ä türkmeniň naçaryna el degirseň, onsoň onuň aryny alýança, hiç zatdan gaýtmajagyny… Sen öz maşgalaň niredeligini ol tapmaz öýdýäňmi? Jany ýangynly adamyň etmejek işi bolmaz…

– Çary Perman diýsene!? Tanaýan. Ol tohum hakyny gidirýän-ä däldir…

– Şony bilýän bolsaň, dola gelni yzyna?

– Öz-ä bir eýjejik zat eken. Şeýdip indi ony dolaýmaly bormakan-aý, Stepan aga?!

– Bäpbe, däliligiňe tutma! Ozalky gepleşişimiz ýaly, meniň aýdanymy et. Şonda maňa-da seniňkileri goraglamaga mümkinçilik bolar…

Bäpbe lapykeç bolup, oljalan oljasyny elinden aldyryp, ýeňsesini gaşap, yzyna dolananyna köp wagt geçmänkä, komandir Stepanow gelni yzyna düşürip, alaň aňyrsynda ýaragyny besläp özüniň yşarat berip, etjek çakylygyna garaşyp oturanlaryň ýanyna gelipdi. Şu wakadan soň bir ýyl geçip-geçmänkä Çary Perman Bäpbäniň Tejeniň aýagujunda Sowetlerden gaçyp, sergezdanlykda

ýören agasyny tapyp, ony aldap-ogşap: «Kolhoza gir, gowy bolar!» diýip getirip, soňam sürgüne atardyp, «Alynyň aryny Ahmetden alar» edipdi. Şeýdibem biraz-da bolsa öz ýangynly ýüregine teselli beripdi. Ýöne ol barybir munuň bilenem kanagatlanmandy. Ýürek ytygsap agyryly urýardy. Ol «Çary Permanyň bajysy süýrelipdir» diýen ada galanyna diýseň namys edýärdi. Wagt peýläp, Bäpbe bilen duşuşyp, köýen aryny onuň özünden almagy niýet edýärdi. Göç arasynda Bäpbäniň hem maşgalasynyň barlygyny eşidip, ol şol garaşýan haklaşyk pursadyň gelip ýetendigine ynanypdy.

Namysa galan Çary Perman şol günler ar ýoluna berlip ýörkä Sowetlerden gaçyp, Tejen aýagyna siňen müňlerçe maşgalalaryň arasynda Bäpbäniňkileriň hem göçüp-gonup ýören ýerini bilip alyp, maşgala hyýanat etmegiň ugruna çykyp ýörkä, garaşylmadyk ýagdaýda Tejen otrýadynyň komandiri Stepanow onuň niýetiniň öňüni alypdy. Ol:

– Çary, sen Bäpbeli meseläni maňa goý! Ony özümiň bir etjegim bardyr… – diýip, tapmaçaly gepläpdi.

Çary şonda nämedigini bilmese-de, Stepanow bilen Bäpbäniň arasynda döwlet ähmiýetli bir gepiň barlygyna, onuň maşgalasyna sürnübermäge aňsat özüne ýol berilmejegine düşünipdi. Komandiriň Bäpbäniň üsti bilen has döwlet bähbitli tory giňden öwrüp gurýanlygyny çen edipdi. Onsoň Çara ar almak matlabyny ýene bir amatly pursada goýmakdan başga alaç galmandy.

Çary Perman haçan göç habaryny, ol ýerde Bäpbäniň maşgalasynyň barlygyny, Owgandan halky göçürmäge gelen ekabyrlaryň arasynda onuň özüniň hem barlygyny eşiden mahalynda köýüp ýatan aryny «Doňzy batgada bas» edip ýerine salmagyň, wagtynyň gelendigini çen edipdi. Otrýada höwes bilen goşulypdy. Häzirki göç yzyndan ýetmek bolsa onuň üçin ganym duşmanynyň yzyndan ýetmek bolupdy, onuň gökdäki dilegi ýerde gowşupdy. Şeýdip göçüň yzyndan ýetilenini görensoň, ol hamala toýda aty çykan ýaly, ýakymly bir duýgyny başdan geçirdi.

Komandir Stepanow Çarynyň gep saluwyna düşündi. Onuň sözünde göç yzyndan ýetilmegine bolan kanagatlanma duýgusam, aýgytly hereket edilmegine bolan isleg-höwesem bardy.

Otrýad komandiri belentligi bilen saýlanyp oturan depäniň üstüne ýörişiň öňüne-ardyna gözegçilik etmäge çykan mahaly Gün eýýäm ikindi öýläne sanyp, bu günki geçmeli ýoluny geçip tükedip barýardy. Komandir Günüň aşak eteginde peýda bolup ugran çal çylpawy gören mahaly munuň göçüň göteren çaň-tozunyň bir ýanydygyna, öz garşydaşlaryny indi başga ýerden däl-de, ilerki şol Gün aşagyndan bir ýerlerden gözlemelidigine göz ýetirdi.

Otrýad alaň-depeleriň arasy bilen howlukmaç ýöredi. Pulemýotly topar öňden barýan esasy güýçlerdir Annamyradyň atlylarynyň arasy bilen, atlara ýüklenişip, gorag astynda gidip barýardylar. Olaryň basmaçylaryň eline düşmeginden, onuň soňra gyzyl esgerleriň özlerine tarap öwürmeklerinden diýseň gorkulýardy. Seýrekde bolsa, şeýle ýagdaýlaram söweşler mahalynda bolupdy.

Daşhowuz töwereginde gyzyl komandir Ýarawoýdyr Plinskiý dagy hut duşmana öz ellerinden aldyran pulemýotlarynyň gazabyna duçar bolupdylar. Bu ýagdaý soňra gyzyllara diýseň puşman edip, sapak edinmeklerine sebäp bolupdy. Şonuň üçinem her ýörişiň öňüsyrasynda komandirler pulemýotçylara: «Pulemýoty welin kyn ýagdaýa düşseňiz-de, her ediň, hesip ediň, elden beräýmäň, alaçsyz galan wagtyňyzda onuň oklaryny, gerekli şaýlaryny ýok etmäge, ýygşyrmaga çalşyň!» diýip sargardylar. Pulemýotlaryň uruşlarda esasy ýeňiş ýaragy bolup durýanlygy nygtalýardy.

Komandir at üstünde oturan ýerinden boýnundan asan serke jaňyna çalym berip duran dürbüsini gözüne tutup, onuň bilen ýene bir salym gözýetimi nazaryndan geçirip, töweregi synlady. Şonda ol uzakdaky pälwan ýagyrnysyny ýatladyp oturan depeleri, olaryň kemerinde selçeň peýda bolup ugran pisse tokaýlygynyň bir gyrasyny gördi.

Otrýadyň Bathyza gelip inenligi belli boldy. Komandir soňam dürbüsini raýkomyň jogapkär wekili hökmünde özi bilen at başyny deňläp duran Çary Permana uzatdy.

– Çary, dogrudanam, göçüň yzyndan-a ýetipdiris indi. Ilerki öwrüm ýasap göterilen tozanam şolaryňky bolmaly. Nähili, milleti raýyndan gaýtarmak üçin wekil iberip, olara ýene bir gezek töwella-tagsyr etsekmikäk!?– diýibem, oňa maslahat saldy.

Töweregi dürbüläp duran Çarynyň gepi nagt boldy:

– Aý, indi töwella-tagsyr wagty geçdimikän diýýän, komandir!

Depäniň üstüne ýaňyrak at debsiläp çykan Annamyrat Potra komandirdir Çarynyň gepiniň bir garasyny eşitse-de, olaryň gürrüňlerine goşulmaga howlukmady. O-da dürbüsi bilen töweregini dürbüläp, komandirlerçe ýeriň, wagtyň hasabyny alyp durdy.

– Onsoňam aslynda olary indi yzyna gaýtarmak bir gerekmikän? Türkmen-ä: «Geçenden geç!» diýýändir –diýip, Çary öňki pikirini nygtamak bilen, sözüni ýene-de öňki hörpünde, kejeleşýän äheňde dowam etdi. – Gaýtaryp getirseňem, Sowet-de basmaçy bolşup, olar bilen gan-da-pyçak bolşup gidişip ýören ýene-de özüňsiň-dä!? Galyberse-de, men-ä şeýle hasap edýärin, töwella-tagsyryň wagty bireýýäm duşdan geçirildi. Çaknyşyklar başlanyp, eýýäm ganam döküldi. Olar Konstantinowyň eskadronyny çym-pytyrak edipdirler. Eşitdiň-ä özüňem ýolda näme bolanyny onuň gaçyp sypan esgerlerinden. Duşmana höre-köşe etmäge hakymyz ýokdur, ýoldaş komandir! – Ar ýoluna düşen Çary Permanyň gepi talaply bolşy ýaly-da howur-ýalynlydy.

Şu gürrüňden soň komandir Stepanowyň Çary Permanyň aýdanlaryny mamla tapanlygy belli boldy.

Otrýad komandiriň yzy bilen  ala güpürdi bolup, öňe okduryldy. Komandir otrýady göçüň kastyna atardy.

Göçi görüp, uly alada galan adamlarynyň ýene birisi, uly Tejen otrýadynyň bölüm komandirleriniň biri Annamyrat Potra boldy. Ol otrýadda hut dünýä proletariatynyň serdary W.I.Lenini

diňlän, aklaryň Sowet hökümetine howp salan wagty Kronştat pitnesini basyp ýatyrmaga gatnaşyp hyzmat görkezen, ilkinji «Gyzyl Baýdak» ordenini hut serdaryň öz elinden alan hökmünde tanalýardy.

Haçanda Annamyrat uly göçüň Tejen aýagyndan göterilip, alys ýola ugranlygyny eşiden mahaly, çöl içinde agasy Agdarhanyň hem maşgalasy bilen barlygyny bilýänligi üçin:

– Ha, olaryň arasynda biziňkiler bir ýok bolaýbilseler ýagşydyr? –diýip, ýoluň juda hatarly boljakdygyny ýatlap howpurganypdy.

Göçüň yzyndan gitjek kowguda islese-islemese-de, özüniň hem boljagyny pikir edip, şonda ol göçüň kastyny ediljek harby hereketleriň öz agasyna ýarag götermek bolaýmagynyň mümkinligini hem pikir edipdi.

Emma Annamyrat Potra Tejen otrýady gyssagly göterilip, kowgy bolup gidende şäherde ýokdy. Ol öz adamlary bilen çölde başga bir basmaçy toparyny aňtap, tabşyrykda gezip ýördi. Ýöne bu ýagdaý şonda onuň üçin syr bolup uzak galmady.

Tejen otrýady mümkin bolan güýçlerini toplap, kowgy gidensoň, ony-da şol gidenleriň üstüni ýetirmek maksady bilen ýörite giden ýerinden çagyryp alypdylar.

Annamyrat Potra öz adamlary bilen gyssagly ýol şaýyny tutup durka onuň ýanyna ýörite bu işlere hökümet-partiýa tarapyndan gözegçilik edýän raýispolkomyň başlygy gelipdi. Göçde oňa agasynyň hem barlygyny aýdyp:

– Annamyrat, bolmasa sen bu gezek sapardan galaýsaň nädýä!? Gaýgysyza aýtsak, ýagdaýa düşüner! – diýip, ony özüçe synaga salyp görüpdi. Elbetde, bu buýruk hökmünde kabul edilmeli söz däldi. Muňa Annamyradam bada-bat düşündi. Raýispolkom başlygy bu sözi aýtmak bilen, onuň posly taryna kakyp görýärdi. Onuň Sowete bolan wepadarlygyny güman astyna alýardy. Bu gepden soň Annamyrat diňe bir agasynyň göç bilen barýanlygyna däl, bu ýagdaýyň özüni synaga salýanlygyna hem gowy düşündi.

Ol:

– Men gitmesem bolmaz, ýoldaş raýispolkom başlygy! – diýip, soňam ol atynyň jylawyny gaýtaryp, tizara atlanmak bilen bolupdy.

Annamyradyň agasy Agdarhan Potra hem bolşewigiň gysyşlarydyr din-imany ret edýän hudaýsyzlyk syýasatyndan elheder alyp, çöle çykan müňlerçe türkmen maşgalalarynyň birisidi. Birnäçe ýyl ozal onuň agasyny çölden maşgalasy bilen oba dolap getirmäge eden synanyşygy başa barmandy. Agdarhan inisine ýüz bermändi.

– Mende seniň ýaly, öz ilini çapyp, onuň din-imanyny depgiläp ýören ini ýok – diýip, onuň niýetlän kömeginden kes-kelläm ýüz öwrüpdi.

Annamyrat otrýadyň yzyndan ýola çykansoň, ol öz mähriban adamlaryna ýarag çekmeli boljagyny ýatlap, ýol boýy ýaýdanyp gitdi. Agasydyr ene ornunda özüni bakyp bejeren ýeňňesini, olaryň özi bilen bir öýde ösüp-ulalan çagalarynyň güler ýüzlerini göz öňüne getirip haýpygelijilik bilen ýatlady. Bala-çagalarynyň bähbidini arap, pikirinde agasy bilen ýene-de öwran-öwran dikleşdi.

–Agdarhan, aklyňa aýlan, şu wagtam bir pille!

–Men seniň ýalynyň akylyna mätäç däl!

–Sen özüň bilen bala-çagalaryňam jähenneme alyp barýaň, ahbetin!

–Ony Alla bilýändir. Maňlaýa näme ýazylan bolsa, onda ondan gaçyp gutulmak ýokdur.

Muňa seretmezden, Annamyrat henizem duşuşyp bolsa, agasy bilen belli bir derejede düşünişip bolar, ony bir ýol bilen raýyndan gaýtaryp bolar diýip tama ýedýärdi. Tama inçejigem bolsa, ol häzir belli bir derejede Annamyradyň aladaly kalbyna teselli berýärdi. Stepanow göçi derekläp, iki gün çölde ondan-oňa gözleg salyp ygan-da bolsa, otrýada henizem göçden oňly derek tapmak başartmandy. Tejen otrýadynyň baş komandiri

Stepanowyň özi-de şu toprakda önüp-ösen rus adamlarynyň biridi. Biraz çalgyrdrak diýmeseň, ol türkmen dilini-de hiç neneňsi bilmeýärdi. Maşgalalary ýaşlykdan ýerli milletiň adamlary bilen gatnaşykda bolany üçin ol halkyň ýagdaýyny-da gowy bilýärdi. Şonuň üçinmi nämemi, ol nirede bolsa-da, bu yklymyň adamlaryny özüne ýakyn saýyp, mümkin boldugyndan, olaryň hal-ýagdaýyna düşünmäge, bähbidini aramaga çalyşýardy. Tejenlilerem ol barada gürrüň edenlerinde «Saşa – öz orsumyz» diýşip, ony özlerine golaý dostana saýyp, beýlekilerden tapawutlandyrýardylar. Onuň mümkin bolan her ýerde öz arkalaryny aljaklygyna ynanýardylar.

Häzirem ol Annamyrat ýaly göçüň yzyndan ýetip, ony zeleliň ýaryndan gaýtmagam bir peýda edip, gepleşip-sözleşip, gerekli dil tapyşyp, yza dolap bolar diýip, tama edýän az sanly adamaryň biridi. Gelşiksiz ýagdaýa galan Annamyradyň hem häzir hut şu özüniňkä meňzeş pikirdeligini çen edýärdi. Oňa bu kynçylykdan abraý bilen baş alyp çykmaga nähili-de bolsa bir ýol bilen kömek edesi gelýärdi. Komandir Stepanow bu göçde Annamyrat Potranyň agasy Agdarhan Potranyň barlygyndan, onuň hem il öňüne düşen ekabyrlaryň hem biridiginden öňden habarlydy. Birki ýyllykda Annamyrat agrama leňňer berip, Tejene gelende Gaýgysyzdyr Paskusskiý ýaly döwlet adamlary bilen gepleşip, Tejen aýagyna gidip, agasyny gaçyp çykan ýerinden dolap getirmegiň ugruna çykandygyndan, ýöne bu synanyşygyň başa barman, doganlaryň öňküleri ýaly ýene-de düşünişip bilmändiklerinden hem habarlydy. Bu işiň adaty töwella-tagsyra hezil bermejegi-de belli bolupdy. Annamyrat Potra hut Leniniň elinden orden alan, onuň minnetdarlygyna mynasyp bolan, rewolýusiýanyň janköýer esgeri hökmünde hyzmatlary göz öňünde tutulyp, her halda nazara alynýan adamdy. Stepanow hem ol Daşhowuzdan Tejene öz otrýadynyň ýetnesi edilip geçirileni bäri her meselede onuň bilen maslahatlaşaýanyny kem görmeýärdi. Häzirem ol göçüň yzyndan ýetäýende-de, Annamyrat öz yzlaryndan gelip ýetýänçä juda zerurlygy bolmasa, Çary Permanyň döwtalapdygyna seretmän,

söweşe girmekçi däldi. Onuňky düşnükli, Bäpbäni kowup ýetip, aryny ýerine salmakçydy. Häzir Çary Permanyň bürgüt nazary göçi agtaryp, alysa seredýärdi, onuň tegelenibräk duran, ýaňy joýalanyp gasyn düşüp ugran ýüzi biynjalyk hem çytykdy. Ol bajysyny ata basylyp, çöle çykylanyny puşmanly ýatlap, häli-şindi özi bilmezden ar sowudyna çolanýardy.

Sowetleriň bet pygyl bilen ýakan synpy çaknyşygynyň ody eýýam türkmen iliniň üstüne hem aždarhanyň agzyndan çykan ot bolup çabrapdy. Iň ýamany-da onuň öňünden sowulmak mümkin däldi. Onuň bilen soňuny saýman, näme bolsam bolaýyn diýip, dikleşmekden başga alaç galmandy.

Tejen otrýady yzdan ýeten Annamyrat Potranyň atlylary bilen öz üstüni ýetirensoň, birleşen güýçler göçüň bir tarapyndan barýançalar, atlary gyssap, ýene bir salym çöl söküp gitmeli boldular. Otrýad şol barmana-da daş-töwereklerine gözegçilerini ataryp, Konstantinowyň basan gapanyny ikilenç basmazlyk üçin, indi hüşgärligi elden bermän, seresap hereket etmäge çalyşýardy.

...Yzdan gelmegine garaşylýan kowgy özüne uzak garaşdyrmady. Dolak serdar ýeňiş bilen göçüň yzyndan ýetensoň, ýaňy olja düşen ýaraglary, eýer-atlary ýigitlerine paýlap, güýjüni artdyryp durka, töwerekde goýlan gözegçileriň biri atyny ýüzin salyp gelip, gyssagly habar getirdi. Bolşewigiň «el-hal» diýip, ýetip gelýänligi belli boldy. Ol şundan soň öňki Annaguly hanyň ýanyna gitmek, oňa öz töwereginiň ýagdaýyny, habaryny berip, tutulan ýesiri onuň bilen gorduryp, göç arasyna aralaşan zannyganymy tapmak niýetinden häli-häzir el çekmeli boldy. Karapetow: «Araňyzda Sowetiň adamsy bar» diýeli bäri, ýogsam onuň şol adamy diýseň göresi, has takygy onuň hem kellesini Konstantinowyň kellesini çapyşy ýaly, çapasy gelýärdi. Nädibem bolsa, indi ony tiz tapyp, haşal otuň ekin arasyndan sogrulyp aýrylyşy ýaly, aýrylyp taşlanmagy zerurdy. Emma kowgyň öňüniň görleni eşidilensoň, ol özüniň näçe islese-de, häzir bu ýerden gidip bilmejegine gözi ýetirdi.

Ilkinji Gyzyl Goşunyň uly urgusyny ýene-de Dolak serdaryň topary gaýtarmaly boldy. Tiz dolandym diýilse hem, öldürilen gyzyl esgerleriň ýaraglaryny, oklaryny toplajak bolnup, olaryň eýesiz galan, jylawyny süýreşip ýören atlaryny tutmak üçin, şol ýerde esli eglenmeli bolnupdy.

Indi dönüp söweşmekden başga alaç galmandy. Göç goragy otrýady göçe ýetirmän, giň meýdanda garşy alarman boldy. Dolak serdaryň atlylary Gyzyl Goşunyň aňyrdan gylyç syryp geljek atlylary bilen darkaş gurmaga taýynlandylar. Emma uruş garaşylmadyk ýagdaýa eýe boldy. Otrýad garşydaşlaryny görenden atlardan düşüp, pulemýotlary öňe sürşüp, «Kör hasasyny bir aldyr» edip, bada-bat ýerli-ýerden göçüň üstüne ot açyp ugrady. Bu ýagdaý Dolak serdaryň ýigitleriniň hem dessine atdan düşüp, atyşyga başlamaga mejbur etdi. Aňyrdan aýak aldygyna atylýan tapgyr-tapgyr oklar şundan soň esli wagtlap, Dolak serdaryň adamlaryna ýerden baş götermäge-de mümkinçilik bermediler. Emma Dolak serdaryň adamlarynyň arasynda-da tüpeňi juda türgen atýan mergenler bardy. Esgerler kellesini görkezdigi olar ony dessine patyladyp, agdaryp alýardylar. Has-da mergenler bukup ýatan ýerlerinden indi pulemýotyň ot açýan ýerini ünsde saklap, ok atýardylar. Şol atylýan oklaryň biri birazdan ikinji pulemýotyň atyjysy Sapkowy ýaralap hatardan çykardy. Ýöne pulemýot uzak dymmady, Sapkow aşak buky ýere ýarasyny saramaga alnyp gidilensoň, şol golaýda göçüň yzyndan mauzerden iki-ýeke ok atyp ýatan Çary Perman pulemýot başyna geçdi. Dolak serdaryň adamlarynyň üstüne paýradyp, oky indi ol ýagdyryp ugrady.

Pulemýotyň öňünde durup bilmän, göç goragynyň iki-ýekeden yza çekilýänini gören Çary Perman: «Sowetiň garşysyna ok atmagyň nämedigini görkezerin siziň gözüňize» diýip, kanagat tapma bilen has ekezlen buýsançly hümürdedi.

Iki pulemýot iki ýerden sakawlap saýrap ugransoň, tizden göç goragyna hem bu hüjümleriň öňünde uzak saklanyp bilmejegi belli boldy. Dolak serdar adamlary bilen sep berşip, assa-ýuwaşdan yza

çekilmäge başlady. Komandir Stepanow muny görüp, otrýadyň çozuşly aýgytly herekete geçmegine wagtyň gelenligine, göç goragyny şu aljyraňňylykdan aýňalmanka alyp ýatmalydygyna düşündi. Ol bukuda ýatan ýerinden towsup turup:

–Otrýad-d, atlan! –diýip, buýruk berdi-de, özi-de şundan soň tiz bukuda duran atyny getirdip, oňa atlandy.

Tejen otrýady badyna gum böwedi böwsen sil suwy bolup, göçüň yzyndan eňterildi. At aýaklarynyň güpürdisine, «urra» gygyryşyp, öňe atylyşyp barýan esgerleriň badyhowa, göçgünli sesleri bilen goşulyşyp, Bathyz degresine sarsgyn berdi.

Kömek soralyp habar edilensoň, Dolak serdara kömege ilki Bäpbe öz atlylary bilen gelip ýetişdi. Özi-de ol garaşylýan ýerden däl-de, Marydan garaşylýan goşun bölümleriniň geler diýlip, çen edilýän tarapyndan peýda boldy. Gelşine-de sürä niýetini dikip, ylgar eden möjek ordasy ýaly, kürsäp otrýadyň içine girdi. Bäpbäniň eňişip gelýän atlylarynyň gelşine atan oklarynyň birnäçesi atyň ýalyny gujakladyp, olaryň badyny aldy.

Komandiriň atyna ok degip, ol üstünde oturany atyp urarly bolup, haýkyryp çarpaýasyna göterildi. At eňterilip üstüne gaýdar öýden komandir köpügörenligini edip, şu pursatda çalasyn hereket etdi-de, aýaklaryny üzeňňiden sypdyryp, özüni atdan gapdala oklady. Turup-turmanam, buýruk berip, pulemýotlary işletmegiň ugruna çykdy. Komandirden uzakda bolmadyk Çary Perman onuň atdan ýykylanyny görüp: «Oh» diýdi-de, atynyň başyny öwrüp, oňa kömege howlukdy. Şol gelşine-de Bäpbe dagyň tarapyna sapançasyndan yzly-yzyna ok atdy. Komandiriň turup gelýänini görüp, oňa göwünlik berdi:

– Özüň aman bolsaň bolýar, ýoldaş komandir, at tapylar.

Komandiriň ýagdaýyna çen urujylyk bilen gürledi:

– Duşmana kömek ýetişdi. Tiz pulemýotlary olara tarap öwürmeli. Sen ýene Sankoň pulemýotynyň ýanyna ýet! Garaňky gatlyşyp barýar. Saýlap atmak kyn bolar, seresap boluň!

Çary Perman:

– Duşmany tanamagyň bir alajy bolar, telpeklisini atybermeli bor – diýip, beletlik bilen gepläp gidip barşyna buýrugyň ýerine ýetiriljegine komandiri ynandyrmaga çalyşdy.

Emma näçe islense-de, atlylar bir uzaklaşyp, bir golaýlaşyp, gaçyşyp-kowuşyp söweşýän mahalynda «Ýalňyşyp, özümiziňkini seräýmäli!» diýen gorky bar bolany üçin, pulemýotlar şundan soň gerimini alyp işläp bilmediler.

Bäpbäniň tüweleý ýaly bolup gelen topary komandire islese-de wagty bilen ähli güýji birikdirip, hüjüm etmäge mümkinçilik bermedi.

Bu wagta çenli eýýäm Gün batyp, töwerek hem ümürleýän ýaly bolup, Bathyzyň tüýnüginden gije dökülip, töweregi kem-kemden salgym-sudura öwrülip, özüne döndürip ýitirip ugrapdy. Tebigatyň bu görýän gabahatlyklarynyň öňüni almak isläne meňzäp, iki duşmanyň arasyna gijäniň gara perdesini erjellik bilen çekýärdi.

Dolak serdaryň adamlary şol barmana öz ok-däri meseleriniň aňyrsynyň ýoklugy üçin, bolanyndan barjasy bilen olary aýawly ulanyp peýdalanmaga çalyşýardylar. «Ha, şu Sowetiňki ýaly hasapsyz okumyz, türgen ýaraglarymyz dagy bolan bolsady, onda bularyň bada-bat tepbedini okasa bolardy» diýip, ahmyr edýänlerem bardy. Garşylyklaýyn oklaryň selçeň atylmagyna seretmezden, belli bir derejede, munuň özi söweşiň badyny aldy. Muňa seretmezden, ýöne oňa-da wagtal-wagtal çöli pulemýot okuna tutup gelýän güýjüň öňünde durmak barha kynlaşýardy. Gijäniň düşmegi bilen dünýäniň howpy artýardy.

Belki, Annamyrat Potranyň topary kowgy bolup gelşine güýç jemläp, täzeden çozuş edäýse, Dolak serdaryň barha selçeňleýän güýji onuň öňünde durup bilmese-de bilmezdi. Ýöne näme üçindir sag ganatdan öz adamlary bilen hereket edýän Annamyrat hüjüme howlukmaýardy.

Şol barmana-da yzdan mahal-mahal kelepatara ok ýagdyryp gelýän pulemýotyň Dolak serdar hem ýaralan adamlarynyň

biri boldy. Duşmanyň iki oky onuň bilguşagynyň tirsek boýy ýokarsyndan, bir-biriniň golaýyndan degipdi. Agyr agyry bada ony haldan düşürip, aňyny aldawa salyp ugrapdy.

Onuň iň soňky aýdany: Ýetdi-ow, bu kapyr meniňem yzymdan! – diýen ahmyrly söz boldy.

Onuň eýýäm köýneginiň, balagynyň ýokary etegini gan ezipdi, ol esli kölçerip garalybam durdy, sermeläp onuň halyndan habar alan adamlaryň gollary gana boýalypdy.

Dolak serdary adamlar ýazgyn donuň arasynda salyp, bu ýerden tizräk ara açmak üçin, howlukmaç göterip ugran mahaly hamala tenine batan gülleleri gaçyrjak bolýan ýaly, ol bir leňňer alyp silkindi. Bu onuň ykbalyň öz üstüne küşgüren gabahatlyklarynyň garşysyna iň soňky görkezen garşylygy boldy.

Adamlar göçüň yzyndan ýeten mahallary Aýy serdar adyny alan Dolak serdar donuň üstünde gara ört, gaýa bölegi ýaly bolup, dem-düýtsüz ýatyrdy.

Bäpbäniň ýetişip kömege gelmegi otrýadyň güýjüni bölüp, Dolak serdaryň güýjüne aýny wagtynda edilen delalat bolupdy. Üstesine-de, garaňkynyňam gatlyşyp ugramagy otrýadyň öňünden çykan, döw-belalaryň boýugan howply gowagy ýaly bolup, «Ýene bir bela duşaýmaýyn?» diýdirip, howatyrlandyryp, otrýadyň badyny aldy.

Otrýadyň Bäpbäniň topary bilen garpyşan bölegi olar yza çekilen wagty kowup alarly görünseler-de, howatyrly gijäň içinde ýat basyp, Konstantinowyň eskadronynyň gününe düşäýmäýin diýdirenligi belli boldy. Otrýad okgunly hüjümi amatly wagta goýdy.

* * *

Gije ýalazy meýdanyň süňňi ýene-de biraz sowady. Gündizlerine petiş yssylar bolup, gurak howa henizem dowam edýärdi we bu ýagdaýyň entekler oňly üýtgemän, şu halynda dowam etjekligi pikir edilýärdi. Bu döwür eýýäm on-on iki gün

bäri güýzüňem saralyp, sozulyp, çytylyp depesiniň gamaşarly bolup, öz haky-halynda talap bildirip, assa-ýuwaşdan dünýäni eýemsirenip ugran günleridi.

Eşşi han düýn bu ýerde gele-gelmäne Ahmet ýaly ýer-ýurda belet adamlary iki-üç adamdan ybarat toparlara baş edip, olary serhet eteklerinden göç gözlemäge atarypdy. Indem şondan bäri-de tamada bolup, olaryň buşluk habaryny alyp gelerine garaşýardy. Ol göçe kömek bermek üçin, öz toparlaryny diňe şundan soň millet serhede golaýlaşyberensoň, işe girizmekçidi. Göçi Hydyr gören ýaly, mynasyp garşylamagyň niýetindedi.

Eşşiniň çakyna görä, göçem indi öz maýdalyna ýörände-de eýýäm serhede golaýlap gelýän bolmalydy. Göçüň märekesi agyr bolsa-da, bu ýoly aňyrsy bir hepde, sekiz günüň içinde geçjegi, Annaguly hanyň hüşgärlik bilen ýol kesip gelýänligi tama edilýärdi. Ol ýagdaýyň hut şeýledigine hem ynanýardy. Eşşi dädesiniň aýgydyndan il garamatyny her ýeten adamyň gerdenine mynasyp görmejegini bilýärdi. Göçüň Tejen aýagyndan göterilip gaýdanynyň habaryny ol heniz ýola düşmänkä, Kepderhanda eşidipdi. Ondan bärigem eýýäm ýedi-sekiz gün dagam geçip ýördi. Indi göç şu gün bolmasa, ertede bir ýerlerden gara beräýmelidi.

Serhet töwereginiň habaryny almaga giden toparlaryň adamlary uzakly gije çölde möjek bolup sebsäp, göçe gözleg salyp gezipdiler. Aňtawa gidenler şol gidişlerini Güni ýagşy dogrup, günortanyň öň ýanlarynda, öňli soňlurak yzlaryna dolanyp gelşip ugradylar. Ilki gelenler bäri-bärde göçüň ýoklugyny habar berensoňlar, Eşşi han: «Belki, bular bir hoş habar getir» diýip, Ahmediň toparyny ýatlap tamada boldy. Töwerekdäki uly depeleriň biriniň üstüne adam çykaryp, ýol gözletdi.

Ahmet dagy dolanyp gelende, goşda ýas-ýaňy el ýuwdurylyp, orta saçak atylyp, günortan nahary beriljek bolup durdy.

Adamlaryň köpüsi bähbit araşyp, suwuň golaýragynda bolmak islegi bilen çeşme ulgamynyň töwereginde, her ýerräkde onda-mundarak toplum bolşup otyrdylar.

Olaryň onda-munda atlaryny suwlap, iýmläp, olary ýola taýynlamagyň aladasynda bolşup ýörenleri-de bardy. Iki bir-üç bir bolşup, baýyr ýüzlerinde selçeň biten pisse agaçlarynyň töwereginde aýlanyşyp, pisse ýygyp ýörenler-de bardy. Iki-üç ýerde ýerden gazylan ojaklaryň üstünde, ýöriş mahaly ýana alynýan mis gazanlarda lygyrdap çekdirme gaýnap durdy. Gazanlardan ýakymly nahar ysy burugsap göterilýärdi. Olaryň hersiniň töwereginde iki-üç adam ony göterip, muny goýşup, nahar aladasy bilen gowadaklaşyp ýördüler. Hemmeler nahar-şor bilen bagly ýakymly pursady başdan geçirýärdiler.

Eşşi han öz töweregi bilen arkadaky baýyrdan çykyn bolup, öňe uzan depelenip, seleňläp oturan, töwerege gözegçilik etmek üçin amatly ýerde ýerleşipdi. Handyr mollanyň oturjak ýeri düşek bilen birsydyrgyn, at basryklanan ýaly edilip basyrylyp düşelipdir. Ýeňseräge iki sany kiçeňräk pendi keçeleri hem atylyp, hasam yhlas berlipdir. Ahmetdir Gulmet hanyň toparynyň beýleräginde atdan düşüp, jylawy üçünji birleriniň eline tutduransoňlar, hana habarlaryny bermek üçin, onuň huzuryna geldiler.

Ahmet hem öz topary bilen at başyny çekmän, gije çölde näçe çawjasa-da, göçden derek tapyp bilmändi. Eşşi hanyňam dek şu pursada çenli aňtawa gidenleriň bolmanda birden-biriniň hoş habar getirjegine inçejik tamasy bardy.

Ahmet öz habarynyň Eşşi handyr onuň töweregini kanagatlandyrmajagyny bilse-de, ýagdaýy olam bolşy-bolşy ýaly oňa ýetirmeli boldy.

Eşşi han öz göwnüne teselli hökmünde Annaguly hanyň duşaýanda hem aňsat ýaga eýgertmejegine, gyrlyşmaly bolaýanda-da gaýrat görkezip, ili alyp çykjagyna dädesiniň ynanyşy ýaly ynanýardy.

Göç arasyna Sowetleriň mekirlik bilen, ýat goşup, şonuň üsti bilen aldawa salyp, göçi çölde ters aýlap ýörmeginden bolsa Eşşi han entek habarsyzdy.

Eşşiniň gapdalynda her düşlenen ýerde onuň bilen tabakdaş bolýan, toýa gelen ýaly egni geýnüwli, garma donuň aşagyndan kamys ak köýnek, kellesine gelen ýurduna görä owgançalap selle oran Çeke molla tesbi sanan bolup, gürrüňe goşulman diýen ýaly, göz astyndan nazary bilen gelenleriň habaryny alyp, dünýä doňuz diňini salyp, näme pikir edýänligini duýdurmak islemeýän ýaly bolup, düňleribräk otyrdy.

Ahmet hanyň öňünde gören-ýeşidenlerini ýatlap, ýagdaýy mälim edip durka, soňky günler onuň gapdalynda kölegesi bolup gezen Gulmedem onuň aýdanlaryny özüçe tassyklap, baş atyp durdy. Haçanda ol öz getiren habarlarynyň oturanlaryň ýüzlerinde nägilelik alamatyny döredenini gören wagty bolsa ol kejikdi. Wagtal-wagtal sakgalyny gysymlap, ony silkip, bady bilen goparyp alarly göründi. Şonuň üçinem soňra mollanyň boldumly ýüzüni sypap, ynanmazlyk bilen beren soragy onuň diýseň gaharyny getirdi. Onuň bu gep äheňinde gidenleriň göç gözläp gezendiklerini şübhe astyna alýan, ýumşa gidenleriň mertebesini peseldýän hörp bardy.

– Onsoň siz Guşgynyň töwereginem gowuja gözden geçirdiňizmi?

Mollanyň bu içi güjükli gepinden soň Ahmetdir Gulmediň ikisem ogurlykda tutulan ýaly, özlerini oňaýsyz duýdular.

Bu gyşyk gepe peltesine ot degip, Gulmediň özi Ahmede derek molla öjügip, gaýtargy hökmünde özüniň han huzurynda duranyny hem unudyp, kellesi göçüp jogap berdi.

– Molla eke, ýeri saňa näme diýeýin. Seniňkem şol «Giden getirer, oturan nyrh sorar» diýenleri bolýa-da… Guşgynyň haýsy tarapdalygynam bilýän dälsiňem weli, soramaly diýilse, senem bir zat diýip goýberýäň! Näme sen indi biziň gidip gözleg salyp gelenimize-de müňkürlik etjek bolýarmyň?Eşşi han bu meseläniň öz gapdalyndan öwrülip, iki adamyň arasyndaky ýaňka-ýaňka öwrülip barýanyny görüp, hanlarça ähmiýetli ardynyp, tutaşyp ugran bu bimesrep gürrüňiň öňüni aldy.

– Daýy, siz alys ýoldan ýadap-ýorlup gelensiňiz, barySň-da indi ýuwnup-ardynyň, iýip-içiň! Nahar ýetişdi indi, ony garaşdyrmalyň! – diýdi.

Bu jedelleşip ugranlaryň ikisine-de wagtynda aýdylan nagt gep boldy.

Ahmet bilen Gulmet atlarynyň jylawandan tutuşyp, gapdallary bilen ýöredip, çeşme ýabyň boýuna inip barýarkalar nahar-şor taýynlaşyp duranlaryň gapdalyndan geçdiler.

Olar gazanlaryň töwereginde hyzmatda bolup, gollaryny çermeşip duranlaryň biraz beýlesinden geçen mahallary gapdalda bir dag goçunyň kellesiniň talawly şahlary bilen ýer süsüp ýatanyny gördüler. Jyzyrdap bişip duran şaranyň ýakymly ysy jülgäni doldurypdy. Ol adamlaryň bu lezzet barada «Şunuň bir bölegini agza salaýsadyň...» diýip, islegli agzyny suwardyp gultundyrýardy.

Ahmet bilen Gulmet hem onuň gapdalyndan gultunyp geçdiler.

Nahar iýlip otyrka henizem Gulmediň han ýanynda bolan gürrüňiň täsirinden oňly çykyp bilmän, jynynyň atlanyp dyzanyp duranlygy belli boldy. Ol agzyny şapbyldadyp nahar iýip, eliniň şiresini mahal-mahal dyzyna süpürip oturyşyna ýene-de molladan nägile boldy:

–Munuň ýaly hatarly ýumşa git diýseň, özüniň-ä gidesi ýok. Gidäýende-de ol korly adamyň başaran goşy bolmaz. Bular ýalakylar-a sadagasy gitdigim Gurhanyň dört-bäş süresini ýat bekläp, soňam şony iliň öňünde sanap, hondan bärsi bolup, akyl sat-diý, ine, ony başar bular. Biz göçe duşan bolsak, heý, olary jana-jana diýip, begenip yzymyza düşürip gaýtmaýarysmy, eýsem!?

Bilguşagyny çözüp, ok ýaragyny elýeterinde goýup, nahar iýip oturan Ahmet geplemsek bolmadyk ýoldaşynyň eýýäm ýatdan çykyşyp ugran hälki gürrüňe täzeden dolanyp gelmeginden özüçe

many çykardy. «Bularyň molla bilen ozaldan bir-birlerine hyrşy bar bolsa gerek?» diýip oýlandy.

Gulmet:

– Munuň bilen bir çolarak ýerde duşup, taşlaşyp almasam bolmaz – diýip, oňa gaýybana haýbat atdy…

Gulmet her gezek şeýdip, öz-özünden beleň alyp, tutaşyp ugranda Ahmet oňa: «Naharyňy iýsene! Bol, soň bizem, özümize il ýaly, iki-üç çöpi çatyp, kölege edineli. Gün bolsa gyzyp ugrapdyr, bir zada dulanmasak, ol bize hezil bermez» diýip, göwnübirlik bilen, oňa teselli bermäge çalyşdy.

Ahmet dagyň dört-bäş ädimliginde garynlary doýan bäş-alty adamyň, işsizlikden bir-birlerine degip, bimesrep gürleşip, ýeriň giňinde ala gowur bolşup otyrdylar. Töweregiň ünsi häzir mykraz-müçenegi bilen, hor ýüzüne juda bir gelşip-de barmaýan, uçlary towalyp, jaýtaryp duran murtly, gür ösen bulaşyk sakgaly haşal ot ýaly boldan bitip, kükregine ýaplanyp, desselenip ýatan Öre atly, ala gözleri baranda-gelen bolup duran adamda jemlenipdi.

Onuň häzirki pursatda giňişlik döwrüne mahsus arkaýynlyk bilen özüne timar berip oturyşyny henekleýärdiler.

– Il ne günde, sen ne günde, Öre jan!

– Bir gözel gelniň hyzmatynda durjak ýaly bezenýär özün-ä zaňňar.

– Gyzyl-çyzyla bolýan däldir-how…

Bu gürrüň şu ýere ýetende Öre süýtden doýan taýçanak ýaly töweregine gözläp, nähilidir bir gowy zady küýlenýänini mälim edip, hezil tapmak bilen, joşgunly ýalmanyp dillendi.

– Bolduňyz meniň başyma ýüzüni ýerden götermeýän asylzada kişiler. Gyzyl-çyzyla siziň özüňiz bir bolýaňyzmy aslyýetinde!? Şolaryň töwereginden siziňem sähelçe daşlaşarlygyňyz bar. Eýlesini-beýlesini ýatlap, gaýybana guwanyp, sagrylaryny sypalaýan ýeke menmikäm, eýsem!?

– Ylla seň ýal-a dälmikäk diýýän? – diýip, oturan saryýagyz adam hamala öz aýby aýdylan ýaly biraz uýalyp aýtdy.

– Göç bilen mahy-tabanyň gelýäne döndüň öz-ä – diýip, özbek ýigitlerine meňzäp duran, gözleri gyýtagrak ýigidem söz gatdy.

– Mahy-tabanym gelýän bolsa, nä bilýän?

Bu söz töwerekde oňa bolan gyzyklanmany hasam artdyrdy.

– O nähili seniň mahy-tabanyň gelýärmiş?

– Şu göçde gelýärmi?– Eý, seniň Owganda heleýiň bar ýalydy-la?

–Birim bar, bu gelýänim bolsa ýene birim. Başdaşym – bagry badaşanym gelýär – diýip, ol buýsanç bilen gözlerini ýeserlik bilen güldürip, töweregini has-da geň galdyrdy. Öräniň zenanlar baradaky süýjüdip aýdan gepi onuň töwereginiň hem bir salym bolsa-da, pikir-höweslerinde aýal-gyzly kölleri boýlamaklaryna-da sebäp boldy.

Indi telim bir günden bäri zenan dünýäsinden aýralykda bolup, olaryň gadyryny gün geçdigiçe has ýiti duýup ýören adamlara Öräniň gepi ody ölçerme boldy.

Şundan soň olaryň göç gelensoň, Öräniň hasam hezil etjegini ýatlaşyp, özleriçe bar-ýok adamyň özlerinden bagtyýar çykmagyna gözleri gitdi.

Indi Gün asmana göterildigiçe, dünýäniň süňňüniň gyzgynlyk howry artyp, töwerek gurgançylykly güýz günleriniň birine öwrülmek bilendi. Daňdanlar Guşgy degresiniň ýokarsynda peýda bolan çala öwrenjäniň soýan malynyň serlen derisine meňzäp, gerlip duran asmanyň asty bilen ýeri galtap, ösüp ugran säher şemaly henizem eda-erada bilen öwsüp durdy. Töwerege belli bir derejede ýaltalaç imi-salalyk aralaşypdy.

Öräniň hemmeleriň derdini gozgan göçde gelýän natuwan keýwanysy baradaky buýsançly gürrüňi entegem dowam etse ederdi. Emma şol barmana asmanyň bir ýerlerinden gyzyl arynyň, soňra goýun-guzynyň yzzyldysyny ýatladyp peýda bolan nätanyş bir ses hemmeleriň böwrüni diňledip, ünsüni özüne çekdi.

Adamlar onuň näme bolup biljekligi bilen gyzyklanyşyp: «Bu näme boldugyka?» diýşip, bilesigelijilik bilen asmana gözleşdiler.

Del ses özüne köp garaşdyrmady we ol şundan soň tiz dünýäni sarsdyryp, uçup gelýän aýeroplana öwrüldi.

Adamlar ilki görenlerinde ony käte Owgan asmanynda göze ilýän iňlis aýeroplanymyka diýip pikir etdiler. Ýöne ol eger iňlis aýeroplany bolsa, görünse arka tarapdan bir ýerlerden görünmelidi. Ol bolsa galgap Guşgy tarapdan uçup gelýärdi. Onuň bolsa Sowetiň aýeroplanydygyna şübhe ýokdy.

Şeýdibem, ol «Ýatanyň üstüne turan gelmesin» diýleni bolup, adamlary bada-bat alasarmyk ýagdaýa saldy.

Adamlaryň arasynda Sowet aýeroplanlaryny öňem bir ýarym gezek görenleri bar-da bolsa, ýöne onuň häzir edil beýdip, tarlap dik depeden üstüne atylyp gelmesi görlen zat däldi. Sowet aýeroplanlarynyň ýakyndan bäri şeýdip, käte serhet ýaka Owgan ýerleriniňem üstünde uçup geçäýmesi, aňtaw-gözegçilik işlerini geçiräýmesi bardy. Ahmet welin henize çenli ýeke gezegem onuň bilen beýle ýakyndan gabatlaşyp görmändi.

Adamlar ony görüp, osal ýerde üstlerini aldyran ýaly, diýseň oňaýyzdan aljyraňňy ýagdaýa düşdüler. Al asmandan ähli zady eliň aýasyndaky ýaly, aýyl-saýyl görünýänliginden habarsyz adamlar şundan soň töweregindäki amatdyr öýden, gabat gelen ýerlerde bukulyşyp, oňa görünmezlige çalyşdylar.

Ahmet bilen ýene her ýerden, her ýerden iki-üç adam hamala şeýle ýagdaýda nähili hereket etmelidigini Eşşi bilen maslahat etmek islän ýaly çawjaşyp, oňa tarap ylgadylar. Beýlekilerem bada-bat nähili hereket etjeklerini bilmän kösenendiler. Eli bäşatarly Ahmet Eşşi dagyň oturan ýeri bilen aralykdaky gerşiň üstüne ylgap göterilen mahaly hanyň goşy tarapdan yzly-yzyna iki gezek aýeroplana tarap tüpeň atyldy.

Aňyrdan öz sesini kowalap gelýän aýeroplan bolsa, indi eýýäm uçup, ala tarryldy bolup, goşunyň jülgä pytrap oturan ýeriniň dik depesine ýetip gelipdi. Tiz wagtdan Eşşi han dagynyň

asmany tüpeňläp, başa has uly belany satyn alanlygy belli boldy. Ok atylansoň, aýeroplan topara öjükdi. Ol hem bada-bat ýüzugra paýradyp, depeden jülgäni pulemýot okuna tutup başlady. Adam bary şundan soň girere deşik gözläp elewreşip, aljyraşyp, indi ondan-oňa şeýle bir gidýändir weli, hemmeler ýakadan güýçli gol tutup silkelän ýaly, duran-duran ýerinde elem-ebtat bolaýdy ýöne.

Ahmet hasanaklap, Eşşi han dagy bilen aralykdaky depäniň üstüne çykanda aýeroplandan atylan okuň birki sanysy onuň hem gulagynyň duşundan şuwlap geçdi-de eplikde-ýaplyk bolup, Ahmediň yzy bilen gelýän kimdir birini  ýaralady. Ol ýeňsede aýagyndan alnan ýaly bolup, tarpyldap, ýüzin ýykyldy.

Ahmet ilki uçup gelýän aýeroplany gören mahaly haýygyp, onuň gazabyndan sowulmak üçin gaçybatalga gözlärli bolsa-da, ýöne indi gaçara wagtyň ýoklugyny tiz göz ýetirdi. Ol derrew özüni ele aldy. Hyrçyny dişläp, aýeroplana öjükdi. Hatda ol ýakyn gelen aýeroplanyň gap böwründe ot bolup çabrap duran bäşburç gyzyl ýyldyzy, içinde iki adamyň oturanynda sähelçe görmäge-de ýetişdi. Olaryň biri aýeroplany sürse, beýlekisi büküdip, aýak aldygyna milleti pulemýot okuna tutýardy. Ahmet hem hanyň göreldesini eýerip, ilki başda aýeroplany oka tutýan az sanly adamlaryň biri boldy.

Çogly Günüň altyn şöhleleri düşüp, aýeroplanyň burun tarapynyň çowlanan ýeri bolsa häzir töweregine ýalkym salyp altyn-kümüş deýin bolup ýalpyldap öwşün atýardy. Ahmet gerşiň üstünde dyzanyp duran ýerinden aýeroplany oka tutup, ýaragyndaky bäş okunyň bäşisinem oňa atyp gutardy.

Şundan soň töwerekde uçaryň yzyndan tüpeňleýänleriň sany barha artdy. Boldy bir güpürdi.

Ine, şu ýerde-de garaşylmadyk bir ýagdaý boldy. Ahmetden uzaklaşmanka aýeroplanyň ilki sesi üýtgedi, soňam ol bir sag ganatyna, bir sol ganatyna eňňit atyp çaýkanyp, özüne bir döw çalanlygyny duýdurdy. Gonalga gözläp peýleýäne meňzedi. Bu ýagdaý töwerekde dessine uly şowhun döretdi. Adamlar ýerli-

ýerden: «Oňa meniň okum degdi-de, meniňki  degdi» bolşup, bu edermenligiň özlerine degişlidigini nygtaşyp gygyryşyp ugradylar. Hatda olaryň içinde aýeroplany özüniň urup ýykanyna ynandyrjak bolup: «Özüňiz bilýäňiz-ä, dädeňleň oky boş geçýärmi? Göni aýnasyndan çenäp atdym welin degäýdi» diýşip, has joşgun alşyp ugranlar-da tapyldy.

Boldy bir göçgünlilik, boldy bir hezillik. Olaryň hemmesi şu pursatda başganyň däl-de, hut öz atan okunyň aýeroplana jaýdar degendigine ynanýardylar.

Şol arada yzrakda hut öz atan okunyň aýeroplana degendigini nygtap, okunyň yzyndan gözläp duran boldumly ýüzli Mätegiň ünsi ýeňsede milletiň bolşuny agras syn astyna alyp duran hana düşdi. Köpügören zaňňar şundan soň ýaman tiz heňini üýtgetdi. Nämäniň nämeligine, aýeroplana degse, kimiň okunyň degmelidigine bada-bat aň etdi. Han ýeňsä öwrülip:

–Aýeroplana han aganyň atan oky degdi. Ony han aga asmandan patyladyp atyp aldy... Han aga... –diýip, ýagdaýy duran ýerinde aýlap, beýleligine öwürdi.

Bada-bat adamlaryň hanyň ýanynda özlerini nähili alyp barmalydygklary ýatlaryna düşdi.

Şundan soň olaryň hemmesi hanyň duran ýerine tarap öwrülişip: «Han aganyň oky degdi-de, han aganyň oky degdi» bolşup, ýerli-ýerden ony mübärekläp şowhunly seslendiler. Şunuň ýaly ýagdaýda aýeroplana kimiň okunyň degmelidigi hemmelere düşnükli boldy.

Ahmet hem özüniň hemeläri edip, aýeroplanyň yzyndan atan oklarynyň biriniň oňa degenini çen eden-de bolsa töwerekdäki: «Meniň okum degdi-de, meniň okum degdi» diýşip, beleň alşyp gygyryşýanlara goşulmaga howlukmady. Oňa Ahmetde mümkinçiligem bolmady. Aýeroplan gapdalyndan geçenine mähetdel ol dessine, ýakynda ýaraly urnup ýatan ýoldaşyna kömege howlukdy. Ony ýeňsesine öwrüp, amatlyrak ýere çekip, ýüz-gözüniň çaň tozanyny süpürişdirdi.

Eşşi han henizem şol duran ýerinde aýeroplany tüpeňlän bäşatarynyň ortam bilinden tutup, düşnüksiz nazar bilen adamalaryň öz töwereginde agyp-dönüp duruşlaryny synlap durdy. Onuň bu durşy adamlaryň sarpa tutup, aýdýan gutlaglaryny agras salyhatlylyk bilen kabul edýäne meňzeýärdi. Emma han aýeroplana kimiň okunyň degenligini eýýäm anyk edipdi.

Eşşi han toparbaşylaryň birki sanysynyň adyny tutup, olary aýeroplanyň yzyndan kowgy ýollansoň, ýene-de töwerekdäki som-saýak bolşup duran adamlara tarap gözledi. Nazary bilen gözläp köpçüligiň arasyndan öz gereklän adamsyny tapansoň, onuň ýanyna bardybam: «Gör, sen mähili ekeniň!» diýen manyda ony dikanlap synlady. Soňam:

–Aýeroplan-a, ine, şu faryndaşyň oky degdi – diýdi. Onda-da seniň oňa ikinji atan okuň degdi –diýip, öz sözüni has anyklady.

Eşşi han şu duran ýerinden aýeroplan peýda bolanyndan soňky hemme zady görüpdi. Kimseleriň gaçalga gözläp elewräp, urnup ýörşüni, kimseleriň onuň okuna gabat gelip, orlup ýere ýykylyşyny, hemmesini görüpdi. Has-da garşysyndaky depede Ahmediň hiç zatdan gaýpynman dik duran ýerinde aljyrap-howlukman sowukganlylyk bilen, aýeroplany tüpeňleýşi onuň maňzyna batypdy. Şeýle garadan gaýtmaz adamlarynyň öz töwereginde barlygyna serdarlarça buýsanypdy.

Ahmet garyşyk pikirler bilen Eşşi hanyň mertebesini kabul etdi. Han soňra ýene bir gezek hemmeleriň üstaşyry aýeroplanyň giden tarapyna gözledi. Töwerekde näden nä bolarkan diýşip duran adamlar Ahmede nazar dikende hanyň agras ýüzüniň biraz-da bolsa açylyşýanyny görüpdiler, onuň ýakymly bir zat barada gürlejegini çen edipdiler. Bu pursat adamlarda şemal öwsüp, bulut bürän asmanyň aşak etegi ýokaryk çekilip, Günüň dogar ýeri agaryp ugrandaky ýaly tamaly pikir döretdi.

Eşşi han soňundanam öz gapdalyndaky mauzerini guşagyndan gaby bilen ýazdyryp aldy-da, ony mertebeläp, Ahmede uzatdy:

– Ine, bu-da häli-häzir-ä saňa berip biljek serpaýym!

Bu duýdansyz ýüze çykan meseläni Eşşiniň hanlarça çözen çözgüdi boldy.

* * *

Bu günem giçden soň howanyň üýtgäp, ýagarly bolup niýetini bozup, süňňüni gataldýan ýagynsyz günleriň biridi.

Gün her gün gijöýläne sanansoň, asmanda bar bolan bölek-büçek bulutlaryň ýüzünde ýuwkajyk çalymtyl perde ýorka bolup peýda bolardy. Bulutlar asmanda kimdir biriniň üstüni duýdansyzlykda basmak üçin barýan ýaly bolşup, ýuwaşdan ähtibarly hereket edişip, bir-birleri bilen guýruktutdy oýnaşyp gezerdiler.

Annaguly han şol gaýdyşdan «Guýy» dawasynyň dörän ýerine kör garaňkyny ýagta düşürip geldi.

Gyzyl esgerleň eýelän guýusy iki sany ýaňy uly suwdan tutulyp getirilip, bir-birleriniň golaýyna atylan läheň kit balygyny ýatladyp ýatan baýyr depeleriniň çatalba bolup duran ýerinde ýerleşen eken. Aý aýdyň bolansoň, ol esli aralykdan salgym atyp görnübem dur. Guýynyň beýle ýanynda bäş-on sany at Aý ýagtysyna arkalaryny sypaladyp, toplum tutuşyp durdular. Bu bolsa guýynyň töweregini ýaplanyşyp ýatanlaryň beýle köp däldiginden, pulemýoty dagy bolmadyk bolanlygynda olary ýüzügra derbi-dagyn edip, alyp ýatmagyň kyn däldigini görkezýärdi. Ýöne bar belanyň körügi wagtal-wagtal sakawlap, Magşar keliň adamlary bilen ýatan tarapyna ot sowrup ýatan pulemýotdady. Annaguly han öňünden çykan Magşar keli diňläp, dikanlap, töweregi synlap duransoň, bu ýerdäki ýagdaýa belli bir derejede göz ýetirdi. Ýagdaý häzir töweregi öwrenmegi, nireden, nähili hüjüm edilmelidigini anyklamaklygy talap edýärdi.

Annaguly han guýyny eýelän duşmany az ýitgi bilen duýdansyz baryp, onuň ahmallygyna güýdüşip, hüjüme geçip, güpbasdy edesi gelýärdi. Munuň üçin bolsa nähilidir bir emel tapmak gerekdi.

Ýogsam soňuny saýman duşman üstüne göni barylsa, toparyň pulemýota tutulyp, erbet gyrylaýmak howpy bardy. Ýöne adam zaýaçylygynyň boljagyna bakman, duşmanyň kastyna ýerli-ýerden hereket edilip, waglama ediläýse-de kem bolmaýjak ýaly bolubam görünýärdi. Gijäniň bolsa, henizem Aýyň çalymtyk gara ýapynjasyny başyna bürenip, şol syr bolup, dişini gysyp oturyşydy.

Annaguly handyr Tagan zabunyň nähili ýol bilen guýyny duşmandan halas etmek ýoluny saýlap almanda ikirjiňlenýänlerini görüp, olaryň ýeňse ýaňynda ýagdaýa çen urup, pikir öwrüp duran Ýowşan gara, maslahatçy hökmünde özüni görkezmegiň ýeri geldi hasap edip, atyny debsiledi-de, Tagan zabunyň gapdalyndan çykdy. Içinden, öz ýanyndan  birden duýdansyzdan tizlik bilen atly çozulsa, pulemýoty aňsat alyp ýatyp boljagyny pikir edýän-de bolsa, bulara pulemýotdan elheder alýanlygyny mälim edip, özüne sala salynmasa-da, howlugýandan bolup, maslahat berijilikli dillendi:

– Ol ýerde pylmut bar, üstüne göni barylmasa gowy!

– Men nä, pylmudy şu gün görmelimi? – diýip, Tagan zabun soralmazdan onuň ara sokulmagyny halaman çytyldy. Şeýle-de bolsa Tagan zabun bu gepiň tiz diňe özi üçin aýdylmandygyna düşündi. Annaguly hanyň ýüzüne sala salyjykly gözledi.

Han jogabyna köp garaşdyrmady. Häzir guýyny tizräk gyzyl esgerleriň elinden almak islegi onuň kalbynda ot-ýalyn bolup möwç urýardy. Bu joşgun hemişe dolup-daşyp mesende bolşy ýaly, ýene-de onuň süňňüne güýç-gaýrat bolup guýlup, gadamyna bat berýärdi. Ol:

– Atdan düşüp hereket etmek meselesini amatly görýän bir özümem däl ekenim  – diýdi-de, Ýowşan garanyň bu maslahatyny göwnüne jaý edenini mälim edip, atdan ilki özi düşdi.

Ol, dogrudanam, şu wagt muny duşmany köp pidasyz alyp ýatmagyň ýeke-täk ýoludyr öýdýärdi. Tagan zabunyň hanyň bu hereketini göwnüne jaýlap bilmän: «Türkmeniň atdan düşerligi ýokdur» diýip, bu pikiri göwnüne jaý edip bilmeýänini duýdurasy

gelse-de, Annaguly han düşensoň, o-da gaýry gaýşyp durmady. Han ýaly bilniksizden hereket edip, guýynyň alkymandan duýdansyz çykyp boljagyna bil baglady.

Annaguly han her gezek şeýdip, il bähbedini gaýrat bilen gaňryp almagyň ugruna çykanda, şeýle ynam-yhlasa öwrülip barýan adaty bolmadyk jadylaýjy bir duýguny başdan geçirýärdi. Şu pursatda ol şonda ne argynlyk-açlygyny, ne-de gorky-ürkini bilýärdi.

Annaguly han töweregindäki topar ekabyrlaryna atdan düşüp, mümkin boldugyndan, awunyň kastyna çykan möjek ýaly, gerek bolanda aýak çekip, bukulyp, gerek ýerinde çakgandan hüşgär hereket etmegi tabşyryp, guýyny ele salmagyň ugruna çykdy. Özi-de şundan soň bir toplumuň öňüne düşdi. Şeýdibem, bukdaklaşyp, gyzyl esgerleriň garaşmaýandyr öýdülýän tarapyndan ylgaşlap barýan adamlar ýerli-ýerden duşmanyň pirim salyp ýeten ýerine barha golaýlaşyp ugradylar. Annaguly han indi duşmana duýdurman, dyrmaşyp barýan baýrynyň depesine bir ýetip bolsa, onsoň ol ýerden guýy aralygynyň juda uzak däldigini pikir edip, soň şol ýerden bada hüjüme geçip, olary alyp ýatyp boljagyna göwün ýüwürdýärdi.

Duşman häli-häzire bir bölek adamyň ýeneki bir tarapdan el-hal – diýip, ýetip gelýändiginden habarsyzdy. Pulemýot okuna tutsa-da, ol garşylykly beýle tarapdan özi bilen iki-ýeke tüpeň atyp, daşdan kesekleşýän Magşar keliň adamlarynyň ýatan ýerini duşman okunýardy. Topar ýeriň pessi bilen duşmana barha golaýlaşýardy. Hatda indi asudaja şemalyň ýezgen ysy bilen bile ýokary göteren pulemýotyň atan ok-därileriniň ysy-da howada peýda bolup ugrapdy. Annaguly hanyň toparyna garşy heniz bolubam ok atylmaýanlygynyň sebäbi, bu ýentek gyzyl esgerleriň ýeňselerinden oňly habarynyň ýoklugynyň alamatydy. Topar gyssanýardy. Gizlinlik bilen bagly bu pursady, mümkin boldugyndan, sypdyrmaly däldi. Çöl bolsa dymýar. Baýyr

depesine çykylansoň, onuň aňyrsyndan guýa tarap ýazgyn alyp gidýän iniş başlanýardy.

Tagan zabun bir bölek adamsy bilen şol baýyr depesiniň aşak etegini syryp, Annaguly hanyň duşundan garama-gara barýardy. Adamlar  talap edilişi ýaly, onuň ýeňsesinden halka-halka bolşup gelýärdiler. Hemmeleriň guýy başyny saklap ýatan pulemýot bilen tizräk bellisini edesleri gelýärdi. Annaguly hanyň: „Eňdik, oglanlar!» diýip, berjek buýrugyna howul-haralyk bilen garaşýardylar. Annaguly han yzarlap barýan baýrynyň üstüne ýetip bilse, aňyrlygyna, guýynyň onsoň bir ylgawdan  uzakda däldigini pikir edýänligi üçin, diňe şondan soň şol ýerden duşman üstüne topulmakçydy.

Emma topluma baýryň depesine doly göterilýänçe bilniksizligi saklamak başartmady. Duşmanyň ýeneki bir bölegininiň üstünden baryldy öýtdürip, Tagan zabunyň toparynyň arkasynda bir ýerden tüpeň atyldy. Munuň bolsa tizden «Ine, biz bärden barýas!» diýip, duşmana duýdyryş bolanlygy belli boldy. Topara baş bolup barýan serdarlaryň bu başbozaryň merkini beresleri gelse-de, ýöne dara-direlikde oňa wagt bolmady. Şundan soň beýläk atyp ýatan pulemýot bärsine öwrülip, Annaguly hanyň toparyny oka tutup başlady. Şeýdibem, bu orta ýolda belany başa satyn almak boldy. Iki taplaýyn atyşyklar başlandy. Bu wagt eýýäm Annaguly hanyňam topary, göz öňüne tutulan baýyr depesiniň üstüne ýetipdi. Hemme zat Annaguly hanyň niýet edişi ýaly, öz nobaty bilen barýardy. Ýöne Annaguly han islemese-de, şundan soň biraz wagtyndan öň aýgytly herekete geçmeli boldy.

Ol bada-bat garşydan pulemýot atyp ugranda ýere ýazylan adamlary aýak üstüne göterdi.

– Goçaklarym, meniň yzym bilen! – diýip, özi ilki atylyp, öňe okduryldy. Şundan soň onuň yzy sozan-guýruk, duşmanyň howuny basmak üçin gygyryşyp, öňe ok atylyşyp barýan adam boldy. Şu pursatda ýeňiş hem hakykata öwrülip barýan ýaly bolup, gaty golaýda duýuldy. Hatda guýyny gorap ýatan esgerlerem

ähli tarapdan eňişip gelýän munça adamy görüp, aljyraňňylyga düşüp, ýöwselläp yza çekilip ugranlygynyň hem salgymy görnüp ugrady. Emma Annaguly han duşmany alkymlap baran-da bolsa, guýa ýetmek oňa miýesser etmedi. Yzdan gapdaldan bir ýerlerden atylan ok gelip, onuň çep pilçesiniň eteginden sümüldi. Hanyň ýoluny kesdi. Okuň bimöçber otly agyrysy, ýyldyrym çaltlygynda onuň süňňüne ýaýrap, erkini elinden alyp ugrady. Geçip barýan gijäniň gara tümlügi, ýene-de yzyna dolanyp, onuň gözleriniň öňüne üýşene döndi. Mauzeri elinden gaçyp, aýak üstünde leňňer atyp, bir pursat duransoň, özüne erk edip bilmän, okuň gelen tarapyna –çep egnine sähelçe öwrülip, ahmyrly dillendi:

– Wah, men bolmasam, halaýyk, indi sen näderkäň?! – diýip, diýmänem duran ýerinde towlanyp, şalkyldap ýüzin ýykyldy. Hanyň orlup ýykylanyny görüp, kömege ilki gelen onuň gapdaly bilen duşmanyň üstüne eňip barýanlaryň biri Geldimyrat gödek atly pälwan sypat gödeňsiz adam boldy.

Geldimyrat gödek han ýaralanandyr öýdüp, gele-gelmäne onuň guma bulaşan ýüzüni ýerden göterip, kellesini alňasaklyk bilen öz dyzynyň üstünde goýdy. Hana öňden atylýan duşman okunyň däl-de, öz aralaryndan biriniň atan okunyň degenliginden entek ol habarsyzdy. Annaguly hana ýene bir ok degäýmesinden gorkup, ol duşman oky gelýän tarapa arkasyny öwrüp, hanyň üstüne gerlip, ony goraglamaga çalyşdy. Emma eýýäm giçdi. Iş-işden geçipdi. Annaguly hanyň şol aýdan gepi onuň iň soňky sözi boldy.

Gelmyrat gödek hanyň dem-düýtsüzligini görübem, näderini bilmän çäresizlikden:

– Bagtyň ýatandyr-la, türkmen – diýip, möňňürip aglabam goýberdi.

Geldimyrat gödegiň hany gujaklap aglap oturanyna gözi düşen adamlaryň ýene ikisi bir bolmasy işiň bolanlygyny çen edişip, ýerli-ýerden oňa kömege howlukdylar.

Howsala düşüşip, ýerli ýerden: «Hanmy-da, hanmy?» boluşdylar.

– Wah, şol-da…

– Jany barmy?

– Boýnunyň ýüzüniň damaryny elläp gördüňmi?

– Tebibe göteriliň! – diýşip, henizem hana delalat edip bolar diýen inçejik tama bilen, onuň gana boýalyp ugran göwresiniň töwereginde elewreşip durdular.

– Tebibe galan zat ýok – diýip, Geldimyrat gödek çäresiz dillendi,

Bir salymdan Magşar keldir Tagan zabun guýynyň alnanlygyny aýtmaga gelenlerinde Geldimyrat gödek töweregindäki adamlar bilen hany dona dolap, onuň jesedini atyň öňüne alyp durdy.

Annaguly hanyň ölümi oňa bil baglap, yzyna düşüp gelýän halka diýseň agyr degdi. Ýüzler sallandy. Kalplary hesretdir näumytlyk eýeledi. Adamlar: «Wah, näme üçin Annaguly hany, onuň deregine özümizi oda urşup, bela-beterden goramandyrys» diýşip, arman çekişip, dyzlaryny urdular.

Annaguly hany millet şol gün Gün ýeňse agyberende, türkmençiligiň ähli kada-kanunlaryna laýyklykda, ýuwup-ardyp, köpene çolap, jynaza çykyp, gaýgy-hesrete gark bolup ýere berdi. Hanyň obadaşlary, garyndaşlary ony soň bir mümkinçilik bolanda Tejene äkidip, öz öwlüýälerinde jaýlamak niýeti bilen, bir belliräk depäniň ileri tarapynda jaýlatdylar.

Häzirki elhal diýşip, göçi kowup gelýänler tapyp-bilip, onuň jesedini haraplamasyň diýibem, ähli yzlary ýitirmek üçin, şol ýeriň üstünden goýun sürülerini geçirip, mümkin boldugyndan, ony duşman gözünden gizlediler.

Annaguly hana orta ýolda garma-gürmelikde duşman oky degendir öýdülse-de, onuň kimiň okunyň degenligi belli bolmadyk gümürtik halda wepat bolmagy, adamlary görmän-bilmän, gaplaňşiriň üstünden baran ýaly howpurgandyryp, elheder aldyrdy.

* * *

Göç Owgan ýolunyň kynçylykly, howp-hatarlydygyny bilse-de, ýöne Annaguly han ýanlarynda bolsa, özleriniň sag-aman serhetden aşyp biljekdiklerine ynanýardylar. Annaguly hanyň pajygaly ölüminden soň göçüň aladasy-howsalasy indi hasam artdy. Göçüň gorpuň gyrasyna baranlygyndaky howply ýagdaýdadygy pikir edildi. Hany indi Annaguly han ýaly ederini bilýän, il öňüne düşüp, ýol kesip berjek dogumly, paýhasly serdary nireden tapjak? «Orta ýolda atyň durmasyn» diýlip gorkulýan ýagdaý boldy bu indi. Ýeri beýle boljagy asla kimiň ýadyna-küýüne düşüpdi diýsene!? «Öňüni görüp gelen barmy?» diýleni-dä. Wah, beýle boljagyny bilen bolsa il görgüli beýdip, sürlenip, zir-zöwran bolup, ýola gaýdarmydy nä eýsem!? Häzir hemmeleriň başynda şular ýaly bir-birinden howp-hatarly pikirler harasat bolup göterilip, tolkun bolup möwç urýardy. Şol bir wagtda hem orta ýolda göç indi kim Annaguly hanyň ýerini tutup, millete hossarlyk edip, ony serhetden aşyryp bilerkän diýen soragy öz-özüne berip, tutara belli ýaka tapman kösenýärdi. Kömek soralyp, Taňra, Muhammet pygamberdir onuň sahawalaryna, güýçli öwlüýälere özelenilip sygnylýardy. Bu güýçli gudratlaryň bir ýol tapyp, özlerine hemaýat etjegine tama edilýärdi. Hasam göç arasynda keramatly Gurhany bagryna basyp, doga-dilegde bolup barýan adamlar munuň şeýle boljagyna ynanýardylar. Ýöne indi bu meseläni uzak ölçerip dökere wagt ýokdy. Yzdan gapdaldan bolsa eýýäm süriniň kastyna çykan gelegurt ordasy deý gyzyl esgerler ýaraglaryny besleşip, maksatlaryny bete dikişip ýetip gelýärdiler. Ýagdaý näme edilse-de, kim han göterilse-de, indi tiz-tizden etmegi talap edýärdi. Şeýle-de Annaguly hanyny aldyrsa-da, halkyň entek bu oýunda özüniň çykalgasyzdygyna, utulandygyna ynanasy gelmeýärdi. Adamlar aňyna gözleg salşyp, nädibem bolsa bir ýol bilen bu agyr ýagdaýdan baş alyp çykmagyň ýollaryny gözleýärdiler. «Indi nätmeli? Kim Annaguly hanyň ornuny tutup biler?» diýen

tiz jogap talaply sowallar göçüň öňünde keserdi. Köpleriň pikiri bu meselede, esasanam, Annaguly hanyň maslahat salýan öňki töwereginden bolan iki adamda – Agdarhan Potra bilen Bäpbede saklandy. Agdarhan Potra Eziz hana nöker bolan, birneme görüm-görelde gören adamlaryň biri hökmünde tanalýardy. Emma ol baş bolup, serkerde däldi. Ol tebigaty sadarakdan, ýumşagrakdan gelen adamdy. Hut şonuň üçinem Annaguly han ýaly garadan gaýtmaz bolup, il garamatyny boýnuna alyp, öňüne düşüp, ýol kesip biljegine köpler juda ynanmaýardylar.

Halkyň ýene-de bir bil baglarly bolan adamsy Bäpbedi. Bäbpe batyrdy hem halka belli bir derejede düşnüksiz, galtamançylykda ýörkä, kimiň malyna, kimiň guýusyna dawa edip, onuň iliň içersine girip, talaň salan ýerleri-de bardy. Şonuň üçinem ony tanaýan adamlarda bu korly adamdan ýagşylyk çykjagyna ynanýanlar juda azdy. Ony bu wajyp işiň hötdesinden gelerden çig görýärdiler.

Ýol boýy Annaguly han bilen egindeş bolup ýören Tagan zabunyňam ýaşulularyň özüne: «Batyr, indi sen öňe düş!» diýer diýen tamasy bardy. Hatda Öwez işan: «Musulman doganlar, Annaguly serdarymyzyň ýerine han göterilmeli bolsa, onuň bilen göçüň keşigini deň çekişip gelýän Tagan batyram bardyr!» diýip, ony ýatladyp, öňe sürse-de, hanlyga kim-de bolsa, öz bilip-görüp ýören tejenlilerinden birini seçip, şoňa ykballaryny ynanaslary gelýän halk işanyň gepine oňly gulak gabardasy gelmändi. «Hä, o-dama bar özüň-ä, ýöne ile öz belet ýakalaryndan biri öňe düşse, kem bolmaýjak ýaly“ diýip, Tagan zabunyň göçe baş bolmak meselesini sypaýçylyk bilen bir gapdala süýşürdiler.

Adamlar häzirki wagtda han saýlamak meselesi göwünkine döredip agzalalyga ertip, ýagdaýy öňküdenem beter bulaşdyrylmagyndan çekinýärdiler. Şonuň üçinem tejenli Nyşan işan maslahaty ynandyrjylykly, ylalaşykly alyp barmaga çalyşýardy. Hut düýnki günüň bu günküden daş gowy ekenligini Annaguly hanyň küýsegi bilen ýatlaýardy. Ol dogrusy häzirem bar ýaly bolubam durdy... Indi onuň ruhy «Hany, mensiz

nädýäkäňiz?!» diýýän deýin hemmeleriň kalbynda maslahata aň salyp durdy. Onuň hatda şeýle ýagdaýda-hyýalda bolsa-da, bu maslahatyň bir tarapynda bolmagy, göçe kimem bolsa, onuň garamatyny egnine aljak adamyň tapyljagyna ynam döredýärdi.

Emma maslahat uzaga çekse-de, mesele garaşylyşyndan başgaça çözüldi. Hanlykdan tamakindir öýdülen Bäpbe ady agzalyp, terezä salnyp-salynmanka, öz pikirini öňe sürdi:

– Işan aga, bize baş bolup biljek häzir ýeke-täk adam bar, o-da Agdarhan Potra. Şolam düşsün öňe!

Şundan soň beýleki maslahata gatnaşýanlarym: „Şol bolar-da, Potra öňe düşsüň!» diýşip, Bäpbäniň gepini ýerli-ýerden makulladylar.

Maslahat şeýdibem Agdarhan Potranyň han göterilip, öňe salynmagy bilen gutardy. Işan şundan soň ellerini kükreginiň deňine göterip, şu pursatdan göçüň hanlygynyň Agdarhan Potra ynanylýanlygyny yglan edip, oňa Alladan güýç-gaýrat diläp, ak pata berdi.

Tagan zabundyr Bäpbä hem Annaguly han bilen boluşlary ýaly, göçüň bähbidi üçin, täze göterilen han bilen hem hemaýat-maslahatda bolmaklygy maslahat berildi.

Göç ýolda säginen ýaly edip, Allany çagyryp, ýene-de täzeden ýola düşdi.

* * *

Indi iki günden bäri, hasam ir ertir asmanyň ýagyn-saçyn bilen bagly bir hyýala münýänligi duýulýardy. Ýöne dünýä garalyp, hym baglaýan-da bolsa, garaşylan ýagyş soňam wagty bilen ýagybermedi. Hemişe şeýdip asman gögerip-garalyp, töwerek gozgalaň tapyberse, ýel-harasat öz-özünden tapylyp, yzymy bir suwlaýyn diýen ýaly, «Ýel yzy ýagyş» diýleni bolup, onuň ýagybermesi bardy. Ýöne welin ýere häzir bir damja hem damaýsa nädersiň!? Ýel-harasat tozan baryny turzup, bir salymdan ýene-

de başdan sowlanam bolsa, dünýäniň welin henizem şol dymyp, düýrügip, garalyp durşudy. Dünýä tukatdan syrlydy.

Göç indi bir ýanyny günorta Tagtabazardyr Guşga, demirgazyk günbataryny Sarahs, Eýran serhetlerine sanyp oturan, töwerekdäki baýyr depeleriniň arasynda äpet gazan düýbüni ýatladyp, çowlanyp oturan Bathyz degresine dolupdy. Ýol argynlygy sebäpli, göç indi öňküsinden başly-baradrak hem haýalrak hereket edýärdi. Halky Tagan zabundyr Agdarhan Potra ikisi töwerekleriniň maslahatçylary bilen bileräk dolandyrýardylar. Özi-de bu ýagdaý islenilişi ýaly, Owgana aşylýança şeýdip parahat halda dowam etmelidi. Göç indi, esasynam, garaňkyny öňe alyp, gije ýöreýärdi. Muny şeýtmegi Agdarhana maslahat beren, esasanam, gije görünmän, ümsüm-kümsümräk ýöremek üçin amatly boljagyny aýdyp ynandyran onuň soňky döwürde maslahatçy hökmünde, özüne has ýakynlaşdyran adamlary—Myrat han bilen Ýowşan gara, Pirlek işan Magşar kel, Rah kämil dagy bolupdylar.

Bularyň aýratyn saýlanyp eselibermegi, olary tanaýan öňki Annaguly hanyň töweregindäki adamlaryň birnäçesine o diýen ýarap-da barmaýardy. Elbetde, bu adamlaryň arasynda batyrlaram bardy, töwekgellerem, Ýowşan gara ýaly ökde mergenlerem. Onsoňam olaryň pikirlerini han diliniň geplemegi, edilýän hereketleriň dogry hem il bähbitlidigine güwä geçýärdi.

Ýöne gije ýörelende, Aý aýdyň bolýanlygyna seretmezden, ýoluň önüşiniň ugry bolmaýardy. Ýol-ýodalar sahel salgym atyp görünýänem bolsa, sen körüň bäri ýany halda bolup, aýagyň giden tarapyna ýyňdaryp düwdenekklediberýärdi.

Annaguly han bar mahaly, göçüň biraz ýazgynlygyny alyp ýöremegi üçin, esasan, iki uly toplum bolup barýan göçi ýene biraz ýörelensoň, ýazmaly diýlen bir pikir öňem bardy. Şeýdibem, Tejenden göterilip gaýdan göç Guşgynyň töwereginden serhetden aşmaly edilen bolsa, ýomut göçi ondan biraz günbatar-demirgazygrakdaky owgan gädik ady bilen belli ýerden geçmeli edilipdi. Munuň şeýle edilende halkyň serhetden aşmasyny

aňsatlaşdyryp, tizleşdirip biljegi göz öňünde tutulypdy. Bu esasynam göç serhede bir günlük, ýarym günlük ýakynlaşanda edilmeli aýgytly hereketdi.

Ýöne göç bu öwrede öz çak edişindenem has köp eglenene meňzedi. Elbetde, Bathyzyň aňrysy-bärisiniň golaý-goltumynda däldigi belli zat, ýöne ony şunça günlük ýoldur diýip, hiç kim pikir etmeýärdi. Näçe ýörelse-de, nämüçindir asla ol ýoluň geler ýerde yzy gelmeýärdi.

Bathyza gelnenine üçünji gün diýlende bir düşlenen ýerde, agalaňlylar toparyndan bolan başy kürteli bir ýaş gelniň duýdansyz içini çekip, howpurganmadan ýaňa gözlerini tegeläp, ýakasyny tutup aýdan gepi dessine töweregiň ünsüni özüne çekdi. Bu ol gelniň:

– Heý, weý, muny bir görüň-ä, biz ýene-de öňki düşläp öten ýerimize gaýdyp gelipdiris-ä – diýen gepi boldy.

Gelniň ýaş zenan halyna ulyň-kiçiniň ýanynda demini hopugyp alyp, gepiniň hörpüni beýgeldip gepläbermegini halamadyk ilki beýleräkde düýesini çökerip, horjundan gerek-ýarak azyk ýenekisini alyp duran onuň adamsy boldy. Ol duran ýerinden aýalyna tarap öwrülip, nägile dillendi.

– Öç, how! Sen ýeri näbilýäň, nobaty näbilýäň!

Emma gelniň howsalaly gepi eýýäm töwerekden iki-üç adamyň ünsüni özüne çekipdi.

Gelin ýene-de dalbynyp, ýaşmak çeýnäp durşuna golaýyndaky oral aýallaryň birine ýüzlenip:

– Muhammediň enesi, şol iki deňemik depä bir serediň! Men olaryň meňzeşligine öňki gonanymyzda üns beripdim, ekiztaýy ýaly meňzeşje eken diýip, haýranam galypdym. Anha-da, ot ýakyp oturan ýerimiz, ýadyňyzda bolsa, gidenimizde onuň üstüne gum sürüp gömüpdik, ynanmasalar, barlap göräýsinler, şol ýeri kül-kesewi yzy galan bolmaly?! – diýip, ol öz sözüni hasam anyklap gürledi. Adamlaryň gyzyklanyp, ondan-da, mundan-da gelip

hümerlenişýänlerini görüp, gelniň adamsy hem olaryň ýanyna geldi.

Gelin adamsyna:

– Seret, oglan, ugrajak wagtymyz seniň: «Tüsseläp durmasyn» diýip, otdan alyp, çägä süsdüren kesewi taýagyňam ýatyr-a ana! – diýip, oňa ýarysy guma gömlüp ýatan kesewini görkezdi.

Ýigide ynanasy gelmese-de, gelin ynamly gürläp, öz gepini takyk mysallar bilen berkidensoň, göçüň esli wagtlap gijäniň içinde aldawa düşüp, şol bir ýerde aýlanyp duranlygy, näme üçin Ýeroýulanyň çäginiň gutarar ýerde gutarmaýanlygynyň sebäbi belli boldy. Adamlar aýaklary bilen dörjeläp görensoňlar, gelniň diýen ýerinden onuň aýdan üsti gömlen ot ýerinem tapdylar, aýal-gyzlar bolup, olaryň gatnan aýakýolunam.

Şeýdibem, bu gelniň üşük-synçylygy diňe bir ýöremek aladasy bilen özge zada aň etmän barýan öz töwereginiň däl, ile baş bolup, ýol kesip barýan ekabyrlaryň hem gözüni açdy.

Bu habary eşiden hem özleriniň indi iki günden bäri, haýsydyr bir emele düşüp, şol bir ençe menzillere uzalyp gidýän Bathyzyň ortasynda göbek bolup oturan depeleriň töwereginde aýlanyp ýörenligini bilen millet bolsa öz öňlerine düşüp, ýol kesip barýan adamlardan diýseň nägile boldular. «Wah, Annaguly serdar, seniň gadyryňy bilmändiris, seni goramandyrys» diýşip, onuň ornuny tutup biljek adamyň ýoklugyna ýene onuň ruhunyň öňünde ötünç soraşyp, dyzlaryna urşup, arman çekişip ahmyr etdiler. Ol bolanlygynda özleriniň beýle kyn güne düşmejeklerini, onuň halky ähli kynçylyklardan alyp çykyp biljek ýeke-täk serdar ekenligini ýatlaşyp örtendiler.

Dessine bu ýagdaýy doly anyklamagyň ugruna çykan Bäpbe hem şonda şol töwerekdäki düýe örküjini ýatladyp oturan tanyş depeden çen alyp, özüniň mundan üç gün öň düşläp geçen ýerini tapdy. Içine zym gitdi. Ol soňam bu ýagdaýy Agdarhan bilen aýratynlykda saldarlaşyp gördi. Şol golaýda öz ot ýakyp oturan ýerinden tapan kesewisini oňa görkezdi. Şeýle-de bolsa onuň

ahmallygyny aldyryp, utulanyny boýun alasy gelmeýärdi. Öňe täzeden ýolbeletler salnyp, ile gop berjek aýdylmaly sözler han tarapyndan aýdylsa, ýalňyşlygy düzetmäge henizem bir pilledigine özüni ynandyrmaga çalyşdy.

Gelniň tötänleýin ünsi düşen bu ýadaýy, elbetde, köpleri üýşendirip oýlandyrdy. Munuň nähile beýle bolup biljegi köpleriň aňyna sygman, öz aralarynda goltugy ýylanly, halkyň kastyna çykan kimdir biriniň barlygy hakynda, pikir hasam eýmendirdi. Bu bolsa halkyň durmuşyň bu öwrüminde özüni utuşly hasap edip bilýän pursadynda, utulan ýaly diýseň agyr degdi. Şundan soň: «Ýeri, ol melgun kim bolup biler? Ol nädip köpüň içine aralaşdykan?» diýen soragy özüne berip, böwrüni diňleýänleriň sany hasam köpeldi. Agdarhan Potra Annaguly han ölüp, hanlyk öz eline geçenden soňky bolan, goýan zatlary ýatlap, bu gurrumsagyň yzyny ilki öz töwereginden gözlemelidigini pikir etdi. Şondan soň bary-ýogy göç öňüne düşen topar ýolbaşçylarynyň Annaguly hana öýkünilip, iki maslahaty bolupdy. Olaryň ikisi-de nädilende halka zor salman, ýoly tizräk, duşmana üsti basdyrylmanka ýöremek bilen bagly bolupdy. Duşmanyň bolsa eýýäm kiçiräk bölümleriniň yzdan, gapdaldan ýüz berip ugranlygy belli bolup ugrapdy. Şeýle-de bolsa duşmanyň esasy güýçleriniň entek iki-üç günlük yzdalygy, olar gyssanyp gaty ýöreseler-de, uçaýmasalar iki-üç günsüz göçüň yzyndan ýetmejekleri pikir edilýärdi.

Agdarhan Potra bu jelagaýyň ýol-ýodasyna özi näbelet, olaryň nireden inip çykýanyny bilmese-de, ýolbeletleri öňe salyp, göçi ýene-de aňyrlygyna äkitdi.

Millet şundan soň bezenip, beslenip toýa ugrap barýarka «Sen, dur!» diýlip, ýoldan alnyp galynyp, bady keş bolan ýaly, ýakymsyz duýgyny başdan geçirdi. Iň erbedi-de iliň bu ýagdaýa düşmegine kimiň günäkärligi anyk bolman, hemmeler garyşyk, müňkür pikirlere üsti basdyrypdyrlar.

Göçüň ýolda gözi daňlan ýaly azaşyp, iki amatly güni ardurja ýitirmegi, şeýdibem duşmana arany iki günlük

ýygyrmaga mümkinçilik berlenligi, halkyň özlerine göz-gulak bolmaly serdardan göwünleriniň geçirip, ruhdan düşüp, lapykeç bolmaklaryna sebäp boldy. Olar hüşgärligiň elden berlenine puşman edip, onuň aňyrsyna çykyp bilmediler. Munuň özi ezberlik bilen halkyň aýagyndan alynma boldy.

* * *

Dolak serdaryň wepat bolmagynyň habary bilen ol ýerde ýesir alnan gyzyl komissar ikisi baş goşa bir wagtda geldi. Barybir soralyp-idelende komissaryň bu ýerde-de sakgalyndan saýlap, anyk eden zady bolmady. Ýöne ol göçe aralaşan ol içalyny ýüze çykarmakda özüniň gerek boljagyna Agdarhan Potradyr onuň töweregini ynandyryp, başyny alyp galmagy başardy. Bu ýagdaý Agdarhan Potranyň, göçüň ýolda azaşyp, wagt ýitirip kör ýaly şol bir ýerde iki günläp aýlanyp gezmegi bilen bagly, öz töweregindäkileriň käbirine bolan şübhesini şundan soň hasam artdyrdy.

Haçanda Agdarhan Potra göçde Sowetiň içalysynyň ýüze çykanyny aýdyp, Tagan zabun bilen bu barada ikiçäk pikir alşanda Tagan zabun gahary gelip, ar almak islegi bilen gazaplanyp, tüýsüni üýtgedip, dessine gylyç syrarly göründi.

– Han, sen ol doňuz wenezzinany biziň haýsy birimizdir öýdýäň? Bir bolsa bir maňa ümlesene şony, garnyndan gapy açyp, bir içegesini boýnuna çolaýyn-la şonuň! –diýip, zabunlygyna tutdy.

Agdarhan bolan-goýan, eşiden, bilen zatlaryny aňynda degşirip, dörüp görensoň, onuň şübhesi esasan iki adamda saklanypdy. Olaryň ilkinjisi Bäpbedi. Ol entek Tejen aýagynda ýaşap ýörke Bäpbe barada «Ol iki tarapdan işleýämiş, şonuň üçinem Sowetler niredeligini bilseler-de, onuň maşgalasyna azar bermeýämişler, dilleşiklimiş» diýen gümürtik gürrüňler eşidipdi. Eger şeýle bolsa Annaguly han ýaly adam ony görenden tanap, özüne ýoldaş edinmäýjegem ýaly welin...

...Ýöne munuň Bäpbäni il gözünden düşürmek üçin, Sowetiň öz ýaýradýan «myş-myşy bolmagy hem örän mümkindi. «Duşmanlaryny alyp ýatmak üçin olaryňam şol döwürde diýmeýän gepi ýokdy, gurmaýan duzagy?» diýip oýlanýardy.

Agdarhanyň ikinji müňkür bolýany Ýowşan garady. Nämüçindir ony hanyň görenden birhili jyny almandy. Ýowşan garanuň tumaklyja ýüzünde, küýli halynda nähilidir bir syrly pirim, ýaramazlyk gizlenýän ýaly görünýärdi. Galyberse-de, ol Ýowşan garanyň göç gozganmagynyň öňüsyrasynda ýomutlaryň arasynda, onda-da Jüneýit hanyň janköýeri bolup peýda bolmagyny eşidip, birhili ümürli görüpdi. Ýöne onuň Jüneýit hanyň ýanyna barýanlygyny ýatlap: «Bu Jüneýit ýaly adam bilen duşuşyp, onuň bilen bähbitli işleriň bir gapdalynda durup bilýän bolsa, bihal adam bolmaly däl, häzirem ol biz bilen Owgana Jüneýit hanyň ýüzüne göni seredip biljekdir-de barýandyr. Men gider ýoluny tükedip, günäsiz-dahylsyz adamlara müňkür bolýan bolmaýyn? Belki, men günäkäri «Göç başyny çekiň!» diýip, öňe salan adamlarymyň içinden gözlemelidirin? Ýeri, olardan kim bolup bilerkän, onda-da öz halkyňa nädip dözjek?» diýip, Agdarhan bu meselede öz hanlyk halyna aň salyp, häsiýetiniň tersine, dözümlilik bilen kelebiň ujuny gözlemege çalyşýardy.

Göçüň şol bir menzilde, telim günläp döwek döwýän ýaly aýlanyp, azyşyp gezmegi, beýle ezberlik bilen göç başyna oýun salyp biljegiň kim bolup biljegi barada şondan soň indi hemmeler oýlanýardy.

Adamlar indi ýoldaky bolan, goýan zatlary ýatlaşyp, olaryň käbirlerini bu ýagdaý bilen özleriçe baglanyşdyryp, ozalky oňly üns berilmän, duşdan geçirilen zatlara täzeden aň edişip, olarda has ýiti syn saklaşyp ugrapdylar.

Agdarhan soňra şol Annaguly hanyň ölüminiň yzysüre Bäpbeden eşiden gürrüňini ýatlady.

...Isgender hem şol gezek Annaguly han guýyny duşmanyň eýelänini eşidip, atlanyp onuň bilen ýaga depenleriň biridi. Onuň

elinde şonda soňky döwürde ýanyndan goýman göterýän, golaýda taýy münşe ýaransoň, garry baýtalçasyny berip, çalşyp alan ýapon bäşatary bardy. Ýorga baýtalçany çalşasy gelmedigem bolsa, häzirki atyşylyp-tutluşylyp ýörülen döwürde özüňi goramak üçin şeýle ýaragyň hökmanlygyny ýatlap, ol «Gerek deregi ýykar» edip, bu çalşygy etmeli bolupdy. Ýaragyň ýanyňda bolanda, onuň ýüregiňi suwluja edýänine göz ýetiren soň bolsa, gaýta ol özüniň bu eden söwdasyna begenmese gynanmandy.

…Annaguly han duşmana duýdurman golaýrak baryp, şol ýerden soň guýyny saklap ýatan gyzyl esgerleriň üstüne aýgytly hüjüm etmek üçin, toparyň öňi bolup barýarka, Isgenderem onuň yzy bilen ýaýraw berip barýanlaryň biridi. Onuň bu göwne güman getiren ýagdaýam hut şol ýerde bolupdy.

…Gijäniň içi indi agym-salgym-da, müňňüldidi. Topar mümkin bolan depedir sil köwen çukur jaýryklaryny boýlap geçip, barha öňdäki guýyny alkymlap, ol ýerdäki mahal-mahal sakawlap, garşylykly tarapa ok atýan pulemýotyň duýdansyz üstüni basmagyň ugruna çykypdy.

Şu pursatda Aý hem asmandan guýynyň tizräk alynmagyny arzuwlaýana meňzäp, halys ünse berlip, ýokardan guýyny siňňin synlaýardy.

Öňden barýan Annaguly hanyň galgap barýan salgymyny onuň yzy bolup eňip gelýän Isgender mese-mälim görýärdi. Birdenem han iki elinem birbada ýokary göterip, nämedir bir zadyň üstüne düýrmegi bilen zyňarly görnüp, kimdir birini görjek bolup, nazara alýan dek bir pursat aýak çekdi-de soňam aýagyndan alnan ýaly bolup, şol duran ýerinde ýüzin ýykyldy. Isgender näme bolanyny anyk bilmese-de, Annaguly hana bir zat bolanyny welin bildi. Şol demde ol hamala ýüregi bir zat syzan ýaly göwnüne güman gidip, hanyň ýaňky öwrülip, dikanlap gözlän tarapyna seretdi. Onuň Annaguly handan çenelip atylan bolmasyn diýip çaklan oky Tagan zabunyň yzy bilen hüjüme geçen adamlaryň arasyndan atylypdy. Şonda ol alagaraňkyda kimdir biriniň gapdala, Annaguly hanyň

toparyna tarap gezän ýaragyny gyssagly yzyna ýygnap, soňam ol ýerden gaçýan ýaly ýerini üýtgedip, köpçüligiň içine urdurylyp gidenligini sähelçe görüp galypdy.

Ýöne töwerek gyzgyn güllä gerňelip durka, bu dara-direlikde gümanyň anygyna ýetmek üçin, şol pursatda onuň yzyna düşmäge mümkinçilik bolmandy. Isgender şondan soň öz alagümanynyň hakykat bolup çykanlygyny, diňe guýy duşman elinden alnyp, ýitgiler tükellenen wagty bilip galypdy. Wepat bolanlaryň biri Annaguly handy.

Isgender şonda-da bir, öz güman edýän zadyny aýtmaga çemelenipdi. Emma ol öz çenini aýtmak üçin, hanyň ölümi bilen pikir-aňlary halys gurşalan, onuň jesedini götermekçi bolşup duran janagyryly ekabyrlaryň käbiriniň ýanyna baranda, ony diňläsi gelen tapylmandy. Ol «Hany, göwnüme bolmasa, ýeňseden biri tüpeňledi...» diýip,  söze başlasa-da, onuň gepi düşnüksiz hem ýerliksiz bolup, sakawyň sözüniň soňuny almagyň ýerine, bu gep gerekmejek wagty aýdylan samahullama hökmünde görlüpdi. Serdary aldyranlaryna jany ýanyp duranlaryň biriniň bolsa, onuň gepine jyny atlanyp, ýüzüniň bäş deşigini bir ýere birleşdirip:

– Häzir bu ýerliksiz gepiň nämä geregi bar? – diýip, ondan nägile bolupdy.

Boljak iş bolansoň, bular ýaly çaklama gepiň peýdasy ýok hasap edilipdi. Ýöne tizden Isgender özüniň bu şübhesini kimdir biri bilen bölüşmese, ynjalyp bilmejegine göz ýetirdi. Ol şondan bir gün soň, Bäpbe birtopar atly bilen golaýdan geçip barýarka, öz derdini aýdaýmaga gabyl adam hasap edip, onuň gapdalyndan çykypdy.

– Bäpbe ýegen, aýak çek-de, meni bir diňle, saňa aýtmaly bir gep bar!

Bäpbäniň ejesi öz obalarynyň gyzy bolansoň, Isgender hemişe oňa ýegen diýip ýüzlenerdi. Ol özüniň keseki däldigini ýene-de onuň ýadyna saldy.

– Ol nämäniň gepi, daýy? –diýip, Bäpbe-de gyzyklanyp, şonda at başyny çekdi.

– Ýegen, sen görensiň, ok Annaguly hanyň öň tarapyndan degipmi ýa ýeňsesinden bir ýerden?

Bäpbe şonda onuň gepini, ukudan basyrganyp turanyňka meňzedip, ony hasam içgin synlapdy.

– Men-ä ünsem bermändirin, daýy?

– Hä, üns bermeli ekeniň. Sen şol gün onuň jesedini gujaklap oturanyň biridiň-ä!

– Serdary öz elim bilen ýere berdim... Ýöne okuň nireden degenine welin ähmiýet bermändirin.

Isgenler şundan soň oňa şol garma-gürmelikde kimdir biri hany gapdaldan atan ýaly bolup görnenini aýdyşdyrdy.

Bu habary eşidip, otly köýnek geýen Bäpbe şonda:

– Beýle habaryň bar eken, näme ony şol wagt aýtmadyň? –diýip, ondan diýseň nägile boldy.

– Aýdamda, kim meni diňledi? – diýip, Isgender şol wagt aýtjak bolup synanyşyp, aýdyp bilmänligini aýtdy.

Bu gürrüň soňra Bäpbäniň «Kimkä ol deýýus?» diýip, töweregine münkürlik bilen sessiz ony gözläp ugrady. Ol aýrylyşanlarynda Isgendere: «Men muny hana-da ýetirin, sen, daýy, ýene-de näme ýadyňa düşse, maňa tiz ýetirgin, ýöne başgalara gep aýtmagyn» diýibem sargady. Isgender aýasy bilen agzyny gapaklap: «Men –balyk» diýip, ol gepi başga ýerde diline almajagyna, şeýle ýagdaýyň tersçili alyp ýatmak üçin hökmanlygyna düşünýänligine Bäpbäni ynandyrdy.

Bäpbe-de muny salymyny bermän, Agdarhana ýetiripdi. Emma ol ikisi içalynyň kim bolup biläýjegi barada, bar bolan maglumatlary tasa getirip, näçe isleseler-de, olardan aýgyt alyp bilmändiler. Indi bu gün ýesir komissar hem göçde Sowetiň adamsynyň hereket edýänligi baradaky bu gümany ýene-de bir gezek nygtapdy. «Adam alasy içinde, haýwan alasy daşynda» diýilmänmi näme!? Şübhelenýänleriň bar bolanlygynda-da, anyk

bir subutnamaň bolmasa, olaryň haýsy biriniň ýakasyndan tutjak? Ýüzüne bazladyp basara deliliň bolman, hany sen ýakadan tutubam bir gör, häzirki janlaryň ýangynly döwründe ol seniň bilen duran ýerinde näme bolsa bolşup, bellisini edäýmeýärmi? Töhmet sähel uçgun tapsa, partlajagy ikuçsuz däri dälmi näme, eýsem!?

Adam gahar-gazaba berlip, aljyraňňylyga düşende hemişe köp ýalňyşýar.

* * *

Jany howp astyna düşen komissar ikinji gezek sykaja salnyp, sorag edilen wagty belli bir derejede töwerekdäki adamlaryň rehimdarlygyny gazanmak üçin, içaly barasynda öz bilýän zatlaryny ösdürmän aýtmaga çalşypdy. Şundan soň diňe bir göçde Sowetiň adamsynyň barlygy däl, göçüň iki gün çölde azaşyp gezip, wagt ýitirip, ýoldan galmagynyň sebäbi-de öz-özünden düşnükli bolupdy. Haçanda ol şol içalynyň yzyndan kowgy bolup gelýän Gyzyl Goşun bölümlerine göçüň giden ýoluny salgy bermek üçin atyny iltän bolup ýa-da ýene bir bahana bilen göçüň her düşläp oturan ýerinde gazyk kakyp, yzdan gelýänlere alamat galdyryp gidýänligi belli bolanda, bu maglumatlar ýiten kelep ujunyň tapylyp, onuň ýumagynyň täzeden çözlenip ugramagy bolupdy. Içalynyň yzarlanyp tapylmagyna ynam döräpdi.

Şundan soň Agdarhan göçdäki içalyny «Her ýurduň awuny öz tazysy bilen awlarlar» edip, alyp ýatmak üçin komissary Göwdek atly daýaw ýigidiň öňüne saldy.

– Elini arkasyna daň-da, sal şuny öňe. Sähel yňňy-syňňy edip, garşylyk, ýeneki görkezjek boldugam bergin şol ýerde merkini!

Mundan başga han öz töweregindäki sala düşer adamlaryndan ýene bir aldawa düşmezlik üçin eserdeň bolmagy talap etdi. Ynamdar oglanlaryň iki-üç sanysyna bolsa göçde assyrynlyk bilen duşmany ýüze çykarmak üçin, aňtaw geçirmegi, ony güpbasdy edip, ele salmagy tabşyrdy.

Ýöne göçüň başyndan inýän bela-beterler bolsa gitdigiçe köpelmese, azalarly däldi.

* * *

Al asmanda ganat ýaýyp uçup barýan aýeroplanyň urlup ýykylmagy diňe bir Eşşi handa däl, onuň töweregindäki adamlaryň hem hemmesinde diýseň buýsançly kanagatlanma duýgusyny döretdi. Ahmedi şundan soň adamlar ederini bilýän, kyn pursatda ýanyňda gerek adam hökmünde tanap ugrapdylar.

Urlan aýeroplanyň yzyndan giden atlylar günortanyň öň ýanlarynda onuň üstündäki görlen iki adamy bendiläp alyp geldiler. Olaryň ikisi hem harby adam bolmaga çemeli, şol bir goňras matadan tikilen geýim geýipdir. Billeri hem bir egni üstaşyry aýlap goýberilen kemer bilen guşalan. Şonuň üçinem öz töwereklerindäki hopul-sopulrak geýnen adamlardan, dartgy-çekgä düşüp, ezenekleriniň agyp, birisiniň geýim tertibi bozulana seretmezden, olar töwerekdäki adamlardan ykjam we syrdam görünýärdiler. Ol bendileriň birisi hamala ýyl alty aý ýörite baka goýlan ýaly, zeberdesden etli-ganly, otuz bäş-kyrk ýaş töweregindäki salpy murtly, gözleri gök, saryýagyz orus adamsydy. Ol gözler şeýle-de häzir ömri paýhynlan, älemden geçip barýan garry gaplaňyň gözleri ýaly gussaly hem biparhdy. Bendileriň ikinjisi welin onuň tersine, garaýagyzdan gelen eginlek, keltepaýçarak haýbatly adamdy. Ol has dogrusy „Bu orus-a däldir. Türkmeniň tüýlegräk garyndylylaryna çalym berýär“ diýdirýän bir adamdy. Soň görlüp oturylsa, bularyň ekabyrragam, düşen ýagdaýyndan has nägilesem şol eken. Ol geplän wagtam hamala dogumlydygyny görkezmek isleýän ýaly gözlerini elek-çelek etdirip gepleýärdi. Sorag mahaly seresaplylyk bilen gürlemäge, ýalňyşmazlyga çalyşýardy. Onuň dogumlysyran bolup, özüni nägileden minnetli alyp barşy adamlarda özlerini pulemýot okuna tutan hem şudur diýen pikir döredýärdi. Sorag soralan mahaly olaryň ikisem türkmençäni bilmeýän bolup çykdy. Ýöne olaryň

ekabyrsyraýan gytyja murtlusy birazam bolsa parsy bilýän eken. Şonuň üçinem düşünişmek üçin işanyň bir özi diýen ýaly onuň bilen parsylaşmaly boldy.

–Näme siz gaýry ýurduň depesinde uçup ýörsüňiz? Keseki ýurduň çägini bozmaga hakyňyz ýoklugyny, eýsem, siz bilmeýäňizmi?

–Biz Sowet uçarmanlary. Keseki ýurduň ýerine geçenem bolsak, azaşyp geçendiris.

–Azaşan bolsaňyz, onda näme bizi görüp, azaşanyňyza göz ýetireniňizden soňam, öwrülip gidibermegiň ýerine, gaýtam öjügip, bize ok ýagdyrdyňyz? Telimsini ýaraladyňyz. Hälem wagtynda ýigitler oka tutup, siziň merkiňizi beräýdi, ýogsam bolsa, siziň gaýgyryp goýjak adamyňyz ýokdy.

–Biz sizi basmaçylarsyňyz öýdüpdiris.

–Birinjiden, biz basmaçam bolýan bolsak, çet ýurduň çägindäki adamlary oka tutmaga hakyňyz barmy!? Galyberse-de, siziň üçin biz basmaçy bolaýan-da bolsak bolýandyrys, halkymyz üçin welin biz onuň üçin kelläni orta goýan är ogullary. Basýan, gyrýan bu ady götermeli bolsa-ha, onda onuň hak eýesi siz–Sowetler bolmaly. „Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar“ etmäge ussat-da aslynda sizler.

Işan göýä kazy ýaly bularyň etmişlerini subutnamalaryň üsti bilen boýunlaryna goýmak isleýän ýaly, olaryň aýdan gepleriniň ýeňsesinden çalyp alup, talap tutup gepleýärdi.

Sorag edilip, gerek bolan käbir anyklanaýmaly zatlar anyklanansoň, Eşşi han bularyň gürrüňiniň munuň bilen gutarmajagyny, Sowetleriň gaýry döwletiň serhedini bozanlygy üçin özüni günäkär duýup, müýn çekmegiň ýerine gaýta ters dawa tutmagynyň ahmaldygy barada şonda şaýat subutnama bolmasa, olaryň: «Basmaçylar uçary Sowetiň soraýan ýerinde atyp alyp, soň aňryk äkidipdirler“ diýip, ters dawa tutmadan hem gaýtmajaklaryny pikir etdi. Şonuň üçinem Sowetiň nadaralygyny etdirmezlik üçin bularam, aýeroplanam erteki gün üçin gerekdi.



*4

Aýeroplanyň owgan topragynyň ýokarsynda urlup ýykylmagy bu duşman heniz eden pohunyň üstünde balagyny çekmänkä tutulmagy bolupdy. Ýesirler hanyň buýrugy bilen suw içirilip, gyltyzrak naharlanylandan soň, adamlar ýerli-ýerine çekilişip, olary göz edip, ellerini arkalaryna baglap, şol depäniň üstünde galdyrdylar. Indi olar şol ýerde ýyl gurak gelen döwürleri ýagyş dilenip, Burkuda goýlan goýun-geçilere meňzeşip otyrdylar.

Daşlary çolardylan-da bolsa ýesirler töweregiň esasy ünsüne öwrülipdiler. Adamlaryň arasynda ýesirleri şeýdip, Burkuda aýdylan geçä meňzedip, olaryň soňky ykbaly bilen gyzyklanyp pikir ýöredýänleri-de bardy.

–Tar-tar edip uçanam bolýarlar-a enesi ýalamadyklar. Ana, uçsaň!–diýip, olaryň öldüren adamlaryny ýatlap, öjügip, gazabyna bäs gelip bilmän sögünýänler-de bardy.

Dogrusy, handan çekinilmese, oturanaryň arasynda olary düýt-müýt edäýjeklerem ýok däldi.

Ahmediň töwereginiň adamlary hanyň oňa peşgeş beren mauzerini elden ele geçirip, höwes bilen synlap oturyşlaryna:

–Bäh, özem iňlisiňki öýdýän?

–Şolaryňkydyr. Owganyň näme berdankasyndan başga ýasap bilýän ýaragy barmy? Onda-da beýle gelşikliden gelen inçe iş.

–Iňlisi, almany ýok, türklerem olar bilen biziň arkamyzy alyp, ellerinden gelenini etjeg-ä bolýarlar welin, ýöne Sowetlerem-ä aňsat hezil bererli däl.

–Özlerem şol adamlar bilmezden, görmezden gaýry bir ýurtlardan gelip, arkamyzy çalyp, bize hossar çykýarlar.

–Buhar eteginde bäş-alty ýyllykda bolan çaknyşyklarda görendirin, türkler dagy bular bilen ölenlerini, öçenlerini bilmän, gaty gazap uruşýarlar.

–Krym zadam öň türkleriňki eken-ä.

–On-a bilemok welin, ýöne oruslar bilen olaryň bir hyrşynyň barlyg-a belli.

Ok degip, wepat bolanlaryň halyna gynanmasyna hemmelerem gynandy welin, olaryň arasynda öz hüýi alyşýan obadaşynyň barlygyndanmy nämemi Gulmediň jan gynap, gynanyşy üýtgeşik boldy. Hatda ol merhumlar ýere berlende, özüniň telim bir ýyldan bäri ölümdir ganyň içinde gezip ýörenligine hem seretmezden:

–Gör, bu bolşewikler bizi ne günlere saldy...–diýip, ahmyrly sojap aglabam goýberdi. Soňam wagty bilen oturyp-turup, janyna jaý tapmady. Şol barmana-da onuň haýsydyr bir hyýal atyna atlananlygy belli boldy. Ol ýesirleriň saklanýan ýerine gapdaldaky ýapynyň ýüzüne otlukly nazaryny aýlap alansoň, bir zat ýadyna düşen ýaly üýşenip küýlendi-de, bir hyýala münendigini mälim edip, gapdalrakda duran horjunyny ýanyna çekip alyp, onuň taýlarynyň hersine bir goluny sokup, nämedir bir zat gözläp ugrady. Soňundanam ol horjuny dörüp, boş çykan goly bilen ýeňsesini gaşap, sarsaklyk bilen töweregini şübheli gözlänsoň, egnini gysyp, düşnüksiz gürledi:

–Bäh, meniň naskädim niredekän-aý?.. Ýanyma göteren nasymyň galanjasy bilen ony ýaňyrak dolduryp dymam-laý. Ýa-da nasa gatylan ýag, ýeneki ysyny alyp, gije-girimde ony töwerekde sümsünişip ýören tilkidir şagal, bir zat alaýdymykan?

Ol gepiniň arasynda şagal-tilkä müňkür bolan hem bolsa, onuň aňynda töweregindäki adamlara hem „Siziň biriňiz alan bolsaňyz gerek“ diýen gümürtik güman-da bardy. Adamlara has-da onuň özlerine müňkür garaýşy ýakmady. Şeýdibem, ol töweregini özüne garşy goýup, öz bolşuna laýyk gep-gürrüňi gazandy.

Ýöne onuň gapdalynda oturan Ahmet Gulmediň hüý-häsiýetine indi biraz belet bolandanmy nämemi ol ilki onuň özüni güman astyna alýanlygyny bilse-de, oňa jogap bermäge howlukmady. Ol henizem garaşylmadyk ýagdaýda bolan aýeroplanly wakanyň täsirinden çykyp bilmän otyrdy. Onuň nädip beýle öwrüm alyp bilmegine aň edip oýlanýardy.

Gulmet ile eden düşnüksiz müňkürliginiň jogabyna köp garaşmaly bolmady.

Gapdalda goş-golamyny tirsekläp, eline ilen çöpjagaz bilen dişini synçgap oturan Kemen bilen ynjyk adam hökmünde tanalýan dodar ýüzli Şamet ikisi gepini ýaňsylaşyp, Gulmediň diýen gepiniň bir ol ýanyndan, bir bu ýanyndan gelip, ony orta aldylar.

Ilki Şamet ýaňsyly gülümsiräp, bu gepiň gapdalyndan çykdy.

–Aý, goýa, şagalam bir nas ýalarmy, zaňňar?

Onýança-da Kemen:

–Onam diýme-how, şu şagallaryňam gara garnyny otarmak üçin iýmeýän poh-a bolmaly däl..

–Ýa şeýlemikän? Düýn giçlik töwerekdäki şagallaryň biri üýtgeşik uwlady diýdim weli, onda şol nas tutan şagal bolmaly–diýip, Şemedem öz gezeginde ýene-de ýaňsa alyp, naslymy-da, şagally gürrüňe özüçe meçew berdi.

Gulmet bularyň gepi kesä çekip, özüni oýnajak bolýanlaryny duýup halamady. Biraz çeti gyzyp, olaryň ikisini-de nägile nazary bilen dalady:

–Aý, ýok bolsaňyz-laý, eşek guýruklap ýören iki sany gurrumsak–diýip, olara jany ýanyp sögündi. Soňam olaryň gepine jogap okaýan hörpde–Düýn bardy ol... Ertir irdenem bir gezek, ýarym gezek atdym-a men ony. Näme bolsa, ýaňky aýeroplan gelendäki garma-gürmelikden soň boldy.

Eýýäm dilleriniň keýpini görüp ugran Şametdir Kemeniň töwereginiňem ünsüne düşenlerini görüp, beleň alansoňlar, hezil tapynyp ugran gürrüňlerini bu ýerde goýaslary gelmedi. Bu gezek olar Gulmediň aýeroplanly gepini ýaňsa saldylar. Kemen:

–Sen ýaňy aýeroplanyň öňünden çykyp, aýlap salansyň naskädiňi! Häli uçarmanlar tutulyp getirilende gördüg-ä biriniň maňlaýynda ep-ýesli çiş bar eken, zaluwat, aýlap salan naskädiň şoňa degen bolmaly seniň –diýse, Şamet:

–Aýeroplany Ahmet garyndaşyň atan oky däl-de, seň aýlap salan naskädiň alyp ýatan bolmagy-da mümkin. Baryp han

ýegeniňe düşündirip bilseň-ä ýoldaşyňa berşi ýaly, saňa-da bir zada beräýmeli ol, bilse boş-a goýmaz senem.

Özüniň oýnalýanyna Gulmädiň hasam gahary geldi. Ol gapdalynda ýatan gamçysyny alyp, ony kimdir birine salarly göründi. Gaharyna syrtyna depilen ýaly tarsa ýerinden turdy-da, gamçysyny gysymlap oturanlara öjügip, paýyş sökdi:

–Haý, siziňem bir eneňizi dula...

Soňam gaharyna syrtyna depilen ýaly ýeňsesini tüňňerdip, beýigiň üstünde bendileri saklap oturanlaryň ýanyna gitdi. Aňyrdan gele-gelmäne-de, gahar ugruna ol oturan garawulyň nämäniň nämedigine düşünip-düşünmänkä tutulan iki uçarmanyň depesinden gamçy bilen sen-men ýok tutgaýy tutan ýaly saýgylap ugrady. Gulmet haçanda dyzanyp ikinji gezek gamçysyny bendilerden salmakçy bolanda sakçy ýigit atylyp turup, onuň depesine göteren gamçysyny goşaryndan tutup saklady. Onýança-da hanyň hem gapdaldan bu ýagdaýy görenligi belli boldy.

–Haýt-haýt! Olary nädiberdiň? –diýip, Eşşi han sen-men ýok Gulmediň ýesirleriň üstüne düwläbermegini halaman, oturan ýerinden azymly seslendi: Soňam: –Hany, getiriň şol telbäni bärik!–diýip buýurdy.Ýesirlere esewan bolup oturan hyzmata gaýym ýigit han buýrugyny eşideninden topulup, Gulmediň elindäki gamçysyny gaňryp aldy. Soňam:

–Hany, düş öňe! Töwerekde han aga bar, beýlekem diýenok bu zaňňar. Han agadan bidinem bir beýdibermek bolarmy!? –diýip, Gulmedi öňüne salyp gelşine hüňürdedi.

–Eri, daýy, gaý ýok, gopuz ýok ýerinden bu nä boluş?

Hanyň nägile soragy birazam bolsa Gulmedi özüne getirdi. Ol bir hanyň, bir işanyň ýüzüne garap durşuna ýas-ýaňyja ogrulygyň üstünde tutulan ýaly, diýseň özüni oňaýsyz duýdy. Gyssagarada özüniň näme üçin naskädili gürrüňiniň bady bilen bu ýesir bendeleriň üstüne hüjüm etmeginiň sebäbini nädip düşündirip biljegini bilmän, kyn ýagdaýa düşdi.  Ýuwdunyp, itinip duran wagty ol hanyň howalasyndan heder edip, dil-agyzdan galana

meňzedi. Gulmet jogabyny gijikdirensoň, han abaý bilen onuň sussuny basanyny pikir edip, öňküsine görä biraz pessaý hörpde öz soragyny ikilenç gaýtalady.

–Nädiberdigiň boldy bu, daýy?

–Gaharym geldi, ýegen.

–Nämä gaharyň geldi?

–Şu oruslara gaharym geldi. Asyl görüp otursam, bular Gökdepe galasynam basyp alan şular eken-ä.

Eşşi han Gulmediň düşnüksiz alasarmyk gepini eşidip, nämedir bir zady ýadyna saljak bolýan ýaly oýurganyp: „Bu gep nireden geldi?“ diýen terzde üşerilip, egnini gysyp, Gulmediň ýüzüne soragly gözledi. Soňam:

–Ýak, senem, daýy, çaşyň gözüne sereden ýaly edäýdiň-le bu zatlary. Orsuň geleni haçan, onuň Gökdepe galasyny basyp alany haçan? Ondan bäri är ömri geçdi ahyryn!

–Aý, geçse geçendir, ýöne men-ä ýaňy eşitdim.

Hana Gulmädiň bu alasarmyk gepine ýylgyraýmakdan başga alaç galmady. Şundan soň bu ýagdaýy gapdaldan synlap, han gazaby näme bilen gutararkan, näden nä bolarkan diýip oturan adamlar hem Gulmediň han gazabyndan sypanlygyny görüp, agyr bir mesele çözgüdini tapan ýaly kanagatlanma tapdylar. Bu Gulmediň öz ýerliksiz hereketi bilen özüni çolaşdyran torundan bir hili ýollar bilen özüni alyp çykmasy boldy.

Eşşi hanyň ýardama gelen topary aňyrdan geljek göçüň ýüz bererini garaşyp, ýene-de şol ýerde şöwür çekip, ýol gözlemesini dowam etdirdi.

Ýörite adamlaryň üsti bilen Owgan topragynyň ýokarsynda serhedi bozan çet ýurt aýeroplanynyň urlup ýykylan habary Owgan döwletiniň ýolbaşçylaryna ýetirilensoň, hökümetiň talaby bilen aýeroplan ata süýredilip, Hyrada äkidilse, onuň sürüjileri şol ýerden Kabula ataryldy.

* * *

Bally şäher etegindäki Baýraç obasyna gidip, uzakly gün diýen ýaly ol ýerde iş aladary bilen bolup, giç öýlänler iş ýerine dolanyp geldi. Gapyda oturýan kätip aýal gele-gelmäne oňa özi ýok wagty OGPU-dan jaň edilip, soralanlygyny mälim etdi.

Haçanrak?

Siz kolhoza – diýip gideniňizden soň.

Ýoldaş Syzranmy?

Ýok, ol-a däldi öýdýän. Orunbasaram dälmikän diýdim. Türkmen dilini men ýaly biraz çalgyrdrak gürleýän biridi öz-ä. Belki, ýumuş adamsy ýa kabulhana işgäridir.

Çagyrdymy?

Ýok, gelse jaň etsin! – diýdi.

Kime?

Ony sorap ýetişmänkäm telefony goýdy.

Şu gürrüňden soň Bally ýoldaş Syzran özüni görmek isländir öýdüp, onuň kabulhanasyna sorap jaň etdi. Onuň gapysynda oturýan tanyş ýigit Gaýrulinden sorap, dostunyň iş ýerinde ýoklugyna göz ýetirdi. Ýöne ondan anyk jogap eşitmejegini bilensoň, Syzranyň onuň niredeligini çintgäp sorabam durmady. Gereklese ýene özi jaň eder diýen çen bilen birsalym işden soňam oturyp, onuň telefonyna garaşdy, ýöne şol gün sorag-ideg bolmady. Ol öýüne garaňkyny ýagşy düşürip gaýtdy.

Diýseň diýmeseň, bu çakylyk dostunyň däl-de, OGPU-dan başga biriniň özüni soramagy: «Ol kimkä, näme üçin soradykan, onuň alyp barýan gözleg-agtyryş işleriniň bir ýerinde, meniňem adym geçýärmikän? Duşuşmakçy bolsa, Syzranyň özi jaň edäýjegem ýaly welin…» diýip, onuň böwrüni diňläp, iňkise gitmegine sebäp boldy. OGPU-dan edilen ýat jaňyň ünjüsi soňra oňa uzakly gijesi bilenem oňly rahatlyk bermedi.

Bally şol günüň ertesi bu gün OGPU işgärleri heniz ýerlere gitmänkäler baryp, düýnki jaňyň anygyna ýetmek üçin, şäher

ýoluna hemişekisinden has ir çykdy. Içinden bolsa: «Ýoldaş Syzranyň özi bar bolagaýdyr» diýip dileg etdi.

Ýaşka aýaklaryny sazlaşykly tapyrdadyp, ýorgasyny ýazman ony daňdanyň arassa howasynyň içi bilen, ýüzen ýaly edip, ýeňillik bilen galgadyp, alyp gitdi. Ballyny has-da gelen jaňyň talaplylygy oýlandyrdy. Ol dostlukly gatnaşykda bolsa-da hemişe tükeniksiz işli Syzran bilen hepde arasynda, ýygnak ýeneki-de gabatlaşaýmasa duşuşyp ýörmeýärdi. Olar köplenç duşuşanlarynda: «Geliň, biraz başy dumanladyp, iş aladany egseliň!» diýşip, köplenç hepde ahyrynda şagal mesligini ederdiler.

Ilki ol OGPU-dan çakylyk gelenini eşidende Syzranyň birki hepdelikde eden haýyşy boýunça ol bir zatlar anyklap, şonuň üçin özüni derekleýän bolmagynyň mümkinligini hem çen edipdi.

Şonda ol şepeler bolşup, keýp çekip otyrkalar Syzrandan, agasydyr ýeňňesiniň gulak etini iýenlerini ýatlap, gideli bäri habar-hatyrsyz agasy Orazgylyjyň soňky ykbalyny bilip bermegi ondan haýyş edipdi. Ol şonda ilki:

Hä, seniňäm şolaryň ýanyna gidesiň gelýärmi? – diýip, sowuk sorasa-da, soňundan dostlarça gep tapyp: – Bilip beräýs-ä bolar, yzyna getirip ber diýmeseň bolýar – diýip, sözüne henek gatyp, göwündeşlik edipdi. Bally häzir Syzranyň esasanam özüni şol agasy Orazgylyçdan bir derek tapylandygyny hem pikir edýärdi.

Bally atyny ýorgaladyp, Bedeň obaçylygyň duşundan geçiberende, köne oba ady bilen tanalýan heniz obaçylyga göçmän oturan bäş-alty hojalykdan ybarat oturan toplumyň gabadyna ýetiberende Äkgül takyr diýen kempire düýnki duşan ýerinde alagaraňkyda ýene-de kimdir biriniň salgymyny gördi.

Bäh, bu kempir tutd-ow meni, sypdyrjak däl-ow meni bi! – diýip, ýelpäp barýan ýorgasynyň jylawyny çekip, onuň badyny aldy. Gaçaryny aldyranyna ynanyp, düýn ertirki bolan ýagdaýy ýatlady.

Äkgül takyr düýn Bally irden işe barýarka şu golaýda öňünden çykyp, ondan raýspolkoma arza ýazyp bermegi haýyş

edipdi. Şonda «Ýeser ýerde gaý tutdy» diýleni bolupdy. Balla oňa özüniň bir ýerde başlyksyrap ýörenligine seretmezden, zordan goluny çekýän çalasowatlygyny aýtmagy gelşiksiz görüpdi. Äkgül takyryň: «Ýolbaşçy bolanam heý, hat bilmezmi?» diýip, ynanmajagyny pikir edipdi. «Hat ýazyp bilemok» diýip aýdaýsaňam onuň: «Bally at münüp, başlyksyrabam ýör, özi bolsa men ýaly hat-petege patdal bolsa näme?» diýip, uly ile peçan etjeginiň ujy iki däldi. Bally şonda bir ýol bilen şu gezek mundan sypsam, soň özi hatyny başga bir hat bilýäne ýazdyr ýa-da unudyp, meniň ýakamy goýbär diýen tama bilen al salyp, ondan sypypdy. «Äkgül eje, men häzir şähere gyssagly barýan, çagyrypdyrlar, sen şu duran ýeriňde durubur men ýene-de tiz yzyma geçmeli, siziň obaňyzda işim bar. Gün guşluk galyp-galmanka ýetip gelerin!» diýip, ony aldap gidipdi.

Ol bolsa ýene ýol saklap dur. Eýsem, Äkgül takyra ýaka tutduraňsoň, aňsat syparmykaň? Ballynyň alagaraňkyda Bedeň obasynyň duşunda beýleräkden görüp, özüne şu ýerlerde ýene-de hat bilen bagly möhüm salaýmagy mümkin Äkgül takyrdyr öýden gara salgymy golaýyna baransoň, onuň Äkgül takyr däl-de, Üçköpri kolhazynyň şura başlygynyň hatdady Öwez Gurban bolup çykdy. Bally ony öňdenem biraz tanaýan-da bolsa, ýöne ol ýakyndan bäri öz obalarynyň şurasynda hatdatlyk edip, iş bilen raýon merkezine gatnawuny ýygjamladyp ugransoň, ýakyndan tanşypdy. Hatda Wartanyň ýeserlik bilen gurnaýan oturyşyklarynyň birinde onuň bilen gabatlaşypdam! Onuň-da özi ýaly wagtal-wagtal şeýle keýpihonlyga gatnaşmagy kem görmeýänligine hem şonda göz ýetiripdi. Häzir ol onuňam özi ýaly OGPU-nyň çakylygynamy ýa-da ýeneki bir zada howlugybrak barýanlygyny çen etdi. Atyny debsiläp, Öwez Gurbanyň atyna deňlänsoň, oňa söz gatdy.

Ýaman irläpsiň-le, Öwez!

Raýspolkomdan ýoldaş Mämmet Polly: «Bir gelip-gitsin» diýip çagyrypdyr.

Senimi?

Ýok, başlygy.

Hany onda başlygyň özi nirdemiş?

Özi birki günden bäri biraz närowlap ýör…

Gürrüňdeşiniň başlygy baradaky gepi Ballyda ýaňsy döretdi.

Ynanma, ol Söýün tyrrygyň eşegi ýaly, asla kesellejek adam däl-ä. Itdenem sagdyr onyň! Ol ýöne ýoldaş Mämmet Polly öz ilimiziň adamsy bolup, onuň bize ýamanlygynyň ýoklugyny bilýänligi üçin, syrt gaçyran bolýandyr. Hany Aman OGPU-nyň ýa-da Hymlyýewiň çakylygyna-da öz ýerine başgany iberip görsün, ertesi enesini üwremeýärmi onuň. Äsgerip hasap edýän däldir ony.

Öwez ylalaşma bilen Ballynyň ýüzüne ýeňiljek nazar aýlap jogapsyz ýylgyrdy. Haçanda Bally sözüni dowam etdirip:

Geçen gezek kulakçylyga çekilişik barada raýonda ýygnak bolanda, ol heniz soralmanka, alty adamyň adyny beripdi. Alty öýi ýykypdy –diýende:

Sizden Ýagdy näçe adamyň adyny tutdy–diýip, Öwez hem oňa garşylyklaýyn sorag berip, onuň obasyndan gapjalanlar bilen gyzyklandy.

Bizdenem iki-üç adamyň ada agzaldy. Ýöne men soňra ikiçäk galanymyzda ýoldaş Syzrana, olaryň tersçil däldiklerini, ýöne Ýagdynyň bolup ýörşüni halamaýan adamlardyklaryny oňa düşündirdim.

Düşündirip bolsa, ýogsam dile düşmez orus diýjeksiň, öz türkmenimizden bolan ýolbaşçylardan şonuň bilen düşünişmek has aňsat. Ýöne hany onuň ýanyna seniňki ýaly edip baryp bolýarmy!?

Dost-ýarlyk gowy zatdyr. Gala alýanam hemişe şoldur…

Bally jora, sen Tagtabazarda Maýly han bolup dörediň-ow bizde.

Maýly hanyň kim ol?

Sowet hökümeti Ak patyşany ýykmazdan ozal Maryda onuň bir arz sorap, ýurdy sürüp oturan bolköýnegi bolupdyr.

Hawa…

Olam sen ýaly, men ýaly adamlar bilen arak içip, keýp çekip, soňam ak jylly bolup, gyzyp kart oýnar eken. Şonda Maýly han onuň gowy garaýşyny gazanmagyň aladasy bilen, bolköýnek bilen içişip, kart oýnap, ony-muny utduran bolup ýörenleriň biri bolupdyr. Bolköýnek bir gezek kellesi gyzgynda ähli baýlygy bilen oňa aýalynam utduraýsa nätjek. Bolköýnegiň kellesiniň gyzgynyna oýnuň heziline berlip, aýalyny, öýüni utduranyna şonda diýseň gahary gelipdir. Ol gylyjyny gynyndan sogrup alypdyr-da, Maýly hana görkezip:

Türkmen, sen menim heleýimi utan-da bolsaň, hökümdarlygymy utan dälsiň, men seni islesem ýedi gat ýere sokaryn! – diýip, gezelip gyzylym däli bolup gazaplanypdyr...

Heleýini bermänmi onsoň?

Sereden ýerini eredip taşlaýan bolköýnek beýdip durka, heý onuň heleýiniň töweregine baryp bormy?

Ýöne olam utansoň, kazylaşyp, eýdip-beýdip almaly eken ony… Bolköýnegiň dagy heleýi bolsa, ol ak mapraçdan gelen bir näzenin gowy zenandyram… Olaryňam harbylary, ýokary wezipelileri, biziň baýlarymyz ýaly, iň gowy gyzlary saýlap, pitikläp öýlenýän bolmaly…

Olaryň ikisi-de şol baryşlaryna Maýly hanyň bolköýnekden utup alan şol göze gelüwli aýalyny özleriçe göz öňüne getirişip, erkeklere mahsus arzuw-höwes bilen, onuň wysalyny berlenlerini hem duýman galdylar.

Haçanda Bally Öwez özüni Maýla hana deňäp, sorag-soranda, soragyň bu äheňini şol wagt aňmadygam bolsa, birazdan ol bu ýerde: «Senem Syzranyň başyna şunuň ýaly bir oýun salan bolaýma?» diýen ýaly müňkürligiň barlygyny duýup, tisginip, bu pikirden eýmendi.

Öwez bu seniň men baradaky öz pikiriňmi ýada şuraň ýaly bir gurrumsagyň tapýan gepimi?

Hiç kimiňkäm däl. Gep ugruna agzyma geldi-de aýdaýdym-da – diýip, ol halanylmadyk gepi aýdanlygy üçin oňaýsyz ýagdaýa düşüp, ýöwselden müýnli ötünç soraýjylykly gürledi.

Her kelläňe gelen pikiri çyna öwürjek bolubam ýörmezler… Bally bu çäginden çykyp, barýan gepi şeýdip dessine agan suwuň öňüniň alnyşy ýaly, ony ýeten ýerinden dolap alyp petikledi.

Olar soňra ýol boýy gözleriniň giden Maýly hanly, bolköýnekdir onuň aňlarynda peýda bolan, maýaly-maňyzly aýalynyň gürrüňine dolanyşyp, maryly garyndaşlaryň şunuň ýaly ugurtapyjylyk, çeýelik talap edýän ýerlerde hemişe ugur-ýoda tapmaga zorduklary, olaryň kim bolsa-da, bir ýol bilen ugruny tapmagy oňarýandyklary barada gürleşip gitdiler.

Düldülahyr obasynyň duşuna ýetiberenlerinde şu obada birine bir ýetirmeli habarynyň barlygyny aýdyp, Öwez atynyň başyny gaýralygyna gijelikden çykyp, boý-kamatyny täzeden alyp gelýän Garabil baýyrlaryna tarap öwürdi.

Ballam şundan soň atynyň badyny ýene ýorgasyna ýazdyrdy. Töwerekdäki gijäniň içinden çykyp gelýän gündizlik süýnüp-sarkyp, gerinjiräp, bir gowy bolup, düşekden turup gelýän gelni ýatlatdy.

Bally dürli pikirler bilen ümürläp gelşine nädip şähere ýetenini hem duýman galdy. Ol bazar jaýynyň ileri başyndaky atyny goýýan eşeksaraý at alan ýere gelende, ir ertir bolansoň, bu ýerem boşlawdy. Töwerekdäki gazyklarda iki-ýeke eşek bardy. Bally gelip girende eşeksaraýyň beýemçisi, ýene bir geleniň öňüne düşüp, oňa eşegini daňmaga gazyk görkezip ýördi. Bally atyny ýerleşdirip, yzyna gelýärkä beýemçi onuň gapdalyndan çykdy.

Bally ondan:

Hotjy akga, müşderiň bü gün ýaman az görünýär-le? –diýip, töweregine göz aýlap sorady.

Bazar güni bolaýmasa, mundan artyk daň bilen nä bazarçy bolýarmy? Hany Gün dogup, jahan kaddyna gelsin bakaly, onsoň adamlar atlymy-da eşekli ýyrtykdan dökülen ýaly bolşup ýagyşyp

ugrarlar. Ýöne näme sen bu gün irläpsiň-le?– diýip, soňra ol Ballynyň özüne ýüzlendi.

Aý, bir aladam bardy-da, onsoň irräkden gaýdyberdim – diýip, Bally göwünsiz jogap berdi. Bally Hotjyny şu ýerde işläp ugrany bäri tanaýardy. Ol öň Arnageldi baýyň töwereginde bolan adamlaryň biridi. «Men Arnageldiniň attutary boldum» diýip, hemişe buýsançly gürlemegi gowy görerdi. Şeý diýse iliň özüne: «Şonuň dagy attutary bolan bolsa, onda munuň özem ýöne adam däl-dir» diýip, özi barada iliň buýsançly pikir etjegine ol biraz göterilmek bilen ynanýardy. Üç-dört ýyllykda Arnageldi Tagtabazardan serhetçilere ýardamçy bolmak üçin döredilen «Gyzyl taýaklylar» ýarym harby topluma ýolbaşçy bolupdy. Otrýada gerek adamlaryny hem onuň özi il içinden saýlap alypdy. Arnageldi baýyň şonda synagyndan geçip, esger bolmagy mynasyp bolanlaryň biri-de Hotjydy. Birki ýyla golaý mundan öň Arnageldi baý Humluda Kerim hanyň adamlary bilen bolan çaknyşykda wepat bolansoň, onuň otrýady hem Göroglynyň kakasy Adybegiň kyrk ýigidi ýaly başsyz galyp, öz-özünden dargapdy. Onda gulluk eden esgerleriňem hersi bir ýerden çykypdy. Hotjy kelte-de bazarjaýyň gapdalyndaky şu eşeksaraýda mekan tutupdy. Adamlara-da oýun gerek, sähel zada göterilip, özünden çykyp, gyzyberýänini görüp, onuň çetine degip, hezil tapýardylar. Hiç kimden gep alyp galmagy halamaýan Hotjy akga-da gyzyp, olara ýaňsyly nygtap, jogap bermegi gowy görerdi. Onuň bilen degişýänleriň biri-de hemişe diýen ýaly şähere gelende atyny şu ýerde goýup, wagtal-wagtal oňa keýpihon halda: «Şu adamlaryň nämesi kemmiş Arnageldi baýdan?» diýip, gajap bälçireşýänleriň birem Ballydy. Hotjy akga-da Bally ýaly özüni Arnageldi baýa deňejek bolýanlardan gep alyp galmazdy. Göwni ýetmezçilik bilen oňa dodak çöwrenini hem az görüp, gyzyp geplärdi:

Sendenem bir Arnageldi baý bormy? Onuň ýaly batyr-jomart, şahandaz adam Egriň[1] boýunda başga bolan däldir, bolmazam –

[1] **Egri –** Murgap derýasynyň il içinde tutulýan bir ady.

diýip, göçüp aýdardy. Komandirini hemişe, hemmelerden ýokarda goýup küýsegli ýatlardy.

Hotjy golaý gelen wagty Bally ýene-de daň bilen henek hyýallydygyny aňdyryp, onuň ýüzüne seredip ýaňsyly gülümsiredi. Elleşen wagty onuň aýasyna biraz pulam goýdy.

Ýa, senem-aý, hiç zat bermeseňem bordy-la! –diýip, Hotjy akga eýýäm ol berlen puly jübüsine sokup durşuna sypaýysyrady. Ýöne onuň pul bermeginiň yzynda «Menem jomartlykda Arnageldi baýça barmy, diýen maksatly pikiriň barlygyny aňansoň bolsa, gözlerini jerreldip, ony alanyna ökündi, Balla hüşerilip seretdi.

Arnageldi baý bolandyryn öýdäýmegin. Daşdyr entek daşdyr... – Aýtdym-a Egriň boýundan oňa taý tapylmaz diýip, şol hakdyr.

Bally Hotjy akga hiç zat diýilmänkä onuň öz-özünden beleň alyp, özüne diýiljek gepi öňünden aňyp bilşinden hezil tapyp ýylgyrdy.

Hotjy akga, Ýaşkany gözden salmaweri, soňrak bir desse bazardan alyp, ýorunja-da ataweri öňüne! – diýip, atyny oňa sargady.

Arkaýyn bol. Seniň atyň körpeden iýer, suwam içer.

Senden tamamam şeýledi – diýip, Bally onuň bilen göwnühoşluk bilen hoşlaşdy.

Arnageldi baý bilen ýakyn tanyşlygy bolmasa-da, ony Ballynyň özi-de görüpdi. Daşyndan göräýmäge ol bir il içinde beýle many-mazmuna, taryp-minnetdarlyga eýe bolar ýaly, onuň göwnüne üýtgeşik bir adam däl hem ýalydy. Emma edermenlik, jomartlyk, şahandazlyk bu ilde hemişe oňa deňelerdi. «Arnageldi baý bol-a, özüňi näme Arnageldi baýdyr öýdýäňmi?.. Ha, häzir Arnageldi bolan bolsady, ol halkyny bir zat edip, bu gatydan alyp çykardy!» diýen ýaly gürrüňleri bu öwrede häli-şindi eşitmek bolardy. Onuň nädip beýdip, şol bir wagtda orus-owgana özüni aldyran, iliň eý görýän, göwni ýeten ogly bolup döremegi, ony

hemişe oýlandyrýardy. Şeýle-de ol Arnageldi baý barada pikir edende, onda Gully emin, Akynýaz baý, Gaýgysyz Atabaý, Syzran bilenem gabat gelýän bir hili dogumly meňzeşligiň barlygyny hem olary deňeşdiren wagty görýärdi.

Akynýaz baýam Arnageldi barada: «Pendiniň gerçek ogullarynyň biridir»… diýip, göwnüýetijilik bilen aýdýardy. Bally ol barada näçe köp zat eşitdigiçe-de, ol şahsyň aýdyňlaşma ýerine, çolaşyp-çyrmaşyp syr barha beter tapmaça öwrülip barýanyny görýärdi...

…Arnageldi baýlaryň maşgalasy Pendide, esasanam, orsuň gelmegi bilen tanalyp ugralan maşgalalaryň biri bolýar. Onuň kakasy Ýagmyr mergen öňem Gulja-Ganly başyň içinde belli bir derejede gurply hojalyklaryň biri bolupdyr.

Orus Ahaldan gelip, Maryny eýelänsoň, ähli türkmen topragyny ele geçirenini ynanyp kanagatlanýarmy nämemi bu ýerde birbada badyny gaýtaryp üçürdikläpdir.

Türkmen topragynyň halkynyňam bölünäýmegine ahmallyk dörändir. Munuň şeýle bolmak howpunyň barlygyna göz ýetiren türkmeniň saryk taýpasynyň ekabyry Sary han ähli at-abraýyna, başarnyk-paýhasyna leňňer berip, bu ýagdaýyň öňüňi almagyň ugruna çykýar. Gyzgyny sowamanka, orsa özleriniň hem doganlary teke-ýomut taýpasy ýaly, raýatlyga alynmagyny sorap, yzly-yzyna generala ýüz tutýar we birazdan oňa Ýolöteni orsuň hasabyna aldyrmak başardýar. Pendililer hem Sary hanyň maslahaty bilen özleriniň şol bir halkyň wekilleridigini, ýeriňem şol bir türkmen topragyna degişlidigini aýdyp, rus generaly Komarowa ýüz tutýarlar. Komarowa bärden barýan adamlara ahyr, Pendiniňem şol bir bütewi topragyň bölegidigine ynandyrmak başardýar. Oruslara tutunyp baran iliň derejeli adamlaryň arasynda şonda Arnageldi baýyň kakasy Ýagmyr mergen-de bolupdyr. General Komarow olara Pendini Russiýanyň raýatlygyna birikdirmäge söz berse-dä berýär welin, ýöne onuň öňünde şol meýlini amala aşyrtmazlygy üçin, amady geldi hasap edip, türkmen topragynyň

bu bölegine dawa salanlar-da bolupdyr. «Ol ýeri almaga özüm size kömek berýän» diýip, iňlis şol wagt Owgan bilen Eýran hanlaryny gižželeýän eken. Hindistan diýip, ýola çykan orsuň öňi alynmasa, onuň Eýran, Owganyň hem ýolugra bakna edilip geçjegi howp edilýän eken. Iňlisler ruslar gelmezden öň Pendini eýelemek üçin, bu ýerde goşun çekilmegini gazanypdyrlar. Olaryň öň hatarynda iňlis goşunlarynyň aýry-aýry bölümleri bolupdyr.

Gylyç syryp, ata çykan general Komarowam türkmenleriň, has-da pendilileriň hyzmatyndan ezber peýdalanypdyr. Olar şol pursatda gark bolup barýanyň halas bolmagy ilkinji nobatda onuň özi bilen baglydygyna ynandyrypdyr. Pendililer kowçum-kowçum bolşup, general Komarowyň goşun sapyna birleşipdir. Pendi çölüne bäş barmagy ýaly belet Ýagmyr mergen şonda ruslaryň sala-salşyp, hereket eden türkmenleriň biri bolýar. Bu bolsa birleşen güýçleriň aýgytly hem üstünlikli hereket etmegine hemaýat bolupdyr.

Daşköpri söweşi şeýdibem general Komarowyň ýeňşi bilen tamamlanýar. Taraplar arasynda şertnama baglaşylyp, ýurt çägi anyklanylanda Ýagmyr mergenem, anyklaýjylar toparyna girizilen iki türkmeniň biri bolýar. Ol şonda öňe düşüp, ozal-ahyr Pendi topragynyň çägine degişli serhet ýerlerini beletlik bilen görkezipdir. Ýurt çägi belli edilip ylalaşylyp, gazyk dikilensoň, ol ýeriň wagtyň geçmegi bilen bozulup ýitip, soňraky dawalara bahana bolmazlygy üçin, türkmenler bellenilen serhedi özleriçe gyzgyny bilen berkidipdir. Ojar-sazaklar ýakylyp, kömre öwrülip, serhet boýunyň syra gyrasynyň her sesýetimliginde bir düýe kömür ýere gömlüp, araçäk bellenipdir.

General Komarow wepat bolanyndan soňam, Ýagmyr mergen onuň özüni tanaýan adamlary ruslar bilen gatnaşyp, arany kesmändir. Daşköpri söweşinde görkezen hyzmatlary üçin orus hökümetiniň sylag-serpaýyna mynasyp bolanlardan o-da biri bolupdyr. Bu bolsa soňra onuň kiçi ogly, özi ýaly mergen bolup ýetişip gelýän Arnageldiniň orus harbyçylygyna imrinmegine,

Orenburg harby uçilişşesine girmegine sebäp bolýar. Emma kakasynyň ogluny ýaraşykly rus ofiseriniň geýiminde görmek arzuw eden hem bolsa, onuň arzuwy hasyl bolmaýar. Bir ýyl okap-okamanka, onuň okuwyny taşlap, bir ýerlere ýitirim bolup gidenliginiň habary düşýär.

Ýagmyr mergen ogluny dereкläp, Orenburga baryp, uçilişşe ýolbaşçylaryndan oglunyň gysga wagtlyk okuwdan soň özi ýaly iki kursdaşy bilen gürüm-jürüm bolanyny, gözlegleriňem netijesiniň bolmanlygyny eşidipdir. Ýagmyr mergen munuň nähili beýle bolup biljekligi barada oýlanyp oturansoň ol: «Heý, daş-töweregiňizde awlag ýerler barmy?» diýip sorapdyr. Oňa şonda, töweregiň agyn tokaýlygyny, awlagdan köp zadyň ýoklugyny aýdypdyrlar. Ýagmyr mergeniň çeni dogry bolup çykypdyr, gözläp barsalar, Arnageldi özi ýaly awa keýphon ýene-de iki oglan bilen ýanlarynda şadyhorramlygy bölüşmäge höwesli zenanlaryňam birnäçesini alyp, tokaýda aw awlap, awçy öýjagazlarynda ýaşap ýören eken. Ýagmyr mergen oglunyň okuw meselesinde utulanlygyna göz ýetirip, ony ýygnamak bilen bolupdyr. Ogluna:

Awlajagyň aw bolsa, öz ýerimizde-de ýetik şol! –diýip, ony öňüne salyp alyp gaýdypdyr.

Ýagmyr mergen älemden ötüp, onuň baýlygyny bölüşmeli bolanda Arnageldi agasyna: «Öýüň ýa içini, ýa daşyny al!» diýýär. Agasy içerini alypdyr, içerde hem telim süri mal edinerlik altyn pul bar eken. Meýdandaky sürüler, örüdir guýular bolsa Arnageldiniňki bolupdyr.

Şol döwürde Pendi çölünde keseden gelip, öri edinen baýlaryň mallaram juda köpelipdir, öri meýdanlar, guýular azlyk edipdir. Beglenen baýlaryň biri-de bu toprakda Jopban baý bolupdyr. Bir gezegem ol ýene-de örüsini giňeltmek niýeti bilen çölde Arnageldi baýyň çopanlaryny urup-kowup, guýusyny onuň elinden alypdyr. Çopanlary eňreşip arza gelen mahaly, Arnageldi baý dessine ok-ýaragyny alyp, atlanypdyr. Ol aňyrdan gelen mahaly Jopbanyň adamlaryna, düýe bilen gowada guýudan suw

çekdirip, mal ýakdyryp duran eken. Arnageldi gelşine gowanyň ýüpüni ortasyndan gylyç salyp çapýar. Gowa çekip, tanap dartyp barýan düýe badyna öňe süssenekläp, ýüzin ýykylýar. Onuň çekip gelýän suwly gowasy güwläp, guýy içine gaçýar. Soň ol at badyny gaýtaryp, beýleräkde yzyna dolanyp, bäşataryny asmana zyňyp-gapyp durşuna:

Jopban bolsaň, saýla haýsy ýapyny saýlasaň! –diýýär.

Köpügören Jopban baý nämäniň nämedigine tiz düşünipdir. Ol töweregine:

Oglanlar, gitdik, öwrüň süriniň ýüzüni... Ýagmyr mergen öldi diýselerem ölmän eken! – diýip, gelen yzyna dönüp, çekilmek bilen bolupdyr.

Arnageldi baý şeýdibem Pendiniň belli baýlarynyň biri bolmak bilen, ol edermenlikde, jomartlykda, şahandazlykda ýakasyny tanadan adam bolup ýetişýär. Dileg salyp baranyň dilegini bitýän ýerine öwrülýär. Ady dilden-dile, agyzdan-agza düşüp, ol diňe bir Pendi hem däl, Ýolöten, Mary töwereginde-de giňden tanalan sahawatly adam bolýar. Ol barada il içinde rowaýat kysmy gürrüňler köp döreýär.

…Bir sapar ol Marynyň «Ýolbarsly» çaýhanasynda çaýlap otyrka, onuň gelenini eşidip, Mary eteklerindäki obalaryň birinden onuň ýanyna guda bolunsa-da, gyzyň garyndaşlarynyň öňünden geçere zady bolman, öýlenip bilmän ýören ýigit gelýär. Arnageldi ýigidi diňlänsoň, ondan «Barly baýyňyz kim?» diýip, sorapdyr. Ýigidem oba baýlarynyň birki sanysynyň adyny tutupdyr.

Arnageldi şonda oňa:

– Bar-da, olara: «Meniň hasabyma gudalaryň öňünden geçip, toý edip bersin» diýdi diý! – diýip goýberipdir.

Oba baýlary Arnageldiniň diýşi ýaly, toý tutup, garyp ýigidi öýeripdirler. Şondan birnäçe wagt geçensoň ýigit gelnine: «Şunça ýagşylyk etdi, gel, bizem toklujygymyz bar, Arnageldi Mara gelende çagyryp, oňa hezzet edeli» diýipdir. Şeýdibem ýigit ikinji gezek onuň huzuryna barypdyr. Ol Arnageldini myhmançylyga

çagyrsa-da çagyrypdyr welin, ony diňläp, diýseň alada galypdyr. Çakylyk kabul edilip, gün belleşilensoň ol ýigide: «Sen onda, inim, meni çagyrýan bolsaň, şulary-şulary» diýip, goňşy obalardaky baýlaryňam ençemesiniň adyny tutup, oňa çagyr diýipdir. «Tejen, ýeneki diýip gitmedik bolsa, Burkaz bagşy Girmanam, halypasy Ýegenoraz bagşy bilen çagyr, aýak ýeterde bolsalar, meniň adymy aýdyp çagyrsaň, olaram gelerler!» diýip tabşyryşdyrypdyr.

«Munça adamyň öňünden nädip geçeris, soýuljagam bir tokly, kime ýal bor?» diýşip, är-aýal ikisi galypdyrlar şundan soň bir azara. Baýy çagyrmaga milt edenlerine puşman edipdirler.

Arnageldi baýyň oba myhman geljek güni Gün çäş galanda, Marydan gelen bir paýtun onuň öýüne iki-üç halta un, birki halta tüwi düşürip gidipdir. Şundan soň günortana çenli ýene birki paýtun gelip, olaram ýedi-sekiz goýun bilen, maňyz, pisse diýen ýaly saçaga goýuljak ir-iýmişler getiripdirler. Şeýdibem ýigidiň bir öz öýi däl, obasy bilen toýhana öwrülipdir.

Gijöýlänler bagşylaryň yzysüre Arnageldi baýyň özem ýanynyň adamlary bilen bir paýtunda ýetip gelipdir. Garyp ýigidiň toýuny täzeden tutupdyrlar. Töwerekden gelenler bilen iýip-içip, bagşy diňläp, ýigidiň ojagyny mertebeläpdirler...

Arnageldi baýyň ýene bir ýakyn gatnaşykda bolan adamlary meşhur bagşy-sazandalar – uly we kiçi Garly, Nobat bagşy bolupdyr.

Ol bagşy diňläp, ganat baglap bilýän adam bolupdyr. Özi gyrmyz don, ak telpek, gonçly ädik geýse, bagşylara-da şony geýdirip, başgaça geýinse, olaram özüne meňzedip başgaça geýindirip buýsandyrypdyr. Arnageldi käte bagşylar barada pikir ýöredip: «Men ajaldan gorkamok, gorksamam ondan soň bagşy diňläp bolmajagy üçin gorkýan» diýer eken. Pendide bagşylyk sungatynyň şol döwürde haýran galarlyk derejede ösmegine, bu zatlaryň gadyryny bilýän Arnageldi baý ýaly derejeli il ogularynyň bolmagy bolupdyr. Bu döwürde Pendä gelip, aýdym-saz öwrenen rus alymy W.Uspenskiý tagtabazarly bagşylary diňlänsoň:

«Jeňňeliň içine gelip, gudrat gördüm» diýip, bu bagşylaryň aýdym-sazlarynyň belentligine haýran galyp ýazypdyr. Arnageldi baý Mara gidende hem häli-şindi bu bagşylary öz ýany bilen äkidip, «Ýolbarslynyň» telim gün baglap, hezil edip bu ýere gelenler, çagyrylanlar bilen bagşy diňläp oturar eken. Soňra Gaýgysyz Atabaýewiň bagşysy adyny alan uly Garly – Garly Ýolamanyň, soňra Türküstan respublikasynyň eýesi bolan, şol wagtky Marynyň bank işgäri Gaýgysyz Atabaý bilen duşuşygam ilki şu ýerde bolupdyr.

Arnageldi baý bolşewik gelende onuň bilen hem belli bir derejede dil tapyşan az sanly adamlaryň biri bolupdyr. Olaryňam Arnageldi baý ýaly il içinde hormatlanylýan adamlaryň öz taraplarynda bolmagyny islän bolmaklary mümkin. Üstesine-de, onuň rus dilindenem özüne geregini bilmegi hem onuň Sowetler bilen düşünişmegine uly ýardam bolupdyr. Arnageldi baý bolşewik baýlaryň baýlygyny almagyň ugruna çykanda, özge barly baýlar ýaly, zadyny ondan gizlejek, halas etmek üçin garpyşyp, serhetden aşjak bolup durmandyr. Oňa özüniň 16 bölek goýnuny, öýünde bar bolan 8 kilo altynyny meýletin tabşyryp, töwekgellik edipdir. Şu zatlary alansoň, Sowetlerem yrsarap, oňa sürnüp, azar beribem durmandyrlar. Ýigriminji ýyllaryň ahyrlarynda kolhoz gurluşygy bilen baglylykda ýurt içiniň ýagdaýlary, ýene-de has bulaşyp ugransoň, Tagtabazarda serhetçilere goldaw bermek üçin ýerli halkdan bolan meýletinçilerden «Gyzyl taýaklylar» topary döredilip, Arnageldi onuň serdarlygyna bellenilýär. Hatda bu gulluga gerek adamlary hem Arnageldiniň özi ýörite synagdan geçirip saýlap alypdyr.

Ol her meýletinçi boljagy ýeke-ýekeden öz çaý içip oturan ýerine çagyrypdyr-da, diwara golaý durzup, onuň kellesiniň üstünde alma goýup atyp düşüripdir, almany gaçyran dessine-de, synaga gelene bir käse çaý uzadypdyr. Gorkudan süňňi saňňyldap duran bolsa, käsedäki çaý serpilip dökülipdir. Onuň şeýdibem ertirki gün okuň öňünde durup bilmejegi belli bolupdyr.

Hotjy keltejigem Arnageldi baýyň okunyň öňünde durup, onuň ýowuz synagyndan geçen, soňra «Arnageldiniň otrýady» at alan bu bölümde gulluk eden adamlaryň biri bolupdy. Şondan bäri-de ol edermenlik, gaýduwsyzlygy, jomartlyk, şahandazlyk ýaly häsiýetleri hemişe Arnageldi baýa mahsus hasaplaýar. Ol barada beletlik bilen gürrüňler berip, onuň şahsyýetini rowaýata öwürýänleriň biridi.

...Bally aňyrdan köwsarlap gelşine OGPU-nyň howlusyna nädip ýetenini hem duýman galdy. Häli-şindi şepesiniň ýanyna gelýänligine seretmezden, onuň bu ýere aňsat aýagy çekmeýärdi. Sebäbi soraga çagyrylyp, zora tutulýan tanyş adamlar bu ýerde birde gabat gelmese, ýene birde gabat gelerdi. Delalat etmäge özüniň mümkinçiliginiň ýoklugy üçin gynanardy. Bally Syzranyň kabinetiniň gapysynda oturan harbydan sorap, onun düýn raýkomyň birinji sekretary Ata Hamlyýew bilen Guşgy tarapa aýlanmaga gidenini eşitdi. «Meni ol öz-ä ugramanka gözläpdir ýa-da şol ýer bilen bagly sorajak-goýjak zady barmykan?» diýip, böwrüni diňledi. Bally  yzyna dolanyp, derwezäniň agzyna ýetiberende, ýaňy gelip atdan düşüp, onuň jylawyny öňünden ýelpäp çykan esgeriň eline berip, iş ýerine ýönelip gelýän Aman OGPU bilen gabatlaşdy. Aman OGPU ony görüp, eýýäm gözüni süzüp, Bally dogrusynda pikir edip ugranyny, ýüzüne ýaňsy alamatlary berip mälim etdi.

– Bally, bu gün ýaman irläpsiň-le?

Bally:

– Düýn ýoldaş Syzran gözlän eken. Menem iş bilen kalhoza gidipdim. Ýokdum iş ýerimde.

– Seni düýn gözlän-ä ýoldaş Syzran däl-de mendim. Birki sany soragym bardy saňa!

Aman OGPU kemeriň yzynda köýneginiň hüjüme çykan towugyň syrty ýaly köwlenip duran ýerini çekişdirip, tertibe salyp barşyna oňa öz yzyna düşmelidigini aňdyrdy. Ol gelşine, Bally bilen gapgarylan ýaly bolup, kabinetine girensoň, ony öz iş

stolunyň iki-üç ädim öň ýanyndaky adamlary soraga çagyranda oturdýan oturgyjynda oturtdy. Bally şu pursatda, hamala, süňňüne ýylan çolaşyp ugran ýaly, köp halatda şu ýere gelende döreýän ýakymsyz sowuk duýgyny başdan geçirdi. Aman OGPU-nyň öz başyna şübhe torun atyp almakçydygyny pikir edip, ýagdaýy bulaşyklyga salaýan mahalynda hemaýat goluny uzadaýara häzir bu ýerde öz şepesi Syzranyň hem ýoklugyna gynandy.

Aman Ballydan nazaryny sowman, ýerine oturyp-oturmanka, öz soragyna ýaňsyly aýlaw berip başlady.

Siziň toparyňyza ýöne ýerden «Bäşbela» diýilmeýän eken-ow… Bäş sany bela diýmek dälmi şol?

Anyg-a bilemok, ýöne garrylarymyz-a, biz bäş sany ýetimekden döräpdiris –diýýädiler.

Bally Aman OGPU-nyň aýlawly gepiniň äheňinden nämede bolsa özüne näbelli, ýöne Bäşbelalylar bilen bagly bir gepiň bu ýerde barlygyny pikir etdi. Ony aňynda gözläp, özüne sorag salyp, böwrüni diňledi. Ballyny bu gepiň çümmükläp, burup alanlygy belli boldy. Ol:

Eýgilikdir-dä? –diýip, aladalanybrak sorady.

Gaty bir eýgiligem däl. Seniň iniň gahrymançylyk görkezipdir. Eşidensiň-ä!?

Kimdir ol menim inim, ýoldaş Aman?

Habarsyzsyň-ow sen?

Anygrak aýtmasaňyz kim barada, nähili gahrymançylyk barada gep barýanyna düşünýän däldirin. Şükür, inilerem üç-dört sany bar, olaryň haýsybirikän ol?

Ýöne eýýäm gahrymançylyk diýleninden ol gürrüňiň bir tarapynyň Ahmet bilen baglydygyny welin, ol çen edip ýetişipdi, Aman OGPU-nyň minnetli gepiniň manysyny özi üçin tiripdi.

Seniň ol iniň «şertim şahyma» edipdir. Gepiň tümmek ýeri, ol biziň üstümize çermenip syçypdyr. Söz berip, sözünde durmadyklar bilen bolsa, biziň öz aýratyn hasabymyz bardyr...

Ol ini kim, haýsy inim? Näme gep, näme söz? –diýip, Bally barha dartylyp barýan gepiň kim baradalygyna ýene-de oňly düşünmän, egnini gysdy.

Üstesine-de, ol bize garşy okam atypdyr. Guşgynyň eteginde atyp, Sowet aýeroplanyny urup ýykypdyr. Bu görkezen hyzmaty üçin, ol hut Jüneýit hanyň öz elinden sowgat-serpaýam alypdyr.

Balla diňe şundan soň bu gürrüňleriň Ahmede degişlidigi anyk boldy. Ol öz ýanyndan: «Haý, doňuz ýene bir iş gaýrypdyr-ow... OGPU-nyňam gowşak ýerleri bar-ow. Ahmetmi indi saňa içalylyk edip berjek? Oňa at diý, ýet diý…» diýip oýlandy. Soňra ol Syzranyň Ahmedi Owganystanda ulanmakçy bolýandyklaryny aýdyp, onuň garyndaşy hökmünde meseläniň birýan ujuny özüne-de duýduranlygyny-da ýatlady. Şonda Bally oňa: «Ahmet boýun alsa, gidip Jüneýit hanyň kellesini getirmegi mümkin, ýöne jansyzlygy welin oňarmasa gerek» diýip, oňa anyk aýdypdy. Bally bu gepi öňünden aýdanlygy üçin, häzir Syzranyň ýüzüne dogry bakyp biljegini bilýärdi.

Ahmedem seniň iniň dälmidir, eýsem?

Inimligin-ä inim welin... gidere ýerim ýok, ýöne onuň näme gahrymançylyk görkezenliginden meniň-ä habarym ýok.

Senden başga hemmeler bilip, bir sen bileňok-da onda?

Men bilemok, ýoldaş Amanow!

Hany ol seniň agaň Kymşyň heleýi: «Biziň Ahmet Sowetiň aýeroplanyny atyp alypdyr!» diýip, begenip, şonuň şanyna obada nan ýapyp, ile sadaka paýlap ýörmüşin-ä?

Bally obada kimiň Kymyşlaryň sadaka paýlanlygynyň habaryny ýetirip biläýjegi barada pikir edende, ilki bolup onuň ýadyna Hardat düşdi. Onuň birki günlükde Aman OGPU-nyň ýanyna gelip, «toplan zäherini» döküp gidenligini çen etdi.

Gelnejemiň hudaýýoly nan paýlan-a hak. Ýöne ol tersine öwrülip, çöwrülip, size ýetirişleri ýaly, Ahmediň başyndan aýdylan, onuň gahrymançylygy bilen bagly däl-de, oba sürgüne gidenlerden

hat gelipdir. Garrylar öz gidenlerinden derek tapylanyna begenip, şolaryň başyndan-a sadaka paýlapdyrlar.

Ballynyň eden günäsini boýun almajak bolan ýaly bolmagy Aman OGPU-nyň biraz çetine degenligi duýuldy:

Baý, Bäşbelalar bir-biriňizi gowy görýäňiz-ow? Ile aýan, göze görnüp duran etmişiňizem ýene-de gizlejek bolup dursuňyz-da siz! –diýip, oňa sürnüp nägile gepledi.

Ýoldaş Aman, ynansaňyz miniň-ä sizden gizleýän zadym ýok. Ahmediň nirede aýeroplan uranyndanam habarym ýok. Ony, ine, ilkinji gezek sizden eşidip otyryn. Onsoňam heý, sizdenem bir zat gizläp bolarmy? Ýer astynda ýylan gäwüşese, bilýäňiz-ä siz.

Bally öwginiň hemmeleri ýaraýanyny pikir edip, Aman OGPU-nyň degirmegine suw guýup, şeýdip, onuň soraglaryndan halas bolma tamasy bilen taryply gepledi.

Aman OGPU-nyň belli bir derejede tarypa biraz ylyganlygy, Ballynyň çakynyň ýerine düşenligi belli boldy.

Ony bilmeseň bolmaz-a. Ýöne şol gäwüşän ýylanam ýylandyr, amadyna salsa, onuňam çakyp alaýmasy bardyr. Ine, çakybam aldy-da seniň iniň!

Aýeroplan atyp ýykmak heý, kellä geljek zatmy? Beh…

Beh-dä şol. Biziň elýeterden uzakda bolansoň, ol bilinmez öýdendir, ýalňyşýar. Jüneýit hanyň ýanynda oňa çaý guýup berýänleriňem birisi biziň adamymyz bolsa nädersiň?

Hawa. Ynanýan, ýoldaş Aman. Hemme ýerde siziň adamlaryňyz-a ýetik bolmaly…–diýip, Bally ýene-de dartynlygyny biraz-da bolsa ýumşatmak üçin, onuň hörpünde gürlemäge çalyşdy.

Ýöne bu gepden ýene özüçe many çykaran Aman OGPU Balla ýazylganlyk bermezlik üçin aýdan gepini yzyna alarly bolup, hüjümi täzeden başlady:

Weý, ýogsam-da, sen näme üçin, biziň edaranyň mertebesine onda-munda şek ýetirýämişiň!? Bally ýene-de birbada onuň guş diline düşünip bilmedi. Ör-gökden geldi:

Ýok, ýoldaş Aman, ol men däldirin. Heý, siziň edara-da bir şek ýetirip bolarmy!? Men eplik-ýaplyk bolup, size ýaranyp bilsem kaýyl-a hemişe!

Onda kim ol bir oturyşykda, jübülerini gezekli-gezegine çöwren bolup: «Aman OGPU adamlary bilen şundanam çyky-berýär» diýip ýesersiräp bälçiränmişiň? Kim nirede oturanyny men seniň gözüňe görkezerin bir gün!

Bally bu gepi bir oturylyşykda kellesi göçüp, bälçirep aýdan-da bolsa, üstüne abanyp gelýän howpy görüp, oňa häzir eýe çykmaga ýürek edip bilmedi.

Ýok, ýok, ýoldaş Aman. Bu gürrüň-ä düýbünden ýalan. Muny size ýedi ýere kesdi ýetýän ýeseriň biriniň siz bilen meniň agzymy alartmak üçin tapan gepi bolmaly – diýip, çyna berimsiz edip pert aýtdy.

Ony entek anyklarys… – diýip, Aman OGPU Ballyny ýiti nazar astyna alyp oturyşyna köpmanyly gepledi. Şu pursatda-da onuň gepiniň hörpem biraz gowşan ýaly boldy. Bally onuň talaply gep saluwynyň gowşamagynyň sebäbini onuň şu pursatda özüniň Syzran bilen dostana gatnaşygy barada pikir edenligini çen etdi.

Sen Ahmet bilen soňky gezek haçan duşuşdyň?

Bally oýurganyp, Ahmet bilen soňky duşuşygyny ýatlady.

Handepe gazamadynda otyrka-ha bir gezek, onda-da siziň özüňizden idin alyb-a bir onuň ýanyna barypdym. Aman OGPU oňa bu duşuşyga Syzranyň rugsat edenliginden habarlydy.

Soňky gezekmi şol?

Soňky.

Hany, ol gije-girim, ogryn-dogryn obada gelip gidýär diýýäler-le.

– On-a bilip biljek däl… Soň ol oýurganyp, ýene bir zady ýadyna saldy:

Birki aýlykda ol otrýaddaky ýoldaş Sarkisow bilen gelip, oba bir köw-salyp gidenmiş diýen ýaly bir gep-ä meniňem gulagyma degdi, ýöne özüni göremok…

Kim şony şeý-diýip aýdýan? –diýip, hamala bu gepi edara syry açylyp barýan ýaly gören Aman OGPU oturan ýerinden galarly bolup, Ballynyň üstüne heňkirip talaply dillendi.

Kimdigini anyk aýdyb-a biljek däl. Ýöne Ahmedi gije, Sarkisowyň arabaly oba getirenini gören-ä bar… Ol telpek, don geýip, oba adamsyna meňzese-de… Ýapdan bökende bir aýagy suwa gaçypmy-nämemi orusça «Çert poberi» diýip, yzyndanam onuň öz düşnüksiz dilinde haňňy-huňňy ýene-de bir zatlar diýenin-ä şonda eşidipdirler.

Kim diýýän, şeýle gepleri ýaýradýan kim? Isleseň-islemeseň, sen indi onuň kimdigini aýtmaly borsuň! –diýip, beleň alan deý bolup, şundan soň Aman OGPU Ballynyň üstüne täzeden okgunly hüjüme geçdi.

Bu gep Aman OGPU-nyň peltesine ot berdi. Häzir onuň hereketinde ne ätiýaç bardy, ne-de paýhas-gazabyna bäs gelip bilmän, ol ýaragyna-da ýapyşarly göründi.

Şol arada Aman OGPU-nyň stolunyň bir gapdalynda duran gara telefon aýtmaly habarynyň barlygyny mälim edip, yzly-yzyna jyňňyrdady.

Aman OGPU trubkany göterip, aňyrdan gepleýäni ýüzugra tanap, Wadim Sigmundowiç – diýip, gepiniň hörpüni bada-bat gowşadandan Bally onuň Syzran bilen gürleşýänine düşündi. Syzran bir tabşyrygy ýetirmek üçin kabulhanasyna jaň edip, orunbasaryny soranda, gapyda oturan işgär oňa: «Ol häzir sizi sorap gelen Ballydan öz kabinetinde sorag sorap otyr» diýipdi.

Bally meni sorap gelipdir, ol seniň ýanyňdamy?

Hawa, ýoldaş Syzran!

Ony näme üçin çagyrdyňyz?

Aý, şol Ahmet barada ondan käbir zady anyklaýyn diýdim.

Sen şol diýenim, Humly töwereginde bir bölek atly serhet ýakada peýda bolupdyr, häzir haýal etmän şonuň ugruna çyk. Ahmetli meseläni, baramsoň özüm çözerin!.

Başlyk näme başlyk bolýar-da, Aman OGPU dessine onuň buýrugynyň ugruna çykarman boldy.

Harbylarça:

Bolýar, bolýar, Wadim Zigmundowiç, häzir ugruna çykaryn ol işiň – diýip, dessine stol üstündäki çilimini penjeläp, öňüne çekip, ýumuş ugruna çykmak bilen boldy.

Balla bolsa ol seniň bagtyň getirdi diýen manyda tumakly gözläp:

Gyssagly iş çykdy, seniň bilen gürrüňi soň döwam etdiris – diýip, gümürtik gepläp, oňa gitmäge rugsat etdi.

Bally Syzran Guşgudan dolanyp gelen gününiň ertesi iş wagty gutaransoň, Wartanyň ýörite ýazan saçagynyň başynda onuň bilen duşuşdy. Şol ýerde-de bir görseň derdinişmä, ýene bir görseň, pikir alyşma meňzeş şeýle bir gürrüň bolup geçdi:

Ýoldaş Syzran, hol gözlän gününiziň ertesi bardym welin, görsem Guşga gidiberen ekeniň?

Ata Hymlyýewiç senem ýanym bilen gidäýseň diýdi.

Orunbasaryňa gabatlaşdym. Gözüni eşek iýen möjegiň gözi ýaly edip, haltyldap bir ýerden-ä gelýän eken.

Hüm-m... Meniň orunbasarym bilen-ä bar senem! Onuňam sen diýseň, bir zat diýjek bolup, dili süýnüp dur...

Şeýledir. Sebäbi onuň il içindäki jansyzlary meni halanoklar. Olar meni öz etmekçi bolýan zabunlyklarynyň öňünde duran böwet hasap edýärler. Men bilýän, ýoldaş Syzran, hälem siz bar arkamda, ýogsam dagy ol menem iki üzüp, bir ýalmajak.

Ylalaşyklyrak bolaweriň!

Wah, men ylalaşjak-la degmeseler, ýöne olar eýlämden bir, beýlämden bir çekeläp, günüme goýanoklar.

Aý, dost seniňem-ä garyndaşyň, derdiň-ä ýetik özüň-ä. Özleri-de bir-birlerinden kem däl yňdyrmalykda, ýene-de... Eşidensiňem, seniň iniň Ahmet Sowet aýeroplanyny asmandan atyp alypdyr…

Anykmy şol özi?

Gaty anyk. Şol ýerdäki basmaçylar toparynda biziň Ahmetden başga-da «gulagymyz» bar. Muny hut şol gözi bilen görüpdir.

Be, aýeroplany dagy nähili urup ýykyp bolýanyny hiç göz öňüne getirip bilemok... Wah, dost, şol geňeşeniňde: «Ahmet ýüpüne odun goýar ýaly adam däldir» diýdim-ä men saňa!

Aýtmasyn-a aýtdyň welin, edil beýle bolaýar öýtmändikdä! Meni bu meselede, onuň uguny ýekelän kontur Sarkisowam beletsiräp: «Ugradan ýerimizden başga oňa barara ýer, ýöräre ýol goýan däldirin» diýip, onuň ýönelen beýleki yňaýjak ýerleriniň ählisinde syrtmak taýyn edilip goýlandygyny, şondan başga gidere ýeriň ýoklugyny, duzagyň giňden, bilinmez ýaly syrly gurlandygyny aýdyp, bizi ynandyraýdam-da.

Owganystandaky bu gün bolmasa, başga bir gün gylyç syryp geljegi çen edilýän ýaragly basmaçylaryň duşmançylykly çozuşlarynyň öňüni almak baradaky ýörite döwlet komissiýasynyň jogapkär wekili bizi ýygnanda ol-da bardy. Wekilem şonda konturyň arkasyny alansoň, menem biygtyýar olar bilen razylaşmaly bolupdym. Ýogsam seniň aýdanyň ýadymdady-la... Ahmediň özüniň bize hyzmat etmek üçin iberilen adamdygyny Jüneýit hanyň ýakyn adamlaryna hem duýduran bolmaly…

Aý, munyňa-ha hä beremok, dost!

Näme üçin?

Üçini şol. Sen Ahmedi tanaňok. Ol kimiň ýumşuny etse eder, ýöne hiç kime doly ýüregini açmaz. Ol syr saklap, syr bolubam gezmegi başarýan adamdyr. Jüneýit han bolsun, ýene biri bolsun, ondan Owgan islände-de, artyk gep alyp bilmez. Onuň aňsat ýan basan kenary-da bolmaz, aladasy başyny-bela beterlerden gutarmakdyr, bar bolup bilşi-de şoldur. «Töwekgeliň işini Taňry oňar» edip ýörendir. Özem başa näme gelse, çekmäge taýyndyr...

Jüneýit onda-da oňa engam baryny beripdir…

Näme berlenem bolsa, syr açany üçin däl-de, aýeroplan urup ýykany üçin berlen bolmaly…

Belki, şeýledir?... Ol häzir Owgan Marçagyna dolanyp gelip, şol ýerden ýer-jaý satyn alyp, ornaşyp ugrapdyr. Indem ol çagalaryny bu ýerden alyp gitmegiň ýoluny gözleýärmiş.

Aý, näbileýin. Eger şeýle bolsa, onuň ýanynda serhedi böwsüp gelip gitmäniň näme kyny barmyş, biz-ä henize çenli Ahmedi göremzok.

Görmersiňem. Ol biziň bu ýerde özüne garaşýanlygymyzy gowy bilýär. Möjek syzgyrlygy bar onuň. Aýeroplan dagy urup ýykansoň, eýsem, indi bu ýere gelmäge ýüzi barmy onuň? Ýöne bizem-ä ondan kem oturmarys. Ýeriň deşigine girse-de, gulagyndan çekip çykararys. Marçak dagy özüň bilýäň, biziň üçin elýetmez ýer däl ahyryn.

Ol düşnükli zat, siziň arkaňyzda uly döwlet dur. Şeýle arkaň bolanda alynmajak gala barmy, eýsem? Ýöne näme üçin heniz bolubam ony alyp ýatmaýanyňyza men haýran!?

Ruslarda bir gep bar, biler bolsaň: «Towşany araba bilen kowup alarlar» diýilýär. Her zadyň öz wagty, amatly pursady bolýar. Onsoňam «Barybir, ele salaryn» diýip, biziň konturymyzda oňa hyrş edýän-de bolsa, ol ýene bir-de ondan degerli maglumat alyp biljegine henizem ynanýarmy-nämemi: «Şunuň hasabyny maňa goýuň!» diýýär. Ýöne, barybir, Sowet döwletiniň garşysyna giden dury gün görmez, ele-de düşer…

Düşnükli zat. Döwlet bilenem bir oýun edip bolarmy? Ýöne men, ýoldaş OGPU, onuň ilden ala-böle saýlanyp, aýeroplan tapyp, ony urup ýykyp biljegini göz öňüne getirip bilemok. Owgandan gelip, Guşgy töwereginde aýeroplan urup ýykara onuň ilden üýtgeşik näme ýarag-ýesbaby barkan?

Hüm-m... Görýän welin sen ýagdaýdan habarsyz. Biziň aýeroplanymyz Owgan ýeriniň üstünde uçup, ol-bu ýerdäki ýagdaýlary anyklap, aňtaw işlerini geçirip ýören eken. Şeýdibem ol Ahmet dagynyň Türkmenistandan geçjek basmaçy göçüne garaşyp ýatan ýeriniň üstünden barypdyr.

Asyl bu waka Guşgynyň töwereginde däl-de, Owganystanyň ýerinde bolan diýsene? Men bolsa Ahmet iküç adam bilen aňyrdan gelip, biziň ýerimiziň bir ýerinde, aýeroplany urup ýykaýdymykan? – diýip pikir edipdirin. Aýeroplanyň uçarmany öldümikän?

Ýok, ol ýerde iki adam bolup, olaryň ikisem diri galypdyr.

Şu arada dostlaryna tapbilenlik bilen hödür-kerem edip oturan öý eýesi Wartan, bu ikiçäk uzaga çeken gürrüňi böltemäge pursat gelenini aňdy-da, öňündäki bulguryny göterip, ýoldaşlaryna ýüzlendi.

Şol öz uçarman adamlarymyzyň ölmän, diri galany üçin, bir gezek ýene alalyň!?

Wartan mamla, al Bally! – diýip, Syzranam göwünjeň bulguryny göterdi.

Gowulygy hatyralamaly bolanda Ballynyň çetde galan wagty barmy? Bada göterilenden soň, Syzran agzyny süpürip, ýene gürrüňini dowam etdirdi.

Uçarmanlaryň ikisem diri diýdiler. Biziň hökümet adamlarymyz olary Owgan döwletine çykyp, Jüneýit hanyň bendiliginden aldyrypdyrlar. Häzir uçarmanlaryň ikisem Kabulda. Olary Jüneýit handan alandan diplomatik ýollar bilen Owgan döwletinden almak has aňsat boljak…

Diri galan bolsa bolupdyr – diýip, alada ýüki az-owlak-da bolsa, ýeňlän ýaly bolan Bally ýagdaýyň ilki pikir edişindäki ýaly çykgynsyz däldigine şükür etdi.

Men Guşga barýarkam Çemene-de darap, uçarmanlaryň ol ýerdäki maşgalalaryndan habar aldym – diýip, Syzran ýene dillendi.

Nähili ekenler? – diýip, gürrüňe berlip, Wartan sorady.

Nähili bolsun?! Alada galyşyp, näden nä borkan? – diýşip galpyldaşyp otyrlar.

Syzranyň şu gürrüňinden soň, inisiniň etmişi üçin müýn çekip, darygyp oturan Ballynyň, hamala Ahmediň eden işini dogry

tapyp, ondan kanagatlanma tapan ýaly, arkaýynlanyp ugranlygy belli boldy.

Şundan soň meslekdeşleriň oturylyşyklary has-da göwündeşlik tapyp gyzyşdy. Höwesleriň bir ýere jemlenilişi ýaly, gep-gürrüňlerem saçak başynda jemlendi. Syzran bilen bolan gürrüňi aňynda telim-dokuz aýlasa-da, Bally hökümetiň indi Ahmetden nähili ýol bilen ar aljak bolýanyna düşünip bilmedi. Has-da ony ýetim galjak çagalaryň garaňky ykbaly eýmendirdi. Häzir ol ýetimleriň öz öýüňde aýaly Kümşüň töwereginde, muňallaşyp oturanlaryny göz öňüne getirdi. Hatda Geldimyratjygyň:

Bally däde, akgam näme gelenok? –diýen alada, küýsegli gepi hem gulagyna eşidilen ýaly boldy.

Bally meýlisden soň atlanyp öýüne ugran wagty, öýündäki çagalary, mümkin boldugyndan, biraz-da bolsa begendirmek isledi. Ol şundan soň şäheriň gaýra etegini syryp barýan atynyň başyny dolap, ony Şeribiň dükanyna tarap gönükdirdi. Bu mahal iş güni gutaryp, dükanlar eýýäm ýapylypdy. Garaňky gatlyşyp, jaýlaryň penjirelerinden iki-ýeke çyra şöhlesi hem görnüp ugrapdy. Dükan ýapyk-da bolsa, Şeribiň goňşy otagda ýaşaýanyny Bally bilýärdi. Şonuň üçinem ol gelip, dükanynyň öňünde atyny keserdip duransoň, urdy gykylygy, atdy tarpy.

Eý, Şerip kürt, nirede sen! Towuk ýaly eýýäm ýatandyram bi!

Egni giňiş geýimli Şerip dükançy Ballynyň sesini eşidip, howlugyp daş çykdy.

Bally, senmaý bi... Aýtdym-a saňa men kürt däl, dagystanly diýip!

Aý, kim bolanyňda näm-aý, türkmen özünden başga hemişe orus ýa kürt diýýär. Sen muny bilýäň-ä?

Bilemde näme, men kürt däl-dä...

Bar, kürt bolmasaň, Dagystan ekeniň munuň tapawudy näme? Baryň bir kürtsiň-dä, orsa däl sen...

Saňa çäre ýokdur, Bally. Ýene şol zährimardanam gowy ýetiripsiň sen!

Orsuň gül ýaly ak aragyna dil ýetirjek bolma, agzyň gyşarar ýa-da gyşardarlar hezil edip, orsuň gämisinde otyrkaňam bir onuň gül ýaly aragyna at dakyp bormy!?

Hä, düşnükli, häzir birki bulgur urup, seniň bilen deňleşäýmeseň, seniň bilen deň bolup bolmaz…

Şony bilýäň dälmi? Bol, onda maňa alty-ýedi düwür ak gant tap!

Dükan ýapyk. Açyk bolanda-da gant ýok. Ýakynda Mara gitjek şonda äkelerin.

Näme, sen indi Mara gidip gelýänçäň men şu ýerde garaşmalymyşynmy? Onsoňam men senden dükanynyň açykdygyny, ýapykdygyny soradymmy? Men gant soradym. Dükanda ýok bolsa, özüňe goýanyňdan ýa-da ýolbaşçylara goýanyňdan ber!?

Ýa, senem, dost, alýaň-ow!

Näme beýle zat ýok diýjek bolýarmyň? Eger olar getir diýen wagty ertmeseň, bilýäň-ä sen kürtüň topunyň atyljagyny.

Sen gelen bolsaň düşnükli. Almasaň gitmersiň. Ýoguňy, beýlekinäm bilenok bi –diýip, Şerip nägile samyrdap, yzyna öwrülip, öýüne girip gitdi. Birazdanam birnäçe bölek gant düwlen düwünçegi getirip, Balla uzatdy.

Me, dost, gara gün üçin gizläp goýanymdy.

Gara gün eken-dä şu gün –diýip, Bally minnetdar bolup, onuň özüne uzadan gantly düwünçegini aldy.

Ballynyň bu gün çagalaryň agzyny süýjedesi geleni çynydy. Sebäbi Syzran bilen gürrüňdeşlikden soň, onda bir ýol-ýörelge tapylyp, umumy hal-ýagdaýlar gowulaşyp gidäýjek ýaly duýgy döräpdi.

* * *

Göçüň yzyny yzarlap gelýän Tejen otrýady şol kowgy bolup, gabat gelen ýerinde göç goragy bilen atyşyp-çapyşyp gelşine üsti depeli-düzli Bathyz degresiniň jülgesine içgin aralaşypdy.

Indi esasy göç toplumlary otrýaddan bolsa ýarym günlük ýoldan uzak bolmaly däldi. Belki, ondanam golaýdyr. Aňtawçylar göç habaryny anyk bilmek üçin, gije-gündiz gidip, öň hatarlarda çöli torç edip ýörenlerine seretmezden, entek göç barada gerek bolan anykdan doly maglumat ýokdy.

Merkez bolsa bu işiň uzaga çekdirilýändigini aýdyp, indi uzaga çekdirmän, göç bilen bellisiniň edilmegine häli-şindi talap bildirýärdi.

Kowgynyň ýedinji güni diýlende komandir Stepanow bar bolan aňtaw maglumatlaryna daýanyp, göçe aýgytly zarba urmagyň wagty gelendigine ynandy. Annamyrat Potranyň toparyna şonda gidip, göçüň Sarahs tarapyndan gelip, duýdansyz urmak tabşyryldy. Özi bolsa esasy güýçler bilen göçüň syrt atyp barýan yz tarapyndan zarba urmaklyga niýetlendi.

Onuň pikiriçe, şeýdilip iki tarapdan alasladylyp, möjek hüjümi edilende, göç goragy bu güýçleriň öňünde durup bilmeli däldi. Bu onuň ýagdaýlara aň salyp, komandirlerçe ölçerip-döküp, soňky gelen aýgytly netijesidi. Şeýdilende ol göç goragynyň iki ýeriň goragyna ýetjek bolup, güýçlerini bölmeli bolup, ýüküne çolaşan mal ýaly urnup, dyzap sypma ýerine gaýtam jinnek edip, öz-özüni güýlüp taşlamagy bolmalydy.

Bir aljyraňňylyga düşürip, çolaşdyryp, bulaşdyryp alansoň bolsa, olary näme edeniňde bolmaýar? Balyk suw bulandyrylyp tutulmaýarmy näme, eýsem!? Şamlyk naharynyň öň ýanynda Annamyradyň toparynyň gysga wagtlyk ýol taýynlygy başlandy. Atlaryň başyna arpaly torbalar geýdirildi, ok-ýaraglar tükellenilip, goş-golamlara täzeden serenjam berildi. Toparynyň tiz hereket etmelidigi pikir edilip, ýolda asgynjaňlyk ediler öýdülen atlaryň birnäçesi beýleki bölümlerdäki taby gowy atlar bilen çalşyryldy. «Maksim» pulemýotlar ýaly ýeňil bolmadyk ýükleri has gurply atlara ýüklenildi.

Annamyrat Potra erte diýlen wagty bellenilen ýerde tapylmak üçin nahardan soň öňüne goýlan çaýyny agzyny ýakyp, gyssanybrak

içip, «Ýolagçy ýolda ýagşy» edip, atlanmak bilen boldy. Şeýdip barylmaly ýere gijikmän, wagtynda barlanda, göçüň asgyn ýerini peýlemäge amat boljagyny pikir etdi. Hakykatdan bolsa, onuň niýeti diňe bu-da däldi. Ol bir ýol bilen agasyny tapyp, ony raýyndan gaýtaryp, yzyna dolap boljagyna doganlarça ýürek ezip, tama edýärdi. Eger şeýdip bolsa, ol munuň ata-babanyň ruhunyň öňünde hem özüniň är işini bitiren ogul boljagyna ynanýardy. Bu bolsa örän tiz, onda-da soňuny saýman batyrgaýlyk, paýhaslylyk bilen edilmeli hereketi talap edýärdi. Ýogsam Stepanowdyr Çary Perman bilen bolan soňky gürrüň eýýäm bu gepiň soňky nokadyny goýupdy diýseňem boljakdy. Göç bilen gepleşik geçirip, olary pälinden gaýtaryp bolmazmykan diýen pikir ilki başda mümkin ýaly bolup görnen hem bolsa, otrýadyň şeýle bir şowly bolmadyk çaknyşygyndan soň ol ozalky Konstantinowyň eskadronynyň hem derbi-dagyn edilendigini ýada salyp, könelip barýan ýaranyň kesmegini aýyrmak bolup, otrýad komandiriniň öňki ynsanperwer, hoşniýetli pikirini üýtgedipdi.

Bu bolsa göçden öçli bolup, ol barada özüçe hasap tutýan Çary Permanyň: «Gepleşigiň wagty duşdan geçirilen bolsa gerek. Onsoňam indi ara eýýäm gan düşdi. Şonuň üçin göç emeldarlar-a biziň ýagşylyk etmekçi bolýanymyza ynanmaz, bizem duşmançylygyň üstünden ätläp, olara garaşyk, geçirimlilik edip bilmeris. Göçde kimimiz bolsa-da, bize indi olar bilen barlyşyksyz bolmakdan başga ýol ýok» diýip, özüniň Çary Perman däl-de, ýörite şeýle ýagdaýda maslahat düşer döwlet wekilidigini ýatladyp gepläpdi. Emma Annamyradyň agasynyň maşgalasynyň aladasy bilen «Göç bilen düşünişmäge ýene bir synanyşyp göreliň» diýesi gelse-de, Çary Perman hökümetsiräp durka şeýle etse, munuň oňa garşy aýdylan gep boljagyny pikir edipdi.

Ýöne bary bir Annamyradyň bolmanda agasy Agdarhan Potra bilen onuň maşgalasyny, haýsydyr bir ýol bilen amadyna salyp alyp galyp bolar diýen pikirinden el üzesi gelenokdy. Dogrusy, ol häzire munuň nirede, nähili boljagyny anyk göz öňüne

getirip bilmeýärdi. Ýöne göç ugruna atarylýan aňtawçylaryň biriniň üsti bilen ol agasyna habaryny ýetirmegiň, onuň göçüň haýsy ýerräginden barýanlygyny, nädip oňa golaýlap boljagyny anyklamagyň welin o-da eýýäm ugruna çykyp ýördi.

Daş-töwerekdäki ýadaýlardan çen alyp, agasyny nädip halas edip boljagynyň ýollaryny ilik-düwme öwrenýärdi. Agasynyň maşgalasy bilen tapyp getirip, ýolbaşçylary eýýäm amala aşan ýagdaýyň öňünde goýmak isleýärdi. Ol şeýdende, diňe şeýdende agasynyň maşgalasyny halas edip biljegine, boljak iş bolansoň, diňe bir Stepanowyň däl, ondan beýleki ýolbaşçylary hem bu iş üçin özüne pikirdeş edip biljekligini tama edýärdi. Bu meselede ol ýene özüne Lenin bilen Petrogradda bolan duşuşygynyň, Kronştat pitnesini basyp ýatyrmaga gatnaşyp, onuň ýumşuny bitirip, döşüne onuň mertebäläp dakan ordenini götermegiň ýene-de duşmanlaryň dilinden, betlagamlaryň gazabyndan goranmaga kömek etjegine ynanýardy. Türkmenistanda hut proletariatyň serdary Leniniň elinden orden alan adamy garalap, ýanamaga aňsat adam oglunyň bogny ysmaly däldi. Emma ýolda Annaguly hanyň ölüp, il garamatyny agasynyň öz gerdenine almaly bolandygyndan welin häli-häzir-ä ol habarsyzdy.

Ol sabyrsyzlyk bilen iki gün mundan öň bu işiň ugruna aňtawa salan adamsynyň gelerine garaşýardy. Ondan bolsa entegem habar-hatyr ýokdy.

Atlar gyssalyp sürlüp, gata tutulyp, ýolda birneme wagt utulypdy. Olar indi esli ýerden bäri parça-parça ak köpük der saçyp gaýtaryşyp, aýakdan galyşyp, ýadaw ýöreşip gelýärdiler. Nirede bolsa-da bir ýerde düşlenilip, atlara dynç bermelidi. Düşlenilip dem-dynç alynsa, bu adamlara-da kem ýarajak däldi.

Oý-pikir baryny boýlap, ýagdaýdan nähili ýan tutjagyny bilmän, haýrana bolup gelýän Annamyradyň pikirem şeýleräkdi. Indi töwerekde Ýeroýulanduz ady bilen tanalýan känli ýeriň egele bolup, daşyny gallap oturan kesemidir-de ýanyn biten baýyr depeleri görnüşip ugrapdylar. Annamyradyň, Stepanowyň öňden

belleşen wadalary boýunça göçe zarba urmagy niýet edýän ýerleri hem şu töwereklerdi. Ýeroýulan duz käni diňe bir töwereginiň Sarahs, Tagtabazar, Guşgy, Tejen, Ýolöten, Mary ýaly ýerleriň nahar duzuny alýan käni bolman, bu ýerde Kerkiden, Hyratdan gelen kerwenleriňem wagtal-wagtal ýüküni tutup giderdiler.

Agdarhan hem on-ýigrimi ýyllykda obadan käne gidýänler bilen «Biraz duz edineliň!» diýip, duzçulara goşulyşyp gidipdi. Olar şol gezek dolanyp geler ýerde gelmänsoňlar, öýde ejesiniň «Ha, Agadarhan jany duza ibersegem iberdik welin, olar köp eglendiler, ýolda galtaman ýenekä duşmadyk bolsalar, ne ýagşydyr» diýip, nadynç bolup köseniși, özüniň duzdan gaýdyp gelýänleriň ýoluna gözläp, her gün obanyň günbatar-günortasyndaky goýunguýruk depäniň üstünde ýol gözläp oturyşy Annamyradyň ýadyna düşdi.

Annamyrat Potra hut hemme taraplaýyn amatly boljagyny pikir edip, şu öwrede özleriniň dem-dynç almak üçin düşlänini kem görmedi. Howada şor batgalygyň süňňünden göterilen tanyş dymyljak ys bardy. Daş-töweregi gijäniň syrly ümsümligi gurşap aldy.

* * *

Agdarhan Potranyň göç hereketini sazlamak üçin gyssagly çakylygyna baryp, maslahatda bolup, ol ýerdenem öz alyp barýan göç toplumyndan dynman, ýene-de howlukmaç yzyna dolanyp gelýän Tagan zabun ýolbeletlerini öňe salyp, gijäniň garaňkysynyň barha  törüne aralaşýan ýaly bolup, toparyň öňüni çekip, atyny gorgunyna goýberip, garaňka çolaşýan ýaly bolup barýardy. Ol ýene birki alaň aşyp bilse, öz alyp barýan goşunyň yzyndan ýetjegine, keýwanysydyr çagalaryny görüp, biraz ynjalyk tapjagyna kalbyna hoş arzuw-höwesler gabap pikir edýärdi.Ýeroýulanyň günbatar-demirgazygynda onuň gapdalyndan aýlanyp ýöräniňde serhetden bir günlük ýolda gyşyn-tomsyn giň giden jülgäniň çatalbasyny dolduryp ezmiljiräp ýatan Garaşor bardy. Tagan zabun ýene bir

salymdan şol töwerekde ýetip baryp, öz toplumynyň gapdalyndan çykjakdygyny çen edýärdi.

Gijäniň düşmegi bilen howp-hatar birbada öňküden azalyp-kemelen ýaly bolsa-da, gorky-güman bu näbelliligiň henizem joş almasyny dowam edýärdi. Gijäniň içinde Gyzylgatynyň ýeriň depesinden seredip oturan depesiniň öňe süsňäp çykan bölegi äpet bir balygyň arkasy ýaly, salgym atyp duran sülbasy göründi. Bathyz şemaly häzir onuň uzakly gün Güne çoýan ýagyrnysyny salkynlyk-serginlik bolup sypalaýardy. Janly-jandary galkyndyryp, dünýäniň nepesini durlaýardy.

Duýdansyz asmandan gelen durnalaryň sazlyşykly «gyrruw» sesleri Tagan zabuny ýokarsyna gözletdi. Ol at başyny çekip, bir salym ýakymlydan tanyş durna seslerine diňşirgenip durdy.

Häzir güýz ahyry, durnalaryň tüýs göç edýän döwrüdi. Tagan zabun görmese-de, biraz depesine gözläp duransoň, durnalaryňam hemişekileri ýaly toýnuk gurap, bir gowy bolup uçup barýandyklaryny pikir etdi.

Durna sesleri ýene-de bir pursat oňa dünýäni unutdyrdy. Bu sesler onuň Sarygamyş töwereklerinde oglan döwri mal bakyp, düýesini gözläp gezip ýörkä köp eşiden, gulaklary ganan ýakymlydan owazly seslerdi. Sarygamyş owalda, ahyrda durnalaryň göwünlerine laýyklap, özlerine mesgen edinip, eýemsirenip, özüniňki hasap edip höwrügen ýerleriniň birisidi. Olar her ýyl gyşyň öňüsyrasy bölek-bölek bolşup, yssy ýurtlara gyşlamaga gitseler-de, ýene-de ýaz düşensoň, uly gurruldy bolşup, höwes bilen yzlaryna dolanyp gelerdiler. Olar soňam ýylyň köp bölegini şu öwrelerde geçirerdiler. Gamyş aralarynda höwürtge ýasanyp, onuň içine üçden-dörtden akja ýumurtga togalansoň bolsa, oturyp olar agzysary äm-säm jüýjejiklere öwrülýänçäler yhlas bilen basardylar. Durnalaryň aladalydan şagalaňly durmuşy bir ýyl şeýdip çaga-çugalardan sanlaryny artdyrandan soň başlanardy. Has-da güýz golaýlaşdygyça, durnalaryň işjeňligi, aladaçyllyklary mese-mälim artardy. Şundan soň çagalary uçuşa

taýynlamak uly durnalaryň esasy pişesine öwrülerdi. Hasam çagalary uçmalydygyna, gitmelidigine ynandyrmak uly alada bolardy. Ýaş durnalaryň öz höwürtgelerini taşlap, görmedik ýat ýurtlaryna uçaslary gelmezdi. Tagan zabunyň çaga kalby olaryň özara „gurruldylaryny“ özüçe şeýleräk ýorgut ederdi:

–Eje, gitmäli-dä!

–Gitmesek bolmaz, türpäm!

–Meniň-ä gidesim gelenok. Bu ýerde iýmit, suw kän-ä.

–Ýok, il gidende gitmeli bolar. Biz bu ýerden gowy ýer gözläp gidemzok. Gitmeli bolamyzsoň gidýäris. Sowuk gyş ýetip gelýär. Biz aldajy gyşdan gaçyp gidýäs. Gitsegem ýene bir sähetli gün höwes bilen gaýdyp gelmek üçin gidýäs. Uly uçuşdan galyp bolmaz.

–Gyş diýýäniň näme?

–Gyşmy!? Ol suwy doňdurýar. Ol gelse, bu degrede durarlyk galmaz. Ähli iýmit berekediň üstüni buz, gar bilen örter. Seniň çüňküň gar-buzuň aşagyndan iýmit almakdan ejiz geler. Iň erbedi-de daşyňa gyraw-garyny çolap, seniň uçarman ganatlaryňy gundap, doňduryp taşlar...

Tagan zabun şuňa meňzeş durna „söhbetlerini“ şol döwürlerde köp eşidýärdi.

Tagan zabun bularyň her ýyl asmany sarsdyryp gurruldaşyp uçýan il içinde „Horasanyň durnasy“ at alan Sarygamşyň durnalardygyna ynandy. Olaryň el ýeterden, göz ýeterden, dil ýeterden ýokardan uçup barýandyklaryna begendi.

Durnalaryň sesine imrinip durşuna, olardan özlerine meňzeşlik tapdy. Onuň göwnüne olar häzir öňkülerinden has tiz uçup, haýsydyr bir zatdan, elheder alyp, özleri ýaly gaçyp barýan ýaly duýuldy. Ol durnalar hakynda aýdylýan, mahal-mahal eşitmek isleýän aýdymyny ýadyna saldy. Bu aýdym onuň durnalary görüp dörän «Bular indi baryp, nirelerde düşlärkäler?» diýip, olaryň ykbalyny göç bilen baglamagyna sebäp boldy. Has kyn ýagdaýda özüni dünýäde ýeke, arkasyz duýmazlyk üçinmi, töwereginden

meňzeşlik tapmak, şeýdibem özüňi ýoldaşlydygyňa ynandyrmak bolsa bu ynsan häsiýeti.

Ýogsam Hywanyň ýomut türkmenleri ahyrýetden tutýan rysgal-döwletdir garpyşmaly uruşlar, gahrymançylykly aýdymlar bolmasa, guş-puş hakyndaky aýdymlary dagy märekede orta çykyp aýdyp-da ýörmeýärdiler. Olar gahrymançylyk hakda aýdanlarynda Görogly bolup, ýagy üstüne kükreýän deý, aýdymyň üstüne kükräp aýdýardylar. Rysgal-döwlet hakyndaky aýdymlary bolsa, bolçulyk, dökän-saçanlygyň, jomartlygyň tarypy bolardy.

...Eý, ýigit başy malsyz bolmasyn,
Aý, malsyz bolsa, onuňam bir... –

diýip, gapysyndan baranyňa degýärmi diýen gepi gönüläp çykan ýaly edip aýdyp goýbärdiler. Ýöne ilçilik, guş-ýeneki zatlar barada, onuň durky dünýäsini dannaman, ol barada-da içigip-içigip aýdýan bagşylar seýrek-de bolsa tapylýardy.

Şeýle bagşylaryň biri-de Köneden Orakmät bagşydy. Onuň pessaýdan gelen şirin owazy bardy. Nazar baga, Çuwal bagşy dagy ýaly ol meşhur bolmasa-da, o-da toý märekede dessan tirip, aýdym aýdyp hezil berýän bagşydy. Tagan zabunam ony diňlände hezil tapýanlaryň biridi. Has-da onuň labyzly ses bilen hamala ol ýerde toýnuk gurap barýan durnalary görýän, olary nazary bilen ugradýan ýaly bolup, onuň asmana gözläp, «Durnalary» aýdyşyny halardy.

Jüneýit han bilen 1928-nji ýylda Watany goýup gaýtmaga mejbur bolany, Owgana geçensoň bolsa, Orakmät bagşynyň şol gyýlyp-gynanyp, ýola salan durnalarynyň biriniň özüdigine, onuň durnalar hakyndaky aýdym bolmak bilen birlikde, özleriniň Watan bilen hoşlaşyk aýdymy ekenligine ynanypdy. Şondan bäräm ol ýurda baryp, Orakmät bagşynyň alkymynda oturyp, bu aýdymy ýene bir diňlesem diýen arzuw bilen Watany ýat edip, bu aýdyma onuň ýolda-ýenekide öz ýanyndan hiňlenäýmesi-de bardy.

Gitdiňiz siz mundan başyňyz alyp,
Peslige, pislige sygman gitdiňiz.
Halka sütem edýän güýçleň öňünde,
Dyza çöküp, başy egmän gitdiňiz.

Aňsat däldir ýat gapyny ýassanmak
Hasam çagalaram tirkäp ýöreňde.
Şükür, şindem gowulygyň barlygna,
Egniňden göterjek entäp baraňda.

Garasaý, bir mydar etse-hä bolar,
Ajam dälsiň, dokam dälsiň ol diýen.
Ýöne kalbyň welin it bolup uwlar,
“Türkmenistan, jan Watanym, nirde sen?”

Garaşarsyň hoş habara Watandan,
Ýat ýerde günlerem haýal geçýändir.
Siziň jylawlajak hanlarňyz munda,
Ýurdy depip-gapyp, guduz açýandyr.

Çäre ýokdur şol örtener ýörersiň
Ýaşaýşyň köp ýeri sütemdir, aldyr.
Gowluk ata çykaýjagam ýalydyr.
Ýöne aňsat-aňsat çykýanam däldir.

Garramagam tebigatyň kanuny,
Kimsäň ýat illerde galmagy mümkin.
Seýrek bolýar mudam pidasyz göreş,
Gör, ne edilmeýär mertebe üçin.

...Nesip bolsa, bir gün gaýdyp gelseňiz,
Il bagty göterlip çyksa ak daga.
Dünede bar bolsam, menem çykaryn
Köl boýuna sizi garşylamaga.

Asmandan gelen durna sesleri Tagan zabunyň ýene-de bir gezek köne ýarasynyň kesmeginiň aýrylmasy boldy. Aýdym uzynam bolsa, ony wagtynda ýat bekläp, öz aňynyň törüne atanyna ýene bir gezek begendi.

Asmana gözläp, durnalaryň barha özünden daşlaşyp barýan sesine diňirgenip durşuna, bir pursatlyk bolsa-da, şol durnalaryň biriniň özüdigine hem ynandy...

Haçanda ot ysy burnuna uran mahalynda ol bu ody özüniňkiler ýakandyr öýdüp, gaýybana nägile bolup, olara käýindi. Sebäbi duşmana  nyşan bermezlik üçin ot ýakmak ähli göçe düýn ýörite aýdylyp gadagan edilipdi. Zabun hym baglap çytyldy:

– Kimkän-äýt bu, biziň aýdanymyzy etmän, ot ýakan, gyzyňy alaýyn... – Tüsse ysy soňundanam oňa Agdarhan bilen, göç arasynda Sowetiň içalysy barlygy hakyndaky eden gürrüňlerini ýatlatdy. – Ýa-da bu göçüň niredeligini salgy bermek üçin şonuň edip ýören işi dagy bolmasyn? Ol haramzada onda biziň aramyzdamykan? Kimkän-aý ol? Bir bilip bolsady. Bir derisine duz berip, öldürsemdim şonuň – diýip, öjügip müňkür boldy.

Tizden Tagan zabunyň äjinnesini atlandyran tüsse ysynyň nireden çykanlygy, ody kimiň ýakanlygy belli boldy. Topara töwerekläp ýöreýän gözegçiler, Tagan zabuna bir bölek gyzyl esgeriň gijäniň howp-hataryna bakman, göç yzyny yzarlap, Owgan gädige tarap barýanlygynyň habaryny berdiler.

Bir topar aç möjegiň, gan ysyny alyp, başlary humarladyp, süriniň yzyna düşenligi belli boldy.

Gylyçlar syryldy. Tagan zabunyň atlylary duýdansyz peýda bolansoň,  Annamyrat Potranyň atlylaryna özüni almaga, atylýan ýaraglara ýetmäge köplere mümkinçilik bolmady. Ýürekler daljygyp howatyrly urdy. Iki tarapdanam tüpeň iki-ýeke atylsa-da, onuňam soňy bolmady. Serden geçildi.

Tagan zabunyň atlylary aňyrdan ýüzin salşyp, gylyçlaryny depelerinde bulaýlaşyp, duşmanyň üstünden indiler. Gygyryşyp gelişlerine-de urdurylyp, Annamyradyň toparynyň arasyna

girdiler. Soňam ony ikä böldüler-de, bada-bat garşylykly uruşlara başladylar. Tagan zabunyň «Bas, ur» diýip, gygyrýan hökümli ýogyn sesi indi ahmal galanlaryň armanly sesiniň arasy bilen eşidilýärdi.

Annamyrat öňden bu ýerde gurlup goýlan duzaga düşenligini pikir edenligi, indi töwerekdenem ýene-de öz üstüne şunça atlynyň çozup geljegini çen edip, çykgynsyz ýagdaýa düşdi. Soňam ol tiz özüni dürsäp, biraz ýeňsä çekilip, topary şol ýerde jemläp, aýgytly hüjüm etmegiň pikirine berildi.

– Yza çekilmeli. Othodim nazad! – diýip, çawjaşyp-çapyşyp urşup

ýörüşine öz esgerlerine iki dilde kesgitli buýruklar berdi.

Emma oňa bu pikirini amal etmäge mümkinçilik bolmady. Sesinden Tagan zabunyň adamlary bu ýerde Sowetiň goşunbaşysynyň türkmenligini anyklansoňlar, olar belläp onuň üstüne hasam öjügip, hüjüm edip ugradylar.

Göni üstüne gelen üç atlynyň biri atynyň badyna dazylap gapdaldan geçip barşyna ýüzugruna Annamyrady ýaralamaga ýetişdi. Ýöne onuň boýnunyň çykan ýerine niýetläp salan gylyjy Annamyradyň münen aty şol pursatda beleň alyp-haýygyp, segräp çarpaýasyna galany üçin, gylyç düşmeli ýerini üýtgedip, onuň aşyrma kemeriniň eginden aşaklygyna gaýdýan bölegini parran kesip, emjeginiň etegini keseligine zowwam dilip taşlapdy. Häsiýetli atyň wagtynda çarpaýa galyp, eýesini göni gelen ajaldan sowanlygy belli boldy. Batly urga Annamyradyň eýýäm gana boýamaga ýetişen gylyjy sarsgyn alyp, elinden ýere gaçdy.

Annamyrat öz hasabynyň çykmandygyna düşündi. Ol köpi gören hökmünde özüniň kimligini dagy belläp alansoňlar, indi bularyň hezil bermejegine göz ýetirdi. Üstüne eňen üç atlynyň atlarynyň badyna gapdalyndan geçenine mähetdel jylawy yza öwrüp, gaçmak bilen boldy. Şol gaçyp barşyna-da ýanbaşdan almaga ýetişen mauzeri bilen gapdalyndan geçen, indem atlarynyň badyny alşyp, özüne tarap gelýän atlylara tarap çenemäge

howlugyp kelepatara ok atyp gaçdy. Özüni öňden gaçyp barýan öz esgerleriniň arasyna atmaga gyssandy.

Iki-üç atlynyň yzyndan ýeten wagty bolsa, ol olaryň arasyndan surnaýçyny tanap, uly otrýadyň sesýeterden uzakdadygyny bilse-de, ondan otrýady çagyryp, surnaý çalmagy talap etdi.

Ýomut atlylary ýola howlugýandyklary, tizräk özlerini maşgalalarynyň arasyna atmagyň arzuwyny edýändikleri üçin, gyzyl esgerleriň yzyndan kowmaga döwtalap bolmadylar. Olar gyssagly duşmandan galan-gaçan, ýarag beýlekini toplap, ölen-ýitinlerini tükelläp, özlerinden üç, duşmanyň sekiz esger gurban edenini anyklansoňlar, merhumlaryny maşgalalarynyň arasynda musulmançylygyň dessurlaryna laýyklykda jaýlamak üçin, howul-hara donlaryna dolap, atyň öňüne aldylar. Duşmandan olja galan atlaram, boş galan öz atlarynyň yzyna tirkäp, ýola düşdüler.

Annamyrat Potra bolsa, kowgynyň yzlaryndan tiz galanyny görüp, surnaý sesine eşidip: «Olar kömege çagyrýar welin, bularyň golaýda ýene bir bölegi ýatandyr» diýip duşmanyň eýmenendigini pikir etdi.

Annamyrat ýarasynyň agyrysy artyp ugransoň, tizden aladasyny etmese, onuň özüne hezil bermejegine düşündi. Gan çep gapyrgalygyň üsti bilen aşaklygyna, bilguşaklygy tarapa syrygyp akýardy. Gan eýýäm ep-eslije akan bolmaly, indi ol gözi garaňkyran ýaly bolup, tabyny-da ýitirip ugrapdy. Barha artýan agyra çydajak bolup, çep goly bilen häli-şindi penjeläp, gylyç bölen ýerini tutýardy...

Habar düşüp, Tejen otrýady kömege gelende, Gün eýýäm dogup, ol agşamky bu ýerde bolan zatlary öz gözi bilen görmek islän ýaly, töweregi eserdeň synlap, asmana göterilip barýardy.

Aşakda bolsa uly göç toparydyr müňläp ok ýaraglary öz süňňüne ýaýradyp, ykbalyny terezä goýan Pendi topragy ýaýylyp ýatyrdy.

* * *

Ýomut göçi indi Ýeroýulanduzuň sag tarapynda äpet bir balygyň gerşine meňzäp duran Gyzylgaty dag ulgamynyň etegini syryp barýardy. Annamyrat Potranyň esgerlerini gije dyr-pyrtak eden Tagan zabun özüniň bir bölek atlysy bilen göç yzyndan ýetmäge gyssanýardy. Eýýäm jahan ýagtylyp, dargaw bulutlar bilen bir bölek bolup sürlenişip dogan Gün eýigip-ekezlenip indi barha öz dogar ýerinden daşlaşmak bilendi.

Aňyrdan Görogly begi küýsäp, ol baradaky eşiden dessan-taryplaryna berlip gelýänligi üçinmi nämemi, ol ýolugrunda öňünden dag gowagy çykan mahaly bagtyýar at başyny çekdi. Aňyrdan ýat edip gelýänligi üçinmi nämemi, ol gowagy görenden, onuň şol Görogly begiň ömrüniň ahyrynda garrap, sandan galansoň, Öwezdir Ärhasan ogullaryndan, Sapar kösesidir kyrk ýigidinden aýrylyp, Agaýunusdyr Gülşirin perileriň ykbalyň beren mynasybetli döwranyny sürüp, öz mesgenleri Kap dagyna uçuşyp gidensoňlar, onuň gelip, özüni atan gowagydygyna ynandy. Onuň garrap, ýal-toýnakdan galan Gyraty hem şu golaýda bir ýerlerde bar ýaly bolup duýuldy. Ol şu pursatda ýene-de bir salym özüni batyrgaýdan arkaly duýdy. Her gezek «Görogly» dessanyny diňlände bolşy ýaly, ol ýene-de özüniň hem onuň kyrk ýigidiniň biridigine ynandy. Şol barmana-da Görogy beg gowakdan çykyp:

– Haý, goçaklarym, jemleniň meniň Tugumyň astyna. Bu gün il-gün üçin atlaryň ganat ýaýyp uçup, gylyçlaryň parlamaly günüdir! – diýip, öňe düşüberjek ýaly bolup göründi.

Dogrudanam, bu hakykatdan gaty bir daşda-da bolmaly däl. Halky beýdip, orlup-çapylyp durka heý Görogly begem bir ynjalyp, gowagynda ýatyp bilermi!?

Her gezek şeýdip, Görogly bilen duşanda bolşy ýaly, hemişe özüni onuň kyrk ýigidiniň biri hasaplap ýören Tagan zabuna bu duşuşyk hem ýene-de onuň kalbyna kuwwat, gursagyna dogum

berdi. Şol pursatda ol özüniň halky sag-aman bu kynçylykdan alyp çykjagyna ynandy.

* * *

Marydan gelmeli uly goşun bölümi göç yzyndan ýetip gelensoň, ol şol günüň ertesi bir-birleri bilen habarlaşykly halda garaşylmadyk ýitgileriň bolmagyna janlary ýanyp, Tejen otrýady bilen bilelikde göçi alarladyp, aljyraňňylyga salmak üçin, olaryň hersi onuň öz yzarlap gelýän taraplaryndan okgunly hüjüme başlady. Marydan gelen topara saryýagyz, elek ýüzli, hemişe ganar bilen süpürilen ýaly ýüzi üpür-süpür ösüntgi bolup duran, ozalky budýonnyçy, salpy murtly Petrak ýolbaşçylyk edýärdi. Ol bu gün ýene-de garşydaşlarynyň üstüne wajyp gepleşige gitmek hyýalyna berlen ýaly, egnine gelişýän harby lybasyny nygtap geýindi. Başynda onuň hemişe geýýän adaty komandir papagy däl-de, özüniň öňki budýonnyçydygyny göz edip geýmegi halaýan budýonny papagy bolup, onuň maňlaýynda matadan tikilen gana batan penje basylan ýaly bolup duran gyzyl ýyldyz şekili bardy.

Bu oňa ol Budýonnynyň atly goşunynda bolup, Orsýetde Sowet döwletiniň duşmanlaryna garşy urşup gelen döwründen galan ýadygärlikdi. Şondan bärem ýanynda göterip, söweşe girilende ony mazamlap geýmek-de onuň edehedidi. Onuň her gezek geýlende özüne üstünlik getirýänine ynanýardy. Birem ol iň gowy atlary saýlap münmegi gowy görerdi. Orta Aziýada Sowetiň halamaýan adamlaryny gaýgyrman çapýardy. Komandir Petrak göçden öçlüdi. Onuň kalbyny häzir Konstantinowyň eskadrony bilen bagly uly ýitgili şowsuzlygyň ahmyrdyr gazaby gurşap alypdy. Bu bolsa komandiriň kalbynda göçden gazaply öç almak islegine öwrülipdi.

Agdarhandyr Bäpbe öz garşylaryna çykan Marydan gelen goşun güýjüniň birbada bolsa-da gylawyny almak üçin, olaryň geler ýolunda sesýetime çenli uzalyp gidýän ýapyýokary, üsti ýazgyn baýyr depesiniň syrtynda onuň gerşini penalap ýerleşipdiler. Ol

baýyr depesiniň ýeňsede, aşak etekde hem-de iki ýan tarapynda, galalaryň töwereginde döredilýän gorag garymlaryna meňzeş çuň jülgeleri bardy.

Duşman gelse, şu päsgelçilikli, atly herekete kynçylyk döredýän ýerlerden däl-de, ýapynyň ýüzi bilen gelmelidi.

Patrak göç goragyny derbi-dagyn etmek üçin, Agdarhanyň topary bilen atym alyp ýatan ýerine dyzmaç atynyň jylawyny çekip durşuna göç goragynyň ýerleşen tarapyna goluny hökümli salgady. Surnaý söweş sazyny çaldy. Ol gysga çalynsa-da, dessine ähli goşuny som-saýak etdi. Şundan soň kowçum-kowçum duran atlylar ýaraglaryny gezeşip öňe okduryldylar. Ýüzlerçe at toýnaklarynyň dükürdisi, ýaraglaryň şakyrdysy baýyrlaryň süňňüne sarsgyn berdi.

Komandir Petrak goşun güýçlerini üçe bölüp, onuň ortaky uly bölegine özi ýolbaşçylyk etdi. Syrylan gylyçlar gyzyl esgerleriň depesinde Gün şöhleleri bilen çakyşyp ýalpyldaşdylar. Emma gyzyl komandirler göç goragy özlerini görüp, gylyç syryşyp, garşylaryna çykar diýip pikir eden-de bolsalar, olar hemişe şeýle bolanda dessine hüjüme geçýän-de bolsalar, bu gezek howlukmadylar. Duşman bilen başa-baş durup uruşmagy gowy görýän türkmenler göýä häzir öz söweş usullaryny unudan ýalydylar. Türkmenleriň söweşjeň, gylawly sesleri soňam wagty bilen peýda bolmady. Gyzyl goşun bolsa eýýäm ýapyýokary baýry ortalap barypdy. Komandir Petrak diňe şundan soň türkmenleriň sowukganlylyk bilen edýän sabyrlylygyndan çen alyp, olaryň öz ýagdaýlaryna görä başga bir söweş ýoluny peýleýändiklerini çen etdi. Onuň çeni dogrudy. Türkmenler ilkinji zarbany bar bolan ýaraglardan hemeläri edip, ok atyp bermekçidiler. Olar häzir duşmany nyşana alşyp, ok ýetere gelmeklerine garaşyp ýatyrdylar.

Ýöne Petrak muny aňsa-da wagtynda bu emeliň garşysyna emel tapyp goýmaga ýetişmedi.

Göç goragy Agdarhandyr Bäpbäniň ýolbaşçylygynda atyma gelen gyzyl esgerleri ýerli-ýerden güýçli oka tutmaga başladylar.

Ilkinji urlan zarbada on-on bäş esgeriň başyna ýetilip, gyzyl esgerleriň arasynda garaşylmadyk garma-gürmelik döredi. Atlar gorkuly hokranyşyp duran ýerlerinde yza çekilip, dyr-pytrak bolşup gaçarly göründiler. Komandir Petrak bu ýerde atlardan düşülip, ýagdaýa görä hereket etmese, özleriniň hem Konstantinowyň eskadronynyň gününe düşäýmeginiň mümkindigine, şeýle ýagdaýda tutanýerlilik görkezen bolup dyzansa, esgerlerdir atlaryň soňuna çykaýmagynyň hem daş däldigine düşündi. Ol atdan böküp düşdi-de, pyýada söweşi saýlap aldy, atlaryň buky ýere äkidilmegini talap etdi. Esgerler atlardan düşensoňlar ýatan ýerlerinden ýerli-ýerden göç goragynyň ýerleşen ýerlerini oka tutmaga başladylar. Gyzyllar özüni ele alyp ugrady. Has-da «maksim» pulemýotlaryň göç goragynyň ýerleşen ýerini üznüksiz oka tutup başlamagy göç goragynyň kejebesini has-da daraltdy. Iň bir erbedi-de bir ýol bilen garşydan atýan pulemýotlaryň merkini bermek, olary nyşana mündürmek wagty bilen göç mergenlerine başartmady.

Bäpbe adamlaryň ýeňsesinde bukdaklap aýlanyp: «Pulemýotdan çenäp atyň! Galkyp ýene göçüm edende atyşyk kiparlan mahaly, şonda atyň! Bizde köp ok ýokdur, oklary tygşytly ulanyň, her atan okuňyz olaryň bir-ikisini alyp düşsün. Şeýdip söweşsek, şonda biz bulara hezil bermeris. Onýança göçem gaçyp ummadan çykar» diýip, sözüniň arasynda näme üçin janyň gata tutulýanyny hem söweşijilerine ýatladyp, ikiýana elewreýärdi.

Beýle ýagdaýda urşulanda köp adam ýitirmek ähtimallygyny duýan komandir bukuda ýatan ýerine çagyryp alan kiçi serkerdeleriň biri Maslykowa göç goragynyň ýerleşen amatly ýeriniň çepinden gelip urmagy buýruk berdi. Şonda gorag olary görüp: «Guşgudan bulara ýene kömek geldi-ow, munça güýjüň öňünde durup bolarmyka?» diýip, aljyrap we söweş güýjüni ýitirer diýip pikir etdi. Öňki zarba urmak has netijeli bolar diýip pikir eden usulyny başga bir usul bilen çalyşdy. Onuň göç goragyndan utulasy gelmedi. Şeýle garaşylmadyk urgyny amala aşyryp bilse,

häzirki gata düşen ýeňşiniň öz gysymyndadygyna ynandy. Emel edip, hökmanlygy bolmasa-da, kyn ýagdaýa düşenden bolup, hüjümi kiparladyp, gapdaldan aýlanmaly toparyň ýetmeli ýerine ýetip, göç goragyny duýdansyz alkymlap barmagyna amatly mümkinçilik döretmäge çalyşdy.

Petrak şeýdibem öňüni tormak bilen, göçe tor gurap ugrady. Ol nädende nähili boljagyny hemişe öňünden bilerçe ýeterlik tejribesi bar bolan komandirdi.

Gully mergeniň atýan ýaraglaryny bökdemän, oklap bermäge ýanyna goýlan Hamman haçan-da hol aşakda bir süri atyň jülgäniň içinde sürlenişip duranyny gören mahaly onuň kellesine bir pikir geldi. Şundan soň onuň gözleri mekirlik bilen ýalpyldady. Şypyrmasyny aýryp, biraz peýlenip jemlenip durşuna kel kellesini gart-gart gaşady. Soňam duşmany nyşana alyp ýatan Mergene ýüzlendi:

– Mergen kaka, ol tüpeňiňem okladym. Indi bolsa öz najaradyňy özüň gör. Men gitdim!

Hamman kel şundan soň mergeniň dillenerine hem garaşman, harsa ýeňsesine öwrüldi-de, depeden aşaklygyna düwdenekläp ylgap gitdi. Onuň bolup barşyny görüp, mergen zeruryna barýandyr öýdüp:

– Gyssanypdyr-ow kel zaluwat! Bu kelde oýun kändir. Keliň iň gowusy köprüniň aşagynda ýatyp, eşek ürküzer – diýdi. Soňam onuň yzyndan – Tizräk gelgin, zaluwat – diýip gygyryp galdy.

Hamman düwdenekläp, baýyr ýanbaşyndan inip gelşine jülgäniň düýbüne ýetip-ýetmän, atlary gören tarapyna öwrüldi. Maksadyna gönügip, bilindäki jöwher pyçagynam aldy-da, süňk gemirýän deýin ony  dişledi.  Ýapyrylyp, eňip barşyna ýene mahal-mahal aýak çekip, diňşirgenip, töweregini siňňin synlap dünýäniň habaryny aldy. Wagtyň çenini alýan deýin tamdyrdan tegelenip çykan nana meňzeş asmandaky Günüň öz tarapyna aladalydan üýşenibräk seredýän düşnüksiz nazaryny gördi. Ol uruş gidip duran ýeriň depesine göterilen, özi-de ýaýraw alyp

barha ulalyp barýan çaň-tot bulудyna gabat gelip, ýüzüniň nuruny öçürip gamaşyk görünýär.

Hamman jülgäni yzarlap, şol ylgap gelşine töweregi eýelän däri ysynyň arasynda ýiti at siýdigidir tezek ysy peýda bolan mahaly atlara golaýlaşanyny bildi.

Ýagdaýy anyklamak üçin jyn ýaly çalasyn zaňňar töweregine ýaltaklap, syryp gelýän jülgesiniň ýanbaşyna göterildi. Atlara golaý gelenini görüp, indi nähili hereket edende, özüne amatly boljagyny çen etdi.

Atlaryň töweregi goragsyz däldi. Özleri-de gerek bolanda münülip, duşman üstüne depibermäge taýyn bolup, eýer-jylawda durdular. Ýöne onuň güýçli goragy bara meňzänok. Olaryň töwereginde iki-üç adam görünýär. Atlar okdan, duşmandan sowarak hasap edilip, jülgäniň bir böwründäki bir tarapy kert bolup duran çopanlaryň gaýly-ýagyşly günler sürüsini ykladýan ýerine meňzeş bölejik çukanak ýerde durdular.

Hamman kel öňündäki kertiň biraz opurylyp, aşak inip, agyz bolup duran ýerinden çykdy. Bu ýer atlaryň saklanylýan ýeriniň bir tarapy bolup, häzir ol ýeriň bäri başynda bir goja esger öz aty bolsa gerek, bir jeren ýabyny jylawlap, mahal-mahal onuň maňlaýyny sypalap, at bilen gürleşýän ýaly bolup samyrdap durdy. Ol juda öz pikirine berlen bolmaly, at golaýa ýat aralaşanyny duýup, başyny göterip, gulaklaryny gaýçylap eserdeňlense-de, oňa oňly üns bermedi.

Hamman kel onuň kese duran ýagdaýyndan peýdalanyp, çalasyn hereket edip, gapdalyndan geçdi-de, pişik basyşyny edip, atlaryň arasyna aralaşdy. Atlar haçan talap edilse, ertilmek üçin taýyn halda eýer julda, dört bir, bäş bir jylaw çatyklygynda üýşüşip durdular. Kelhan dessine birki topar atyň jylawyny umumy düwünden ýazdyryp, eýerleriň çekisini ýüzugra şarpa-şarpa kesişdirdi.

Haçanda onuň gözi Petrakowyň derejeläp münýän dor atyna düşende owsunyp, dyzanyp duran bu owadan ata bada onuň syny



*7

oturdy. Şol pursatda onuň höwesine berlip, eýýäm alsa ilki haýsy aty almalydygyna aň edip aldy. Atyň aňry ýanynda iki esgeriň ýaplanyşyp, çilim çekişip ýatmagy hem onuň möwjän höwesiniň öňüni saklap bilmedi. Ol atlara bukulyp, oňa golaý bardy-da, daňylgy ýüpüniň düwnüni şarta kesip, bir zyňanda-da onuň eýeriniň üstünde peýda boldy. Dyzmaç at üstüne ýat münenini halaman, ony eýerden atyp urmak üçin, pasyrdap çarpaýa göterildi, soňam ýyldyrym kimin süýndi gidiberdi. Beýleki atlaram endikleri boýunça şondan soň jylaw süýreşip, komandiriň atynyň yzy bilen eňdiler. Golaýdaky iki garawul haçanda töweregiň atlary ýer sarsdyryp ugran mahaly komandiriň atynyň üstünde şylha geýimli kellesini ýalpyldadyp oturan keli görüp galdylar. Ýöne gyssag arada olar munuň näme bolup biläýjegini, näme üçindigini aň edýänçäler, Hamman eýýäm komandiriň atynyň jylawyny goýberip, ok ýaly atylyp daşlaşyp barýardy. Ýerli-ýerden ör-gökden gelşip, sarmanaklaşyp turan garawullar onuň häzir-ä ok ýeterdedigini görseler-de, komandiriň atyna deger öýdüşip, bir zat bolsa komandiriň gazabynyň öňünde durmagyň mümkin däldigini pikir edişip, elewreşip, haýbat üçin olaryň yzyndan gygyryşyp aýak aldygyna asmany tüpeňlediler. Ýöne gerek daşyny ele salansoň seniň dur diýeniň, haýbat atanyň bilen Hamman durýarmy!? Komandiriň aty öňe düşensoň, ýörişe çykylýandyr öýdüp, indi bir bölek atam yňyna güpürdeşip, onuň yzy bilen eňşip barýardylar. Iň öňdäki süýnüp barýan at üstünde bolsa oljasy oňan Hamman otyrdy. Şypyrma telpegi bir ýerlerde gaçyp galany üçin, häzir onuň kel kellesi Gün çoguna ýalp berýärdi.

Atynyň alnyp gaçylmagy, onda-da onuň özi bilen ýene bir toplum aty-da alyp gidenligi, onlarça esgeriň aýagulagsyz galanlygy habar berlen wagty, hüjüm işleriniň-de ilerläp barmaýanyna darygyp oturan komandiri guduzlyk derejesine ýetirdi.

Oňa bu habary getiren şol atlara gözgulak bolmak üçin goýlan, Hamman atlara golaýlanda öz atynyň ýalyny sypap duran, ony aňman duşundan geçiren gojady.

Komandir esgeri diňläp-diňlemän, atlary saklamaga goýan adamlarynyň nalajedeýindiklerine gazaplanyp syçrap turup gelşine:

– Siz niredediňiz, biriniň aşagynda heleý bolup ýatyrmydyňyz? – diýip, ganyny gaçyryp gaharlandy. Gazap ugruna goja esgeri duran ýerinde bir oka tabşyryp, soňra ýagdaýy ýerinde anyklamak üçin, atlaryň saklanan ýerine ýetmäge howlukdy.

Ýol boýy-da, elinde mauzerini somlap gelşine: «Eneňizi siziň bir...» diýip, janyýangynly sögündi. Mahal-mahal gahar ugruna bilindäki it guýrugy ýaly, bulanyp gelýän gylyjynyň dessesinden tutup:

– Sen, ogry-garakçy, bir elime düşseň bor, şu gylyç bilen özüm seni kerçem-kerçem ederin! – diýibem, at ogrusyna gaýybyna gazap bildirdi. Ol atlaryň saklanan ýerine gelip, nämäniň nämedigini doly anyklansoň, on atlyny onuň yzyndan tabşyryk berip kowgy iberdi. – Kim meniň atymy dolap yzyna getirip berse, şu sagat şonuňky bolar – diýip, olara jübi sagadyny görkezdi. – Eger ýagdaýy bolsa, ol ogryny diri tutuň, kimkän ol bu gyzyl oduň içine gorkman özüni uran, menem bir göreýin şony! – diýibem tabşyrdy.

Komandir ardurja elden giden atlaryny ýatlap, wagty bilen özüni ele alyp, goşunyň öňüni düşüp, paýhas bilen ýol kesip bilmedi. Hammanyň garaşylmadyk ýerden tapylyp, kowgynyň gylaw-badyny alanlygy belli boldy.

Güýç-ýaragy ýetik bolsa-da, Petraga Bäpbäniň gorap ýatan depesini almaga şol gün barybir mümkinçilik bolmady.

Hamman şol gaçyp barşyna Gün öýläne ýagşy sananda göçüň yzyndan ýetdi. Toplum atyň süýnüp gelýänini görlen wagtynda, ilki göç olary duşman atlylarydyr öýden bolsa-da, atlaryň üstüniň boşlygy, diňe öňdäki atyň üstünde kellesini ýalpyldadyp, öz

Hammanlarynyň oturany görlen mahaly adamlaryň gorkynyň ýerini şatlykdyr buýsanç eýeledi. Bu hoş habary eşidip hut Agdarhanyň özem bu batyry ýörite görmäge geldi.

– Berekella, han ogul, är işini bitirdiň! Seniň ýaly edermen ogullary bolan halk aňsat duşmana ýan bermez. Hany sag-aman barmaly ýerimize bir aşaly, seniň sarpaňy ýetirin. Üstüňe ak öý dikip, öý-işik ederin! – diýip, oňa buýsanç bilen minnetdarlyk bildirdi.

Göç uzakly gün galagoply halda ýol geçip, onuň birnäçe bölekleri Owgan serhedine ýene bir depik golaýlady.

* * *

Tejen otrýadyna iki-üç sagat gijäniň ukusyndan soňra telim gün göç yzarlap gazanylan ýadawlygy belli bir derejede egismek mümkin bolupdy.

Ir säherdi. Töwerekdäki depeler kömelekleşip, galkyp gelýän ýaly aýdyňlyk tapyp görnüşip ugradylar. Komandir Stepanowyň uzakly gije hem düýşünde pişesi gündizki ýaly ýene-de göçi yzarlap, onuň bilen niýetleýşi deýin çaknyşmalar bolupdy.

Ýatylmazyndan ozal Mary otrýadynyň şowsuzlyga uçurandygy hakyndaky habar oňa uzakly gije ynjalyk bermändi. Bu söweşde ondan gowrak ýitgi çekilip, komandiriň aty bilen birnäçe atlaryň elden gidenligi habar berilýärdi.

Bu bolsa Çary Perman bilen onuň arasynda anyklaýjylykly pikir alyşmanyň, komandir Petragyň düşen ýagdaýyny özleriçe göz öňüne getirmesi bolupdy. Çary Perman has-da Mary otrýadynyň komandiriniň öz dessindäki aty nädip şonça güýji, şonça ýaragy barka aldyryp biljegine düşünip bilmedi. Onuň nalajedeýinligine gahary geldi.

–Komandiriň atynyň ogrulanmasy bolmandyr.

–Özem gaty gowy atam bardam-da onuň.

–Komandir ygtyýarly adamlar bolýar-a, olar atlaram saýlap, iň gowularyny tapyp münýärler. Başga zadyňy bilemok welin,

komandiriň garagyna basyp, atynyň alynmagy göç güýçleriniň biziň gyzyl esger bölümlerimiziň üstüne hezil edilip, çermenip syçmakdygyn-a bilýärin.

–Komandiriň atynyň duşman eline nähili düşenem bolsa, gowy däl-dä.

–Masgaraçylyk, ýoldaş komandir! –diýip, Çary Perman göwündeşlik bilen Stepanowyň aýdanyny makullady.

Ol ýolbaşçylaryň bu ýagdaý üçin Petragy iş oňarmaz nalajedeýinlikde aýyplap, onuň başyna külpet barynyň injegini baraz howpurganma bilen pikir etdi. Ýagdaý wagtynda hem ýerinde düzedilmese, munuň şeýle boljagynyň-da ujy iki däldi. Beýle säwlik tapsa, harby tribunalyň ozal hyzmat bitirendigine seretmezden, gaýgyryp goýjak adamsy ýokdy. Bu telim ýyldan bäri görle-görle gelinýän ýagdaýdy. Sähelçe säwlik üçin aýyplanýan komandirler soňky ýyllarda hasam artyp ugrapdy. Şonuň üçinem nädibem bolsa Petraga bu beladan başyny alyp çykmaga kömek etmelidi. Galyberse-de, Petrak onuň bilelikde ençeme çaknyşyklara gatnaşan ýakyndan tanaýan dostlukly gatnaşykda bolup ýören adamlarynyň biridi. Onuň şu pursatda özünden goldaw tama etjeginiň ujy iki däldi. Nädibem bolsa onuň söweşjeň ruhuny götermäge elden giden söýgüli atyny gaýtaryp almaga oňa kömek etmelidi.

Ýöne hany ony nädip yzyna aljak, bir ele salansoň, hyrs ýaly gaýduwsyz adamlar saňa aňsat aty berýärlermi?! Stepanow näçe pikir etse-de, bary bir dostuna kömek bermek üçin, nähili hereket etmelidigine uklap galýança-da aýgyt edip bilmedi.

Ol ukudan tizräk göçi kowup ýetmegiň, urşup olardan Petragyň, Konstantinowyň şowsuzlyklarynyň aryny almak islegi bilen oýandy. Bu isleg köne ýaranyň ýüzüniň kesmeginiň aýrylmagy boldy. Şundan soň birinji dörän pikir haýal etmän, ýoly dowam etdirmek boldy.

Otrýad ýeňiljek garbanyşlykdan soň, ok-ýaragyny tükelledi-de, özlerini söweşe taýýarlap, täzeden ýola düşdi. Komandir

Stepanow Çary Perman bilen atlary ýanaşyk sürüp, ýygnyň öňünden ýöreýän aňtaw-ýol beletleriň yzy bilen garama-gara diýen ýaly uly goşuna baş bolup barýardylar. Emele gelen ýagdaýlar, uruş hereketlerini şowly alyp barmagyň ýollary baradaky pikirleri bir ýere jemlemäge çalyşýardylar.

Çary Permanyň Gyzyl Goşunyň bähbidini arap, janköýerlik bilen edýän maslahat berijilikli gürrüňini komandir Stepanow makullaýjylyk bilen baş atýardy.

–Ýoldaş Stepanow, göç ýoluny kesmek üçin aýgytly pursat geldi indi. Ol pursadyň biraz duşdan geçirilen bolmagy-da mümkin. Şeýle bolsa olar bize baş bermän, hä diýmän, serhetden aşar giderler. Göç biz bilen diýseň gazaplydan batyrgaý söweşýär...

–Menem çölüň bu garadangaýtmaz gelegurtlaryna beletdirin. Hälem köp ýerde bizi bularyň ýaraglarynyň kemis-kümüsligi, biziň pulemýotdyr minomýot, granatlarymyzyň barlygy abraýlaýar. – Komandir Stepanow gürrüňiniň şu ýerine ýetende, özüni nalajeýin görkezýändirin öýdüp, gepi beýleligine gaňryp aýlady–Ýok, men muny bulardan çekinip aýdamok. Kreml arkamda durka, biz bir oýnam synyny süýräp ýören basmaçydan çekinerismi?!

–Dogry aýdýaň, komandir–diýip, bu gepiň göwnüne jaý bolanlygyny mälim edip, Çary Perman-da ony baş atyp göwünjeň makullady.

Olaryň telpek atym yzyndan bölüm komandiri meýdanda bolnup, güne-şemala ýüzi birneme gaýzygan jozzuk ýüzli geň atly Kagaýlo öz topary bilen ala güpürdi bolşup, at gorduryşyp gelýärdiler.

Annamyradyň ýörite tabşyryk alyp, öz atlylary bilen derýa urdurylyp giren ýaly bolup, gijäniň içinde şol ýitip gidişidi. Komandir ondan habar gelip gowşar çen boldy hasap edýän-de bolsa, heniz bolup, ondanam hiç hili habar-hatyr ýokdy.

Stepanow Annamyradyň başarjaň komandirligini ýatlamak bilen, onuň duşman üstüni duýdansyz basmak üçin, gapdaldan öwrümi giňräkden edip eglenç edendigini öz göwnüniň

gapdalynda wagt geçdigiçe barha ulalýan gümanyna basalyk berijilikli oýlanýardy. Ýöne göç yzyndan ýetilmänkä, soňra onuň bilen ediljek uruş hereketleri şowly bolar ýaly hüjümi bilelikde sazlaşykly alyp barmak üçin habarly bolnaýsa-ha kem däldi.

Gün guşluk boluberende otrýad ýer ýüzüne ýaýrap akýan şor suwly çeşme suwuny kesip geçdi. Suwsan atlar ymsynyşyp, tumşuklaryny suwa bassalar-da, onuň şoruny dannap içmediler.

Gelýänleriň öňünden begenip çykan ýaly bolup görnen çeşme suwunyň içime ýaramsyz şor bolmagy ät galan adamlaryň köpüsiniň lapyny keç etdi. Bu ýerleriň çöl bolup, onuň suw ýagdaýynyň hem çöl bolmagy ýogsam garaşylmadyk bir ýagdaýam däl-le. Ýöne giden jemendedir mal-gara bolup barýan göç bu suwuň teňliginde näme ederýärkä!? Adam içmek üçin, mal-garany suwarmak üçin suw-a gerekdir. Ýa-da şu şor suwlardanam çägede süzüp, ýeneki edip içiberýärmikäler? Aňsat oňňud-a ýokdur. Göçüň bu tükeniksiz görgüleriniň barlygyna seretmezden, nädip gidip barýanyny bolsa, bir Hudaý bilýändir.

Annamyradyň toparyndan garaşylan habar günortanyň öň ýanynda geldi. Ony getirenem bölüm aralygynda habar bilen gezýän ýörite çaparlar däl-de, göç güýjüniň öňünde durup bilmän, gözüniň gören tarapyna gaçyp, başyny gutaran toparyň esgerleriň iki-üç sanysy boldy. Bölümiň şowsuzlyga uçrap, Annamyradyň bolsa agyr ýaralanyp, Sarahs tarapyna çekilendigi diňe şundan soň belli boldy. Yzly-yzyna diýen ýaly iki ýerden ýakymsyz habaryň gelmegi komandir Stepanowyň diýseň lapyny keç edip, gaharyny getirdi. Onuň şu pursatda göçüň yzyndan ýetip, ony paýhynlap, olardan gyzyl goşun ýitgileriniň aryny alasy geldi. Ol göçi alyp ýatmak öň özlerine beýle agyr düşer öýdüp asla pikir etmeýärdi. Ýogsa çagalary ýanynda bar mahaly adamlaryň olary goramak üçin ölenlerini-öçenlerini bilmän, iň soňky demine çenli zabun uruşýandyklary onuň üçin täzelik däldi.

Bu yzly-yzyna gelen ýakymsyz habarlar Bäpbäniň göçde barlygyny bilip, bir mümkinçilik bolsa, köýen aryny almagyň

pikirinde barýan Çary Permanyň hem gowuja çetine degdi. Nähilide bolsa bu ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin, onuň haýsydyr bir peýdaly maslahat bilen kömek edesi gelýärdi. Ýol kesip, aýgytly hereket etmegiň wagty bolsa bireýýäm gelipdi.

Çary Perman nämedir bir zatlary ýatlap, Annamyrat Potranyň düşen ýagdaýyny göwnüne jaý edip bilmän, pikire gap bolup, böwrüne doňuz diňini salyp, indiki etmekçi bolýan hereketleri barada oýurganyp duran komandire ýüzlendi:

–Ýoldaş Stepanow, göç arasyndaky «gulagymyzy» peýdalanmagyň men-ä wagty geldi hasap edýärin.

Komandir bir zatdan heder edýän ýaly bolup ikirjiňledi.

–Bu olaryň üstüni biziň özümiziň açdygymyz bolar. Wagtyndan öň bilinäýdigem olar çykgynsyz ýagdaýa düşer...

–Düşende näme? Olary şunuň ýaly ýagdaý gata düşende ulanmasaň, haçan ulanjak? Üsti açylanda näme, heläk bolsa bolar-da. Söweş näme pidasyz bolýarmy?

Çary Permanyň gepinde nähilidir bir dözümliden wagşyýana talaplylyk duýulýardy. Şol bir wagtda hem ol gepini nygtaýardy, duran toplum atlylaryň egninden üstaşyry göçüň giden tarapyna öjügip, alarylyp seredýärdi.

Çary Permanyň bu gepi Sowetleriň soňky uly bähbidi üçin kiçi-girim bähbitlerini gurban etmegi hiç zatça-da görmeýänligini komandiriň ýene bir gezek ýadyna saldy.

Bu göçde Stepanowyň Sowetlere işleýän iki adamsy bardy. Olaryň ilkinjisi her oturylan ýerde gazyk kakyp, göçüň ugruny salgy berip barýan adamdy, ikinjisi bolsa Sowetiň çörňeşigine öňräk düşen, onuň tabşyryklaryny ýerine ýetirip, güzeranyna güni bolup ýören Bäpbe galtamandy.

Komandir bu meselede ilkinji nobatda öz ýakyndan tanaýany Bäpbäniň ýakasyndan tutmakçy boldy. Şeýle-de onuň häzir göç serdarlarynyň biridiginden hem ol habarlydy. Onuň hem synpdaşy, hem ildeşi Petraga-da kömek edesi gelýärdi. Aty ogurlanyp masgaraçylykly ýagdaýa düşen Petraga hi bolmanda atyny yzyna

almaga, onuň ol ata täzeden atlanmagyna kömek edip, dostlarça göwün görmek isleýärdi. Ony bolsa Bäpbe ýaly diýeni geçýän dogumly adamyň kömegi bilen etmeseň, başgaça mümkin däldi. Komandir Çary Perman bilen maslahaty ýagşy bişirensoň, haýal etmän, öz adamlaryndan türkmenleriň ikisine jinde geýdirip, olary göç arasyna tabşyryk bilen ugratdy.

Komandiriň gyssap şol Bäpbäniň ugruna çykaran adamlarynyň biri görmeli ýerlerini görüp, syrmaly derelerini syryp, şol gün gijäniň ýarynda dolanyp geldi hem Bäpbäniň bu gepleşige gelenligini, golaýda bir amatlydyr öýden ýerinde komandire öz adamlary bilen garaşyp duranlygyny habar berdi.

Wagtyň bir çene baranlygyna seretmezden, esgerleriň köpüsi häzir aýak üstündediler, olar ýola häzirlenýän ýaly bolşup, atlaryň töweregine gaýda-gaýmalaşyk bolşup, şöwür çekişip ýördüler.

Gije biraz gözüniň awusyny almak üçin oturan ýerinde gapdalyna gyşaran Stepanow bu habary eşidip, dessine atlanarman boldy. Çary Perman ýoldaş bolmaga döwtalap bolsa-da, ol bu iki ildeşiň bir-birleri bilen alagözdüklerinden habarly bolansoň ol Bäpbäniň üstüne onuň bilen giňişlikde arkaýynlykda ikiçäk gürleşmek üçin, bir özüniň gidäýenini kem görmedi.

–Ýoldaş Permanow, ol ýere meniň özüm gideýin. Onuň bilen öňdenem meniň ikiçäk gepim bardy –diýip, ol gepleşige bir özüniň gitmegini kem görmeýändigini aýtdy. Çary Permanyň özüniňem bu hökmany zerur gepleşigiň oňyn netijeli bolmagyny isleýänligi üçin, ol ýerde kese gelen bolup, gepleşige päsgel beresi gelmedi.

Şeýdibem, Stepanow ýolbeledi öňüne salyp, Bäpbe bilen gepleşige atlanyp, onuň özi gaýtdy. Ol ýol boýy düşünişerin diýen tama bilen özüniň Bäpbe bilen öňki wadalaşan iki taraplaýyn ähti-peýmanly gürrüňlerini ýatlady. «Bäpbe şol Bäpbe boljak bolsa-ha, ol meniň bilen düşünişmeli» diýip içini gürletdi. Ol bir salym ýere basyrylan Aý şöhlesiniň ak sapajyklaryna çolaşýan ýaly bolup ýöränsoň, Bäpbäniň öňde bir alaňyň aşak eteginde özlerine garaşyp duran ýerine golaýlaşdylar.

Komandir ony görüp, ýolbalediň yzysüre atyny saklansoň, ol onuň goluny salgan tarapynda bir atlynyň öňde salgym atyp, atyny keserdip durandygyny gördi. Bu, elbetde, şol Bäpbedi. Olar biri-biriniň öňünde at başyny çekişip, gezelişibräk durdular. Komandir Stepanow:

–Bäpbe batyr, asyl senem bu ýerde ekeniň-ow– diýip, hamala zatdan habarsyz bolan bolup oňa ýüzlendi. Komandiriň gepiniň äheňindäki «Sen dagy bize ok atarsyň diýip pikir etmändim» diýen igençli teýene bardy.  Dogrusy, bu gyşyk gep Bäpbäniňem biraz çetine degdi.

–Ýoldaş Stepanow, siz öz adamlaryňyz bilen meniň halkymy bölüp, çapyp ýörkäňiz, eýsem, men nirede bolmalymyşym!?

–Bäpbe, biz wadalaşdyg-a. Biziň hyzmatymyzy etseň, gadyryňy bilerisem diýendirin.

–Diýdiň, Stepan aga.

–Men diýsem, öz sözümde hem durandyryn, seniň maşgalaňa azar beren bolan däldir.

–Onyňa köp sag bol, Stepan aga! Seň berk duranyňy bilýärin, ýogsam Çary Perman ýalylar meniň maşgalamy çeýnäp tüýkürerdi. Munam men bilýärin. –Ýöne menem başymy orta goýup, ol siziň Hojam hanyň toparynyň üsti bilen näme üçindir bir zat üçin ýörite gurnan oýnuňyz-da... Men ol ýerde bir oýnuň bardygyn-a aňypdym Ýöne näme oýundygynyň sebäbini welin şonda oňly aňyp bilmändim... Ýogsam ejizine degilse, duşmanymyň artjagyny bilmänem duramokdym...

Bäpbäniň bu üzlem-saplamrak sözünde ahmyrly giçki ökünç bardy. Komandir bu derdinişmä  öwrülip barýan gepiň hörpüni özgertmelidigine, dilege gelen okarasyny gizlemez edip, öz göz öňüne tutup gelen meselesine golaýlaşmalydygyna düşündi.

–Bäpbe, gel senem öz ýakynlaryň bilen bize goşul! Özüm ýene seniň arkaňy alaryn. Bu meselede seniň ozalky bize eden ähli hemaýadyň ol-da hökman göz öňünde tutular!

Stepanowyň gepinde haýyşam bardy, belli bir derejede talabam.

Bäpbe oýurganyp dymdy. Stepanowyň teklip-tagallasyna bada jogap bermäge howlukmady. Bu gepe imrinip ylygana, onuň wadaly gepine maýyl bolana meňzedi. Jübüsini sermäp, ol ýerden naskädisini alansoň, eýeriň gaşyna tyk-tyk kakyp, ony ilki komandire uzatdy.

–Stepan aga, naslaşarysmy onsoň?

–Aý, ýok.

–Näme öň-ä atýan ýalydyň? Gowy nasdyr özün-ä. Mary nasydyr.

–Köpden bäri atamok. Özem güýçli bolsa, ol meni tutar...

Bäpbe henek atdy:

–Aý, seni Hudaý tutaýmasa, başga zat tutmaz. –Soňam gürrüňdeşiniň göwnüne bir zat geläýmesin diýip: –Aý, onda bolsa, özüň bil, komandir aga –diýip, gepini ýuwmarlady-da nasy özi atdy.

Şu pursatda komandir Bäpbäniň bu bolşuny görüp, ol öz gepine ylygyp ugran ýaly bolup duýlan hem bolsa, ýöne haçanda ol nasyny tüýkürip, agzyny eliniň tersi bilen süpüren mahaly munuň beýle däldigini anyk boldy.

–Stepan aga, men saňa bir zat aýdaýyn! Öň biz düşünişip, birek-birek bilen hyzmatdaşlykda bolan hem bolsak, indi düşünişip bilmesek gerek, agasy! –diýip, ol alasarmyk gürläp ugrady. –Stepan aga, eşitmesine-hä seniňen eşiden bolmagyň mümkin– diýip, gep arasynda säginip, ýene sözüni dowam etdirdi. –Biziň türkmenlerimizde bolmasyz iş bolup, ara gan düşensoň, gürrüň gutarýar. Biziňem aramyza uly gan düşdi. Biz telim günden bäri ýolda bolup, bir-birege ýagyçylyk baryny etdik. Siz bu halky gabalap, sykajyga salyp durkaňyz, men özümiňkileriň bähbidini araryn, eger ölýänem bolsam, başgaça hereket edip bilmerin. Beýtsem, onda bu meniň hyýanat etdigim, ilimden gören ýagşylygymyň üstüne çermenip, meýdan etdigim bolar...

Stepanow Bäpbäniň gepini nygtap aýdyş tabyndan bu meselede onuň soňky sözüdigini bildi. Oňa nä maksat bilen bu ýere gelenini, nähili niýet tutanyny ýatlatmakdan başga alaç galmady.

–Bäpbe batyr, onda saňa meniň ýene bir gürrüňim bar.

–Stepan aga, aýt, onam diňläli!

–Bäpbe, sen Mary otrýadynyň komandiriniň atynyň ogurlanylandan-a habarlysyň?

–Habarym bar. Gowy at eken. Men ony hana: «Hana, bege mynasyp at eken, al-da özüne mün» diýdim. O-da «Aty gyzyl oduň içine urup, ony alyp gelen gerçegiň özi münsün. Bize göç adamlary gyzyllaryň dessindäki atyny ogurlap alypdyrlar diýilmeginiň, duşmanyň ýüzügara bolmagynyň özi ýeterlik» diýip, ony at getiren Hammanyň özüne bagyş etdi.

–Aty yzyna dola, Bäpbe!

–Bu talapmy, haýyş?

–Şolaryň ikisem.

–Söwdalaşmakçy diýsene. Muny özlerine göwni ýetýän gyzyllar üçin masgaraçylykdygyna düşünýän.

–Sen nähili düşünseň, şol hili düşün. Ýöne atyň yzyna gaýtarylmagyna kömek et. Sen çynyňy etseň, bu işiň hötdesinden gelersiň, men muny bilýän.

–Stepan aga, sen onsoň meniň bu hyzmatymy nähili ýanaşdyrmagy göz öňünde tutýarsyň? Kireýsiz kilim kakylýan-a däldir...

–Bäpbe, men bilýärin, size serhetden geçmek üçin azyndan ýene iki-üç gün derwaýys. Aty dolap beren ýagdaýyňda men yzyňyzdan gelýän kowgynyň hereketini bir günlük togtadaýyn.

–Iki günlük et şony.

–Iki günlük etmek hem mümkin. Onda siziň araňyzda bir ýesir düşen gyzyl komissar bar. Ikinji gün üçin şony bize gaýtaryp bermegiňiz gerek.

Gyzyl komissardan gürrüň çykanda Bäpbe onuň «maksim» pulemýotyň başyna geçip, Guşgy tarapdan edilen hüjümi ýatyrmakda hyzmat bitirenini, hanlaryň bu meselede özüne hä bermejegini ýatlady. Şeýle-de ol Stepanowyň teklibiniň göç üçin diýseň bähbitlidigini ýatlap, iki gün gazanyp bolsa, göçüň baryp, Owgandan çykjagyna göwün ýüwürtdi.

–Komissar... komissary diýsene. Ýöne ony alyp bermäge meniň ygtyýarym ýetermikän!? Häzir men size hiç zady anyk söz bermäýin. Ýöne oňa-da synanyşyp görmäge welin wada-ha berip bilerin.

Stepanow Bäpbäniň jogabyna geň galmady, onuň öz garaşan jogaby hem şu bolmasa-da, şundan bir üýtgeşigem däldi.

Derwaýys haýyr işiň hatyrasyna taraplaryň ikisiniňem tüýküren tüýküliklerini ýuwutmaly bolandyklary belli boldy.

Şundan soň bolan gepleşigiň üstünden bir gün geçiberende Bäpbäniň salgy beren ýerinde garaşylan adam Mary otrýadynyň komandiri Petragyň dyzanyp duran atyny Stepanowyň düşlän ýerine alyp geldi. Komissary bolsa göçüň puryja beriljek ýeneki bir gün bilen çalşasynyň gelmänligi bilindi.

Uzakly güni ýagdaýyň anyklanaryna garaşyp geçiren Tejen otrýady şertleşilen wagtyň dolaryna hem garaşman, gerek daşyny gola salansoň, göç yzyndan kowgyny täzeden dowam etdirdi.

* * *

Sowetler eýýäm Bathyz degresine dört-bäş günüň içinde Marydan, Tejenden, Guşgudan toplap bilen goşun bölümlerini toplapdylar. Aýgytly hereket etmek üçin, goşun bölümleri ara açyklygyna seretmezden, öz biri-birleri bilen aragatnaşyk saklap, hereket etmäge çalyşýardylar. Şeýle edilip güýçler sazlaşykly ulanylan mahalynda, olar göç bolup ummasyz meýdany dolduryp barýan milletiň öňüni alyp biljekdiklerine ynanýardylar. Özleriniň hem ýitgileriniň, ýeneki ýetmezçilikleriniň barlygyny

aýdyp, Mary-Aşgabady bu ýerdäki ýagdaýlar bilen habarly edip durýardylar.

Kowgynyň aralaşyp ugranlygy belli bolansoň, göç hem indi, gijäniň, gündiziň parhyna bakman, ulaglary gyssap, mümkin boldugyndan, tiz ýöremäge çalyşýardy. Şeýdilende duşmandan biraz-da bolsa, ara açmaga, serhet degresine golaýlaşmaga mümkinçilik boljagyna tama edilýärdi. Her kimiň gyssagy özi bilendi. Emma argyn ýük ulaglary-da, ýadaw adamlar-da islendiginden has haýal ýöreýärdiler. Ýol gazanmak barha agyrlaşmasa, bu ýagdaýda aram tapyp, ýeňilleşerli hem däldi. Ýygyrtsyz ýüzlere ýygyrt düşüp, ýygyrtly ýüzleriň gasyny hasam artypdy. Dişler ahmyrly gysylyp, tozan uran ýüzler ajap durdy. Aýak astyndan göterilen çäge ownuklary dişleriň arasynda gyjyrdaýardy. Her kim indi serhede barýan iň ýakyn ýoluny tama edýärdi.

Göç aýallary köýnekleriniň etegini ýokarrak çekişip, billerini guşaşyp, baş börükler agyp-dönüp azara goýmaz ýaly, ony ýüp, ýaglyk bilen daşyndan aýlap daňyp berkidip, dogumly hereket edip, gaýratlylyk görkezýärdiler. Häzir çagalary goraglaýanam, garry-gurtulara hemaýat bolýanam esasan şolar bilen göçdäki ulugyzlardy.

Düýe üstünde ýaş-çagalardyr garry-gurtular üçin ýörite ýasalan ýürekler häzir haýsydyr bir guşuň höwürtgesini ýatladýan bolsa, onda oturan maýdalar ejeleriniň-kakalarynyň iým-yhlas getirerine garaşyp, olaryň ýoluna göz dikip oturan gyzyletene agzysary guş çagalaryna öwrülipdiler.

Aýal-gyzlaryň köpüsiniň diýen ýaly ellerinde, billerinde, duşman bilen garpyşylanda ulanmagy niýet eden gyrkylyklary, dembermez pyçaklary bardy. Garrylaryňam köpüsi, ýolda duşan ýylgynmydyr ojar-çerkezden, gerek bolanda, duşmanyň kellesini patradaryn diýip, ýörite oňaryp alan, tommakly taýaklaryny häzir öňlerine kese basyşyp barýardylar.

Çöl içi indi sozan-guýruk bolup barýan adam bolup durdy. Adamlar henizem serhetden sag-aman aşjakdyklaryny umyt edýärdiler. Häzir olara kuwwat berýänem hut şol tamady. Gijäniň düşmegi belli bir derejede hüjüme geçen gyzyl esgerleriň badyny alýardy. Gije göçi bolsa ähli ulag-ulgamy bilen goraglap, özüniň boldan geýen gara lybasynyň gatlarynda özüçe gizledi. Dünýäni barlykdyr ýoklugyň arasyna dolan howp-hatarly näbellilige öwürdi.

Birnäçe gysgajyk atyşyk, tutluşyklardan soň, duşman hüjümleri mese-mälim kiparlanlygy belli boldy. Göç serdarlary hem bu ara düşen böwşeňlikden peýdalanyp, Agdarhanyň ýanyna gyssagly maslahata toplandylar. Gowy ýaraglanan kowgy erjellik bilen üç-dört ýerden hüjüme geçen-de bolsa, göçüň batyrgaý garşylyklary olara hetden aşmaga mümkinçilik bermändi. Dolak serdar, Bäpbe däli, Tagan zabun ýaly serkerdeleriň öz töwereginiň adamlary bilen, ýerli ýagdaýlardan ezberlik bilen peýdalanyp alyp baran uruşlary, gylawly kowgynyň şahyna kakylmagy bolupdy. Şeýle-de maslahat ertir ýene-de duşman garşysyna göreşmek üçin öz bar bolan güýjüni tükelledi, göçüň ýagdaýyny saldarlady. Barylmaly serhede golaýlananlygy ýatlanylyp, oňa ýene bir ýarym, köp bolsa iki günlük ýoluň galanlygy ýatlanyldy. Indiki çaknyşyklaryň has gazaply, ok-ýaragy kemelýän göç goragy üçin onuň öňküdenem has kyn boljagy, şol güýjüň öňünde nähili durmagyň gürrüňi edildi. Mümkinçilikler ýene-de bir gezek ölçelinip-çenelinip görüldi. Agdarhan Potra topar serdarlaryny bir-bir gysgaça diňlänsoň, alnyp barlan gorag-söweşlerinden belli bir derejede kanagat tapdy.

Ol soň gapdalynda oturan işana tarap öwrüldi.

–Işan, ýagdaýlar juda bir çykgynsyzam däl ýaly-la?

–Şeýle bolsun-da, hernä – diýip, işan hem gepläp onuň gepiniň arasyna goşuldy, soňam ol öz sorag-jogap talaply gepine, oturan ýerinde leňňer atyp oturyşyna özi jogap berdi – Şeýle-de bolar, enşalla...

–Goçaklar iş bitiripdirler, hany indi, öz halky üçin başyn goýan şehitlerimizi ýatlap, doga-aýat okalsyn!

Işan gurhan sürelerini okap, doga edensoň, Agdarhan ýaňy maslahatda birki serdaryň «Han aga, her topar öz maşgalalaryny goraglap, ýöräberse, gowy bolaýjak ýaly» diýen gepine dolanyp geldi we şeýdilse kem bolmajagyny özüniňem pikir edýänligini aýtdy. Öňem ol şeýle edilende has bähbitli boljagyny pikir edipdi. Soňam ol Marydan gelen topar bilen urşan Tagan zabunyň goşun güýjüni Tejen tarapyndan gelýän kowgynyň garşysyna geçiripdi. Her toparyň merkez bilen sazlaşykda nähili ýöremelidigi anyk edildi. Maslahat gutaran dessine Agdarhan serdarlaryň öňi bolup atlandy.

Agdarhan Potra tä Gyzylgatynyň keserip, diwar bolup duran aýyrdyna çenli ugradarly bolup, Tagan zabun bilen at başyny deňleşip gürleşip gitdi. Olar ýene-de nähili hereket edilende, duşmandan halas bolup boljagy hakda, kowgulara ilkinji berlen gaýtawulyň hiç neneňsi bolmandygy hakda, şeýdilip ykjam durulsa, duşmandan goranyp boljaklygy hakynda, bir-biregiň pikirini goldap, arkasyny alýan hörpde gepleşdiler.

Agdarhan gepiň bir gerdişinde Dolak serdaryň soňuna ýeten Tejen otrýadyny ýatlady.

–Batyr, esasynam, sen indi Tejen otrýady bilen çaknyşmaly bolarsyňyz.

–Doňzuň agy näme, garasy näme, han! Komandir Stepanow örän seresap hereket edýän bolmaly. Özi-de köpden bäri onuň toknap işleýän ýeri biziň Tejenimizdir. Paskupskiý aga ýaly olam tejenli bolup gidendir.

Tagan zabunyň bu gepi duşmanyň tarypy hasap edip, ony halamanlygy belli boldy, geplände onuň sözünde nägilelik duýuldy.

–Han, duşmany taryplap ugradyňmy ýa göwnümemi?.. Şolaryň tap gowusynyň bajysyny dula bakdyraýyn... – diýip gaharly gepledi.

–Onyň dogry, batyr. Ýöne bulaň zalymy gaty zalym bolýandyr. Gökdepede gözi ganly Skobeliň eden hyýanaty, zalymlygy, heý, ýatdan çykar ýaly boldumy?.. Ýöne olaryň içinde-de ynsaplyragy, parhlyragy bar diýjek bolýaryn. Ol biz gaçyp, Tejen aýagyna çykanymyzda üstümize ýöriş edende, halky yzarlap mugyra getirmäge gyssanmandy. Gaýta bize «Beýdip uzak ýaşamarsyňyz, erte özüňiz bizem nanyňyza suwuňyza şärik ediň diýip bararsyňyz!» diýip, adyllyk bilen töwella edipdi. Şonda onuň gepine ynanyp, maşgalasy bilen göterilip gaýdanlar, obalarynda ýerleşenlerem bolupdy.

–Olaram bal gününe batandyr-a öýdemok.

–Dogry, batyr. Eşitmegime görä, şolaryň birkisini dagy, çagalary bilen golaýda sürgün edenmişler alys bir ýerlere.

–Diýdim-ä men bulaň ýüpüniň üstüne odun goýup bolmajagyny...

–Heý, türkmeniňem başy gowgasyz, dynç ýaşaýşa ýüzi düşermikän?..

Ýogsam, indi dynçlyk, erkinlik boljak bolsa-ha bolmaly. Öň-ä özbaşdak  döwlet bolsak, gowy durmuş bolar – diýip çen edýärdik... Ýogsa döwlet ýolbaşçylaram häzir öz ogullarymyz, Gaýgysyz Atabaý, Nedirbaý Aýtak, Çary Wellek...

–Heý, han, olar özüňkäm bolsa, ygtyýary Meskewiň elindedir. Han dädem düýnküde aýt-da bular barada: «Bularyň bize kömek edesi gelýär, ýöne Meskewden heder edensoň, nädip etjeklerini bilenoklar» diýip, han dädem oturan ýerinden bularyň ýagdaýyna düşünip otyr-a.

–Jüneýit han gaty mamla... Özümiziňkileriň bize nepi degmedi. Moskew aždarha çykdy-da...

–Aždarha kemi ýok-la – diýip, Tagan zabun bu gezek gürrüňdeşiniň

pikirini göwünjeň makullady, soňam sözüniň yzyny dowam etdirip:

–Han dädem paýhas edip, adamlary parçalap öwrenen aždarhanyň bu «öz adamlarym» diýýänlerini hem soňra aýap goýmajagyny welilik bilen aýdypdy.

–Menem, batyr, şeýleräk pikirde...

Gyzylgatynyň gerşi öňden gözýetimde sudur bolup, salgym atyp, depelenip görnen wagty Agdarhan özleriniň ýolaýyrda gelenini görüp, at başyny çekdi. Iki serdar ýene-de duşuşmagy bir-birlerine arzuwlaşyp, ýol üstünde hoşlaşdylar. Agdarhan öz atynyň başyny Guşgyny nazarlap dolasa, Tagan zabun Allany çagyryp, Owgan gädigine tarap ýöneldi.

Göç her gün güýçli ýeliň garşysyny gidýän deý, gaýduwsyzlyk bilen ýoluny dowam etdirýärdi. Yzdan ýetip, göçüň ha ol ýerinden, ha bu ýerinden gelip agyz urup başlan gyzyl esgerleriňem bir başa dikmese, indi aňsat yzdan galmajagy belli bolupdy. Göç bolsa Bathyzyň düzli, baýyrly giňişlikleriniň üsti bilen bir-de ýazylyp, bir-de jemlenişibräk, şol barmana-da yzdan ýetip gelýän ýagy bilen çaknyşyp, ala basga düşüp, öz ýoluny dowam etdirip barýardy.

Şu pursatda onda-munda oturan baýyr depeleri her ýerde-her ýerde urlup ýykylan äpet jandarlaryň jesedine meňzeşip, gölerişip-gölerişip, töwerekde pytyraňňy ýatyrdylar. Gurat ýaraglanan goşun bölümleri bilen çaknyşmak bala-çagasyny döş gerip goraglan dert-azar bolup barýan göç goragyna, elbetde, ýeňil düşmeýärdi. Olar her çaknyşykda ençeme pidalar çekip, serlip, silinmeli bolýardylar. Duşmanyň gurat ýaraglarynyň ediberşini görüp: «Wah, şularyň suw ýaly ýaraglary bizde-de bolan bolsady» diýip arzuw edýärdiler. Elbetde, göç goragynda-da şeýle ýaraglardan az-da bolsa biraz bardy. Olar ýeri gelende iş hem bitirip barýardylar. Ýöne azdy. Beýle ýaraglar belli-belli adamlarda bardy. Olaryňam oky ýeterlik däldi, Sowetleriňki ýaly beýläňde ýatan okdan alyp atanyňdaky ýaly okuň öwezini dolmaga mümkinçilikde ýokdy.

Muny duşmanam gowy bilýärdi. Şonuň üçinem, olary mümkin boldugyndan göçi garaşmaýan tarapyndan gelip, ahmallygyny alyp gyrmaga çalyşýardylar. Hasam göçe gyzyllaryň pulemýoty

hezil bermeýärdi. Olar agyz uran ýerlerinde milleti sergi edip, orup taşlaýardylar.

Şu gyzyl-oduň içi bilen gaçyp-tezip, her ädimde Taňryny kömege çagyryp, gaçyp barýanlaryň biri-de Abadan atly, egrip, dogrup heleýligiň abyn-tabyn alan bir zenandy.

...Şol gezek gyzyl esgerler gapdaldan gelip, garaşylmadyk ýerden göçi oka tutup ugranda okdan uçanlaryň birem onuň üstünde gaýyn ýenesidir çagalary oturan, owsaryny çekip gelýän düýesi boldy. Düýe janhowluna bögürip, agdarylan wagty onuň üstünden kelemenleşip gaýdan onuňkylar bolupdy.

Kiçi çagasy, gaýynenesi tüwdürilip ýere düşende hem onuň gujagyndady. Emma gyssagaraň ahmallygy eýýäm etjegini edipdi. Çagajygyň omrulan boýny gelşine agzy gum gapan enesiniň gujagynda şalkyldan ýatyrdy. Onuň ikinji çagasy bolsa kim bilýär atylyp nirä düşüpdi... Töwerekde çekilýän ahy-perýadyň arasynda onuňam bir ýerde bar bolmagynda mümkin. Emma ony seljermäge bu dara-direlikde mümkinçilik bolmandy. Awy oňan pulemýot göçüň ahmallygyny alanlygyny bilip, olary has amatly ýerden oka tutmak üçin gysga wagtlyk sesini kesip, has golaýa göçüm etdi. Esgerleriň iki-üç sanysynyň pulemýoty bir ýerden başga ýere göçürýänlerini ilkinji görenleriň birisi-de Abadan boldy. Indi pulemýot on-on iki ädimlikden atyp ugrasa, onuň bir ýerden kömek gelýänçä halky hezil edip paýhynlajagynyň ujy iki däldi. Ýykylan mahaly gata degip başy biraz sämän-de bolsa, Abadan muňa tiz göz ýetirdi.

Pulemýota ezraýylyny gören ýaly öjükdi. Ýykylan wagty atylyp biraz öňüne düşen börügini zenan halyna başaçyk görünmegiň ilde halanmaýan zatlygyny ýatlap, ony ýüzugra howlukmaç başyna geýdi. Soňra-da birden ýatan ýerinden gyzyl esgerleriň pulemýoty guraw edip duranyny, işiň-işden geçip barýanyny görüp, töweregine çakylyk edip, jynsyz gygyryp, syçrap ýerinden turup, öňe okduryldy.

–Doganlar, uruň kapyry!..

Abadanyň çakylygy bada-bat töwerekde galan diri adamlaryň baryny aýak üstüne göterdi.

Hemmeler öçli gygyryşyp, pulemýotyň üstüne gyzyl ary bolşup hüjüme geçdiler.

Gyzyl esgerler diňe şundan soň göçüm edip, özleriniň ýalňyşandyklaryna, jany ýangynly göçe dykylyp has golaý gelendiklerine göz ýeterdiler. Olar diňe birki gezek bäşatarlardan gyssagly ok atmaga ýetişdiler. Barybir bu-da aňyrdan sil bolup gelen halkyň badyny alyp bilmedi.

Adamlar ellerine ilen zat bilen urup-urup, esgerleriň üçüsiniňem bada-bat merkini berdiler. Halkyň gazabyna duşan esgerleriň diňe birnäçesine atlanyp, gaçyp gutulmak başartdy.

Bu pulemýot türkmenleriň ilkinji ele salan uly oljalarynyň biri boldy. Özi-de atyp bilen tapylsa, şol ýerde ýatan goşhaltalaryň birinde onuň iki düzüm dagy oky hem bar eken. Bu bolsa halkda ony duşmana tarap öwürmek islegini döretdi. Töwerekdäki ekabyrdyr öýdülen erkek kişileriň käbiri çagyrylyp getirilse-de, ýöne wagty bilen onuň emelini tapan, ondan gyzyl esgerlere garşy ot açyp biljek adam  tapylmady. Ilçilikdir, belki, bar-da bolsa bardyr, emma bu dara-direlikde ony gözläp, nireden tapjak. Bu golaýdaky erkek adamlarynyň emelsizliklerine aýallaryň tüýs jany dagy gurs ýanaýdy. Ahyr pulemýotyň eýlesini-beýlesini görüp, ony saýratmagyň dilini tapmadyk aýallaryň Dursun atly biri töwereginiň oglanjyklaryny gol bulap, ýanyna çagyryp aldy, soňam olara pulemýoty görkezip:

–Siýiň dazladyp üstüne. Duşmanyň üstüne siýdigiňiz bolar! – diýdi.

Bu hem oglanjyklary pulemýotyň üstüne siýdirip jany ýangynly halkyň gyzyl esgerlerden özboluşly ar almasy boldy. Emma aýallaryň bu ýeňşi bilen bagly adamlaryň ruhuny göteren şatlyk uzaga çekmedi. Töwerek ýarasyny daňyp, ölülerini düýnäp ýetişip-ýetişmänkäler, göçi goraglap, töwerekde aýlanyp, göz-gulak bolup ýören atlylaryň biri Guşgy tarapdan toplum atlynyň

çöl söküp, howlukmaç özlerine tarap gelýänligini habar berdi. Bularyň öz ýoldaşlarynyň ýekebararak hereket edip düşen güni barada eşidip, gönüden-göni ar almaga gelýänler bolmagy-da mümkin. Ele düşmän gaçan esger barmaly ýerine baryp, habar ýetiren bolmaly.

Onýança toparyň yzyna düşüp, ýeneki bir ýerde dörän ody öçürişmäge giden, esasynam öz toplumlarynyň töwereginde bolýan Ýazgeldi hem birnäçe atlysy bilen özüniňkileriň yzyndan geldi.

Duşmanyň uly güýç bilen sürnüp gelýänini eşidip, ol dessine her kimiň bolmaly ýerini aýdyp, goranmagyň aladasyny edip ugrady. Gapdalyndan geçip barýarka, burnuny çägä sokup ýatan, onlarça adamyň başyna ýeten pulemýoty ýigrenç bilen synlady: «Haramzada, ahyr merkiňi aldyňmy?» diýip, sögünip, oňa tarap tüýküribem goýberdi. Onuň sakgal basan ýüzi, ýadaw, ukusyz gyzaran gözleri şu pursatda hasam hyrsyzlandy.

Gapdalda ýarasyny daňdyryp oturan inçesagt ýaşuly hem iňňäň gözüne sapak sapjak ýaly gapdala bir ýere seredip oturyşyna onuň gepine goşuldy.

–Ýazgeldi inim, ýagyny öz ýaragy bilen urmagyň gamyny etmek gerek?

–Wah, etjek-le. Ýöne muny atyp bilýän ýok-da, ýogsammy!..

–Inim, şeýle adam bar.

Ýazgeldi bada-bat aýak çekip, geňgalyjylyk bilen ýaşulynyň ýüzüne soragly gözledi. Soňam:

–Kimkän-aýt ol? – diýip, gepiň yzyna düşüp, ýaşulynyň özüne sorag berdi.

–Düýn Düýe kakyň töwereginde ýaşanlaryň toparynyň arasynda Durdy tentegiň ol ýesir düşen orsy öňüne salyp, sürrekläp barýanyny gördüm.

–Hawa?

–Hawasy şol. Şol adam pilmudy atyp bilýän bolmaly.

Ýazgeldiniň bu gepi eşidip, gözleri köräp ýanyp gitdi. Ol şundan soň gökdäki dileginiň ýerde gowşanlygyna bada-bat ynandy. Haýal etmän soňam: «Şirmuhammet!» diýip, töwerekdäki adamlaryň birini ýanyna çagyryp aldy:

–Sen Düýe kaklylaryň barýan ýerini tap. Bizden uzak giden-ä bolmaly däl olaram! Şol ýerde bir ýesir bolşewik bolmaly, şony daşynyň garawuly Durdy tentegi bilen getir şu ýere! Uly duşman ýetip gelýänini aýdyp, özlerinem kömege çagyr! Töwerege-de bu habary özleri ýetirsin! – diýip, ony gyssagly ýumşa atardy.

Şirmuhammet habaryny ýetmeli ýerine ýetirip, gaýdyp gelende ýesiri atynyň syrtyna alyp, Durdy tentek bilen iki-üç adamy yzyna düşürip gelende, gelýär diýlip, habary gelen duşman atlylary hem sürä dararman bolşup, ýola çykan aç gelegurt ordasy deý bolşup, eýýäm gözýetimde salgym bolşup, görnüşip ugrapdylar.Ýesiri atyna artlaşdyryp gelen Şirmuhammet atynyň başyny çekip-çekmän, gele-gelmäne, tirsegi bilen ýesiriň kükregine janagyrly urup, ony atdan ýykdy.

–Düş, kapyr!

Ýazgeldi ýesir komissar ýerinden galyp-galmanka öjükmek bilen, onuň alkymyndan aldy. Jany ýangynjyna özüne erk edip bilmän, onuň garnyna depdi. Ýesir burlup iki bükülip ýere ýazyldy.

Töweregindäkileriň şeýle dözümli duşmançylykly hereketinden soň, bu ýere näme üçin getirilenini bilmeýän komissar özüniň öldürilmäge getirilenine ynandy. Adamlar özüni depä çykaryp, aňyrdan gelýän gyzyl esgerlere: «Duşmançylyk edeni, ine, biz şeýdýäs, ele düşseňiz, size-de şu jeza garaşýar!» diýip, olara görkezilip, damagynyň harladylyp çalynmagyndan haýygyp elendi.

Bir zat diýmekçidigini mälim edip, aman diläp, gollaryny daldaladyp, dyza çöküp sessiz aglady. Emma gurap, çişip ugran dil agyzda öwrülmedi.

Muny Ýazgeldem dessine duýdy, suwly meşigi getirdip, onuň agzyna tutdurdy. Ýöne suw içse-de, komissar türkmenleriň öldürjek

malyna suw görkezip, soňra ony öldürýändiklerini bilýänligi üçin, ol muny özi üçinem ölümiň öňündäki bir dessurdyr öýdüp, suw içse-de, onuň lezzetini duýmady.

Gaýta hamala pyçaga ýapyşylyp barylýan ýaly, ala gözlerini gorkuly mölerdip has-da haýykdy. Duran ýerinde özüni ýitirip, gorkudan goram-gowşak bolanyny, buşuganyny hem duýman galdy. Onuň bolşuny görüp, adamlarda ýaňsyly ýylgyrma döredi.

–Janyny gowy görýär-ow kapyr.

–Ýazgeldi, bu ýaňky berlen suwy göni geçiräýdi öýdýän, gör, balagyndan sarkdyryp, porsap durşuny!

Komissar diňe südeneklenip, pulemýotyň ýanyna getirilen wagty, özüniň näme üçin bu ýere getirilenligini biraz-da bolsa düşünip, teselli tapdy.

Gepe ylygyp, Ýazgeldi bilen tiz düşünişdi.

– Pilmut atyp bilýäňmi?

– Öň-ä atýardym..

– Ene atarsyň!

Komissar hyzmata taýynlygyny mälim edip, makullaýjylyk bilen baş atdy.

–Ýöne oky nyşanadan başga ýere harçlasaň, onsoň özüňden gör! Duran ýeriňde kelläňi togalaryn.

–Duşdim, duşdim! – diýip, komissar bu gezek azerbaýjan şiwesinde jogap berdi.

Onuň çalgyrt türküsini eşidip, Ýazgeldi öň «Türkmençä-de biraz düşünýär» diýip eşidenine seretmezden, muňa biraz geň galdy.

– Özem jylk orusam däl ýaly-la bu, azerimi, dagystanly bir bela bolsa gerek? – diýip dillendi.

– Azeri del men. Ermeni men.

– Kim bolsaň, şol bol! Bize sen pilmut atyp bermeli bolarsyň!

Ýazgeldi soňra dessine iki adam bilen pulemýoty onuň amatly hasap eden ýerinde goýup berdi. Bu wagty çenli eýýäm aňyrdan salgym bolup görnen duşman leşgeri hem göçüň ýatan beýikligi

bilen aralygy ep-ýesli ýygryp gelipdiler. Depäniň dürli ýerlerinde aňyrdan gelýän ýagyny mümkin bolan ýaraglardan ok atyp garşylamagyň ugruna çykyp, gum ýassanyp ýatanlar hatda indi at üstündäki gyzyl esgerleriň şampa telpekleridir ujy çürelip duran «budýonowkalarynyň» depelerini hem anyk görüp ugrapdylar.

Toparyň öňünde iki atly atlaryny ýanaşyk sürüp, gürleşip gelýärdiler. Olaryň başlary papakly, geýnişlerem üýtgeşigräk bolup, bularyň komandir, ýeneki diýen ýaly ygtyýarly adamlardygy hem bildirýärdi. Adatça, esgerler ýola çykanlarynda bäşatarlaryny amatlylyk üçin, bag dakyp emelläp, egne alýan-da bolsalar, häzir olar hatyrjemlik üçin ýaraglaryny öňlerine kese basyşyp, aňyrdan söweşe taýyn bolşup gelýärdiler.

Duşmany ýagşy pulemýotyň atymyna getirmek niýeti bilen topara diýenini ýöredip, beýemçilik edip ýören Ýazgeldi tüpeňli adamlaryna «Meniň buýrugym bolmasa, atmaga howlukmaly däl» diýse-de, bireýýämden bäri tüpeňiň syrtyna ýaplanyp, keýik nyşanalaýan ýaly, öňden gelýän atlylaryň birine çenenip ýatan adamlaryň biri ol ýagşy didiwana münensoň, bu amatly pursady sypdyrasy gelmän tüpeňiniň gulagyny gysdy.

Öňden gelýän sag tarapdaky atly şundan soň ýüzüni daldalaýan ýaly, iki elinem ýokary göterjek ýaly etdi-de, atynyň boýnuny gujaklady. Atlylaryň ikinjisi howlukmaç atyny ýeňseden gelýänlere tarap öwrüp, talaply gepledi. Erew-de-berewlik başlandy. Atlylar töwerege pytrap, göç goragyny şol gelişlerine bada zarba urup pytyratmak üçin, öňe okdurylyp hüjüme geçdiler. Pulemýotça-da gereg şoldy.Ýeňseden birki ýerden özüne tüpeň çenelýäninden habarly gyzyl komissar şundan soň, «maksim» pulemýotyň tutarlaryny gysymlap, ondan ot açyp ugrady.

Gyzyl esgerler nämä garaşsalar-da pulemýotyň üstlerine ok seçelemegine garaşmandylar.

Yzdan ýene bir bölek atly kömege gelip, hüjüme geçse-de, barybir, ýagdaý ýene-de öňküden üýtgemedi. Pulemýot öň göç adamlaryny gyran bolsa, indi dannawsyz gyzyl esgerleriň özlerini

paýhynlady. Ýesir düşen gyzyl komissaryň ezberlik bilen pulemýot atyp, gyzyl esgerleri palaç ýatyran ýaly edenligi hakyndaky gürrüň şol günüň özünde göç arasyna ýaýrady. Ýesir komissaryň sykajyga düşüp, pulemýot bilen birgiden gyzyl esgerleri paýhyn edendigi eşidilen mahaly hamala ol ar ýerine salnan ýaly göçüň ruhuny göterdi. Onuň özüni arkasy alnan ýaly duýup, ynamy artyp, ýoluny dowam etdirmegine özboluşly medet boldy. Ýöne muny eşidip, Ýowşan garanyň weli, gonjuna gor guýlup, ýüreginiň urgusy bada-bat üýtgedi.

Ol bu gyzyl komissar barada onuň ýesir alnan gününiň ertesi eşidipdi. Bu habary ol hemişe Agdarhan Potra bilen barşyp-gelşip, häli-şindi sala maslahatda bolup durýan Tagan zabundan eşidipdi. Onuň özüni bolsa Annaguly han düşnüksiz ýagdaýda wepat bolandan soň, hamala bir zat syzýan ýaly maslahata gedende indi özüne ýoldaş edinmeýärdi.

Her gezek yzyna düşäýmeli bolanda Tagan zabun göçi oňa ynanýandan bolup, galdyryp, özüne işany ýoldaş edinip ugrapdy. Indi Ýowşan gara uly goşda bolýan gep-gürrüňleri, Jüneýit hany ýaka tutup, onuň ýanyna barýanlygy üçin özüni hormatlaýan işandan eşidýärdi. Olar henizem göç ýolbaşçylarynyň arasynda bileräk bolardylar. Ýesir komissaryň gyssaga düşende «Siziň araňyzda Sowetiň jansyzy hereket edýär, men ony ýüze çykarmaga kömek edeýin...» diýip, janyny alyp galanyny hem Ýowşan gara

işandan eşidipdi. Muny-da ol Sowetiň adamsynyň öz aralarynda däl-de, Agdarhan Potranyň töweregindäki göçdedigini çen edýänligi üçin aýdypdy.

Şeýlelik bilenem, belet adam tarapyndan özüniň yzarlanyp ugralanlygy, bu syrtmakdan boýny sypdyrmak üçin nämedir bir zat etmelidigi Ýowşan gara belli bolupdy. Ol şundan soň, göni gelen bu belanyň öňünden nädip sap atyp, ýeneki edip sowulmagyň gamyny iýip, dürli oý-küýlere berlip, peleň atyşyny edäýer ýaly amatly pursat arap ugrady. Içindäki harasady duýdurmazlyk

üçin bolsa, zora tutulan halkyň ýagdaýyna gynanýandan, onuň aladasyna berlenden bolup, aladaly sus bolup gezýärdi.

Birki günlükde Tagan zabunyň adamlary Sowetlerden bir «maksim» pulemýoty oljalap, soňam oňa eýgerjek adam tapylmanam, göterip ýörmegi kyn görüp, ony oky-ýenekisi bilen gömüp gaýdypdylar.

Ony gije gidip, otrýadyň bir gapdalyny çapyp gaýdan Amanmät atly daýaw ýigit sapardan gelende: «Maslyk ýaly agyr eken» diýip, şahyndan tutup, süýräp getiripdi. Emma göç adamlarynyň arasynda onuň ugur-ýoluny bilýän adam tapylmansoň, ony gömäýmekden başga alaç tapylmandy. Ýowşan gara munuň ýaly pulemýoty atmagyň jantyny döwýän-de bolsa, töweregiň adamlaryna: «Şunuň mundan başy çykýan bolmasyn?» diýäýmeklerinden çekinip: «Wah, şu içigary öwrenmelidiris öýtmändiris-ow!» diýip, ondan habarsyz bolan bolupdy. Bu meselede özüniň çäresizligini rowaýat getiribem, ýene bir gezek nygtapdy.

...Sowetler şu, ýeri dagyny demir tigirleri bilen ýyrtyşdyryp barýan traktil diýip, obalara getiren şol guralam görlüp oturylsa, orsuň öz oýlap tapan zady däl eken. Ony geçmişde Eflatun diýen bir alym ýasapdyr. Ähli şaý-esbabyny guratlapdyr. Tarlap ýöräbermeli edipdir. Emma näçe jan edip daşyndan aýlansa-da, ony ýöredip bilmändir. Ahyram oňa: «Wagtyň geler, şonda syrtyňa depilen ýaly ýörärsiň» diýäýmekden başga alaç galmandyr. Sebäbi ol döwür kerosiniň oňa jan bolup, herekete getirip biljeginiň heniz üsti açylman eken.

Ýowşan gara pulemýotly gürrüňi bir ýerlerden öwrüp: «Biziňkilerem bir sähetli gün ony atmagyň tärini ele alar» diýip, töweregine göwünlik beriji äheňde gepläpdi.

Haçanda soňra onuň bu pulemýot bahanasy bilen başga bir iş gaýryp boljaklygy köýüne gelen mahaly bolsa, ol muňa gyzyl tapan gyrnak ýaly diýseň begenipdi. Bu ýagdaýy öz bähbidine ulanyp biljegine ynanypdy. Haçanda kalbynyň bir ýerinde bu

köý peýda bolan mahaly hatda köpden bäri onuň ýüzüne saýa salmadyk ýylgyryma alamaty hem şol pursatda az wagtlygam bolsa peýda bolupdy. Ol meseläni ilki işan bilen bişirip, indem Tagan zabunyň uguny ýekelemek üçin, onuň ýanyna gelen wagty hem ol henizem şol begenjiň, içki joşgunynyň täsirinden çykyp bilmändi. Ýaňaklarynyň etegi biraz kölçerip al öwsüp durdy. Ýöne onuň gurmakçy bolýan hilesini Tagan zabun asla aňmaly däldi. Aňaýdygy welin onuň: «Hä, seniňem bir doganyňy...» diýip, duran ýerinde zabunlygyny edip, kelläňi kakyp düşürjeginiň ujy iki däldi. Şonuň üçinem ol ähli etjek hereketi ynandyryjy bolar ýaly, ýanyna işanam alanyny kem görmändi.

Ýowşan gara haçanda işana ýörite tutunyp, oljalanyp ýolda gömlüp gaýdylan pulemýoty ýatladyp, asyl ony ulanmagyň ýoly ýok hem däl ekenligini ümürlendirip aýdan mahalynda, munuň aňyrsynda başga bir bet niýet-pyglyň barlygyny pikir etmedik, gaýta pulemýoty işledip bolsa, onuň bu dara-direlikde göçüň maňlaýyndan direjegine ynanan işan Ýowşan garanyň isleýşi ýaly, onuň bilen bu meselede deň gopupdy. Pulemýotyň tizräk nirede bolsa-da tapylyp getirilip, duşmana garşy ot açylmagyny isläpdi. Ol soňam Ýowşan gara: «Bähbit işi haýala goýmaly däl! Göç serdary bilen maslahatlaşyň-da, tiz onuň ugruna çykyň!» diýip, özümem bu meselede seni goldaryn diýen äheňde oňa döwtalaplyk bilen maslahat beripdi.

Tagan zabuna ýüzlenende, onuň bilen gämiçiniň jany bir diýdirip janköýerlerçe sala salyjylykly gürlemäge çalyşdy.

–Serdar, diýýän-ä şol olja alnan pilmudy dagyn işledip bolsa, kowgynyň tumşugyna gowy kakyb-a bolardy! – diýip, ol turuwbaşdan maksadynyň öňüni arçap gürläp ugrady.

Tagan zabun pulemýotly gürrüňe Ýowşan garanyň pikir edişinden has tiz imrindi. Ol: «Wah, näsini aýdýaň!? Onuň ýaly ýaragyň atyp duran bolanlygynda duşman näçe güýçi bolsa-da, onuň öňünde durubam bolardy, deň durup urşubam» diýip, Ýowşan garanyň gepiniň aňyrsyna aň etmezden, onuň sözüni

nygtap ýüzugra makullady. Soňam «Ele salybam, gömübem gaýtdyk. Atyp bilýän bolmasa, ony ýük edip, göterip ýörmegiň nämä geregi bar!?» diýibem, sözüniň üstüne goşdy. Pulemýotly gepiň Tagan zabuny gyzyklandyryp ugrany belli boldy. Ýowşan gara-da geregi şoldy. Ol gepi has alyşdyrmak üçin onuň bilen gürrüňi ugurdaş sürdi.

–Hak aýdýaň, serdar! Ýene bir gün, ýarym gün ýöräp bilsek, serhetden aşarysam onsoň, ol pilmudyň bize şeýle bir geregem bolup durmaz, ol ýerde Owgan bilen atyşma niýetimiz ýok...

–Ýöne şu bir güni, ýarym güni-de geçirmekde gep bar! Ýüz beren ýerinde duşmanyň şahyna berlibem-ä dur welin. Ýöne onuň güýjem ýetik, ýaragam gurat-da. Pida, ýitgimiz bolsa şol artyp gidip otyr. Görülýän görgülerem onuň üstüne...

Gürrüň aýlanyp, öwrülip şu ýere ýetende Ýowşan gara tutan maksadyna ýetmek üçin, çemelän emel topuny onuň başyna atmaga amatly pursadyň gelenligine düşündi. Ýöne ol bu gep soňra şübhä alnyp, onuň aňyrsynda bir pygyl-pirim bardyr diýlip, pikir etdirmezlik üçin, öňe sürlen pikiriň has ynamly bolmagy üçin ol ony özi aýdyp, öňe sürenden işan aganyň agzy bilen aýdylanda has ynamly boljagyna ynanypdy. Sebäbi Tagan zabunda hemmeler ýaly işanyň sözüniň Gurhan, Alla bilen baglydygyna ynanýardy. Şonuň üçinem ol muny hut şeýle etmegi işanyň özi bilen ozal maslahatlaşyp bişiripdi.

Gep şu ýere ýetende Ýowşan gara Tagan zabunyň aşagyna atylan halyça düşegiň bir gapdalynda tesbi sanap oturan işana sala salyjylykly ýöriteläp gözledi. Işanam oňa düşündi. Tesbi sanamasyny birbada togtadyp, Tagan zabuna öz tebigatyna mahsus sylanyşykly, sala salyjylykly ýüzlendi.

–Serdar, diýýän-ä bizem ýa «Taýak gelýänçä ýumruk» diýlenini edäýsek, nähili bolarkan?

Işan gepi aýlawlyrak salansoň, Tagan zabun birbada onuň näme diýjek bolýandygyna düşünmedi. Işanyň ýüzüne dikanlap, onuň aýdyp gutarmadyk sözüni böltedi.

–Ol nämäniň taýagy, ol nämäniň ýumrugy, işan aga?!

–Men pilmudymyz-a bar, bizem şony öz aramyzdan atyp bilýän tapylýança, ony şol Agdarhan serdaryň goşundaky emelini bilýän gyzyl komissary getirip, şoňa atdyrsak, nähili bolarkan diýjek bolýan? Onsoňam ol eýýäm onça duşmany gyran bolsa, indi ol ýerdäki oklarynam atyp gutaran bolmaly. Pilmut okuny atyp gutaran bolsa, indi olara onuň şeýle bir derkarlygy-da bolmaly däl. Otrýad bolsa sykyjyga salyp, yzymyzdan söbügimizi sydyrdyp gelýär. Agdarhan Potradan şony wagtlaýyn sorap alyp, bu ýerde ulanaýsag-a kem bolmazdy. Biz tarapdanam pilmut atsa, ol duşmanyň gylawyn-a alardy!

Bu gep Tagan zabuna «Türkmeni dürtmeseň, duýmaz» diýleni bolup, o-da duşmanyň hakyndan çykyp boljagyna tama döretdi.

Bu bolsa Ýowşan garanyň töwerege aýlap guran mekru-alynyň ýol alyp ugramagy boldy.

Tagan zabun şondan soň haýal etmän, pulemýotly meseläniň ugruna çykdy. Agdarhanyň üstüne atly ýollanynyň yzysüre ýene-de iki adamy «Gömen ýeriňizden tapyp getiriň!» diýip, pulemýotyň ugruna çykardy. Bu ýagdaýy öz peýdasyna ulanmagy ozaldan niýet edinen Ýowşan gara-da şonda çen-çak bilen, ol ýeri özüniň gowy bilýänligini, şol golaýda soň gereklenende tapar ýaly bellik hem edip gaýdanyny aýdyp, özi gitse, bu ýumşuň has tiz bitjegine Tagan zabuny ynandyryp, o-da pulemýoty getirmäge gidenlere goşuldy.

Bu mahala çenli eýýäm kör garaňky düşüpdi. Baýyr-depeleri gije donunyň, synynyň aşagyna geçip, tüýslerini üýtgedip, alagümana salgymlara öwrülipdiler. Gijelerine güýzi ýatladyp, çigräp ösýän Bathyz şemaly, ýer üstündäki çerkez-çetiniň şahalaryny hallan atdyryp ösýärdi. Bir ýerlerde agzyny ýokary tutup, ganly gapyrganyň islegi bilen, ýola çykan möjegiň sesi hem häzir mahal-mahal çölüň içigip aglaýan agysy bolup eşidilýärdi.

Gömlen pulemýotyň ugruna gidenler goşdan biraz ara açansoňlar, Ýowşan gara beletsiräp, beýemçiligi dessine öz

eline aldy. Soňra-da başagaýlyk döretmek üçin bile barýan ýoldaşlarynyň ekabyrraklarynyň biri: «Pulemýot gömlen ýer, göwnüme bolmasa, biraz ileräkde ýalydy-la» diýenine-de seretmezden, ekabyrsyrap, onuň nirede gömlenini özüm gowy bilýän diýip, olary kowgyň gelýän ugry bolan Sarahs, Tejen tarapa yzyna düşürip äkitdi. Atlar bir salym gorgunyna sürlensoň, Tejen otrýadynyň dynç alyp ýatan esgerleriniň töweregini goraýan garawullarynyň biriniň gapdalyndan gelip çykdylar. Garawul atlylaryň salgymyny görüp, öz ýumşa giden ýoldaşlary gaýdyp gelýändir öýdüp: «Geliberiň, geliberiň?» diýip seslenen mahaly Ýowşan gara bada-bat mauzerini çykaryp, onuň üstaşyry asmana iki sany oky yzly-yzyna goýberdi.

Birazdan bu okuň dem-dynç alyp ýatan otrýady örüzenligi belli bolup, aýak aldygyna birnäçe ýerden gaçyp barýanlaryň yzyndan ok atylyp başlandy.

Ýumşa giden atlylar şundan soň dessine yzlaryna serpilip, gaçyp gutulsalar, kaýyl boldular.

Ýoldaşlaryny ýeňseden goraglaýan ýaly bolup yzdan gelýän Ýowşan gara öňden barýanlar tezişip-tazygyşyp, biraz özünden ara açansoňlar, azaşan bolup, at başyny Guşgy tarapa öwürdi-de, beýleligine ýumlukdy. Beýdip bilniksizden ogryn-dogryn ýitmek Ýowşan gara, elbetde, goşa dolanyp barlan mahalynda «Duýdansyz duşman üstünden bardyk, ok ýagdyryp kowup ugradylar, gaçyp sypsak, kaýyl bolduk, azaşdyk» diýmek üçin gerekdi.

Ýowşan garanyň pikiri häzir şol getiriljek pulemýotçydady. Gyzyl komissaryň yzyndan gidenler ol ýerde oňa-muňa baryp, eglenç edenlerinde hem ýarygijä galyp-galman, yzlaryna dolanyp gelmelidiler. Göç toplumlary Gyzylgaty belentligi geriş bolup, öňden çykansoň, ikä bölünip, olaryň hersi onuň bir tarapyndan ýöremeli bolupdylar. Gyzyl komissar gelip, pulemýotyň arkasyny ýaplansa, göçüň Tejen otrýadyna hezil bermejegi ikuçsuzdy. Pulemýot gömlende onuň düzüm-düzüm oklarynam şol ýerde bile gömüpdiler.

Ýöne Ýowşan garanyň üstüne abanyp gelen howp-hatar diňe bu-da däldi. Onuň komissar özüni görüp tanar, ähli syr äşgär bolup, Tagan zabunyň gazabyna duşaryn gorkusy bardy. Şonuň üçinem ol gyzyl komissary goşa ýetirmän, alyp ýatmasa, özüniň ýeserlik bilen oýnaýan bu karam oýnunyň näme bilen gutarjagyny diýseň gowy bilýärdi. Oňa biraz göwünlik berýän zat, komissaryň kastyna çykmakdaky guran duzagyna işler ugruna bolup, Tagan zabunyň öz adamlary bilen düşüp barýanlygydy.

Ýowşan gara pulemýotçy gyzyl komandiri alyp gelýänlere duşaryn diýip, çen eden ýerine şol gaçan bolup gelşine hiç ýerde durman, at derledip ýetdi. Bu ýer Sarahs, Owgangädikdir Guşgy tarapdan gelýän çöl içindäki üç ýoluň çatrygydy. Ýowşan gara şu ýerde töweregi aýlanyp, hüşgärlenip mahal-mahal gijäni siňňin synlap, geljeklere garaşyp boluberdi.

Hamala hemme zat uka gidene meňzäp, çöl asudady. Gijöýlänler ot-çöpüň etegini galgadyp-göterip öwsen Bathyz şemaly indi karar tapyp köşeşipdi. Doganda tegelenip çölüň depesine göterilen Aý hem indi töwereginde gaýma-gabaw bolup duran gara-gura çalpawlardan sabap, bezenip-beslenip, öýden çykan, kalby joşgun höwesli gelin deý mynasybet tapyp, hasam nurlanypdy.

Ýowşan gara bu ýerde garaşýan adamlaryna köp garaşmaly bolmady. Mary-Guşgy ýolunda topbak atlynyň salgym atyp, sudury göründi. Atlylar onuň çen edişi ýaly üç däl-de, dört bolup gelýärdiler. Agdarhanyň baranlara gyzyl komissary şeýle berip goýbermän, ätiýaçlyk üçin ýanyna «ýüwrüji» hem goşanlygy düşnükli boldy. Ýowşan gara şundan soň göze ilmezlik üçin dessine atyny jylawyndan tutup, onuň bilen golaýdaky depäniň ýeňsesine aýlady. Nädeňde nähili boljagyny ýene bir gezek pikirinde aýlap, ýagdaýyň amadyny peýledi. Atlylary görünmän gizlenip, soňam olaryň golaý gelerine garaşyp ýatdy. Gyzyl komissardan şu ýerde dynyp, ony belli-külli aradan aýyrmasa, soňra munuň ýaly amatly pursadyň aňsat bolmajagyny, gökdäki

bulutlaryň ykbalynyň olary sürüp gelýän şemalyň öwsüşine bagly bolşy ýaly, öz ykbalynyň hem şu göwne düwen matlabyny alyp çykyşyna baglydygyny ýene bir gezek özüne ýatlatdy. Atlylaryň nireden geçjegini, özi nireräkde nähili hereket edende amatly boljagyny çen edip ölçerdi. Gijä diň salyp, töweregini siňňin synlady. Gözýetimde gije ýorganyny üstüne çeken Pendi baýyr depeleriniň ikisi bir-birlerinden uzak bolmadyk aralykda salgym atyşyp, nämedir bir garamtyl çal zady bürenişen ýaly bolşup otyrdylar. Aýlanyp asmany gezip ýören Aýyň ýeňsesinde birnäçe asmandan asyl-asyl bolşup duran toplum bulutlar görünýärdiler. Şonuň üçinem nurana Aý birde şol bulutlaryň gujagyndan sogrulyp çykyp gelýäne, ýene birde bolsa göwün söýen ýigidiniň gujagyndan çykyp gelýän kalby joşgunly gelni ýada salýardy. Gyzyl komissary getirmäge gidenler indi nireräkden geçerkä? Ýa-da başga bir ýol bilen geçip gidiberermikä!? Ýok, biziň goşa tarap barýan bolsa-ha ol şu ýerden geçäýmelidir, başga ýol barmy, eýsem? Bu pikirler Ýowşan gara belli bir derejede hem kanagat, hem takat berdi. Onuň ýogsam häzir diýseň, çilim çekesi gelýärdi, indi bireýýämden bäri dişleri syrkyrap durdy. Ol hatda göwnüni bölüp, eýýäm temmäki haltasyna-da birki gezek el ýetiripdi. Emma çilim ysynyň arassa howada ummadan baryp çykjagy, munuň ysyny alanlara islese, islemese, öz ýatan ýerini salgy bermek boljakdygy her gezek ony raýyndan gaýtardy. Şu pursatda Ýowşan garanyň biynjalyk kalbynda bir görseň-ä çaklama aldym-berdimli pikirler, ýene-de bir görseňem, göç adamlaryna özüni giňden aýlap guran duzagynyň towlap-towlamazlygy baradaky pikirler möwç urýardy.

Ýowşan gara şundan soň atym alyp, bukulyp ýatan ýerinden bukdaklap, göç edip, atlylary atyma getirmek üçin has amatly hasap edip, başga bir ýere göç etdi. Bu ýer gizlin bolşy ýaly, ol adamlaryň geçäýjek ýerlerine hem has golaýdy. Bu bolsa okunyň boş geçmezligi üçin juda zerur zatlaryň biridi.

Atlylar golaý gelende Ýowşan gara Aýyň ýagtysyna ýagşy synlap, olaryň haýsy birisiniň şol göçe ýesir düşen komissardygyny seljerdi.

Komissar göçi jemläp gelýän soňky atlynyň biraz öňünden gelýärdi. Dördüň içinde ýany ýaragsyz, sopbaş gelýän hut şoldy. Ýowşan garanyň synçy nazary ony dessine anyklady. Bu oňa gerek şol gyzyl komissardy. Ýowşan gara ony anyklap, ýiten kelebiniň ujuny tapan deý muňa öz ýanyndan diýseň begendi. Ýowşan gara bu amatly pursady sypdyrasy gelmedi. Ýagşy çenenip, yzly-yzyna iki oky goýberdi. Gyzyl komissar janhowluna düşnüksiz dilde bir zatlar samrap, münüp barýan atynyň boýnuny biygtyýar gujaklady. Ýowşan gara soňundanam duşmanyň birinden dynsam, bir peýda edip, yzdan topary jemläp, ýaragyny öňüne basyp gelýän atly heniz okuň nireden gelýänine oňly aňyp-aňman, alys-gopaslykda onuňam kükregini garaltdy. Öňden barýan iki atly ýeňselerine dolanyp, onuň haýsy tarapdan gelýänini bilip alansoňlar öz tarapyna ok atyşyp ugran mahaly Ýowşan gara yza çekilip, ýeriň pessi bilen zut gaçmak bilen boldy. Atlylar näme-nämeleriň bolanyny anyklanýança Ýowşan gara eýýäm atyny bukuda goýan ýerinden alyp, elem-tas bolup, ýeriň pessi bilen ümdüzine gaçyp barýardy.

Ýowşan gara bu işini bitdi hasap edensoň, şondanam uly goşa tarap däl-de, pulemýotyň gömlen ýerine tarap howlukdy.

Ol kowga düşüp gaçan ýoldaşlarynyň soňra dolanyp, ol golaýdan pulemýoty gözlemäge milt edip bilen däldiklerini, goşa ellerini burunlaryna sokup boş barandyklaryny çen edýärdi. Haçanda ol pulemýoty gömlen ýerinden gözläp tapan mahaly öz çeniniň dogry çykanlygyny bildi. Ol pulemýoty atyň öňüne alyp, iş bitirip gelensoň, duşmanyň gazabyny ýoldaşlaryndan sowmak üçin özüniň Sarahs tarapa gaçyp, olary aldawa salmaly bolandygyny çyna berimsiz edip gürrüň berdi.

...Agdarhan Potranyň goşuna ýumşa giden atlylar hem şol gije pulemýotçynyň ýerine iki sany meýidi ata ýükläp, ýüzügara bolup dolanyp geldiler.

Häli-häzir-ä görünmese-de, göç yzyny dolap, duşmanyň ýene bir ýüz beräýmegi ahmal hasap edilýän Sarahs tarapyny goraglap barýan adamlar indi gyzyl goşun bölümlerinden şeýle bir uzakda hem däldiler. Tizarada uzak ýörelmänkä, onda-munda göç adamlary görnüp ugradylar. Komandir Stepanow şundan soň ýeneki göç güýçleriniň hem olardan uzakda däldigini pikir edip, esgerlerini olaryň yzyndan halkalaýyn hüjüme alyp gitdi. At salşyp gelýän gyzyl esgerleriň ilkinji duşany Tagan zabunyň göç yzyny jemläp barýan topary boldy. Haçanda Tagan zabun gyzyl esgerleriň at salşyp, hüjüm edip gelýänlerini gören mahaly at başyny çekip, ony yzyna dolady. Hökümli ses bilen töweregini gyssagly uruş düzgünine çagyrdy: «Ýigitler, hany çakganlaşyň-da, jemlenişiň tiz, bulara bir Görogly agamyň wellemşaha oýnuny görkezip alalyň» diýip çakylyk etdi.

Tagan zabunyň özi-de Göroglynyň wellemşaha oýnunyň nämedigini anyk bilmese-de, duşmany güýç jemläp urmak isläp, bu buýrugy buşluk gepi bar ýaly öjügip, gylawlanyp aýtdy. Şeýle wagt aýgyt hem gaýduwsyzlyk talap edýän mahalynda onuň özüne hossar çykjagyna ynanyp, Göroglyny ýatlamak onuň endigidi. Haçan-da bir gezek giňişlikde adamlaryň biri ondan: «Serdar, bu gepi seniň aýdaýmaň bar weli, wellemşaha oýnuny seniň özüň nähili göz öňüne getirýärsiň?» diýip soranda, ol özüniň dabyr-duburrak häsiýetine görä: «Wellemşaha... bumy, bu wagtynda duşmany alkymlap, soňam onuň şahyny döwmek diýmekdir» diýipdi.

Bu gezegem Tagan zabun çagyryş hökmünde bu gepi aýdanyndan töwerekdäki atlylar atlaryna jüp gamçy basyşyp, bada-bat onuň töwereginde jemlenip ugradylar.

Gyzyl esgerler gözýetimde olaryň donlarynyň synlarynyň howada ýelpildäp gidenini görüp-görmänkälerem, Tagan zabunyň

adamlary garaşylmadyk tizlik bilen gyzyl esgerleriň alkymda peýda boldular. Şol atylyşyp gelişlerine-de, otrýadyň öňdäki bölüminiň arasyna kürsäp urdular-da, olary ikä bölüp, ara alyp uruşmak üçin özlerine amatly ýagdaý döretdiler. Urha-urluk başlandy. At üstünde donlaryna ýel dolup gabaryp, has ulalan ýaly görünýän gaýduwsyz ýigitler şu pursatda gyzyl esgerleriň gözüne döw ýaly gorkunç hem gödek göründiler.

Gyzyl esgerleriň arasynda şeýdip, bir köwsar uransoňlar, olar ýene-de öňki gelişleri ýaly, duşman aýňalyp ýetişip-ýetişmänkä ýyldyrym çaltlygynda yzlaryna dolandylar.

Itlerini doňza salan awçа meňzäp, göç goragy bilen bolýan urşy gapdalda bir depäniň üstünde dürbi tutup, synlap duran Stepanow bu ýerde pulemýot işletmäge mümkinçiligiň ýokdugyna, eger şeýle etse, bu garma-gürmelikde özüniňkileri hem paýhynlamaly boljagyny pikir edip alaçsyzlygyna kejikdi. «Pulemýota bir gerňäp bolsa, bularyň dätdesini ýaksa bolardy» diýip ahmyrly oýlandy. Şu pursatda oňa öz esgerleriniň hereketi duşman hereketinden has emelsiz we haýal göründi. Tagan zabun dagy etjegini edip, yza çekilensoň, Stepanow bu urdumşalyk eden göç goragy uzak gitmänka, onuň yzyndan tiz ýetmek üçin, öz bölümlerinden atdan düşmän hereket etmegi talap etdi.

* * *

Tejen otrýady göçi ýetip, onuň ýoluny kesmäge gyssanýan-da bolsa, Annamyrat Potra özbaşdak töwekgel hereket edip, topary bilen göç goragynyň gazabyna uçrandan soň, komandir Stepanow indi hüşgärligi elden bermän, ähli bölümleriň hereketlerini sazlaşykly gurnap ýöremäge çalyşýardy.

Ol ortaky toparyň öňünde at ýorgaladyp, töweregine ýeňiljek syn taşlap barşyna, göç yzyndan ol serhetden aşmanka hökman ýetmelidigini, onuň eýýäm käbir ýerlerde serhede ýetiberendigini, ýetmese-de golaýlaberenligini pikir edýärdi. Özlerine dörän amatlylyk hökmünde göçüň açlyk-suwsuzlykdan barha haldan

gaçýanlygyny, esgerleriň hüjümine gaýtawul bermäge indi olaryň ýagdaýynyň hem bolup durmajagyny, şonuň üçinem öz bölüminiň öňde goýlan wezipäniň aňsatlyk bilen hötdesinden gelip biljekligi barada hem oý edýärdi. Şeýle-de bolsa ol bu garma-gürmelikde her hili ýagdaýyň bolmagy mümkindiginden hasap tutup, ahmal galmazlyk üçin, goşun hereketiniň tertibine birnäçe özgertmeler girizdi. Bir pulemýotyň göç eline düşüp, özlerine garşy atyp, Guşgy tarapdan gelen goşunda köp zaýaçylyk edenligini eşidipdi. Şonuň üçinem ol yzdan gelýän pulemýotçy topary öz toplumynyň arasyna geçirip, gerek bolanda duşman eline düşmeginiň öňüni almak üçin, olaryň hersiniň gapdalyna ýörite kömekçiler belläp, onuň daşynyň goragyny hasam berkidipdi. Öz göwni ýetýän bölüm komandirleriniň biri, kelteden gelen, eginlek, eýer üstünde guýlan ýaly bolup oturýan pişikgöz Gurtanowy tiz hereket edip, Annamyrat Potranyň gelmeli edilen ýerinden gelip, oňa derek göçe Sarahs tarapdan hüjüm etmekligi tabşyrdy. Söweş mahaly birek-birek bilen gerek boljak hyzmatdaşlyk etmäge Mary-Guşgy otrýadlary bilen habar gatnaşyklary ýola goýuldy. Azyndan bäş-alty menzildäki Mary otrýadynyň göç yzyndan ýetip, söweşler alyp barýanlygy barada habar gelip ýetende Stepanow atyny ogurladyp, emelsizligi bilen gözden düşen Petragyň täzeden eline düşen atyny säpjedip ýörenligini göz öňüne getirip: «Bu gezek ol ozalky säwliginiň hakyny alypdyr» diýdirmek üçin, onuň göç goragy bilen juda öçli uruşjagyny hem bu meselede ondan kem oturmaly däldigini özüne ýatladýan hörpde pikir etdi.

Bathyz düzlüginiň aralygynda al öwsüp, özge baýyr depelerden özüniň üýtgeşikligi bilen dag bolup seleňläp, ýerden göterilip oturan Gyzylgata ýetenlerinde onuň sag etegine aýlanyp-aýlanmanka otrýad gyssag arada ýygnalynmaga ýetişilmän goýlup gidilen adam jesetleriniň üstünden bardy.

Çary Perman ýatan merhumlaryň geýim-geýniş lybaslaryndan tanap, olaryň öň öz pikir edişi ýaly, Tejen öwresiniň adamlaryna degişli bolman, ýomut türkmenleriniň geýnişine dahylly

lybaslardygyny anyklady. Göçüň uly bir böleginiň ýomut taýpasynyň adamlardygyny ol bilýärdi.

Adam jesetleriniň beýlerägindе ölüp galan düýeler Owgana ertilip, dikmäge niýetlenilip alnyp barylýan öýler ugy-tüýnügi ähli zady bilen ýykylan ýerinde düňderilişip ýatyrdylar.

Komandir Stepanowyň pikiri dogry bolup çykdy, birsalymdan otrýad Garaşor çöketligine inip barýaka, ýene-de uly göçüň yzyndan ýetdi.

Tagan zabuna dönüp söweşmekden başga ýol galmady. Tizdenem Gyzyl Goşunyň diňe bir ýeňsedenem däl, olaryň bir toplumynyň Sarahs tarapdanam ýygyn tutup gelýändigi belli boldy. Tagan zabun munuň iki-üç tarapdan gelinmeginiň duşmanyň özlerini aljyraňňylyga salmak üçin ýörite guran pirimidigine düşündi. Bular bilen urşy nähili alyp barmalydygyna oý salan wagty ol ýene-de: «Şeýle ýagdaýda han dädem nähili hereket ederdikän!?» diýip, bir pursat Jüneýit hany ýatlady.

Şeýle ýagdaýyň boljagy göz öňünde tutulyp, ýomut türkmenleriniň güýji esasanam iki bölege bölünip, hereket etdirilmesi bardy. Bu bölümler bir-birlerinden esli bir derejede uzaklykda bolsalar-da, gerek mahaly ýetişip, bir-birlerine kömek bermek mümkin bolan ýerlerde bolardylar. Olaryň bir-birleriniň töweregindе öwrülişip ýöreýändikleri üçin bu usula pyrlampaç urşy hem diýerdiler. Toparlaryň birinjisi ikinji topardan has uly bolup, ol adam güýjünden başga-da gerek boljak azyk-suwlugy, mallar üçin ot-iýimi, içiljek suwlaryň bir bölegini özünde jemlän bolardy. Her hili asgynjaňy ýetik bolansoň, bu topar ikinji topara görä biraz haýal, şol bir wagtda hem tutumly hereket ederdi. Toparlaryň ikinjisi – bu bolsa çawjap, çalt hereket etmeli atly toplumdy. Jüneýit hanyň beýle çaknyşyklarda özi goşunyň dürli ýerlerinde bolup, bolýan ýerini gizlinlikde saklap, garşylykly söweşleri giňden ýaýbaňlandyryp, toparlaryň hereketlerini sazlamaga mümkinçilik bererdi. Uçýan ýaly bolup, tiz hereket edýän toparyň başynda hemişe hanyň öz göwni ýetýän gaýduwsyz

batyrlary bolardy. Şeýle adamlaryň biri-de çölde gyzyl esgerleri «Şaltaý-baltaý, ne nado...» diýdirip, gan agladan Şaltaý baga bolupdy.

Tagan zabun ýagdaýy ölçerip-dökensoň, bularyň garşysyna iki güýjüň hem hereketini sazlap, olar bilen gaçyp-kowubrak uruşsa, kem bolmajagyny anyklady.

Töweregine adamlaryny toplady. Adamlar onuň özlerini bu çaknyşykdan alyp çykjagyna ynanýan ýaly başdan tamaly seredişdiler. Onuň öňünde at jylawlaşyp, Işan, Ýowşan gara, Düwdek batyr ýaly sala düşünýän adamlar hem durdular. Tagan zabunyň matlabyny adamlaram göwnejaý edip makulladylar. Bu bolsa tebigaty göçgünliräk Tagan zabuna özboluşly goltgy boldy. Ol: «Gyzyllar iki-üç tarapdan gelip, siziň başa syrtmag-a salmasyna saldy welin, ýöne ony çekip, bogup ugramankalar ondan sypmagymyz gerek, onuň üçin bolsa biziň aldyrman-ýoldurman, häzir gaça urşup, belli bir aralyga çenli çekilmeli. Şonda biz uly topara hem belli bir derejede ýakynlaşarys» diýip, güýçleriň jemlenmegine bil baglady. Duşman bilen atyşyp, yza çekilmegi talap etdi. Aradaky bar bolan açyklygyndan peýdalanmaga çalyşdy. Emma komandir Stepanow hem beýdip atymyna getiren duşmanynyň yzyndan galasy gelmän, dessine Tagan zabunyň atlylarynyň yzyndan kowgy saldy. Onuň pikiriçe, atlylar sap atyp gaçsalar-da, olar bary bir uzak gitmeli däldiler. Sebäbi göçüň öňi hem indi öz yzyndan gelýän goragyndan uzakda bolmaly däldi. Gaçanlar-da zor gitseler, şol göçüň golaýyna çenli gaçmaga mümkinçilik bolmalydy. Şondan soň olaryň islese-islemeseler-de, dönüp, dogry durup, söweşmeden başga ýoly ýokdy. Haçan-da komandire Sarahs tarapdaky güýçleriň garşysyna ýene bir goşun güýjüniň peýda bolanlygy, olaryň göç yzyna gaýdan ýaly bolup gelýändiklerini habar berlen mahaly, ol döwüşmegiň nobaty gelendigine düşündi.

Komandir Stepanow şol ýerde uly çaknyşygyň boljagyny çen edip, özi-de şol golaýda esasy güýçlerini jemlärmen boldy. Ol ilki

pulemýotçylar bölüminiň komandiri bilen Çary Permany şol ýere gyssagly atardy. Özi bir toplum atly bilen Garaşory ortalap sürdi. Ol häzir özüniň uruş hereketleriniň ýaýbaňlanjak ýeriniň ortasyna barýanlygyna, ol ýerden söweş hereketini sazlamaga amatly boljagyna göwün ýüwürdýärdi.

Esasy güýçler Garaşoruň ileri başyndaky ýazgynlykda duşuşdylar. Göç goragynyň arasynda sömelip, düýe münenleri-de, eşek münenleri-de bardy. Erkek adamlaryň arasynda bilini guşap, synyny guşagyna çalyp ykjamlanyp, başlary börükli, agyzlary ýaşmakly aýallar, başlary gupbaly, gupbadaşy aýlanyp, ýaglyk bilen daňlan, elleri ýaragly ulugyzlar, çawjaşyp ýören ýigdekçe oglanlar-da bardy. Olaryň hemmesi-de Allany çagyryp, şu ýerde duşman bilen bir başa dikmek niýetindäki adamlardy.

Pulemýotly topar aňyrdan uly goh bolşup, zalymlyk bilen halky paýhynlap, eňterilişip gelýärdi. Pulemýotlaryň gelmegi biraz asgynlap, götinjekläp ugran gyzyl goşuna tüýs wagtynda berlen kömek boldy. Bu ýerdäki toparyň komandiri Çary Perman bilen maslahatlaşyp, pulemýotlary gyssagly amatlydyr öýden ýerlerinde ýerleşdirip, dessine-de ýerli-ýerden göçe tarap ot açyp, tutanýerlilik bilen söweşe başladylar. Şeýle-de bolsa, pulemýotlar hem aňyrdan sil bolup düňderilip, kelläni orta goýan gaýduwsyz adamlaryň öňünde uzak durup bilmän, ökje ogurlap, yza çekilmäge mejbur boldular. Göni garşydan, garşylaryndan tiz hereket edip gelen atlylar heniz howpsuz aralyga çekilip ýetişmedik bir pulemýotyň üstüni birnäçe pida berenine seretmän güpbasdy etdi. Pulemýotyň ýanyndaky esgerleriň diňe biri ot alan ýaly gaçyp, zordan başyny gutardy. Ikinji pulemýot ondan elli-altmyş ädimlikde gurlupdy. Haçan-da gyzyl esgerler bir pulemýot nokadynyň alnanyny görüp, onuň gününe düşmezlik üçin, pulemýoty süýräp yza çekilmekçi bolan wagty onuň golaýynda duran Çary Perman bu ýagdaý bilen düýbünden ylalaşmady. Ol gapdaldan ylgap geldi-de, süýrelip ýeňsä çekilip ugralan pulemýotyň syrtyna özi geçdi. Pulemýot takyrdap, hopugyp gülle

ýagdyrmaga başlady. Aňyrdan dazyrdaşyp ýetip gelýän atlylaryň aýagyna bir zat çolaşýan ýaly bolşup tüwdürilişip ugradylar.

Gyzyl goşun bölümleri şu pursatda bir aljyraňňylyga düşen ýaly hem bolsalar, pulemýot täzeden atyp başlap, arkalaryny alansoň, olar ýene-de täzeden hüjüme geçdiler. Emma ýitgi baryna çekýändiklerine seretmezden, özüni jähenneme uran göç adamlary dönüp gaçmaga synanyşmaýardylar, gaýta tersine, hamala ölüp direlýän ýaly bolşup, ýerli-ýerden galkynyp, mümkin bolan ýerlerden täzeden ýene-de hüjüme geçýärdiler.

Uruş ýagdaýynyň barşyndan hasap tutup, goşun bölümleriniň ortaragynda bolup ýören komandir Stepanow göç adamlarynyň öz ýolbaşçylarynyň yzyna düşüp, öz esgerlerine mümkin bolan ýerde aýy ýaly arlap aslyşýandyklaryny, ýagdaýy öz utuşly tarapyna üýtgetmäge çytraşýandyklaryny görýärdi.

Aňyrdan ölenini-öçenini bilmän, eňterilişip gelýän adamlary pürreleýşine, olaryň atdyr düýelerden tüwdürilip gidişleri soňabaka pulemýot atyp ýatan Çary Permanyň hoşuny tutdurdy. Ol şol ok atyp ýatyşyna kellesi gyzyp, mahal-mahal gyjalat berýän ýaly bolup gygyrybam goýberýärdi: «Hä, hä, geliň-ä, basmaçy gurrumsaklar!» Göç urşujylary şondan soň tanyş türkmen dilini eşitmekden başga-da, bir pulemýotyň ýeňsesinde başy silkme telpekli biriniň müňedekläp ýatanyny hem gördüler. Bu bolsa göç adamlarynda nädibem bolsa ilki hut şu dönügi alyp ýatmak islegini döretdi.

Çary pulemýot atmany bir çak öwrenen-de bolsa, ýöne ol şu pursada çenli özüniň beýle ökde pulemýotçydygyny bilmeýärdi. Göç agyr ýitgi çekip gyrylmaga başlady. Pulemýoty alyp ýatmasa, ýagdaýyň öwerlik däldigini görüp, Çary Permanyň ugruna gazap bilen Tagan zabunyň özi çykdy. Ilki bar bolan ok-ýaraglardan pulemýota garşy ok atmagy talap etdi. Onuň pikiri bu atylýan oklar alyp ýatmasa-da, belli bir wagta çenli gyzyl esgerleriň bir bölegini howply ýer hökmünde öz töwereginde güýmemelidi. Bu bolsa Tagan zabunyň soňky eden pikiriniň amala aşmagyna belli bir

derejede peýda etmelidi. Ol bir topar atla baş edip, göçüň öňünden ýöreýän Amansähet serdary häli çaknyşyk başlanmanka duşmanyň ýeňsesinden gelip urmagy tabşyrypdy. Komandir Stepanow uly otrýadyň dürli ýerlerdäki bölümleriniň arasynda bolup, dürbüläp, urşuň ýadaýyny synlap ýörşüne indi göçüň öz urgusynyň öňünde uzak durup bilmejegini çen edip, bu işi tizräk tamamlamagy maksat edinýärdi. Onuň pikiri bu iş çepdäki atly bölümini hem pulemýot bölümiň ýanyna geçirip, güýç birikdirilende, ol ýeňşi gutarnykly tamamlamalydy. Göç güýçlerinden asgyn gelerin, kömek sorap, töwerege ýüzlenmeli bolaryn diýen pikir indi ýatdan çykypdy. Gaýta, ony häzir Petragyň topary nähili hereket edýärkä, onuň kör hasasyny bir aldyr edip, seresap hereket edýändigi, soňra Petrak basmaçylary çapmakda has tapawutlandy diýen tarypa eýe boljaklygy, özüniň ondan kem bolup görünýän bolaýmaýyn diýen bäsdeşlerçe pikirler oýlandyrýardy.

Ot-çöpleriň başlaryny yralap, ýapy-depeleriň üstüni tozadyp, ösüp ugran gan ysly Bathyz şemaly bolsa indi barha güýçlenmese, peselerli däldi. Gaýta ol mahal-mahal çöl üstünde dällirän öküz ýaly öňünden çykan zady şahlaryna mündürip, silip urup düwläp barýan harasada öwrülerli görünýärdi. Ol şundan soň adamlaryň göz açyp-ýumma, görüş ýagdaýlaryny hasam kynlaşdyrdy. Tupan buludynyň dag bolup, abanyp gelmegi pulemýotyň arkasyny ýaplanyp ýatan Çary Permanyň hem kejebesini daraltdy. Indi göç adamlary çaň-tozan içinde salgym atyp, ýene birde bolsa tozan-topluma garyşyp, diýseň, bulaşyk görünýärdi. Onuň bolsa göçi oka tutup, olaryň orulyşyp ýykylyşlaryny görüp, lezzet tapma bilen hasam paýhynlasy gelýärdi. Indi pulemýot haýsydyr bir päsgelçilige uçraýan ýaly bolup, harasada gatylan milleti kynlyk bilen saýgaryp, ýaltalaç üzlem-saplam seslenýärdi. Hatda Çary Perman bu apy-tupanyň arasynda göçüň ýaragly adamlarynyň buýrugy bilen öz kastlaryna ýörite çykyp, çaň-tozan arasynda pyrlanýan ýaly bolup, ýakyn gelenlerini hem duýman galdylar. Olaryň biriniň atan oky Çary Permanyň silkme telpegini alyp

düşdi. Çary Perman göç adamlarynyň özüniň türkmendigini bilip, öz halkyna ok atýan dönük hökmünde özüni alyp ýatmakçy bolýandyklaryny duýdy. Derrew «Essiň barka, etegiňi ýap» edip, çem gelen çöpe, gerşe bukulyp, gaçmak bilen boldy.

Gazapdan ýaňa onuň henizem ysytmalynyňky ýaly biygtyýar titreýärdi. Gyzyl esgerler ýene bir salym özleriniň ýeňip, üstün çykmak bilen bagly islegleri bilen hoşlaşaslary gelmän, duran-duran ýerlerinde üstüne sürnüp gelýän göç goragy bilen erjel söweşdiler. Esgerleriň arasynda baş gutarmak aladasy bilen eýýäm yza çekilişip, gaçyp ugranlary, okdan uçýanlary az däldi.

Bu ýagdaý şeýdibem komandir Stepanowyň ynanan ýeňiş baradaky pikirine täzeden düzediş girizmäge mejbur etdi. Ol göç hüjümini gaýtarmak, onuň başyna ganly oýun salmak üçin iberen adamlarynyň hüjümiň öňünde durup bilmeýänini görüp, diýseň lapykeç boldy. Surnaý çaldyryp, soňan olara goşuna yza çekilmelidigini habar berdirdi, ol şeýtmese, bu başagaýlykda ähli güýçlerini paýhynlatmakdan elheder alyp gorkdy.

Tagan zabun tüýdük sesini eşidip, duşman esgerleriň duran ýerlerinden sypba-sypba sypyrylyp, yza çekilip ugrandyklaryny görüp, uzak wagt geçmänkä o-da «Gaçany kowujy bolma» edip, eger atalaryň bu akylynyň üstünden ätlese, özlerini hem bir bela duşaýjak ýaly görüp, hülümi togtatdy. Dessine-de ol öz halkyny hezil edip gyran türkmen pulemýotçynyň meýdini töwerekden ýörite gözletdi. Ol pulemýot sesini haýalladansoň, onuň syrtyny ýaplanan türkmen ölendir öýdüpdi. Emma Çary Permanam kiçiräk ýara bilen gaçyp sypanlaryň biri bolupdy. Tagan zabuna adamlaryň biri onuň keseligine dil ýaly edilip, maňlaýyna gyzyl mata berkidilen içinden ok geçip, guma bulaşyp ýatan silkme telpegini tapyp getirdi. Ony getiren jortmak kelte ýigit:

– Tagan däde, ine, ol öz türkmenimiziň telpeg-ä ýatan eken! – diýip, oňa uzatdy.

– Gaçyp ýetişen eken-ow haramzada. Wah, men onuň meýdini ata süýredip, hezil etjekdim ahyry – diýip, Tagan zabun

onuň sypanyna ahmyr etdi. Gahar ugruna-da ony eliniň tersi bilen honda zyňyp goýberdi.

Soňam ýeňlip, ala tozana çolaşan ýaly bolup barýan duşman yzyndan kanagat tapma bilen gözläp durdy.

Tebigatyňam wagtynda harasat göterip, gum tozadyp, bolup bilenini bolup, hak iş ýolundaky halky özüçe gorandygyny, ýoly dowam etmäge mümkinçilik berenligine onuň häsiýetinden çen tutup ynandy.

Göçi yzarlap kowgy bolup gelýän otrýadlar şol gün onuň özlerine eýgertmän, serhede ýetip barýanlygyny mälim edip, yzly-yzyna kömek sorap, Aşgabada, Mara  ýene-de gyssagly habarlar atardylar.

* * *

Dogrusy, aňyrdan ýagşy uruş şaýyny tutup, ýaragyny besläp, göçi kowup gelýän Gyzyl Goşun bölümleri nämä garaşsalar-da, beýle görlüp-ýeşidilmedik garşylyga garaşmandylar. Göç her gezek çaknyşyklarda agyr ýitgiler çekýänligine seretmän, Gyzyl Goşun hüjümlerini edermenlik bilen yzyna gaýtarmaga hötde gelýärdi. Şeýdibem, Gyzyl Goşun komandirlerine göçi öz pikir edişleri ýaly, bilniksizden, ýeňillik bilen ýok edip bolmajagy belli boldy.

Başgaça, has güýçli çäre tapylmasa, Gyzyl Goşun «Göçi paýhynlamaly, her zat etmeli, serhetden geçmegine ýol bermeli däl!» diýen buýrugyny ýerine ýetirip bilmejegi, muňa seretmezden, hüjüm häzirki ýagdaýda dowam etdirilende, munuň Gyzyl Goşuna köp ýitgiler çekip, agyr düşjegi ikuçsuzdy. Gyzyl komandirleriň şundan soň, islemeseler-de özlerini başarnyksyz görkezip, kömek sorap, ýokaryk ýüzlenmeklerine, alaçsyzdyklaryny boýun almaga mejbur bolupdylar. Bu bolsa soňra oduň ölçerilip, onuň garaşylanyndan hem has uly oda öwrülmegine sebäp boldy.

...Bu gezek has eýmenç gabahatlygyň boljagyny hemmeden ozal çöl beýewanda dokunyşyp gezip ýören zakyja gargalar aňdylar. Olar Guşgy tarapdaky baýyr depeleriniň biriniň arkasyndan atylyşyp duýdansyz peýda bolşup, nämedir elhenç bir zatdan elheder alandyklaryny mälim edişip, «gakda-gak» bolşup, howlukmaç asmana göterilmek bilen boldular. Gargalaryň bolşuna ünsi düşen adamlar olaryň ýönelige beýle basga düşüp gagyldaşmaýandyklaryny bilseler-de, ýöne birbada olaryň bu bolşuna düşünip bilmediler.

Üstüne ýürek edilen düýäniň üstünde çülpe agtyklaryna gözbulak bolup oturan kempir, gargalaryň bu basga düşüp boluberşini halaman, derdini bölüşýän hörpde, düýäň owsaryny golunyň egremçesine salyp çekip, öňden barýan daýanykly aýala ýüzlendi.

–Gargalaryň gagyldysy artdy welin, bir harasat gopmasa-da ýagşydyr.

–Guýrugyndan tutulana döndüler özün-ä... düýbüniň çöpi bolmasa, ne ýagşy – diýip, aýal hem şol barşyna, garaglaryň bolşuna özüniňem hem üns berendigini mälim etdi. Elini gözünüň üstüne kölegelendirip, soňam gargalaryň asmanda dyr-pytrak bolşup pelesaň kakyşyp, uçuşyp baryşlaryny synlady. Süňňi syzan eýmençliginden eýmenip, doga-dilege berildi. Ululardanam beter çagalaryny alada edýänligini mälim edip kömek sorap, ýalbaryp hudaýa sygyndy.

–Çagalary bir goraweri, Perwerdigär!!!

Şeýdibem göçi kowup gelýän gyzyl komandirleriň, göçüň eýgertmän, serhetden geçip barýanlygyny aýdyp, gyssagly ataran howsalaly habarlarynyň Aşgabat-Maryny täzeden gozganlygy belli boldy.

Gargalaryň yzysüre asmanda ganat ýaýyşyp uçuşyp gelýän dört sany aýeroplan göründi.

Ömründe aýeroplan diýen zadyň garasyny görmedik, görse-de beýle ýakyndan görmedik halk: «Bolşewik guş munup, uçup ugrapdyr welin, eýgilik bolsun-da... Bäh, şol aýeroplan diýýänleri-

ow şular. ... Nädip olar beýdip, guş bolup uçup bilýärkäler!?» diýşip, şol pursatda olaryň öz kastlaryna çykan duşman emelidigini hem duýman, ony unudyşyp, geň galyşyp asmany synladylar. Aýeroplanlar göçüň günorta tarapyndan aýlanyp, Owgan serhedine ýetip-ýetmänem, şol ýerdenem ýene-de ileri başdan keserişip, Bathyzyň Owgan tarapyny eýemsirenişip oturan baýyr depeleriniň etegini syryp, biraz demirgazyk tarapa uçansoňlar, öz gürrüldi-tarryldylaryny kowalaýan ýaly bolşup, öwrülip, göni göçüň üstüne gaýtdylar.

Telim bir ýerde gyzyl goşun güýçleriniň hüjümleriniň göç goragy tarapyndan yzyna serpikdirilmegi, göçüň hele-hüle güýje ýan bermejegini belli edipdi. Göç üçin bolsa bu entek duşman belasyndan doly dynyldygy bolmasa-da, wajyplygy hut şondan kem bolmadyk kiçirägem bolsa bir üstünlikdi. Şeýdibem, bu çaknyşyklaryň hiç neneňsi bolmadyk netijesi, atylyp-çapylyp, azap baryny görüp gelýän milletde duşman nähili güýçli bolsa-da, özüni gorap biljegine özboluşlydan ýakymly duýgy döredipdi. Ýöne gyzyl goşun bu utulyşyklar bilen oňşup biljekmi!? Onda-da şeýle kämil ýaraglar, köp çarşenbäni başdan geçiren, müňlerçe durmuş oýunlaryny oýnap ýören tejribeli komandirleriňem ençemesi bar mahalynda! Şonuň üçinem gyzyl goşun öz şowsuzlyklarynyň, emelsizlikleriniň wagtynda üstüni ýapmaklyk üçin, göç güýjüniň çen edilendäkiden has agdykdygyny aýdyp, ýele-yga ýollap bilen howsalaly habarlaryny ýollady. Kömek bolmasa, göç güýjüniň öňünde durmak özlerine kyn boljagyny mälim edip, öňde goýlan esasy harby maksady ýerine ýetirmegiň mümkinçiligini güman astyna alypdylar.

Şeýdibem, bu ýagdaý Sowetleriň ähli güýçleriniň göçe garşy goýulmagyna sebäp bolupdy. Nedersiň şundan soň, göç güýjüniň öňünde durup bilmeýänligine namys edip öjügen Sowetler ähli ýaragdyr güýjüni Bathyzyň üstüne süräýse.

Bu döwre çenli Sowetler eýýäm öz duşmanlary bilen urşup, olary ýeňmek üçin daşary ýurtlardan iň täze ýarag tehnikalary satyn

alyp, kuwwatyny artdyrmaga ýetişipdi. Gaýry döwletler bilen çaknyşyklarda gerek boljagy göz öňünde tutulyp, has beteri-de, ol özüniň belli-belli serhet ýakalaryny, ol ýerdäki goşun bölümleriniň üstüni ýetirip berkidipdi. Guşgudan uzak bolmadyk Morgalada ýörite gonalga ýasap, onda aýeroplanlary uçuryp-gonduryp ugrapdy. Ol ýerde oturan saryçöplerli halky bolsa bu ýerde ekin ekere suw az bahanasy bilen tirsekläp, derýa boýuna göçüripdiler. Şeýdibem, olar keseki ýerli halky aýaga çolaşdyrman, özleri üçin bu ýerde ýaşamaga uçarmanlar obajygyny döredipdiler. Şundan bäri-de ýurduň günorta etegi hasaplanýan Guşgy töwereginiň asmanynda Sowet aýeroplanlarynyň uçup ýörenini häli-şindi görse bolýardy.

Häzirki gözýetimde peýda bolan aýeroplanlar hem hut şol Morgalaň meýdançasyndan göterilen aýeroplanlardy.

Duşmanyň ganat ýaýyp, depä çykanlygy belli bolşy ýaly-da, ol diýseň garaşylmadyk bela boldy. Göç onuň maksadyna heniz oňly aň edip ýetişip-ýetişmänkä, ol gelşine ilki milleti gyr-ýapy edip, asmandan pulemýot okuna tutup ugrady.

Aýeroplanlaryň bu hüjümi tizden göç arasynda görlüp-eşidilmedik başagaýlygy döretdi. Indi galyň bende ähli zatdan bizar bolup, başyny gutarmak üçin buky ýer gözläp, ýaýnap, elewreşip, şeýle bir gidýändir welin, agydan ölüp barýanlaryň armanly seslerinden, ýaralanyp kömek sorap, nagra çekýänleriň, ok degip aýak kakyşyp ýatan adamlaryň, at-eşekleriň, düýeleriň sesinden Pendi çöli lerzan aldy. Zähresi ýarylyp, temegine ýel alan düýeler dagy bir bögürişip gidýändir welin, eňip öňünden çykan ähli zady depgiläp, bagyryp barşyna tizden ganat ýaýyşyp, durna-gaza öwrülişip, bu ýerden göterilip giderli görünýärdiler. Sereden ýeriň az wagtyň içinde bir-birlerine çaknyşyp, leýis bolup ýatan ölen adamlaryň jesetleri boldy. Emma aýeroplanlar şol Ýeroýulanyň depesinden ganat ýaýyp uçup ýörüşlerine wagty bilen karar tapmadylar. Olaryň hüjümi bu öwrede janly-jandary goýman, gyr-ýapyr etmegiň kül-külüne düşene meňzedi.

Ýigitleriň ýerden iki-ýeke atan oklary-da olara kär etmedi. Aýeroplanlar ahyr depede aýlanyşyp, hezil edip gyryp, göwün solpudan çykdylar.

Bir salymdanam olar garaşylmadyk ýagdaýda gelişleri ýaly, ýene-de Guşgy tarapyna çekilişip, eýesini ýykanyna hoş bolan eşek ýaly hyzzynlaşyp gitdiler. Olaryň oklarynyň, ýangyçlarynyň gutararly bolanlygy, şeýdibem wagtlaýynam bolsa-da, bitiň bir bada agyz uran ýeriniň üýtgänligi düşnükli boldy.

Bu bolsa az wagtlyk bolanlygyna seretmezden, göçe özüni ele almaga mümkinçilik berdi. Indi nätmeli diýen soragdan çylşyrymly mesele göç serdarlarynyň öňünde täzeden keserdi. Howsala berlen millet aýeroplanlaryň gazabyndan gözüniň gören tarapyna gaçyp, Bathyz degresine pytrapdylar.

Aýeroplanlaryň gideniniň yzysüre Agdarhan Potra göç hereketini mümkin boldugyndan sazlamak, ähli ýerdäki ýagdaýlary anyklap, soňky edilmeli hereketleri maslahatlaşmak üçin, ýörite çapar ataryp, göç ýolbaşçylaryny öz ýanyna çagyrdy.

Agdarhan çakylyga gelenleri tükellän mahaly olaryň arasynda: «Men öläýsem, ýerimi tutaýsalar gerek» diýip, tama edýän adamlary Tagan zabun bilen Bäpbäniň barlygyny görüp, biraz-da bolsa ynjalyk tapdy.

Maslahat indi nätmeli, bu beladan nädip il başyny gutarmaly diýen sowaly orta atansoň, Agdarhan at üstünde jylawy bir elinde saklap, atynyň badyny alyp durşuna, ýaralanan tarapyna sähelçe gyşaryp oturyşyna gepi ilki özi başlady:

–Adamlar, Sowetleriň biziň ýakamyzy goýbermejegi, bir başa dikýänçä biziň bilen gidişjekligi onuň depeden ot sowrup eden bu etmişinden soň hasam belli boldy. Biziňkem ozalam ata-babalarymyzyň başyna şeýle gara gün düşende: «Geňeşimiz çaşdy seniň üstüňde» diýeni bolaýdy öýdýän. Ýöne soňuna çenli gaýrat etmelidir. Alla salypmy, çekmeli bolar. Başgaça bolmaga haky-da ýokdur. Namartlyk edip, ili taşlap gaçyp başy gutarandan, ony mertlerçe il-halk üçin goýan ýagşydyr.

Aýgytly bir gepe garaşyp, yzynda yzynda-çuwan bolşup galan toplumynyň arasyna gaýdyp barmaga howlugyp duran Bäpbä şol barmana han gürrüňi uzaldýana meňzäp, onuň äjinnesiniň atlanyp ugranlygy belli boldy. Ol Agdarhanyň sözüni aýdyp gutararyna hem garaşman, darygýanyny mälim edip sakgal-murt basan ýüzüni sypalap alansoň, urdurylyp, gep arasyna girdi:

–Han, ykbalyň gata düşeni belli zat. Ýöne indi nädip halky bu ýagdaýdan alyp çykmaly? – Ýüzugra-da: – Galan halky – diýibem, ol öz gepini düzediş berdi.

Häliden Agdarhan Potranyň sözüniň soňuna garaşyp, aňyrsynyň gahar ummany joşgun alyp duran Atda pil hem at üstünde depelenip oturyşyna Bäpbäniň gepine ugurdaş gepledi:

–Bäpbe serdar hak aýdýar, biz utuldyk. Onda-da gaty utuldyg-a ... Soň ol aýtjak agyr gepinden eýmenýän deý, biraz dymansoň, täzeden öňki hörpünden birneme ýuwaşrak hörpde dillendi: –Ýöne meni gorkýandyr-a öýtmäň. Şu gara başy ilim üçin goýmaga men taýýar... Çagalarymyzyň aýal-gyzlarymyzyň diri galanlaryny halas etmek üçin, kapyra boýun synyp, kelläni etege salyp, aman diläp barsak, nähili borkan!? Pygamberimiz aýtmanmy näme, «Ýagdaýy üýtgedip bilmejek bolsaňyz, ýagdaýa görä boluň» diýip.

Hemmelerden öňürti Tagan zabun muňa bada-bat garşy çykdy.

–Çaparlar, pälwan. Gylyç bilen kerçäp-kerçäp çaparlar. Men Dörtgül söweşinden bäri bilen gidişip ýöremsoň, örän bulara beletdirin. Çaparlar! –Tagan zabun dil bilen aýdanyny az görüp, goluny gylyç salýan ýaly salgabam öz gepini yzyny nygtady. – Biziň keç ykbalymyzy paýlaşmaly bolan neresse çagalarymyza, naçar gyz-gelinlerimize, elbetde, meniňem nebsim agyrýar. Ýöne bu çykalga däl, gardaşlar!

Il aladalarynyň arasynda Atda piliň boýun synyp, bagty synap görmek bilen bagly aýdanyny goldaýanlar başga-da ýok däldiler,

ýöne Tagan zabunyň depeden gylyç eňteren ýaly edip aýdan gepinden soň, olaram munuň çykalga däldigine düşündiler.

Maslahata gelenleriň her biri diýen ýaly geplese-de, daradirelikde bu ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin nähili hereket etmelidigi barada döwletli maslahat tapylmady. Ahyrynda hemmeler ýene hanlarça il öňüne düşen Agdarhanyň ýol kesmegine, anyk kesgitli bir zat aýtmagyna garaşdylar. Içlerinden bolsa «Wah, Annaguly han bolan bolsady, ol häzir her zat edip, bir zat edip, bu beladan gutulmagyň ýoluny tapardy» diýşip, küýseg bilen merhumy ýat etdiler.

Maslahat mahalynda ýene-de bir gezek göçi abraý bilen sag-aman nädip, Owgana aşyrmagyň ýoluny öňünden paýhas eleginden geçiren, özüçe degerli netijä gelen serdaryň ýoklugy diýseň ýiti duýuldy.

Şonuň üçinem bu maslahat indi il ekabyrlarynda giçki alada hökmünde görnüp, lapykeçlik döretdi.

«Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görermiş» diýleni bolup, duranlaryň köpüsi haýsydyr bir gurrumsagyň alyna düşüp, göçüň telim gün şol bir ýerde wagt ýitirip, azaşyp gezip, duşmana kowup ýetmäge mümkinçilik berilmegini hem häzir Agdarhan Potranyň nalajedeýinliginden görýärdiler.

Töwekgelçilik edip, Annaguly han ölensoň, taýak gelýänçä ýumruk edip, öz öňe salan adamlarynyň häzirki wagtda näçe çytraşsa-da, ne taýak, ne ýumruk bolup bilmeýänini görüp, jan ýakýardylar. Ýöne göçi dogry ýola gönükdirmek welin diýseň hökmandy. Munuň şeýle bolmagy hemmeleriň islegidi.

Häzir çölde duşman gazabyndan gaçyp-tezip, başyny gutarmak üçin urnup, hersi bir ýana dönüp gaçyp barýan milleti bir agza garatmak olary goranyş güýjüne öwürmek juda zerurdy. Agdarhan Potra maslahaty jemläp: «Heriň öz toparlaryňyzyň arasyna baryňda, ýagdaýa görä hereket ediň, mümkin boldugyndan, tizräk serhede tarap hereket ediň! Merhumlarymyzy meýdanda guşa-



*10

gurda galdyrman, jynaza okap, ýere düýnejek boluň!» diýip sargady...

Maslahata gelenler hoşlaşylanda: «Ýene duşuşarys“ diýşen-de bolsalar, indi gaýdyp duşjaklaryna olaryň hiç birisi-de ynanmaýardylar.

Agdarhan Potra çaň-tozana gatylyşyp, özünden daşlaşyp barýan merdanalarynyň yzyndan kalbyndan göterilýän yzaly sese diňirgenip, ýene bir salym duransoň, aga meňzeş yzaly goşgy setirini nähili nokatlap ugranyny hem duýman galdy.

Aç gurt deýin gana degdi dişlerim,
Rüstemden zyýada eden işlerim,
Il-halk üçin dogry duran goçlarym,
Jan alyp, jan berdim seniň üstüňde.[1]

Aýeroplanlaryň görkezjek oýny diňe bu-da däl eken. Bathyzyň gargalary uçup gelýän aýeroplanlardan tebil tapyşyp, «gakda-gak» bolşup, pytraşyp, ýene-de asmana göterildiler. Munuň yzysüre-de asmanda ganat ýaýyşyp, uçuşyp gelýän aýeroplanlar göründiler. Sowetleriň ýene-de göçi paýhynlap, keýpi solpudan çykjaklygy belli boldy. Göçüň ýerde Sowetler bilen darkaş gurmaga ýagdaýy bolan hem bolsa, onuň asmandan inen belanyň öňünde durmaga welin ýagdaýy ýokdy. Göçüň elinden gelen zat ýaýrap, belanyň öňünden sowulmak-bukulmak üçin gizlenere ýer gözläp, gaçyp-tezip iki ýana urunmak boldy.

Bu gezek aýeroplanlar halky näme üçindir pikir edilişi ýaly, birbada gele-gelmäne pulemýot okuna tutubermäge howlukmadylar. Depede bir salym aýlanansoňlar, halkyň topbagrak barýan ýerlerini anyklap alyp, diňe şondan soň gütledip-gütledip, şol ýerlere depeden bomba taşlamaga başladylar. Asmandan inýän

---

[1] Gara şahyr. «Maru–şahu jahan».

bombalar her gezek ýere düşende onuň zarbyna ýer sarsgyn alyp goduklady.

Hamala asmanda aýlanyşyp ýören garaly-akly bulutlar şol ýerden äpet dag daşlaryna öwrülip, göçüň üstünden eňterilip ugrana, darka asman ýarylyp, ýer çöwrülene döndi. Boldy ýene-de bir yzan-da-çuwanlyk, çekilýän nagralardan, ahy-perýatlardan ýaňa Pendi çölünde durar ýaly bolmady. Halka häzirki pursatda hiç hili delalat edip bilmeýän il ekabyrlary çäresizlikden ýaňa namys edişip öläýjek boldular.

Aýeroplanlar soňabaka halky bombalamaga şeýle bir gyzykdylar welin, her gezek bombalaryny aýlanyp taşlansoňlar, ýene bir ýerlere gidip, ol ýerden ýüklerini tutuşyp, warda-war bolşup gaýdyp gelýärdiler.

Hudaýa gaçyp, başa gelenini çekmekden başga alaç galmandy. Basmaçylaryň garşysyna alnyp barylýan göreşde olary gyryp, bombalap tapawutlanmagy, hökümetden orden, gymmat baha ýaraglary sowgat almagy, niýet edinýän göçgünli uçarmanlar bolsa tapawutlanmaga çalşyp, häzir göçe ellerinden gelen ýamanlygy edýärdiler. Ýokardan aşakdaky milletiň zir-zowran bolşuny görüp, kanagatlanma tapyşyp, buýsançly duýgulary başdan geçirýärdiler.

Göçüň ýagdaýy şeýdibem garaşylmadyk öwrüm alyp, görlüp-ýeşidilmedik kyn ýagdaýa eýe boldy. Millet bolsa indi ymgyr çölüň içinde harasada göterilen deňiz tolkunlary ýaly, şeýle bir çaýkanmak çaýkanyp, seda tapýardy welin, parahat çöl şundan soň hiç wagt öňki kaddy-kamatyna dolanyp gelmejege meňzeýärdi.

Yzdan, gapdallardan bolsa howa güýçleri bilen arkalary alnan Gyzyl goşun bölümleri aýagynyň ýeten ýerinden göçe hüjümli agyz urşup alarladyşyp gelýärdiler. Millet bombalardan goranyp, başagaý bolansoň, indi olaryň garşysyna durup, seňriklerine kakýanam ýokdy.

* * *

Dek häzire çenli göç ýol boýy näçe kynçylyga uçrasa-da, Owgana aşyp biljegine güman etmeýärdi. Emma aýeroplanlar asmandan gütüledip-gütüledip bomba taşlap ugransoň, bu isleg-niýetler gümana sanyp azalmak bilen bolupdylar. Sowetleriň başarsa, bir adamy-da serhetden geçirmejegi, onuň üçin hiç bir zalymlykdan gaýtmajagy düşnükli bolupdy. Olar häzir öz goparýan gabahatçylyklary bilen güýç-kuwwatyny aýratyn bir lezzet almak bilen görkezýärdiler. Asmandan ähli zat eliň aýasyndaky ýaly görünýän bolmaly, aýeroplanlar aýlanybam, şol adamlaryň toplumrak ýerlerini peýläp, öz bombalaryny eňterýärdiler. Sowetiň beýdip gyryp otursa, göçüň soňuna tiz ýetjegi eýýämden belli bolubam ugrapdy.

Dolup-daşyp dünýä sygmaz bolup, Bathyz degresini dolduryp gelýän millet bolsa, indi her ädimde ýüzlerçe pidalar çekip, barha azalmak bilendi.

Bu ýagdaýa ýene-de ilki bolup, halky goraglap-goldap alyp barýan gylyç gemren il ekabyrlary düşündiler. Bu çykgynsyzlyk bolsa boýun synylyp, aman dilenip barylsa, Sowetler ululary gaýgyrmasa-da, belki, çagalara, aýal-gyzlara rehimi iner diýen tama bilen birnäçe adamlarda yza dolanyp, aman diläp barmak pikirini döredipdi. Ýagdaýyň çykgynsyzlygyny görüp, şu pikire ilki gelenleriň biri-de okdur bombalaryň arasy bilen halkyň bir bölegini alyp barýan Weli han boldy. Ol bir gezek aýeroplanlar bomba taşlap ýörkä, çaň-tozana bulaşyp, bir ýerden çykanda, töwerekdäki gabat gelen depeleriň biriniň üstüne ylgap çykdy, soňam başyndaky silkme telpegini bulaýlap, gyryljak sesi bilen halka ýüzlendi:

–Dön, millet, dön! Ýogsam barymyz gyrlyp gutarýarys!

Ýöne ol gepini gepläp gutaryp-gutarmanka asmandan inen bomba golaýa düşüp, ony üstünde duran depesi bilen güwledip asmana göterdi. Weli han ýere düşende asmana göterilen kesekler

bilen telim bir bölege bölünip düşdi. Bombanyň döw bolup, ony iki üzüp, bir ýalmandygy belli boldy.

Emma esasy zat millet ony eşidipdi. Aýdyp ýetişmese-de, onuň şeýdilende belli bir derejede adamlary halas edip boljagyny pikir edenligi düşnükli bolupdy. Topar şundan soň gürzele sakgal, peşeneli Durduly agany öňe saldy. Göçüň bir bölegi elheder alyp, yzyna dolandy.

Başga barara ýer, batara köl galmandy. Emma olar öz göwünlerine osup, Allanyň özlerine bir ýerde bolmasa, ýene bir ýerde kömek etjegine, Sowetiň kalbyna rehimdarlyk guýjagyny tama edýändikleri üçin, yzdan söbüklerini sydyrdyp, ýaragyny besläp gelýän gyzyl esgerleriniň barlygyny bilseler-de, alaçsyz yzlaryna dolandylar.

Yzdan gelýän gyzyl goşun bölümleri bolsa indi gyrgynçylyk etmek nobatyny aýeroplanlara berip, özleri gaçyp-sypan, galan-gaçan göç adamlaryny kaklap gelýärdiler. Aýgytly hüjümlere girişmäge howlukmaýardylar.

Aýeroplanly uruş usulynyň göwnejaý netije berýänligini gyzyl esgerler indi her ädimde görýärdiler. Wepat bolan adamlaryň, mal-gara jesetleriniň müňlerçesi ýapylaryň ýüzlerinde, oý-çukurlarda gyzyl sergi bolşup, üstlerine çaň-tozan syradyşyp, göz-gülban bolşup ýatyrdylar. Gyzyl goşun bölümleriniň göçüň özlerine eýgertmän, serhetden geçip barýanyny howsala bilen habar berip, merkezden kömek soralmagy Sowetleriň göçe has öjügmegine sebäp bolupdy. Şeýdibem, garaşylan kömek ganat baglap, asmandan agyr bürgüt bolup, uçuşyp gelipdiler.

Aýeroplanlar her gezek şeýdip gelip, göçüň depesinden bomba taşlap, ýagdyryp bilen oklaryny ýagdyryp gutaryp, täzeden ýüklenmäge gidensoňlar, dünýä biraz mahallygam bolsa imi-salalyk aralaşan ýaly bolup, özüňi dürsemäge, ölüleri tükelläp, ýaraňy daňmaga, janyny gutarmak üçin «Indi nätmeli?”diýip, oýlanmaga mümkinçilik bolýardy.

Topar gyzyl goşun bilen gepleşik geçirmegi özüne ynanansoň, Durduly aga şu böwşenlikden peýdalanarman boldy. Dessine atlanyp, yzdan gelýän goşun bölüminiň komandirine duşmagyň ugruna çykdy. Halk yzzan-da-çuwwan bolup, onuň yzyna düşdi. Kowgy bolup gelýän otrýad komandiri Petrak ileri tarapdan bir atlynyň telpegini ýokary göterip, haýsydyr bir habaryň barlygyny mälim edip gelýänini gören wagty bada ony «Göç arasynda öz adamymyz bardyr, ol kömege mätäç bolup, size çykanda hossar çykyň!» diýlip, özlerine ýokardan berlen tabşyrygy ýatlap, ony şol her oturan ýerinde ýere gazyk kakyp, özlerine göçüň giden ugrunyň salgyny berýän adamdyr öýtdi. Onuň çekinmän, arkaýyn telpek bulaýlap bolup gelşi-de hut şol sargalan adamyň edip biläýjek hereketine meňzeýärdi.

Komandir dessine töwereginde ýapyny ýaplanyşyp, tüpeň yzynda ýatan esgerleriň iki sanysynyň adyny tutup, olary nätanşy garşylap, öz ýanyna getirmegiň ugruna çykardy. Olar birazdan Durduly aganyň atynyň jylywynyň hersi bir tarapyndan tutup, ony aty-saty bilen komandiriň öňüne alyp geldiler.

Durduly aga hamala özüniň gan duşmanlarynyň öňünde duranlygyny unudan ýaly, eýeriň üstünde guýlan ýaly bolup, mahal-mahal kükregine düşüp duran boldumly sakgalyny sypalap: «Hak Alla» diýen sözi wagtal-wagtal gaýtalap, jylawy atyň boýnuna atyp, onuň öňünden durdy. Gojany içgin synlan komandir onuň ýüzünde düýrügibiräk duran ahmyrly haýbatyň barlygyny gördi. Ýöne ol hamala töwerekde gidip duran gandöküşikli uruşlardan habary ýok ýaly arkaýyndan hem parhsyz görünýärdi.

Haçanda ol özüniň kim bilen gepleşmelidigini anyklan mahaly eýeriň üstünde biraz gobsunyp, öz agramyny ýeňseräk alan ýaly etdi-de, dikanlap komandire ýüzlendi.

Şu pursatda töwerekde öz dilinde wejirdeşýän ýat ýüzleriň arasynda komandiriň ýüzi oňa biraz hoşamaý göründi.

– Habarymy alsaňyz, size bir habarym bardy, kemendir! – diýip, ol sözüne başlady.

– Ber näme habaryň bolsa! – diýip, komandir hem onuň hä diýmän, öz adamlaryna öwrüljegini çak edip, oňa diňlemäge taýyndygyny mälim etdi.

Komandiriň yz ýanynda duran, kawkaz adamsyna-da çalym berip duran burunlakdan alagöz, gelşikli türkmen harby onuň sözüni terjime etdi.

– Habarym, biz yzymyza gaýtmagy makul tapdyk. Bize yzymyza dolanmaga ygtyýar berseňiz!

Gojanyň şu gepinden soň komandir onuň şol öz garaşýan adamlary däldigine göz ýetirdi. Onuň bir sydyrgyn parahat ýüzi şundan soň gamaşyp, üýtgeme bilen boldy. Ol eşiden gepine pisindai oturmazlyk bilen çytylyp gamaşdy, murtunyň aşagyndan dişini sähelçe agardyp görkezip, äsgermezlik bilen ýaňsyly ýylgyrdy.

– Öň oglandyňyz-da, indi ulaldyňyzmy? – diýip minnetli gepledi.

– Şeýle-de bolýa-da – Durduly aganyň jogaby biraz müýnli çykdy.

– Siz yza gaýtmaga ýol bardyr öýdýäňiz-dä onda.

– Dolansak nä biz ata-baba ýurdumyza dolanýas, kesekiniň üstüne barlanok.

– Onda ýaraglyň ýaragyňy taşlap, ulag-ýenekiňizi bir alaň beýlede goýup, bendi bolup gelersiňiz!

– Ile garaşyk edilermikän?

– Bu meseläni çözýän ýeke men däl...

– Hiç bolmanda çagalara, aýallardyr garrylara garaşyk edilmejek bolsa-ha, biz muňalyp gelmeris, ýogsam...

– Siziň başga çykalgaňyz ýok.

– Beýle bolsa onda biz başa gelenini görüberýäris.– Näme etjegimizi özümiz bileris, kemendir aga. Özge çykalga tapmasak, goranyp ahyrky demimize çenli salyşmaga-ha ýol bardyr...

Durduly aganyň garşydaşynyň güýjüni alga alman, nygtap aýdan mert gürrüňi komandiri biraz oýlandyrdy. Ol:

– Hany, geliň, bakaly, soňuny soň göreris. Aýallara-çagalara içimlik suw-da berler–diýdi. Bu gep hamala ediljek ýagşylygyň bir gyrasy görkezilen ýaly ile ýagşylyk edilmegine gojany tamalandyrdy. Komandir şondan başga oňa hiç zat diýmedi. Tumaklyja çytylyp, at başyny ýeňsä aldy.

Durduly aga şondan soň komandiriň bahasyny artdyrjak bolýan ýaly ilkinji kinaýa bilen aýdan hoňňuja geplerini hem hasaba alman, onuň soňky biraz ylygyp aýdan gepinden çen tutup, duşmana ýesir düşüp boljalygyna belli bir derejede ynandy.

Çagalara, aýallara suw berilse, bu näme, eýsem, garaşyk ediljegini aňlatmaýarmy näme!? Özleri bilen garpyşan erkek adamlar-a bularyň ezmaýyşlyk etmejegi onsuzam düşnükli.

Adamlaram muny bilmän durmaýardylar, aýallardyr çagalaryň aman galmaklary üçin olar özlerine ediljek rehimsiz zabunlyklara razydylar. Durduly agany hem olar şol aýallardyr bala-çagalaryny halas etmek üçin, iň soňky müňkinçilik hökmünde ugradypdylar.

Durduly aganyň komandir bilen gepleşik geçirip gidenine uzak wagt geçmänkä, özlerini ýesirlige tabşyrmaga bala-çagalardyr aýallar toplum-toplum bolşup, aňyrdan gelşip ugradylar.

Otrýad gum depeleriniň arasyndaky äpet kyrk gulakly gazana çalym berip oturan oý ýeriň sag tarapyny özüne amatly atym ýer hökmünde saýlap ýerleşipdi.

Esgerler komandiriň buýrugy bilen, aňyrdan aman diläp, zir-zöwran bolup gelýänleri şol äpet gazanyň çowly düýbi bolup görünýän peslikde, erkek adamlary bir, aýallardyr çagalary ýene bir topar edip bölüp ýerleşdirdiler. Çen edilişi ýaly olaryň hasaby elliniň, ýüzüň çäginde saklanmady. Tozgunlar soňam biraz wagt bäşden-ondan gelip durdular.

Arkada bombalaryň düşen ýerlerinden burugsap göterilen tüsse gatyşykly çaň-tozan asmana göterilip, indem ol şol ýerde bir-birleri bilen birigişip, düýrügişip, ýüzi çaňjaryp duran keserdilip goýlan giden ulgamly dag sypatyna öwrülipdi. Ol dag şeýle-de juda bir uzakda-da däl ýaly bolup görünýänligi üçin, bu ýesirler

hut şol dagdaky öz gizlenen, atyşan jülgedir gowaklaryndan çykan ýaly bolup görünýärdiler.

Esgerler bolsa aňyrdan bendi bolup gelenleri şol kyrk gulakly äpet gazana atdylar durdular.

Komandiriň diýşi ýaly, bendilere birnäçe meşik suw-da berildi. Bu ýagdaý töwerekden duran adamlarda Sowetler ýumşaşyp, düşünme bilen ynsanýet çägine dolanyp ugran deý umyt döretdi. Durduly aga erkek kişileriň kiçeňräk toplumy bilen bosgunyň öňi bolup durdy. Onuň ýene-de biraz suw soramak, ýaralylara hemaýat edilmegi bilen baglykda komandire aýdasy gelýän bir oýnam sözi-de bardy. Emma komandir onuň ýanyna gelmäge-de, ýanyna çagyrmaga-da howlukmady. Gaýtam elenilip özüne seredilýänini görse-de, görmedik bolup, ýüzüni kese-kese sowdy. Indi bolsa ol çöketligiň gerşinde bosguny at üstünde depesinden synlap, olaryň öňli-soňlurak gelim-gidiminiň gutararyna sabyr salyp küýlenip, peýlenip durdy.

Halk bolsa Alla sygnyp, Ondan öz duşmanlarynyň kalbyna rehim-şepagat indirmegini dileýärdi. Olar öz duşmanlarynyň Allany bireýýäm terk eden adamlardygyndan, beýle adamlar bilen hökmürowan-da bolsa Allanyňam düşünişip bilmeýändiginden bolsa habarsyzdylar. Beýle adamlarda bolsa ynsan durkunyň barlygyna seretmezden, oňa geçirimlilik, sahawat ýaly ynsan häsiýetleri asla mahsus bolmaýar. Oňa derek bu adamlarda ýykyp-ýumurmak, ýakyp-ýandyrmak bilen bagly häsiýetler diýseň ýetik bolýar.

Bary bir gyzyl komandirden mylakat tapan Durduly aga henizem ýagşy dilegde bolup, ol ili yzyna düşürip, ajalyň üstünden göni getirenliginden habarsyzdy.

Ilkinji gepleşik mahaly terjimeçilik eden ýigidem indi bendilere tutulyp goýlan pulemýotyň ýeňsesinde özüne beriljek buýruga garaşyp garawulda ýatyrdy.

Bendileriň daşyna geçmek komandir olaryň geljegi gelip, galjagy galyp, ýygnanyşmak ýagşy gutardy hasap edenden soň

başlandy. Komandiriň buýrugy bilen esgerler depeden aşak inişip, erkek adamlaryň toplum bolup duran ýeriniň töwereginde ýaraglaryny besleşip, köpelişip ugradylar. Soňam şol ýerden erkek adamlary saýlap öňlerine salyp, olary sagdaky esgerleriň duran depesiniň demirgazyk tarapyndaky kerte tarap sürüp ugradylar. Rejäniň geň däldigini görüp, rehim-şepagat tamakin halkyň kalbyny şundan soň ýene-de howsala gaplap ugrady. Durduly aganyň gapdaly bilen ýaraly aýagyny süýräbräk barýan ýigit esgerleriň bu boluberişlerini halaman, sen bizi belanyň göni üstünden getireniň ýaly-la diýen äheňde oňa ýüzlendi:

– Durduly kaka, kapyryň niýet-ä gowy däl. Kelemämizi çöwrübersekmikäk!?

– Özler-ä garaşyk ederisem-ä diýipdiler –diýende ýaşulynyň sözi ynamsyz çykdy.

– Şertim şahyma eden bolsalar gerek? – diýip, olaryň yzragyndan töweregine garaman gelýän ýene bir ýigit bu gepe gatyldy.

Barybir gyzyl komandir bilen gepleşip, azda-kände ondan ýüz tapanyna öz ýanyndan ynanan Durduly aganyň halky yzyna düşürip, ajalyň üstünden getirenligine entegem ynanasy gelenokdy.

Köpçülikden bölünip gapdala sürlen erkek adamlaryň toplumy kerte golaýlaşansoň, komandiriň niýeti ýas-ýaňyja-da düşnüksüz bolan-da bolsa, indi aýdyň boldy. Şundan soň çäresiz bendelere ýaý berip, ýarag gezäp duranlaram ar alyjylara öwrüldiler.

Durduly aganyň hälki garaşan komandiri ýanyna hem terjimeçi türkmeni alyp, olaryň ýanyna geldi. Toparyň garşysynda bäş-alty ädimlikde gylyjynyň dessesini tekepbirlik bilen gysymlap durşuna «Sora!» diýip, terjimeçä buýurdy. «Siziň araňyzda barmy şol at ogrusy?»

Adamlaryň köpüsi bir bada komandiriň näme diýýänine oňly düşünmese-de, Durduly aga oňa bada-bat düşündi. Ol Hammanyň edermenliginden az-owlak habarlydy. Hatda ol aty Hammanyň bezäp-besläp, münüp ýöreninem görüpdi. Ata gözi

gidip: «At-at jan ekenem» diýip, oňa gözügidenleriň biri bolupdy. Goja adamlaryň eginlerini gysyşyp, bir-birleriniň ýüzüne soragly seredişýän mahallary guran dodagyny aýasy bilen sypap, sylyp alyp onuň soragynyň jogabyny ýene özi berdi.

–Ol ýigit göçüň gyrasynda bolsa-da, biziň toparymyzyň adamsy däl.

–Siziň araňyzda ýok-da onda ol?

–Ýok.

–Wah, bolan bolsa, men ony öz elim bilen kerçärdim–diýip, komandir diýseň lapykeç bolup, yzyna dolandy. Şol barşyna-da: –Gaýgyrman, beriň merkini!–diýip, esgerlere buýruk berdi.

Bu buýrugyň yzysüre bolsa topary gallap duran esgerler ýeňsä çekilişip, pulemýoty çemä getirişip, halky ýerli-ýerden oka tutmaga başladylar. Sowetiň bu gazan görnüşli ýeri göç adamlaryny gyrmaga amatly hasap edenligi belli boldy.

Sowetleriň hiç kime aman bermejegi belli bolansoň, kimdir biri şol arada halkyň içinden näme etjegini bilmän, urnup-gyrlyp duran millete ýol salgy berip gygyrdy.

–Haý, türkmen, seniňki bolmady. Gyrlyp gutarmankaň, gaç Owgana tarap!

Şundan soň adamlaryň gözleriniň gören tarapyna gaçyşyp, tora düşen balyk ýaly her ýana çyrpynmasy täzeden başlandy.

Barybir duşman girisine düşen halk gaçmaga synanyşsa-da, bu olaryň köpüsine başartmady.

Sähel salymda Sowetler äpet gazanyň içini okdan uçanlaryň maslygy bilen basyrdylar.

Gaçanlaryňam yzyndan pulemýotlar hokranyşyp, oky ýeten ýerini paýhynlady durdy. Duşmanyň halky şaýat goýman gyrmagy niýet edinendigi düşnükli bolupdy.

Pulemýot atyp ugranda on ýaşly Nazar gorkup, ejesiniň dyzyny gujaklady, onuň özünden uly uýasam näderini bilmän, ejesine ýapyşdy Ejesi olaryň ok gelýän tarapyny goraglap ylgap gelşine gygyrdy.

– Gaçyň, Tylla, tut jigiň elinden! Gaçyň!

Aýal çagalaryny goraglap, uzak ara açmanka, pulemýot oky ony hem ýere bükdi. Ol soň çagalaryna näme bolanyny görmedi.

Bu ýer goluň has çuňalýan çet ýeriniň biridi.

Gaçmalydygyna onda-da gözüň gören ýerine gaçmalydygyna düşünen biraz jigisine görä akyly ýeten gyz gyssanyp, jigisini ilki aşak etekdäki geriş bolup duran kiçiräk depäniň aňyrsyna itekledi.

– Gaç, bükülip gaç, ýogsam ok deger.

– Nirä? – diýip, oglan gaçjak ýerini bilmän ýaýdandy.

– Çöle, gelen tarapymyza gaç!

Köpler bolsa gaçmag-a däl, näme-nämeleriň bolýanlygyna hem göz ýetirip-ýetirmänkäler, ganym okundan uçdular. Sebäbi bu edilýän zat, onda-da aýallardyr çagalary beýdip çukura gaplap, ar alýanyna ynanmak asla akyla sygjak zat däldi.

Tylla jigisiniň elinden tutup ýapyrylyp, düwdenekläp ylgap barşyna ýol ugrunda ýene-de gaçyp barýan iki gyza duşdy. Olar gulpaklaryny tasadyp, diýseň gaty ylgaýardylar. Ýyndam gyzjagazlar jigisini idenekledip tirkege alyp gelýän Tylladan ozup, ondan dessine esli ara açdylar. Ýöne Tylla jigisi bilen olardan ozmanlygyna soň begendi. Gaty ylgap bilmeýänligi üçin, jigisinden nägile bolmasyny hem goýdy. Sebäbi bu bähbide çeken eken. Tylla şol ylgap barşyna öň gapdaldan yzly-yzyna tüpeň atylan wagty, gyzjagazlaryň ikisiniňem bir bada aýagyndan alnan ýaly bolup ýykylyp gidenlerini sähelçe görüp galdy. Görüp otursalar, komandir adamlaryň gaçyp-tezeni atyp almak üçin, bu öwrede onda-munda öz esgerlerini goýuşdyran eken.

Tylla gyzjagazlaryň düşen ýagdaýyny görüp, zähresi ýarylan ýaly bolup, ýene-de serpilip, yzyna döndi.

Tylla jigisiniň elinden tutup, nirä gitjegini bilmän, töwerekde elewräp ýörkän şol barmana ol haýsydyr bir jandaryň depe böwrüniň deşigi bolup duran sürenini gördi. Ol şundan soň yhlasynyň ýerine düşenligine ynandy. Dessine jigisiniň arkasyndan iterip, ony şol ýerde gizlemek bilen boldy. Süreniň girelgesi birneme darrak

eken. Jigisi emgenmänräk giren-de bolsa, Tyllanyň özi welin oňa itinip-oýkanyp zordan sümüldi. Doganlar sürende ornaşyp-ornaşmankalar, iki sany ýaragly gaçanlaryň kastyna çykan esger tapyrdaşyp, olary görmän gapdaldan geçdiler. Şu pursatda bilineris öýdüp, olaryň howsalasy hasam artdy.

Oglanjyk doganynyň egninden iki eli bilen gujaklap oturyşyna, yzda gana bulaşyp: «Gaçyň!» diýip, galan ejesini ýatlap saňňyldap aglady. Jigisiniň hyk-çoky eşidiler öýdüp gorkan Tylla: «Sojama, esgerler eşider!» diýip, talap etdi-de, ony sähelçe çümmükläbem goýberdi. Onuň hiç hili dirilik alamatyny bermän oturmagyny isledi.

Janam bir süýji zat, iki dogan tilkimidir şagal ysly, içinde aýlanara ýer bolmadyk sürende gorkuşyp, gijäniň gaýry bir mahalyna çenli galagop oturdylar.

Olar itekde-çomak bolşup, töwerekde ýagy ýoklugyny çen edişip sürenden çykan mahallary, gije bir çene baryp, dünýä imi-salalyk aralaşypdy. Bathyz çöli şemala ýüzüni ýelpedip, reňkini öçürip bimar halda otyrdy. Mahal-mahal bolup bilen betbagtçylygyň bolanyny syzyp, ýüregine hesretini sygdyryp bilmän, agzyny ýokary tutup, yzaly uwlaýan çopan itleriniň hem sesleri bir ýerlerden eşidilýärdi. Şol pursatda ýokaryňa gözleseň, bu it uwlamalary göýä, ýyldyzlardyr Aýdan gelýän asmanyň çäresiz agysy bolup eşidilýärdi.

Tylla sürenden çykansoň, çekinibräk gorky bilen daş-töweregine garandy-da, jigisiniň golundan tutup, ölüp ýatanlaryň aralygynda aýlanyp, birde diňirgenip durup, birde ot-garagan bolup, ylgap Owganystan bardyr diýen tarapyna howlukdy.[1]

---

[1] ... Soň görlüp oturylsa, şol gyrgynçylykdan ajaly ýetmän, diri galanlaram birlän-ikilän bar eken. Sarahsyň Ata obasynyň ýaşaýjysy Çoluk aga-da şolaryň biri bolupdyr. Şol gabahatlykdan aman galan, kalby bitmez ýaraly bu ýigdekçäniň başdan geçirenleri hakda men onuň bilen gürrüňdeş bolan folklorçy Ümür Esenden, ýazyjylar Juma Hudaýguludan, Amanmuhammet Nepesden eşitdim.

* * *

Aýeroplanlar indi Bathyzyň depesinde awuny aňtaýan sylywsara dönüp, erjellik bilen göçüň depesinde gaýyşyp ýördüler. Millet bolsa serhetden geçirilmejek bolnup edilýän ähli garşylyklara seretmän, som-saýak bolup, Owgan serhedine tarap barýardy. Emma indi başdaky ýaly gorkýan-da ýokdy, gizlenjek bolýanam. Adamlar ölüsiniň agysyny aglamagyň, ýoluň hatarsyzyny gözlemegiň wagty däldigine düşünipdiler. Diňe bir ulular däl çagalaram, aýallaram şu duýgulary başdan geçirensoňlar, özlerini jähenneme urup, mese-mälim merdemsilenipdiler. Indi ilki başdaky ýaly aýeroplanlar görnenden haýygyp, aglap-eňreýän-de ýokdy, ondan şeýlebir bukuljak bolýanam. Özlerini Hudaýa tabşyran adamlar indi hemme zada kaýyldylar. Gulaklar gapylyp, aň öçüpdi. Ýöne hemmeler häzirki wagtda aýaklarynyň welin nirä ýöreýänligine aň etmezden, özleriniň maksat tutulan şol Owgana  barýandyklaryna ynanýardylar. Aýeroplanlaryň bombalaryna amat bolmaz ýaly olar indi Ýeroýulanyň süňňüne dyr-pytrak bolupdylar.

Göç mahal-mahal yzlaryndan ýeten, gapdaldan çykan otrýad güýçleri bilen çaknyşyp-salşyp almaly wagty bolýardy. Iki tarapyny deňlän adamlar olaryň üstüne ölenini-öçenini bilmän çozýardylar. Her gezegem jandan geçeniň güýji goşalanar diýleni bolup, olar duşmanyň hüjümlerini yzyna serpikdirmäge gaýrat tapýardylar. Gyzyl esgerleriň gazabyndan ýene az wagtlygam bolsa başlaryny gutarýardylar. Emma gyzyl esgerlerem öz awunyň ýaralydygyny bilip, indem ol uzak gitmez diýip, onuň ysgyndan düşjegine göwün ýüwürdip gelýän möjek deýin, garama-gara göçüň yzyndan galman gelýärdiler.

Bäpbäniň öz ýaragly toplumy bilen goraglap alyp barýan göç adamlary umumy halkdan üzňeräk barýan-da bolsa, olaryň arasy gara görnümlikden uzakda däldi. Agdarhan Potranyň barýan toplumynyň gapdaly bilen barýardy.

Jahan ýagtylanyna juda bir kän wagt geçmedigem bolsa, aýeroplanlar ýaňyrak ýeri godukladyp, bomba taşlap gidendikleri üçin, ýerden göterilip bilen çaň-tozan göterilip, asmanyň ýüzüni çalymtyl-goňras perde tutupdy. Töwerek çaňjaryp, gyş günlerinde görnen Günüň ümürläp, batyp barýan wagtyny ýada salýardy.

Bäpbe sallam-sajagrak barýan göçüň yzyny jemläp gelýänleriň biriniň atyny gyssap, öz ýanyna gelýänligini görüp, onuň habaryny almak üçin at başyny çekdi.

Onuň gelerine garaşdy. Howlukmaçlygyndan onuň gyssagly habarynyň barlygy belli boldy. Ol gele-gelmäne ýeňsesine öwrülip, göç yzyna goluny uzadyp gürledi.

–Batyr aga, Guşgy tarapdan gapdaldan ýene bir bölek kowgy göründi.

–Köpmi?

–Atlarynyň göterýän tozan-a al asmana göterilýär. Azam däl bolsa gerek.

Bäpbäniň atynyň ardynda onuň aýaly gorkup, adamsynyň göwresini penalaýan ýaly bolup, onuň guşagynyň iki ýerinden tutup hükgerip, sessiz aglap, gözi girýän, bagry birýan otyrdy.

Şu gün aýeroplanlar irden ilkinji gezek gelip bombalanda, olaram öz on alty ýaşly ogullaryny, on iki ýaşly gyzlaryny ýitirip, ar-heleý ikisi dünýäde sopbaşym galypdylar. Şundan soň Bäpbe maşgaladan galan ýeke dikrary, aýalyny nirede näme bolsa-da, özüm bilen bile bolsun diýip, atynyň syrtyna alypdy.

Atlynyň getiren habaryny eşiden mahaly dünýäden doýgun aýal:

–Gelse, gelipler geçsin – diýip, indi näme bolsa şol bolsun, olardan çekinýän barmy diýen äheňde birsyhly gözlerinden biygtyýar inýän gözýaşlaryny süpürip oturyşyna parhsyz dillendi.

Bäpbe duran ýerinde töweregini toplap, gysgaça maslahat geçirdi. Duşmany ikä bölünip, bada-bat iki ýerden oka tutmaklyk, soňra göç yzyny dolap, çekilip uruşmaklyk karar edildi. Göçdäki

aýal-gyzlary hem goranyşa çekip, şu pursatda olara özlerine derek göçüň gapdalyndan yzyndan, goragçy bolup ýöremeklik buýruldy.

Bäpbe bäş-on atly bilen, duşmanyň üstüne duýdansyz ok ýagdyrmak üçin indi öňräkden bäri birden-ikiden öňden çykyp ugran, göçe belli bir derejede bukulmaga mümkinçilik berýän pisse agaçlarynyň bir toplumynyň ýeňsesine aýlandy.

Birlaý meňzeş lybas geýnen gyzyl goşun atlylarynyň görnüp ugramagynyň yzysüre, öňli-soňlurak tüpeňler atylyp ugrady. Atylaryň gapdaly bilen at gorduryp gelýän komandir bir zatlar diýip gygyrdy-da, göç yzyndan gözläp, atlylaryny şol tarapa gyssady. Iki taraplaýyn atyşyklar başlandy. Şeýdibem, Sowetleriň heniz göç serhetden geçmänkä, oňa bu ýerde ýene bir gezek aslyşyp galaýyn diýenligi belli boldy. Bäpbe dagynyň gapdaldan duýdansyz beren zalpy aňyrdan gelýän otrýadyň birbada gylawyny aldy. Gyzyl esgerleryň aralaryndan ençeme adam atdan agdy. Emma beýle-beýle zatlara hemişe görüp ýören tejribeli komandirleriň ýol kesmegi bilen, olar ýene-de tiz özlerini ele alyp, el pulemýotlaryny işe girizip, at üstünde oturan ýerlerinden göçi güýçli oka tutup ugradylar. Sähel salymyň içinde halys selçeňlän göçüň yzynda ýene-de maslyk-maslyga çakyşyp galdy. Bäpbe barha öz selçeňleýän töweregi bilen yza çekilip, atyşyp barşyna gaçmakdan başga ýol galmadygyna düşündi. Ýagdaýy bolanlar eýýäm at gamçylaşyp gaçyşybam ugrapdylar. Bäpbe-de şundan soň aýalyna:

–Pugta ýapyş! – diýdi-de, gaçyp barýanlaryň yzyndan debsiläp, atyny gyssady. Barha golaýlap gelýän kowgular bolsa indi şol kowşup gelişlerine aýak aldygyna gaçýanlaryň yzlaryndan ok ýagdyrýardylar.

Oklaryň biri Bäpbäniň başyndaky silkme telpegini aşagyndan geýen tahýasy bilen kakyp, ýeňsesine şapbatlanan ýaly edip, ýere düşürdi. Birazdanam oklaryň ýene biriniň Bäpbäniň artlaşdyryp özi bilen alyp barýan aýalyna degenligi belli boldy. Hallygözel bir «hyk...k» edip, içigen ýaly etdi-de, guşakdan pugta tutup oturan

ellerini biraz gowşatdy, soňundanam kellesini Bäpbäniň arkasyna ýaplady. Garnyna gorsaw dökülen ýaly bolanlygyny duýdy. Şeýle-de bolsa ol barha artýan agyra çydamaga, häzirki dara-direlikde adamsyna mundan artyk azar bolmazlyga çalşyp, onuň arkasynda burgusy tutýan ýaly bolup, iki epilip towlanyp oturdy.

Bäpbe aýalynyň guşakdaky gollar gowşansoň, onuň atdan agyp düşerinden gorkdy.

–Sen ýaralandyň öýdýän?! – diýip, çapyp barşyna yzyna gözlemän, ýagdaýdan habar alyjylykly dillendi.

–Şeýle bolaýdy öýdýän... – diýip, ol hem birazdan dişinden syzdyryp kynlyk bilen sözledi.

Bir bolmasyz işiň bolanyny syzyp, Bäpbäniň gonjuna gor guýuldy. Ol häzirki pursatda näme etjegini bilmän, ahmyrly hyrçyny dişläp, töweregini gözledi.

Ileri tarapda bolsa Owgan baýyrlary serhediň depesinden gözleşip, Bathyzyň çaň-tozy bilen ümürläp keserişip ýatyrdylar. Ýene biraz gaýrat edilse, serhediňem indi uzakda däldiginden habar berýärdiler.

Bäpbe aýalyna:

–Guşakdan, ykjam ýapyş, serhedem indi uzakda däl! Ondan aşdygymyz tebip tapyp, seni görkezerin – diýip, göwünlik berijilik bilen ony höreledi. Bu gezek onuň sözi adatdakysy ýaly dözümliden talaply däl-de, haýyşa has meňzeşdi. Onuň maşgaladan galan ýeke dikrardanam dynaryn öýdüp, gaýgy-alada galanlygy duýulýardy.

Kowgudan birneme ara açansoň, ol aýalynyň halyndan ymykly habar almak üçin, atyny ýoldan sowup, bir hokurdany penalady.

Dessine-de aýalynyň göwresini saklamaga kömek eder diýen tama bilen, donuny onuň garnynyň daşyna inli edip sarady. Soňam ony guşagy bilen daňyp berkitdi.

Bäpbe atyny debsiläp, ikilenç ýola düşensoň, öňden gaçyp barýanlary synlap, özüniň gitmeli ugrunyň çemini aldy. Onsuzam Bäpbe bu ýola beletdi, bu onuň birki aýlykda Hojam hanyň



*11

topary bilen geçen ýoludy. Şeýle-de bu öwre uly göçüň serhetden geçmegi amat peýläp saýlap alan ýerleriniň biridi. Şu ýol yzarlap gitseň, ol baryp Guşgynyň etegindäki Akrabat çeşme diýen ýerden çykýardy.

Emma Bäpbe ýaraly adamy alyp barýanyny ýatlap, oňa mümkin boldugyndan oňaýlyk döretmek üçin, atyny juda gyssaman, ýorgasyna sürmäge çalyşdy. Yzda gaçyp gelýänleriň telimsi düýelidir atly bolşup, soňam onuň gapdalyndan ozuşyp geçdiler. Yzdan otrýadyň kowgy bolup gelýänligi bilen bagly gorky janyny gutarmak üçin, aýak aldygyna gaçyp barýan adamlar häzir gamçyny yzly-yzyna, jüpläp-jüpläp atlaryna suňşurýardylar.

Syçrap duran sarç at ýaňy eňip gaçanda ep-ýesli duşmandan arany açmaga ýetişipdi. Şonuň üçinem Bäpbe aty ýorgasyndan ýazdyrman şeýleräk gidende-de, özleriniň kowga ýetdirmän, serhetden aşyp biljegini çen edýärdi.Ýene bir salym gidilensoň, Hallygözel sähelçe iňňildedi-de, oturan ýerinden Bäpbäniň arkasyna agram berip, maňlaýyny oňa ýaplap pyşyrdady:

–Meni bir ýere düşür!

–Ýaraň gaty agyrýarmy?

–Içim gorsaw dökülene döndi...

–Gaýrat et, heleý! Indi barmaly ýerimizem juda uzak däldir!

–Gaýrat galan däldir, kakasy!

Bäpbe bu dara-dire ýagdaýy görüp durka, aýalynyň beýle haýyş bilen juda zerur bolmasa, özüne ýüzlenmejegini bilýärdi. Bu gepden soň ýamanlyga üstüni aldyran deýin Bäpbäniň ini şowlap tisginip gitdi. Şonda-da Hallygözeliň çäresiz derde uçranlygyna ynanasy gelmedi. Ol atdan tarpa böküp düşdi-de, gujagyny gerip, haly teň aýalynyň öz kükregine ýaplanmaga amatlyk döretdi. Ony usul bilen eýeriň ýeňsesinden aldy-da, ýerde ýatyrdy. Ganyň köp gidenini görüp, ol hasam aladalandy. Onuň bilen bile ömür süren pursatlaryndan birnäçe ýagşy pursatlary ýatlap, indi bu gowulygy hemişelik ýitiräýmeginiň juda hem ahmaldygyny pikir edip, bozulyp hamsygarly göründi.

Gan onuň iki gat edip, ýaranyň töweregine aýlap daňan donunyňam eýýäm ep-esli ýerini kölçerdip ezipdir. Näme etjegini anyk bilmese-de, Bäpbäniň oňa şu pursatda haýsydyr bir delalat edesi gelýärdi. Bäpbe aýalynyň sowuk der basan manlaýyna aýasyny goýan wagty, dişini gysyp ýatan aýal, süzülip barýan gözleriniň agralan gabaklaryny ”Seni ýene bir görüp galaýyn» diýýän ýaly sähelçe ýokaryk göterdi. Etegini nem örtüp ugran mähirli gözler şundan soň ýene-de öňki kaddyna gelip, nurlanan ýaly boldy. Bäpbe bu gözleriň şeýle owadan bolýanlygyny ilkinji gezek öýlenen gijesi, onuň bilen jaýda ikiçäk bolup galan mahaly pelteli ýag çyranyň yşygyna görüpdi. Şonuň yzysüre-de ol häsiýetine görä biweçlik edip, ters dawa tutup, aýalyny oňaýsyz ýagdaýa salyp, hezil edip keýp tapyşy giçki ökünç bolup, onuň ýadyna düşdi.

Olaryň är-heleý tanyşlygy-da hut şol gijeden başlanypdy.

– A, gyz, seniň adyň näme?

– Hallygözel...

– Onda seniň halyňam bardyr?

– Halym bar. A, bolanda näme?..

– Sebäbi haly ýok adama, hala ýanalyp at goýlanok.

– Goýlanda näme?

– Goýlandasy, hany seniň halyň nirede onsoň? – Bäpbe şeý diýip, gelniniň ýüzüniň bir ýerini görkezerine garaşdy. Gelin uýalyp ikirjiňledi. Oňaýsyz ýagdaýa düşdi.

– Görüp näme etjek şony?

– Halyň dodagyň töwereginde bolsa-ha, «Agzy hally aşa ýakyn» diýýärler. «Burny halla görgüli» diýilýär. Beýle adamyň görjek görgüsi köp bolýarmyş. Hany senin halyň, nirede görkez!– Bäpbe onuň: «Ine-le, oglan» diýip, ýüzüniň bir ýerine barmagyny dürtüp, halyny görkezerine garaşdy. – Ýa burnuňdamy, görkezesiň gelenokmy?

– Burnumda däl.

Gelniniň halyny görmegiň höwesine berlen Bäpbe onuň bu jogaby bilenem kanagatlanman, ýene-de bälçiräp öz hüjümini dowam etdirdi.

–Onda boýnuň ýüzündemi? Şol ýerde meň bolanda-dama bir yrym tutýalar özün-ä… eşitsem-de unudypdyryn… Göter çyranyda, tut şol ýerini görkez!

– Goýsana, oglan! Näme etjek şony görüp? – diýip, gelin şundan soň hasam uýalyp darykdy. Onuň başga gep, başga höwes tapmagyny isledi.

Gelniň mylaýym pyşyrdysynda, Bäpbäni raýyndan gaýtarmaga bolan synanyşyk-da bardy, özelenýän ýürekden çykýan haýyş-da. Emma hiç zat Bäpbäni wagty bilen raýyndan gaýtaryp bilmedi. Ol öz bolşundan keleçewlerçe hezil tapyp, gaýta ýene-de hüjüme geçip, erjellik görkezdi.

– Öz heleýim indi sen meniň. Näme edenimde näme!? Ogşajak-da men şol ýeriňden seniň.

– Aýnamasana, oglan!

– Görkez onda, hany halyň nirede?

– Weý, bu oglany… Bäri-bärde nä meniň halym barmy?

Gelniň halynyň bäri-bärde bolman, düşnüksiz bir ýerlerde bolmagy hem Bäpbäniň yzly-yzyna edýän hüjümleriniň öňünde durup bilmedi. Hallygözel näçe kyn görse-de, bu yňdyrmanyň şol hal nirede bolsa-da, görkezäýmese, onuň ýakany goýbermejegine düşündi. Onuň yzly-yzyna edýän talaplarynyň öňünde durup bilmedi. Gelin köýneginiň etegini ýokary göterip, kiçi köýnegini topugyna tarap süýşürip oturyşyna:

– Gör, ine, görmän dynmajak bolsaň! Meniň halym göbekden bir garyş, iki-üç sere aşakda, çep budumyň ýüzünde siçelekgi barmagyň yzy ýaly bolup, şol ýerde sähel iç ýüze öwrüm berip durandyr! – diýip, nägilelik bilen halynyň belli ýerini oňa salgy berdi. Bäpbe diňe şundan soň aýalynyň näme üçin özüniň halyny görkezmegi kyn görýänligine düşünipdi. Ol mundan hezil tapyp, gelnini uýatly gujaklady.

Ýagdaýa näbeletlik bilen tutan şol ters dawasy ýadyna düşende, Bäpbe soň-soňlaram, sähelçe baş ýaýkap myssa ýylgyrýardy.

Il içinde süňňüniň bir ýerinde haly bolan adamyň ady onuň şu aýratynlyk bilen bile tutulanda, şol hal aýrylarmyş diýen ynam bardy. Bäpbe ýagdaýdan habarsyz boldumy ýa-da onuň öz keýwanysynyň halynyň öz gonan ýerinden aýrylmagyny islemedimi nämemi Bäpbe aýalynyň çyn adyny ýaşaşan döwründe ýeke gezegem tutmady. Hallygözeliň ady onuň dilinde «Gaýtarmam, Mele gelin, Heleý han, Keýwany» bolsa-da hakyky tutulmasy ýaly Hallygözel bolmandy. Maşgalada onuň dogry adyny diňe gaýynenesi nygtap, «Hallygözel, Hallygözel gelin...» diýip tutardy. Türkmeniň «Lakamyňy atań öýüňde, çyn adyňy gaýyn eneň tutar» diýen gürrüňem şeýle ýagdaýlar bilen baglylykda dörän bolmaly. Özi-de bu gepiň türkmeniň gadymýetinden gözbaş alyp gaýdýandygyny pikir etmek mümkin. Bu är-aýalyň birek-biregiň çyn adyny tutup ýörmän, ýaşyna degişli döwür bilen baglap atlandyrylmagy ýa-da «Pylanyň kakasy!» diýlip, ada göni çykylmazlygy hem onuň jyn-arwah, göz-dil bilen bagly milli ynanç-yrymlary bilen bagly bolmaly.

...Bäpbäniň atdan düşenini görüp, öňden gaçyp barýan atlylaryň iki sanysy janköýerlik edip, onuň halyndan habar almak üçin, at başyny yzlaryna doladylar. Onuň şu gyssag arada aýalynyň töwereginde köwejekläp duranyny görübem ýerli-ýerden ondan nägile boldular.

–Indi durmaly borusmy şeýdişip?

–Garaşmaga ýagdaý ýok.

–Ok etjegini eden ýaly-la…

–Ýola-da ol bolarlykly däl. Ýamany ol bizem ýoldan goýar. Indi eglenmäge mümkinçilik ýok, gözýetimdäki depäň üstüne eýýäm üç-dört atly göründi...

–Olar şol bizi yzarlap, kowup gelýänleriň öňi bolmaly – diýşip, ýerli-ýerden ony ýola gyssadylar.

Onsuzam garaşmaga wagtyň ýoklugyna, Bäpbe aňryýany bilen düşünip durdy. Ýöne ýaman ýerde it ýardy diýleni bolupdy. Hallygözel gözlerini ýumup alyp gelýän agyrysyna zordan çydap, sanalgy demininiň iň soňky ýuwdumlaryny alyp ýatyrdy.

Bu älemden ötüp barýanyň iň soňky hossar islegli bolýan pursadydy.

Şonuň üçinem näçe howlugsa-da, Bäpbe ony beýdip, bu ýagdaýda galdyryp gidip biljek däldi .

Bäpbe ýeňsesindäki ýola gyssanyşyp duran atlylara birbada üns bermese-de, kowgynyň ýetip gelýänligi belli bolansoň, öz isleýşi ýaly aýaly jan berýänçä onuň ýanynda oturyp bilmejegine, göterip gidibereýin diýse-de, onuň ýol azabyna çydamajaklygyna düşündi.

Elenip kyn güne galdy. Eglenç edilse, kowgulara üsti aldyryljagynyň gümany ýokdy. Duşsaňam belli zat söweşip ölmeli, güýç deň däl, onda-da häzirki azda-kände galan adamlaryň-da alňasaklyga düşüp  janyny gutarmak üçin ähli zatdan geçip gaçyp barýan mahalynda. Hallygözeliň häzir özem oňly görmese-de ýeňsedäki adamlaryň gep gürrüňleriniň bir tarapyny eşidip ýatyrdy. Gelmeli ýerine gelenligine, mundan aňry özüniň gidip bilmejekligine bolsa ýaňy Bäpbe özüni atdan gujaklap alyp, ýere düşürden mahaly ol göz ýetiripdi. Onuň ölse-de ýere düşüp, arkaýyn ölesi gelipdi. Ýagdaýyň çykalgasyzdygyna göz ýetiren Hallygözeliň häzir özüniňem adamsyna «Meni goý, git öz başyňy gutar, indi maňa seniň delalatyň geregi bolmaz!» diýesi-de gelip ýatyrdy. Emma agzy-dilden galyp barýany üçin bada-bat bu gepi aýtmaga onuň gurbaty çatmady.

Ýöne haçanda Bäpbe üstüne eglip, kynlyk bilen diýesi gelmeýän gepi diýmekçi bolanda, ol onuň özi bilen hoşlaşmakçy bolýanyna düşündi.

Bäpbe:

– Hallygözel, maňlaý şor eken. Bu ömürde biz gaty utuldyk. Senem beýdip ýatyrsyň… Menden razy bol, keýwany…– diýip oňa ýüzlendi.

Özi-de ol indi şmründe ilkinji gezek aýalyna onuň hakyky adyny tutup  ýüzlendi. Ol jogaba köp garaşdyrmady. Iň soňkuja ähli mümkinçiligini jemlänligi belli boldy. Ol adamsynyň gulagyna çalaja pyşyrdady. Şonda onuň sesi bir zatdan süzülýän ýaly bolup, basyksy eşidildi. Hallygözel adamsynyň näme maksat tutanyna ýarym sözde düşündi:

– R...r-az-zy… Gutar başyňy!..

Bu Hallygözeliň aýdan iň soňky sözi boldy.

Onuň aýalyny janly halda duşmana goýup gidesi gelmedi.

Bäpbe bir ädim yza çekilip, tüpeňi aýalynyň kükregine tutdy...

Ol duşmandan gutulmaga häzir şundan başga ýoluny görmeýärdi.

Ine, şeýdibem, ol indi özüne dünýädäki iň mähriban adamsynyň gursagyna ýarag tutmaga mejbur boldy. Hallygözel tüpeň göçen dessine, bir başyny göterjek ýaly edip, hyrkyldabam jan berdi. Bäpbe ony donuna dolap, bir pesräk ýerde goýup, gyssagly üstüne gum sürensoň, gapdalda ýatan bäşataryny gazap bilen gysymlap, täzeden ata çykyp, Owgan serhedine tarap howlukdy.

Ol ýol boýy özüniň maşgalasynyňam bu elhençligiň pidasy bolanlygyny ýatlap, giçki ahmyr bile puşman etdi. Oňa eger-de özi Owgandan gaýdyp, bu köpçülikleýin göçhä-göçlüge ulaşmadyk bolanda ýa-da Hojam han gidende bir ýoluny tapyp, onuň bilen kiçiräk toparda maşgalasyny şol wagt Owgana aşyranlygynda amatly boljak ekenligini pikir etdi. Elbetde, ol Hojam hana Sarahs töwereginde duşanda, Tejen aýagyndan maşgalasyny getirip, bir oňa goşulmagam isläpdi. Ýöne hany saňa ol ýerde elýeterde Tejen aýagy barmydy? Gidip-gelmek üçin howluganyňda azyndan iki-üç gün wagt gerek. Onsoňam Çary Permanam haklaşjak bolup, ähli ýerden seni gözläp ýören mahalynda. Şeýle-de Bäpbe onuň şol wagt özüni ele salmak üçin, «Geläýseň bolýar?» diýip, maşgalasynyň

töwereklerinde bir ýerde bukup garaşyp ýatanlygyny hem pikir edipdi… Eger Annaguly han bilen halky göçürip äkitmäge-de özi bu ýere gelmedik bolanlygynda hem aýalynyň: «Göçürjek bolsa, özi gelerdi?» diýip, göçden galanlaryň biri bolmagynyň ahmal ekenligini, indi bolsa olary öz eli bilen oda atanlygyny ýatlap kalbyny ezdi.

Barmagyna tiken batmagyna rowa görmeýän mähribanlarynyň gyzyl esgerleriň güllesiniň pidasy bolup, meýdanda läş bolup galanyny göz öňüne getirip, köräp-köräp ýandy. Tükeniksiz hasrat, aňyny üýtgederli bolup, onuň kalbyna agram saldy.

Bäpbe indi bu elhençlikde berlen pidalary ýat edip, özüniň ömür-baky aglap gezmeli betbagt bolanlygyna düşündi. Ol bäş-üç atly bilen gaçyp barşyna häzir özüniň nirä, näme üçin barýanlygyny-da unutdy. Indi ony bilmegiň Bäpbä juda bir derkarlygy-da ýokdy.

* * *

...Tagan zabun gaçdy. Ýyndam aty bilen ýolsuz ýerden ýol tapyp, ähli zatdan geçip, üm-düzüne tutduryp gaçdy. Atyny zora tutdy, at parça-parça der saçyp, depe-düze parh goýman, ýüzin salyp çapdy. Gaçmazlyk asla mümkin däldi. Sowetler indi aýeroplanda depäňden bomba taşlap, pulemýotdan ot sowrup şeýle bir hüjüm edýärdiler welin, öňünde durar dagy eder ýaly däldi. Aýeroplanlar şeýdip gelip yzygider bombalap ugransoň, onuň uly göç bilenem, Agdarhan serdar bilenem arasy kesilipdi. Her gark bolup barýanyň halas bolmak meselesi özüne bagly diýleni bolupdy. Tagan zabunyň şundan soň ýagdaýy öz elinde saklamaga dyzanyp, kime buýruk berip, ýene kimselere abaý-syýasat edip, halky bir ýerräkden ýöretmäge, duşmana garşy güýç jemläp göreşmäge synanyşsa-da, onuň tagallasy başa barmandy. Bomba taşlanyp ugransoň, Ýeroýulanyň içine duw-dagyn bolup pytran milleti toplamak mümkin bolmandy. Gaçaryny aldyran göç her ädiminde pida baryny çeke-çeke, çar tarapa dyr-pytrak bolup pytrap, hiç zada parh goýman gaçyp barýardy. Göç indi

Owgan gädigi alkymlabam barypdy. Owgan gädigiň özi hem indi giňden gerlen gujak bolup, göçüň alnyndan çykyp, olaryň dadyna ýetişerli bolup, howlugyp aňyrdan adamlara tarap barha golaýlap gelýärdi. Bu şeýle bolmasa-da: «Alla-Alla» diýşip, ýerli-ýerden Allany çagyryşyp zarynlaýan adamlar Owgan gädigiň gujak açyp, özlerine tarap, barha ýakynlap gelýän ýaly bolup görünmegini Allanyň özleri üçin asmandan indiren, häzirlikçe edip bilýän ýeke-täk ýagşylygynyň şudugyna ynandylar. Ähli zatdan-delmirip, haraý gözleýän adamlara Owgan gädigiň beýdip öňlerinden çykmagy olara-da belli bir derejede beladan başlaryny gutaryp biljeklerine bolan tama döretdi.

Gütüledilip-gütüledilip taşlanýan bombalaryň arasynda çawjap ýören Tagan zabunam birazdan gaçmakdan başga alajyň ýoklugyna doly göz ýetirdi. Göçüň ol ýerinde, bu ýerinde çawjap-alakjap ýörşüne ol indi: «Haý, adamlar, gaçyň! Owgan gädik hol-a howalanyp dur, şony nazarlap gaçyň!» diýip gygyrýardy. Onuň özi-de şundan soň at başyny deňläp gaçyp ugranlaryň biri boldy. Ahy-tupanlygyň derdinden bu pursatda aň şundan başga akyla aýgyt etmekden ejiz gelipdi. Asmanda bolsa aýeroplanlar gaýmalaşyp war berýärdiler.

Yzly-yzyna iki-üç gezek juw-juw bolup, yzyndan ok ýeten wagty ol özüniň aýeroplanyň nyşanasyna düşenligini çen etdi. Başyny ýapyryp, atynyň boýnuny tarap egildi...

Tagan zabunyň süňňüne aralaşan wehimiň soňra şol barmaşa onuň atyna-da ýetişenligi belli boldy. At şundan soň depe-düz saýman, topa salnyp atylana dönüp, zymdyrylyp öňe atyldy. Birmeýdan çapansoň, garadere batyp, parça-parça ak köpük gaýtaryp başlady. Emma munuň bilenem Tagan zabuna başdan inen bu belanyň öňünden sowulmak başartmady.

Aýeroplanlaryň biriniň Tagan zabuna jynynyň düşenligi belli boldy. Uçarman ýaňy ol at çapdyryp, adamlara beýemçilik, çakylyk edip ýören mahaly görüp, onuň göç ýolbaşçylarynyň biridigini çen eden bolmaly.

Aýeroplandan atylýan oklaryň biri Tagan zabunyň buýsanyp geýýän depesi meýdanly, buýraly silkme telpeginiň bir bölegini goparyp, alyp düşse, okuň ýene biri ol at boýnuna eglende, otyrýerine degip, ony gyltyzrak ýaralady.

Tagan zabun hol, gara görnüm öňde görnen iki-üç adamyň düýeleriniň gidişini haýal görüp, çybyk bilen saýgylaşyp, hellewleşip barýanlaryny görüp, olardan ozup geçip barýarka, aýeroplanyň indi özünden ünsi sowup, olara öjügip, yzarlamasyny bes etjegini pikir eden-de bolsa, onuň bu tamasy hem çykmady. Okuny saýhally tutup, mahal-mahal atyp, kowup gelýän aýeroplan ýene-de ony jyn edinip, kowalamasyny goýmady. Warlap ýokardan bir oňa geçdi, bir muňa, Tagan zabuna erjeşmesini dowam etdirdi. Onuň bir başa dikmän, başdan sowulmajagy hem şundan soň anyk boldy.

Tagan zabun aýeroplanyň gönünden-göni belläp, özüni kowşundan onuň üstünde sürüjidenem başga hut özüni tanaýan belet adamyň barlygyny, depeden özüni görkezip: «Şuny sypdyrmaly däl!» diýip, ona salgy berip, görkezip oturanlygyny çen etdi. Agdarhan Potra bilen iň soňky gyssagarada bolan gürrüňi ýatlady.

...Han şonda oňa aýratynlykda bir zat aýtmakçy bolýanlygyny mälim edip, atynyň başyny onuň atynyň başyna deňläp:

–Batyr, biziň içimizde birki sany dagy Sowetiň jansyzlary hem bar ýaly-la. Şolaryň biriniňem şol Ýowşan gara diýilýäniň bolmagy gaty mümkin.

–Men onuň bardygym kellesini alaryn –diýip, Tagan zabun şol pursatda öz goşuna ýetmäge howlugypdy.

–Tagapyl et, batyr! Çen edilýän bir olam däl, Bäpbe batyryňam «hymy-symy gürrüňi barmyşyn diýip çaklajak bolýarlar.

–Be, Bäpbe batyr... Kelläňe gelmejek adamlar – diýip, Tagan zabun bu gepe diýseň geň galanyny mälim edip, ýene Agdarhanyň gürrüňini böltedi.

–Sowetem şular ýaly asla güman edilmejek, özüni her ýerde oňarjak adamlary saýlap tutýar-da... Şu ikisiniň haýsam bolsa biriniň aramyza sokulan melgundygynyň ujy iki däl. Ýöne bularyň haýsynyň ýakasyndan tutjak? Müňkür-nekir diýilýär. Tutarygyň bolman, bir adama müňkürlik etmegem gowy däl... Çen edenimizem däl bolup çyksa, olaryň göwnüne gaty degmegimiz mümkin. Ýöne iliň çen-güman-a şolarda...

–Han aga, halk aýtsa, galp aýtmaz. Elli gepden belli gep. Haýal etmän,

olaryň ikisiniňem kellesini etegine gaçyryp taşlalyň! – diýip, Tagan zabun biraz küýlülik bilen, at debsiräp, bu ýagdaýyň soňuny görmäge howlukdy. Hyýalynda bolsa, ol eýýäm bularyň ikisiniňem ýoguna ýanyp, içini sowadyp durdy.

Ähli zady pähim-paýhas çäginde bolmalydygyna ýykgyn edýän Agdarhan Tagan zabunyň maslahatyny ýene-de meseläniň ýeke-täk çözgüdi hökmünde kabul edesi gelmedi.

–Beýdilse günäliniň oduna bigünä ýanary bolmagy mümkin! Olaryň biriniň içaly-ýeneki däl bolmagy-da, biziň gowa töhmet atýan bolmagymyz mümkin... Anyk zat ýok.

Tagan zabunyň gepi bu gezek has kesgitli boldy.

–Günäsizem ölmeli bolsa, goý ölsün. Ony seljermäge häzir wagt ýok... Uruş pidasyz bolýanmydyr, eýsem!? – diýip, dyzmaç gürläpdi.

Emma han göwnemedi. Oňa derek içalylar meselesinde hüşgärligi elden bermeli däldigini, olary etmişiniň üstünde tutup, diňe şundan soň güpbasdy etmelidigini aýtdy.

Tagan zabun Agdarhandan onuň kimligini eşidip gelenden soňam gelşine ony tapyp, bada-bat boýnundan gara gylyjy salmanlygyna häzir ökündi... Indi bolsa, gör, ol nirelerden aýlanyp dolanyp çykdy...

Şu pikirden soň ol aýeroplany özüne öjükdirip oturany görmese-de, onuň Ýowşan garadygyna hasam ynandy.

Emma aýeroplanlaryň peýda bolmagy bilen başlanan gaçha-gaçlykdan soň, onuň Ýowşan garany göz astynda saklamak pikiride başa barmandy. Ol şol garma-gürmelikde bir bölek atly bilen bir ýere ýitirim bolupdy. Şonda eger diri bolsa ony tapjagyna ynanýan Tagan zabun ol barada: «Gyzyňy alaýdygym, depesinden bomba-ýeneki inip, tapbat dagy bolaýdymyka, ýogsam-a bir ýerden boýugmaly ol maňlaýygara...» diýip oýlandy. Soňam ol wagty bilen gara bermänsoň, onuň şeýle bolanyna ynanyp, düwnesini üzüp oturandan bolupdy. Indi bolsa ol Ýowşan garanyň gaçyp, özüni esgerleriň arasyna atanlygyny, indem aýeroplanda oturyp, ýurdy belet çapar edip, ýol görkezip oturan bolandygyny çen etdi. «Wah, beýle boljagyny öň bilen bolsam...» diýip, dyzyna urup ahmyr etdi.

Ol her gezek aýeroplanyň sesi özüne golaýlaberende at başyny gyssagly bir bukurak ýere dolap alardy-da, aýeroplan badyny saklap bilmän gapdalyndan geçip gidensoň, ýene jülgäň içi bilen basýardy ata gamçyny. Aýeroplan öwrülip öňünden çykýança ýa-da ýeňseden bir ýerden öwrülip gelýänçä ol ganat ýaýýan ýaly bolup, eýýäm başga bir ýerlerden baryp çykardy. Tagan zabunyň gaçyp barýan jülgesem indi gitdigiçe daralyp-çuňalmak bilendi. Bu bolsa gizleýän ýaly barha aýeroplanyň ony atyma getirmek mümkinçiligini azaldýardy. Muňa seretmezden, aýeroplan jülgäniň ýokarsynda köwsarlap aýlanyp, henizem jyn edinen atlysyny alyp düşme islegi bilen ala tarryldy bolup gaýýardy.

Tagan zabun özüniň indi o diýen elýeterli däldigini aňansoň, atdan düşdi-de, jylawy elde saklap, onuň öňüne düşüp ýöredi. Çapa-çapa at janawerem diýseň ýadapdy, häzir onuň der bilen süllümbaý ezilen süňňünden ajy der ysly ýeňiljek bug göterilýärdi. Birazdan aýeroplanyň öwrülip gidenligi belli boldy. Ol munuň aýeroplan sesiniň barha özünden daşlaşýanyndan aňdy.

Şeýle-de bolsa ol aýeroplanyň ýag guýup, okdan, bombadan ýüküni tutmaga gidenini pikir edip, onuň özüni gününe goýanlygyna birbada ynanmady. Hüşgärligi elden bermän,

görünmänräk ýöremäge çalyşdy. Indi onuň daş-töweregini Owgan topragyna sanan baýyr depeleri Guşgy, Sarahs tarapa uzalyp, ulgam tutuşyp ýatyrdylar.

Tagan zabuna sowaşdygyça bolan elhençlik barha ýiti duýlup, indi onuň demligi daralýardy. Onuň nazary bolsa töwerekden özi ýaly gaçyp-sypanlary gözleýärdi. Emma soňam wagty bilen oňa duşan adam bolmady. Hatda ýolda gören düýelerini ýatlap, olar yzymdan ýeter diýip çen etse-de, olardanam wagty bilen yzyndan ýeten bolmady. Olaram aýeroplan pulemýot okuna tutup alyp ýatan bolmaly.

Tagan zabunyň çen edişi ýaly, giden aýeroplan ýene bir salymdan ony gözläp yzyna gaýdyp geldi. Baýyrlaryň ýokarsynda ters aýlanyp, Tagan zabuny aňtady. Emma soňam näçe aýlansa-da, ol ne-hä Tagan zabuny, ne-de onuň atyny tapyp bildi. Ol ýene bir salym gözleg salyp, baýyrlaryň ýokarsynda uçup gezensoň, şol gezip ýörşüne-de, onuň bukulan ýeriniň bolaýmagy mümkin ýerlerini pulemýot okuna tutdy. Ýöne aýeroplan gözleg salyp, depede näçe pyrlansa-da, soňra oňa kastyna çykan adamsyny görmek başartmady. Bir salymdanam ol jyn edinen adamsyny alyp ýatyp bilmändigine arman çekip, gaplaň-peleň deýin jülgeleri sarsdyryp, ahmyrly nagra dartyp, yzyna dolandy. Aşakda sergi bolup ýatan maslyklaryň üsti bilen öwrülip, ugur alyp, soňam Guşga tarap ganat ýaýyp uçup gitdi.

Tagan zabunyň şol yzarlap gelýän jülgesi ony Owgan gädigiň ýeňsesinden bir ýerlerden çykardy. Ol bu barýan jülgesiniň Owgan gädigi oýtarlap, onuň gapdalyndan ötýänligini bilmeýänligi üçin, häzir özüniň gelip nirelerden çykanlygyndan habarsyzdy. Henizem onuň golaý-goltumdan gaçyp-sypan adamlara duşaryn diýen tamasy bardy. Emma onuň biderejik küýseg bilen tama edeni galdy.

Wagty bilen ýene-de oňa duşan adam bolmady.

Tagan zabun bir üsti atkeçe atylyp oturaýmaly takyrja depelenip duran ýere duşup, onuň şol ýerde biraz-da bolsa oturasy geldi.

Dünýäde ýeke galan adam ýaly ol ümsümlik ummanyny boýlap, birsalym oturansoň, soňra kem-kemden öňki halyndan düşüşip, özüniň aýeroplanyň gazabyndan gaçyp sypanyna ynanyp ugrady.

Tagan zabun şu oturyşyna duşmandan gaçyp gutulandygyna ynandygyça-da derdi artyp, kalbyny hasrat basmarlady. Indi ony göçi alyp çykmakda gerek bolan kesgirligiň, ugurtapyjylygyň gerek mahaly özünde bolmanlygy, bu ýagdaýyň nähili beýle bolup bilýänligi baradaky pikirler diýseň kalbyny ezdi. «...Emelsizlik, başarnyksyzlyk, başga hiç zadam däl, maňa dogumlydyr diýýärler welin, belki, şeýledirem, emma il öňüne düşmek üçin diňe bir bu-da ýeterlik däl bolmaly, akyl-paýhasdan ýene-de nämedir bir zatdan ýüküni tutan bolmalydyr... Han aga ýaly ederini bilýän, Hakdan halatly bolmasaň, belki, il öňüne düşmeli-de däldir...» diýip oýlandy. Onuň göz öňüne bolsa halkyň aýeroplanlaryň gazabyna gaýduwsyzlyk görkezip, ýitgi baryny çekip, ýeten ýerinde öwlüýä döredip gaçyp barşy janlandy.

Tagan zabun köpler ýaly ýogsam aýeroplany ýaňy görmeläm däldi, bu Sowetleriň türkmen topragynda garşydaş hökmünde kastyna çykan güýçleriniň söweş meýdanlarynda özünden üstün çykyp ugransoň, ýigriminji ýyllaryň ahyrynda şeýtanyň enesini emip, onuň tapan emelleriniň birisidi. Şeýdibem, bu ok-ýaragyň asmana çykan döwri bolupdy. Öň ok alnyňdan, ýeňsäňden gelýän bolsa, indi ol pulemýot oky, bomba bolup asmandanam inip ugrapdy. Tagan zabun han gadamynda gezip ýörkä onuň okunyň-da, bombasynyň-da aşagynda bolup görüpdi. Beýle ýagdaýda han dessine ýagdaýy öz eline alardy. Onsoň adamlaryň gizlenmelileri gizlenip, gaçmalylary duşmany düýp goşdan uzagrak äkitmek üçin gaçyp, ýene birler hemişe onuň yzy bilen gelýän gyzyl esgerlere gaýtawul bermek üçin eňişip barýandyrlar. Hanyň hökümleridir maslahatlary bilen edilýän şeýle hereketler bolsa hemişe halky agyr günlerden, çykgynsyz ýagdaýlaryň aşagyndan uly bir ýitgisiz alyp çykardy. Bu zatlaryň öz-özünden bolmaýanlygyna, munuň üçin

gözsüz batyrlykdan başga-da ederini bilýän paýhasyň juda gerek bolýanlygyna Tagan zabun bu ýagdaý özbaşyna düşenden soň has aýdyň bilipdi. Hany ýat edip, onuň häkim-haladyndan hantama bolup, häzirki ýagdaýda hem onuň özi bolanlygynda halky bir ýol bilen alyp çykjagyny oý edip, öz ýanyndan ony küýsedi.

Tagan zabun şol oturyşyna ýene-de bir gezek tükeniksiz ahmyrdyr puşman bilen hezil edip, özüni jyn edinip kowalap, göwün solpudan çykyp giden aýeroplany ýatlady. Onuň üstünde telim bir ýüp bilen aşyrym saralyp, gundalan ýaly bolup oturan uçarmany ýatlady. Ýok, indi onuň gaçandakysy ýaly aýeroplandan sypasy-da gelip baranokdy, ondan gorkubam. Gorky sowlup, gaýtam, ol indi öz-özünden bolan närazylyga, gijigen maksat-hyýala öwrülip barýardi. Barybir aýeroplan geläýende hem ol indi ondan gaçmakçy däldi. Gaýtam: «Seniň ol ýerde meýit bolup togalananlardan niräň artyk, gaçmak nämä gerek boldy? Ine, gaçyp gutuldyňam-da, indi sen kime gerek!? Halkyň depesinden jala bolup dökülen ajal oklarynyň biri menem alaýmaly dälmi? Şonça okdan biriniň dagy özüme ýetmändigine haýran. Ýogsam köwek görse, jany gutarmak üçin gaplanyp ýörenlerdenem-ä däl men» diýip, ahmyrly örtendi. Içe düşen ot bolsa ýeleden-ykdan ýel tapyp, wagt geçdigiçe-de barha köreýärdi. Hupbat baryny gören ýaraly ýürek, daljygyp hossaly urýardy. Bu agyr yzaly dert barha artyp-ulalyp, soňundanam göwrä sygman, bir ýerden bolmasa, ýene bir ýerden gursagy böwsüp, partlap çykarly görünýärdi.

Tagan zabun belet bolanlygynda bu öwrä aýeroplanyň geljegine öňrägem göz ýetirse-de ýetirerdi. Ýöne ol häzir özüniň gaçyp gelip, Owgan topragyndan çykanyndan habarsyzdy. Onuň göç bilen çenläp gelýän Owgan gädigem, eýýäm yzda bir ýerlerde galypdy. Töweregem telim bir gün bäri ýörelip görlüp gelinýän gözýetimden-gözýetime ýaýylyp ýatan şaňlap duran Bathyz degresi däldi. Ýer çekilen uzyn etek bolup, ýokaryk baýyrlaryň üstüne göterilipdi. Töwerek iňlär siňeksiz ümsümlikdi. Şeýle

ümsümlik her ýyl güýz aýlarynda Bathyz öwresine mahsus bolup, ony oýurgandyryp, küýlendirip görkezýärdi.

Howada arly tomus türkmeniň jöwzaly yssysynyň aşagynda ýatyp kakara gelen topragyň ysy, joşgun alyp burugsaýan ýaly bolup duýulýan ýezgen ysy, ýene-de gaýry bir arada ýympyk ys bolup, ol häzir hol alysdan, baýyr kemerlerinde pytraşyp otlaşyp ýören goýun sürüsine meňzäp görünýän pisse agaçlarynyň ýapraklaryndan göterilýän müşkdür öýdülýän ys bardy. Demirgazykdan gonalga peýläp uçup barha badyny gaýtaryp golaýlap gelýän guş ganatlarynyň sesine meňzäp, hyz-hyzlap, endik boýunça her gün  ösýän Bathyz şemaly özüniň ornuna gelenini mälim edip, ýene ýeläp ösüp ugrapdy. Adamlar näme üçindir Bathyzyň bu ýel endigini hemişe bäri-bärlerde-de bolmadyk Hazar deňzi bilen baglanyşdyrýardylar. Hamala bu ýeriň garşysynda baryp, bir ujy şol deňiz golaýyndan çykýan jülge bolup, şemalam şondan akyp gelýärmişin. Ol şemalyň sowujak, has-da tomus günlerinde ýakymly bolmagynyň sebäbi hem hut onuň şol deňiz tolkunlarynyň üstünden göterilip gaýdanlygy üçinmiş.

Belki, adamlaryň diýýänleri ugrunda bolmagy hem ahmaldyr, sebäbi Bathyzyň gündogar tarapy bolup oturan Tagtabazar obalarynyň üstünden beýle, özge ýerlerde ösmeýän taň şemal ösmeýär. Şonuň üçinem ol türkmen topragynyň günbatar etegini ýalap, Guşgy obaçylyklarynyň üsti bilen Owganystana tarap ösýän şemal hasap edilýär. Häzir Tagan zabun golaýynda otlap ýören atynyň üstaşyry bir ýerlere seredýän-de bolsa, saýgaryp hiç zat görmeýärdi. Töweregem hamala oňa göwündeşlik bildirýän deý, ýamanlyk görlüp, mährinden geçilip gidilen mekan ýaly yns-jynsyz çoladan hasratlydy. Golaý töwerekde janly-jandar bara meňzemeýärdi. Hemme zadyň ýas ýerine gelen ýaly şol ýüzüni asyp, sortduryp dymyp oturyşydy.

Tagan zabun güýçli deňiz harasadyna duýup, heläk bolan gäminiň bagty getirip, gaçyp-sypan deňizçisine meňzäp, şol

atdan düşen ýerinde başyny tutup ýene esli salym oturdy. Bathyz degresinde gyrgyna düşen halkyň ahy-nalasynyň sesi henizem onuň gulaklarynda ýaňlanýardy. Boljak iş bolupdy. Ýöne bir bolubam goýupmydy, boýasy synypdy...

Bir-birlerinden agyr pikirler süýkenip, örtäp-öçürip, ýaz bulutlary ýaly sallam-sajak bolşup, onuň başynda göç edişip aýlanyşýardylar. Özi-de olar wagtyň geçmegi bilenem bolsa köpelmese, azalarly hem däldiler. Häli-şindem Jüneýit hanyň düýrügen haýbatly keşbi onuň gözüniň öňünde peýda bolýardy. Şol pursatda zabun özüni han huzurynda duýýardy.

–Hany meniň halkym?

Bu sowala tagan zabun her gezek jogap tapmaýardy. Sebäbi onuň jogaby ýokdy...

Başa gelip bir-birlerinden agyr ýük düşürýän oý-pikirlerden ýaňa, tapdan düşen Tagan zabun, Bathyz düzlügindäki göç arasynda bolup, özüniň nirä barýanyny, nirede oturanlygyny hem unutdy. Bu telim günüň ukusyzlygy, görlen görgüleri argyn ýadawlyga öwrülip, soňam onuň erkini elinden alyp ugranlygy belli boldy. Ol özüne Bathyz degresinde duşman okunyň aşagynda galan adamlara öz delalatynyň häzirki wagtda juda gerekligini, olaryň arasyna dolanmalydygyny ýatlasa-da, gaflat ýorganynyň aşagyndan çykmaga näçe synanyşsa-da, bary bir ol başartmady. Ukynyň iner bolup çöküp, öz labyr-mähnedi bilen Tagan zabuny şol oturan ýerinde oýkanyp-owanlygy belli boldy. Ol ýykylyp gyşaran ýerinde dünýäni unudyp uklap galdy.

* * *

Aýeroplanlar asmanda pelesaň urup, göçi bombalap, pulemýot okuna tutup ugranda atyny debsiläp, gözüniň gören tarapyna gaçyp ugran Ýowşan gara uzak gaçmaga ýetişmänkä, golaýda ýarylan bombalaryň biri ony öz badyna aty bilen göterip agdaryp urdy. Bomba tikesi bilen garny ep-ýesli oý bolup böwsülen onuň destindäki at janawer şonda jan howluna bir zady

gazap bilen dişleýäne meňzäp, öz sesine meňzemeýän armanly aýylganç ses bilen diňe bir gezek horguryp-haýkyrmaga ýetişdi. Bomba tikesi ýene bir azrak ýokarrak göterilen bolanlygynda ol Ýowşan garanyňam şol ugra merkini bermelidi. Şeýdibem, bu at janaweriň öz süňňüni öňe tutup, eýesini göni gelen ajaldan alyp galmasy boldy. Emma ol şol pursatda atyň üstünden tüwdürilip giderli bolup, eýeriň üstünden galgap, biraz ýokary göterilen hem bolsa, çep aýagyny wagtynda üzeňňiden aýyrmaga ýetişmändi. At güpüläp gapdala agdarylyp düşen mahaly onuň şol aýagy eýeriň aşagynda galyp owuldy.

Aýagynyň bimöçber agyrysy soňra Ýowşan garanyň huşuny ýitirip, arsyz wagt özüni bilmän, seňseläp ýatmagyna sebäp bolupdy. Ony töwerekde gopan ahyrzaman – ölüp barýanlaryň kömege çagyryp gygyryşýan armanly iňňildileri-de, zähresi ýarylan çagalaryň zaryn agy sesleri-de, aýeroplanlaryň arryldysy-da, pulemýot sesleri-de wagty bilen özüne getirip bilmedi. Ol şol günüň ertesi çep aýagynyň ýiti agyrysyna özüne gelip ugrady. Görse töwerek imi-salalyk, ne asmanda aýeroplan bar, ne-de Bathyza lerzan beren ahy-nala. Töwerek öwlüýä ümsümligine basyrylyp otyrdy. Ýowşan gara şundan soň kem-kemden özüniň arsyz wagt ölenleriň hasabynda bolanlygyny, apyla-sapylanyň bireýýäm sowlanlygyny, gözünde, ýadynda galan gabahatlygyň tuty ýaly bir tarapa syrylanlygyna göz ýetirdi.

Hamala ýas-ýaňy golaýda bir at tezeklän ýaly howada at tezeginiňdir gan ysy, dymyljap, porsap ugran maslyk ysy bardy. Şonuň üçin bolsa gerek Günün doganlygyna köp wagt geçmedigine seretmezden, dem almak, adaty ertir pursadyndaky ýaly aňsat däldi. Ýowşan gara haraý isläp, ýatan ýerinden sähelçe başyny göterip, delmirip töweregine gözlän mahaly, ölüp iki aýagyny göterip ýatan atyň birki ädimliginde gelindir garry aýalyň golaýynda bir çaganyň üstünde münder-münder bolşup, baslygyşyp ölüp ýatanlaryny gördi. Çeni bular gaýynenedir gelin-agtyk bolşup, bomba zyňlan wagty, ýerli-ýerden şol çaganyň

üstüne gerlen kükrekler bolup, oňa degjek oky öz göwreleri bilen saklamaga synanyşyp, ýüzin ýykylanlar bolmaly.

Emma agyr at göwresiniň aşagynda galan aýak agyrysy ýene onuň ýaňy gerim alyp ugran aňyny yzyna gaýtaryp aldy. Birsalym özünden gidip, ýene özüne geldi.

Oňa biraz aňyrda ölüp ýatan düýäniň güp bolup çişen garnynyň depe bolup duranlygy hem sähelçe görünýärdi. Ýowşan gara dyzyndan aňyrsynyň atyň göwresiniň aşagynda galanlygyny görüp, onuň awy-zerzaw bolup erbet agyrýanyndan çen tutup: «Bu at agramyna meniň aýagymyň dyzdan aşagyny kül-uşak eden bolmaly?» diýip, indi özüniň nähili ýöräp biljekdigini göz öňüne getirip bilmän howpurganyp kösendi. Özüniň gabryň gyrasyndan gaýdanyny görse-de, ýöne ondan juda bir uzaklaşmanlygyny hem syzdy. Ondan daşlaşmak üçin edilmeli synanyşyklaryň indi başlanmalydygyna hem özüne ýatladyp, mümkin boldugyndan edilmeli tagalladyr hereketiň ugruna çykyp ugrady. Özüniň çenini almak üçin asmandyr töweregini siňňin synlady. Telim bir gün çaň-tozan, ajy tüssäniň derdinden ýere ýakynlan ýaly bolup görnen asman bu gün öňküsinden has ýokarda eken.

Ýowşan gara her gezek şeýdip, özüne gelende Owgana barýan uly göçüň serhede golaýlasa-da, ondan aşyp bilmändigi, gyzyl esgerleriň ýerden, asmandan eden hüjümleriniň, ýoly kesmek üçin gaýgyrylman edilen zulumlaryň elhenç bolanlygy, göç goragynyň gowşak bolmanlygyna seretmezden, aýeroplanlar bilen zarba urlup ugralansoň, onuň bu güýjüň öňünde durup bilmän, derbi-dagyn bolanlygy barada, özüniň nirede ýatanlygyny bilmäge kömek eder diýen tama bilen ýene-de birnäçe zatlary ýatlamaga çalyşdy.

Ýowşan gara atyň agyr göwresiniň aşagynda galan aýagyny nätse-de, bir kömek bolmasa, özüniň sogrup alyp bilmejegine gözi ýetensoň, töwerekden haraý isläp, belki, gaçyp sypan diri galan adam töwerekde bardyr diýen tama bilen, ilki pessaýrak ses bilen, soňra sesiniň ýetdiginden gygyryp ugrady.

– Aý, ha, diri adam barmykan-ow?! Sesimi eşidýän bolsaň, kömege gelewer-ow, gardaş,.. aldy-la bu aýak, içigar!

Emma näçe gygyrsa-da, wagty bilen onuň sesini eşiden bolmady. Golaý-goltumda hem janly-jemendäniň ýoklugy belli boldy.

Ýowşan garanyň pikiriçe, Sowetler apyla-sapyla sowlansoň, özüni gözläýmeli ýalam welin... Ýogsam ýokardan-a «Göçde öz adamymyz bardyr, şoňa garaşyk etmeli» diýlib-ä tabşyrylan bolmaly... Şonuň üçinem, gyzyl komandirleriň biri bolmasa, ýene biri Ýowşan garany ýatlaryna düşüräýjek ýalydyr welin... «Belki, gözländirlerem. Tapmadyk bolmaklary-da gaty mümkin...» diýip, ol şol ýatyşyna alasarmyk küýler bilenem küýlenýärdi. Şeýle gyrgynçylyklardan soň, gyzyl esgerleriň ölüleriň arasyna aýlanyp, olaryň gymmat baha şaý-seplerini, goş-golamlarynyň käbirini, soňra bir ýerlerde arak-içgä çalyşmak, sowgat bermek üçin toplaýandyklaryny ol bilýärdi. Şu pursatda birsalym ölülere talaň salyp ýören gyzyl esgerler oňa töwerekde bar ýaly bolup duýuldy. Ýowşan gara soňra, belki, kimdir biri meniň sesimi eşider diýen tama bilen ýatan ýerinden birnäçe gezek sesiniň ýetdiginden rus dilinde hem gygyryp aldy:

–Bratýa, spasaýte! Spasaýte menýa!

Emma onuň bu sesini-de ýene-de ýeleden-ykdan eşiden bolmady.

Bu alaçsyzlyk Ýowşan garany gorkuzdy hem onuň gaharyny getirdi. Ýowşan garanyň häzir suw içesi gelýärdi, agzy diýseň gurapdy, biraz suwsuzlykdan ýeligip ugran dil agyz boşlugynda zordan aýlanýardy. Göwnüne häzir suwdan bir gähnäp bolsa, oňa bu ýagdaýdan dynmagyňam bir alajy tapylaýjak ýaly hem bolubam duýulýardy. Gören derýalarynyň, ýaplarynyň tolkunyşyp akyp ýatyşy, süýji suwly, düýbi ýyldyzly guýularyň tereň suwy ýadyna düşüp örtendi... Ol asmanyň onda-munda kölçe bolup oturan hereketsiz ak çakyr bulutlaryna tamakin bolup, delmirip

ýene-de esli salym ýatdy. Emma näçe dalbynsa-da, asmandan ne hümmet boldy, ne-de nem.

Ýowşan gara bir gezek özüne gelen mahaly, golaýda bir ýerde at aýagynyň sesi gulagyna eşidilip giden ýaly boldy... Ol tama bilen mümkin boldugyndan başyny göterip, töweregini diňirgendi. At aýagynyň sesi gabatdan geçip barýardy. Ýowşan gara bu mümkinçiligi sypdyrmaly däldigine bada düşündi... Ol başyny göterip, özüniň barlygyny mälim edip: «A-ah-ow» diýip, nagra çekip ötüp barýanyň ünsüni çekmek üçin gygyrdy. Ony öz gözlegine ýörite çykan Sowetiň adamlarynyň biridir diýip oýlandy. Ýöne mejalsyz göwreden çykan sesem ugursyz boldy. Arzynyň ýetmeli ýerine ýetmänligi baradaky pikiri Ýowşan garanyň kalbyna howsala berdi. Ol ýanbaşyndaky mauzerini ýatlap, ony kynlyk bilen aldy-da, atlynyň ünsüni çekmek üçin, onuň bir okuny asmana goýberdi. Ok sesi çykanyndan uzak wagt geçmänkä, onuň ýanyna bir atly geldi. Atyň üstünde eli bäşatarly gyrmyzy donly, bir pälwan sypat adam otyrdy.

At üstünde oturan Ýowşan garanyň göz-gülban bolup horlanyp ýatyşyny görüp, dessine atdan böküp düşdi-de, oňa kömek bermegiň ugruna çykdy. Ilki ol onuň bazzyk-buzzuk geplejek bolşundan çen tutup, diliň agyz boşlugynda kynlyk bilen aýlanýanlygyna göz ýetirdi.

Dessine eýeriň gaşynda asylgy duran suwly meşigi alyp, ony alada bilen haly teň Ýowşan garanyň agzyna tutdy. Ýowşan gara meşigiň agzynyň iki tarapyndan elleri bilen ebşitläp tutup, onuň suwuny esli wagtdan bäri enesiniň emjegini emmäm-emmän emýän göle ýaly şypa tapmak bilen, ýakasyndan syrykdyryp, şaplap-sokjap emdi. Ýowşan garanyň düşen halyny görüp, göçden ýene bir diri adamyň galanyna begenen ýigidiň oňa bolan yhlasy şundan soň hasam artdy. Ol: «Bende, gör, nähili horlanyp ýatan eken» diýip, oňa nebsi agyryp, tizräk ýeneki delalatlary etmäge howlukdy. At bombadan uçan wagty onuň eýeri aşaklygyna garnyna tarap agyp, ýer bilen at göwresiniň arasyna düşen eken.

Bu bolsa Ýowşan garanyň aralykda galyp gapjalan aýagyna ähli agramyň düşüp, onuň gaty owulmazlygyna direg-delalat bolupdy. Ýigit soňra Ýowşan garanyň şol at göwresiniň aşagynda galan aýagyny boşatmagyň ugruna çykdy. Töwereginden öli atyň göwresiniň aşagyna sokup, ony az-da-kän-de bolsa-da ýerinden gozgap, Ýowşan garanyň aýagyny onuň astyndan alyp çykmaga amatly taýakmydyr ýeneki bir çemli zat gözledi. Emma gyssagarada laýyk bir zadam göze ilmedi.

Şundan soň ýigit bilindäki pyçagyny aldy-da, şonuň ujy bilen at göwresiniň aşagyndaky aýagyň gapdalyndan atyň göwresiniň aşagy bilen soňra aýagy şol çukura gaçyryp, böwşeňlik döredip, ony çekip almak niýeti bilen aýagyň ýazgynlygyna barabar çukur gazyp ugrady. Şol dert-azap bolup oturyşyna-da, başardygyndan oňa:

–Aga, diri galan ýeriň bolýar. Ýara-beýlekiniň bir alajy bolar... Tebibe ýetsek, gutular gider–diýip, oňa özüçe göwünligem berdi.

At göwresiniň astynda galan aýagyň gapdalynda ol sygaýar ýaly bir gulaç gerimindäki çukur peýda bolan mahalynda ýigit aýagy dartyp çekip, usul bilen şoňa düşürdi. Diňe şundan soň ýigide Ýowşan garanyň at aşagynda galan aýagyny ol ýerden sogrup almak başartdy. Ýigit ony ynjytmazlyk üçin, mejalsyz Ýowşan garanyň iki goltugyndan göterip, medet berip, bir boşlagrak ýere alyp çykdy. Meşikden ýene-de oňa suw içirdi. Ýigit soňam töwerekden sazak çybyklaryndan döwüp getirip, olary pyçagy bilen ýonup, ýylmap raslap Ýowşan garanyň aýakdaky döwüginiň iki gapdalyndan goýup, üstündenem bilindäki guşagy bilen ony aýlap daňdy. Aýagynyň seýiklenmegi Ýowşan garanyň janyna birazam bolsa aram berdi. Ol indi tirsekläp ýatan ýerinden töwereginde aýlanyp, delalat edip ýören ýigide alkyş aýdýardy:

–Hydyr atamydyň, inim? Ýok, sen Hydyr ata bolmaly, wagtynda ýetişdiň, ýogsam men şol porsap başlan atyň aşagynda armanlyja ölüp gidibermeli-dä – diýip, aýagaldygyna oňa minnetdarlyk bildirýärdi.

Ýigit soň töwerekden çöpleme çöpläp, Ýowşan garany biraz-da bolsa gurplandyrmak üçin, tüňçäni suwdan dolduryp, oda goýdy. Çaý taýyn bolandan soň, atyň syrtyna bökdürilen haly horjuny aldy-da, ondan nandyr gowurma çykaryp aldy. Käsesine ep-esli edip gowurma salyp, üstündenem çaý guýup, çaý-çorba edip, ony bir döwüm nan bilen Ýowşan garanyň agzyna tutup, mümkin boldugyndan yhlas bilen naharlady.

–Halys tapdan düşüpsiň, şu zatlardan garban-da, biraz billen, aga, sen!–diýip, oňa hoşamaýlyk etdi. Ýowşan gara şu pursatda Hydyr ata bolup, dadyna ýetişen ýigitden diýseň minnetdardy. Onuň janköýerlik edip, öňünde saçak edip goýan horjunyndaky bar bolan zatlardan işdämen iýdi.

Aýak agyrysy, iki-üç günüň aç-suwsuzlygy ýogsam onuň eňkamyny halys alypdy. Ol gyssanyp iýip-içip oturyşyna arasynda düwnüp-düwnübem gidýärdi.

Hödür-de-hemaýat bolup oturyşyna ýigidiň özem onuň gapdaly bilen boldugyndan naharlandy. Olar şu oturyşlaryna soraşyp, ideşip bir-birleri bilen tanyşlygam açdylar. Ýigit içini döküp:

–...Men aýeroplanlar gelip, bomba atyp ugranda göçüň gapdaly bilen gelýän goragdaky adamlaryň biridim. Atam-da, enem-de, bäş ýaşly oguljygym, iki gyzym-da şol göçde bardy. Gaçylyp ugralansoň, men olary gözläbem tapmadym. Her kim gaçdy dyr-tytrak bolup bir tarapa, galyň bende başarsa jan gutarjak... Men özümiňkileriň üstünden bomba düşüp, olaryň heläk bolanlygyny çen edýärin. Sorag-idegime soňam gördüm-bildim tapylmady. Emma şeýle-de bolsa gözüm bilen görmesem, olaryň älemde ýokdugyna ynanyp biljek däl. Göwnüme bir ýerden olar gyra-da beräýjegem ýaly... Bilýärin anygyna ýetmesem, olaryň pikiri hany onsoň ömür boýy ynjalyk berýärmi maňa?..

Ýowşan gara köpi görenligini edip, ýigidi gepledip, özi az gepläp, mümkin boldugyndan ony öwrendi. Armanly ýigidiň

bolsa derdi hüjre-hüjredi. Derdini egsäýjek ýaly aýdyp goýup bilenokdy.

Haçan-da ýigit göwünlik berýän äheňde ikinji gezek: «Agam, sag-aman Owgana aşsak...» diýip gürlände, onuň gepi iýip-içip, biraz jany arama girip ugran Ýowşan gara ýaramady. Ol aňynda özüniň kimligini, gaýdan yzyny ýatlap, indi gaýry bir kölüň suwuny boýlap otyrdy. Şeýle-de ýigit Owgany agzanda Jüneýit hanyň haýbatly keşmeri onuň göz öňünde peýda bolup, gyňralybrak ondan habar sorady:

–Hany meniň halkym?

–Han aga, biz...

–Olarsyz men seniň ýaly haýsy tarap bolsa, hemmesine işläp ýören kyrkemjek gurrumsagy başyma ýapaýynmy?

Ýowşan gara bu bolan zatlardan soň, Owgana aşmak niýeti ýokdy. Indi onuň Jüneýit hanyň öňüne barara ýüzi ýokdy.

Jüneýit hanyň öz ýüzüne gözländen nämäniň näme bolanlygyny biljeginiň ujy iki däldi. Ol Jüneýit hanyň adam tanap, döwre paýhas edip bilýänligine gaty beletdi.

Dogrusy, indi oňa Owgana aşmagyň asla geregi-de ýokdy. Sowetler tarapyndan berlen tabşyryk aňryýany bilen ýerine ýetirilipdi. Ozalky Sowet ýolbaşçylary bilen bolan gepleşik boýunça ol Owgana, göçi ýolda bir ýerde yzyna dolap bolmadyk ýagdaýynda serhetden geçip, Jüneýit hanyň ýanyna iş bitiren il agalarynyň biri bolandan bolup, eselip keserip barmalydy. Soňam şol ýerde galyp, hanyň töweregindäki Sowetiň janköýer gulagyna öwrülmelidi.

Sada ýigit häzir özüniň bir wagt aždarha çykan ýerinden gelme bilen oturanyndan habarsyzdy. Ýapyşara ýan, aslyşara syn tapan Ýowşan gara bolsa indi nädip bu ýigidi öz bähbidi üçin ulanyp boljagy baradaky pikir kökenini ölçäp-biçip otyrdy. Nädibem bolsa jany gutarmak üçin Sowetleriň arasyna gaýdyp barmagyň, onda-da iş bitirip pylankes bolup barmagyň höwesini edýärdi. Soňra bolsa ol diňe özüniň däl, ýigidiňem Owgana gidip, başyny

gutarmagyny islemedi. Ýigit oňa entegem gerekdi. Ol ýigitsiz özüniň döwük aýak bilen ata çykyp, aljagyny alyp, goýjagyny goýup, bilmejegini gowy bilýärdi. Nätse-de, ol ýigidi ata çykyp, jylawy düýrläp ele alandan soň etmekçidi. Haçan nähili hereket etmelidigini ol eýýäm özi üçin bişiribem otyrdy. Sada ýigit bolsa özüne osup goltugyna ýylan girenden henizem habarsyzdy. Haçanda ýigit gidip, merhumlaryny gözlemegiň ugruna çykarman bolan wagtynda Ýowşan garanyň ony ýoluna goýberesi gelmedi. Ýigit ýol şaýyny tutup ugran mahaly ol ýatan ýerinde çytylyp, ondan nägile boldy.

– Gitmäniňde bolmaýarmy?

–Gitmesem bolmaz, agam.

–Munça jesediň içinden sen öz ölüleriňi nädip taparsyň?

–Taparyn, agam, men olary çen bilen nireräkden gözlemelidigini bilýärin. Olar şol töwerekde bolmaly.

–Sen gitmän dynjak däl-dä onda?!

Bu gezek Ýowşan garanyň sesi haýbatly çykdy.

–Gideýin, agam, tizräk gaýdybam geleýin...–Soňam ýigit ýoldaşynyň özüni taşlap gitjek bolýandyr diýip alada galýandyr öýdüp, ony özüçe ynandyryp köşeşdirmäge çalyşdy: – Agam, men sizi goýup, hiç ýere gitmerin. «Gurhandan» ant içmelem bolsa men bar. Ajygsaň iýeriňe külçe-de, içeriňe suwam goýup gidýändirin. Ol zatlar gutaryp-gutarmanka-da, enşalla, meniň özüm dolanyp gelerin. Seni ýeke goýmaryn.

Emma Ýowşan gara munuň bilenem kanagatlanmady. Ala gözlerini elek-çelek etdirip, düşdi bir güne. Ýigide ýarag çenedi.

–Eý, kelew, samahullap oturma-da, meni diňle, tapdyň sen aldajak adamyňy! – diýip, hökümli gepledi.

Onuň bolşy henizem kime duşanyndan habarsyz ýigidi geň galdyrdy:

–Agam, oturyp-oturyp bu nätdigiň boldy? Munyň namartlyk bolýar! «Ýagşylyga – ýamanlyk» diýleni bolýar – diýip, biraz göwni galyp, ondan nägile boldy. Ýigit onuň bolşundan özüni

«Taşlap gider!» diýip gorkýardyr diýip,  pikir etdi.  – Özüm bilen bile äkitsem, gözleg wagty siz ýaraly halyňyza hor bormukaňyz diýýän... – diýip, ýigit açyk göwünden onuň bilen düşünişmäge synanyşdy. Ol henizem gowy düşündirse, Ýowşan garanyň özüne düşünjegine tama edýärdi. Ýöne munuň bilenem ol ýigitden ýaragynam sowmady, demindenem düşüşmedi.

Şundan soň ýigit:

–Hoş, agam. Ýör onda, sizem äkideýin özüm bilen, ýöne at üstünde uzak oturmak kyn bolarmykan diýýärin. Näçe wagt gözlegde bolunjagy belli däl... – diýip, ol öz niýetine başgaça düşünilenini halaman, düýrügibräk durşuna onam özi bilen äkitmäge biraz nägilelik bilen razy boldy. Ýowşan garanyň ganyny gaçyryp boluberişinden çen alyp, başgaça çykalganyň ýoklugyny bildi-de, ony atyna artlaşdyryp alyp gidermen boldy. –Ýör, aga, beýle pikir edýän bolsaň, onda senem galma-da, meniň bilen bile gidiber!

Onuň häzirki düşnüksizden bolşunda näçe diýseň nägileligem bardy, haýbat-hyryş-da.

Şundan soň bir bolmasy işiň boljagyny ýigidiň beýleräkde, otlap ýören aty duýdy. Ol Ýowşan garanyň sesini gataldyp ugran mahaly, ot iýmesini goýup, başyny ýerden göteripdi. Eýesinine tarap manyly gözläp, gozgalaňa düşüp, gulaklaryny gaýçylap howsalaly hokurganypdy.

Ýigit hemişe ýola çykmazdan öň edişi ýaly, ýene-de onuň ýanyna baransoň, maňlaýyny, ýalyny sypalady. Onuň gozgalaňa düşüp, boluberşinden çen alyp, ol arpaly torba tamakindir öýtdi. Ýigit şundan soň, goşlaryny ýükläp, soňundan Ýowşan gara aty münmäge kömek etdi. Diýeni edilensoň köşeşäýjek ýaly bolsa-da, Ýowşan garanyň ýöne munuň bilenem köşeşmändigi belli boldy.

Somlap çykaran ýalaňaç mauzeri henizem onuň elindedi. Onuň ýüzünde birjigem ýigidiň düşen oňaýsyz ýagdaýyna duýgudaşlyk etmek meýli görnenokdy. Ýigidiň maňlaýynda peýda bolan burçak der onuň ýakalaryny ezip, aýaklarynyň üstüne, ýeredamdy. «Bäh,

bu gurrumsagyň nil-ä gowy däl» diýip, süňňi bir erbetligi syzyp, ýigit öz ýanyndan aladaly oýlandy.

–Sen onda ýene-de Owgana dolanmakçy-da? – diýip, Ýowşan gara özi üçin käbir zatlary anyklamak üçin ondan ýene-de tekrarlap sorady.

–Hawa, agam! Bile dolanarys, enşalla. Indi bize bu ýerde durarlyk galan däldir.

Ýowşan gara içinden «Meniň bilen-ä Owgana gitmänjik geçersiň» diýse-de, ýagşy at üstünde ornaşyp atymyny alýança syr bildirmezlik üçin sesini çykarmady.

Ýigit jylawy gaňtaryp, soňam onuň eline berdi. Diňe şundan soň Ýowşan garanyň indi ýigidi özüne gerek däl hasap edip, päliniň azanlygy belli boldy. Ol:

–Sen Owgan diýip tutup oturjak bolsaň, onda biziň ýolumyz aýry? –diýip talaply gepledi.

–Ä-ä? – Gulagynyň eşidenine ynanmadyk ýigit baş göterip, muňa birbada nähili düşünjegini bilmän, ör-gökden gelip, onuň ýüzüne soragly seretdi. Ýowşan gara gazap bilen sapançany ýigidiň kükregine tutdy. Ýigit rejäniň geň däldigini görüp, «... Agam, agam...» diýip, onuň ýüzüne ýazyksyz gözledi. Näme-näme bolýanyna düşünmäge synanyşyp, elini daldalladyp, ýeňse tesdi.

Gowy adam ähli zatda öz göwnüne osagan bolýar. Şeýle bolanda ol hüşgärligini ýitirýär, özüne gezelen oky-da wagtynda görmäge ukypsyz bolýar. Ýagşylyk edýän adam ýagşylyk eden adamsyndan özüniňki deý ýagşylyga garaşmaýan-da bolsa hiç bolmanda eden ýagşylygynyň gadyrynyň bilinmegini isleýär. Şonuň üçinem ol beýle sazlaşygyň bu ýagdaýyň başgaça bolup biljegine asla ynanmaýar. Olaryň soňra duýdansyz aňňalak gapmagynyň sebäbem şu bolýar.

Tüpeň göçüp, ýigit «Haý...» diýip, kükregini tutup, düýbi çapylan agaç ýaly leňňer atan mahaly, Ýowşan garanyň münüp oturan aty ürküp, beleň alyp göterildi-de, birden öňe dyzady.

Tasdanam Ýowşan garany ahmal goýup agdaryp urupdy, ýöne ol soňky pursatda eýeriň gaşyndan ýapyşmaga zordan ýetişdi.

Duýdansyz çykan sapança sesine ürken at ýagyrnysyna jüp gamçy çalnana dönüp, göterilip, uçýan ýaly bolup hondan çykdy. Ýigit batyp barýan sesi bilen «Meleguşum!» diýip, zordan onuň adyny tutmaga ýetişdi. Çapyp ugran atyň, eýesiniň kömek sorap gygyran sesini eşidenligi belli boldy. Ol birden duýdansyz ýanyn alyp, hyrra yzyna öwrülen mahaly, beýle zada garaşmadyk Ýowşan gara onuň badyna tüwdürilip honda düşdi. Ýere urlan aýagynyň agyrysyna çydap bilmän, çabalanyp it bolup uwlady.

Atyň beýdip özüni atyp urmagy Ýowşan garanyň diýseň gaharyny getirdi. Eýesini edişi ýaly, atyň özünem bir oka tabşyrasy geldi. Ýöne at eýýäm onuň okunyň ýeter ýerinden aňyrda – eýesiniň atylyp ýykylan ýerinde onuň jansyz göwresini ysyrganyp durdy. Özi-de indi ol ýerden hiç ýere giderli hem däldi. Ýowşan gara atyň häsiýetinden çen tutup, ony eýesiniň taýlykdan idedip-seredip ýetişdirendigini, şeýdip söýlüp-sypalyp ýetişdirilen taýlaryň soňra eýesine diýseň wepaly, onuň niýet, pikirine düşünip duran häsiýetli at bolýanlygyny, onuň öli eýesiniň bu bagtyny göriplik bilen ýatlady.

At eýesiniň ýanyna aňyrdan höwesli çapyp gelen-de bolsa, onuň tamasy çykmandy. Ol turup, ne onuň jylawyndan tutup habaryny aldy, ne-de hemişekisi ýaly ýalyny, maňlaýyny sypalap hoşamaýlyk etdi. Ol kükregini tutup, şol ýykylan ýerinde gum garbap ýatyrdy. At hokranyp, onuň daşyndan aýlandy, ýene-de onuň öz jylawyna eýe çykmagyny isledi. Onuň ýykylan mahaly telpegi atylyp, öňüne düşen başyny, gana bulaşan elini hoşamaýlyk küýsegi bilen ysgaşdyrdy. Eýesiniň süňňünden ýaşaýyş tirsildisini gözledi. Emma göwre eýýäm ýaşaýyş alamatyndan mahrumdy.

At ýene bir salym näderini bilmän, eýesiniň töwereginde ýer depjäp duransoň, kalbynda joşgun alan hasratyna bäs gelip bilmän, başyny ýokaryk göterdi. Owgan gädige tarap keýerip bakyp, hokrandy-da, Bathyzy sarsdyryp kişnäp goýberdi. Onuň

mähriban eýesiniň öz jylawyna eýelik etmejegini syzanlygy belli boldy. Atyň zaryn sesine tolkunyp giden ýaly howa endiredi...

Ýowşan gara şol düşen ýerinde awunyp, gahar-gazaba gap bolup, buruljyrap bir salym ýatansoň, wagtyň geçmegi bilen, aýagynyň agyrysy biraz-da bolsa kiparlaşyp, oňa özüni dürsemäge mümkinçilik berdi.

Güýzüň dünýäni eýemsirenip oturanlygyna seretmezden, Gün asmana galyp ugramagy bilen howanyň gyzgyny eýýäm ýetjek derejesine ýetipdi. Göwün bolsa şeýle pursatda salkyn, arkaýyn süýnüp, dem-dynç alaýar ýaly sergin kölegeli bir ýeri küýseýär. Öwüsgin bolmansoň, töwerekde seýrek biten sazaklaram häzir, hereketsiz, hasrata berlen başlaryny aşak sallaşyp otyrdylar. Dünýä höwessiz hem iç gysgynçdy.

Ýowşan gara bir salym nägile nazar bilen töweregini synlap ýatansoň, ýene aty ele alyp, eýere gonaryn diýen tama bilen, oňa tarap kynlyk bilen abat aýagynyň üstünde ýanyn ýatyp, assa-ýuwaşja süýşenekläp başlady. Onuň agyr göwresi gumak ýeriň ýüzünde, äpet ýylanyň yzy ýaly egrem-bugram yz galdyrdy. Ol dert-azar bolup, wagtal-wagtal dynç alyp, barha öňe omzady. Atyň eýesiniň jesediniň töwereginde aýlanyp duran ýeri şeýle bir uzak bolmasa-da, döwük aýak bilen bu ýoly geçmek Ýowşan gara ýeňil düşmeýärdi. Ol dişini gyjap, dodagyny dişläp, der baryny döküp, dert-azap bolup, hereket etmeli bolýardy. Ata taýak ýetim gelende hem ol atdan ýykylan wagty agyrysyna çydaman niýet edişi ýaly, ony bir oka tabşyrmaga howlukmady. Sebäbi ol bu geçen aralygynda halyna gelip, atyň öz halas bolmagynda ýeke-täk mümkinçilikdigine göz ýetiripdi. Aňyrdan bir elinde somladyp gelýän sapançasyny-da gabyna salyp ýygnamagyna sebäp bolan zat hem hut şu inçejik tamady. Bir tutup jylawy ele çolap bilse, ol atyň özüni Guşga ýetirjegine ynanýardy. Dert-azar bolup süýşenekläp barşyna indi onuň ähli pikir-niýeti ata ýetip, jylawy bir gola çolap almakdy.

* * *

Tagan zabun şol ýatyşdan näçe wagt ýatany belli bolmazdan günortanyň öň ýanlarynda oýandy. Golaýda at aýagynyň dükürdisi bilen adam hümürdilerini eşidip oýandy. Ahmallykda üsti aldyrdym-ow diýen alsarmyk pikir bilen gözlerini ýalpa açdy. Şonda ol ilki at aýagynyň sesini eşidende pikir edişi ýaly, öz üstüne at dyzandyryp duran birini däl-de, golaýynda dert-azar bolup, otlap ýören atyny ele salmagyň ugrunda bolup ýören bir aýal bilen, ýortmança oglany gördi. Tagan zabun bir görse, beýle ýanynda hem başy açyk, eleşan garry aýal üç-dört ýaşly çagany öňünde tutup, atyň ele salnaryna garaşyp, çugutdyryp otyr. Şulardan başga töwerekde görünýän zat ýok. Bularam bolsa şol Bathyzda gopan apy-tupandan ajaly ýetmän gaçyp gutulanlar bolmaly...

Tagan zabun atynyň daşyna geçip, onuň ugruny tapyp, tutarman bolup ýörenlere özüni mälim edip:

–Haýt! Eý, at bilen näme işiňiz bar? –diýip dillendi.

Abaýly ses eşidip, aty töwerekläp, ele saljak bolup ýörenleriň ikisi iki ýerden ýaltaklaşyp, oňa tarap öwrüldiler.

Ölüdir öýden adamlarynyň diridigini görüp, bir pursat bir-birleriniň, bir Tagan zabunyň ýüzüne gözleşip em-säm bolşup durdular. Diňe birazdan nämäniň nämeligine göz ýetiren aýakýalaňaç, saçlary çaşyp ketgen ýaly bolup depesine göterilen aýal oňa biraz golaýlap, öli diýeniniň direlenine haýran galybrak durşuna ýüzlendi.

–Jan adam, at seniňkimidir?

–Meniňki...

–Tutup bilsek, aýagulag edinäýjekdik. Owgan obalarynyň birine aşýançak. Sen erkek adam ekeniň, biz bolsa dört sany bir-birleri bilen ýolda duşan betbagt adamlar. Hossar çykyp äkit-dä onda bizem özüň bilen ol ýere.

–Ýolumyz bir däl. – Men yzyma dolanjak.

– Wah, yzda näme bar indi, jan agam? Gyrlan halkyň küde bolup ýatan maslygyndan başga näme galdy ol ýerde?

– Bary bir men gitmeli...

– Onda aýakgaldyr bolsun, atyňy bize berip gidäý. Halys tapdan düşdük hereket etmäge rowgat-mydarymyz ýok. Bir ýagşylyk et, beg adam! Allanyň haky üçin bir gaýrat et, ýogsam biz ýetmeli ýerimize ýetmän ýolda öleris. Sen ol ýere gitseň, at taparsyň, eýesiz galyp, maslyk depeläp ýören at az däldir ol ýerde...

Aýal şu dileg salyp zarynlap durşuna wagtal-wagtalam beýleräkde, guran ot-çöplere timisgenip duran ata tarap hyrydar seredibem goýberýärdi.

Zenan zarynlamasy bilen Tagan zabunyň bir wagtda başlanan gyrgynçylygyň aýry-aýry gözünde galan, aňynda oturan parçalaryny, çekilen agyr pidalar ýadyna düşürip, kalbyny ezip sykyp ugransoň, ol bu haýyşa ýok diýip bilmedi.

Dogrudanam, goldaw bolmasa, bularyň ýetmeli ýerlerine ýetmän, ýolda galmaly boljagyny pikir etdi.

Ol şundan soň ýerinden turup, atynyň ýanyna bardy-da, onuň maňlaýyny, ýalyny sypalap, aty bilen özüçe hoşlaşdy.

– Biz aýrylyşmaly bolduk seniň bilen– diýip, içinden onuň bilen razylaşyp durdy. Ýoldaş bolup, ýolda goýman eden wepaly atlarça hyzmaty üçin, oňa minnetdarlyk bildirdi. Soňam eýeriň gaşyna berkidilen azyk-suwlugyny horjuny bilen göterip aldy-da, ony egnine atdy. Diňe şundan soň ol atyň jylawyny ýakynynda duran ýigdekçäniň eline tutdurdy.

– Bakgysyny, çekgisini ýerine ýetirip münseň gowy atdyr – diýdi.

Begençden ýüzi ýagtylyp giden ýigdekçe aty buýsançly synlap:

–Wah, at-a atjan-la... diýip, atly bolanyna begenip durşuna, atyň tarypyna o-da göwünjeň goşuldy. Mähir bilen atyň maňlaýyny sypady.

Aýaldyr ýigdekçäniň bu atyň özlerini horlugyň, ölüm ahmallygynyň içinden geçirip, ýaşaýyş kenarlaryna ýetirjegine ynananyp begenendikleri belli boldy.

Yzyna öwrülip,ýola gönügen Tagan zabun iki-üç ädim geçip geçmänkä, ýaňky aýal biraz uýatlyrak ses bilen ýene-de dileg salyp, oňa ýüzlendi.

–Han adam, ýagşylyk edip bildiň, Taňry ýalkasyn. Munuň üçin biz senden o dünýe, bu dünýe minnetdardyrys. Ömür hyzmatyňy edip gezsegem, bu ýagşylygyň aşagyndan çykyp bileris öýdemzok... Ýöne biziň ilde ýene bir gep bar, dile geldi, bile geldi, onam aýdaýyn. «Ýagşylyk etseň, bütin et, köýnek etseň keteni!» diýilýär. Senem dogan biziň tüwmaýak galyp, halys tapdan düşenimizi göz öňünde tutup, ýene bir ýagşylyk et, bize gaýrat et-de!?

Tagan zabun aýalyň dileg salmakçydygyny aňan mahaly ol ilki ýolda goranmaga gerek bolar diýip, öz ýaraglarynyň birini soramakçy bolýandyr diýip çen etdi.

Onýança-da aýal onuň egnindäki horjunyna hyrydar gözläp:

– Dogan, meniň indi seniň azyk-suwlugyňdanam biraz diläsim gelýär. Ähli zatdan bizar bolnup gaçylansoň, bizde ne suw galandyr, ne-de bir dişlem çörek...

Tagan zabun aýalyň maksadyna düşündi-de, egnindäki horjunyny ýere düşürdi. Onuň bir gözünden öň nämedir bir zat salnan boş torbany tapyp aldy-da, ol ýerdäki gowurmasyndan bir penjäni, çöreginiň bir döwümini aldy, olary şoňa saldy. Suwly meşigini başyna göterip, ondanam ganyp içdi. Soňundanam ol torbany göterip ugrap barşyna, suwly meşik bilen horjuny olara görkezip: «Bularam size!» diýdi.

Tagan zabun şol barşyna diňe eýesiniň özünde daşlaşyp barýanyny görüp, gozgalaňa düşen aty hokranan wagty bir aýak çekip, yzyna gözledi. Şonda ol atynyň töweregindäkileriň depesinden üstaşyryn özüne telwasly gözläp: «Sen indi meni

şeýtjek-de gidiberjekmi?!» diýýäne dönüp, yzyndan nazar dikläp duranyny gördi.

Telim ýyldan bäri gyzyl oduň içinde atyşyp-çapyşyp, bile gezen atyny indi hiç wagt görmejegini ýatlan mahalynda onuň gözleri nemlenip, ýüregi döşüne agram saldy. Wehimli oý-pikirler daşgyn aldy.

...Biraz mundan öňem baş bolup, halky yzyna düşürip gelýärkä-de, ol halky Owgana aşyrmak üçin il ekabyry hökmünde öňünden edilmeli tagallalaryň edilýänligine, milleti ýetmeli ýerine ýetirip biljekdigine öz ýanyndan ynanýardy. Görlen görgi-güzaplaryň nädip beýdip ykbala sapanlygy barada indi onuň şeýle bir hökmanlygynyň ýoklugyny bilse-de, bu meselede haýsy ýerde özüniň säwlige ýol berenligi, haýsy eden hereketiniň ýerine düşmändigi barada örtenip, öwran-öwran oýlanýardy. Hamala şol goýberen säwligini tapyp düzetse, halky alyp çykmaga henizem giç däl ýaly bolup görünýärdi.

Şeýdibem Tagan zabun aňyrdan Owgan diýip gelýän-de bolsa, oňa dolanyp barmak miýesser etmedi. Her gezek başy gutarmak barada pikir kellesine gelende: «Indi nä ýüzüňe Owgana barjak?!» diýen talaply sorag bada-bat ol meýliň öňüni kesýärdi. Bolan bimöçber heläkçilik agyr ejir bolup, endişe bolup, onuň kalbynyň töründe hemişelik eýeläpdi. Onuň ömür-baky tükeniksiz armanyna öwrülipdi.

Ol şol gidip barşyna wagty bilen Bathyz olumyna ýetibermänsoň, özüniň gaçanda «Gaçyşym bar, kowşuma bermerin» edip, assa gaçmanlygyny bildi. Gün bolsa aşak sallanyp, eýýäm öýläne sanyp barýardy. Asmanyň ýüzünde assa-ýuwaşdan ýaýrap ýazylyp, barha ýokaryk göterilip barýan ýüzüne çaň uran seýrek bulutlar gernişip-gezelişip, olar şol şemalynyň Bathyz degresine taşlan bombalaryň, ýagdyrylan oklaryň, gaçylyp-kowlup gezilen ýerleriň depesinde göterilen ganmy-da, maslyk ysly buluda öwrülen çaň-tozanlary bolmaly. Olar gernişip, ýene

biraz ýokary göterilseler, ertirden bäri şähdaçyklyk bilen ýeri synlaýan Günüňem ýüzüni nikaplarly görünýärdiler.

Her gezek şeýdip bulut bölegi süýşüp, asmana göterilip, Günüň aşak eteginden galkyp, ony gulajyny dolap alyp aýlanda, şol pursatda ol asmandan ýaşmak dişläp, gelin bolup uwultyrap seredýär.

Tagan zabun ýöredigiçede onuň başyna gelip-gidýän oý-pikirler köpelmese azalmady... Onda-da nähili bir-birlerinden agyr, ýamanalgyly ýaly bir-birlerinden öçli pikirler.

Indem munça ýitginiň, munça dökülen ganyň üstünden towlanyn göterilen sowallaryň öňünde durmakda gep bar.

Hasam Jüneýit hanyň habar sorap oturan haýbatly nazary onuň aňyndan köp peýda bolýardy. Han şol ak pata berdirip, ýola ataran  ýerinde Kepderhandaky howlusynda dikdiren öýüniň tärimine arkasyny berip, dünýäniň habaryny sorap, ümürläp otyrdy. Hanyň öňüne dagy ol beýdip, iş oňarmadyk, nalajedeýin halda gelmekçimidi näme aslynda!? Eýsem, ol halky sag-aman Owgana aşyryp, hanyň huzuryna dogumyndan don geýen, iş bitiren bolup gelmegi arzuw etmänmidi näme!?

Biraz öňem ol halka baş bolup, ymgyr çöli söküp gelýärkä, hany ýatlanda her gezek onuň nazary makullama, mertebeleme bilen onuň ýüzüne gözlärdi. Eger şeýdip iş bitirip barandygynda Jüneýit hanyň özi oňa:

–Inim, sen iş bitirdiň. Ýurt ele geçende, bir welaýata han goýulsaňam, sen hanlygam oňarsyn! – diýjeginiň-de ujy iki däldi.

Indi bolsa hanyň nazary: «Ha, inim, sen taman-a ödemediň, halky gyrgyna berdiň. Bu ýumşa başga bir serdary ýollaman, seni ýollap gaty ýalňyşypdyryn. Ýogsam Sowetler seniň bu gün görmeli ýagyň däl-ä, onuň bilen on-ýigrimi ýyl bäri atyşyp-çapyşyp, garpyşyp ýörsüň, nädip sen şeýdip onuň hilesine düşüp ýörsüň?.. Ýüzügara bolup geldim diýsene?» diýip, nägilelik, halamazlyk bilen haýbatly bakýardy.

Şu pursatda özüni hanyň huzurynda duýup: «...Utuldym-ow, agam, utuldym!» diýip, ýer ýumruklap uly ili bilen möňňürip aglaberesi gelýärdi. Puşman edip, onuň aňyrsyna çykyp bilmeýärdi.

Häzir onuň ýaraly kalbyna ýatlanda belli bir derejede teselli berýän zat, o-da Sowetiň esgerleri bilen çaknyşyp, merkini berip, olardan rüstem çykyp gezen pursatlarydy.

Jüneýit hanyň taryp-tagallasyny gazanmak, elbetde, hiç kimede, hiç mahalam aňsat bolmandy. Ony gazanmak üçin gaýratam, batyrlygam diýseň ýeterlik gerekdi.

Ýöne köp bolmasa-da, Tagan zabunyňam hyzmat görkezip, hanyň göwnüne ýeten döwri az bolmandy.

Jüneýit han Tagan zabunam dogumyna bäs gelip bilmän gezýän, wagtal-wagtal gidip duşman bilen, ýörite çaknyşyp gaýdýan alp ýigitleriniň biri hökmünde tanaýardy. Has-da ol bu işiň ugruna özi ýaly garadan gaýtmaz, dälibaş Şaltaý baga[1] bilen bile gitmegi gowy görerdi. Olar: «Han däde, biz-ä bir salym şu golaýlarda aw-şikar etmekçi...» diýerdiler-de gidibererdiler atlanyşyp. Duşmanyň bir çetinden duýdansyz barybam atyp-çapyp gurardylar bir dawany.

Şaltaý baga batyrlygyňam üstesine juda mergen hökmünde tanalýardy. Şol oky boş geçmez diýilýänleriň biridi. Şaltaý batyr at çapyp barýarka onuň aşagyndan aýlanyp geçibem duşmanyň telimsini alyp ýatardy. Ol has-da mergenligini göz edip, duşmanyň

---

[1]Şaltaý baga – Jüneýit hanyň töweregindäki görnükli serkerde batyrlaryň biri. Ol esasanam özüniň garadan gaýtmaz batyrlygy, başynda ne küýi aňylmaýan keleçewligi hem juda mergenligi bilen tapawutlanypdyr. Gyzyl goşun esgerleriniň Şaltaý baganyň bar ýerine aýaklary çekmez eken. Onuň mergenliginden diýseň heder edilipdir. Şu «Şaltaý-baltaý ne nado!» diýen gyzyl esgerleriň arasyndaky, dörän gepem olaryň Şaltaý baganyň üstüne depmekleri kyn görmekleri bilen baglylykda dörän gürrüň bolupdy.

Moskwanyň serhetçiler muzeýinde Şaltaý batyryň mauzeri saklanylýar. Onuň aşagynda «Basmaçy Şaltaý baganyň ýaragy» diýlibem ýazylypdyr. Men ony Moskwada okan ýyllarym (1971-1976) şol muzeýde görüpdim (awtoryň belligi).

maňlaýyndaky gyzyl ýyldyzdan urmany halardy. Ol ok geçen papagy getiribem:

– Han däde, edil ýyldyzynyň ortasyndan urandyryn – diýibem, ony hana görkezerdi. Hanyň taryp-makullamasyny alardy.

Bir ýola bolsa çölde komandir Ýarawoýyň otrýady bilen çaknyşyk bolan mahallary garşydan atylan oklaryň biri Şaltaý batyryň atyny tüwdüripdi. Özi bolsa togarlanyp honda düşüpdi. Şol pursatda ony görüp, Tagan zabun çakgan hereket edip, özüni şol o-da urupdy-da, aňyrdan batyry ele salarman bolup gelýän atlylardan öňürdip baryp, ony ýüzugra atyň ardyna kakyp alypdy. Şondan soň Şaltaý baga-da «awa-şikara» gidende köplenç Tagan zabun bilen gidäýenini kem görmändi.

Gyzyl esgerleriň üstünden özüniň ýeňişli pursatlaryny ýatlan mahallarynda her gezek hamala aryny ýerine salan ýaly, duýgy döräp, az wagtlygam bolsa onuň kalbyna gönençlik duýgusy çaýylardy.

Emma gulagynda ýaňlanyp duran Ýeroýulanyň ahy-nalasy ony ýene tizden öňki perişandan lapykeç puşmanly halyna dolap getirdi.

Guşgy tarapdan gözýetimde görünýän baýyr kemerlerinde oturan pisse daragtlary häzir baýra dyrmyşyp, ýokary göterilip barýan adam salgymlaryny ýada salýardylar.

Nirä barsaň bu öňüňi dolap duran asuldalyk özüniň ümmülmezligi bilen, göýä hemmeleri, şu gowulygyň şundan soňam şu halda dowam etjegine ynandyrmaga, onuň göwünlere giňlik salma islegine berlene meňzeýärdi.

Gyzyllaryň döreden dowzahyndan başga bäşdir-üçdür gaçyp sypan bolaýmaly ýalydyram welin, ýöne Tagan zabuna wagty bilen şol öňki duşan üç-dört adamsyndan başga-da gabat gelen bolmady. Halky Owgan gädige ýetirmejek bolup, Sowetler elinden geleninem edipdem-dä. Göçi paýhynlamak üçin ol ne okuny gaýgyrypdy, ne-de bombasyny. Şeýdibem Gyzyl Goşun

bäşdir-üçdür gaçyp sypan bolmasa, ähli janly-jandaryň soňuna çykan bolmaly.

Tagan zabun agyr oýlara berlip barşyna, Bathyz degresiniň entekler bäri-bärde däldigine, oňa ýetýänçä ýene birneme emgenip ýöremeli boljagyna göz ýetirdi. Birki günden bäri oňly dişine çalan zady ýok bolanlygy üçin ol mahal-mahal ýanyna göteren torbasynda garbanara bir zatlaryň barlygy hem ýatlaýardy. Naharlansa özüniň birazam bolsa häzirkisinden gurbatlanan ýaly boljagyny şonda aýaklaryň has-da dogumly ýöräp ugrajagyny çen edýärdi. Naharlanmaň yzyndan birki owurt owurtlaýar ýaly suwamam bolsa kem boljak däldi. Barja suwuny bolsa ol meşigi bilen, ýolda duşan şol göç adamlaryna berip gaýdypdy. Olaryň şu güne düşmeklerine belli bir derejede özüni hem günäkär hasaplaýanlygy üçin, ol dilegi bitirmän bilmändi.

Şol pursatda mysapyrlara eden delalatyndan belli bir derejede kanagat tapypdy. Ol şol gelşine Bathyzyň çeşme suwly ýerdigini ýatlap, başynda oturyp garbanar ýaly bir çeşme-çaýyň çykaryny hem tama edýärdi. Şeýle-de ol garbanmaga otursa, soň depesinden inen munça agyr derdiň aşagyndan wagty bilen çykyp bilmerin. Düýnkim ýaly, şu bela-beterlere erkimi aldyryp, uklap galaryn diýen gorkusam ýok däldi. Onuň gaýtadan bu bela-beterleriň eline düşesi gelmeýärdi.

Indi onuň şol sapandan sypan ýaly bolup, yzyndan aýeroplana kowaladyp gaçyp gaýdan ýerine tizräk dolanyp barasy, ol ýerde bolan ähli ýagdaýy öz gözi bilen göresi gelýärdi. Ýöredigiçe-de ýorulýardy. Ýöredigiçe-de ýolda duşan biçäre bendelere nebsi agyryp, berip goýberen atyny küýseg bilen ýatlaýardy. Onuň jylaw çeýnäp dyzanyp durşy göz öňüne gelýärdi. Bu Sowetler bilen uzaga çeken gabat gelnen ýerde garpyşylýanlygy, gaçylyp-kowmaly bolýanlygy üçin oňa ine-gana ýere gonup ýaşamak, pyýadalap ýol geçmek mümkinçiligem bolmandy.

Şeýle, hemişe at üstünde gezýän adamlar, bular agşam ýatanlarynda hem atlary bilen bile ýataýan ýaly geňsi pikir

döredýär. Tagan zabunam bu durmuşda, hemişe at üstünde görünýänligi üçin şol aty bilen ýatyp-turýan adamlaryň biridi. Gidip barýar gorsuldap, gitdigiçe-de, kalbyň ahmyr-müýni köpelýär, derdi artýar.

Hatda töwerekdäki baýyr-depeleriniň asmanda ganat ýaýyşyp, gernişip dyrmaşýan ýaly bolup ýören güýz bulutlarynyň hem oňa seredişi indi öňkülerden başgaça gyjytly hem göwnüýetmezçilikli görünýärdi. Dogrusy, ol öň özüni töwerek synlaýandyr öýdüp pikirem etmezdi. Bu pikir häzir ol ýolda gidip barýarka, öz-özünden müýne berlen wagtynda döräp, şol garaýyşlary duýupdy. «Giden milleti gyrdyryp, munuň öz-ä gezip ýör-le!?» Has-da ol ýeňsesinden gözleýän Günüň nägile nazaryny ýiti duýdy. Onuň: «Haý, han-a iş bitirdi-ow!» diýip, onuň näletli seredýänini pikir etdi. Bu agyr sowallara jogap tapman, kyn ýagdaýa düşüp, häli-şindi maňlaýa çykan deri syldy.

Ol bir salymdan Owgan gädigiň üstünden indi. Bilmez ýaly hem däl eken, bu ýerde şol maksat tutulyp, gözleg salnyp gaýdylan Owgan gädik, Ýeroýulan pesliginiň üstüne gernip duranam eken.

Haçanam bolsa bir wagt bir tarapy çapylan ýaly bolup bölünip, süýşüşensoň, depäniň şol ýeri gemmerip-gädilibem dur.

Paýhyn bolan göç ýitgileri Tagan zabuna gädikden aşak inip, ondan biraz daşlaşansoň, ilki selçeňräk, soňra köpçülikleýin gabat gelip ugrady. Wagty bilen onuň janly-jandara-da gözi ilmedi. Ýöne sereden ýeri okdan uçan, bombalaryň bölekläp göterip taşlan adamlarynyň, mallaryň jesetleri boldy durdy. Bathyz öwlüýä ümsümligini bürenip ýatyrdy.

Baýyr üstünde öwüsýän hälki öwüsgin bu ýerde ýokdy. Ol hamala bu elhenç ýerden oýtarlap, aýlanyp geçýäne meňzeýärdi. Şol bulutlaryň aşak eteginde gaýda-gaýmalaşyk bolşup, telim bir ýerde Bathyzyň maslykçy guşlary uçuşyp ýördüler. Ilki gözi düşende Tagan zabun olary her gezek aýeroplanlaryň gelýänini görüp, gorkup, howsala bilen gaýmalaşyp, asmana göterilýän wähimli gargalardyr öýtdi.

Ýöne meýdanda beýle läşdir maslyklaryň köplüginde maslykçy guşlardan başga haýsy guş beýdip hezil tapyp aýlanyp biljekmiş?! Nätjek-dä, şeýdibem giden millet maly-matlaby bilen guşa-gurda şam bolmaly boldy-da. Indi bu maslakçy guşlaryň öz azyk günemmalaryny Bathyz degresinden bol tapýan günleridi.

Tagan zabun anyk bilmese-de maşgalasynyň jesetlerini nireräkden gözlemelidigini çen bilenräk bilýärdi. Olar ýomut göçüniň ortaragynda öz öküzleri bilen – dogan-garyndaş, ilen-çalan bolşup, bir toplumda gelýärdiler. Ol maslyklary aralabrak ýene biraz ýöränsoň, çepine–Eroýulan tarapa çep egnine öwrüldi. Töwerekden segreşip, Ýeroýulan duz käniniň ýokarsyna göterilen depeler, hatar tutuşyp indi bu ýerden görnüşibem durdular. Tagan zabunam soňra şolary nazarlap ýöräberdi.

Ol şol gözleg salyp ýörşüne-de öz mähribanlarynyň pikirine berildi. Ilki bir-birinden naşyja, özüni görende ýanyna gelmän ýadyrgaşyp duran, soňra tiz özüne öwrenişen ýolda birsalym buýsandyryp-begendiren iki agtygyny ýatlady. Ol Owganda mahaly aýaly Tagan zabun gidende ýurtda galan ýetginjek ogluny öýerip, gyzyny çykaryp, birnäçe agtykly bolmaga ýetişipdi.

Ilki ogly-gyzy bilen «Dädeň geler...» diýip, ýola garan bolsa, soňra köpelip agtykly, gelinli bolup, onuň ýoluna garalypdy. Tagan zabun gelip, ýaňy bir maşgala birigip ýaşamaga mümkinçilik bolanda-da täleý ters gelip, ol bu ýagdaýa uçrapdy.

Indi ýolda ogluny oka aldyran mahaly: «Şol Owgana gidilmänler geçilse bolmaýarmy...» diýip, zarynlap aglan aýalynyň gözünde galan nazary oňa nägile seredýärdi...

Tagan zabun her gezek diýen ýaly aýaly bilen şeýdip pikirinde nazarlaşanda, hamala ol gözlerdäki soraglara jogap berýän ýaly, bu giden zalymlygy eden gyzyl esgerleri öçli ýatlaýardy.

«...Bu gezek siz türkmene öňde-soňda etmedik ýamanlygyňyz-a edensiňiz. Ata çykalym bäri beýle bimöçber gyrgynçylygy görmändim. Wah, siz biziň bilen emel ulanman, depämizden inmän, bir ýerde başa-baş söweş eden bolsadyňyz!

Dolak serdaryň edişi ýaly, piriňizi kädä gabamaýadykmy, eýsem!? Emma heleýlediňiz, ýokardan inip, bizi emel bilen aldyňyz...

Size hudaýsyzlar diýilýär welin, bu gepe men ozal oňly üns bermändirin. Indi bildim Hudaýsyzyň aňrybaşy hut siz ekeniňiz. Eger azda-kände Hudaýy ýatlaýan bolsaňyz, siz beýle bimöçber gyrgynçylygy etmezdiňiz. Biz-ä erkek kişiler, bar, size duşmanam ekenik, ýöne aýal-gyzlarda, bala-çagalarda siziň nähili köýüp ýatan aryňyz bolup biler!?..

...Hudaý janam siziň bu zalymlygyňyzy görendir, ol munuň yzyny jogapsyz goýmaz... Wah, ol her etmişiň hakyny bermesine berýä-le, wah, ýöne gijräk berýä-dä... Ýok, Taňryň işine goşulyp küpür geçdim. Toba etdim! Ýöne bu gün bolmasa, erte, bir gün Sowetiň özünden güýçlä duşup, hakyny aljagynyň-a welin ujy iki däldir»...

Haçanda golaýda bir ýerde at aýagynyň dükürdisi eşidilip giden ýaly bolan mahalynda Tagan zabun ol sese diňirgenip, aýak çekdi-de, gözleg salyp töweregine garandy. Şonda ol hol beýlede maslyklaryň arasynda jylaw süýräp aýlanyp ýören eýerli aty gördi. Onuň ölüp ýatanlaryň biriniň atydygyny pikir eden mahalynda ony tutup alsa, özüne aýagulag boljaklygy barada tamaly oýlandy. Ýogsam ata öwrenenligi üçin pyýada ýol öndürmek eýýäm oňa kyn düşýärdi. Häli-şindi aýak çekip, biraz-da bolsa hereketine dyngy berip durmaly bolýardy.

Tagan zabun aty gören wagty «Bu kimiň atykan, eýesi niredekän?» diýip, özüne beren soragynyň jogabyna köp garaşmaly bolmady. Ol ata golaýlaberende kimdir biriniň süýrenip-süýşenekläp, aty tutjak bolup dert-azar bolup ýörenini gördi.

At aýlanyp-öwrülip ýörşüne şol töwerekden uzak gitmände bolsa, bu adamyň «moh-moh» diýip edýän çakylygyna ol parhsyzdy. Onuň gepine ylykmaýardy, asla ylygarlam däldi. Süýrenip, elenip ýören adam her gezek golaýlaberende ol jylawy süýräp, ondan eýleräge çekilýärdi. Göýä onuň bilen tutdum-tutdum oýnuny oýnaýana çalym edýärdi. Her gezek ýetdim-

ýetdim edende at göçüm edip, onuň badyny keç edýärdi. Onsoň ýene-de ýalbar-ýakar bilen, aty ele salmak synanyşygy täzeden başlanýardy.

At ýeňseden özlerine golaýlap gelýän Tagan zabuny gören wagty başyny göterip, gulaklaryny dikanlap, ony öwrenijilik bilen synlady. Tumşugyny howada gezdirip, tanap eýesini gören deý hokranarly göründi.

Ýowşan gara jylaw ýüpüne el ýetirmek tamasy bilen süýrenip barýan mahaly ýeňseden kimdir biriniň ähmiýetli ardynmasyny eşitdi. Öwrülip ýalta ýeňsesine gözledi. Dogrusy, ol birbada gözlerine ynanmady. Ýeňsede on-ýigrimi ädimlikde, hamala ýap-ýaňyja direlip, ölüleriň arasyndan çykan deý bolup Tagan zabun durdy. Bu şol Ýowşan garanyň ýakyndan tanaýan, sähel-mähel zada gyýlyp-gynanyp durmaýan, gaýduwsyz zabun hereketleri bilen dosta-duşmana özüni tanadan, Jüneýit hanyň wepaly nökeri Tagan zabundy.

Tagan zabun birbada düşnüksiz bolan bu garaşylmadyk duşuşygyň göze görünýän salgym bolman, hakykatdygyna göz ýetirensoň, öňünde ganymynyň duranyny görüp, der-gazap boldy:

–Bäh, bu haramzada Ýowşan garanyň hut özi ýaly-la!

Ýowşan gara ony gören wagty hamala depesinden gylyç inip gelýän ýaly, haýýaty göçüp eýmendi, içinden: «Päh, bu haramzada diri galypdyr-ow...» diýip, lapykeç bolup oýlandy.

Tagan zabun öjügip, bada-bat elindäki bäşatary onuň kükregine tutup:

– Hä, senmi bu, dönük haramzada, ha seniň bir...

Ýowşan gara işiň-işden geçip barýanlygyny görüp, ýaýaplap, öz dadyna ýetişjek degerli bir gep aýdyp, Tagan zabunyň gazabyny egismäge çalyşdy. Elini daldalap:

– Serdar, serdar, bir pursat meni diňläp dur, onsoň atsaň at, çapsaňam, soň çap! – Ol soňundanam –Hossaryna duşanyna Hudaýa şükür edýänden bolup, al-emel tanapyny halkalap, täzeden ony Tagan zabunyň başyna atmaga hyýallanyp ugrady.

–Serdar, boljak iş boldy,  indi nädeniňde-de ýerine geljek zat ýok. Ajalymyz ýetmän, biz diri galypdyrys. Indi başymyzy gutarmagyň aladasyny etmek gerek. Owgana gideniňde-de sen indi ýüzügara halyňa Jüneýit hanyň öňüne nädip barjak? Indi sen agyr külpetleriň bolanyna özüňden başga hiç ýerde hiç kimi ynandyryp bilmersiň. Nirä ýöreseňem seniň başyň ölümli, malyň talaňly. Ýöne çykalga ýok däl... Meniň kimdigimi-ä indi senem göz ýetiripsiň. Sen meni ata artlaşdyryp äkit-de, Sowetlere bir gowşur. Galanyny onsoň özüm oňararyn, sen bolşewige ganym duşmanam bolan bolsaň, meni alyp barsaň, Sowetiň degirmenine suw guýanlaryň biri bolarsyň. Onuň gerek adamsyny halas eden hökmünde saňa minnetdarlyk hem bildirler...

Ýowşan gara gepledigiçe, onuň syry has giňden açylyp, ol barha Tagan zabunyň äjinnesini atlandyrdy.

Ýowşan gara şeýtanyň enesiniň gapdalynda ýatyp, emmesini oýnap hezil edip emen-de bolsa, bu gezek oňa ondan öwrenen emeldir mekru-allary-da oňly kömek etmedi. Tagan zabun ony biraz diňlese-de, aýdýanlarynyň hiç birsine-de, Ýowşan gara başy gutarmagyň ýolunyň barlygyny näçe aýtsa-da, ol Tagan zabuna täsir etmedi. Gaýta, gepledigiçe bolan goýany ýatladyp, onuň kalbynda güwläp ýanyp duran arman-u-ahmyr odunyň üstüne odun oklady.

Ýolda bir gezek ozal hemişe ony goldan il ekabyrlarynyň biriniň Ýowşan garany  halamazlyk bilen aýdan bir gepi onuň ýadyna düşdi.

«...Serdar, şu maslahatçyňa soňky günler nämüçindir meniň synym oturanok... Häli-häzir-ä ondan ýamanlygynam göremok welin, ýöne oljuda soňky günlerde öwrümli hem ötsüz görünýär. Şunuň berýän maslahat-ýenekisini gowy ölçerip-döküp seresabrak ulanaweri! Göwnüme bolmasa, şu ýagdaýyny tapsa, gaçyp gidäýjege-de meňzäp dur. Özi-de şol azaşylyp gezileninden, gyzyllar yzymyzdan ýetenden soň, onuň bu bolşy hasam göze ilip ugrady. Bir hyýal-a bar şunuň!?» diýipdi.

Tagan zabun oňa şol wagt «hä-hawa» diýen hem bolsa öz içinden: «Bu onuň saladüşer bolup, mertebelenip barýanyny menden gabanýar. Köp halat-da özüni däl-de, ony maslahatçy tutmagymy halamaýar» diýip oýlanypdy. Wagtynda «Türkmeni dürtmeseň, duýmaz» edip dürtülse-de, şundan soň dagy bu barada oýlanaýmaly, «Essiň barka, etegiňi ýap» edäýmeli bolsa-da, ol Ýowşan garanyň özüne maslahatçy hökmünde gerek boljagyny hasap etmesini goýmandy.

–Munça milleti gyrgyna bereňsoňam seniň ýaşasyň gelýärmi, wenezzyna?! – diýende, Tagan zabunyň gepi hasam howply çykdy.

–Beý diýme, serdar! Kimiň ölesi gelýär? Gideli halas bolaly, janymyzy gutaraly. Indi göçüňem ýok, ýoluňam, hemmesi geçmiş boldy! Çem gelen döwran elden berilmese ýagşy!

Ýowşan gara şol dalbynyp gepläp ýatyşyna-da hamala boýnuna syrtmak salnyp, tutulyp getirilen ýaly ysytma tutýan deý süňňi elenip gagşaýardy. Tagan zabuny öz meýline ylykdyrmaga jan edýärdi. Mahal-mahal maňlaýynyň, boýnunyň ýüzleriniň ganjaryp çişen ýerlerini, gury ýuwdunyp sypalaşdyrdy. Emma ol gowulyk baryny wada etse-de, Tagan zabunyň garalyp, gaýzygyp duran agyr ýüzi gahar-gazap bilen doňup durdy. Şundan soň rejäň geň dälligini Ýowşan gara göz ýetirdi. Näme-de bolsa başy beladan gutarmagyň başga bir ýolunyň gözlenmelidigi belli boldy.

Ol Tagan zabunyň gazabynyň soňuna galasy gelmedi. Mauzerine ýetmek üçin alňasaklyk bilen gyssagly ýanbaşyny sermäp ugrady. Ýaragyna ýetip bolsa, onuň gazabyndan sypyp biljegine ynandy. Onuň bu hereketi sarsman duran Tagan zabunyň hasam gazabyny ölçerdi. Ol:

– Haýt, seniň bir zeniňi – diýip, hapa sögündi-de, bilindäki dessesine el goýup duran gylyjyny sogrup, ony gazap bilen Ýowşan garanyň depesinden inderdi. Gylyç şol demde çal kelläni başsyz göwräniň öňüne togarlady.

Tagan zabun gylyjynyň ganyny süpürip, gynyna salansoň, Ýowşan garanyň başsyz göwresiniň üstünden parhsyz ätläp, ýene-de aňyrlygyna ýöneldi.

Tagan zabun işini bitirip, täzeden ýoluna gönügen mahaly, indi bireýýämden bäri onuň hereketlerini gözden sypdyrman synlap duran at, hamala özüni ýatladýan ýaly, onuň yzyndan gözläp, sähelçe hokrandy. Dogrudanam, diňe şundan soň töwerekde, at barlygy Tagan zabunyň ýadyna düşdi. Ýowşan garadan tapawutlykda oňa eli-aýagy sag bolansoň, sähelçe emel bilen atyň töwereginden oýtarlap geçenden bolup, aty ele salmak kynam bolmady.

Tagan zabun wagtyň barha gijigip barýanyny görüp, ýola howlukdy.

Haçanda ol jülge arasyny dolduryp, gözýetimden-gözýetime gernip oturan duz käniniň üstünden ineninde, ýene-de ol özüniň düýn-öňňinki, oda-köze düşüp, atyşyp-çapyşyp gezen ýerlerine gaýdyp gelenligini bildi. Bir pursat at başyny çekip, özüniňkileriňem şu golaýdadygyny özüne ýatladyp durşuna duz orasynda hatar ada bolup duran depeleri synlady. Olar duz olumynyň içi bilen hatarlanyşyp ýüzüşip ýören gämi-gaýyklary ýada salýardylar.

Tagan zabun duz olumyny oýtarlap, özüniň ýakynlaryny ýene bir gezek görüp galmak islegi bilen, olary tapaýsam gerek diýen ýerine tarap sürdi. Ol duz olumyny ýakalap, ondan ilerligine geçip, öz maşgalasyny şol ýerdäki jesetleriň arasyndan agtardy. Şundan soň ol tanyş ýüzleri gözläp, uzak gitmeli bolmady. Bomba gazan çukurlaryň biriniň duşundan geçip barýarka ol şol töwerekde serlişip ýatan ölüleriň gapdalyndan işanyň başa geýen tanyş sellesiniň togarlanyp, gum basyp ýatanyny görüp, at başyny çekdi. Golaýa düşen bombanyň zarby, işany göterip, hol beýläk atyp uran eken.

Eýýäm kalbynda öz maşgala agzalarynyň birini duşaýjak ýaly pikir dörän-de bolsa, Tagan zabun ýol boýy ýatlap gelýän

adamlarynyň ýene birisi bolan işanyň üstünden ätläp geçip bilmedi. Işan ýüzin düşüp, ýer bagyrtlap ýatyrdy. Tagan zabun atdan düşdi. Ol işanyň jaňsyz agyr göwresini gujaklap, beýlesine öwren wagty, onuň ýüzüniň tutuşlygyna gum bolup duranlygyny gördi. Has-da maňlaýy gatyja degen borly, ýüzüniň bir gat derisi sypyrylyp, ol ýerde gum bilen gatyşan gan kesmekläp, gara gatlak emele getiripdir. Ölüp barýarka-da kimdir birine garaşan ýaly, onuň gözleri hem açyk  galan eken. Zabun gözleri gapan gumlary, donunyň syny bilen süpürip arassalansoň, ýene-de öz öňünde işanyň özüne seredýän tanyş gözlerini gördi, häzir ol gözler diňe bir gumdan doly bolman, onda hemişekisi ýaly ynamygtykatdan doly bolup göründi. Din ýoluna berlen adamlar nähili agyr ýagdaýlara düşseler-de, Biribaryň görüp duranlygyna, onuň kömege ýetişjegine bolan ynamlaryny iň soňky demlerine çenli ýitirmeýärler. Şonuň üçinem şeýle adamlaryň gepi, sözi jaýly, kalby töweregi çoýup duran gorly bolýar. Ýomutlar arasynda bu işanam şol halky agzyna garatdyran, keramat ýokundyly adamlaryň görnüklileriniň biridi. Tagan zabun işanyň ýüzüne gözläp, biraz onuň bilen sessiz gürleşip oturansoň, indi oňa edip biljek delalatynyň ýoklugyny ýatlap, oňa edip biljek soňky hormatyny bendäni ýere bermek  bilen baglansoň, haýal etmän donunyň synlaryny çalyp, bilinde guşap, bu işiň ugruna çykmak bilen boldy. Işanyň sellesiniň gatlaryny ýazyşdyryp, ony köpene öwürdi-de, onuň çişip dymyljap ugran, saň-gaty bolan jesedini boldugyndan şoňa dolady. Ondanam  juda agralan göwräni gujaklap, ýerden göterdi-de,  ertip, bombanyň esli oý edip köwen çukurynda ýerleşdirdi. Merhum jogap berip bilmese-de, onuň aň-beýniniň soňam ençeme günläp işleýänligi barada aýdylan gepe ynanýanlygy üçin, üç mertebe ötünç sorap, oňa ýüzlendi, maňlaýyny sypap, onuň bilen hoşlaşdy:

–Razy bolaweri, işan aga! Razy bol, razy bol dälibaş iniňdeň! – diýip, eşidiler-eşidilmez samrady. Işandan soň Tagan zabun

golaý-goltumdaky beýleki jesetleri hem yzly-yzyna getirip, şol çukura toplady.

Bir salymdan jeset baryny çeke-çeke, halys derläp-ýadap daljykdy. Häli-şindi ýeňi bilen ýüzüne inýän deri syldy. Merhumlary çukuryň içinde ýerleşdirensoň, olaryň üstüne töwerekde pytrap ýatan boşaň gumlary eli bilen sürüşdirdi.

Tagan zabun merhumlaryň gapdalynda ýene bir salym bilen dogasyny sanap, degsin edip oturansoň, bolan ganly gabahatçylygy ýatlap, ýene-de gyýlyp-gaýlyp hapa boldy.

–Eý, Allam, sen meni ne günlere saldyň! Öňüňde günäm nämemiş? Zulum edenim, kelle alanym, şeýdip zabun bolup gezenim-de hakdyr... Wah, şeýle bolmasaňam bolanok, sen sähel gijä galsaň, seniň kelläňi aljaklar, döwür ýaman boldy, gan bary döküldi, munuň iň erbedem heniz bolubam onuň soňy gelenok, gelerli hem däl...

Tagan zabun elenip-elenip, Taňryny ýatladygyça, biriniň barmaklary bokurdagyny gysýan ýaly, barha onuň demligi daralyp ugrady. Ol bu gysyşy biraz-da bolsa, gowşatmak tamasy bilen çäkýaka köýnegiň ýakasyny penjeläp, aşak çekip, ony parran ýyrtdy. Emma munuň bilenem onuň derdi köpelmese azalmady. Gaýta, aýeroplanlardan gaçyp, meýdanda her ädimde ýüzlerçe pida berip, zir-zowran bolşup ýören milletiň ahy-nalasy ýene-de onuň gulagyna gelip ugrady. Bu elhençligiň bolmagyna belli bir derejede özüni hem günäkär saýýanlygy üçin, indi bir-birinden agyr pikirler onuň kalbyny zalymlyk, ar alyjylyk bilen mynçgylady. Ony dünýäden doýurdy.

Şu gaflat pikirlere üstüni aldyryp, ol hatda soňra, özüniň maşgalasynyň jesetlerine gözleg salyp ýörenligini, münüp gelen atynyň golaýynda ýüpüni süýräp, meýdanyň gurap saman bolup ýatan ot-çöpüne timisgenip ýörenligini hem unutdy.

Hatda töwerekde sergi bolup ýatan tanyş adamlaryň jesetlerini çukura getirip, olary ýere düýnemegiň aladasy bilen bolup ýörşüne gözetimde syrt atyp oturan depäniň ýeňsesinden

çykan toplum atlydan hem birbada habarsyz galdy. Ýogsam onuň münüp gelen aty nämedir bir zatlar görenini mälim edip, indi bir wagtdan bäri heserlenip, atlylaryň gelýän tarapyna nazar dikläp, hokranyp, kişňärli bolup, seredibem durdy. Atlylar Tagan zabunyň heserlenip duran atyny, özüni aňyrdan gelişlerine gören bolmaly. Häzir olar atlaryny daýyrdadyşyp, göni onuň üstüne sürşüp gelýärdiler. Eýýäm öňden gelýän iki-üç atyň maňlaýy aralygy alarladyp ösen çerkez-çetileriň açyklyklaryndan görnüp-görnübem gidýärdiler. Zabun bir bölek atlynyň elhal diýşip, özüne tarap ýetip gelýänini diňe at aýaklarynyň sesini eşidensoň bilip galdy. Atlylaryň birsydyrgyn harbylarça geýnişlerinden çen tutup, Tagan zabun olaryň  gyzyl esgerlerdigini bildi. Elbetde, bular gyzyl esgerler bolsalar, onda ýa-ha Sarahs-Guşgy serhedinde gezýän serhetçiler ýa-da göçden artyp galan altyn-kümüşleri, goş-golamlary ýygnaşdyrmagyň ugruna çykan adamlar bolmalydylar. Bularyň haýsam bolsa, olar Tagan zabunyň duşmaly adamlary däldir.

Ýöne Tagan zabun ýagynyň duýdansyz ýüz berenine seretmezden, onuň gaçaryny aldyranyna ynanasy gelmedi. Telim ýyldan bäri gyzyl esgerler bilen çaknyşyp ýören hyzs ýaly zaňňar şundan soň, soňraky boljak-goýjaga tiz aň etdi-de, oturan ýerinden atylyp turup, atyna, ýaragyna ýetmäge howlukdy. Onuň pikiriçe, bir at-ýaraga ýetip bolsa, Şaltaý batyryňky ýaly, atyp-çapyp, gaýduwsyz hereket edip, bulardan kem galmasa boljakdy.

Tagan zabunyň özlerini görüp gaçmakçy bolýanyny görensoňlar, gyzyl esgerler hem has aýgytly herekete geçdiler. Olar şol atlaryny gyssaşyp gelişlerine ýarag gezeşip,  ýerli-ýerden ondan tabynlyk talap edişip, haýbat atyşyp ugradylar.

– Dur!

– Stoý, tebe goworýat!

– Dur, durmasaň, ine, gitdiň!

Barybir bu talaply haýbatlar ony saklap bilmedi. Ýöne Tagan zabun näçe çalasyn hereket etse-de, bu gezek oňa duşmandan

başyny gutarmak miýesser etmedi. Atlylar indi gelişlerine, ýerli-ýerden ot açyp ugrapdylar. Tagan zabun jylawy gaýtaryp, bir aýagyny üzeňňä basmaga ýetişse-de, atlanmaga barybir ýetişmedi. Aňyrdan atylýan oklaryň ilki birisi, soňra ýene birisi onuň arkasyndan degdi. Ol bir: «Haý, bolmady-ow» diýip, hyrçyny dişläp çaýkandy-da, soňam ýeňsä entirekläp, aýagy ýer tutman, çaýkanyp, arkan ýazyldy.

Atlylar gelen wagty jesedi sowamaga ýetişmedik Tagan zabun hyrçyny dişläp, henizem olaryň ýüzlerine ahmyr-armanly gözleri açyk, janly seredip ýatyrdy[1].

* * *

Ýüzüni çaňjardyp oturan Bathyz degresi häzir diýseň ýadaw görünýärdi. Ol depesinden basylan ýaly büküdip otyrdy. Oňa häzirki pursatda diýseň bir ýagyş-ýagmyryň gerekdigi duýulýardy. Ýöne ýagsa, olam indi ýagybermelidi. Dünýäniň hasaby bireýýäm saralyp, güýze ýagşy synypdy. Hany güýz bolar-da onsoň olam

[1] ***Köne kommunist Tagtabazarly Kömek Jumaýewiň gürrüňinden:***

"... Ýeroýulan gyrgynçylygynyň nähili bolandygyny biz öz gözümiz bilen-ä görmedik, ýöne şol gyrgynçylygyň yzysüre bizi şol ýere gyrlanlaryň goş-golamlaryny – yzyny ýygnamaga äkitdiler. Şeýle bir gyrgynçylyk bolupdyr welin, asla görlüp-eşidilen däl. Maslyk maslyga çaknyşyp ýatyr. Jahyl-jahyl ýigitler diýermiň, gül ýaly aýal-gyzlar diýermiň, çagalaram örän kän eken. Tutuş Bathyz öwlüýäler ummanyna öwrülip ýatan bolsa nätjek!? Bu gabahatlygyň yzyny ýygnamaga bu ýere Sarahs Tejenden, Guşgy Marydanam adam bary getirilen eken.

Wepat bolanlaryň köplüginden ýaňa olaryň hemmesini ýere bermeg-ä asla mümkin däldi. Biz esasanam olardan galan haly-düşekleri, ok-ýaraglary, zenanlaryň bezeg şaýlaryny, at eýer-jylawlarydyr düýe howutlaryny topladyk. Mümkin bolan ýerde merhumlaryň jesetleriniň üstüne gum sürdük...

Hökümet soňundan şol toplanan zatlaryň köpüsini Mary, Tejen, Sarahs, Tagtabazar dükanlarynda satdyrdy. Emma ýörite getirilen adamlaram gyrgynçylygyň bimöçber pidalarynynyň zatlaryny doly ýygnap gutarmady. Heniz-henizlerem şol uruş bolan ýerlerde pytraşyp ýatan peşeň-oklara, aýal gyzlaryň şaý-sepleriniň böleklerine, saçlaryna, çakyr adam süňklerine duşsa bolýar".

bir ýagynsyz-saçynsyz bolarmy!? Emma weli şu ýyl-a oňa bir zat boldy. Heniz bolubam ýere nem damaýsa nädersiň? Ýeneki ýyllar dagy bu wagta çenli ýagyş telim gezekler ýagyp, ýeri şalpy-şarañ ederdi. Bu ýyl welin ol nirede bolsa-da, bir ýerlerde ymykly eglenipdi.

Bathyz tamadady. Ýagyş ýagsa, ol ýuwnup soňky günlerde başyndan inen ähli bela-beterlerden dynjagyna, süňňüniň serginlik tapyp, kuwwatlanan, arkasy alnan ýaly boljagyna özüçe göwün ýüwürdip ynanýardy.

Ýöne ýagyn gyrgynçylygyň yzysüre bu gezek dähme-dähel ýagmadygam bolsa özüne hepdeläp, on günläp garaşdyrmady. Tebsiräp ýatan Bathyzyň nirede bolsa-da bir ýerde dileginiň gowşanlygy belli boldy.

Bu gopan hikmediň başy bir ýerlerden tapylyp, assa-ýuwaşdan zemin ýüzüni ýelpäp ugran şemaldan başlandy. Özi-de «Ýel handa oýun kändir, edeýin diýse, munuň elinden gelmez zat bolmaz» diýlip, gapdaldan beleň berlen ýaly, ol tapylansoň, barha tozan turzup güýçlenme bilen boldy. Aýlanyp-öwrülip baýyrlaryň ýüzüne, jülgeleriň jaýrylan gysygyna şarpyk çalýan ýaly edip, şarkyldadyp-şarkyldadyp tozan urdy. Gopdy bir harasat. Şemalyň küregenledip, dünýäň depesinden gum sowrup durşy soňabaka Bathyzyň ähli degresini üstüniň janly-jemendesi, baýyrlary, duz käni ýenesi bilen özüniň gerlip, bimöçber ulalan etegine dolap, bir ýerlere jüýjesini göçürýän guşa meňzäp alyp giderli göründi. Soňundanam «Ýel yzy ýagyş» diýleni boldy.

Asmanyň günbatar demirgazygynda ýaz bulutlaryna meňzeş ýüzleri ýagjymak gara bulutlar peýda bolşup ugradylar. Olaryň birnäçesi eýýäm ýas ýere gelýändiklerini mälim edişip, şol gelişlerine ýarym-ýaş bolşup, aňyrdan ýagyp-aglaşybam gelýärdiler. Şol barmaşa-da bulutlaryň bir bölegi aşakda ýere berilmedik jesetler öwlüýäsini görüp, bu elhençlikden elheder alan ýaly, Owgan baýyrlaryna tarap çekilişip, öwrüm edişip ugradylar. Öwlüýäniň daşyndan aýlanyp geçerli göründiler. Ýöne şeýle-



*14

de bolsa olar uzak gitmediler. Ýeten bolsa bulutlaryň öňi şonda Guşgynyň depesine ýetendir. Olar şol ýerdenem çopany öňünden çykyp gaýtarylan sürä meňzäp, yzlaryna öwrülişip, Bathyzyň üstüne täzeden gaýtdylar. Barha ýaýraw alyp, ýagyp ýukalyşyp, gelýän bulutlar soňam ýagyp-ýagyp, diňer ýerde diňmediler. Içigip-içigip Bathyzyň aglap tükenerden kän agysyny agladylar...

Tebigatyň munça möçber pidalary görüp, beýle uly hasraty ýüregine sygdyryp bilmedigi belli boldy. Häzirki pursatda dünýä aňrybaş ýetmeýän zat hem hut şu ýürekdeş raýdaşlykdy. Bu merhumlaryň adamlardan garaşan raýdaşlyklaryny tebigatdan tapmasy boldy. Ýerde hem ynsan bilen ömür-baky garylyşyp-gatylyşyp ýaşaýany üçinmi nämemi tebigatda-da ynsan häsiýetlerinden geçen häsiýet-hyýallar az bolmaly däl.

Şeýdibem, bu ýagyn jaýlanmadyk, eýesiz galan jesetleriň ýere berilmezden ozalky arassalanyp, suwa tutulmasy boldy.

Bulutlar gonalga tapman, gaýmalaşyp ýören ýaly bolşup ýörüşlerine soňam wagty bilen köşeşip bilmediler. Olar Bathyzyň ýokarsy bilen özleriniň çygly uzyn eteklerini merhumlaryň üsti bilen süýräp, soňam ýarym-ýaş bolşup, aýlanyşyp-öwrülişip ýagdylar ýördüler, ýagdylar ýördüler...[1]

[1] Bu edilen bimöçber gyrgynçylykdan soňra Sowetleriň özleri hem ju¬da eýmenipdiler. Şonuň üçinem olar haýdan-haý öz etmişleriniň üstüni ýapmak üçin, bu ýere aňsat adam aýagy sekmez ýaly onda tebigaty goramak bahanasy bilen Bathyz goraghanasy döredilipdi.

## ÝEDINJI BÖLÜM

Giçki güýz. Gyş aralygynyň sepgidinde Pendi topragy haýsydyr bir soňra ýüze çykjak gowy bolmadyk syry bilýän ýaly küýli görünýär. Bu döwür başlanansoň, Günde-de tomusdaky ýaly uzak durum bolmaýar. Ol her gün islese, bir asmanda görnen ýaly eder-de, birsalymdanam görseň eýýäm ýokdur, bolsa-da bukuldym oýnaýan ýaly, bulutlaryň arasynda ýitip-tapylyp aýlanyp ýörendir. Gijäniň bolsa ýatyp-ýatyp aňyrsyna çykyp bilmersiň, itiň içegesi ýaly diýseň uzakdyr. Bu döwürde Murgabyň suwam azalyp, durlanyp, öňküsinden has goýalan ýaly sus bolup akýar. Ähli zatlar, töwerek-daş bilen özgerip, başga görnüşe, başga mana, gaýry dünýä öwrülip barýana meňzeýär.

Şeýle günleriň birinde Dönmez düýeçiniň bedeňe durmuşa çykaran, birnäçe aý mundan öň gaýyn öýi bilen bir ýerlere sürgüne ugradylan gyzy gaçyp, yzyna geldi. Gijöýlänler salgym bolup aňyrdan gelen aýaly, dogrusy, garyndaşlary ilkibada tanamadylar. Boýnundan asan torbasyndan çen tutup, ony ilki soňky döwürde iliň tozguna berilmegi bilen ýurtda has köpelen, indem gapy-gapy aýlanyp, bir döwüm çörek gözläp ýören gedaý bendeleriň biridir öýtdüler. Gedaýy boş gaýtarmak il içinde erbet görlensoň, oňa baryndan biraz iýer-içer bermekçi boldular. Gedaý jinde geýimli, tapsyz bir hor aýaldy. Ol golaý gelip: «Eje, bu men» diýip, küdeden gowaça çöp sogrup duran aýala tanyşlyk berensoň, ony dessine ýerli-ýerden žanköýerlerçe gujaklaşyp, begenişip öýe saldylar. Gidenleri bäri hiç hili habar-hatyr bolmansoň, Dönmezlerem «Gyzymyz häzir niredekän, başlaryna ne günler düşdükän, aýatda

bir barmykan?» diýşip, gidenleri ýatlaşyp, gaýgy-hasrat çekişip ýördüler. Olar barada niredenem bolsa bir ýerlerden habar düşerine biynjalyk bolşup garaşýardylar.

Gelniň öňki göz buýsandyrýan durky-syraty bolanlygynda ýakynlarynyň ony gözleri kaklyşandan tanasa-da tanardylar. Ýöne häzirki gapydan gelen zenan gaýyn öýleridir gyz öýleriniň arasynda öňki bökjekläp gatnan ýüz-gözleri nurlanýan, erisgin-tamaly, buýsançly gelne dagy asla meňzemese neme. Ykbal öwrüm alyp, gata tutansoň, gelin silinip-silinip horlanypdy, ýüz-gözleriniň yşnagy gaçip, tanalmaz ýaly bolupdy.

Gelniň sürgünden gaçyp gelenligi belli bolansoň, Dönmezler ony ilki birbada goraglap, il gözünden gizlin saklamaga çalyşdylar. Telim gün iýdirip-içirip biraz tapladylar. Emma mundan artyk ony gizlin saklamak mümkin bolmady, zeruryna ýenekä çykanda gören boldy, ýeneki boldy, adamlar soňra iki-ýekeden olaryň öýlerine gözaýdyňa-da gelşip ugradylar. Gelniň özüniňem bukulyp ýaşamak soňabakan ýüregine düşüp ugrapdy. Ol: «Başa gelenini görübermeli bolar-da» diýip, adaty ýaşaýşa goşulyp ugrapdy. Yzymdan gelerler diýen gorky welin başdan aýrylmaýardy, özi-de ol indi günsaýyn barha ulalmasa kiçelmeýärdi.

Jemal mama ilki Dönmez düýeçiniň gyzynyň gelenini bir ýas ýerde köpçülikde eşidipdi. Öz ýanyndan: «Be, ol adyýitmişden nädip geläýdikän?» diýip, geňgalyp, öz gidenlerini onuň bilen baglap ýatlasa-da, ony ýene-de tiz ýadyndan çykarypdy. Emma şol günlerde olara gözaýdyňa baranlaryň biri «Sürgünde töweregiňizde biziň ilden ýene kimler bardy?» diýlip soranda, onuň «Kymyş aganyňam bir ogly bardy» diýenini eşidip, şol günüň özünde ol gelen gelni öz gözi bilen görüp, gulagy bilenem eşitmegiň ugruna çykdy. Düýejä howlukdy. Wagtynda olara gözaýdyňa baraýmandygyny, eger baraýan bolsa, ol gelniň aýdanyny öz gulagy bilen eşitjegem ekenligini pikir edip, giçki ökünç bilen özüne igeniçli käýindi. Ýeri, ýogsam düýeji onuň görmeýän-barmaýan ýerimidi näme!?. Uly gelni düýejiden bolansoň, ol diňe

Mämmethanlar däl, olaryň adybir ilen-çalan garyndaş-töwerekleri bilenem, bäbek bolanda, toýa-ýasa hemişe gatnaşardy.

– Eri, golaý garyndaş bolmanyňda näme, gözüňiz aýdyň diýäkgetdin baraýanyňda, seniň kükregiňden itilýärmi diýsene?! Onsoňam bala-çagalaň sürgünde bolup, olar bilen derdiňem bir bolan halatynda– diýip, Jemal mama öýüň içinde daşarynyň ýagyn-saçynsyz bolsa-da, çigregiň barlygyny ýatlap, galyňrak geýinmek üçin, donuny gözläp ýörşüne, endigine görä, öz-özi bilen gürleşip samrady.

Düýejiniň uzak bir ýerde bolman, görnüp durandygyny ýatlansoň, üstesine-de tizräk ol ýere barmaga howlugýanlygy üçin, ol pyýadaja gidiberenini kem görmedi. Gidenleri bäri habar-hatyrsyz gaýyp bolan körpe ogly Orazgylyjyň maşgalasy baradaky haýsydyr bir habara maşgala yndi bir wagtdan bäri ýürek ezip, bitakat bolup garaşýardy.

Jemal mama aýagyna ýüň jorap, egnine könelişen, garrap kiçelip ugraly bäri özüne uluragam bolýan mahmal donuny geýip ugrady. Ol bir salym öz maýdalyna ýöränsoň, gaplaňlaryň «Jedel tümmeginiň» gapdalyndan geçdi-de, birazdanam düýejidir gaplaňy birikdirip, öwrüm berip, şähere tarap uzalyp gidýän ýola düşdi. Adamlaryň iş-derdine güýmenýän wagty bolansoň, ýol çolady. Asmanda Gün ýalpyldap dursa-da,  howanyň çigregi welin ýetik bar eken. Howada gar ysy bolup, dagda-ýeneki ýakyn bir ýerlerde gar ýagyp, indi onuň obaň üstünden gaýmalap injek pursady-da uzak däldir diýip oýlanylmagyna sebäp bolýardy. Has-da demirgazykdan ösýän şemalyň barha gygy hasam ajarly görünýärdi. Jemal mama kükregine sowuk şemal urup ugransoň, aýak çekdi-de, iç köýneginiň daşyndan guşanan guşagyny alyp, ony donunyň ýakasynyň seplerini bir-biriniň üstüne çekip birikdirip, täzeden donunuň daşyndan guşandy. Biraz ynjalyk tapansoň, ýene-de ýoluny täzeden dowam etdirdi. Dönmez düýejiniň dogan-garyndaş neberesi telim gara öýdür tamkepbeden ybarat bir kowçum bolşup oturýardylar. Onuň uly ogly Seýidiň

maşgalasy Äpe-Akbegi Jemal mamanyň uly gelni Oguljumanyň özünden kiçi jigisidi. Ilen-çalan garyndaşdy. Kymyşlar sürgüne ugradyljak bolup durka hem ol dogany bilen aýrylyşasy gelmän, gynanyp, hoşlaşyp aglap duranlaryň biri bolupdy. Jemal mama häzir aňyrdan ilki Äpäniň gapysyndan baryp, soňra onuň bilen sürgünden gaçyp gelen gelniň ýanyna bile gitse, kem bolmajagyny pikir edip gelýärdi. Ol şol ýöräp barşyna öz gözläp gelýän öýüni düýejiler toplumynyň derýa golaýyndaky gaýraky böleginden tapmakçydy.

Düýeçi obaçylygyna golaýlaşdygyça-da ol sürgünden gelen gelin bilen duşuşyga howlukdy. Ol aňynda bolsa eýýäm Orazgylyç maşgalasy bilen onuň göz öňünde jemlenipdi. Şu pursatda Jemal mama olara hasam golaýlanyna ynandy.

Jemal mama Dönmezleriň syrgynyna ýetip, olaryň öýüne golaýlaberende ol öýüň öňünde gopýan yzzan-da-çuwwanlygy görüp, üşerilip, aýak çekenini-de duýman galdy. Gapynyň on-on bäş ädimliginde tanyş Aman OGPU atyny keserdip durdy. Dönmez aga aljyraňňylyk bilen, henizem bu bolýan işiň öňüni alyp bolar diýen tama bilen ellerini salgap, oňa bir zatlar düşündirmäge çalyşýardy, rehimdarlyk gazanmaga synanyşyp azara galýardy. Hatda onuň gygyryp diýen ýaly aýdýan ýalbarmasynyň bir ýanyny Jemal mama hem eşidýärdi.

–Ýoldaş Aman, siz bir maňa düşünseňizläň, ol ýerde indi onuň adamsy-da ýok, gaýynlary-da hemmesi ölüpdir, gyzy yzyna atarsaňyz, ýeri ol niräk barsyn? Ejiz maşgala hossarsyz, ýat ilde nähili gün-güzeran görsün? Gaýrat edip, gyzy äkitmäň. Başa-baş geregem bolsa, onda äkidiň meni, häzir öýe girmän, öňüňize düşeýin özüm!..

–Wagty gelende äkitmeli bolsa, senem äkideris, oglanlaryňam. Häzir bolsa çykar gaçgagy içerden. Ýogsam özümiz girip, ony saçyndan süýräp çykarýas!

–Beýtmäweriň!

–Beýtmesek, sal gyzyňy öňe onda. Sürgün edildimi, ol iberilen ýerinde ýaşamaly.

Gapynyň öňünde Aman OGPU-nyň ýaragly harbylarynyň ikisi tiňkelerini öýe dikişip, talap bildirilýän adamyň jaýdan çykaryna garaşyp, elleri ýaragly öýe gezelişip durdular. OGPU-nyň niýetini berke tutany olaryň çytylyşyp, gezelişip duruşlaryndanam bellidi. Öýüň beýle gapdalynda bolsa, hamala ol ýerden merhum çykaryljak bolýan ýaly, Dönmez düýeçiniň töwerekden gelen dogan-garyndaşlary nätjeklerini bilmän, oňaýsyz ýagdaýa düşüp, galpyldaşyp gapa gözleşip durdular. Onýança-da öýden iniňi tikeneklendiriji agy sesiniň yzysüre, bir OGPU işgäri Dönmez düýeçiniň boýny torbaly, goltugy düwünçekli gyzyny öňüne salyp daş çykdy. Has-da ýürek paralap, zarynlap aglaýan, gaýtadan sürgüne sezewar edilen gyzyň ejesidi. Ol gyzynyň yzyndan gözi girýan, bagry birýan aglap gelşine gapydan çykyp çykmanam, biline urlan deý bolup, şalkyldap özünden gidip ýykyldy. Gyzyny ikinji gezek dowzah agzyna bermek islemän, otly köýnek geýen ene bu zarba döz gelip bilmedi.

Esgerler gelni öňlerine salyp, indi bir wagtdan bäri ýol gyrada gaňtarylyp garaşyp duran araba mündürensoňlar, gepi Aman OGPU-nyň ýanynda ýer alman, çäresiz galan Dönmez aga hem onuň bilen indi gidibererli bolup, arabanyň yzyna düşdi. Gözi girýan, bagry birýan halda şol alaçsyz gidip barşyna gözýaşyny sakgalyndan syrykdyryp, näumyt bolup ýuwdundy. Töwerekde söm-saýak bolup duran perişan adamlar hem arabanyň yzyndan galyp bilmän, merhum alnyp barylýan ýaly, esli ýere çenli onuň yzyna düşüp gitdiler. Şundan başga alaç galmanlygy belli boldy. Gelin bolsa indi, bir gysym bolup, arabanyň yzynda aglap otyrdy.

Bu yzan-da-çuwanlygy görüp, Jemal mama duran ýerinde doňup galdy. Arabada bendilenilip alnyp barylýan gelniň yzyndan seredip durşuna onuň bilen bolaýmaly gürrüňçilikden gijä galanyna düşünip, biraz öň onuň şol gelipdir «myşyny» eşiden badyna duşuşmagyň ugruna çykmanlygyna ökündi. Ol ýaňy ýolda

düýejä gelýän wagty: «Il-ä şeýdip, her hal bir ýerden gara beräýýär, biziňkiler näme üçin beýtmeýärlerkän?!» diýip, öz oglanlaryna gaýybana igenip oýlanyp gelýärdi.

Ýöne bu gabahatlygy görensoň, gelen bolsalar, olaryňam şu ýagdaýa düşjek ekenligini pikir edensoň, eýmenip hopukdy. Dönmez düýejiniň halyna özüniň düşmänligine şükür etdi.

Bu elhençligi görüp, dyzlarynyň ysgyny gaçdy. Jemal mama düýejä gelýärkä bir oturmadyk ýolunda indi telim oturyp, süýrenip, özüni zordan öýüne atdy.

* * *

Töwerek henizem alagaraňkydy.

Aganazar bilen Ahmet demir ýol boýundan elheder alşyp, alysdan eşiden it seslerinden çen alyp, ol ýerde oba barlygyny pikir edişip, elem-tas bolşup gaçdylar. Biraz wagtdan olar şol daljygyşyp, ylgaşyp gelişlerine özleriniň ýörite gözleýän ýerlerinden ýeterlik ara açandyklary hakda oý edensoňlar, bir saalym dynç almak üçin, ýol gyrasynda aýak çekdiler. Esli wagtlap has-da-has bolşup, bir-birleriniň ýüzlerine gözleşip, daljygyşyp oturdylar. Ýadawlykdanam beter oglanlar açdylar hem suwsapdylar. Häzir bir suwly ýere duşmak olaryň ikisiniň-de arzuwydy.

Uzakly gije oglanlaryň ýokarsynda bezemen zenanlaryň gollaryny, döşleridir boýunlarynyň ýüzüni bezeýän gymmatbaha daşlara meňzäp, ýalp berşip şugla saçan ýyldyzlaram indi gündizlige daşyny aldyryp ugran çyralar ýaly, barha täsirlerini ýitirme bilendiler.

Ahmet asmandaky solup barýan Aýy synlap hemem onuň halyny öz suwsuzlygy bilen baglap:

–Suwuň nirede barlygyny Aýa gowy bilýändir – diýip, ýokarda bolansoň, ähli zady görüp bilýänligini pikir edip, ony gözügidijilik bilen synlady. Aganazaryň bolsa häzir pikirinde sürgünlere howlyň ortasynda nahar paýlanýan ýakymly pursat janlanypdy. Hatda ol iýmit meselesine hemişe beýemçilik edýän

garynlak komendantyň aýakly garpyz bolup, depesi bugaryp duran gazanyň töwereginde aýlanyp samyrdap ýörenini hem gördi.

–Nahar wagtymyz-a bir mahal geçendir – diýip, ol şu pursatda pikirini daşyna çykaranyny hem duýman galdy.

–Ejelerimiz biziň hakymyzy alyp goýandyr – diýip, Ahmet ekabyrraklygyny edip, ýene-de Aganazara göwünlik berip gepledi. Oglanlar biraz oturyp, özlerini dürsänsoňlar, ýoly yzarlap, ýene-de ylgap ugradylar. Indi halsyzlykdan ýykylaýmazlyk üçin, olar öz maýdallaryna ylgamaga çalyşýardylar. Meýdanyň süňňünden çyg ysly howa öwüsýärdi. Töweregiň agyn çygly ot-ýeneki bolup ugranlygy duýulýardy.

Olaryň yzarlap gelýän topursow ýoly haçanda şaha aýryp, ikä bölünen mahaly oglanlar haýsy ýola gitjeklerini bilmeýän ýaly bolşup, bir-birleriniň ýüzlerine soragly gözleşip, kürtdürişip, töweregi öwrenijilik bilen syndan geçirmäge durdular. Hol beýlede ümürläp, gijäniň içinden çykyp gelýän garabaglygy gören wagtlary bolsa şol ýerden öz islegli suwlaryny tapyp biljegini pikir edişip, ýoluň saga dönýän bölegi bilen olaram saga öwrüldiler. Suw höwesi bilen ýadawlygy, tapsyzlygy hasaba alman, çalasyn ýöremäge çalyşdylar.

Olar şol hasanaklaşyp gelişlerine baglygyň eteginden giren wagty, baglaryň aşagyndan henizem goýry alagaraňky doly aýrylman eken. Aganazar şol barmana nämedir bir gaty, togalak zady iki ýola dagy yzly-yzyna basanlygyny duýdy. Haçanda ol eglip, ýerden olaryň birine göteren wagty ol bu aýagyna päsgelçilik beren zadyň öz çen edişi ýaly, kesekdir daş bölegi däldigine göz ýetirdi. Ol bagdan ýere gaçan almalardy. Onuň bir ýakymly ysy-da bardy. «Hudaý berse guluna getirip goýar ýoluna» diýleni boldy. Gözler alma agaçlarynyň aşagyndaky garaňka biraz öwrenişensoň, özlerini almanyň boluna atandyklary belli boldy. Içleri kemsiz gorugan oglanlar depelerinde, töwereklerinde alma barynyň şahalarda düzüm-düzüm bolup sallanyşyp duranlygyna hem aň etmän, ýer sermenişip tapan almalaryny hartyldadyp-har-

tyldadyp iýdiler. Alma birazdan belli bir derejede oglanlaryň açlygyny hem suwsuzlygyny gandyrdy.

Bag bolsa onuň töwereginde hökman suwam bolaýmaly. Ýöne alma bilen biraz teşneligini gandyryp, garynlaryny doýrup, oglanlaryň soň onuň gözlegine ýörite çykaslary gelmedi. Olaryň hersi baglaryň birine arkalaryny berip, soňam ýadaw halda uklaşyp galdylar.

Aganazar düýş gördi. «Aç towuk düýşünde dary görer» diýleni boldy. Ine, onuň gözünde galan Murgap derýasy owsunyp akyp ýatyr. Ana-da Allanazar, Zaýyp, Taýyr dagy kenarda oýnaşyp ýörler. Ýöne geň galaýmaly olaryň hiç biri-de şunça suwuň bolunda-da suw içenok. Göräýmäge gähnäp-gähnäp suw içäýmeli ýaly welin, gaýta olaryň göwnübir ýaly. Aganazar durup bilmän, olara gygyrdy:

– Aý, Alla jan, siz nä tüýsl-äý?!

– Hä, nä tüýsli?

– Şunça suw ýanyňyzda akyp dur, näme üçin ondan içeňizok?

Oglanlar jogap ýerine geň galyşyp, onuň ýüzüne seredişdiler. Eýsem-de bolsa, geň galara bu ýerde näme barmyş!? Şunça suwuň bolunda teşnelik çekmek geň dälmi gaýta!? Damaklary gurap, tebsiräp durandyr ýogsam şolaryňam...

Derýada akyp barýan gyzjagazyň gyzyl köýneginiň bir bölegine, soňam tanyş ýüzüne şol arada Aganazaryň gözi düşýär. Ol Nuranady, başga kim bolsun!? Bäş-alty günlükde çagalar derýa boýnunda suwa düşüp, oýnap ýörkä Nurana atly gyzjagaz akypdy, şonda-da Aganazar esli aralykdan bolsa-da, onuň akyp gidip barýarka ýüzüniň hem köýnejiginiň bir bölegini görüp galypdy. Indem düýşde ýene şol ahwalat...

Ulular gelip, soň ony näçe gözleseler-de tapmandylar. Dilliräk heleýler-ä ol tapylmansoň, derýada ýaşap ýören läheň balyklar ony lak-luk garnyna atandyram diýişdiler. Emma beýle däl eken. Gör, nirelerden çykdy... Weý, bu onuň akan derýasy hem

däl ahyryn? Bu Murgab-a... Syrderýa diýilýänem onda bir ýerde Murgaba gatylýan bolmaly.

Aganazar henizem akyp barýan gyzjagazy halas edip bolar diýen pikirde onuň töwereginde suwa düşüp ýörenlere el bulap gygyrdy.

– Tutuň, tutuň-a Nuranany!..

Aganazaryň sesini derýa boýunda duranlaryň hiçisi eşitmese-de, garaz, birazdan ol sesiň bir ýerlerde eşidilendigi welin belli boldy...

Ertir irden öýüniň gapdalyndaky ýatakda abşanaklap, sygyr sagyp oturan Hajybike ýeňsedäki almaçylykdan kimdir biriniň sesini eşidip allaniçigsi boldy.

– Bu näme boldugykan janlarym? – diýip, geň galyp süýt ýokundysy syrygyp duran ellerini sygryň emjeklerinden aýryp diňşirgendi, töweregine garanjaklady. Sygyr sagmasyny boldum edip, süýtkädisiniň erňeginden tutup durşuna ol sesi ýene bir gezek eşitmek üçin, töweregini gözläp sägindi. Ýöne geň ses soň wagty bilen gulak bermedi. Ol daşardaky ojakda sagyp getiren süýdüni süzüp, gazana guýup durka gapydan adamsynyň pallan çykyp gelýänini görüp, oňa ýüzlendi:

– Otasy, togtap alyň!

– Nime?

– Almalyk tarapdan bir oglan sesini eşitdim. Ýene-de Isfendiýaryň garagollary  aladaň bilen almalary gyrraýtmaga gelen bolmasynlar?

– Isfendiýaryň ogullaryndan her poh çykar, deýýusjyklar, hany bir elime düşse bor. Men olary almalarym-a däl, biz tarapa-da gaňrylyp seretmez ýaly ederin–diýip, Tursunbaý eke Isfendiýaryň garagol oglanlaryny görmezden käýindi.

Aýaly onuň gaharlanyp gidip barşyna ýol ugra ýatan bir taýagy alanyny görüp, gahar ugruna onuň oglanlary gaýgyrmajagyny pikir edip:

–Ekesi, birden bir bijaý ýerlerine urup, olary maýyp edäýmäň! – diýibem, onuň yzyndanam gygyryp galdy.

– Özüm bileman – diýip, Tursunbaý bedäniň gapdalyndan ötüp, hym baglap, aňyrlygyna almalyga tarap gitdi.

Tursunbaý bagy bilen aralykdaky ýoldan geçensoň, özüniň gelýänligini duýdurmazlyk üçin, aýagyny ýokardan göterip, seresap ýöremäge çalyşdy. Onuň Isfendiýaryň ogruja oglanlaryny güpbasdy etjegi çynydy. Ýöräp gelşine-da ol iki oglanyň alma ýaplanyşyp ýatandyklaryny gördi. «Kimkän? Elbetde, Ifendiýaryňkylardyr. Isfendiýaram köp bolansoň, bulaň ugrunada seredenok. Islän ýerlerinde garynlaryny otaryşyp, ýatyp-turup ýörler. Gije-de sümsünişip ýör bular. Agşam gelip, almadan doýup uklar galan bezzatlar diýerler bulara» diýip, Tursunbaý ol ýatanlara hasam öjükdi. Oglanlar onuň golaý gelenini duýmadylar. Olar häzir daňdanyň süýji ukusyna gark bolşup, dünýäden bihabar mysylaşyp ýatyrdylar.

– Bular eýsem Isfendiýaryň ogullaryndan başga kim bolup biler? Onda-da aladaň bilen.

Tursunbaý eke olaryň ýüz-gözlerindäki garalary görüp, şundan soňra bularyň şol garagol Isfendiýaryňkylardygyna hasam ynandy. Sebäbi olar öňem bir gezek Tursunbaý gyzlaryny almalara göz-gulak bolmaga goýan güni, günortanyň güni ýüz-gözlerine gara şilliň çalşyp, duýdansyz gelşip, olary gorkuzypdylar. Garagol ogullarynyň üstünden arz edende bolsa, Isfendiýar olaryň temmisini ýetirin diýmegiň ýerine: «Aý, jora, keseki almamy alýar diýip gynanma, seniň bäş gyzyň meniň ýedi oglum bar. Çagalar ulalansoň, seniň gyzlaryňy şolara alyp bererin. Onsoň olar-da, almalar-da ikimize-de dahylly bor» diýip, gaýta onuň ogulsyzlygyna begenýän ýaly gürrüň edipdi. Isfendiýar bu gepi degişmä gatyp aýtsa-da, Tursunbaý ekä öz ogulsyzlygyny ýatlap, kemsineni üçin oňa has gaty degipdi. «...Olar bir elime düşse bor» diýip, Isfendiýaryň ýanyndan şonda gaharlanybam gaýdypdy.

Ine-de, olaryň ikisi gije gelip, ýeriň giňinde iýip bilen almalaryny iýip, indem uklap galan bezzatlar diýerler bulara.

Tursunbaý eke aňyrdan gelşine harsa: «Ha, siziň bir...» diýip, olaryň ikisiniňem gulagyndan tutdy şatyrdadyp. Aganazardyr Ahmet allaniçigsi bolşup oýandylar. Görseler, ine, bir ala donly özbek gulagy gopara getirip towlap dur. Aganazara uky arasynda gulagyndan çekilensoň, Ahmet özüni oýarjak bolýandyr öýdüp: «Wäk, gaty çekm-ow, agyrýar» diýip, bir gygyrybam aldy. Tursunbaý ekäni gören wagty bolsa dyzanyp, onuň elinden sypmakçy boldy. Ýöne Tursunbaý eke olaryň köpden bäri ele salmagy arzuwlap ýören garagollardyr öýdensoň, berjek temmisini bermän, gaýdyp beýle işi etmezlige ant içirmän goýberesi gelmedi. Oglanlar ýerli-ýerden türkmençe gepleşip, özleriniň ýatlygyny mälim edensoňlar, Tursunbaý eke bu bolýan zatlara hasam geň galdy. Onuň boldumly tegelek ýüzünde mähirli hemem ökünç gatyşykly ýylgyrma alamaty peýda boldy. Ol öz ogulsyzlygy bilen bagly endişesini ýatlap, soňam gapysyndan birem däl, iki ogulyň birden geleninden yrym tutup, muňa göwün çaglap, biraz begendem gaýta.

Ýat adamyň elinden sypanlarynda oglanlar birbada gaçmakçy bolan hem bolsalar, onuň öz yzlaryndan kowma niýetiniň ýoklygyny görensoňlar bolsa, kürtdürişip aýak çekdiler. Tursunbaý eke olaryň eleşan sypatyny nebsagyryjylyk bilen synlap durşuna: «Kel munda, bola, kel!» diýip, olary öz ýanyna çagyrdy.

Ahmetdir Aganazar özleriniň kömre ulaşyp, indem şu ýerlerden gelip çykyşlaryny aýak üstünde oňa gürrüň berdiler. Şeýdibem bular Isfendiýaryň ogullaryna meňzän-de bolsalar, olar däldikleri belli boldy. Tursunbaý eke oglanlary synlap, sürgün-ýeneki bolup, orlup-çapylýan iliň gül ýaly çagalarynyň şeýdip, ýat ýerde synsyramaly bolanlygyna gynandy. Şeýle ýagdaýa duşan çagy ähli gowy adamlarda bolşy ýaly, onuňam kalbynda owsunyp, rehimdarlyk duýgulary peýda boldy.

Ol oglanlary öňüne salyp, aňyrdan gelende onuň aýaly henizem dynmazjan halda adamsynyň dergazap bolup giden tarapyna wagtal-wagtal gözläp, ojak başynda otyrdy. Tursubaý aňyrdan gele-gelmäne:

– Hatyn men saňa iki ogul tapdym! – diýip, göwnühoş dillendi.

Aýal eleşan oglanlara geň galyp seredip, ýakasyny tutdy-da, zöwwe ýerinden galdy.

– Ýeri, bular nireden?

– Hudaý iberipdir bize.

Tursunbaý oglanlar barada gysgajyk mähirli maglumat berensoň, aýalyň ýüzünden biraz geňirgenme alamatlary aýrylyp, onuň gözlerinde mähir alamatlary bilen gözýaş balkyldap göründi. Süýtli gazany görüp, oglanlaryň ikisi iki ýerden oňa ymsynyşyp, höwes bilen seredişdiler. Aganazaryň aňynda eýýäm mamasy ojak başynda agtyklaryna süýt-gaýmak guýup berip otyrdy. Mamasy gaty nanlary agşam süýde batyryp goýanda dagy olary ertir, doganlaň bilen gaýmaga dolap iýmek, gör, nähili lezzetli bolardy...

Aýal biraz özüni dürsänsoň, oglanlar ýüzlendi:

– Ata-eneňiz barmy?

– Bar.

– Bar bolsa, siz olardan gaçyp nirik barýaňyz? Heý, ene-atanyň ýanyndanam bir gowy ýer bolarmy?

– Biz gaçmadyk. Otly bizi alyp gaçdy.

Är-aýal oglanlaryň oglantap gepinden hezil tapyşyp, bir-birleriniň ýüzlerine seredişip ýylgyryşdylar.

– Hawa-da – diýip, nämedir bir zatlaryň pikirini eden aýal soňam uludan dem aldy.

Soňra oglanlaryň höwes edişleri ýaly hem boldy. Är-heleý öz aralarynda gumrulara meňzeşip, bir-biriniň töwereginden aýlanyşýan ýaly bolşup, «lagul-lugul» howlukmaç gepleşdiler. El-ýüzler mylaýym suwa ýuwdurylyp, eginbaşlar kakylyp, üst-başlar biraz tertibe salnansoň, är-heleý oglanlaryň hersine bir şa käse süýt goýup, ellerine-de nan döwüp berdiler. Ahmetdir Aganazar

süýdem, çöregem iki günüň açlygyndan soň howlugyşyp iýdiler. Bir gezek goýlan süýt gutaran mahaly, ýene isleglidiklerini mälim edişip, barmaklary bilen käsäni düýbündäki süýt ýokundylaryny syryp ýalabam goýberdiler.

Görer ýaly görgüleri görüp, horlanyp, gözleri höwlenen neresse çagalaryň düşüp ýören günlerini görüp, olaryň howlukmaç nebsewürlik bilen iýip-içişlerini synlan dolmuş aýal şol gyýlyp-gynanyp oturyşyna ýene gözlerine ýaş aýlady.

Tursunbaý eke başda birden iki ogul tapanyna begenen hem bolsa, soňra olaryň soňky ahwallarynyň nähili boljakdygy barada, bu ýagdaýa nähili çemeleşende gowy boljakdygy barada oýlananda, ol ýene-de alada galdy.

– Ene-atasy bar bolsa, bular gözlenilýän bolmaly. Ýa sürgün bendiler aç-horluk çekip, biziň çeken derdimizi bular bir çekmesinler diýip, belki, bir gowy adamlara duşarlar diýen niýet bilen, ol görgüden bulary gaçyryp goýberiberdilermikän? Gaty döwür boldy bi. Ene-atanyň ogul-gyzyň mährini duýup, gowulygyna guwanyp ýaşamaly döwür-ä bolmady bi... Gaçan bolsa, onda gözlenýändirem bular...

Şu pikirlerden soň ol oglanlaryň egnindäki gara-gäz geýimini ýuwdurmaga çykardyp tapdygyndan alyp, olaryň hersiniň egnine bir köneräk don ýapdy. Başlaryna-da bir dört gyraň tahýa geýdirensoň, olar hakykatdanam özbek çagalaryna meňzediler. Daşyndan indi olaryň ýatdygyny ünsli bolaýmasaň, tanajak gümanyňam ýok.

Tursunbaý eke oglanlary iýdirip-içirip, gizlinräk görüp, ertip öýüniň gapdalyndaky oraçada ýerleşdirensoň, işden biraz gijäde galanlygyny ýatlap, meýdana howlukdy. Meýdanda bu günler pagta ýygymy gyzgalaňly dowam edýärdi. Bu döwür daýhan aladalarynyň köpelip, köp el, köp güýç talap edip, uly-kiçini aýaga göterýän möwsümidi. Tursunbaý eke aýaly bilen gyzlarynyň ýene birki sany kömege ýaranlaryny hem ýanlaryna alansoň, olary gök eşegini syrtlaşdyryp, öňüne saldy. Myhman oglanlardyr çülpe

çagalaryna göz-gulak bolmagy bolsa ol ekabyrragy hasaplap, ýedi-sekiz ýaşly Gülrugsor atly gyzyna tabşyrdy.

* * *

Öý eýeleri işe gidip, daşlary çolaransoň, garynlaryny otaran ýadaw oglanlar ýene-de süýji uka berildiler. Olar oraçanyň içinde düşen-düşen ýerlerinde uklaşyp galdylar. Haçanda gapdaldaky almalyk tarapdan goh-galmagal agy sesleri eşidilen mahaly hem olar heniz süýji ukuda ýatyrdylar. Bu goh ilki ukusyna sak Aganazaryň gulagyna degdi. Ýöne o-da birbada munuň düýşümi ýa-da huşudygyna düşünip bilmedi. Has dogrusy, ol häzirki pursatda özüniň öýlerinde ýatanlygyna ynanýanlygy üçin bu galmagaly hüjreli obaçylygynyň ortasyndaky giňişlikde oýnaşyp ýören öz deň-duşlarynyň goh-galmagalydyr öýtdi. Hatda ol bu pikire berlip, bile oýnaýan deň-duşlarynyň käbirini göz öňüne hem getirdi. Ýatan ýerinden olary seslerinden tanamaga çalyşdy. Sähelçe başyny göterip, töweregine gözlän wagty ol agy gatyşykly gohuň düýşünde däldigine düşündi. Eşidilýän agylaryň çagalara degişli bolany üçin, Aganazar onuň bilen gyzyklanyp, boýurganyp ojak tarapa seretdi. Olar uklamanka ol ýerde Tursunbaý ekäniň gyzlary ýat oglanlaryň öz oraçalarynyň içinde gizlenýän ýaly bolup oturyşlaryna geň galyşyp seredişip otyrdylar. Görse häzir gyzlar ol ýerde ýok, olar töwerekde-de görnenoklar...

Tursunbaý ekäniň çagalaryna: «Biz ýok wagtymyz almalykda oýnaň, gara borsuňyz» diýip, sargap gideninden bolsa bular habarsyz. Aganazar turup, oraçadan daşary boýnuny uzadan mahaly, ol ýaňky biraz mundan öňem öz töwereklerinde oýnaşyp oturan gyzjagazlary alma baglarynyň töwereginde iki-üç sany oglanyň ondan bir, mundan bir topulyşyp, gyran-jyran edip ýörenligini gördi. Dessine-de adyny tutup Ahmedi oýardy.

– Ahmet, tur tiz!

– Hä, näme bar. OGPU-lar gelipmi?

– Gyzlary urýarlar.
– Kim, hany?
Aganazar jogap bermäge-de gyssanyp, almalyga tarap atylyp gitdi. Gözlerini owkalap heniz nämäniň-nämeligine oňly düşünmedik Ahmedem şundan soň, onuň yzyndan eňdi. Tursunbaý ekäniň geýimler guraýança diýip geýdiren uzyn donlarynyň etegi bolsa häzir oglanlaryň yzynda ýelk berýärdi. Garagol oglanlar aňyrdan iki sany adamyň ýumruk gezeşip, donlaryny ýelkildedişip, elem-tas bolup, özlerine tarap ýetip gelýändiklerini gören wagtlary, nämäniň-nämeligine düşünip bilmän, ilki jyrraýlyşyp olardan gaçarly hem göründiler. Yza tesişip üýşendiler. Ýöne golaý gelen wagtlary olar Ahmetdir Aganazaryň hem uly don geýenleri bilenem özleri ýaly oglanlardyklary gördüler. Öz deň-duşlary dagy bolsa, olar ýalylardan obada garagollukda ýakasyny tanadan Isfendiýaryň oglanlary eýmenjekmi!? Olar ilki yza çekilip ugran hem bolsalar, soňra garpyşma höwesi bilen dessine yzlaryna döndüler. Aganazar gelşine, ýas-ýaňy Tursunbaý ekäniň gyzynyň ýakasyndan tutup, idenekleden hüjük saçly oglanyň üstüne topuldy. Ýöne ol hüjük saçlyň ýanyna ýetmänkä ýene bir şoňa meňzeş gapdalyndan peýda bolup, onuň donunyň synyndan çalyp tutmaga ýetişdi. Eger Ahmet wagtynda gelip ýetişmedik bolanlygynda, olar Aganazary duran ýerinde gaňryp basmakçydylar. Oglanlar ýeten-ýeten bilen tutluşyp, garpyşyp gitdiler. Ýaňy ýat oglanlaryň özlerine tarap elem-tas bolşup eňişip gelýänlerini görüp, uly adamlaryň öz yzlaryndan kowgy gelýänini pikir edip, gaçylyp ugralanda doganlaryndan has gaty gaçan, Isfendiýaryň üçünji bir ogly hem şu pursatda agalaryna kömege ýetişdi. O-da agasynyň asgynlap barýanyny görüp, Ahmede garşy hüjüme geçdi. Ahmet garşylykly güýjüň artyklygyny görensoň, ýeňse basyp, gaça urşup ugrady. Olaryň haýsy bolsa-da ilki birisini çemesine getirmek üçin, ýeňse çekilip gaçgaklady, amat peýledi. Soňam olaryň biriniň hüjüminden çalasynlyk bilen öwrülip, ikinji birisiniň üstüne süründi. Ahmet her gezek iki



*15

garşydaşynyň haýsynyň üstüne sürünse-de, ony eýmendirip, yza tesmäge mežbur etdi. Çemesini alyp depip, haýsydyr birini ilki nagdyn möçükdirmäge synanyşdy.

Ýumruk salşyp duran Aganazara ahyrsoňy garşydaşyndan bir ýumruk iýip, onuň bilinden goşarlap tutmak başartdy. Şondan ol dessine obada Allanazar bilen göreşende edýän emellerini ýatlady. Ilki oňa çopan badak salyp, ýeňsä gaňyrmagy niýet edinenem bolsa, garşydaşynyň hem güýjüniň özüniňkiden köp bolmasa, az däldigine göz ýetirip, şeýle bolanda beýle adamyň aňsat gaňyrdyp, çopan badaga gelmeýänini wagtynda ýatlady. Soň ol dyzanyp garşydaşyna ýanbaşlap baryp, birdenem ony syrta çekdi-de, aýagyny ýerden üzüp, özem güpüläp, onuň üstüne gaýtdy. Bu garaşylmadyk emel hüjük saçlyň bir salym äm-säm bolmagyna sebäp boldy. Öz ýeňşi bilen ruhlanan Aganazar soňra onuň üstünde ýeňijilerçe atlaý oturyp, onuň ýaňaklaryna, taýly gezegine şarpyk ýelmedi.

Tursunbaý ekäniň gyzy Gülrugsar oglanlar gyzyl ýumruga girensoň eýmenip, jigileri bilen bir tarapa çekilip, indem şol ýerde jigilerini töweregine üýşürip, howp abananyny duýup, jüýjelerini ganatlarynyň aşagyna alan ene towuga meňzäp, käkeläp-käýinip durdy. Ol Aganazaryň garşydaşyny jalkyldadyp ýykanyny görüp juda begendi. Aganazar garşydaşyna her şarpyk çalanda:

– Otam üçinem uruň bir şarpyk! Apam üçinem uruň bir şarpyk! Meniň üçin-de uruň bir şarpyk – diýip, ol buýsançly dillendi.

Aganazar bir görse, Ahmet bilen iş başgaça. Doganlaryň ikisi aslyşyp, indi ony çekeläp, guşagyny çözmäge, egninden donuny sypyryp tenini ýalaňaçlamaga ýetişipdirler. Iki bolup ýere ýykybam, indem onuň ellerini ýeňsä gaňryp, guşak bilen daňmakçy bolup durlar.

Aganazar Ahmediň bu ýagdaýa salnanyna jany ýanyp, öz garşydaşynyň gahar ugruna burnuna ýumruk bilen täzedenem bir gezek malçyldadansoň, Ahmede kömege howlukdy. Ol aňyrdan ylgap gelşine-de tümmekligi bilen doganlaryň Ahmediň

goluny gaňryp duran ekabyrynyň üstüne özüni oklady. Badynada ony öz isleýşi ýaly, bir tarapa togalap alyp düşdi. Şundan soň Ahmede doganlaryň ikinjisi bilen ikiçäk gidişmäge biraz-da bolsa mümkinçilik döredi. Hyrs çagasy ýaly çakgan Ahmet şundan soň böküp turdy-da, bir silkinende eli guşakly özüni daňarman bolup duran garşydaşynyň hüjüminden sypdy, aýak üstüne galan dessine-de ony urup usurgatdy. Ol depilen garnyny tutup, buruljyrap oturyşyna doganlaryny kömege çagyrdy.

Aganazaryň öz göwresiniň bady bilen gapdala alyp düşen garşydaşyna ýene tiz özüni ele almak başartdy. Ol Aganazaryň uzyn donunyň synyndan silkip bir çekende, ony hem Ahmedi edişi ýaly, töweregiň gözüniň öňünde ýalaňaçlady. Şonda ol: «Buda ýalaňaç» diýibem gygyrybam goýberdi. Şeýdibem bu gidişlik bir pursat ýalaňaçlar hem geýimliler arasyndaky biraz geň, biraz uýatly urşa öwrüldi.

Ýalaňaçlaryň şeýdip, ýerli-ýerden täzeden aýaga galyp, hüjüme geçmekleri soňra Isfendiýar ogullarynyň hetdini tanap:

– Ýalaňaçlar, ýalaňaçlar – diýşip, ýan berşip gaçmaklaryna sebäp boldy.

Söweşe gyzyşan Ahmetdir Aganazar özleriniň ýalaňaçdyklary diňe olar garşydaşlaryny kowalap almaly bagdan çykaransoňlar aň etdiler. Soňam bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, uýat ýerlerini tutuşyp, şol ýerde aşak oturdylar. Nädip alyp borkan diýen pikir bilen urşan ýerlerinde galan dondur guşaklara tarap seredişdiler.

Gaçyşyp giden Isfendiýar ogullarynyň garasy ýitip, apylasapyla sowulansoň, Tursunbaý ekäniň häliden bäri gorkuşyp, oglanlaryň garpyşygyny synlap, biraz haýygan gyzlary ýalaňaç howandarlaryna öz kömekleriniň gerekdigini duýdular. Olaryň biri Ahmediň geýen donuny, ýene birisi Aganazaryň guma bulaşyp ýatan donuny süýreşip getirdiler. Gyzlaryň dört ýaşlyja äm-sämräjigi bolsa:

– Ükemme siz? – diýip, Ahmedi hossar tutunyp, onuň elinden tutdy.

– Ükeň man! – diýip, donuny geýip, bilini guşan Ahmet hem höwes bilen, gerek bolsa olara ýene arka durmaga taýýnlygyny mälim edip, ony jigisi hökmünde mähribanlap, gujagyna göterdi.

Gyzlar almalykdan gaýdanlarynda oglanlar bilen yzlaryna dogan-hossar bolup geldiler.

Tursunbaýyň öýünde iki sany ýat oglanyň peýda bolanlygy baradaky habar bolsa şol gün oba ýaýrady. Obada muny çen-çak bilen: «Tursunbaýyň hatynynyň Horezmden doganlary gelenmiş. Gepleşenlerinde-de olar biraz düşüniksiz, horezmçe gep urýamyşlar. Olar Isfendiýaryň ogruja oglanlarynyňam hakyndan çykanmyşlar. Özleri-de urşulanda geýimlerini çykaryp, çuw-ýalaňaç bolup uruşýarmyşlar» diýen gürrüňlerem ýaýrady.

* * *

Tursunbaý eke ýol boýy hem pagtaly atyzlara ýetip, işine girişensoň hem alada bilen oglanlar barada özüniň mundan soňky etmeli hereketleri barada alada galyp oýlandy. Ol ilki oglanlary görende olary enesiz-atasyz ygyp ýören ýetim çagalardygyny, häzirki döwürde şeýle çagalaryň köpelendigini, obadaşlarynyň ikisiniň dagy hossarsyz çagalary alyp, ogully-gyzly bolup oturanlygyny, öz gyzlarynyňam şeýle agalary bolsa, kem bolmajagyny olary ogul edinmek köp ogully Isfendiýaryň dagy öýüniň deňinden tahýasyny şahyna geýip geçmek tamasy bilen pikir ýöredipdi. Olaryň öz aýaklary bilen başga ýere däl-de, hut öz gapysyndan gelmeklerini bolsa ol tötänlik däl-de, hökmürowan Allanyň: «Sen ogul diýip nadyl bolup ýördüň, ine, saňa-da iki sany inerçe!» diýip, özüne al, gulum edenligine ynanasy gelipdi. Ýöne munuň üçin ýene-de ençeme zatlary anyklamak welin hökmandy.

Indi gizläb-ä olary öýde uzak saklap bolmajagy belli zat. Iliň gözi-gulagy kän. Biri görmese, beýlekisiniň görjeginiň ujy iki däldir. Onsoň hökümetem eşider. Ol eşitse bolsa munuň yzyny derňew-soragsyz-da goýmaz. Ana, onsoň tersçilem, sürgünden gaçanlary gizläp saklaýan, hemaýat edýänem sensiň. Dartgy-

çekgilerden soň ýurt syýasatyna garşy gidýän hökmünde alyp ýatmaklary hem daşda däldir...

Tursunbaý ekäniň pikir etdigi saýy barha ynjalygy gaçdy.

Oglanlaryň aladasyna berlip, dürli oý-küýleri boýlap ýören Tursunbaý ekäniň soňra işläbem mazasy bolmady. Ol kimdir biri yzyndan gelýändir öýden ýaly, häli-şindi işinden başyny göterip töweregini garandy. Adamsynyň galagop halyny görüp, gyzlary bilen gowaça dörüp, hars urup pagta ýygyp ýören aýaly onuň ýanyna geldi.

–Otasy, näme alada galdyňyzlar beýle?

Içi howurly Tursunbaý:

–Öýüňde iki sany ýat bolar-da, nädip alada galmajak? –diýip, onuň soragyna sorag bilen jogap berdi.

–Näme olar öýi urup giderler öýdýärmisiňiz? Özümize osup, öýi olara goýup gaýdyberdigem-dä... Ha, goňşy Şawkediň garry enesine «Göz-gulak boluň biziň öýe-de» diýäýmeli ekenimiz weli...

–Ýok, onuň pikirini edemok. Ýöne bularyň kimdigini, nädip bu ýerlere düşüp ýörenlerini welin anyklasym gelýär. Bilse hökümet näme diýerkän diýibem gorkýan.

–Etim-ýesire hemaýat edip, şuny oňaraýypsyňyz-a diýmez.

–Şony diýýän-dä menem...

–Hökümet sorasa, bolmasa ýagdaýy bolşy ýaly hem aýtmaly bolarys-da. Öz aýaklary bilen azaşyp-tozaşyp, özleri geldiler diýeris.

–Aýdanyň-da öliniň soragyny soraman, derňew-ýeneki etmän, hökümet seniň ýakaňy goýberesi ýok.

–Neresseler kömre-hä ýagşy agnan ekenler...

Aýaly bu gepi aýdanda Tursunbaýa ol özi bilen göwündeş gopup ugran ýaly bolup duýuldy. Sebäbi onuň özüniňem oglanlaryň demir ýola dahylydyklaryny ýatlamak bilen, olaryň yzyny gözlese, şol töwerekden gözlemelidigine aň salyp ugrapdy.

Soraşylyp-ideşilende oglanlar anyk bir zat aýdyp bilmändiler. Olaryň: «Biz Türkmenistandan alnyp getirilen adamlar bolup, hüjrelikde ýaşaýarys. Ol ýerden uzakdan derýa-da görünýär. Demir ýolam golaýymyzdan geçýär. Kömür aljak bolubam şu güne düşdük...» diýşip aýdan gürrüňleri bolsa olaryň nireden-nähili bolup, bu ýerlere düşüp ýörenligini anyklamak üçin ýeterlik däldi. Gapdaldan demir ýol geçýän, töweregi derýaly oba gytmy bu ýurtda, ýeri, olaryň haýsy biridigini sen näbiljek onsoň?

Oglanlaryň ykbaly barada oýlananda bu meselede özüne bolmanda belli bir derejede kömegi degäýjek adam hökmünde demir ýol wokzalynda işleýän obadaşy Reýimbaý onuň ýadyna düşdi. Tursunbaý wokzalyň üstünden otly baryny geçirip, ýedi ýoldan habarly, ähli zatdan gulakly ýerdigini pikir edip, oglanlar barada anygrak bir zatlar bilmäge onuň kömek etjekdigine göwün ýüwürdip, tama edýärdi. Dogrudanam, oglanlar barada şu töwerekde biri bir zat bilýän bolsa, şol Reýimbaý bolaýmalydy. Üstesine-de, oglanlaram kömür bilen ýakalaşyp, şonuň üstünden geçen otlularyň birinden gelip düşen bolmaly. Tursunbaý eke soňam ynjalyp bilmän aýalyna: «Brigat beýleki gelip sorasa aýt, düýnden bäri ötle tutup heläk edýär, tebibe görünmäge gitdi diý! Tiz geler diý. Işem gyzlar bilen özüň gaýrat ediber!» diýip tabşyrdy-da, ynjalyp bilmän, janyny barlamak üçin ümsüm-kümsüm şol ýerden eşegine atlandy-da wokzala gaýtdy.

Tursunbaý eke eşegini wokzal jaýynyň beýleräginde iltäp, obadaşy Reýimbaý ekäni gözläp gelen wagty, ol töweregiň çolaranyny görüp, ýakynda ýolagçy otlusynyň bu ýerden mündürip bilen ýolagçysyny mündürip, düşürjegini düşürip, geçip gidenligini çen etdi. Tursunbaý eke rugsat sorap, Reýimbaý ekäniň işläp oturan jaýyna giren wagty onuň demir ýolçy papagyny gapdalynda goýup, stol başynda derçigip, çaý içip oturanlygyny gördi. Reýimbaý eke bu wagt ertirden bäri ugratmalysyny ugradyp, garşylamalysyny garşylap, teşneligini gandyryp, çaýyň barha ýiti duýulýan mazasyna berlip otyrdy.

Reýimbaý eke Tursunbaý gelip, elindäki düwünçegini gapdalda goýandan ornundan turup, baş egip, onuň bilen gadyrly salamlaşdy. Gysgaça hal-ahwal soraşyp, gysganybrak içip oturan çaýyndan oňa-da bir käsä sehelçe guýup uzatdy.

– Aý, üke, siz munda görnüpsiňiz?

– Golaýdaky Hudaýar begiň harazyndan bir habar alaýyn diýdim.

– Işleýärmi ol?

– Işleýär diýen bir gürrüň gulagym-a degdi. Täze hökümet şony özüne alyp, eýe duraýan ýaly-la.

– Eýe bar bolsa, işleder ony. Ol Sowetden gaçyp, Owgana çykaly bäri dur-da ýogsam-da ol işlemän. Eýesiz zatda nyrh bolýarmy?

– Harazsyz kösenip ýörüs-ä. Oňa gidip, muňa gidip haraz gözläp ýörüs-ä, ýogsam golaýymyzda haraz barka hezil edäýýädik. «Özüňde ýok– älemde ýok» diýleni. Indi bolsa bir ýugrum un geregem bolsa, el degirmen bilen günemma edinmeli. Onda-da uzakly gün çaýkanyp-oýkanyp, dert-azar bolup üwäňde-de, iki ýugrumlykdan köp un edinip bolýarmy?

Reýimbaý eke hem ony makullama bilen baş atyp, harazly gürrüňe berildi.

Şol arada Tursunbaýyň gözi gapdaldaky stoluň üstünde ýatan tahýa düşdi. Ol tahýa bolsa-da bu öwräniň adamlarynyň geýýän tahýasyna asla meňzemeýärdi. Haýsydyr bir haly böleginden edilene meňzeş başgapdy. Tursunbaý şeýle tahýany şol öz gapysyndan gelen oglanlarynyňam biriniň başynda görüpdi... Hä, indi hemme zat düşünikli. Bu şol oglanlaryň beýleki biriniň ýitiren tahýasy bolmaly.

Tursunbaýyň howatyry artyp, ýüreginiň urgusy güýçlendi. Reýimbaý onuň tahýa bilen gyzyklanýanyny görüp:

– Hä, olmy, ol-da baş gaba meňzeş...

– Men-ä bedenemikän diýdim.

– Dogry, jansyz ýatan bedenä-de meňzemän duranok. Ýöne ol bedene-de däl, sedene-de. Iki sany sürgün ýerlerinden gaçyrylyp goýberilen oglanlaryň biriniň tahýasy.

Tursunbaý eke hiç zatdan habarsyzdan bolan bolup, ýene şol bir sowalyny gaýtalady:

– Gaçyp nirä gitjekkän olar!?

– Aý, kim bilýär. Iki-ýeke uludan-kiçiden gaçýan-a bar öz-ä. Nirik gaçsyn? Gaçsa yzyna –ýurduna gaçýandyr-da. OGPU häzir hemme ýerleri aýak üstüne göterdi. «Iki sany gaçgak barýar, ýük wagonlara ilişip» diýen habar-a bize düýn geldi. OGPU işgärleri düýn uzakly gije çyra tutup, şolary gözledi tutjak bolup.

– Tutsalar näme ederler?

– Adamçylyk etseler-ä, yzlaryna ibärler. Ýogsam-da ene-atalary bilen gabarlar türmä.

– Gaçdy diýmeseň, türmä salar ýaly, ol neresseleň etmişi näme?

– Bu gaçanlaryň ene-atasyn-a OGPU eýýäm gabanmyş. Oglanlar tutulmasa, olaryň haky türme.

– Tutular, nirä gitsin tutulman?..

– Eýýäm gündiz yz tapyldy. Öz-ä aýak biziň oba tarap ýöreýär. Gözleňýändiklerini bilip, olar wagondan düşüp gaçan bolmaly-da...

– Gaçyp nirik gitjeklerkän?

– Bu ýerden öwrülip geçip, ýene bir oslanylmadyk ýerden otla daklyşmaklary mümkin-dä...

Reýimbaý eke soň ýene stoluň üstünde ýatan tahýa tarap öwrüldi.

– Şol tahýa-da şolaryň aýak yzlarynyň töwereginden tapyldy – diýip, yňan tarapyna sähelçe baş atdy.

Şu gürrüňden soň, Tursunbaý eke oglanlar öz pikir edişi ýaly, eýesiz ýetim-ýesir däldiklerine, ogul edinmek hyýaly bilen bagly gizlinlik bilen edýän arzuwynyň başa barmajagyna, gaýta olary mundan artyk saklasa, döwletiň gözleýän adamlaryny

gizläp saklany üçin, özüne hem gep geljegiň ikuçsuzlygyna «Gazançynyň haky bar, nireden gulak çykarsa» edip, eger mundan OGPU-lar özüni döwlete garşy işleýänden edip görkezseler, jürüniň dikilmegininiň mümkinligi baradaky pikirler ony has-da haýykdyrdy. Tursunbaý eke şundan soň oglanlary gizläp saklap bilmejegine düşündi. Şol gözlenýän oglanlaryň öz öýündeligini obadaşyna aýdyp, indiki etmeli hereketiň maslahatyny hem onuň özüne saldy.

Düwünçekläp öz çagalary üçin alma getiren Tursunbaýa minnetdar bolup oturan Reýimbaý eke, oňa bu ýagdaýda nähili hereket etmelidigini, olaryň özüne garasynyň ýokaýmagyndan nähili goranmalydygyny jankörlerçe maslahat berdi.

– Tursunbaý, sen häzir şu ýerden git-de, çagalary getir bu ýere. Men OGPU habar ederin. Olaryň öýüňe baranlygyny, seniňem hökümete tabşyrmak üçin bu ýere getireniňi aýdaryn. Oglanlaram saňa diýişleri ýaly, goý, «Kömür almak üçin mündük, otly ugrady, düşüp bilmedik» diýsinler. Şeýle diýseler, olar ata-eneleriniňem ýüküni biraz ýeňlederler – diýip, oňa bu meselä OGPU-nyň dogry düşünmegine, özüniňem kömegini gaýgyrmajaklygyny mälim edip, dostlarça maslahat berdi.

Reýimbaýyň ýylanyň adyny tutýan ýaly, biraz çekinibräk aýdýan bu zatlary ýöne ýerden däldi. OGPU-nyň zulum-derdi halkyň durmuşyna ýylan bolup aralaşypdy. Bu zatlary görüp-bilip ýörkäň, baý-kulak diýlenleriň maşgalasyna garaşyk etmek, OGPU-nyň ýigrenen toparynyň degirmenine suw guýmak boljagy sähel aňylsa, olaryň muny şeýle hasap etjegi ikuçsuzdy. Şonuň üçinem ol oglanlary  öz öýünde galdyrmagyň boýna çolaşan ýylan bilen oýun eden ýaly howp-hatarlydygyna anyk düşündi.

Tursunbaý lapykeç bolup, ýeňsesini tüňňerdip yzyna gaýtdy. Ol şol ýerdenem oglanlaryň öýünde bilniksiz ýerde oturanlaryny, olary iş işden geçmänkä, Reýimbaýyň maslahat berşi ýaly, wokzala äkidip tabşyrmagy makul tapdy. Oglanlardan aýryljagyna

gynanyp, oba çenli eşegiň üstünde küýkerip, ahmyrly oý-pikirlere berlip gitdi.

Ýöne Tursunbaý eke oglanlardan näçe tiz dynsa, kem däldigini bilse-de, ol gelşine bada-bat olary eşeginiň öňüne salyp, tabşyrmaga alyp gidibermäge gyssanmady. Özleriniň gelmekleri bilen özüni birden iki ogully bolan ýaly edip begendiren oglanlardan, bu ýakymly pursatdan aýrylasy gelmedi. Ol aýaly işden gelensoň, ýörite nahar bişirdip, uzakly gije oglanlary tapdygyndan iýdirip-içirip hormat etdi. Diňe şondan soň olara iýer-içer ýaly zatlar, torbalap alma berip, eşegine syrtlaşdyryp, wokzala alyp gaýtdy[1].

[1] ...Otuzynjy ýyllarda Ahmetleriň Alaberdiýewleriň maşgalasy kulak¬çy¬lyga çekilip, Tagtabazaryň Erden obasyndan Özbegistana sürgün edilýär.

1942-nji ýylda urşa Ahmet arza berip gidýär. Ol 48-nji Merkezi armiýada, 1-nji we 2-nji Belorus frontlarynda söweşýär. 1943-nji ýylyň 21-nji fewralynda Polesskoý oblastynyň Periçeskiý raýonynyň Pagonina obasynyň ýanynda bolan söweşde Ahmet öz edermenligi bilen tanalan esgerleriň biri bolýar. Ol bu ýerde görkezen edermenligi üçin, «Şöhrat» ordeniniň 3-nji derejesi bilen sylaglanýar.

Benlostokiskiý oblastynyň Belskoý raýonynyň Lýahi obasynyň golaýynda bolan söweşde Ahmet «Şöhrat» ordeniniň 2-nji derejesine mynasyp bolýar. Bu ordeni Ahmede söweş meýdanynda 48-nji armiýanyň komanduýuşşisi, Ýokary harby geňeşiň agzasy, general Istominiň hut özi gowşurýar.

1944-nji ýylyň 15-22-nji oktýabry aralygynda Warşawa woýowodalygynyň Butno Roslan Sowetiniň Napýurki obasynyň üstünde juda gazaply söweş bolýar.

Sowet goşunlary 8 gezek yza çekilip, 8 gezegem ýene hüjüme geçibem, duşmanyň elinden ony gaňryp almaly bolýar. Şol söweşde duşmanyň otuz esger-ofiserini we bäş snaýper-kukuşka nokatlaryny ýok edenligi üçin, pulemýotçy Ahmet Sowet Soýuzynyň Gahrymanlygyna ýazylyp berilýär.

Şol günleriň birinde Ahmediň gulluk edýän bölümine ady rowaýata öwrülen Sowet Soýuzynyň marşaly K.Rokossowskiý gelýär. Ol bölümden bu beýik ordene hödürlenenleri öz ýanyna çagyrdýar. Tanyşmak gezegi üçünji bolup duran Ahmede ýetende ol:

– Sen nireden, ogul – diýip, ondan soraýar.

– Men türkmenistanly, ýoldaş marşal...

– Türkmen diýsene – diýip, nämüçindir ol bir pursatlyk bir zady ýatlap oýlanýar. Soňundanam ýene sorag berip, gürrüňini dowam etdirýär:– Sen komsomolmy, gwardiýaçy?

– Ýok – diýip, Ahmet özüniň kulak çagasy hökmünde komsomola alynmandygyny ýatlap, ýere bakyp suslanýar. Köpi gören marşal edermen esgere dessine düşünýär we oňa:

– Komsomol seniň ýaly edermen ogly öz hataryna kabul etse, elbetde, mynasybetlik gazanar...

Ol soňra Ahmediň arkasyna kakyp, oňa atalarça sabyrly bolmagy maslahat berýär.

– Zeleli ýok, oglum. Entek başyň ýaş. Sen duşmany gyryber, şeýt-de gyryber. Hany ilki ony ýeňeliň, onsoň ýeňiş ähli zady öz ýerli-ýerine goýar... – diýýär.

Komandirleri Ahmedi Sowet Soýuzynyň Gahrymanlygyna mynasyp hasap etseler-de, oňa ýene-de kulak tagmasynyň päsgelçilik döredenligi belli bolýar. Oňa gahryman ýyldyzynyň ýerine «Şöhrat» ordeniniň 1-nji derejesi berilýär. Üç derejeli «Şöhrat» ordenini Ahmede bu belentlige söweş meýdanynda gaýduwsyz yzygider gahrymançylyklar görkezip ýetmeli bolýar.

Polkdur diwiziýa komandirleriniň edermen pulemýotçyny ýene bir gezek Sowet Soýuzynyň Gahrymançylygyna hödürlemek islän gezegi 1945-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda Alleşteýni azat etmek bilen bagly bolupdy.

...Bu ýerde nemes Ahmet dagynyň ýatan ýerine goýun sürüsini sürüp, olary al salyp almakçy bolýar.

Pulemýot okuna gerňelen duşman pyýadalary yza çekilensoň, Sowetleriň garşysyna 9 tank hüjüme geçýär. Ahmet şonda öz üstüne bir «Ferdinandyň» eňterilip gelýänini görüp, haýdan-haý golaýda nemeslerden galan ot beriji fugas oklaryny görenini ýatlap, dessine olaryň birnäçesini öz ýanyna getirýär.

Bagtyna Ahmediň birinji atan oky «Ferdinandyň» merkini berýär. Emma Ahmediň tank bilen çaknyşygy bu ýerde munuň bilen gutarmaýar. Ahmediň nireden ok atanyny gören, ýene bir tank öwrülip, onuň kastyna çykýar. Ony pulemýoty zady bilen gabşyryşdyryp, mynjyradyp öterli görünýär. Ahmet tizlik bilen ýatan ýerini üýtgedip, alkymlap gelen ikinji «Ferdinandyň» gapdalyndan ok ýagdyryp, ahyr ony hem otlaýar. Öz bölüminiň esgerleriniň hüjümine ýol açýar. Şol döwürlerde bir bada iki tanky urana gahrymançylyk berilýän eken. Ýöne gahrymançylyga hödürlense-de, kulak çagasyna Gahryman adyny dakmagy ýene-de köp görüp, oňa bir söweşde iki sany 219960, 219962 belgili «Gyzyl Baýdak» ordenleri berilýär. Ol şeýdibem Watany «kulak oglunyňam» hiç kimden kem söýmeýänligini, onuň mertebe-mynasybete muwapyk oguldygyny subut edýär. Şol döwür Ahmet Allaberdiýewiň bu görkezen edermenligi hakda harby gazetler munuň ýaly bir söweşde iki «Gyzyl Baýdak» ordeniniň alynmagynyň gaty seýrekdigini haýran galma bilen ýazýarlar.

Ahmet şondan soň Baltika kenaryndaky Pilau diýen ýerde ýaralanýar.

* * *

Obada: «Ahmet Orazgylyç Pyrarydan gije-girim ogryn-dogryn derýadan geçip, öýüne gelip gidýärmiş, oljalan zatlaryndan getirip goýup gidýärmiş. Pylanynyň aýaly bir gezek gije aýakýoluna çykanda, onuň arkasy haltaly öz gapysynyň öňünde inisiniň adyny tutup, gapyny açdyryp duranyny hem görenmiş» diýen gürrüň çykanyndan köp wagt geçmänkä, bu gepiň OGPU işgärleridir Ýagdy şura ýene-de Kymyşlary hymsyklamaga bahana boldy.

Ilkä birki gün OGPU adamlary gatnap, Ahmediň inisi Öwezdurdy bilen onuň hassa, tapsyz aýalyny sykajyga salyp, olara öňräk Ahmediň bir gije öýe gelip gidendigini aýtdyrdylar. Soňundanam olardan onuň şol gije getirip giden zadyny tapmagy, onuň gömen hazynasynyň nirededigini görkezmegi talap etdiler. OGPU adamlary Ahmediň Owgana gaçyp geçen baýlaryň yzynda galan baýlygyny, maşgalasyny geçirip berip, olardan altyn-kümüş alýandygyndan habarly bolanlygy üçin şondan gazanan hazynasynyň bir bölegini ol şol gije ýükli gelende, öýüne getirendigini, şol gelen baýlygyň bir ýerde gizlenenligine ynanýardylar. OGPU işgärleri dyzanyşyp näçe talap bildirip, Ahmediň arkalap getiren baýlygy barada onuň aýalydyr uşaklaryndan «Un getirdi, gant getirdi, iýdik-içdikden» başga gep eşitmediler.

---

Ol 1945-nji ýylyň 24-nji iýunynda Moskwada 2-nji Belarus frontunyň sapynda Ýeňiş paradyna gatnaşýar.

Ahmet uruşdan gahryman bolup dolanyp gelenden soň, Akgorganda dürli wezipelerde işleýär. Ol oglanlyk döwri ýagşylyk eden Tursunbaý ekäni hem ýatdan çykarmaýar. Ol bahym Tursunbaý ekäniň maşgalasyny gözläp tapýar. Ýöne oňa Tursunbaý ekäniň özi bilen duşmak miýesser etmeýär. Tursunbaý eke 1944 nji ýylda batalonda gidip, şol ýerde hem ýogalan eken. Onup aýaly tanyşlyk berensoň: «Türkmen oglum gelipdir» diýip, ony gujaklap aglapdyr. Ahmede şol kömürli wakadan bir ýyl geçensoň, Tursunbaý ekäniň oglunyň bolanlygy eşitmek has hem ýakymly bolupdyr.

Getirilen hasap edilýän altyn-kümüşden derek tapylmady, emma OGPU ýolbaşçylary-da obasyny çapyp ýören Ýagdy şurada barlagyň bu netijesi bilen kanagatlanmadylar. Öňküleri ýaly olar hazynanyň bir amatly hasap edilen ýerde gömlendigine ynandylar. Bu bolsa Aman OGPU-nyň obadaky öz gizlin gulaklaryna aňtawy täzeden başlamaga talap bildirmegine sebäp boldy. Şeýdibem, ol iki-üç günden «Söýünalydaky OGPU «gulaklarynyň» biri Aman OGPU bilen gizlin duşuşdy. Hardat Ahmet dagynyň bäşbelalar bolup, şol döwür eýýäm başga bir ýigit bilen guda bolnan aýal doganlaryny Hardadyň doganoglan inisi alyp gaçyp, heleý edenini namys edip, üç-dört atly gelip, Hardadyň gözüniň alnynda onuň öýündäki aýal-gyzlaryň saçlaryny gygyrdyp syryp, ar alyp maşgalasyny masgaralap gideli bäri olary gözünde oky bolsa atjakdygy bellidi. Ahmediň gije ümsüm-kümsüm oba gelip gidýändigini aýdyp, Aman OGPU-ny bu ýagdaýa gyzyklandyranyň ýene birisem hut Hardat bolupdy. Bu bolsa Hardadyň düýnki gatan tezegi ýumşatdygy bolupdy. Ahmet bir aýa golaý mundan öň dälde, hut şu golaýlarda hem häli-şindi gizlin gelip-gidip duran ýaly pikir döredipdi. Üstesine-de, ol Owganda Sowetiň uçaryny atyp, urup ýykany üçin Aman OGPU-nyň özüniň-de bir depip, omrup hezil etmek üçin, ony nähilidir bir ýol bilen ele salasy gelýärdi. Ahmediň gije gelip gidýänligi hakyndaky Hardadyň getiren habary oňa bu maksatdaky kelep ujunyň ele gelmegi boldy.

Aman OGPU Hardat bilen Ahmet barada «Onuň gelip-gidýändigi baradaky gepiň ugry ýok öýdýän» diýip, öz barlaglarynyň oňly netije bermändigi hakda aýdanda bu habary ýetirenleriň biri özi bolany üçin müýn çekäýmelem ýaly hem bolsa ol müýnürgemedi. Gaýtam, gülek-ýalak edip oturyşyna: «Siz baýlygy nireden gözlemelidigini bilmänsiňiz» diýen äheňde: –Ahmet ýaly adam hazyna gömse-de, ony çagalaryna ölse ynanýarmy!? Ýöne onuň agasy Kymyşdan welin gizlin zady ýokdur. Hiç kim bilmese-de, şol garry göhert bir zatlar bilýändir. Şony gyssaň, şony –diýdi.

Hardadyň bu gepi şeýdibem OGPU-ny Kymyşlaryň üstüne, täzeden «helabas» bermesi boldy.

Şundan soň köp wagt geçmänkä OGPU adamlarynyň Kymyş duzçynyň öýüne gelmesi ýygjamlandy. Diňe bir Kymyş duzçyny gyssanlary bilenem kanagatlanman, Jemal mamadyr onuň agtyklaryndanam dyzanyşyp, sorag etdiler. Emma bu gezegem synanyşyklar garaşylan netijäni bermedi. Ýogsam «Türmä basarys, öňküleriňiz ýaly güm edip, sürgüne ugradarysam» diýlip, haýbat baram atyldy. Şol bary-ýogy näbelli hazynany tapdyrmak üçin OGPU işgärleri Kymyşyň maşgalasyny ýer ýaýnatdylar.

Hardat bilen bolan gürrüňden soň bu işiň ugruna Aman OGPU-nyň hut özi çykdy. Ol şäherden gelşine-de oba şurasyna sowlup, ol ýerden atlanyp ekin ugruna gitmekçi bolup duran Ýagdyny hem «Ýurdy belet çapar» edip, hemişekisi ýaly öz ýanyna aldy. Ýolda Aman OGPU näme üçin gelenini mälim edip, bu meselede şura başlygyna ýörite sala salýan äheňde gürledi.

–Ýagdy şura diýýän-ä, Kymyşyň öýünde öň iki sany sandyk bar eken. Soňky döwür şolaryň biri ýok bolanmyş, onuň satylanyny ýa birine berlenini hem bilýän adam ýok

Aman OGPU bu gepi aýdan mahaly Ýagdy şura at üstünde gazyga gerňelen ýaly bolup, dim-dik üns bilen ony diňläp oturyşyna Kymyşlaryň ýiten sandygynyň nirä ýitip biljekligi hakynda oýlandy.

–Sandygy, ýoldaş Aman, onuň öýünde üç dagam bardy. Baý öýüniň sandyksyzy bolýarmy näme!? Onuň sürgüne gidenlerem-ä sandyk äkitmändiler...

–Meniň üçünji sandygy niräk ýitirim bolany bilen işim ýok, ýöne soňky iki sandygyň biriniň ýok bolmagy welin, elbetde, şübhelendirýär. Ahmediň gizlenen baýlygy, göwnüme bolmasa, şol sandyk bilen bagly ýaly bolup dur. Şoňa salyp, bir ýerde gömen bolmaklary gaty ahmal...

Ýagdy Aman OGPU-nyň gepiniň niräni tozadýanyny aňyp alansoň:

–Gaty mümkin. Bu kulaklaryň etmejek al-hileleri bolmaz– diýip, onuň pikirini söz bilen makullanyny az görüp, şol barmana başyny öňe-yza hallan atdyryp göwünjeň makullady...

Dört atly aňyrdan toplum tutup, it üýrüzip gelende, Jemal mama daşarda sygyr ýatagyň gapdalynda onuň gije tezeklän lopbaçlaryna saman garyp, kemre ýasap, odun gamyny edip otyrdy. Gapy çolady. Alabaý üýrüp, ýol tarapa gapdalyndan ötende ol başyny göterip, şol tarapa sereden wagty, öz duşlarynda bir toplum atlynyň jylaw çekip direnişip durandyklaryny gördi. Töweregine gözläp, öz ýerine gelenleriň habaryny almaga ugradaýara ýeňil oglanyň ýoklugyny görensoň bolsa, işini bir ýana goýup, ellerini saman bilen süpürip, gelenleriň habaryny almaga ýöneldi. Şol barşyna «Bular indi kim bolduka, janlarym, Ballyň dagy öýüni sorap gelen dost-ýarlary bolmasyn, ol-a häzir gidendir, şäherdäki işine...» diýibem, erbet düýşi ýagşa ýorýan hörpde oýlandy.

Toparyň öňi bolup howlynyň girelgesiniň öňünde duran Ýagdyny Jemal mama ilki tanady. Onam geýim-gejimini üýtgedip, häzirki zaman lybasyna geçeni bäri görmänsoň, del geýim içinde bolansoň, zordan tanady. Egnine goňras matadan köýnek, başyna papak geýip, bilini nyzamlap, aşyrma kemer bilen guşap, öňküsinden has ekezlenen ýaly bolan şurany tanar ýaly hem däldi. At üstünde endigine görä burnuny talawladyp, öz-özünden beleň alyp, gomaslanyp oturyşyndan Jemal mama Ýagdy şurany tanansoň, töwerekde üýrüp, gep-üýn alyşdyrman ýören iti kowdy.

–Ýit-ä, ýer çeken. Sen indi Ýagdy şurany tanaňokmy? Güjük mahalyň ol biziň hyzmatymyzda bolup ýörkä «Gowy it bolar» diýip, seniň maňlaýyňy köp sypalan Narly gamyşçynyň ogly-da şol!

It gapdala çekilensoň, ol ýene-de atlylaryň ýönelige gelmändiklerini pikir edip durşuna Ýagda:

–Ýagdy, it seniň egniňdäki bedroý geýimiňi ýat görendir– diýdi.

Ýagdy ýat adamlaryň ýanynda garrynyň öz nägileligini duýduryp, düýnki geçmişini, özüniň pes gününi ýatlamagyny halamady. Içinden: «Ogullary sürgün bolany bäri bular meni gözünde oky bolsa atjak. Her gezek meni görenlerinde ýarasynyň üstünden basylýan ýaly bolmaly-da. Başarsalar bir gyşyk gep aýdyp, çakjak bolşup durlar. Hany, şol sandygam bir tapylsyn, ana, onsoň bu Kymyşlaryň tepbediniň okaldygy bor. Göreýin hany onsoň, Ballyň sizi nädip, arkaňyzy alyp, türmeden alyp galyp bilşini!?»

Jylaw gaýtaryp duran Ýagdy soňam Jemal mamanyň üstüne süründi:

–Hany, kempir, aç howlyňy, bu ýoldaşlaryň Kymyş agalyk işi bar! Bu gepi aýdan mahaly Ýagdy şura ýeňsesindäkileri görkezýän ýaly öwrülip, yzyna hem gözläp goýberdi. Jemal mama Ýagdynyň gapdalynda at başyny deňläp duran hyrsyz Aman OGPU-ny hem tanap, içinden: «Seniň biziň öýe oňly adam getirmejegiň-ä öňem bilýärdim» diýip nägile boldy.

Aman OGPU-nyň hökmürowan keşbi şol maşgalasyny bölüp, sürgüne äkiden güni jellat bolup, onuň gözünde galypdy.

Jemal mama atlylaryň sürnüşip duranlaryny görüp: «Bular indi gojanam tussag etmäge gelendirler» diýen pikir bilen ýylan gören ýaly üşendi. Ol:

–Öýde bolmalydyr özün-ä – diýip, uzyn köýneginiň etegini sähelçe eli bilen ýokary çekip, howlugybrak yzyna dolandy. Atlylaram onuň yzyna düşdüler.

Jemal mama girensoň, öýüniň içinde biraz gysga hymyr-symyr gürrüň boldy. Soňra donuny egnine ýelbegeý alan Kymyş duzçy peýlenibräk öýden çykdy. Direnişip gapysynda duran atlylary anygrak görmek üçin, gözlerini süzgekledip, olaryň üç-dört ädim golaýyna geldi.

Aman OGPU onuň mysalasyny görüp, ala gözlerini yzgytsyz ýylpyldatdy:

–Mülkaman ogly Kymyş baý, seniň baýlyk gizläp saklaýanlygyň hakda bizde anyk maglumat bar. Şony häzir meýletin özüň tapyp berseň-ä, jeza çäresi berlende, seniň hyzmatdaşlygyň göz öňünde tutular. Eger bize kömek bermekden boýun gaçyran ýagdaýyňda, onda seniň täleýiň başgaça bolar. OGPU bilen oýun etmegin sen!

Kymyş duzçy haýbatly talaby eşitse-de, oňa jogap bermäge gyssanmady. Ýelbegeý atynan donunyň ýeňlerine gezekli-gezegine gollaryny sokup, ony egnine geýip durşuna bolsa ol: «Baýlygyň niredeligini bulara aýtsammykam, aýtmasammykam?» diýip ýer peýläp oýlanýana meňzedi. Soňam sürnüşip duran atlylara ätiýaçly gözläp:

–Siz ýene-de şol köne heňiňize tutup ugrapsyňyz-ow. Meniň-ä ol siziň diýýän baýlygyňyzdan habarym ýok. Ýigitler, goý, ony kim bar diýip size ýamanlap aýdýan bolsa, şonuň özi gelsin, öňe düşsün-de, tapybam bersin! Men hiç wagt töründe hum gömen adam däldirin. Şeýle baýlyga men öňem yşk-da etmändim. Dogrusy, sygyr-malym bardy birneme. Olaram hökümede gerek diýdiňiz, tabşyrdym baryny şerekete.

Kymyş duzçynyň arkaýynlyk bilen aýdan bu gepi diňe bir Aman OGPU däl, Ýagdy şura hem ýaramady. Ol öçli gözlerini jel-jelledip, ýagdaýy eýemsirenip, OGPU-lardan öň gojanyň üstüne hüjüme geçdi:

–Kymyş baý, sen kim bilen oýun etseňem, ýoldaş Aman bilen oýun etmegin! Ol öz gepini gögerdýän adamdyr–diýip, Aman OGPU-ny mertebeleýänden bolup, bähbidini arap sürnüp gepledi.

–Ýok zady, oglanlar, men size nireden tapyp bereýin? –diýip, Kymyş duzçy ýene bir gezek şol bir gepini gaýtalady.

Emma bu gezek gojanyň düşünişme hökmünde aýdan gepiniň özüne öjükdirme bolanlygy belli boldy. Aman OGPU-dyr Ýagdynyň ikisi indi iki ýerden onuň üstüne talaply hüjüme geçdiler.

Ýagdy:

–Saňa indi iniň Ballynyň nepi deger öýtme! Hetdiňi tanamadyň sen, garry çoça! Senden gowulyk ýokdur. Seni dagy bireýýäm ýygnamalydylar welin...

–Baýlygy nirede gömeniňi görkezmeseň, onsoň bizden gowulyk tamasyny etme! Ýerli-ýerden Aman OGPU hem Ýagdyň gepini gaýtalaýan ýaly haýbatly gepledi. Talaply aýdylan bu gepleriň ahyrsoňy Kymyş duzçynyň çetine degip ugranlygy belli boldy. Ol sakgalyny sypalap durşuna duran ýerinde yralanan ýaly çaýkandy. Ara bir salym agyr dymyşlyk düşdi. Ýöne ol uzaga çekmedi. Şu pursatda bu gaýgyrylman, haýbat bilen aýdylan gepler gojany hä diýmän, mugyra getirerli göründi.

Bu ýagdaýy görüp, ýene sähel hüjüm edilse, gojanyň boýun synyp ugrajagyna ynanan Ýagdy has-da öjükdi.

–Muny tussag edip, şähere äkitmeli. Sowetiň işlerine badak atýanyň edilmelisi hökman şoldur. Depgi astyna bir alynsyn, ana, onsoň ol diýene-de geler, inisiniň getiren baýlygyny nirede gizlänini hem görkezer...

–Gerek bolsa, tussagam ederis.

–Tumşugyna gowy kakylsa, akyllanar–diýip, Ýagdy ýene-de gojanyň gazaba gerňelmegini isledi.

Bu hüjüm Kymyş duzçynyň gaharyny getirse-de, howpuny basyp bilmedi. Gaýta, bu hüjümiň ony garşydaşlaryna öjükdirenligi belli boldy. Ol sähel baş göterip, öňe düşdi:

–Ýörüň onda görkezmesem, günüme goýmajak bolsaňyz, onda men size bir görkezeýin!

–Şeýdip wagtynda akylyňa aýlansaň, gowy bolar–diýip, gojanyň özlerinden gorkanyna, döwleninine ynanýan Aman OGPU nätdik diýen manyda gapdalynda ýalmanyp duran Ýagdy şura tarap yzyna öwrülip, samanhana tarap gidip barýan Kymyş duzçynyň ýeňsesinden ümledi. Gojanyň garaşylmadyk kaýyllygy ony kanagatlandyrdy. Ýogsam, ýaňy ýoldan gelýärkäler Ýagdy:

–Ýoldaş Aman, Kymyş diýeniň öz-ä bir tüýsli boýnuýogyn, ýerinden gelmedir. Aňsat biziň diýenimize ol gelmese gerek.

Ýöne aýalyny, agtyklaryny gyssap, gorkuzybersek, mümkin, onuň sandygy nirede gömenini boýun alaýmagy. Ýogsam, ol gorkmaz, bilse-de bize baýlygy nirede gömenini keskelläm aýtmaz. Özüňiz bilýäňiz-ä Jüneýit hanyň ýüzüne göni seredip bilýän azdyr welin, bu yňdyrma gorkman, gala maslahata baran toparyň başlygy Gully emine ýüzlenip: «Aý, ýalbaryp oturandanam bir han bormy!? Tur, Gully emin, gitdik! Munuň bitirjek goşy ýok!» diýip, hiç zatdan çekinmän, donunyň synyny silkip turan adamdyr bi... – diýip, beletlik bilen, oňa ýagdaýy düşündirdi.

Aman OGPU at üstünde keseribräk oturyşyna giňgöwrümlik bilen ýene-de Ýagda ýüzlendi:

–Ýagdy, bar indi esgerleriň biri bilen gömlen sandygy alyp çykyň! – diýdi.

OGPU tarapyndan ýumuş buýrulanda öz ýanyndan gom alyp, monça bolan Ýagdy şundan atan-satan bolup atdan düşüp, kemeriň aşagyndan köwelip duran täze köýneginiň etegine syntgy berip tertipleşdirdi-de, esgerleriň biri bilen batly-batly ädimläp, gapysyndaky gamşy bir ýana syryp, samanhana girip barýan Kymyş duzçynyň yzyna düşdi.

Kymyş duzçy, Aman OGPU ähli adamlary bilen şakyrdap yzyma düşer diýip pikir eden borly, ol topardan bölünip gaýdan iki adamyň biriniň Ýagdydygyny görüp, düşnüksiz dillendi:

–Guluň dogmasy, hany beýlekileriňiz? Hemmäňiz gelseňiz-ä, gowy bolardy!.. –diýip ýüzlendi.

Ýagdy bu gepiň aňyrsynda başga bir manynyň barlygyny pikir etse-de, gojanyň sarkyndyly gepine ol sandyk birki bolup göterärden agyrdyr diýen manyda düşündi. Goja soragynyň jogabyna garaşman, eglibräk samanhananyň gapysyndan girensoň, Ýagdy hem ýanyndaky ýaragly esger bilen onuň yzyndan girdi.

Samanhana ýarym ýerküme hökmünde gurlup, onuň ýerden ýokarky böleginiň daşy ýeňiljek şire suwag bilen suwalypdy. Penjire ýer-ýenekisem goýulmansoň, onuň içi alagaraňkydy.

Ondan çüýrän saman ysyndan başga-da sygyr tezeginiň çüýräp zaýalanyp ugran ysy hem bardy.

Samanhananyň üstündäki basyrygynyň orta gürpünde pişik ýeneki geçip gidipmi nämemi, goşa ýumruk sygar ýaly bir hoňkaryp duran deşigem bar eken. Şondan samanhana gündiziň bir bölegi düşüp, onuň içini az-owlak ýagtyldýar eken.

Içerik girip, alagaraňka dulanan goja bolsa henizem wagtal-wagtal janyýangynly samraýardy:

–Görkezmeli bolsa, görkezäýmeli bolarda. Siz bir görmeseňiz, ynjalmarsyňyzam... Sandyk gerekdir size... Ine, siz sandyk!

Ýagdy biraz alagaraňka gözi öwrenişensoň, özüniň gojanyň iki ädimliginde duranlygyny aýyl-saýyl etdi. Ýokarky yşgalaňdan ýagtynyň bir bölegi hem hut gojanyň üstüne düşýärdi.

Haçanda Ýagdy: «Hany, görkez sandygy gömen ýeriňi!» diýip, gojanyň üstüne täzeden hüjüme geçmekçi bolan wagty onuň bolup durşuny görüp, ilki näme-nämeligine düşünmän ank-tank boldy.

Goja yşgalaň düşýän ýeriň aşagynda uçguryny çözüp, balagyny topugyna düşürip, bir eli bilenem köýneginiň etegini biraz ýokarrak çekip, sallap, uýat ýerini nygtap görkezip durdy. Özi-de şol durşuna-da mahal-mahal: «Görüň, görmän dynmajak bolsaňyz!» diýip, janyýangynly käýinibem goýberýärdi.

Diňe şondan soň Ýagdy gojanyň sandygyň gömlen ýerine derek özlerine näme görkezýänligine düşündi. Ol: «Oh-o» diýip, hopugyp ör-gökden geldi. Gahardan ýaňa gany depesine urdy. Ol gojadan nämä garaşsa-da, beýle gönümel hem gaýduwsyz hüjüme garaşmandy. Şu ýagdaýda bu pursatda özüni nähili alyp barjagyny bilmän, kejigip aljyrady.

Ýagdy şir-peleňe duşan deý, syrtyna depilen ýaly, ala tapyrdy bolup, janagyryly sögünip atylyp, samanhanadan çykdy. Onuň kellesini silken wagty agyp gaýdan papagam gaçyp, öňünde tigirlenip gitdi.

–Ajalyna howlugan haramzada diýerler saňa... Sen entek OGPU zyndanynda çüýrärsiň. Sen öz uýat ýeriňi maňa däl-de, Sowet döwletine görkezdigiňdir bu. Indi seniň hakyt gözüňde juwaz aýlarlar...

Şol barmana goja gyryljak sesi bilen ýene bir gezek onuň yzyndan gygyrdy:

–Getir ýene görjegiň bolsa!

Atynyň jylawyny eýeriň gaşyna taşlan hazynaly sandygyň ýerkümeden çykarylmagyna sabyrsyz garaşyp oturan Aman OGPU, haçanda Ýagdy hamala gyzyl arydan gaçan ýaly, kakynyp-silkinip, sögünjiräp kümeden çykan mahaly ilkibada onuň bolşuna düşünmedi. Onuň göwnüne şol wagt hazynaly sandygy onuň bilen kümä giren esgerdir Kymyş duzçy hersi birýanyndan tutup alyp çykarly bolup göründi.

Ýagdy şol tasap, gahardan ýaňa ýarylaýyn diýip gelşine, Aman OGPU-nyň öňüne gelip, nägile bolup käýindi.

–Biz-ä däli goja görkezdi! –diýip, ol bu sözi ýangynly hem ker bilen gepleşýän ýaly gygyryp diýen ýaly aýtdy.

–Nämäni!?

–Özüniňkini, «ýaragyny”...

Soňam ol süýem barmagyny göbeginiň aşak etegine dürtüp görkezip, öz alsarmyk gepini ýene biraz anyklady. Aman OGPU diňe häzir nämäniň nämedigine biraz düşündi. Ýagdynyň düşen gelşiksiz ýagdaýyny özüçe göz öňüne getirdimi nämemi, böwregini bökdürip, soňam ol pyňkyryp goýberenini hem duýman galdy. Ýagdy şura Aman OGPU-nyň haýal etmän, däli goja çäre görmegiň, temmi bermegiň ýerine, gaýta hezil tapanyny görüp, ondan göwni galdy. Toparyň arasyndan özüniň masgaraçylykly ýagdaýa düşenine namys etdi.

Onuň şol wagt hökmürowan Aman OGPU-a «Elini baglap, salyň garryny atyň öňüne!» diýdirip, onuň üsti bilen gojadan diýseň ar alasy geldi.

Kymyş duzçynyň gapysynda ýene şakyrdaşyp, bir toplum atlynyň peýda bolanyny görüp, goňşular som-saýak bolşup durdular. Ballynyň öýi tarapyndan üç aýal bilen birnäçe çaga bolýan zatlara nähili düşünjeklerini, edesleri gelse-de, nähili delalat etjeklerini bilmän, gyýlyp-gynanyşyp, howsalaly seredişip durdular. Aýallaryň bäbegini kükregine ýaplap göterip durany Gullar çopanyň aýaly Ýazgül bolup, elini tutup, bolýan zatlary nägile dikanlap, talaply seredip durany Ballynyň aýaly Kümüşdi. Aýallaryň üçünji birisi goňşy obadan dogany Sähetdurdynyňka mahal-mahal gelip gidýän Bäşbela gyzy Akbibidi. Olaryň üstüne gapdaldaky ýapraklary hal atyp, saralyp ugran tuduň ýapraklarynyň arasyndan Gün şöhleleriniň bölekleri ala düşýärdi. Olar öz aralarynda pyşyrdaşyp diýen ýaly gürleşýärdiler. Akbibi:

–Bu artyplar Kymyş akgamlary belläp, jyn edinäýdiler.

–Ýagdy kemsit bilen Hardat aýdar ýaly ýere  olar barada aýdyp, günlerine goýmaýarmyşlar–diýip, Kümüş hem bu gepi Ballydan eşidenini mälim edip aýtdy.

–Ýagda näme ýamanlyk edildikän, öň-ä ol akgasy zady bilen Kymyşlaň tabagynyň çemçesidi.

–“Ýagşylyga ýamanlyk barmy?» diýlende, bar diýlipdir-ä.

Atlylar gelip, it üýrüp ugranda bir öýden çykyp, maňlaýyny görkezen Öwezdurdy bolsa, olardan gorkup, ýene dessine öwrülip, içerik giripdi. Indi bolsa ol OGPU-lar görse, ýene sorag berip, gyssap ugramagyndan gorkup, jigileri Geldimyrat bilen Jumagülem äkidip,  Garajumalaryň ot-odun küdeleriniň bir ýerlerinde gizlenipdi.

Akbibi beýdip ol ýerde uzak durup bilmedi, ol atlylary oýtarlap ötdi-de, öýüň gapdalynda nätjeklerini bilmän, serim-sal bolşup duran Jemal mamadyr onuň agtyklarynyň ýanyna geldi. Gele-gelmäne-de Jemal mama bilen iki agyz gep alyşdylar:

–Indi bular şeýdyp durjakmykalar?!

–Bularyň şundan başga pişesi nämemiş?

–Gol doly maşgalany sürgüne berensoň dagy köşeşäýjegem ýalydyr welin.

–Aý, köşeşmese köşeşmän geçsin, gerekleri şu iki garry bolsa, näme edýän bolsalar, edip bir dynsynlar. Ýöne şu iki gyz eýesiz galjak. Hudaý bardyr, olaram maňlaýyndakyny görerler.

–Häzir bular näme etjek bolýarlar?

–Kymyş altyn hazyna gömenmiş.

–Nirede?

–Biz-ä bilemzok. Aý bu-da bir yrsaramadyr-da.

Ýagdynyň käýinip çykmagy Jemal mamadyr Akbibiniň hymy-symy gürrüňini böldi.

Atlylar gojany kümeden çykaryp, öňlerine salyp alyp giderli görünseler-de, olar muňa gyssanmadylar. Aman OGPU: «Hä, ol beýdip somlap ugran bolsa, onda inisi Balla arkalanýandyr. Nämesindendigini bilemok, şu arakhor melgunyň gepi meniň başlyjygymyň ýanynda geçginli-hä boldy. Oňa bir zat diýseň: «Şonuň bilen işiň bolmasyn, ony özüm gowy tanaýan» diýäýýär. Başlygyň üstünden ätläp, ony tussag edip, soraga-da alyp bolanok...» diýip oýlanyp, Ýagdynyň düşen ýagdaýyndan tapan hezilligini Balla bolan gaýybana haýbat bilen garaşylmadyk ýagdaýda duran ýerinden at başyny yzyna dolady. Ol soňam şu pursatda gahardan dälilik hetdine ýeten goja hamala kümeden böküp çykyp: «Haý, zaluwatlar, görmän dynmajak bolsaňyz, Ýagdyň görenini sizem görüp gidiň!» diýip, haýkyryberjek ýaly ýakymsyz duýgyny başdan geçirdi.

Atlylar ala güpürdi bolşup, it üýrdüşip, Kymyş duzçyň öýünden barha daşlaşdylar.

Şu wakadan soň gelenleriň özleri hem ýok zada ters dawa salandyklaryna düşünene meňzediler.

* * *

Asman irden bir salym ýagma hyýalyna münen ýaly gök dalak bolup garalyp-bürelip alan hem bolsa, ol günortana ýetip-ýetmän,

ýene-de özüniň öýke-kinesini ýaýany belli boldy. Ýazgynlygyny alan dünýä ýene-de açyk, çogly günleriň birine öwrüldi. Gün doganynyň yzysüre öwsüp ugran edaja şemal asmanyň ähli gara-gurasyny öňüne salyp, bir ýerlere kowalap gitdi. Barak-obaçylygynda ýene-de durmuş owsun atdy.

Allanazar jigisini arkasyna hopba edip, jigisi Rahmannazary yzyna düşürip, öýlerinden çykanda, daşarda bu günlerde her gün bolýan çagalaryň oýnaýan hezil oýunlary eýýäm başlanypdy. Oglanlar bir-birlerine gygyryşyp, çapyşyp, özlerine gyrat däldirin öýtmän daz ýasaşyp, ikiýana alakjaşyp, bir-birleriniň töwereklerinde aýlanyşýardylar. Oglanlar ýene bir çyn oýunçynyň – Allanazaryň jigileri bilen gelýänini görüp, gygyryşyp, gol bulaşyp, ony hem öz ýanlaryna çagyrdylar. Emma Allanazaryň ejesiniň jigisi baradaky agşamky aýdan sargytlary ýadyna düşüp duransoň, olary bir ýerde oturdyp, oýuna goşulmaga howlukmady. Agşam Rahmangulujyk gyzdyryp,  biraz gyzymsapdy. Ene işden gelensoň, ony emdirip, damagyny basyp, kükrejiginiň ýüzüne süýt sagyp sypalansoň, ol biraz-da bolsa rahatlyk tapyp, ejesiniň gujagynda uklapdy. Oguljuma ala daň bilen işe giden mahaly «Menem günortan sypynyp bilsem, gelip habar aljak bolaryn, kakaňyň hem ötende-geçende sowlaýmagy mümkin, jigileriňe gowuja seredewer özüň, oglum. Oýun beýlekä gyzygyp, ýene-de bulary ýatdan çykaraýmagyn! Üme-çüme düşmez çagadyr bular!» diýip, dynmazjan bolup tabşyrypdy.

Hasyl ýygnamak işleri bolsa bu günler gyssanylyp, barha gyzgalaňly dowam edýärdi. Ýakyn-alys töwerek bugdaý çekýän arabalaryň, tirkeşip barýan bugdaý orýan, desse bogýan adamlaryň joşgunly zähmet meýdanyna öwrülipdi. Barak ýolbaşçylary özlerinde bar bolan ähli işçi güýçlerini hasyl ýygnamak işine gönükdiren hem bolsa, henizem el güýjüniň, ýük arabalarynyň ýetmezçilik edýänligi äşgär duýulýardy. Oguljuma hem barak ýolbaşçylaryndan bu işe ilkinji çekilen aýallaryň biridi. Bu bolsa onuň maşgalasyna berilýän nan hakynyň ýene biraz artmagy

bilen bähbide sapan alada bolupdy. Nan paýy bu ýerde işleýäne işlemeýänlere berilýän 400 gram çörekden iki esse dagy artykdy. Şonuň üçinem berilýän günemmalyk çörekden her kim ýetdik hakyny köpräk almak üçin, jan gaýgyrmazakly işläp, gije-gündiz dert-azapdy. Şeýdip Allanazaram öz jigilerine göz-gulak bolup, maşgala güzeranyna ýardamçy bolmalydygyna oňat düşünýärdi.

Nätjek başyňa düşse, etmeli bolýar. Balabakanlyk ilki başda Allanazara hem ýeňil düşmedik-de bolsa, o-da beýleki deň-duşlary ýaly muňa kem-kemden öwrenişip gitdi. Hatda Rahmanguly indi uklanda hem ejesiniň gursagyna gysylyp, eljagazyny gonuň ýakasyndan salyp ýatyşy ýaly, Allanazaryň hem kükregine eljagazyny goýup, emmäňi aldym edip ýatýardy. Ýöne oýna gyzyp, Allanazaryň oglanlyk edip, jigilerine seretmegi, göz-gulak bolmagy unudýan mahallary hem bolýardy.

Ejesiniň mähriban sesi bilen ýüregine siňdirip aýdan sargydy ýadyna düşüp duransoň, ol bu gün dostlary gol bulaşyp, näçe ýanlaryna çagyrsalar-da, jigilerini bir ýerde oturdyp, oýna gatylybermäge howlukmady. Jigisini hopba edip, arkasyndan düşürmän ýörşüne bir salym dostlarynyň oýunlaryny gözügidijilik bilen gapdaldan synlap duransoň, beýdip dursa özüniň oýna yryljagyny pikir etdimi nämemi, şagalaňyň gapdalyndan aýlanyp, uzakdan garalyp görünýän köl gamyş-gorjawlaryna tarap gitdi. Ol mytdyldap, jigileri bilen gürleşip barşyna Rahmangulujygy diňe köl boýuna ýetensoň, arkasyndan düşürdi. Bir takyrja ýer tapyp, şol ýerde jigileri bilen töwerek synlaşyp, güýmenişip oturdylar.

Barak-obasynyň sesýetimliginde dörän bu köl Allanazaryň öň görmedik ýere däldi. Ol deň-duşlary bilen gelip, ony telim synlabam gidipdi, onuň ýakasynda oýnabam. Hatda Gün gaty gyzdyrýan günleri adamlaryň gelip, güzer eden ýerinde oňa suwa hem düşüpdi. Kölüň demirgazyk tarapynda ýeriň günorta uzap, köl suwunyň öňüni dolap, onuň boýnuna gol salyp oturan ýer bölegi gernip otyrdy. Sag tarapdan bir-birinden uzak bolmadyk aralykda dörän iki sany gamyş jeňňelliginiň bir-biriniň garşysynda ötjek-

geçjeklere araba ýoluny berip, aralykda giňişlik goýup oturanlygy görünýär.

Allanazar her gezek gelip, bu köli synlap durka, hamala, ondan öýleriniň gaýrasyndaky jeňňelli köle meňzeşlik tapyp, kalbynda üýtgeşik bir ýakymly ýakynlyk duýgusyny başdan geçirýärdi. Hatda oýa berlen wagty ol öz obalaryndaky kölüň boýunda oturanyna bir pursatlygam bolsa ynanýardy. Durmuş welin ynsanyň erk-isleginiň tersine, diýseň, garaşylmadyk öwrüm edipdi. Murgap derýasynyň boýunda biten jeňňelli kölüň boýunda oýnap gezen oglan bu gün gelip, ondan müňlerçe menzil alysdaky Işim derýasynyň eteginde dörän jeňňellikden gelip çykypdy.

Kölüň depesinde beýgelip-mertebelenip, Gün öz bol çoguny döküp otyr. Onuň aşagyndaky köl alysdaky söýgüli ýarynyň gelýär habaryny eşiden gelniň duşuşyk pursadynda has owadan görünmek üçin geýip, öňünden çykan atlaz köýnegine mäňzäp, telwasly tolkunyp ýalp berýär.

Howada gamyş-gorjaw çüýrüntgisiniň dymyljap, könelip ugran ýatasuwuň ysy bilen käte duýlar-duýulmaz şemala göterilip gidýän balyk çaprazynyň ysy-da peýda bolýar.

Dünýäniň şähdaçyklygyna seretmezden, güýzüňem gün-günden saralyp öz hakyna eýemsirenýänligi duýulýardy. Güýz geleni bäri derýanyňam, kölüňem suwy ýagşy çekilipdi. Häzir köl eteginde suwuň çekilip giden ýerlerinde kiçiräk kölçeleriň birnäçesi töwereklerinde gury ýer adajyklary döredişip otyrdylar.

Gün gyzdygyça derçigip oturan Allanazaryň suwa çümüp çykmak höwesi artdy. Ol jigileriniň üstaşyry köl suwuny hyrydar synlap: «Şulary aldarlap, dek oturdyp bolsa, menem gidip bir suwa çümüp çyksadym» diýibem höwese berlip ugrapdy. Birazdan ol jigilerini alyp bardy-da, olary suwy çekilen ýerdäki adajyklaryň birinde –iki kölçäniň arasyndaky gümmezekläp, geriş bolup duran inedördül ýerde ýerleşdirdi.

Suwa çümüp çykmaga amatly ýer gözläp, töweregindäki ýata suwly kölçeleri ünsli synlady. Allanazar häzir uly adamlar bilen

deň derleşip, kirleşip ýören jigilerine-de suwa düşmegiň kem bolmajagyny, suwa düşseler, olara-da serginlän ýaly ýakymly boljagyny pikir etdi. Ilki Rahmannazary ýalaňaçlap, ony elinde tutup, kölçäniň eteginden ertip, suwa saldy. Güne gyzan suw ýörite düşmek üçin taýynlanylyp goýlan ýaly mylaýym eken, üstesine-de, ol çümer-ýeneki eder diýip gorkar ýaly çuň hem däldi. Düýbi görnüp durdy, çuň ýeriniň suwy ýetse dyzyňdandy. Allanazar uly jigisini suw bilen öwrenişdirensoň, gelip Rahmangulujygyň aladasyna berildi. Ony-da ýalaňaçlap, hyk-çokuna seretmän, göterip suwa getirdi. Ilki onuň ys-kok bolup duran aýajyklaryny, soň tutuş göwresini suw bilen sypalap ýuwdy.

Mylaýym suwuň kiçijiklere hiç neneňsi bolmadygy belli boldy. Rahmannazar indi suwa bir girip, bir çykyp, töwerekde hezil tapyp şapadaňlap ýördi.

Ýuwlansoň Rahmangulynyňam hyk-çoky azaldy. Suw bilen endamy sypalananda ejesi arkasyny sypalan ýaly bolandyr-da, ol şundan soň ukusy gelip pallabam ugrady. Birazdan bolsa myrlap galdy.

Allanazar diňe şundan soň Rahmannazara «Jigiňi oýadaýma, onuň töweregiden uzaga gidäýme» diýip sargansoň, özi aňyrraga, suwuň köpräk toplanan çuňrak ýerine düşünmäge gitdi. Eýläk-beýläk suwda ýüzdi, şol ýerdenem nadynç bolup, jigilerine bakdy. Ýöne bu hezillik şolar sebäpli barybir uzaga çekmedi. Jigisiniň töwereginde şapadaklap oýnap ýören Rahmannazaryň birden kimdir biri çümmükläp alan ýaly çirkin sesi eşidildi. Ine, saňa gerek bolsa, nireden bulary ýeke galdyrypdyryn diýip, Allanazar allaniçiksi bolup, jigileriniň ýanyna ýetmäge, olaryň halyndan habar almaga howlukdy. Iki bökende hasanaklap, olaryň ýanlaryna geldi. Gapdaldaky kölçeleriň birine girip, ol ýerden yza tesip gygyran jigisini şol barşyna garsa gujaklap alansoň: «Näme boldy?» diýip, aladaly ondan howlukmaç sorady.

Rahmannazar kölçäni gorka synlap, sojap durşuna ilki hiç zat aýtmady. Allanazar jigisi suwýylan, leňňeç, gurbaga ýaly bir

zat görüp gorkandyr öýdüp, töweregi synlady. Ýöne ol kölçäniň ýokarsynyň käte bir tolkunan ýaly bolup gidýänliginden başga üýtgeşik zat görmedi. Köşeşdirijilik bilen Rahmannazaryň eginlerini-başyny sypalap durşuna obada mamasynyň gorkana dessine suw içirmeli diýýänligini, şonda oňa gorkudan saplanmaga kömek boljagyny ýatlap, suw boýunda oturdyp, iki gezek aýasyny dolduryp-dolduryp, oňa suw içirdi.

Allanazaryň özüniňem jigisi bir bela duşandyr öýdüp ýellenen ýüregi henizem howsala bilen oňly ynjalyp bilmän gürsüldeýärdi. Ol suw içirip, içip biraz köşeşensoň, onuň bir sebäp bolmasa, beýdip çirkin gygyrmajagyny pikir edip, Rahmannazary gorkuzan zady tapmagyň ugruna çykdy.

–Nämeden gorkduň? –diýip, ilki jigisinden sorady.

–Ol ýerde bötje bar! –diýip, Rahmannazar gapdaldaky kölçä tarap elini uzatdy.

Allanazar jigisiniň görkezen ýerini siňňin synlan wagty ol diňe häzir nämedir bir zadyň sähelçe gerşini görkezip, suwy tolkundyryp ýüzüp ýörenini gördi. «Bä, ýylyn-sylanmyka?» diýip, pikirinde jigilerini goraglap, tolkunly kölçäniň öňüne bardy. Şonda ol ilki öz gözlerine ynanmady. Suwy çekilip-çekilip barha azalýan kölçede gabawa düşüp, uly suwa gidip bilmän galan balyklaryň birnäçesiniň ýüzüşip ýörendiklerini gördi. Guýrugyndan zadyndan basandyr-da, şapyrdap Rahmannazary gorkuzanam şolar bolmaly. Näme üçin howada balyk çaprazynyň ysy barlygyna Allanazar şundan soň düşündi. Ol balykçy şagal ýaly suw etegine girip, amat peýläp biraz duransoň, harsa çolpusyny urup, balyklaryň birini suwdan çykardy. Elinde sypjak bolup urunýan, garnynyň aşagy ak, ýüzgüçleri gyzylymtyl balygy dessine depesine göterip ýalpyldadyp jigilerine görkezdi.

–Rahmannazar, eý, sen şundan gorkupsyň-a. Ol balyg-a... Balyk hiç zat edenok, ondan gorkmaly däl! –diýip, göçgünli seslendi.

Balygyň agasynyň elinde çyrpynyşyny görüp, ondan ýürejigi tyrs-tyrs edip gorkan Rahmannazar:

–Allakga, gör, ol üstüme bökjek bolýar-a–diýip, entegem ondan çekinýänligini mälim etdi.

Allanazar kölçäniň içinde balyk köpdügini görüp, ýene-de olary tutmak bilen gyzykdy. Ilki birini, soň ýene birini tutup, kenara taşlady. Soňabaka oňa balyklar bir deşikden çykyp, ýeke-ýekeden ele gelip duran ýaly bolup duýuldy. Haçan-da ol zyňyp, töwerekde gyzyl-ýaýryt edip taşlan balyklaryny äkitmek üçin ylgap gidip, çyg gamşyň birki sanysyny getirip, şoňa düzüp durka, iki sany öz çemdeşindäki gyzjagazyň kenar bilen gezmelän bolup, indem özlerine tarap gelýänini gördi. Olaryň biri ösüme goýberilen saçlary selpildäp duran gögüş köýnekli gelşiklije tosunja gyzjagazdy. Gyzlaryň ikinjisi uzyndan gelen aýaklary durnanyňky ýaly suwda durmaga çemli bolup görünýän gyzdy. Gyzlaryň tosunjasynyň başlyk Reşetnikowyň gyzydygyny Allanazar bilýärdi. Ony ejesi bilenem birki gezek kakasynyň sürýän arabasynyň üstünde hem görüpdi.

Oýun ýerlerde hem ýakyn tanyş bolmasa-da, olaryň ikisinem görýärdi. Gyzlar golaý gelşip, ýerde urnuşyp ýatan diri balyklary görüp, geň galyşyp, gözügidijilikli seredişip durdular. Bir zat, bir zat diýip, eji-wüjüleşip gepleşdiler, ýöne Allanazar olaryň diline düşünmedi. Emma balyklary görüp, olaryň-da balyk isländiklerini welin bildi. Ol hasanaklap, ylgap gidip, hol beýleräkde ösüp oturan bir gyrymsy çöl ösümliginiň çyg çybyklaryndan gol boýy edip döwüp-döwüp alansoň, soňra ýene howlugyp, yzyna geldi. Soňam balyklary ikiden-üçden şol çybyklara düzüşdirip, olary elde götermäge amatly edişdirdi. Garaşman durkalar şol çöpe düzülen balyklardan gyzlaryň hersiniň eline birini berdi. Bu bolsa ýükümi jigim bilen nädip götärkäm diýip duran Allanazaryň bilmeýän dilinde gepläp düşünişdigi hem ýüküni göterişmäge kömekçi tapandygy boldy. Öýlerine balykly barýanlygyna begenen gyzlar

ýolda jigisini hopba edip gelýän Allanazaryň balyklaryny gezekli-gezegine hykda-çok bolşup göterişdiler.

Günortan aýak üstünden agşam gyzdyran Rahmangulynyň halyndan habar almaga gelende Oguljuma çagalaryny öýden tapmady. Olary gözläp, soňam sorag-ideg edip, töweregi aýlanyp ugrady. Olaryň nirä gidip biljeklerini pikir edip, howsala berildi. Haçan-da olary hol beýleden gören oglanlaryň biri: «Ana, gelneje, olar köl tarapdan gelýärler» diýip görkezen wagty ol ylgaşlap, toparyň öňünden çykdy. Olaryň elindäki düzüm balyklary görüp bolsa geň galdy.

–Eri, bu balyklary kim berdi?

–Hiç kim bermedi, eje, kölüň ýata suwundan özümiz tutduk.

Haçan-da ejesi arkasyndaky ejesini görüp, indem tanap aglap ugran Rahmangulyny garbap gujagyna alyp, ýüküni ýeňledensoň, Allanazar ejesine nädip balykly bolandyklary hakynda anyklap aýdan mahaly az wagtlyk ýitirip alan çagalarynyň sag-amandygyny görensoň, elesläp ugran ene kalby kanagat tapma bilen rahatlandy. Deň-duşlarynyň balyk baryny getirenlerini gören oba çagalary şundan soň elesleşip, köle tarap çapyşyp gitdiler.

Köl suwunyň çekilmegi birnäçe gün sürgün obasyny huruşly etdi. Tapan täzeje balygy ýaga daglap iýdi, tapmadyk gaýnadyp iýdi, palçyk çalyp, közde bişirip iýdi. Garaz, şol gün barak-obaçylygynyň ýakan odunyň tüssesinde-de balygyň agyz suwardyjy ysy bardy.

* * *

Söýünalyda Ýekeýüzüň gazysy henizem dowam edýärdi. Bu ýap baýyr eteginden açylýan ýerleri suwarmak üçin zerurdy. Özi-de ýylyň-ýylyna şeýle ekin ýerleriniň artmagy bilen, Ýekeýüzüň hem ähmiýeti barha artmak bilendi. Ähmiýetli bolşy ýaly-da Söýünaly ýaplarynyň içinde gazysy has kyn düşýäni-de Ýekeýüz hasap edilýärdi. Her ýylam ilki obadan bir günlük ýoldan alnyp gaýdylýan iň agyr Ýekeýüzüň gazysy gutaransoň,

beýleki ýaplaryň gazysynyň ugruna çykylardy. Ýekeýüz baýyr eteginden bir gapdaly şol baýyrlar edilip, onuň egrelip öwrüm eden ýerinde egreldilip, dogralan ýerinde dograldylyp çekilýän ýapdy. Şonuň üçinem gazy gazylan mahalynda onuň esasy laýyny ýabyň egsik egnini götermek üçin, çep tarapyna atmaly bolýardy. Şeýdibem, içine salnan suw çaýkanyp, agman akar ýaly raýyşy kemsiz pugtalanan akar emele gelýärdi. Gazysy göwnejaýlanyp gazylansoň, her ýylam ol raýşy dürten ýeriňden indirip, suw alyp bolýan sahawatly ýaba öwrülerdi. Bu ýyl bolsa gazy işleriniň barşy öňki ýyllardakylar bilen deňeşdireniňde, hasam ýabygorludy. Işiň gidişinden Gara mirabyň özi-de närazydy. «Ýene birneme adam bermese, gazyny gyşy bilenem gazmaly eder bular» diýip, kolhoz ýolbaşçylaryndan zeýrenip, nägile bolýardy. Ozalky gazy gazylyşyny ýatlap, şol wagtlardaky güýçleri küýsärdi. «Ol döwür adam sanyň ýetik bolup, hada durlanda  dagy allowarra uzalyp giderdi. Ine, onsoň görseň, pile münen tokga-tokga tokly ýaly palçyklar atylyp, ýapdan çykyp durandyr. Adam bary gazyp-arçap, bir-birekden kem oturmajak bolşup, hars-da-harsdyr. Olaryň işleýşini görüp, derýanyň özi-de şol gazylan ýapda towlanyp akmagy arzuw ederdi» diýip ýatlardy. Gara mirap el güýjüniň azlyk edýänini aýdyp, adam güýjüni soran wagty Ýagdy şura gazynyň üstünden gowy gözegçiligiň hökmanlygyny pikir edip, Nurjumany gazyçylaryň üstünden seretmäge goýupdy. Şeýle-de, «Hany pagta ýygymy biryan ýüzli bolsun, onsoň aýal-gyzlaram süreris bu işe» diýip hem söz beripdi. Emma şuranyň «Aýal-gyzlary hem süreris» diýen gepi Gara miraba ýaramandy. Gazy hemişe halkda aýal-gyzlary salardan agyr zähmet hasap edilýärdi. Şonuň üçinem aýal-gyzlary önelgesine zeper ýeter diýip, aýalyp, beýle agyr gazylara salmazdylar. Çaga dogurmak aýallaryň borjy bolşy ýaly, gazy gazmagam erkek adamlaryň, kuwwatly gollaryň işidi. Gara mirap ekin eňňerä çenli Ýekeýüzüň gazysyny bir ýüzli etmese, ýok güýçleriň ýerine Ýagdy şuranyň aýap goýman, aýal-gyzlary-da zora tutjagyna ynanýardy. Şonuň üçinem ol gazynyň

gijigip barýanyna ýokardan gyssalýan kolhoz ýolbaşçylaryndan kem gyssanmaýardy. Wagty, işçi güýçlerini tygşytly ulanmaga çalyşýardy. Ýöne ilçilik, her hili zerury çykýan-da, gaýry isleg-höwese öwrülip, işden eli sowaýanlar-da tapylman durmaýardy.

Ertiriň iri bilen alnyp gutaryp barýan bu günki ilkinji hadanyň gazylyşyny bir başyndan gözden geçirip, aňyrdan gelýän Gara mirap hol öňde hadasyny gazyp bolup, ýabyň raýyşynda oturan Anna pälwanyň ýanyna Bahhanyň gysmyljyrap baranyny görüp, onuň näme-de bolsa, ýene bir hyýala münenligini çen etdi. Bahha ýanyrak öýlenen gyzyleňek ýigitdi. Gara mirap onuň gelinjigini küýsäp duranlygyny bilýärdi. Ol öň iki gezek dagy oba bilen aralygyň ep-ýesli ýol bardygyna seretmezden, gijäniň içinde öýüne gidip gelipdi. Ýaş gelniň adamsy bolsaň, ol seni öz erkiňe goýýarmy!? Göresiň gelip, ýüregiň üzüleýin diýip durandyr onsoň. Bu baryp-ha ata-babadan bäri erkekleriň hemmesiniň diýen ýaly başdan geçirýän ýakymly ahwalady.

Gara mirap ýagdaýa düşünýärdi. Bahhanyň gelniniň ýanyna gitmek isläp, töweregini tiz-tizden gözläp, galpyldap ugrandan ol öz aýaly Kütiniň gelin wagtlaryndaky öz halyny ýatladýany üçin oňa haýpy gelýärdi.

Gara mirap bu gezegem Bahha baradaky çeninde ýalňyşman eken. Mirap golaý gelen wagty Bahha gapdalynda goýan pilini alyp, oňa gazan ýerini görkezmek üçin syrylyp, raýyşdan ýabyň içine düşdi. Gazylan ýere mirabyň göwni ýetenini görensoň bolsa, ol bir raýyşda oturan Anna pälwanyň, bir mirabyň ýüzüne seredip, ondan günortana çenli oba gidip gelmäge rugsat sorady. Gara mirap ony diňläp, hasabynyň dogry çykanyna düşündi. Garaýagyz ýüzüni sypalap goýberdi-de, ýesersi ýylgyryp, onuň soragyna sorag bilen jogap berdi.

–Sen gitseň, seniň hadaňy kim gazar onsoň? Öňem-ä otgaragan bolup, gije oba gidip geleniňe bir hepdedäm-ä geçenok.

–Hadamyň gaýgysyny edemok. Ony men gelýänçäm, pälwan akga gazar.

Onýança Bahha bilen ylalaşyklarynyň barlygyny mälim edip, raýyşda oturan Anna pälwanam makullap baş atyp, ony göwünjeň gollady.

–Mirap, gitsin oglan, badyny alma. Hadasyny bolsa özüm gelýänçä bir zat ederin. Il aýtmyşlaýyn, «Barybir gazy keseginiň aglaba köpüsi Anna pälwanyň piline münüp, bir hallan atmasa, raýyşdan aşmaz» diýlenidir.

Hadanyň barybir alynjagyna göz ýetirensoň, biraz ikirjeňlän mirabam ýagdaýy tersine gaňryp durmady.

–Gelinjigiň bilen gündizleşjek-dä onda? – diýip, kinaýa bilen ýylgyryp, Bahha rugsat berdi.

Bahha kakynjyrap ýanlaryndan aýagy ýeňläp gidensoň, bularyň arasynda bir gepiň barlygyna bireýýäm aňan Gara mirap ýapdan çykyp, naslaşmak üçin gapdalynda oturansoň, ýagdaýyň doly habaryny bilmek üçin Anna pälwana ýüzlendi:

–Pälwan, ikiňiz bir zat edib-ä, dil tapyşdyňyz. Raýyşam-a öňküden beýgeldi, ýap bolsa çuňaldy...

–Haýyr, beýgelse. Onsuzam bu zatlary men ýaňy görmelimi!?

–Onyň-a dogry, pälwan, her ýylam gazynyň esasy kesegi Jumyr kel, Sähetdurdy dagyňyzyň egniňizden geçýär.

–Hemişe-de gazyny, esasan, birki adam süýremeli-dä, öňler taýpa-taýpa bolup gazýakag-a gaplaň gazysyny Orazgeldi aga bilen men süýrärdim.

Agyryly gep ara düşensoň, onuň Gara mirap bilen Anna pälwany edilmeli gürrüňinden gapdala syrdy. Bahhaly gürrüň barha unudyldy. Gara mirabam Anna pälwany makullap baş atdy, onuň ýatlamasyna göwünjeň goşuldy.

–Orazgeldi aga hem örän daýhan adamdy. Suw haky üçin ýarasa-ýaramasa-da gaza giren köp oglan-uşagy, maýyp-müjribi, tapsyz-ýenekini goldandyr. Şonam bir günde maşgalasy bilen gümgidene gidirdiler.

–Aý, şu agzalalyk gurasyn. Biziňkiler şu toýda-ýenekide nanda ät galanam bolsa, soň bir ýerde haklaşmaga mümkinçiligi



*17

bolanda şony ýatlaýarlar-da... Häzir bolsa heňkir-tüňküriň guşunyň gaz alan wagty. Gowulap ýamanlap bilýän hezil edip aryny alýar. Onsoňam biziň oba serhet ýakasylygyndanmy nämemi ikiň birem ägintem-dä...

–Hardat dagy, pälwan, gizlänoklaram. «Orazgeldi biziň aýal-gyzlarymyzyň saçyny syrdyryp, ärsirän bajysy üçin, masgara edip, aryny alan bolsa, men ony maşgalasy bilen gümgidene gidirip, arymy alandyryn» diýip il içinde aç-açan magtanyp ýör.

–Aýtsa aýdybersin. Ýöne bu gepiň soňunyň jogabam bardyr. «Bäşbela bela adyny gelnalyjy kesekläp alan däldir» diýerdi atam pahyr. Onuň Muhammetgylyç serdar, Gurbanýaz ýalaňaç ýaly müňe taý hasap edilen örän gaýratly adamlary bolupdyr. Häzirem Ahmet ýowuzlary bar, aýatda diri. Hardat heşelle kakýanam bolsa, saly gowşakdyr. Ahmet ýadyna düşüp durandyr. Ynjalykly däldir. Alys ýerde Owgan barmy näme, onuň gepini Ahmet eşitse, bir gije gelip, ýowuzlygyny edip, ählisini gyryp gitjegini-de bilýändir. Ol dosty Aman OGPU arkalanýandyr. Ýöne Ahmet edermen ýigitdir. Ol gazaba galsa, OGPU-nyň gözüniň alnynda onuň läşini sermeýärmi?!

Gara mirabyň özem birki ýyllykda sürgün bolup, tutulyp-gapylmasa-da, şuňa meňzeşräk hökümet bilen bir towly ýagdaý ara düşüp, tas jüri dikilipdi. Jeza-jebir gabyr çukurynyň gyrajygyndan gaýdypdy. Şonda onuň maýyp agasy Agamyrat çolagyň oňa-muňa münüp gidýän ýabysyna dawa salnypdy. Agamyrat çolagyň atyny kolhoza beresi gelmän, telim gün ýok edip, onda-munda gizlemegi bolsa, oda atylan ýalazy odun bolup, ýagdaýyň has-da ulalmagyna sebäp bolupdy. Muňa hem iki-üç ýyllykda suw sanaşykda Agamyrat bilen ýüzüniň ganyny gaçyryp, sögüşip alan obadaşlarynyň biriniň OGPU işgärlerine: «Hemmäniň malyny kolhoza aldyňyz, Agamyradyň ýabysyny nämä alaňzok?» diýip, köräp ugran oduň üstüne nebit sepmesi sebäp bolupdy. Ony maýrykladyp, ertip Handepäniň türmesine dykypdylar. Indi onuň türmä hököm ediljeginiň ýa-da maşgalasy bilen topy atylyp,

göçürilip goýberiljeginiň ujy iki däldi. Bir eline ilen adamy OGPU aňsat aman sypdyryp goýbermeýärdi. Tersçil hökmünde tussag edilen agasyny boşatmak, onuň gara kölegesiniň öz üstüne hem abanyp ugranlygyna seretmän, «Doganym üçin näme bolsam bolaýyn» diýip, töwekgellik etmek, şol günlerde Gara miraba-da aňsat düşmändi.

Şonda hälem bularyň dadyna habar düşüp, Aşgabatda Oba hojalyk ministriniň orunbasarynyň biri bolup hökümetde işleýän aýaldoganlary Betanyň adamsy Çary Özbek ýetişipdi.

Çary Özbegiň Aşgabatda öz iş salyşýan ýokary wezipeli hökümet emeldarlaryna buz üstünde tozan aralýanyny düşündirensoň, Agamyrady türmeden boşadyp, maşgalanyň şatyrdadylyp dolanyp ele alnan ýakasyny goýberipdiler. Gara miraby hem raýon ýolbaşçylary giýewleriniň ýokardan sözi geçýän adamdygyny görensoňlar, oňa ýapjalyk edip, onuň gaýynagasyny miraplyga goýupdylar. Şoňa çenli olam Anna pälwan dagy ýaly laýa bulaşyp, gazy gazyp ýören daýhandy.

Bu döwürde kiçiräk kynçylygam ýeňip geçmek üçin hem güýç-gaýratdan başga-da gerek ýerinde ýetişip, arkaňy aljak hossaram juda zerurdy. Ýöne hany iki-ýekä bolmasa, her kese beýle hossar tapdyrýarmy?!

Anna pälwan soňam özüniňem kireýsiz kilim kakmaýanyny, özge üçin azap çekse, şonuňam azabyny başga bir zat bilen ýerine salýanlygyny menem utulýan däldirin diýen hörpde Bahhanyň beren sözüni magtamak bilen ýatlady:

–Paýym ol maňa: «Enem günortan bir tamdyr nan ýapjak, şondan bir tegelegini gyzgynlygy bilen getirip bereýin» diýdi. Getirse, gyzgynja nany suwa batyryp, byžladyp iýeniň nämä degenok. Onsoň görersiň, mirap, gazynyň özi gazylyp, kelle ýaly kesekler atylyp-atylyp raýyşdan çykyberse nädersiň? –diýip, ýyljak nan iýjegine sadalaç göwün hem çaglady.

Gara miraba şundan soň içini güldürip, Pälwanyň söwdasyny oňlaýmakdan başga alaç galmady. Ol:

–Günortan byž-ž-ž etdirip, ýaňy ýapylan ýyljak nan iýjek-dä onda?

–Nesip bolsa, hek ederis.

Obadan geljek nanyň höwesine berlen Anna pälwan Gara mirabyň gepiniň äheňinde biraz ýaňsy alamatynyň barlygyny hem duýmady. Umuman, Anna pälwan özüniň sadalaçdan yňdyrmalygy bilen hel-hüle zada üns berip ýören adamam däldi. Onsoňam ýedi-sekiz ýyllykda halk: «Orus täzeden ýaraglanyp gelýämiş, onuňam indi has ýamanjasy gelýämiş, aýal-gyzlary ortak etjekmişler, mal-halyňam...» diýşip, duran tutular, gaçan gutular edip, gözüniň gören tarapyna gaçyp ugran mahaly, o-da derýadan maşgalasyny geçirip, Owgandan çykypdy. Ýöne ol ýerdäki ýat ýaşaýyş Anna pälwana düşmändi. Aýaly ölensoň, şol ýerde ýaşamak hasam kyn bolupdy. Görse obada-da «Heleýiňi orta getir» diýip ýörenem ýok. Diniňem häli-häzir-ä doly alynjaga meňzänok. Okan gizlin-teslin namazyny okap, orazasynam tutup ýör, jynazasyz jaýlanýan ölem ýok. Anna pälwan obada galan agasynyňka gelip, dünýäniň habaryny alyp gidensoň, onuň ol ýerde durasy gelmändi. Ýetim galan çagalaryny alyp, Alla sygnyp: «Nirede bolsagam, özüň gorawer, Perwerdigär» diýip, gidişi ýaly hem ümsüm-kümsüm ýurda dolanmak bilen bolupdy. Zeleliň ýaryndan gaýtmagyňam bir peýdadygyna düşünipdi.

Anna pälwan Murgabyň Jeýhunsyrap, giň dünýäni dar görüp, çyrpynyp möwjeýän günlerinde yzyna dolanmaly bolupdyr. Bu bolsa derýadan geçmegi, onda-da iki sany çaga bilen geçmegi diýseň kynlaşdyrypdy. Geçmäge alagöwünräk adamlaryň köpüsiniň derýanyň biraz köşeşjek wagtyna garaşmak üçin, yzlaryna dolanmagyna sebäp bolupdyr. Emma Anna pälwanyň welin ýagdaýyň howpludygyna seretmän, yzyna dolanasy gelmändir. Ol şol hyşadyr gamyşlardan, belli bir derejede suw ýüzünde saklanmaga kömek etjek sala meňzeş ganat örüpdir. Soň onuň bir tarapynda ogly Rahmany, ýene bir tarapynda ondan biraz ulurak ogly Mahyny daňyp, şol ganat-salyň üstünde berkidipdir.

Şundan soň ol ganat-saly Anna pälwan öz arkasyna daňypdyr-da, suwuň akymyny peýdalanyp, gapdallap, garşydaky kenara tarap ýüzüp ugrapdyr. Çyrpynýan tolkunlar olary kenara ýetirmän, bady bilen düýrläp, öz aşagyna alarly görnüpdir, oňa kenarda ösen torañňy-çöplerden ýapyşmaga mümkinçilik bermän, öz yklaryna kowalap hüjüm edipdirler. Şol barmana dara-dire howply ýagdaý emele gelýär. Anna pälwan öz çagalary bilen aslyşara zat gözläp, şol akyp-ýaýkanyp gark bolmajak bolup, dert-azar bolup barýarka kimdir biri kenardan oňa ýapyşara bäşataryň gundagyny uzadýar. Ýapyşyp çykmaga hemaýat edýär. Aladaňdanlar derýadan çykmaga kömek edenler soň görse, Owgana ýumuş bilen ýollan adamlarynyň gaýdyp gelerine garaşyp ýatan Sowetiň harby adamlary eken. Şondan bäri-de Anna pälwan her gezek Owgana gidip-gelşini ýatlanda: «Hälem Sowetiň adamlary wagtynda dadyma ýetişäýdiler, ýogsam, däli derýa meni oglanlar bilen girdaba gapgararlydy» diýip, olara minnetdar bolup gürrüň ederdi.

Emma bolmajak bolsa, bolmaz eken. Anna pälwan gelip, iki heleý dagy çalşanyna seretmezden, onuň alada-yhlasy ýer tutup, işi ugruna bolup gidibermändi. Henizem nan atly, ol pyýada diýilýänidi. Arzuw etse-de, alan aýallary onuň ýetim çagalaryna ene-de, özüni oňarýan kyýamatlyk ýoldaş-da bolup bilmändiler. Biri selkiräk bolup çykypdy. Ýene birisi nalajedeýinräk. Garaz, «Doga kemrysgal bolandan ýylda ýagy iki çapsyn» diýenleri bolup, gury çörekdenem gerk-gäbe garnyny ýazyp görmedi. Wagtal-wagtal tamdyryň gyzyp durmasa, çörekden doýup bolýarmy eýsem!? Bu ýadaýdan Gara mirap-da belli bir derejede obadaş hökmünde habarlydy. Bahhanyň getirjek nany tüýs onuň gözüne degäýjek hörekdi. Mirap bu ýagdaýlardan habarly bolansoň, işiň gyssaglydygyna seretmezden, Anna pälwanyň bähbidi üçin, onuň gitmegine garşy bolmandy.

Dertdeş adamlar biri-birlerine tiz düşünişýärler. Işleriň şu gyssagly wagtynda Bahhanyň oba gatnawyny ýygjamlatmasy Gara mirabyň öz ýaşlygyny hem ýatladýanlygy üçinem ol ondan

özüne göwündeşlik tapýardy. Gara mirabyň öýlenen günleri hem şunuň ýaly gazy-haşar işleriniň gyzgalaňly günlerine düşüpdi. Küti gelin az wagtyň içinde üýtgeşik bir mähirdir mylakat görekezip, «Bäh, beýle-de hezillik bor eken-ow» diýdirip, ýigidi diýseň özüne imrindiripdi. Şonuň üçinem onuň sypynsa, gaçybatalgasy gelinjiginiň ýany bolupdy. Garaňky gatlyşyp ugrandan başgalar ýuwnup, ardynyp çaý-naharyň, dynç alyp, ertirki işlere güýç toplamagyň ugruna çyksa, ol: «Daňdan hada başlanmanka gelerin» diýip, gijäniň içinde eşegini münüp, oba howlugardy. Il ýatanda gelip, ýene-de il turmanka-da yzyna dolanyp, gelni bilen işi aralygynda elem-tas bolardy. Bu ýagdaý günde diýen ýaly gaýtalanyp, inisiniň iki arada ser-sepil bolýanyny gören agasy bir gezek oňa: «Gara, bolmasa, gelniňem ýanyňa alyp gidiber. Şol töwerekde çöp-çatma, ýeneki ediň-de boluberiň» diýipdi. Agalarça oňa ýaňsyly maslahat berip igenipdi.

Her gezek Bahha oba baryp gelmäge rugsat soranda şu zatlar ýada düşýänligi üçin, onuň gelni bilen boljak aýşy-ýeşretine gapdalyndan halabasçy janköýere öwrülýänligi üçin, Bahha bilen her gezek göwündeş bolanyny, «Gitsin ýigit, bir baryp gelinjigini hezil edip, arzuw-islegine gerňäp alsyn» diýenini onuň özem duýman galardy.

Günde durum barmy? Onda-da häzirki ýaly güýz günlerinde. Depäňden gum sowrup işläniňde-hä asla-da Gün eýýäm beýläňe seretmänkäň, asmanda egnini iki deňläp durandyr. Günortana çenli alynmaly hada alnansoň, gazyçylar ikiden-üçden çaý gaýnaýan ýere ümzügişip ugrapdylar. Anna pälwanam iliň ortaragynda goşalandyryp alan iki hadasynyň aňyrsyna çykdy. Gazan ýeriniň raýýşynyň aşak etegindäki aýyrmagyň-da juda bir hökmanlygy hem bolmadyk kem-käs tüňňi-saňňyrak ýerlerini pili bilen gyrdap, syntgylan bolup güýmendi. Ir bilenem oňly bir zat düşmedik garyn gorugyp-ajygypdy. Ol güýmeň-samaň edip ýörşüne Bahhanyň getirjek bir tegelek ýaňy tamdyrdan çykan ýyljyk nanyna garaşýardy. Nan bolsa bolýar, onsoň ony huruş

beýlekä ýanap iýseňem, bir özüni suwa-çaýa basyp iýseňem bolýar diýip, wagt geçdigiçe barha artýan isleg bilen oýlanýardy.

Bahhanyň ejesiniň nany pökgüje edip, gowy bişirýändigini onuň öň nanhaltasynda görüp, gözi giden nan böleklerini göz öňüne getirip, özüne-de şolar ýaly nan geljegine göwün çaglaýardy. Heleýiň ökdesi çaýa-nahara ökde bolýar-a. Ýagdy şura-da ýokardan wezipeli adamlar, işi düşjek adamlar gelse, olar üçin taýynlanmaly nan-nahary Orazsoltany çagyryp: «Özüň et!» diýip, bu işleri şoňa tabşyrýamyş-da. Orazsoltanyň ejesini Dowlat baý öýüniň tagamly nan-nahary üçin gapysynda saklardy. Orazsoltanam şonda ejesiniň ýanynda bolup, görüm-görelde gören zenandy. Onsoň beýle hyzmat baýa-garyba gerek bolup dur-da. Gerek bolmasa, ony Ýagdy şura dereкläp gereklärmi!?

Bahhadan bolsa heniz bolubam derek ýokdy. Anna pälwan ony günortan çaýyna çenli dagy ýetip geler diýip çak edýärdi. Onuň özi-de günortana gaýdyp gelmegi söz beripdi ahyryn. Anna pälwanam iliň soňragy bolup, goş-golamyny alyp, çaý gaýnan ýere geldi. Otda duran tüňçesini tanap alyp, bir çetde kölegeräkde naharlanyp oturan Gara mirap çagyransoň, onuň gapdalyna baryp çökdi. Gara mirap nanhaltasyny ýanynda göterýän kiçiräk horjunyny üstüne çykaryp, käsesine gowurga atynyp, çaý çorba edinip, hezil tapmak bilen gyssanybrak iýip otyrdy. Ol Anna pälwanyň ýanynda oňly garbanara gurplanara zadynyň bolmaýanyna belet bolansoň, dessine öz öňündäki zatlary oňa tarap süýşürişdirip, göwünjeň hödür etdi:

– Päwlwan, al şu zatlardan iýişdir.

– Sen iýiber. Men biraz çaý içip garaşaýyn. Bahha-da indi geler-ä.

– Hä, biz turýançak, seniň şol Bahhaň geläýse-hä...

– Geler, gelmese bolmaz-a... Ol söz berdi-hä...

– Baryp jaýy garaňkyradyp, bir gelinjiginiň ýanyna giren bolsa, ol wagtynyň hasabyny-da, saňa beren sözüni-de unudandyr.

Bu pursadyň nähilidigini başdan geçirensiň, özüň bilýäň-ä, Pälwan...

– Geler Gün öýläne sanansoň. «Enemiň hamyry gijräk aldy» diýen ýaly bir gep tapyp...

Gara mirabyň ýaňsyly nazary, gyşyk gepi şundan soň ahyry giňlige salnyp oturan Anna pälwana täsir edendigi belli boldy. Şu pursatda oňa daş-töweregindäki adamlaram:

– Bahha seni aldap, murtunyň gylyna daňyp gidendir– diýip, ýerli-ýerden öz üstünden gülünýän ýaly bolup duýuldy. Onuň oduny ölçerdi. Ol: «Paýym, men ýene bir ýola seredip geleýin!» diýip, mirabyň ýanyndan turdy-da, naharlanyp oturan gazyçylaryň gapdalyndan aýlanyp geçibem, barybam ýabyň raýyşyna göterildi. Tama bilen ýene bir gezek Bahhanyň geler ýoluna seretdi. Emma entegem Bahhadan derek-hatyr ýokdy. Oba tarapdan bolsa bärligine gelýän kemterisinden gara-gura-da görnenokdy. Garaşa-garaşa sabyr käsesiniň dolanlygy belli boldy. Ol şol duran ýerinden soňra oba tarap boýurganyp, zowladyp ugranynam duýman galdy.

–Waý, tegelegiňden aýlanaýyn, mele-myssyk nan-ow... Nan-ow... Wah, seniň tohumyňa... Bahha-ow! Geljek bolsaň gel-ow indi, heleýiň balagyna çolaşyp galmadyk bolsaň[1] – diýip, janagyryly sögünip gygyryp ugrady.

Bu sesi Bahhanyň şol wagt eşidip-eşitmedigi belli däl. Ýöne gazyçylaryň-a mirap bilen bilelikde eşiden hem gulagynda galan gep welin uzak wagt dilden-dile geçip, uzaklara ýaýrapdy. Halk eşidensoňam, bir Bahha eşitmezmi!? Onda-da munuň ýaly ajygylyp, özelenip aýdylan gepi.

[1] Görüp otursam, ondan bäri segsen ýyla golaý wagt-da geçen-de bolsa, Anna pälwanyň şol depä çykyp, Bahhadan käýinip aýdan gepi dilden-dile düşüp, il içinde henizem ýaň bolup ýaşap ýören bolsa näme!

Men şol oba nana giden Bahhanyň geler ýerde gelmän, Anna pälwany kösänini ýaňy-ýakynda bir üýşmeleňde onuň doganoglan inisi Hommy Abdy¬rahmandan Bahhanyň şol gazy döwürleri düýbi tutulan ogly Akmyrat akga bilen degişen wagty eşidip galdym.

* * *

Ýagdy sygyrýataga ýöriteläp däl-de, ekin üstüne aýlanmak üçin, gapdalyndan geçip barýarka tötänden sowuldy. Onuňky sygyrýatagyň gapdalyndan geçip barýanyny gören wagty «Onymy görüp, munym ýadyma düşdi» diýleni boldy. Ol bu ýerdäki işleriň hem ýagdaýyndan habar alyp geçermen boldy. Gün bolsa eýýäm günortandan agyp barýardy.

Ýagdy müdiriň sagymçylardan süýt kabul edýän bir gyrarakda ýeke duran jaýyna gelen wagty onuň gapysyna çöp ötürilip, ýapyk duranyny görüp, onuň şu golaýda bir ýerde naharlanýanyny ýa-da göleleriň ýanynda dagy bir ýerde bar bolmagynyň mümkindigini oý etdi. Emma soraýyn diýse, günortan wagty bolansoň, soraýmaga-da töwerekde bir adam-gara-da görnenokdy. Diňe ol sygyr ýatagyň aňry başynda biriniň ýanaşyk kümeleriň birinden çykyp, gapdalda dikilgi duran çarşagy alyp, ýene birine girip gidenini gördi. Ol atyny iltän ýerinde – germewiň aňrysynda galdyryp, kümeleriň töwerekdäki ot küdeleriň arasyndaky agyl atyp, boşluk bolup duran ýeri kesip geçip bassyrmaçylyga tarap ugrady. Bu boşlugyň orta gürpünde sürä eýemsiräp ýören gara öküz alty-ýedi sany sygyr bilen Gün çoguna meýmiräp, peýwagtyna gäwüş gaýtaryp ýatyrdy.

Doýansoň şeýdip dünýäniň arkaýynlygyny alyp, Güne gerşini çoýunyp ýatmak sygyrlaryň hemişe edehedi. Ýagdy olaryň gapdalyndan geçip barýarka köne tanşy gara öküzi tanady. Öküziň ýüzi hemişe bolşy ýaly, häzirem nämeden bir zatdan nägile ýaly hyýrsyz hem garasöýmez görünýärdi. Şundan birnäçe wagt ozal gara öküz bilen bolan çaknyşygy ýadyna düşüp, Ýagdynyň köne hyltynyň gozganlygy belli boldy. Öküzem ony tananlygyny mälim edip, ýatan ýerinden oňa tarap başyny öwürdi. Agyr bir hala düşen ýaly soňam hasylap uludan dem aldy. Hatda onuň ädik-köwşüň

burnuna meňzeş kütek burnunyň deşiklerinden ýel çykanda öň ýanynda ýatan ot-çöpler göterilişip, galgaşyp gitdiler. Nämedir bir ýakymsyzlygyň boljagyny aňan öküz gözleri bolsa şundan soň onuň düýrügip ugranyny mälim edip, has-da giňden mölerdi. Ýagdy onuň duşuna ýeten wagty it ýylgyryşyny edip ýylgyrdy-da, öküzi henekläp:

– Ýatyrmyň, göhert, tur, ýatan öküze iým iýmek günädir. Şu ýyl gysyrgulajyn köp galaýsa, gümüňi çekip, seni et salgydyna tabşyryn– diýip, öz-özünden beleň alyp, oňa jort atdy. Öküziň üstüne sürnüp, hekemsiredi. Soňra muny-da az görüp, ol elinde gysymlap gelýän gamçysy bilen onuň arkasyna-da şarpyldadyp ýelmäp aldy. Köne ýagysynyň hakyndan çykanlygyna begenip, mes bolup soňam aňyrlygyna ötdi.

Öküz gamçynyň awusyna leňňer atyp, ýerinden turdy. Öň aýaklaryny öňe uzadyp garnyny ýere degrip görmekçi bolýan ýaly göwresine ýaý berip gerindi. Aýaklaryny diregläp ýere dikip, düýrügip, gara güýje öwrülýän ýaly bolup durşuna içen suwuny ýogyndan goýberip siýdikledi. Onuň barha gyzarýan gan guýlan deý gözleri bolsa henizem özünden daşlaşyp alakjap, eden işinden göwnühoş bolup barýan Ýagdydady.

Ýagdy ýelkildäp, müdir bardyr diýip pikir eden hatar basdyrmalyga tarap ýeňil ädimläp barýarka ýeňseden sygyr toýnagynyň şarkyldysyny eşidip, onuň bilen gyzyklanyp, boýnuny öwrüp, yzyna gözledi. Şonda ol ýaňky gamçy iýen öküziň öz yzyndan gazap atyna atlanyp, ýetip gelýänligini gördi. Ýagdy gamçy çalyp, köne duşmançylygy öküziň ýadyna salanlygyny diňe häzir düşündi. Ökündi. Ýöne eýýäm giçdi. Öküziň şahyna ilse, tebibe zat galmajagy ikuçsuzdy. Ýagdy halas bolmak üçin syçanyň hinini müň tylla satyn almaly pursadynyň gelenine düşündi. Eger ol özüniň hondan bärisi hökmürowan şuralygyna osup, bu ýöne-möne däl howpuň üstüne abananyny biraz giç duýan bolsady, onda bu gün onuň ömrüniň iň gara günleriniň biri bolardy. Emma şu dara-direlikde aňy dury işläp, ol bu ýagdaýy

wagtynda duýdy. Ýagdy «Bu nä pälazgynçylyk?» diýip, ondan sögünip, ýazzyny berip gaçdy. Şol barşyna-da öküziň öz papagyna jynynyň düşenini pikir edip, şeýtsem yzymdan galar diýen pikir bilen ony-da başyndan çykaryp, eline aldy.

Öküz Ýagdynyň gaçyp ugranyny görüp, onuň yzyndan hasam öjügip kowdy. Dört dars toýnak bir bulanyp gelýän gamçy guýruk hyrsyz gezelen iki sany şahly kellä öwrülip barşyna ony ýetip, şahlaryna mündürip silip taşlarly göründi. Muny görüp zähresi ýarylan Ýagdy şol tasap gaçyp barşyna öküz ýetdim-ýetdim ediberende, gabatdaky bassyrma jaýlaryň çem gelen birine ýüzugra kürsäp urdy. Öküz badyna urlup, tas onuň giren jaýynyň diwarynyň bir gapdalyny alyp düşüpdi. Şu pursatda ol diýseň tüýsüni üýtgedip, görülmedik bir wagşy haýwana öwrülipdi. Ýagdyny bir şahyna mündürip, harman atan ýaly, asmana atmak isläp, tüýsi üýtgän öküz şeýdibem armanly galdy. Ýöne ol öwrülip oýunda utulanlygyna ynanyp, yzyna gidibermäge, haklaşygy ýene bir gezege goýmaga bolsa gyssanmady. Ýagdynyň giren jaýynyň gapysynyň gabadynda o-da onuň çykaryna garaşdy-da, keserdi duruberdi.

Başda sygyrlara niýetlenip salnyp, soň çopanlar üçin girip-çykara, sümelgä öwrülen jaýda oňly penjire-de bolmanlygy üçin, onuň içi garaňky hem dymykdy. Onda hamala ýas-ýaňy bir sygyr tezegini taşlap giden ýaly sygyr lapbajynyň ysy, ajy der ysyna meňzeş ýene-de bir agyr ys bardy. Bu jaýa her gün kim girip çykanokdy, çopanlar beýlekiler, çarşak-pillerini, ýeneki zatlarynam şu ýerde belli ýer diýip goýýardylar, gyşyna üşän göle-de bolsa, şoňa salyp getirip ýyladýardylar. Häzir içerde hiç kim ýokdy.

Durup biraz içerä gözi öwrenişensoň, Ýagdy bu ýerde gurlan palçyk ojagy, onuň beýleräginde ýatan odun depesini, jaýa girip çykýanlaň oňa-muňa atan, başly-barat ýatan goş-golamlaryny saýgardy. Ýagdy arkasyny alyp, gapynyň öňünde duran öküzi kowjak adamy, gapynyň yşgalaňyndan jyklap gözlese-de,

wagty bilen özüne haraý durjak adamy tapmady. Kömek sorap gygyrmagy bolsa şura halyna özüne kiçilik bildi. Şurany öküz kowalapdyr diýen gürrüňden çekindi. Başgalar hiç zat diýmesede, Nurjumanyň ýaňsylap: «Öküz tüýs hakyňdan çykypdyr-da seniň, bolanyna görä, şahyna bir ildirmeli eken» diýip, öz üstünden güljegini ýatlady. Şol barmana-da bir salymdan, uzagrakdan ferma müdiriniň kimdir biri bilen gürleşýän tanyş sesi eşidildi.

–Şuraň aty  bar-da, özi görnenok, sen-ä gören dälsiň?

–Aý, ýok, men küdeden göleler üçin ot sogrup taýynlap ýördüm.

–Öz-ä onuň meniň üstümden gelipdir. Bir aýtjak, diýjegi bardyr-da.

–Mümkin. Ýöne meniň gözüme ilmedi, ilen bolsa dessine tanardym ony, indi ol ýoldaş Staline meňzeş geýnip gezýär ahyryn. Onuň ýaly dürgeý geýinýän obada ýok. Kim bar başga?

–Aty bar bolsa, özem-ä şu töwerekde bolmaly onuň. Aý, çykar-la bir ýerden gorsuldap, burnuny talawladyp.

–Ot basylýan tarapa giden bolmagam mümkin.

Ýagdy kümäň ýapyk gapysynyň aralygyndaky yşdan özüni gözleýänleri görse-de, kömege çagyryp gygyryp bilmedi. Demini gatyrak alsa öküzi özüne öjükdirerin öýdüp gorkdy. Onsuz-da ol diýseň gorkupdy. Tutuş süňňi bilen saňňyldap durdy. Sesini olara ýetirip bilmäge mejaly-da ýokdy.

Öküz gapynyň öňüni alyp, ýene bir salym hatdara bolup duransoň, Ýagdynyň bu halda wagty bilen kümeden çykmajagyna aň etdimi ýa-da  gapyny garamlap, bizar boldumy nämemi, onuň gapynyň öňünden sowlanlygy belli boldy. Öküziň syňraklarynyň şarkyldysy ahyr barha gapydan daşlaşdy. Ýagdy yşgalaňdan seredip, öküziň garaşyp bizar bolup, guýrugyny käte bir bulaýlan bolup barýanyny görse-de, onuň ýagşy ara açmagyny isläp, jaýdan çykmaga gyssanmady. Öküziň yzyndan ýigrenç bilen seredip durşuna: «Ar alýar bu haramzada, ňäme üçin şol wagt munuň ýoguna ýanmadymkam!? Ineriň, öküziň kine saklagyç arsakdygy

ýogsam näme meniň bilmeýän zadymmydy?» diýip, öküz bilen özüniň ozalky  çaknyşygyny ýatlap, giçki ahmyr bilen käýindi.

...Ýagdy şol günem sygyr ýataga gelende onuň başynda, öňki silkme telpeginiň ýerine täzeräkden geýip ugran, häzirki zaman ýolbaşçylaryna row bolan papak, egninde goňras birsydyrgyn lybas geýip, başgaça bolup gelipdi. Görenleriň köpüsi ony şonda birbada tanamandylar.

Hanuma-da ol bu papagy, lybasy ilki geýen güni ony tanamandy.

–Bä-ä, şura, asyl bi senmi? Aňyrdan gelýärkäm tanaman, bir ýat emeldar şäherden gelipdir-ow-diýdim. Indi şahly murtuňa derek eýleki temegiňe tekge bolup, durýan öli ýarbasanyň ganat ýaýyp ýatyşyna meňzeş murtam edinseň, ana, onsoň dagy sen uly döwlet ýolbaşçylaryna-da hasam meňzejek –diýipdi.

Ýagdy Hanuma şonda at tutmasa-da, onuň özüni ýoldaş Staline meňzedýänligine düşünipdi. Zenan tarypy bolsa, erkekleri aňsat öz halyna goýýarmy?  Hasam ol Ýagdy ýaly öz halyny bilmezden ýokary wezipelerdenem tamakin ham-hyýal adamlary. Şonda ol Hanumanyň tarypyna berlip, eselip buýsançly owsunyp durşuna: «Şun-a, Hanuma gelin, şu papagy alyp geýenimden soň, şäherde-de birki adam aýtdy» diýip, hondan bärsi bolubam buýsanypdy. «Döwlet ýolbaşçylaryna dagy meňzäp bolsa, näme armanyň bar!?» diýibem, göterilip monça bolupdy. Emma ol özüniň dony-telpegi goýup, täzeçe geýinýänligini halamaýanlaryň-da, düýrügýänleriň barlygyny-da bilýärdi. Ýöne beýle düýrügýänler, görüp otursa, diňe bir adamlaryň arasynda bolman, haýwanlaryň arasynda-da bar eken...

...Ol şonda müdir bilen gürleşip, süriň arasyndan geçip barýarka, mallaryň ortasynda sürüniň gerşi bolup aýlanyp ýören gara öküziň oňa pisindi oturmanlygy belli bolupdy. Munuň ýaly harbylarça geýnen, başy papakly üste sürnüp, süri arasyny dabrap gelýän adam onuň nirede gören zady! Sygyrlar ony görüp bölünip, ýol beren hem bolsalar, öňde gyzyl gulajyna süýkenip, oňa göwün

bölüp, emsirenip duran öküziň welin onuň öňünden sowulasy gelmändi. Gaýta keýpine kuh berlenini halamadygyny mälim edip, Ýagdynyň ýüzüne düýrügip nägile seredipdi. Ýagdynyňam öküziň bolşuna äjinesi atlanyp, onuň bolşuna girre gahary gelipdi. Ol elindäki örme gamçysyny şarpyldadyp: «Sen kimiň öňünden çykýanyňy bilýäňmi, akylsyz mahluk!?» diýen äheňde nägile bolup, ony öküziň göni iki şahynyň arasyndan saldy. Öküz endamyna ot çabran ýaly bolup gidensoň, başyny ýüpden sypdyrjak bolýan ýaly bulaýlap, götinläp yza çekildi. Gamçy her gezek çalnanda öküziň arkasynda çylgym bolup, uzyn yz galdy. Şundan soň urulýan gamçynyň sany barha artdy. Ol guduzlan ýaly bolup, paýhas-ätiýaç çäginden çykdy. Öz ýeňşiniň hezilligine berlen Ýagdy soň ony wagty bilen urmasyny goýmady. Bir salym ýöne gamçy şarpyldysy boldy durdy. Ýagdynyň öjügip salýan gamçysynyň şarpyldysy bu ýagdaýda nähili boljagyny bilmän duran müdiri-de töwerekdäki sygyrlary tisgindirişi ýaly tisgindirdi. Gamça gerňelen öküz diňe şundan soň özüni sygyrlaň arasyna urup, gutulmagyň aladasy bilen bolmaly boldy. Garşysyna çykylanyny halamadyk Ýagdy soň yzyndan ýetibem birki gamçyny onuň arkasyna suňşurdy. Öküzi urup keýpden çykyp, yzyna dolanan wagty bolsa müdire baş atyp:

–Däli öküzmi munyň? Şura beýlekinem bilenog-a bu mahluk –diýip, onuň jogabyna-da garaşman sögündi.

Müdir Ýagdynyň igençli soragyna birbada näme jogap berjegini bilmedik ýaly biraz eglenip jogap berdi.

–Öň-ä beýle häsiýeti ýokdy onuň... Ýöne seniň papagyňy dagy delräk görendir-dä.

–Ýok, adama ereşýän bolsa, ol gowy mal däldir. Işandan gaçan däliň gözi ýaly gözlerem gyp-gyzyl-a onuň. Güm et!

–Wah, ýekeje tohum öküzimiz-dä şu. Mundan başga tohum öküzi men onsoň nireden tapaýyn? Tüýs tohum malyň gölesi özem onuň.

–Haýsy sygryň gölesi?

–Şol Kymyş aganyň, iliň köpüsini mally eden süýtli gara sygrynyň gölesidir ol.

Kymyş duzçynyň ady agzalan mahaly Ýagdy halamazlyk bilen gaşyny çytdy.

–Hä, şeý diýsene. «Mal eýesine çekmese şumluk» diýlişi ýaly, Kymyşyň mal-garasynyň häsiýetem öz häsiýeti ýaly Soweti görse, gezelişip dur-aýt bular.

Ferma müdiriniň bu gezek onuň gepine at goşasy gelmedimi nämemi, hä bermän, dymaýanyny kem görmedi...

...Ýagdy öküziň öwrülip gidenligini çen edenden soňam gizlenen ýerinden çykmaga howlukmady. Ahmal galmazlyk üçin töweregini diňşirgendi. Gapynyň yşgalaňyndan görünýän meýdançany siňňin synlady. Diňe golaý-goltumda onuň ýoklugyna ýagşy göz ýetirensoň, gamçysyny saýgyjy bilen bile gysymlap, töweregine ätiýaçly gözläp, jaýdan çykdy.

Töwerek imi-salalykdy.

Emma ol gapydan çykyp, heniz on-ýigrimi ädim ädip-ätmänkä, şol arada ýeňsede bir duýdansyz hasyrdy, tapyrdy peýda bolup, nämäniň nämedigini görüp ýetişmänkä, ony yzyndan göterip, honda atyp urdy. Bu şol ahmyrly gara öküzdi. Ýagdy ony gidendir öýtse-de, ol gitmändi. Giden bolup, ýene-de kümäniň gapdalyna dolanyp gelip: «Häzir çykmasaňam, ahyrsoňy çykmaly borsuň» diýen niýet bilen oňa garaşyp durupdy. Göwnüne deglen öküz Ýagdynyň çykyp barýanyny görübem, gökdäki dilegininiň ýerde gowşanyny bilipdi. Aňyrdan atylyp gelşine ol Ýagdyny ýüzugra şahyna mündürip silip urupdy. Däli hetdine ýeten öküz soň ony bir süsübem goýdumy? Aýaklary bilen öçli depeläp, togalap-togalabam süsdi. Adamlar görüp, töwerekden gygyryp ylgaşyp geldiler. Öküzi taýaklap urup gorkuzyp kowdular. Ýagdyny zordan onuň deminden sypdyrdylar. Ýogsam öküz-ä ony entegem süsüp, hezil edip depgilärlidi. Öküz öldürdim eden bolsa-da, Ýagdy entek ölmändi. Ol araba ýüklenilip, ýüzüne sowuk suw urlansoň, özüne gelip ugrapdy. Müdir ony şäher dogtaryna diýibem dur-

man, şol ýerden göni Nobat tebibiňkä göterdi. Çopanlaryň birini bolsa «Ýolbaşçylara habar ýetir» diýip, şuraň jaýyna ugratdy. Bularyň bagtyna hassa üstüne em-melhem diýip gitmän, Nobat tebibem öýünde eken. Ol agyldaky iki-üç toklusynyň ot-suwuna seredip ýördi. Nobat tebip «Kim?» diýip, getirileniň kimligini anyklansoň, oňa kömek bermäge howlugaýmaly ýaly bolsa-da, ol gyssanmady. Toklularynyň aladasyna berilmesini dowam etdiribrerdi. Oňa näme bolany bilenem gyzyklanmady. Ahyr müdir durup bilmän, tebibe täzeden ýüzlendi:

–Nobat akga, tizräk göreweri, haly harap eňek atyp barýar bi!

–Men toklularyma ot berýän görýäň-ä!

–Getir, aga, men bereýin şol otuňy.

–Kesekiň eli bilen berlen oty meniň toklularym iýmez. Onsoňam sen näme, inim, onuň üçin oda-köze düşýäň, ýa özüňi müdir wezipä bellänligi üçinmi? Seniň garry ataň bilen doganoglan agaňy onuň gümgidene gidirenini eýýäm unutdyňyzmy ýa? Ýa öz günüm hoş, menden başgalar näme bolsa, şol bolsunmy seniňki... Gorkma guluň jany berk bolýandyr. Hiç zadam bolmaz oňa. Şu-da menem «Tebip, adam bejerýär» diýip, OGPU-ny üstüme küşgürip ýören... Men indi adam bejeremok, kim bejerse, şol bejersin. Indi menem bu gün soraga çagyryp, jyn edip ýör-ä bular...

Habary eşidip ilki at çapdyryp gelen Nurjuma boldy. Ganyny sarkdyryp göz-gülban bolup ýatan şurany görüp, ol juda erbet boldy. Nobat tebibiň kejine tutup, henizem onuň halyndan habar almazlygy bolsa, ony hasam aladalandyrdy. Oba içinde tebibiň kejirligi barada gürrüň baram bolsa, köp ýyllardan bäri oňa ýüz tutup, nep tapyp ýören-de bolsa, heniz onuň kejirligine gabat gelip görmändi. Şonuň üçinem ol iliň bu gepine ünsem berip ýörenokdy.

Hanuma habary eşidip, aňyrdan gelip atdan düşende indi Nurjuma tebibe ýalbaryp durdy.

–Nobat akga, gaýrat et!

–Gaýrat ýokdur, inim.

–Ölüp gitmesin-dä!

–Il heý şuň ölenine gynanar öýdýäňmi?

–Nobat akga, şu günden şeýläk şuny seniň adyňy tutmaz ýaly ederin, bir gaýrat et!

–Ene bir az ýatsa, özem adymy tutmaz ýaly bolýar onuň...

–Beýtme, Nobat akga, beýtme, şuňa bir zat bolsa, hökümet em etmäniňi bilse, senem oň goýmaz-ýenekinem.

–Aý, näme bolsa görübermeli bolar-da.

Tebibiň bu kejirligi Hanumanyň has-da gaharyny getirdi. Ol bir tebibe bir ölüm halda ýatan Ýagda tarap nazar aýlap aldy-da, duran ýerinden münüp gelen atyny iltän ýerine dolandy. Ýygjam-ýygjam ädimläp, atynyň duran ýerine bardy. Ol şol pursatda tebibem beýdip, arkan gaýşyp duransoň, Ýagda kömek etjek ýeneki bir tebipmi-dogtaryň aýlanyp gözlegine çykmaga giderli göründi. Emma ol barşyna atyň eýeriniň gaşyna bir elini ýetirse-de homp alyp, onuň üstüne münmäge gyssanmady. Eýeriň gaşyna bükdürilen horjunyň gözlerini dörüşdirip, ol ýerden mata dolanan bir zady tapyp aldy. Bu aglaba Sowet ýolbaşçylarynyň ýanynda göterýän ýaragy hökmünde özüne berlen sapançady. Ol muny erkek kişiler ýaly, ýanbaşyndan sallap, mazamlap dakynyp ýörmese-de, aňsat ýanyndan goýmazdy, birde çörek düwünçeginde goýsa, ýene birde gerek bolanda alaýar ýaly, ony horjunynyň gözüne atardy. Ol aňyrdan sapançanyň dolagyny aýryp, goluna laýyklap gelşine iki-üç ädimlikden ony sen-men ýok tebibiň kükregine tutdy.

–Tebip! Akylyňa aýlan. Hötjellik edip, şura em etmeseň, heleýem bolsam, erkegiň gepini diýýän, seni gapyňda it atan ýaly atýan häzir. Obadan zor etse, birbada iki tabyt çykjak eken-dä –diýip, talaply dillendi. Başy silkinende her gezek ýüzüne düşýän baş ýaglygyny arka atyp durşuna hyrçyny dişläp, gazaba galyp aýtdy. Şol arada tebibiň ogly Bazar tebip bir ýerden gelip ýetişmedik bolanlygynda barha çekimi ýetip dartgynlaşýan bu wakanyň nähili gutarjagy belli däldi. Asla gowulyk bilen gutarar diýen tama ýokdy. Bazar tebip göreninden iş-işden geçip barýanyny duýup, rejäň geň däldigine düşündi, münüp gelen

eşegini iltäp-iltemän, arabanyň üstünde göz gülban bolup ýatan Ýagdynyň ýanyna ýetmäge howlukdy. Onuň synalaryny bir-bir elläp görüp, ýagdaýa göz ýetirensoň, «Öýden ony getiriň, muny beriň» diýip, dessine oňa melhem etmegiň ugruna çykdy. Ýassyk getirdip, başyny biraz göterdensoň, ýyly suw bilen onuň ýüzündäki, maňlaýyndaky soýlan, sypjyrylan ýerlere däri-derman çalyp, tertibe salyşdyrdy.

Nobat tebip şol oturan ýerinde henizem kejirligini edip, kese bakyp otyrdy. Henizem ol nägiledi. Ol şol ýerde ýene bir salym şu halda oturansoň, ogluna kakdyryp:

– Ediber hany şoňa emiňi. Seniňem bir gün jürüňi diker. Ýagşylygy bilýän doňuzmy olar. Öňki döwürde olar Kymyş agaň ojagynyň küli, tabagynyň çemçesidi. Anna, indi bolsa onuň çagalaryny çaga-çugasy bilen gümgidene ugratdy. Bularmy... – diýip, hüňürdäp turup gitdi.

Bazar tebibiň yhlasly hyzmatyny görensoňlar, Nurjuma dagy onuň kakasyna üns berjegem bolup durmadylar. Olar Bazar tebibiňem kakasy ýaly usully tebip bolup gelýändigini eşidip ýördüler.

Ýagdy biraz suw ýeneki içirilip, özüne getirilensoň, Bazar tebibe:

– Tebip, sag aýagym, hamala dyzymdan aşagy ýok ýaly-da – diýip, halyny derdindi.

Bazar tebip şonda oňa:

– Aýagyň bar-a, şura, ýöne biraz ýerinden üýtgäpdir, ony ýerine ertmeli, onuň üçin bolsa seni ilki öýüňe ertmeli, arkaýynrak ýerde ýatyrmaly...

– Näme etseň, çaltrak edewer, Bazar!–diýip, Ýagdy soňky döwürde özüne mahsus bolmadyk, ýalbaryjy hörpde tebibe ýüzlendi.

Bazar tebip onuň çykan aýagyny öýüne getirensoň, ýerine saldy. Öküziň ýara salan ýerlerine bir aýdan gowrak onuň öýüne gatnap melhem etdi. Şäherden ýörite ugradylan dogtaram

birki gezek gelip, onuň ýagdaýyndan habar alyp gitdi. Döwükýenjikleriň gowy ýerine baranlygyny belledi. Ownuk tebipçilik bilen tanalýan Bossan kempir bolsa Ýagdy biraz özüne gelip ugransoň, iki adama onuň aýagyny ýokary göterdip, süýşendir öýdülýän ýüregi ýerine getirmek üçin, dabanyna daş bilen kakdy.

* * *

Ýagdy şurany öküz süsenligi baradaky habar agyz-agzyndan ýel alar bolup, oba tiz ýaýrady. Bir agza-dile düşensoň, ol gürrüň onsoň öz halynda, öňki durkunda galýarmy, her kim oňa bir zatlar goşup, tizden ony ertekä meňzetdiler-de, goýaýdylar. Aslynda ýok-da bolsa, bu hyýanaty hut bilkastlaýyndan ýörite guranlar hem tapyldy oturyberdi. Öküz kimiňki, Kymyşyňky, eger ol biriniň diýenini etse, kimiň diýenini edip biler, elbetde, Kymyşyň ýa-da onuň öýündäkileriň biriniň. Ine, şundanam düşnükli kimiň kime näme edip biljegi.

Hamala «Bir gün mallar örüde otlaşyp ýörkä, Kymyş duzçy hyşalykda öz öküzi bilen gizligin duşup, onuň gulagyna bir zatlar diýip, çawuş çakyp duranyny gören hem barmyş... Şondan biraz wagt geçensoňam, gara öküz şura duşanda ony şahyna mündürip geýip urupdyr» diýip, şol pursatda malyň adam diline düşünip-düşünmeýänligini hem pikir etmän gep edýärdiler. Dogrusy, bular bolup biljek, ynanar ýaly gürrüňem däldi, ýöne bu döwür Kymyş duzçyň bir gezek öz ýagdaýy barada «Häzir ýatan daşy alyp, başga tarapa atsaňam, barybir ol gelip, bize degýär» diýşi ýaly, ähli ters işleriň oňa ýelmeşesi gelip duran döwürdi.

Bu wakanyň nädip beýle bolup bilýänligi anyklamak üçin, hemişe ähli zadyň ters yzyny çalyp, herki zatdan müňkürlik bilen monjuk gözlemegi endik eden OGPU, prokurotura, sud işgärlerinde hem uly gyzyklanma döretdi. Has beteri-de bu waka adaty bolup biläýjek ýagdaý hökmünde däl-de, ony kimdir biriniň Sowete hyýanat ýetirmek üçin gurnan işidigi baradaky müňkür pikir edilmegi boldy. «Ony kim gurnap biler» diýen alasarmyk,

düşnüksiz sorag döredi. Esasy zat näme, sorag, sebäp tapylsa bolýar. Onuň jogabyny tapmak soňra hökmürowan organ işgärleriniň öz işi. Ony bolsa olar soňra ýagdaýyň hak-u-nähaklygyny seljerip durman, «Gazançynyň haky bar, nireden gulak çykarsa» edip, öz isleglerine görä çözýärler.

Şol günüň ertesi şäherden gelen prokuror müdir bilen bu pajygala wakanyň şaýady bolan Allan çopandan sorag etdi. Olar ýagdaýy soralan mahaly bir-birleriniň gepini gaýtalap diýen ýaly jogap berse-de, ähli zatdan günäkäri tapmagy, tapmasa bir ýol bilen ony özleri toslap-döredip, soňam tapandan, iş bitirenden bolmagy halaýan prokuror, bir zat ýitirip, ony tapman ters aýlanyp, şol bir ýeri gözleýäne meňzäp, telim çagyryp, olara şol bir soragyny berdi.

Prokuroryň «Kim şu zatlary edip biler» diýip, öwran-öwran sorap durmagy ahyrsoňy ozaldanam sähel zada kejigýän çopanyň gaharyny getiripdi. Şonuň üçinem prokuror bu soragy ýene bir gezek berende, ol näme bolsam, şol bolaýyn edip, oňa «dogrusyny» aýtdy. Prokuror «Hany, ýadyňa saldyňmy, kim bolup biler şol hyýanatçy, sen mal bakyp ýörkäň, Kymyş duzçy süriň töweregine gelýärmidi? Aýt, sen aýtdy diýmeris!» diýip, ondan kesgitli talap etdi.

Ahyr mugyra gelene meňzäp çopan «Aýdaýyn» diýen wagty bulaşyk ýüpüň ugrunyň ele gelip barýanyny pikir eden prokuror:

–Aýt! –diýip göwünjeň dillendi.

Çopan «Şol!» diýip, bir barmagyny ýokaryk göterdi. Prokuror ilki onuň şoluna düşünmedi, düşünenden soň bolsa «Be, munuň kellesi bir ýerindemikän!?» diýip, pikir etdi. Çopanyň barmak somlap, görkezýäni asman... Hudaýdy. Eýsem-de, haýwana beýdip gep düşündirip biljek başga kim bolsun!? Prokurora: «Bu obanyň adamlaram öküzleri ýaly däli-laý» diýmekden başga alaç galmady.

Birnäçe günden Aman OGPU Ýagdy şurany soramaga gelende hem olaryň arasynda ýene-de şuňa meňzeş bir gürrüň boldy. Bu

wagta çenli Ýagdy em-melhem edilip, biraz özüne gelipdi. Emma muňa seretmezden, ol henizem düşekde ýatyrdy. Özüni OGPU başlygynyň orunbasarynyň sorap gelmegi, onuň mertebesiniň kiçi däldigini pikir edip, Ýagdynyň monça bolmagyna sebäp boldy. Ol hal-ýagdaý soraşylyp gutaryp gutarmanka, ýatan ýerinde Aman OGPU-a hezzet-hormat etmek üçin, töweregine buýruk berişdirip ugrady. «Hany, dessine ýatakdaky işşekleriň birini garnaň, çagyryň Mommat akgany, şol tiz soýýar ony. Onsoňam dersini sypyrdygyňyz, dessine pudarlan ýeriňizi bagyr-sagyr, labyr-lubury bilen atyberiň gazana, kaklap bolmankaňyz, naharyň şor suwy taýyn bolsun, ilki şonuň tiz bişer bagry bilen alyň, bagyr diýen zat dagy sähel tense bor, Mommat akga-ha ony çigligine-de iýer ýörerdi-laý» diýip, Aman OGPU-nyň «Ýene degip geçjek ýerimiz bar» diýenine hem seretmän, dessine onuň daşyny hezzet-hormat bilen gurşady. Beýle gerekli adam dagy gelende, şura bolup, iniş-çykyşy öwrenen, şeýle hyzmatlaryň soňra göz öňüne tutulyp, gerek ýerinde, arkaňy alýanlygyna belet bolan Ýagdy bu pursady sypdyrjakmy!?

Şura «Şorsuwy alyberiň saçak üstüne» diýeninden eýýäm agzy suwaryp ugran Aman OGPU-a onuň diýenini edip, saçak başyna geçäýmekden, hezzet-hormat eýesi bolaýmakdan başga alaç galmady.

Ara salym bermän, naharyň öňi şorsuw bilen bygyrdap bişen bagyr öňe gelen mahaly saçagyň bir gyrasyny tutup, goşa ýassygy tirsekläp ýatan Ýagdy şura, şol ýatan ýerinden Aman OGPU mylakat bildirip gürleşip oturdy. Raýonda alnyp barylýan işler barada, ýolbaşçylaryň mertebeläp atlaryny tutup, olar barada-da soraşdyryp, özi düşege baglanaly bäri öwrede bolmansoň, täzelikleri bilmek maksady bilen içgin soraşdyrýardy.

Ýagdy hyzmat edip ýören ýetginjek oglan ilkinji üsti bugaryp duran tamşandyryjy nahary getirip, saçak üstünde goýan wagty dessine oňa ýene-de ýumuş buýurdy:

– Bar, gelnejeňden sora, «neme» nirede diýýär diý– diýdi. Oglan birbada özüne näme iş buýrulýanyna düşünmän, başgaçarak eşiden bolaýmaýyn diýip, gapynyň öňünde duran ýerinden Ýagdynyň ýüzüne soragly gözledi.

–Näme diýdiň, Ýagdy däde?

Ýagdy:

–Bar, aýt gelnejeňe «nemä» özi düşer! –diýip, Ýagdy ýigdekçäni ugrukdyrdy. Yzyndanam ýatan ýerinden oňa goluny salgap goýberdi.

Ýigdekçe gyssanmaç çykyp gidişi ýalam ýene-de tiz yzyna gaýdyp geldi. Gelnejem «Neme» sandygyň arkasyndadyr diýdi diýip habaryny berdi. Ýagdy görýäň-ä meniň nädip ýatanymy, galyp-gopara ýagdaýym ýok diýýän manyda ýene oglana ýüzlendi.

–Bar-da, onda al-da, özüň ony şol ýerden!

Ýigdekçe diwar bilen sandyk aralygyna elini sokup, ol ýerden ep-ýesli edilip düwünçege düwlen bir zady tapyp aldy. Ondanam bokurdagyna çenli dolup, bylkyldap duran iki çüýşe bugdaý aragy çykdy. Oturylyşygyň şüweleňli boljagy belli boldy.

Aman OGPU dalbynyşyp duran arakly çüýşeleri görüp, şorsuwa çörek batyryp, bagyr bilen ýanyp-bişibräk iýip oturyşyna:

–Guş dilinde gürleşip, ahyr düşünişdiňiz-ow– diýip, arakly çüýşeleriň höwesine berlip, burnunyň aşagyna bir bölek gara keçe ýelmenen ýaly bolup duran murtuny göwnühoş sypalady.

–Düşünilmese bolmaz-a – diýip, çüýşeleriň birini açyp, lykyrdadyp käselere bölüp, arak guýup oturyşyna Ýagdy özünden göwnühoş, badyhowa gürledi. Soňam:

–Ýoldaş Aman, alaly, ak zady synsyradyp goýmaly–diýip, käseleriň birini oňa uzatdy. Şeýdibem, birinji bada şorsuw bilen göterildi. Şondan soň gürrüňler barha alaçaly ýaga döndi.

–Muny öň bir gezek ýanyna baranymyzda Wartan doganymyz: ”Marydan ýörite siziň üçin getirdim» diýip, Nurjuma ikimiziň herimize bir çüýşe gadyr edip berdi. Menem «Nurjuma bu kellesi bilen arak nämä gerek, onuň kellesi içmese-de içen ýal-a. Il muny

Nurjuma ýaly bolmak üçin içýär, muny içse dagy ol gyzylym dä-li bolaýmaýarmy» diýdim-de, ikisinem özüme alaýdym –diýip, aragyň öýüne düşüşini hezil tapyp ýatlady.

Ýagdy mahal-mahal bada göterişip, myhmana mürehetde-mylakat bolup oturyşyna, aragy gizläp goýanlygynyň sebäbini hem biraz müýnürgäp ýüzugra ýatlady.

–Entegem meni öýe arak getirip, içip düwläbersem, kakam çagalygymdaky ýaly, «It ogly, seniň iniň-boýuňy des-deň edeýin» diýip, çybykdyr gamça gerňäberýär– diýip, ýaňsyly gülümsiredi. Goýun eti yzly-yzyna çorba, börtme bolup gelip ugransoň, ak arakly badalar barha artyp, saçak başynyň gülküsi, gep-gürrüň şagalaňy barha artdy. Gürrüňleriň gerimi giňäp, dil bilen asmandakyny aňsatlyk bilen alyp bolýan pursada ýetildi.

Aman OGPU keýp-lezzetine berlip, humarlap oturyşyna bir gezek, Ýagdy tarapa pişigiň gözi ýaly mawy gözlerini aýlap, öz aňtamak maksady bilen gelen zadyny hem gep arasynda ýatlap goýberdi. Ýagdydan:

–Seniň bu güne düşüp ýörmegiňe Kymyş duzçynyňam-a maňa ýeten maglumatlara görä hilesi bar diýjek bolýarlar, nähili onsoň şol dogrumy? –diýip sorady.

Aman OGPU bu gürrüňi aýdanda nobatdaky badany göterip, öňündäki naharlardan lezzet tapyp iýip oturyşyna, aýtmakçy bolýan gürrüňini ilki başynda aýlap, ondan belli bir derejede hezillik tapýanyny mälim edip, şypyljap duran şireli dodaklarynyň arasyndan saralan dişleriniň etegini sähelçe görkezip, ýarym ýaňsyly gürledi. Ýagdy Aman OGPU-nyň bu gepi biraz oýnakyrlap, ynamsyzrak aýdyşyndan onuň öküz item-ä däl, helabas berlende üste zyňar ýaly diýýän deý munuň ýörite edip boljak zatdygyna ynamsyzlygyňam barlygyna düşündi. Şeýle-de bolsa, ol özüniň bu güne düşmeginde öňki ýaly şu Kymyşlaryň eliniň barlygyna bolan şübhesiniň artmasa, kemelmeýänligini mälim edip gürledi.

–Ýoldaş Aman, Kymyşyň gönümel bu işde nähili eliniň barlygyna bilemok, ýöne özüniň-ä gözünde oky bolsa, meni

atjagyny welin bilýän. Üstesine-de, ol dilinem saklanok, meniň düşen günüm barada eşidensoň, ol begenip näme diýýämişin diýsene: «Hol gün men gara öküzim meýdanda otlap ýörkä baryp, gizlin onuň bilen duşuşyp gaýtdym. Şonda tabşyrdym men oňa, Narly gamyşçynyň kemsit ogluny gören ýeriňde gaýgyrmagyn!» diýdimem diýýämiş.

–Ikiňiziň mäşiňiz bişişenok, gidişýäňiz özüň-ä– diýip, Aman OGPU onuň häsini berdi.

–Ol öňem-ä oňly doňuz-a däldi welin, häzir ogullarynyň sürgün edilmegini menden görýär.

–Ol-a belli bir derejede dogram, seniň beren atlaryň içinde bardy-da onuňam oglanlary...

–Hä, ony berme, muny berme, kimi bereýin onda men? Sizem adyny aýt diýip, janymy alyp barýaňyz...

–Ýok, olaryň sürgün bolmagyny islän diňe senem däl, Hardadam olary halamaýan eken. Şolam aýtdy şulary gaýgyrmagyn diýib-ä.

–Hä, şeý diýeweri. Hardadam diýendir. Kymyşyň uly ogly Orazgeldi bajysy Hardadyň inisine äre gaçanda, namys edip, Ahmet ýaly kellekeserini ugradyp, ol toparyň aýal-gyzlarynyň saçlaryny syrdyryp, ile masgara etdi-dä... Onsoň Hardat gaýgyrmy olary!?

–Saňa näme kast etdi olar?

Ýagdy nämedir bir zady ýadyna saljak bolýan deý bir pursat oýlansa-da, şol pursatda bu soraga jogap tapmady.

–Dogrusy, biziň aramyzda olar ýaly ýiti bir bolan zat-da ýokdur. Ýöne eziji synp-da. Onuň gapysynda işledim. Sygyrlarynyň bokuny artdym, kakamam onuň gapysynda işläpdi.

–Urýamydy?

–Aý, ýok, bolmadyk zady boldy diýmäýin. Kakam bilen-ä düşünişýädi olar. Işlän günümiz naharam biz bilen bir tabakdan iýdiler. Menem onuň oglanlary bilen bir tabakdan iýdim... Ýöne

men şura saýlanyp, il öňüne düşüp ugramsoň, bular bozuldylar, ýogsam...

–Seniň özüň bozulan bolaýma?

–O-da mümkin. Görsem meni ulanyp, özüne garyp diýdirip, kolhoza girjek bolýar zaluwat. Men bilýän-ä Kymyşlaryň nähili garyplygyny. Onça malyň bolubam garyp bormuň sen?

–Mallaryny tabşyrypdyr-a ol kolhoza...

–Syrtyňa gyssag düşse, baý, tabşyrsyň-a. Nä, maýmyn öz erkine oýnaýarmy!? Emma biz dogry hereket etmeli. Hökümet-partiýanyň talaby şeýle. Aşgabada uly ýygnaga gidenimde, çykyş edende ýoldaş Popogam aýtdy. «Her ýol bilen içiňize aralaşjak bolýan baý-kulaklardan häzir boluň» diýip.

–Onyň dogry, ýoldaş kemsit, seniň. Aşgabada gidip geleňsoň, gözýetimiň mese-mälim giňedi –diýip, Aman OGPU hem şu pursatda syrtyndan göterip, ony öwübem goýberdi. Soňundanam gürrüňe gyzygyp, hamala kem galyp barýan ýaly özüniňem hökümete berlen adamdygyny, bu ulgamda özüniňem döwlet syýasatyna ters gelýän zady edýänleri, atasy bolsa-da sylamaýanlygyny aýdyp, Ýagdyny makullady.

–Saňa ýal berýän, dereje wezipe berip saklap ýören hökümete-de bir ikilik etmek bolarmy!? Onuň ýoluny tutasy, diýenini edesi gelmeýän bar bolsa, ony hökman ýüze çykarmaly. Kim-de bolsa ýüz görüp, gapyrga syrmaly däl. Ol seniň döwletiň garşysyna gidýän adam-a... Maryda işlän döwrüm, okamaly däl diýilse-de, «Gurhan» okaýan babamy hut meniň özüm ele saldym. Men onuň haçan, nirede gizlin, dini taglymatlara berlip oturýanyna belet. Bardym-da getirdim tutup. Getiribem OGPU başlygyna görkezdim. «Şu meniň babam, ýöne biziň garşymyza gidýän baba maňa gerek däl» diýdim. Şundan soň ýolbaşçylar meniň özlerine gerek adamdygyma has hem ynandylar. Birki aýdanam wezipämi ulaldyp, Tagtabazara orunbasar edip geçirdiler. Talaba laýyk işläp bilseň, bu hökümet seniň gadyryňy bilýär –diýip, endik bolşuna görä, ol öz ýatlamasyny hökümetiň tarypy bilen gutardy.

Ýagdy indi doýan sygyr ýaly ýaltalaç gäwüş gaýtaryp, baş atyp, Aman OGPU-nyň gürrüňini makullamak bilen diňläp, baş atyp tirsekläp ýatyrdy. Haçanda Ýagdy  Aman OGPU sözüne dyngy berende:

–Ýoldaş Aman, hany, bu Kymyşam bir bahana tapyp şeýdip bolmaýarmy? – diýip, henizem onuň öküz süseni üçin, Kymyşlardan nägiledigini bildirdi.

Aman OGPU biraz oýurganyp:

–Ýok, bolmaýar–diýip kesgitli aýtdy.

–Näme üçin?

–Bally bar arada.

–Näme gerek bolsa, onuň üstünden garnyna basyp ätläp bolmaýarmy?

–Häzirki döwürde bolmaýar. Wartan bilen Bally meniň başlyjagymyň iň ýakyn dostlary. Çüýşedeşleri. Şonuň garyndaşlaryna bir zat diýjek bolsaň: «Ballyň agasy bilen işiňiz bolmasyn!» diýýär. Bir agyz gep. Ballynyň soňky döwürde münüp ugran ak atyny görensiň! Ana, şonam Ýeroýulanda bolan basmaçylar bilen çaknyşykdan gelen atlaryň birisi. Şonuň birnäçesini biz alyp gaýtdyk meýdandan tutup. Goýun sürüleri bolsa tutuşlaýyn Guşgy raýonyna berilmeli edildi. Bizem getirip, olary ulagsyz kösenýän edara ýolbaşçylaryna paýlap berdik– diýip ýatlady.

–Ýaşka diýen bir adam dakypdyrlar indi oňa –diýip, Ýagdy hem Ballyň soňky döwürde münüp ugran ak atyny gözügidijilik bilen ýatlady.

–Juda häsiýetli at eken. Ballyny şol serhoş halynda-da ýykman, öýüne aşyryp ýör-ä ol. Bir eýere gonup, atyň boýnuny gujaklap bilse bolany. Onsoň ol öýünde.

Gürrüňi şu ýere ýetende bir taň zady ýatlanyny mälim edip, ýaňsyly ýylgyrdy.

–Hol gün suwa düşüp ýören oglanlar giç öýlän Ballynyň şäher tarapdan atynyň boýnuny gujaklap gelýänini görüp, ony atdan

ýykdyryp, keýp görmek isläpdirler. Birtopar atly, eşekli bolşup, onuň gapdalyndan çykyp, Ballyny atyna alyp gaçdyrmak üçin, gykuwlaşyp, çapyşyp, çapyşyk gurapdylar. Emma Ýaşka oglanlar özlerine goşup çapdyrmak, dowul bermek islese-de, olaryň şüweleňine göterilip gidibermändir. Ballyny ýene-de ýykman, öýüne aşyrypdyr –diýip, dosty oňa gowy at beripdir diýen manyda gözügidijilik bilen ýatlady.

–Diýdim-ä gowy at diýip. Başlygyň özi ony atlaryň arasyndan saýlap berdi.

–Nädip olar beýdip ýegre dost bolup ýörkäler?

–Ýoldaş Syzran Tagtabazara gelmezden öň Kerkide işlän. Bular şol ýerden tanşyp dostlaşypdyrlar.

–Hä, şular birki ýyl Aknyýaz Mämmet bilen şol ýerde ýaşadylar-ow gidip. Hersi bir howluda ýaşap, hersi bir täjik heleýem alanmyş...

Eger Aman OGPU-nyň sapançasy bilen bagly ýagdaý duýdansyz ara düşmedik bolanlygynda bu lezzetli oturylyşyk entegem öňki hörpünde hezillikli ýagdaýynda dowam etmelidi. Ýoldaş Syzran onuň çüýşedeş dosty Bally baradaky gürrünlerem entek öňküsi ýaly alaja ýüp deýin bir-birlerine çolaşyp-çyrmaşyp, dowam etmelidi. Başga ýerde beýle anyklykda hiç wagt, hiç ýerde eşitmejek zatlaryny eşidip, geljekde özüni goramak üçin, ony sapak edinip oturan Ýagdy hem entek bu gürrüňiň dowam etmeginiň höwesindedi. Aman OGPU-nyň ýaňy saçak başyna geçen mahaly, giňişläbräk oturmak üçin bilinden aýryp, arka tarapynyň elýeterinde goýan sapançasynyň gabynyň boş duranyna syny düşdi. Ol: «Oh» edip, ör gökden gelip, sapançasynyň gabyny garbap alyp, ony ýanyna çekdi. Ilki sapançanyň ýoklugyny gören mahaly serhoşlyk täsiridir öýden hem bolsa, eli bilen ony barlap, boşlugyny görensoň, bada-bat haýygyp, bolmasy işiň bolanlygyna göz ýetirdi. OGPU bolup, ýaragyňy ýitirmek!? Ol munuň soňunyň özi üçin eýgilik bilen gutarmajagyna düşündi. Emma onuň nähili ýitip biljegine düşünip bilmedi... Işden gaýdanda bardy, gerek

bolar diýen oklarynam ýerleşdiren şonda onuň özüdi... Ýolda «Kommunizm» kolhozynyň başlygyna duşupdy... Onuň bilen atdan düşmän gepleşip durupdy. Ol «Gel, atdan düş, çaýlap geç!» diýse-de oňa:

–Men baryp seniň şol öküz süsen şuraňy sorajak. Entek men soramok şony –diýip, onuň ýanyndanam göni geçip, Ýagdynyň öýüne gaýdypdy.

Sapançanyň ol ýerde galmagy-da mümkin däl. Ýok, näme bolsa, oňa şu ýerde bir döw çalan bolmaly. Şundan soň Aman OGPU-nyň tüýsi üýtgäp, aňyny gorkuly howsala gaplady. Gahary gelip darykdy. Şeýdibem oturan ýerinde Aman OGPU-nyň tüýsi üýtgäp, gygy ajap, serhoşlykdanam bada-bat açyldy. «Aman OGPU serhoş bolup, sapançasyny aldyrypdyr» diýen gepiň döremeginiň nähili masgaraçylyk bolup, özüni oňarmaýan OGPU ýolbaşçysy hökmünde tanaljakdygy baradaky uly howp barha onuň üstüni basdy. Ol OGPU endigine görä, bada-bat Ýagdyň üstüne hüjüme geçdi:

–Şura, sapançany tap!

–Men alamok, ýoldaş OGPU!

–Onda kim alyp biler? Jaýda bizden başga adam ýog-a!

–Arkadagym, hökümet-partiýadan ant içýän, men-ä sapança görmedim...

–Şu içerden çykyp, uçup gidendir öýdýäňmi onda?

–Geleňde barmydy? Öýüňde çykaryp gaýdan-a dälsiň özüň?

Ýagdynyň gözlegiň ugruna çykmagyň ýerine sanaşyp, özüne ynamsyzlyk, müňkürlik edip ugramagy Amanyň gazabyny has-da artdyrdy. Onuň göz keselinden ejir baryny gören, şymmyk, mawy gözleriniň agy şundan soň hasam köpeldi. Ol kiteliniň öň žübüsinden, zynjyry görnüp duran jübi sagadyny çykardy-da, ony Ýagda görkezip, mazamlap, öňünde goýdy.

–Saňa, şura, bir sagat wagt berýän. Bir sagadyň dowamynda sapança tapylmasa, men bir süserin weli seni, ol Kymyşyň gara öküziniň dagy çeni bolmaz! –diýip gazap etdi.

Onuň sapançanyň ýoklugyny görüp, niýetini ýamana dikenligi belli boldy. Aman ýüzüniň ganyny gaçyryp, Ýagda dikanlap, talaply gepledi. Ýagdy şura onuň gazabyndan eýmenip, şundan soň ýatan ýerinden özüniňkileri çagyryp: «Sapançany gözläň! Tiz tapyň» diýip, basga düşüp, hökümli gygyrybermekden başga alaç galmady. Narly gamyşçynyň neberesidir ilen-çalanlary şundan soň görmedik zatlaryny gözleşip, töwerekde ondan-oňa elewreşip zir-zowran boldular. Daş-töwerek agyn düşnüksiz ygam-sygamlyk boldy. Ýagdynyň dogan-garyndaşlarynyň birnäçesi: «Atdan düşende gaçan bolaýmasyn» diýip, atýatagy barlasa, ýene birleri, ýaňy aýakýoluna gidende ýitiren bolaýmasyn» diýip, onuň oturan-turan ýerlerini gözden geçirip, ters aýlandylar.

Bu ýagdaýyň nähili beýle bolup biljegini göz öňüne getirip bilmeýän, öýden howlugyp, aýakýalaňaç ylgap çykan Ýagdyň ejesi Bossan bolsa, häli-şindi gapdala gyşaryp agýan ak esgili börügini bir eli bilen tutup, elewräp ýörşüne, uly töhmediň maşgalanyň depesinden inenligine ynanyp, ýangynly, howatyrly samraýardy. «Bela ýeke gelmez» diýleni boldy bi, ýogsam gündiziň günem bir öýden zat ýitermi!? ...Eri, balamy öküz süseni azmy, indi munsy näme dert boldy?.. Akgasyna aýtdym-la sadaka ber, başa gelen belany dep eder diýip. Handepe babanyň başyna baryp bereli diýdim, öwlüýäde baş saglygymyza bir janly... «Hökümet halamaz» diýdi-de gezdi-dä şu güne çenli. Ana, ýaýdanyp gezseň...

Maşgala ogurlyk edip otyrka üstüni aldyran ýaly, ýakymsyz pursady başdan geçirdi. Girilmedik deşik, görülmedik tarap galmady. Beh, ol dogrudanam nirä ýitirim bolup bilerkä? OGPU işgärleriniň dagy ýürek edip, ýaragyna el urup bolarmy!? Barybir wagty bilen bu ýakymsyz soraglara jogap tapylmady. Şol arada mellek ýeriň aýagujyndaky üzümçiligiň töwereginden «tark-turk» edip, sapança sesi çykmadyk bolanlygynda bu gelşiksiz ýagdaýyň näme bilen gutarjagy hem belli däldi. Sapança gözläp, töwerekde elewreşip ýörenleriň birnäçesi şol tarapa ylgadylar. Ol ýerde bolsa häliden çaý-nahar getirip, hyzmatda bolup ýören Çary Aman

OGPU-nyň serhoş halyndan peýdalanyp, onuň gapdalynda ýatan sapançasyny göze güýdüşip alyp gidipdi. Ol ýene-de bir öz deňduşy bilen üzüm gorandan bolup, şol sapança bilen serçe atyp ýördi.

Gidenler dessine Çaryny ýoldaşylary bilen golundan tutup, idirdedip alyp geldiler. Ony görüp, Ýagdynyň ejesi sapançanyň tapylanyna şükür etse-de, janyny ýakyp, Çara käýindi: «Şu Çary atlynyň oňy bolmazmyş. Çary atlylar ýa doňuz bolup, ýa-da deňiz bolup dörärmiş. Şu oglanam indi näme bolsa bolaýmaly... Ýeri, sapança bilen guş atmak nireden kelläňe geldi diýsene seniň!?”

Sapança tapylansoň, Gamyşçylaryň üstüne abanan gara buludyň bir tarapa syrylanlygy belli boldy.

Gerek daşyny ele salyp, ýüregi biraz takat tapan Aman OGPU hem, ýüzüne gelnip, bady alnan Ýagdynyň döwügini mümkin boldugyndan seýiklemek islegi bilen, oňa ýaraýjak gepi aýtmaga çalyşdy:

– Ýagdy, ýaralanyp baraňda saňa ilkinji kömegi bermekden boýun gaçyran kim, şonuň ady? –diýip, sorady.

–Nobat tebip.

–Aýdaý şony alyp ýatmaly bolsa... Men ony bir soraga getirsem, etmediginem etdim diýdirip, boýun aldyryp günäkär ederin.

–Ýok, beýtmäwer –diýip, iş-işden geçip barýandyr öýden Ýagmyr aman dileýän hörpda oňa tarap elini daldalap aýtdy. Soňam: –Atasy kesirlik etse-de, onuň ogly Bazar tebip elinden gelenini etdi. Hatda şäherden gelen dogtaram, maňa seredip, döwügimiň seýiklenilip, çykygymyň ezberlik bilen ýerine salnanlygyny aýtdy. Onsoňam Bazar henizem wagtal-wagtal gelip, meniň halymdan habar alyp dur. Özi-de «Kakama bir degäýmesinler» diýip, özelenip ýalbarýar.

Emma munuň bilenem gürrünler indi öňküsi ýaly her jümleden hezil tapylyp, alşyp gidibermedi. Muny Aman OGPU hem duýdy. Şundan soň ol sypaýçylyk bilen özüniň köp oturanyny aýdyp,

turmak bilen boldy. Barybir iýiljek zatlar iýlip, içiljek içgiler içilip, indi turara-da bir çen bolubam ýördi.

Aman OGPU hoşlaşyp gidensoň, Ýagdy onuň «Sen alansyň!» diýip, özüni şura diýip gaýgyryp durman, gazaba tutup oturyşyny ondan gaty görüp, düwlüp ini söýmezlik bilen ýatlap oturdy. Olaryň göwünlerinden turmak üçin özi näçe jan edip, hyzmat görkezse-de, bularyň welin «Kapyra jen çekeniň muzzy gara gylyçdyr» edip, sähel bir bahana bolsa, özünem gaýgyryp goýmajaklaryna düşünip üýşendi.

* * *

Bugdaýly meýdanlarda galla oragynyň depgini barha joş urýardy. Arabalar hatarlanyşyp, Akmolla şäherindäki bugdaý kabul edilýän ýere aýagaldygyna däne daşaýardylar. Türkmenleriň gelmegi bilen „Polewoýstan“ atlandyrylýan ýerde ýatyrlaýyn işleýänlere düşelge hökmünde gurlan öňki iki çaklaňrajyk otaglaryň gapdalynda ýene-de şeýle jaýlaryň ikisi-üçüsi peýda bolup, ýalazy meýdan kiçiräjik obaçylyga öwrülip barýardy.

Şol günleriň birinde Orazgeldi öz nobatdaky ýüküni Akmolla aşyryp gelensoň, bugdaý ýerden ýene özüne nähili ýumşuň garaşýanyny bilmek üçin, Gün öýläne sanyberende arabasyny tigirdedip, bugdaýly meýdana gaýdyp geldi. Reşetnikow bu ýerde ýok eken. Oňa bu ýerden başlygyň goňşy obanyň ýolbaşçylarynyň ýanyna gidendigini, özüne bolsa onuň oba baryp, kontorda garaş diýenligini aýtdylar.

Elbetde, düşnükli zat. Ol goňşulardan däne daşara, mümkin boldugyndan, ulag kömegini sorap giden bolmaly. Şähere obadaky taýynlaýyş howla daşamak üçin ulag ugry diýseň ýetmezçilik edýärdi. Ýöne dileg edenine görä dilegiň bitse-hä ne ýagşy, onda-da olaryň hem öz hojalygynyň bugdaý bilen bagly şol bir işi ýerine ýetirýän mahalynda. Kimiň häzir özünden artyk-süýşük ulagy bolup biler öýdýäň!? Aladaçylyk häsiýetidir-dä, berilse-berilmese, başlyk bir diläp galmasa, göwne jaý edip bilen däl bolarly.

Başlygynyň özüne obada garaşýanlygy belli bolansoň, Orazgeldi boş gitmezlik üçin, bugdaý içindäki obadaky bugdaý ammaryna niýetlenilip taýynlanan çöplüräk bugdaý sünbüllerinden ýüküni tutdy.

Ol ýaňy ýola çykyp ugrap barýarka eli gural salnan tagta ýaşşikli Çary ussa onuň gapdalyndan çykdy.

–Oba barýaňmy, ildeş?

–Oba.

–Onda menem seniň bilen gideýin.

–Ýör gitseň, ýoldaş borsuň!

Çary ussa elindäki gurally çemodanyny arabaňyň yzynda ýerleşdirensoň, özem böküp, onuň gapdalyna gondy. Şeýdibem ildeşleriň bir-ä öňe seredýän, ýene birisi bolsa onuň tersine – yza seredýän boldy.

Düýn tabşyryk alyp gelen Çary ussa bu ýere gelip, soňky gurlan üç otagyň agaç ussaçylygy bilen  bagly işlerini edişdiripdi.

Orazgeldi ýüki ýeten arabasyny elindäki jylawy sähelçe silkip, öz maýdalyna sürüp barýardy. Nirä gitse, her gezek şol ýerde öňünden çykýan ýaly bolup duýulýan birsydyrgyn sährany ýadaw nazary bilen göwnübirlik bilen synlaýardy. Orazgeldi bilen Çary ussa ildeşdiklerine, üstesine-de gelenlerinde-de bir wagonda gelendiklerine seretmezden, ýakyn tanyş däldiler. Olaryň gatnaşygy henize çenli duşan ýerlerindäki baş atyşyp salamlaşmadan aňry geçmändi.

Çary ussa töweregindäki alaň açyk meýdany synlap, arabadan aýaklaryny sallap otyrdy.

Orazgeldi ýol boýy dymşyp gitmäni birhiliräk gördümi nämemi, araba ýezgenligiň içinden geçip barýarka, töweregini gözügidijilikli synlap, ony gepbaşy edinermen boldy:

–Ezgenlerem-ä gowy bişipdirler. Tüýs düýe halar hörege öwrülýän döwri-dä bularyň bu wagt–diýip, boldan biten mal otuna buýsanyp dillendi. Çary ussa welin gep alşyp, onuň bilen deň gopup, birbada bir zat diýmäge gyssanmady. Ol arabanyň yzynda

alyslara nazar aýlap oýurganyp, mahal-mahal temeginiň astynda ýesersi taýzygyp duran murtlaryny sypalan bolup otyrdy. Hatda ol soň bir salymdanam Orazgeldiniň pikir edişi ýaly, gümür-ýamyr isleglidigini mälim edip dillenmedi. Orazgeldem şundan soň onuň özi bilen gepleşmäge döwtalap däldigini görüp, elindäki jylawy, öňündäki ýoly bilen boluberdi. O-da ýol boýy yzyna-da gözlemedi, asyl oňa barmysyňam diýmedi. Çary ussanyň barlygyny unudana meňzedi. Emma ol şol barmana Çary ussa pikir ýöredip, ol baradaky eşiden, gören zatlaryny ýatlap barýardy.

Çary ussa öz kärine ussat bolşy ýaly, oňa baýrynmagam gowy görýän adamdy. Bu bolsa köp halatda oňa özüni köplerden has gerekli we tekepbir duýmagyna sebäp bolýardy.

Çary ussa bolsa Orazgeldini geregi ýok ýerinde hem öte sadalyk edýän, dawa-ýenekiden gaça durmaga çalyşýan, hemişe hakyny gidermäge gabyl sada türkmenleriň biri hökmünde tanaýardy.

Ýöne kolhoz başlygy Reşetnikow özüne berkidilen arabanyň arabakeşini çalşyrmaly bolanda ussa ol ýere meýil eden, orus dilindenem birneme başy çykýan Nurýagdy Ýegelegiň geçmän, Orazgeldiniň geçmegini biraz geň görüpdi. Näme üçindir ol kimem bolsa öz öwrämiň adamsy diýip ýakyn görýänligi üçinmi, nämemi Orazgeldi bolman, Nurýagdynyň başlygyň arabasyny süräýenini kem görmeýärdi. Şonda bu ýagdaý bilesigeliji ussany hatyra tutmak meselesinde özüne osduryp oýlandyrypdy. Oňa başlyga arabakeş bolmaga Beki Seýitmyradyň kömek edenligini çen edipdi. «Pendilileriň şunsam wezipeden wezipä geçip, ýeser boldy-ow» diýip oýlanypdy. Sebäbi ol Orazgeldini öz ýerine Matweýiň hödürläninden bihabar bolşy ýaly, onuň ogly Allanazaryň goja bilen dil tapyşyp, duşan ýerlerinde «Ded-de, synok» bolşup, dostlaşyp ýörenligindenem habarsyzdy. Ýöne Orazgeldiniň dil bilmezden arabakeş bolmagyny «Bular nähili düşünişýärkäler?» diýip, biraz geňräk gören halk welin muny ýene-de özüçe göwnüne jaýlap oňaryşdyrypdy. Hamala Reşetnikow Orazgeldiden sorapdyr.



*19

«Biziň işimiziň wagty, biwagty ýokdur. Gije, gündiz ygyp gezmeli bolarsyň, sen işi oňararmyň?» diýip, ondan sorapdyr. Şonda Orazgeldi oňa: «Wah, iş-ä oňarmasyna oňaryn welin, ýöne gepläp bilemok» diýip, düşünişmek meselesinde ýaýdanýandygyny boýun alypdyr. Şonda Reşetnikow: «Maňa-da köp gepläp ýören adam gerek däl. Işiňi oňarsaň bolýar. Lal bilen işleýän ekenim-dä, üm-çüm bilen düşünişibereris, mün araba» diýenmiş diýip gürrüň edipdiler.

Çary ussa Türkmenistandan getirilen sürgünleriň arasynda eýýäm öz hünäri bilen 31-nji baraklylaryň arasynda tanalyp ugran adamlaryň birisidi. Orazgeldem ony bir töwräräk, birhili badyhowa, küýlüräk, şol bir wagtda hem ynjygrak adam hökmünde tanaýardy. Ol ussadyr tebip ýaly hünärli adamlaryň tebigatynyň küýlüräk bolýandygyny, geregini artdyrmagy gowy görýänligini bilýänligi üçin, onuň derkarlygyna aýgytlap, şeýle bir üns beribem barmaýardy. Asla ol hiç kimi-de bir öwrenjek, biljek bolup ýören adam däldi. Lükgeligi bilen öz maşgalasynyň aladasynda gümra bolup ýören adamdy.

Ýöne Çary ussa barada weli eýýäm bilýän zatlary ep-esli bardy. Çary ussa dymmarak, küýlüräk bolsa-da, onuň aýaly Enejan keýik göwnaçyk, göwnündäki dilinde diýilýän, gepiniň içine özi hem maşgalasy hakyndaky ýagdaýlary goşup, gyzyklandyryp gürrüň etmegi halaýan aýaldy.

Häzir bolsa ol ogly Jepbary, gyzy Jereni adamsyna goýup gaýdyp, meýdanda saltmanlaryň arasynda bilini guşap, orak orup, desse bogýan işgärleriň biridi. Onuň dogumlydan çakgan hereketleri ünse düşenligi üçinmi ýa wagtal-wagtal işden başyny göterip, keýik ýaly töweregini gözläp durýanlygy üçinmi ýa-da Enejan atlylaryňam türkmenleriň arasynda telimsiniň barlygy üçinmi ýakyndan bäri ony Enejen keýik lakamy bilen tanaýardylar.

Enejan keýik biraz aýraçylykdan soň, ýar wysalyny küýsäp ugranlygyndanmy nämemi, ol iki sözüniň birinde: «Kakasy, Jepbaryň kakasy» diýip, ussany ýatlap gürlemegi gowy görerdi.

Ussa birde Mary bazaryny bazarlap, ol ýerden alan zatlaryny salan horjunyny atynyň sagrysyna bökderip, at ýorgaladyp gelýändir, ýene birde il içinde şägirtlerine baş bolup, toýa niýetläp, ak öý dikip ýörendir. Ýene-de ol özüniň günülerinden artyk görülýänine biraz buýsanma bilen, adamsynyň sürgüne gitmeli bolanda, dört aýalynyň arasyndan özüni saýlandygyny buýsançly ýatlaýardy.

...Çary ussa sürgüne gitmezinden bir gün öň hoşlaşmak üçin obasyny üýşüripdi. Şonda ol aýallarynyň dördüsinem iliň öňünde hatar durzubam: «Adamlar, onda sag-aman galyň! Indi biziň gaýdyp geljegimiz, gelmejegimiz belli däl. Alys bir ýere gidilýär, bu ýere meniň saýamyň düşjegi belli däl. Erkegiň saýasy düşmeýän ýerde aýalyň özüni nähili alyp barjagyny bilip bolanok. Şonuň üçin men bularyň içinde Enejany özüme ýoldaş edinmekçi. Beýlekileriň bolsa nogtalaryny başlaryna oraýan. Isleseler durmuşa çyksynlar, isleseler başyboş gezsinler. Indi menden-ä bulara zowal ýok. Bular bir suwy süýjän, talaby, höwesi güýjän heleýler. Bilip bolýarmy, yzymda nämeleriň boljagyny. Biriniň dile ýeter, ýene biriniň eli. Meniň „Pylanyň heleýi pylan bilen gezýämiş“ diýen ada galasym gelenok. Indi bular menden boş, dört taraplary açyk, islän ýerlerine gitsinler. Aman-sag gaýdyp gelsem-hä he hop, onda ýene-de sarpalaryny saklap gezen bolsalar, eýe çykyp birleşerin, ýogsam-da bolsa, olar men diýmesinler...»

Çary ussa aýal mähir-mylakatyny gowy görşi ýaly, olary tutanda-da zabun tutar eken. Ol aýallarynyň arasynda sähel bir sene-mene eşidäýdigi olaryň dördüsinem öýüň tüýnüginden baş-şak asyp, gamçy bilen dabanlarynyň aşagyna ýagşy ýenjer eken. Bu bolsa soňra olaryň telim günläp aýaklary bişen ýaly, zordan basyp, zowzuldap gezmeklerne sebäp bolupdyr...

Gapdalda köl suwy görnen wagty arabany çekip barýan at suwsandygyny mälim edip, şol tarapa boýnuny süýndürip ymysgandy. Orazgeldi atynyň ümüne düşündi, biraz öwrüm edip, köle ýakynlabam boljakdy, emma Orazgeldiniň agyr ýük çekip,

gyzyp gelýän aty sowamanka, suwarasy gelmedi. Oňa hoşamaý ýüzlendi:

–Ýöräber, ýöräber, janawer. Oba-da indi uzakda däl. Bu gezek biz şähere baramzok. Ýeteris tizden barmaly ýerimize. Hany ýüki bir düşüreli bugdaý saraýda. Onsoň özüm saňa suwam bererin, torbaňy dolduryp arpa-da.

Orazgeldi oba ýakynlap, ýüküni düşürmeli ýerine sowulmakçy bolan mahaly Çary ussanyň arabada oturanyny ýatlap, arabany saklap, oňa tarap öwrüldi. Çary ussa bu mahal bugdaýly haltalara ýaplanyp, oýrganyp otyrdy. Orazgeldi onuň parhsyzdan ýaltalaç halyny görüp, geçen agşam ussanyň aýaly Enejany penjire goýýan täze jaýlarynyň birine salyp, göwnüne ýetip alanlygyny raýdaşlarça makullama bilen pikir etdi. Soňam sähelçe baş atyp, Çary ussa ýüzlendi:

–Ildeş, men-ä şu ýerden öwrülmeli–diýip, obadan biraz üzňelikde oturan bugdaýly saraýa tarap ümledi.

Çary ussa şundan soň arabadan düşdi-de, gapdalynda goýan gural salnan çemodany eline aldy. Soňam «Arabaňda getireniň üçin sag bol» diýerli bolup, oňa tarap ýöneldi. Golaý gelibem ýylgyrdy-da henek atdy:

–Bä, gardaş, lakgylygyň-a öňem az-kem aňýardym welin, ýöne beýle derejedesiň diýip pikir etmeýärdim–diýdi.

Orazgeldi hem şundan soň:

–Her ýerde, her ýerde özüňçe adam bardyr görseň–diýip, onuň oýun-henekli ýaňsysyna degşip jogap berdi.

Ildeşler düşünişme bilen bir-birleriniň ýüzlerine seredişen-soňlar, olaryň hersi öz ýollaryna gitdiler.

...Ýyllar geçer. Wagt geler. Bu ikisi ýol boýy tersleşen ýaly bolup gelseler-de, bir-birlerine ýedi ýat hökmünde seredişen-de bolsalar, olar soňra çagalaryny bir-birege çatyp, guda-garyndaşa öwrülerler. Orazgeldiniň ogly Allanazar ýolda gelýärkäler bulaşyk saçlyja garagözelek gyzjagazy görüp: «Şu görmeksiz sypaty bilen şu gyzam biriniň duluny eýeläp, maňlaýyny garaldar» diýip,

halamazlyk bilen oýlanan-da bolsa, soňra Jeren ulalyp ýetişip, oňa özüniň iň gowy gyzdygyna ynandyryşy ýaly hem maşgala iň gerek adamdygyna hem ynandyrar. Arabakeşiň öýüniň törüni bezäp, ol ojaga alty ogul, dört gyz dogrup beren zenana öwrüler.

...Eger geljekki iki guda şol wagt ertirki on çaganyň atasy, babasy boljagyny bir ýol bilen bilen bolsalar, gürrüň baryny tapyp, gürleşip tükedip bilmezdiler.

* * *

Saralyp bozaran güýz garrap, özüniň soňky günlerini gyşyň hasabyna geçirip ugrapdy. Gün bolsa bir tutam bolup gysgalypdy. Oňa derek gijäniň örüsiniň giňelendigi mese-mälim duýulýardy. Gün asmanda peýda bolsa-da, ol indi hiç kimiňem ýagyrnysyny öňki ýaly gyzdyrmaýardy. Ýene bir ýylyň süýrenip-toplanyp tamam bolup barýanlygy barada güýz tebigatyna mahsus biraz hasratly duýgy döredýärdi.

Şol günleriň birinde Orazgylyç daga häzirki oturan ýerleriniň entegem özleriniň soňky gelmeli ýerleri däldigi belli boldy. OGPU bulary iki topara bölüp, ýene-de göçürmekçi boldy. Nämüçin onuň beýdýäni bolsa, sürlen ýerlerine gidip ýören bendilere ýene-de öňküler ýaly düşnüksizdi. Durmuşyň bolşy ýaly döwür-döwranyň özem kemisliräk adam ýaly öte küýli hem düşnüksiz tapmaçady. Näme pikir edýänini onuň özünden başga bilýän ýokdy. Ýöne näme üçin hym baglaýanlygy düşnüksiz bolsa-da, onuň adamlarda nägilelik bilen gazap oduny tutaşdyrýandygy welin göz-görteledi. Özi-de telim ýyl set-müň ýigitleri gujagyndan geçiren loly gelin ýaly, utanç-haýany bilmezden bihaýalyk görkezýärdi.

Orazgylyç hem ilkinji göçmelileriň arasynda ady tutulansoň, goşlaryny täzeden daňdy. Göçi äkitmek üçin gazagyň iki örküçli ýük düýeleriniň on-on bäşisi bir ýerlerden bu ýere getirildi. Otla münülmän, düýeli gidilmeli bolsa, adamlar özleriniň gitselerem, öňki ýaly ýurt aşyp gitmän, şu töwerekde bir ýere eltiljekdiklerini pikir etdiler. Orazgylyç goşlarynyň ýygnamalysyny ýygnap,

tertibe salmalysyny tertibe salyp, ýol şaýyny tutdy. Bu ýerde galýan goňşy hemsaýalarynyň birnäçesi bilen hoşlaşansoň, aýalydyr ogluny yzyna düşürip, howlynyň ortasyndaky düýelere ýük urulýan ýere geldi.

Göçmek-bölünmek bilen bagly mesele eýýäm gidýän-galýanlary som-saýak aýaga göteripdi. Bu ýerde ugradýanlar, ugraýanlar toplum-toplum bolşup, gürleşip durdular. Düýelere ýük urulmalysy dowam edýärdi. Hüjreli mesgen gorjalan ary öýjügine dönüpdi. Harbylarça geýnip, gabaryp duran garnyny inli kemeri bilen guşan komendant düýelere ýük urýanlary gyssap, töweregindäki eli ýaragly esgerlere buýruklar berişdirip, gowadaklap ýördi. Käte aýak çekip, başyndaky papagyny çykaryp, jübüsinden alan matasy bilen tegelek ýüzüniň, öljeren boýnunyň, maňlaýynyň derini süpürişdirýärdi. Gyýmakly gözlerini süzgekledip, kimdir biriniň ýüzüne bir zat diýmekçi bolýan ýaly, wagtal-wagtal çiňňerilibem gözleýärdi. Adamlar baryljak ýeriňem bu ýerden oňly däldigini, ol ýere gidýänlere has kyn durmuşyň garaşýanlygyny pikir edýänleri üçinmi nämemi häzir gidýänleriňem, bu ýerde galýanlaryňam haly perişandy. Allanazar hoşlaşmak üçin ilki Ahmedi gözläp, töweregine göz aýlan mahaly ony tapmandy. Birazdan bolsa ol ýük urýanlaryň beýleräginde öz ejesidir Ahmediň ejesiniň ýaşmak dişleşip, gürleşip ugranlaryny gördi.

Şundan soň ol dostunyňam bir ýerden gara berjegine tama etdi.

Ahmetdir Allanazaryň şol kömürli waka bilen baglanyşykly sergezdançylyklaryndan soň komendant bular bile bolsalar, ýene bir hokga çykaraýmasynlar diýen pikir bilen, olaryň maşgalalaryny bir ýerden aýryp, başga-başga ýerlerde ýaşamaly edipdi. Şeýdibem Aganazarlar öňki oturýan ýerlerinde galsalar, Ahmetler hüjre-jaý ýetmedik ýalazy meýdanda oturanlaryň arasyndan çykarylypdy.

Bir saraýda ýaşasalar-da, bular ýene bir hokga peýleýän bolmasyn diýdirip, OGPU esgeleriniň pikir etmeklerinden

çekinişip, olar indi gabatlaşsalar-da, öňküleri ýaly bile tirkeşip ýörmeýärdiler. Çökerilen düýelere ýük urup, goşlaryň daşy bilen aýlap, olary berkidip, syntgap duranlaryň gapdalynda Allaberdi peýda bolup, kimdir birini gözläp, töweregine göz aýlan wagty Aganazar onuň özleri bilen hoşlaşmaga gelenligini bildi. Onuň yzysüre bolsa Ahmedem bile oýnaýan ýoldaşlarynyň birnäçesini yzyna düşürip, bu ýere geldi. Ol gelşine-de töweregiň ünsüni çekip, onuň bilen gol berşip, gadyrly salamlaşdy. Bu ýerde ulular wagtal-wagtal oglanlaryň arasynda güýç synanyşma göreşler gurnap ugraly bäri Ahmet deň-duşlarynyň arasynda özüniň ekabyrlygyny subut edenleriň biri bolupdy. Birki sany bolaýmasa, soňra aňsat onuň garşysyna çykyp bilýän oglan tapylmandy. Onuň kömürli wagonda gidip, soňra ýene-de sag-aman gelmegi hem ony gerek bolanda, kyn ýagdaýlardanam baş alyp çykyp bilýän oglan hökmünde tanadypdy. Ahmet dostunyň elini goýbermän durşuna minnetdarlyk bilen onuň ýüzüni gözläp:

–Aganazar, sen dostluga mynasyp oglan ekeniň. Eger şol pursatda biziň birden-birimiz ýagdaýa görä hereket etmedik bolanymyzda otludan düşjek bolup, aljyrap, çolaşyp, onuň aşagyna düşmegimizem gaty mümkin eken. Müzzermedik, sag-aman gaýdybam geldik...

Şu mertebelenip aýdylan gepden soň töwerekdäki deň-duşlaryň Aganazardyr Ahmediň kömürli wagonda eden «syýahatlaryna» gözleri gidenligi belli boldy. Olar iki dosta töwerekden gözi gidijilikli seredişip durdular. Dostlar bir-birlerini gujaklaşyp hoşlaşdylar.

Sürgünlere ýola düşmäge buýruk berlen wagty düýeler leňňer atyşyp, turmak bilen, aýal, oglan-uşaklar ýerli-ýerden galýanlar bilen hoşlaşyp, ýola düşdüler. Düýeler, adamlar herekete gelen mahaly göç misli owsunyp, derýa akyp ugran ýaly duýgy döretdi. Sürgünleri sürüp barýan OGPU işgärleriniň adamlara gödek, talaply sesleri şundan soň hüjrelikden barha daşlaşma bilen boldy. Adamlar hiç zady piňlerine almaýan ýaly başlaryny dik tutuşyp,

öňe perwaýsyz seredip barýan düýeleriň yzyndan, aralygyndan olaryň aýaklaryna çolaşarly bolşup gidip baryşlaryna günortanyň öň ýanlarynda derýa boýundaky paromyň duran ýerine ýetdiler.

Bu ýerdenem ýükli düýeleri, adamlary parom bilen garşydaky kenara geçirip ugradylar.

Syrderýa bu ýerde towlam-towlam bolup, hyruç bilen hamala geriş atyşyp aşakdan göterilýän ýaly bolup akýan eken. Her gezek derýa bilen duşanda bolşy ýaly, paromda ýüzüp barýarkalar Syrderýa Aganazara ýene-de öz obalarynyň gyrasyndan akyp geçýän Murgaby ýatlatdy. Aganazar dessine oňa imrinip, ondan öz derýalaryna bolan meňzeşligi gözledi.

Elbetde, meňzeşlik bardy, onuň aýlanyp-towlanyp, gözýetime çenli uzap akyp ýatyşy, kenarlaryň bir-birlerine gözügidijilikli gözleşip duruşlary Murgaba meňzäp, öňünde oba çyksa, gapdalyndan oýtarlap akyşy bu olaryň meňzeşden onuň ekiz taýdygyny nygtaýan zatlardy. Emma ol Murgapdan has uludy. Murgap her ýazda joşanda-da aňsat munça ýazgynlyk alyp ulalmaýardy. Ýöne aýdyşlaryna görä, Murgap hem bir wagt iki gyryň arasyny dolduryp, çaý-çanak bolup, dyňzap akanmyş. Belki, şonda ol Syrderýa has-da meňzese meňzändir. Güýzde derýadyr ýap-suwlaryň çekilip durlanmak bilen bolýanlygyna, häzirki pursatda onuň gujagynda kenar opuryp akýan öte guduman, suwy bulandyrýan tolkunlaryň ýoklugyna seretmezden, onuň suwy bulançakdan gelen ýata suw ýaly sargylt görünýär. Murgabyň dagy bu wagt suwy durnanyň gözi ýaly dup-durudyr, onda ýüzşüp ýören çapraz balyklaryň biraz suwuň ýokarragyna galkan wagtlary, endamlaryna Gün  şöhlesi düşüp, altyn bölegine öwrülip, ýalp berýändir. Juda görnüp barmasa-da, salpy murt lakga balygam bardyr, birden garalyp, onuň-da gerşi-de görnüp gider. Ýöne ol Murgabyň özi ýaly sadadyram. Başyny lüýge gömensoň, tutuş göwresini gizlänine ynanýandyr, ýöne guýrugy welin yzynda haýsydyr bir garamtyl çal mata gykyndysyna meňzäp ykjap, suw ugruna ülpüldäp, men bärdedirin diýýän ýaly onuň bar syryny paş edip durandyr. Lak-

ga balygyňam Gurban murt ýaly bar guwanjy murty bolar eken. Salpy murtuny gizläp bilse, onuň tutuş göwräni gizländirin hasap etmesi hem şonuň üçindir. Ine, onsoň olar oňly gizlenmäni başarmaýandyklary üçinem, Nomma ýaly çyn balykçynyň awy. Suwa girse, elini uran ýerinden balyk alyp duran Nomma balykçyň bardyr... «Maňa-da tutup beräý» diýşip, Aganazar ýaly galyň oglanam onsoň onuň daşyndadyr. Hatda Jemal mama ýaly garry aýallaryňam käte: «Balyk iýesimiz gelipdir, hany şol Diwananyň balykçy ogly görnäýmezmikän?» diýäýmesem bardy...

Aganazaryň pikiri şeýdip Murgabyň töwereginde köw salyp aýlanyp duransoň, indi onuň özem bireýýämden bäri Söýünalyda mama-babasynyň ýanyndady. Allanazar bilen öýleriniň öňünde kenek aşyklaryny silişip, hemişe olaryň oýnaýan oýunlaryna höwesek, ýöne oňly oýun bilmeýän Rahmannazary öz oýunlaryna goşaslary gelmän, ol mamasyna arz etse welin, ony-da oýuna goşmaly boljaklaryny pikir edişip, aşyk oýnaşyp ýördüler. Şol bir wagtda bolsa ol häzir mamasynyň gujagyny küýsäp, onuň özüni sygryň gölesini ysgap-ýalaýşy ýaly, özüne mähribanlyk etmegini isledi. Aganazar mähriban mamasyny ýatlanda, bokurdagy hüpüläp dolup, ony juda göresi gelenligini duýdy. Gözüniň owasyny dolduran gözýaşyny öň ýanynda oturan ejesiniň arkasyna tarap öwrülip gizledi. Mamasydyr babasynyň mähriban keşbi üzlem-saplam oýdur, gaýgy-hasradyň perdesiniň aňyrsynda galdy. Mamaly-babaly dünýä öň onuň adaty durmuşy bolan hem bolsa indi onuň düýşüdi, küýsegidi. Ol küýseg bolsa wagtyň geçmegi bilen hem Aganazaryň çaga kalbynda artmasa, azalarly däldi.

Sürgünler şol günüň ertesi bir günden gowrak ýolda bolup, öz gelmeli ýerlerine ýetip geldiler. Bu bir on-on bäş ýyllykda taşlanyp gidilen oba bolup çykdy. Oba Syrderýanyň çep kenarynda üstüniň ot-çöpi bolmadyk çaňjaryp ýatan ýerde ýerleşen eken. Obanyň töwereginde çalgym-çalgym bolşup, öň bir wagt çekilen joýa-pelleriň yzlarynyň sudurlary bardy. Bu bolşewigiň getiren

kada-kanunlaryny alga alman, onuň bilen darkaş gurup, göterilip giden adamlaryň mesgeni bolup çykdy. Bu döwürde obasyny-ilini taşlap, göçmäge mejbur bolmak ýurtda gabat gelmeýän seýrek waka-da däldi. Rewolýusiýa döwründe çaýkanyp ugran dünýäniň adamlary zyňyp-gapyp, henizem şol çaýkanyp durşudy.

Eýesiz oba gelenleriň öňünde it-istuwatsyzlykdan lagar düşüp, ýykan-ýumran bolup otyrdy. Adamlar derýanyň yzarlap akýan pesliginden obanyň oturan belentliginiň üstüne göterilen wagtlary bu ýerde güýzän topragyň üsti bilen ösýän şemalyň öňküden has batly hem aýazlydygyny duýdular. Adamlaryň sowukdan ýaňa süňňi titreşip, gözleri ýaşardy. Aýallar çagalary üşetmezlik üçin, mümkin boldugyndan, olary has galyňrak geýindirmäge çalyşdylar. Adamlar egnindäki donlarynyň tenleri bilen aralygyna sowuk howa dolmazlygy üçin, guşaklaryny çözüp, täzeden guşanyp tijendiler.

Şeýdibem, bu tomusda başlanan sürgün sergezdançylygynyň ýene bir böleginiň başdan geçirmesi boldy.

* * *

Ýagdynyň gara öküziň deminden aman sypyp, yrgyldargyl eli hasaly bir gapdalyna agsap, işine gatnap ugranyna köp wagt geçmänkä, Söýünalydan ýene-de şähere nobatdaky et salgydyna mal sürüşlik boldy. Bu waka indi belli bir derejede obanyň ýadyndan çykyberen-de bolsa, öküziň eden ol oýny Ýagdynyň ömür ýadynda galan ahmyrly zatlarynyň biri bolupdy. Onuň kalbynda telim bir gün möwç uran gahar-gazap indi gara öküzden ar almak islegine öwrülipdi. Şol günden bir gün öň ol sygyr ýataga gelip, at üstünde oturan ýerinden müdir bilen çopana gara öküzi görkezip: «Kymyşyň öküzinem güm edip, goş şoňa!» diýip, ferma müdire ýörite tabşyryp gidipdi. Müdir göwnemesede, onuň näme üçin beýdýäninden habarly bolansoň, gara öküzi şuranyň gazabyndan sypdyrmaga synanyşyk etmegiň peýdasynyň bolmajagyna şol bada göz ýetiripdi. Ýagdy öňem müdir özüni

soramaga, tabşyryklar almaga ýanyna baranda oňa gep arasynda «Şol däli öküz gezip ýörmi, etmelisi-ä onumy maňlaýyny darka ýaryp, aýagy hine gitdi diýen ýaly bir bahana bilen, derisini sypyrmaly, gazyçylara bermeli, goý, ony bölüp-bölüp çaryk edinip geýsinler» diýip haýbat atypdy. Emma müdir şura şol wagt gara öküz barada kesgitli bir zat aýtmansoň, onuň kastyna çykmandy. Dogrusy, ol şeýle dogumly öküzden sagdyn göleleriň döreýänine ynanýardy, oňa buýsanýardam. Ýöne Ýagdyny süseni bäri ony näme üçindir özüniň has gowy görüp ugranlygyny hem duýupdy. Gara öküziň Ýagdyny şahyna mündürip, atyp almasy bu basdyrasy gelen adamlaryny basdyryp, süsdüresi geleni hökümete süsdürip bolmajysy bolup ýören hökmürowandan tutuş oba adamlarynyň özboluşly ar almasy bolupdy.

Obada Ýagdyny öküz süsenini eşidip: «Hakyndan çykypdyr, şahlarynam bir onuň garnyndanam geçirmeli eken...» diýýänlerem az däldi. Gara öküziň et salgyda ugradylýanyny eşidip, muňa nägile bolanlaryň birem oňa göleliginden bäri belet Jumagylyç çopandy. Müdir: «Şunam goş şol äkitjek mallaryň arasyna» diýende, ol «A-how, ol tohum öküzimiz-ä. Onda-da, gör, nähili gowy öküz. Ondan gowyny nireden taparsyň?» diýip nägile boldy.

–Bolanda näme!? Geçen ýylky öküzçeleriň birini ýerine goýber!

–Onuň ornuny tutjak öküzçäni men-ä bularyň arasynda göremok.

Müdir özi bilen sanaşýan çopanyň bolşuna biraz indi kejigip gepledi.

–Şonuň näme üçin goşulýanyny sen bilýän dälsiňow?. Hökümet adamsyny şahyna mündürip silen öküzem bir sürüde saklap bormy!?

–Papak-sapak geýip, mallaryň arasyna nä ýat bolup gelmesin-dä. Öküziň ýat görüp üýşenenini görendenem aldy ol janaweri gamçy astyna däliräp. Beýle zulum etseň, ony özüne göwni ýetýän öküz ömür unudarmy!? Ol ýyl şunuň ýaly urlup, göwnüne deglen

öküz Hümmi akgany süsüp öldürmedimi näme!? Haýwan-ynsana duşman bolmaly däldir, duşman bolsaň, olar bir ýerde bolmasa, başga ýerde senden ar alar. Şura-da: «Gara öküz meni hem ala öküziň Hümmi çopany öldürişi ýaly öldüräýmesin» diýip gorkýan bolmaly. Elbetde, gorkýandyr. Öküz şahyna ildirip silkip alar-da, sen ondan gorkmazmyň?!

–Gorkan şura indi öňküsi ýaly gelip, her malyň guýrugyndan bir tutup, sanap derekläp ýörenok, gelse-de atdan düşmän, ýatagyň daşyndan mallary synlap gidýär–diýip, müdiriň öz islegine görä öküziň peýdasyndan geçmeýänine ýene bir gezek göz ýetirensoň, onuň bilen ylalaşdy.

–Haýwan bilen dagy deň bolup ýörüler eken-ä? –diýip, nägile samyrdap, tohum öküzi sürüden saýlap, şähere äkidiljek mallaryň arasyna goşmak bilen boldy.

Jumagylyç çopan et salgyda niýetlenýän mallary aýratyn süri etdi-de, olary jemlänsoň, sürüläp öňüne saldy. Häzirki wagtda şähere barýan ýoluň iki gyrasynyňam, esasan, ekerançylykdygyny ýatlabam, olary böwşeňräk ýer hasaplap, gyryň üsti bilen äkitmegi niýet etdi. Munuň üçin bolsa ol Gaplaňlaryň ileri başyndaky jaryň güzerinden mallary suwdan geçirermen boldy. Ol Hangulular toplumynyň gapdalyndan geçip, biraz ýöränsoň, bölejik tozan göterip barýan süriniň öňüni dolap, olaryň ugruny Gaplaňlaryň oturan obaçylygyna tarap gönükdirdi. Gaplaňlaryň jedel tümmeginiň daşyndan ýarym öwrüm aýlap geçiribem olary beýleki başy baryp, jar güzerinden inýän köçäniň ugry bilen sürüp gitdi.

Gün bireýýäm Garabil baýyrlarynyň depesine galypdy we säher şemalyna galdyrap, ukudan açylyşyp oturan baglaryň, hyşa gulpaklarynyň, oba öýleriniň üstüne şöhle salýardy. Derýanyň üsti ukudan oňly açylyp bilmeýän deý çaňjaryp, egrem-bugram bolup ümürläp durdy. Jar-da çagalar ýaly, gijäniň ümsümligine çümüp, uzagrak ýatmagy gowy görýän bolmaly diýen pikir döredýärdi. Jemal mama öýüniň öňündäki malýatakda, töwereginiň

giňişligini alyp, sygyr maçjalaryna, gyzlarynyň düýnki döwnüp iýen erik şänikleriniň daşy bilen saman garyp, şeýle bolanda onuň gyşda dagy ojakda uzak wagtlap ýanyp durýan ojardyr töňňä berimsiz odun bolýanlygy barada pikir edip, tezek eýläp otyrka, golaýdan sygyr toýnagyndan göterilýän tozan burnuna uran mahaly başyny işinden göterip, töweregi bilen gyzyklandy. Şonda ol tanyş çopanyň ýol bilen bir bölek sygry öňüne salyp, tozan gopduryp sürüp gelýänini gördi. Ol oba sygyrlarynyň örä äkidilýän wagtynyň bireýýäm geçenligini, bularyň nähili-niräniň mallary bolup biljekdigi barada oý eden mahaly onuň kalbynda az salymlygam bolsa, hamala şol özüne tarap gelýän süri kolhoza geçirilen mallary, Kymyşyň giden döwleti yzyna dolanyp gelýän ýaly duýgy döredi. Onsoňam kolhoz sürüsi bu syrgyndan ýazda baýyr üstünde ot-çöpleriň köpelen döwri bolaýmasa, güýzde, tomusda geçibem ýörmezdiler. Jemal mama gapdalyndan alan bir penje samanyny bilen eline ýokan sygyr maçjasyny süpürip, ör galan mahaly ol sygyrlaryň arasynda öň hatarda bitginli öz elden giden sygyrlaryna çalym berip duran gara öküziň iki-ýeke basyp, toplumyň gerşi bolup, beýlekilerden bir gez saýlanyp, ýaýkyldap, merdemsi ýöräp gelýänligini gördi. Içinden «Biten öküz eken öz-ä» diýip, oňa baha berdi.

Çopan golaý gelen wagty, at başyny çekip, oňa salam berdi:

–Daýza, salawmaleýkim!

–Amanmy, ýegen. Saglyk-amanlykmydyr? Mamaňam gurgunmy?

–Gurgun. Mamamam hyk-çok edip, garrylyk bilen gidişýär öz-ä...

–Aý, nätjek-dä, Allanyň salanyny çekmeli-dä. Alla aýdanmyş-a, «...etseň-ä çek berenimi, ýogsamam göteril meniň mülkümden» diýip, şol uly oglunyň basylyp-çapylmagy mamaňam bilini bükdi-dä–diýip, haýpygelijilik bilen gürledi.

–Daýza, sürgün giden daýylardanam habar düşenmiş, gözüňiz aýdyň onsoň, mamamam-a «Jemal doganyma bir gözüň aýdyň diýeýin» diýip otyrdy...

–Geldi, düýn geldi ýaramaz janyny ýaradyp. Onsoň bu mallary niräk alyp barýarsyň, ýegen?

Jumagylyç çopan bir mallara, bir şäher tarapa gözläp:

–Şähere. Bulary et salgyda geçirmeli diýdiler. Uly ýoldan sürüp, ekinçilige çolaşdyryp ýörmäýin, ilerligine boşlugrak ýere çykaýyn diýdim-de, olary şu ýere dolaýdym. Baýyr üsti bilen gidip, şäher depesinden inderäýjek.

Kowgusy galansoň sygyrlaram indi ädimlerini haýalladyp ugradylar.

Şol barmana Jemal mama ýaňky duşundan geçen göze gelüwli nazarkerde öküziň öz sygyrýataklarynyň aňrybaşynda dikilen agaja süýkenip, malýataklaryna seredip duranyny gördi.

–Egen, öküziňä öküzjan eken welin–diýip, Jemal mama oňa gözügidijilikli seretdi.

At üstünde gyşarybrak oturan çopan hem şundan soň şol tarapa seredip, sähelçe ýylgyrdy.

–Daýza, tanamadyňyz öýdýän siziň öz öküziňiz-dä şol, eşidensiňiz-ä şurany süsüp ony tas öldüripdi. Iki bolup ony zordan öküziň aşagyndan aldyk.

–Şurany öküz süsenmiş diýib-ä bir gulagyma degdi. Ýöne biziň öküzimiz diýib-ä eşidemok.

–Siziň öküziňiz, süriniň ýarysyna golaýy siziňki dälmi nä!?

–Şeýle özün-ä...

Gara öküziň öz malydygyny eşidip, Jemal mamanyň ýüregi gyýyldy. Ol agaçlaryna süýkenip duran gara öküzi yhlasly synlady. Soňam «Şuraň bu degene-de degip, degmedige-de kesek atyp, päli azyp ýörşüne ahyr bir belaň üstünden barmalydy-da...» diýip, öz öküziniň eden işini makullaýan manyda gürledi.

–Aý, ýok. Bizem-ä hemişe gapdalynda-da gezip ýörüs, bakybam ýörüs, şulary... Şuraň özi kelpezlik edip, birki aýlykda

gahar eden bolup gowy gamçylady-da muny. Bilýäňiz-ä onuň sähel zada gomasylanyp göteriliberýänini? Öküzem bir duşaýsaň bor diýip, amadyna garaşyp ýören eken.

Şu pursatda gara öküz Jemal mamaň gözüne has yssy göründi. Gyzlaryny çagyryp, öňüne bede atdyryp, ony hezzetläsi geldi. Gara öküziň agaja süýkenip durmasynyň onuň öz öý bilen özboluşly hoşlaşykdygyna düşündi.

Jemal mama mallar güzerden geçip, gyra dyrmaşyp, gözden ýitýänçäler, öý germewiniň gapdalynda ýakyn bir adamsyny gitsegelmeze ýola salan dek bolup, olaryň yzyndan hasrat hem biraz buýsanç bilen seredip galdy.

* * *

Orazgylyç agşam giç ýatanda bolsa, ertir ir oýandy, wagty bilen öýden çykman, öz tykyrdysydyr aýak sesi bilen gapdalda süýji ukuda ýatan ogludyr aýalyny oýaraýmaýyn diýýän ýaly, wagty bilen ýerinden galmady, jaýyň petigine seredip oýurganyp ýatdy. Üstünden geljek ýoldaşlarynyň özüni çagyrýan sesine garaşdy.

Komendantyň bir adamy olary bu günler äkidip, meýdanda geljek ýylyň ekin-dikinleriniň ekiljek ýerleriňde işledýärdi. Adamlar uzakly gün ýer depişip, çil çekişip, garaňkyny ýagşy düşürişip öýlerine gelýärdiler. Sütüni süýnen adamlar geldiklerem bir zatlar garbanyp bildikleri ýene-de yňan ýerlerinde uklaşyp galýardylar. Orazgylyjam bu günler şolaryň biridi. Işden gelip garbanansoň, ozalagşam aýaly Amangül ony yralap: «Aganazar janyň ýerinden tur, öz ýeriňe geç!» diýip turzupdy. Emma daş çykyp, ýüzüne sergin şemal urduryp, biraz ukudan açylyp gelensoň, ertir ir gitmelidigini ýatlasa-da, ol gözüne çiş kakylan ýaly, wagty bilen uklap bilmändi. Aýralyk, Watandan jyda düşülip görlüp ýörülen horluklar baradaky oý-pikirler bir kellä dolansoň, derdiň gozgalansoň, hany ýat-da ýatyp bilseň. Aç towuk düýşünde dary görerleri bolsa gerek. Orazgylyjyň soňky

günler has-da agasydyr kakasy bilen öz oragyny oran, döwegini döwüp, samanyny atyp, çäji depe bolup, seňňer atan bugdaý ýerleri ýadyna düşýärdi. Muňa sebäp aýralygam-a bolsa bardyr welin, ýöne esasy sebäp, soňky döwürde hökümet adamlarynyň sürgüne getirilenlere berilýän nanyň mukdaryny azaltmaklary, bu ýagdaýyň bolsa başga-da bir iýmit çeşmesi bolmadyk adamlaryň ýaşamagyny has-da kynlaşdyrmagydy.

Täze ýere ilki gelnen mahaly bu ýer derýadan ýeňsedäki hüjrelikde bolan döwürlerindäkiden has amatly hem gowy bolaýjak ýalydy. Emma ýagşy niýetler ýagşy ýagdaýlara öwrülip, kök atyp ýaýrap-ýazylyp gidibermeýärdi. Hökümet bokurdagy gysyp, öň ululary̆ň işläni göz öňüne tutulyp, olara her gün 600 gr çörek berlen bolsa, indi o-da azaldylyp, uly adam başyna 400 gr, çagalara bolsa öňki 300 gram çörek haklarynyň deregine 200 gram berip ugralypdy. Munuň daşyndan ekin önümleri ýene tapylyp, biraz huruşlyk bolan bolsady, onda juda horlanman ýaşap bolsa-da bolardy. Ýöne göçülen ýurtda hany saňa bu ekin-dikin diýlen zatlar tapdyrýarmy!? Ekmeseň gögermez bu zatlar gün geçdikçe barha-da özüni beter küýsedip ugrady. Bu lukma bilen köp çagaly ýerlerde-hä oňmak hasam kyndy. Tapsyz adamlar işe zordan gidip gelýärdiler. Näme etjeklerini bilmän kösenýärdiler.

Adamlaryň sowuk düşüp, meýdan mährinden geçilip, içerik ýygnanmaly wagt gelip, ot-ojak başy has hözirli görnüp ugransoň, ozal-da bar bolan çöpleme, tezek bilen oňňut edip ýören halkyň öňünde odun meselesi hem uly dert bolup keserdi.

Bu oba özüniň oňly otçöpi bolmadyk töweregi bilen juda ýalaňaç görünýärdi. Adamlar töwerekdäki aýak ýetýän ýerlere aýlanyşyp, tama bilen gözleseler-de, jeňňeldir ýylgynyň bol bolýan şorluklaryny tapmaýardylar. Şonuň üçinem adamlar nirede işleselerem, olaryň bir aladalary odundy. Olar nireden tapsalar tapanja çöpleme odunlaryny, goltuklaryna alyp, köpräk toplasalar, göterip bilenlerinden arkalaryna alyp gelerdiler. Emma odunam-

a tapdyryp duranokdy welin, ýöne bir garny hemişe aç-tapsyz halyňa basyrynyp, uly bir zat getirmäge ýagdaýam çatmaýardy.

Şonuň üçinem sürgünlere bu obanyň öňki ýaşaýjylarynyň başlaryny alyp, daşary ýurt diýip gitmeklerine dine bir Sowetleriň ýanamalarynyň sebäp bolmagy däl-de, şu odun gytlygynyňam sebäp bolandygyny pikir edýärdiler.

Adamlar ekin-tikin ekilip ugralsa, durmuşuň munuň ýaly gury ýuwdunyp durmajagyna, gawun-garpyzyň dagy çüýrük-çarygynyňam özlerine lukma bolup, maňlaýlaryndan direjegine göwün ýüwürdip, özleriniň çydam käsesi çat açyp barýan göwünlerine «Ölme, eşegim, ýaz gelep, ýorunja çykar» edip teselli berýärdiler. Sadagasy gitdigim, paýok diýlip berilýän nanyňam ady nan-da bolsa özi gara lokga bir hamyrdy. Ol obada biriniň öňki iki otagynda gurlan pekarny-tamdyrda bişirilýän-de bolsa, ýüzüne ot-ýalyn urýana meňzemeýärdi, urýanam bolsa ýeterlik däldi. Sebäbi onuň bişirýän çörekleri öňde-soňda görülmedik gara undan edilýändigine seretmezden, ol çigdi, ele alaňsoň, şepbeşer durardy. Amangül her gün özleri üçin berilýän 1 kilo çörek paýy alyp, ony ygtyýar zenanlaryň edişi ýaly, tygşytly hem ýerlikli ulanmaga çalyşýardy. Käte onuň içindäki has çig ýerini alyp, oklaw bilen ýaýardy-da, kesişdirip unaş edip, suwa atardy, ýene-de ýag, iýere ýaramly noýba düşnüginden atyp, köpeldip, ony üç adama borluk gyzgyn nahara öwrerdi. Amangül her gezek çörek alansoň, ony pyçak bilen ýukarak kesişdirip, ojagyň golaýynda aşagyna esgi düşäp, serip iýilmezinden öň çalykdyryp alardy. Şeýdilen mahalynda ol çigligine iýeniňdäkiden has tagamly bolýan hem ýalydy. Köneleriň: «Açlyk nämäni iýdirmez» diýen gepem şular ýaly bir onuň derdine ýananyň sözi bolmaly.

Maşgalany bir tabynda saklamak aladasy bilen galyň bende çir-çitirdi. Şeýle-de bolsa ilçilik, agyr durmuşyň öňünde sep berýänlerem, näderini bilmän, alňasaklyga düşýänlerem az däldi. Mejbur edilen bu ýetde-gütdelik eýsem kiçi-girim dertmidi? Şeýle-de bolsa bendilenen adamlaryň maşgalasy bilen bu derdi



*20

çekmekleri hökmandy. Şu öwrede sürgünleriň arasyndan birdir-ikidir, näme bolsam şol bolaýyn, ölsemem ýurda bir aşyp öleýin diýip, maşgalasynyň aladalarynyň öňünde durup bilmän, ony taşlap gaçanlaram bolýardy. Ýöne olary köplenç ýolda bir ýerlerde ele salyp, ýene-de yzlaryna getirýärdiler. Olaryň köpüsi soňra öňküje hallarynam tapman horlanardylar, ölübem gidýärdiler.

Şol saparam güýz günleriniň biridi, çagalaryň çapmany-ýortmany halaýan ýeňil aýaklary bu gün olary oturylan obaçylygyň sesýetimligindäki öwlüýäniň gapdalyndan çykarypdy. Bu golaýda bir köne galanyň-da eräp, ýarty süňňüni ýere goşup oturan kä bir diwarlary bardy. Çagalar gelip, käte şolaryň arasynda bukuldym oýnaýardylar.

Aganazaryň bu ýerde dil tapyşyp oýnaýan dostlary esasanam öz täze goňşularynyň ogullary Aýhan1 bilen Hanawdy. Häzir bu ýerdäki oýunda  şolaram bardy... Aýhan eşekçidi, oglanlar ikibir, üçbir bolşup, onda-munda gizlenipdiler. Ol oýnuň şertine görä, diwar tarapa ýüzüni öwrüp, beýlekileriň gizlenmegine pursat berip durşuna käte:

– Guk beriň, guk bermeseňiz, oýnum ýok – diýibem gygyrýardy. Ine, şol wagtam onuň ýeňsesinde bir eleşan geýimli, ýüzüni saç-sakgal basan, öwlüýä gabyrlarynyň birinden çykyp gaýdandyr öýtdürýän adam peýda boldy. Beýlekiler gizlenensoň, ol Aýhana golaý bardy. Aýhan birbada ony tanamasa-da, ýöne ol Aýhany tanan eken. Ahyrynda-da ol Aýhandyr Hanawuň on-ýigrimi gün mundan öň iki gyzydyr aýalyny taşlap, gaçyp giden daýysy bolup çykdy.

Ol tanyşlyk berip:

–Aýhan, Hanmuhammet– diýip, ýegenleriniň adyny tutup, olardan maşgalasynyň ýagdaýyny sorady. Näderini bilmän ejizläp

[1]Aýhan Hajyýew, Beýik Magtymgulynyň ilhalar keşbini döreden meşhur suratçy. Türkmenistanyň halk suratkeşi, Magtymguly baýragynyň eýesi.

gaçsa-da, gyzjagazlarynyň soňky ykbalynyň wehim gorkusy ony uzak goýbermändi.

Bu kynçylykdan baş alyp çykmak, elbetde, hiç kime-de aňsat däldi. Emma tötänleýin bolan bir söwda Orazgylyjyň maşgalasynyň wagtynda dadyna ýetip, olaryň ýaşaýyş ýagdaýyny biraz-da bolsa ganymatlaşdyrdy. Şol günler olar gazyny golaý-goltumdaky özbek obalarynyň adamlary bilen bir ýerräkde gazýardylar. Bir ýola şol obanyň mirabynyň Orazgylyjyň gazyda geýip ýören ädigine gözi düşüp, oňa hyrydar bolany belli boldy. Ol:

–Eý, türkmen gardaş, aýagyň-a gowy gaply, egniň ýukarak eken. Men saňa galyň pagtaly don bereýin, senem ädigiňi –diýip, oňa ýüzlendi.

Orazgylyjyň aýagynda dünýäniň gowy döwri, özi-de eli agzyna ýetýän barly adam mahalynda höwes edip alan teletin ädigi bardy. Ol muny bir wagt alan-da bolsa, mundan öň toýa, ýenekä gitmese, galyň gar, ýeneki bolmasa geýibem ýörmezdi. Buýsanyp ýaglap, süpürip aýawly saklardy. Şol sebäpdenem alnanyna esli wagt bolan-da bolsa, ädigiň ýagdaýy gowudy.

Orazgylyç şonda miraba bada gaýtargy bermäge howlukmady, ädigine seredip oýurgandy. Soňam:

– Özbek gardaş, bu ädigi men dona çalyşmaýan–diýip, sähelçe ýylgyryp, oňa öz hörpünde jogap gaýtardy.

– Onda nämä çalyşýaň?

– Çalyşsamam diňe iýmite çalyşýan.

– Näme iýmit bermeli saňa, özüň aýt!?

– Bir halta un berseň.

– Bir halta unam-a berse bolar–diýip, ol Orazgylyjyň şerti bilen biraz ikirjeňläbräk ylalaşdy.

Özbek mirap iki-üç günden bir arabada bir halta un bilen üç-dört sany gawun, kädem getirip, eýesini razy edip, ädigi alyp gitdi.

Amangül indi şol jary bugdaýyň gowy uny bilen berilýän çig çöregi gatyp, iýmesi hiç neneňsi bolmadyk tagamly lukmalary taýynlardy. Gawun-kädilerem iýensoňlar, onuň çigidini alyp, serip

guradyp, gowrup çakaýman, «Täze ýyl, nesip bolsa, ýer berlende ekeris» diýen tama bilen, düwünçege düwüp goýdular. Bu ýerine düşen çalşyk Orazgylyjyň maşgalasyny esli wagtlap surnukdyryjy açlyk belasyndan, «Ertir näme iýerkäm?» diýip, alaçsyz töwerege seretmeden dyndyrdy.

* * *

Indi bireýýämden bäri ýatlanylyp, özi şindi ýok-da bolsa gazabyndan heder edilip ýörülen gyşyň hem uzak däldigi soňky günlerde has-da mese-mälim duýlup ugrady. Şemalyň hemişe gyşyň öňüsyrasynda edişi ýaly, ugruny üýtgedenine indi on-on iki gün dagam bolup barýardy. Ol indi demirgazyk gündogardan Sibir çöketliginiň üsti bilen köwsarlap öwsüp ugrapdy. Özi-de gün-günden onuň süňňi sowamasa, ýylarly hem däldi. Garaşylýan gar ýagmasa-da, şundan soň sanlyja günde Işimiň iki ýakasynda gäberip oturan köl suwunyň etek gyralarynda bu ýylky gyşyň ilkinji ýukajyk buz keşde-gaýmalary peýda boldy. Gyş her gezek gelende şeýdip, aýaz sowuk üfläp gelýän-de bolsa, onuň haçan asmandan gar bolup injegi hemişe garaşylmadyk näbellilik bolmagynda galýardy. Şonuň üçinem, mümkin boldugyndan, onuň gelerine näçe taýynlanýan-da bolsalar, adamlar her ýyl ilkinji gar ýaganda, özlerini duýdansyz üstlerini basdyran ýaly duýýardylar. Her ýylam şeýdip kükräp gelen gyş ýurdy aýaza gerňäp, gara gömüp, bolup bilenini bolardy. Şeýdibem, doňbagyr gyşyň hiç ýerde hiç kimi aýap goýmaýan zulumly döwri başlanardy.

Öz gara gyşlarynyň gylyk-häsiýetine belet bu öwräniň adamlary hem gyşa ätiýäji berip, ahmal galyp, kyn güne düşmezlik üçin, eýýäm haçan tomusdan başlap, onuň öňünde durmagyň aladasyny edip, ýakjak odunynyň, ýyly jaýyň, geýiljek geýim-gejimiň assa-ýuwaşdan ugruna çykyp, özlerini gyşa taýynlap ugrardy.

Gyşda öýi bolana, ojagynda ýakara oduny bolana gyş näçe zabun-da bolsa, ol beýle  gorkunç däldi. Gyşa şundan soň öz gar-buzuna çolanyp: «Bir daş çyksaňyz bolýar...» diýip, öýleriň töweregini gabap, gar ýassanyp ýatybermekden başga alaç galmazdy.

Hamala gyş bilen aralykda aragatnaşyk saklaýan ýer telefony bar ýaly, onuň golaý gelen günleriň birinde komendant Şadmanow özüniň buhgalter Borisenkodan, ussa Matweýden, terjimeçi hökmünde Annaýar Ýegelekden ybarat kiçiräk topar bilen sürgüne gelen türkmen maşgalalaryna taýyn bolan barak jaýlaryny gar-gaýdan öň paýlarman boldy. Beki Seýitmyrat 31-nji barak hojalygynyň bähbidini aramak, onuň dänesini isripsiz döwlete tabşyrmak üçin şäherdäki däne kabul ediş edarasyna ynamly adam hökmünde işe geçirilensoň, garaşylmadyk ýagdaýda onuň ýerinde Annaýar peýda bolupdy. Şeýdibem, ol soňky döwürde komendant Şadmanowyň hem töwereginde köp görünýän adam bolmak bilen, türkmenlere otag paýlamakda hem soňky pursatda onuň esasy maslahatçysy bolupdy. Deslapky mahalda iş üstünde bolmadyk, özlerine berlen jaýa eýe çykmaly adamlaryň maşgalalary täze baraklaryň öňünde jemlenipdiler. Emma gurlan jaýlar bu ýere getirilen türkmen maşgalalarynyň hemmesine ýeterlik däldi. Depesine atar ýaly agaç tapylman, boýy ýeten-de bolsa baraklaryň üçden biriniň üsti ýapylman galypdy. Ýogsam olaryňam hersi bir maşgala niýetlenilip, içinde ussalar rus pejine odun salyp, ýakybermeli edip gurupdylar. Eger ozalky bar bolan ýatmak üçin niýetlenilip berlen telim gatly narylary hem getirip, onuň içinde ýerleşdirseň, ýaşamaga tüýs bolaýjagamdy.

Agaç ugruna çykan üpjünçiniň bolsa onuň ugruna gidenine indi bir aýa golaý wagt geçip barýardy. Ol indi sürgün obaçylygynda her gün ýoluna garalýan adama öwrülipdi.  Komendant bilen kolhoz başlygam her gezek duşanlarynda:

–Karatow-a gara beren däldir-dä?

–Eglendi öz-ä. Gar ýagmanka ýetip geläýse-hä ne ýagşy– diýşip, ol barada alada bilen pikir alşardylar.

Jaý paýlap, öňe düşüp ýörenlerden Annaýar Ýegelegiň elinde jaý berilýänleriň atlary ýazylan sanawly kagyzy bardy.

Ol her baragyň öňüne barlanda elindäki kagyzdan at okaýardy. Toparyň öňünde duran komendant bolsa bir eli bilen keseligine çekilip duran aşyrma kemeriniň ýokarky bölegini gysymlap durşuna eli bilen ady çykana:

–Bar, jaýlaryňa eýe bol!–diýip, harbylarça talaply gepläp, ýaşamaly jaýy görkezýärdi.

Şonda Annaýar Ýegelege emel ýetip, onuň kolhoz ýolbaşçylarynyň arasynda aýaga çolaşýan ýaly bolup ýörmegini adamlar biraz geň gördüler. Sebäbi olar ony öň ýolda özlerine kesdi degen, ýerinden gelme gurrumsak, gaçgak hökmünde tanaýardylar. Şonuň üçinem il öňüne düşýän adamlaryň arasynda terjimeçi hökmünde bolsa-da, onuň görünmegi düşnüksiz bolup, dürli çaklamalaryň döremegine sebäp bolupdy.

–Egelegiň gaçmakdan başga-da oňarýan zady bar ýaly-la, how!

–Gaçyb-a bir ýolda halky zuluma tutdurdy ol zaluwat.

–Munuň ýanynda göteren birneme altyn-tyllasy-da bar bolmaly. Altynyň bolsa bitirmeýän deşigi barmy!?

–Baýlyk görse, Hydyr azar diýleniniň boldugy-da onda!?

–Şeýle bir zatlar bolan bolmaly, ýogsam Ýegelek dagy ynama girmeli adam däl ahyry.Ýene birnäçeler bolsa Ýegelegi komendantyň bir gep bolsa özüne ýetirmek üçin türkmenleriň arasyndan çemeli görüp tutan şugul-habarçysydyr diýip, çen-çak etdiler. Bu edilýän çaklamalaryň hemmesinde-de onuň ýene bir ýerde ile edäýmegi mümkin bolan kesdinden çekinilýän wehimi bardy. Ýöne barybir onuň nähili bolup komendant ýaly öňünden gelseň gapýan, yzyndan barsaň depýän, ynjyk adamyň ynamyna girip bilşine düşünip bilmediler. Emma eýýäm käbir syrlar, has beteri-de komendantyň ýanynda nähilidir bir hili

ýollar bilen täsiriniň artyp ugranlygy welin belli bolup ugrady. Munuň şeýledigi şu gezekki otag paýlanylan mahalynda hasam anyk boldy. Ýetişen otaglary gyş üsti basmanka ýeteninden adamlara bermeli diýlende ilkinji nobatda berilmeli maşgalalaryň sanawyny komendantdyr kolhoz başlygy ikisi maslahatlaşyp, bilelikde düzüpdiler. Iki-üç günlükde arabaly ekin üstüne gidip barýarkalar Reşetnikow Orazgylyja jaýly bolýaň diýen äheňde ilkinji nobatda jaýly bolmalylaryň arasyndaky onuňam adynyň barlygyny aýdypdy. Orazgeldi hem muny öýe gelensoň, gowy habar hökmünde aýalyna aýdyp begendiripdi. Adamlara, ylaýta-da şol bir şertde ýaşaýan adamlara özgeler bilen özleriniňem ýaşaýyş şertlerini gowulaşdyrýandyklaryny eşitmegiň ýakymly bolşy ýaly, Orazgeldiniňkilere-de amatly ýere göçmek barada eşitmek diýseň ýakymly boldy. Oguljuma: «Ýyljak jaýa göçeris» diýip, çagalar üçin onuň diýseň amatly boljagyna begendi. Emma jaý paýlananda Oguljuma eli çagaly ol ýere  barsa-da, jaý almalylaryň arasynda olaryň ady tutulmady. Şeýdip Oguljuma-da ol ýerden bijesi galan hökmünde  kemsinip gaýdanlaryň biri boldy. Özüni köşeşdirmek üçin «Bähbit bolsun» diýse-de, beýdip agza-dile gelen zadyň elden giderilmeginiň nähili bähbit bolup biljegini göz öňüne getirip bilmedi. Şu pursatda jaý paýlanyşygynyň öňüsyrasynda ozalky sanawa düzedişler girizilendigini köpler diňe şundan soň bilip galdylar. Ony bolsa Annaýar Ýegelek başarjaňlyk bilen komendantyň ugruny tapyp, öz islegine görä üýtgetdiripdi. Oňa birnäçeleriň aýrylyp, birnäçeleriň goşulmagyny gazanypdy.

Orazgeldi Reşetnikow ýaly adamyň özi aýdansoň, özlerine jaý berilmez diýip pikir etmändi. Ol munuň şeýle bolanyny şol günüň ertesi Akmolla arabasy bilen däne ertip gelýärkä ýolugra çagalaryndan habar almak üçin, öýüne sowlan wagty eşidip galdy. Munuň nädip başlygyň dagy diýeniniň üstünden ätlenilip, beýle bolup bilýändigine düşünmedi. Elbetde, özüni barak obaçylygynyň döwlet tarapyndan goýlan ýeke-täk ynamly adamsy hasap edýän komendantyň Reşetnikow hem başlyk bolsa-da, ony-da köp halatda

sürgüne gelenleriň biri hasap edip, gepini diňläp barmaýanlygy, onuň ýokary döwlet adamlarynyň arasynda hem abraýynyň artyp barýanyna bäsdeşlik bilen, göriplerçe seredýänligi gün-günden anyk duýulýardy.

Haçanda Orazgeldi jaý paýlan toparyň arasynda Annaýaryň hem barlygyny eşiden mahalynda onuň oňly adam däldigini ýatlap, özleriniň jaýly bolmaklaryna biri kest eden bolsa, şonuň edenligini çen etdi.

Annaýar terjimeçilige geçip, kolhoz kontorynda komendantyň töwereginde görnüp ugran döwürleri ýolda gidip barýarkalar, Reşetnikow onuň bilen gyzyklanan mahaly bolan gürrüňi ýatlady. Dogrusy, bu gürrüň bolup üýtgeşik bir gürrüňem däldi.

Şonda Reşetnikow sorapdy. Orazgeldem bildiginden patdyk-putduk rusçalap, oňa jogap beripdi.

–Oraz, sen Annaýar Ýegelegi tanaýarmyň, seniň ildeşiň?

–Tanamasyna tanaýan, ildeşim bolsa-da, oňa gowy beletçiligim-ä ýok. Ol ýurduň bir ýerinden, men başga bir ýerinden. Ýolda gabatlaşdyk. Maşgalasy bilen ol biziň bilen bir wagonda geldi.

–Onsoň ol ýolda gaçdymy?

–Şeýleräk bir zad-a boldy özün-ä.

–Aýalyny, çagalaryny goýup, nädip gaçyp bildikän ol!?

–Ony bilmedim, başlyk.

Şunuň bilenem bu duýdansyz başlanan gep başlanyşy ýaly hem duýdansyz gutarypdy.

Orazgeldi şonda başlygyň indi häli-şindi iş salyşmaly boljak adamlaryny öwrenýändigini çen edipdi. Oňa bir hili biraz ynamsyzlyk edýänligini hem aňypdy.

Soň ol Reşetnikowyň komendant bilen Annaýar barada gürrüň bolanda «Terjimeçi edip alanymyz-a şeýleräk adam eken» diýip aýdanyny şonda gep ugruna özüniňem ol ýerde ýatlanan bolmagynyň mümkindigini oý etdi. Ol gürrüňiň bolsa birnäçe gün içinde üstüne goşulyp, arkadan edilen gybat bolup, Annaýara

ýetenligini, onuňam muny duşmançylyk hasap edip, ýeri gelende şeýdip özi bilen haklaşanlygyny çen etdi. Adaty gürrüňiň beýle öwrüm almagyna gynandy.

Depesi açyk galan jaýlaryň üstüni ýapmak meselesi şundan soň gark bolup barýanyň halas bolmagy ilki bilen onuň özüne bagly diýleni boldy. Agaç getirmegiň ugruna giden Sergeý Karatowdan bolsa henizem habar ýokdy. Şol günleriň birinde kontorda komendant ýolbaşçylara haýsy işleriň ilkinji nobatda edilmelidigini ýatladyp, sözüniň arasynda indi jaýly bolanlaryň has tijenip işlemeklerine mümkinçilik berer diýen hörpde jaý paýlanyşygyny hem ýatlap geçdi. Öz adyndan geljekde-de hökümetiň gowy işleýän adamlardan hemaýatyny gaýgyrmajagyny aýtdy. Jaýlaryň ilkinji nobatda hakyky berilmeli adamlara berlenligini komendantlarça hökmürowanlyk bilen nygtady. Üsti açyk galan jaýlary ýatlanda bolsa günäkär hökmünde üpjünçi Sergeý Karatowy iş oňarmaz, nalajedeýin hökmünde ýatlady:

–Şu bihepbäniňem gidişi gidişi boldy. Ýogsam men ähli garamaty öz başyma alyp, hereket edere oňa ýörite hat-peteklerini-de oňardyp berdim. Şundan soň dagy işi bitiräýmeli ýaly welin, ol bolsa ili ýol garatdyryp goýdy. Munça wagt içinde-hä bir wagon agajy bir özüňem tokaýda çapyp, üýşürip, wagon ýükläp gelse-de bolardy...

Potap ussanyň şol ýerde «Ýumşa giden eglense, kem däldir, iş bitjegine tama berýär» diýmesi bolsa ähli zadyň çepinden aýlap tutmagy gowy görýän komendantyň rahatlanma ýerine Sergeýe has-da öjükmegine sebäp boldy:

–Men oňa beletdirin. Onuň bize aldaw salyp, Kazana gidip, dogan-garyndaşlarynyň arasynda gezip ýören bolmagy-da mümkin... Hany nädip ynanjak onsoň, eýläňi baksaň, bagyr-öýkeniňi goparjak bolup duran şeýle adamlara! – diýip, müňkürlik bilen oňa betgüman boldy.

Komendantyň üpjünçilik meselesinde gepiniň joşgun alyp barýanyny eşidip, Reşetnikowyň gapdalynda oturan buhgalter

Toma Borisenko özüniň görmegeý ýüzüni bir goly bilen endigine görä sypalap, komendant tarapa ýazykly nazar aýlap dillendi:

–Karlen Şadmanowiç, ýogsa-da men size muny aýtmany ýatdan çykarypdyryn. Üpjünçi öňňin gijara jaň etdi. Siz iş üstündediňiz. Ýagdaýyny aýtmak üçin jaň edýän eken. Özüniň Pawlodar 2-dedigini, bu ýerden aragatnaşygyň kynlygyny, özüniň tokaýdan agaç getirdip, wagon ýükletmegiň aladasynda bolup, edaralar arasynda şol siziň alyp beren hat-petegiňiz bilen barmaly ýerlere baryp, görmeli adamlary görüp, işiň ugrunda bolup ýörenini aýtdy. Telefon belgisini berip, siziň şol telefona Akmolladan degerli ýolbaşçylaryň birine jaň etdirip bermegiňizi, şeýdilende işiň has aňsat bitjegini aýdyp haýyş etdi.

Buhgalter gelin soň öňündäki depderçesini açyp, belläp alan telefonyny bir kagyzjyga ýazyp, oňa uzatdy.

Ine, şeýdibem komentantyň şol gün kolhoz aktiwleriniň birnäçesi bilen ýygnak geçirensoň, jaýsyz galanlaryň indi wagty bilen jaýly bolmajaklygy belli boldy. Ýeri, indi jaýsyz ýalazy meýdanda häzire çenli zordan mydar edip ýörenler nätmeli?! Başyňda sümelgäň bolmasa, gazagyň aldajy gyşynyň öňünde nädip durup bolar!? Eýýäm şujagaz sowuga-da çagalar asgyryşyp-üsgürişip başlapdylar. Ene-atalar olary ýylyrak geýindirjek, ýylyrak saklajak bolşup, eýýäm şahadaky höwürtgeden gaçan gyzyletene çagasyna delalat etmek isläp, ot-elek bolýan ene guşlara dönüpdiler.

Jaý paýlanyşygynda jaýsyz galanlaryň ýagdaýyna düşünmez ýaly çylşyrymly bir zat ýogam bolsa, gyşyň eýýäm sowuk dili bilen ýalap ugranlygyna seretmezden, bu halky ýyly gyşlatmagyň bir alajyny tapmaga ýolbaşçylar gyssanmadylar. Komendantyň «Şu jaýly bolanlar gyşdan aman galsa bolýar, beýlekileriň ekin ýygnanansoň, şeýle bir derkarlygy-da bolup durasy ýok, ýene sürgünler gelmeli, gerekli işçi güýjüni indi biz şolardan alarys» diýip, göwün bölek sowuk-sala jähennemi pikir edenligi belli boldy. Howanyň bolsa hä diýmän, gazabyna tutjagy indi

ikuçsuzdy. Onuň gün-günden gygy ajaýardy. Şol günleriň birinde gije Seýitmyrat aganyň jaýyny görüp, dostuny özüni ýylyrak ýere atanyna buýsanyp, şol bir wagtda hem biraz şeýle jaýlaryň özlerine ýetmedigine kemsinip gelen Gully emin il öňüne düşen ýaşuly hökmünde Orazgeldi bilen maslahat berijilikli äheňde şeýleräk gürleşdi:

–Tüweleme, Seýitmyrad-a jaýly boldy. Ýaňy gapysyndan baryp, oňa: «Ýurt garşy alsyn» diýip gaýtdym. Ýalazy meýdanda dagy galandan müň esse gowy. Jaýyň bir ýanynda diwara ýaplanylyp gurlan uly, üstünde agnap ýatybermeli kerpiçden örülen orus pejem bar. Peç beýdip ep-esli ýeri tutup dursa, jaýyň içi dar bolaýjagam ýaly weli, daram bolmandyr. Içine gatbarly narylaryny hem diwara söýäp gurupdyrlar welin, giňişje bolup dur, aralykda oturyp-turara esli ýerem bar.

Orazgeldi:

–Etişensoň-a ol jaýlaryň içine girip göremok. Ýöne gurlup ýörkä-hä telim görüpdim. Potap ussa işgärlerine ýaşaýşa ilkinji gerek boljak zerur zatlary göz öňünde tutup gurdurmaga-ha çalyşýardy.

–Guran zadyny şeýdip, yhlas siňdirip gurýa-la bular... – Gully emin gürrüňiniň şu ýerine ýetende onuň aňynyň ýene köýe düşenligi mälim boldy. Oýurganyp säginen ýaly edensoň, sözüni dowam edip: –Ýöne bizi hatardan goýmasy bolmady bularyň... Eşidişime görä, ilkinji jaý almalylaryň sanawynda-ha bizem bar ekenik– diýip, eşiden gürrüňini ýatlady. –Sanaw edil jaý paýlanmagynyň öňüsyrasynda üýtgäpdir. Hatda Reşetnigem onuň üýtgänini bilmän galypdyr... Jaý paýlanyşygynda men ol ýerde boldum. Reşetnik ýokdy. Jaýy komendant, komendantyň ýanyndaky hasapçy aýal, Potap, onsoň ol ýolda gaçyp-tezip ýören, täzeden bäri terjimeçi ýeneki bolup ýören Ýegelek bardy.

–Näme kest ýeten bolsa, müňkürligem-ä gowy zat däl welin, şol topardaky özümiziňkiden ýeten bolmaly. Beh, bize gezek gelende şeýdip Ýegelek diýdi, Togalak diýdi, bir näkes tapylaýýar-ow...

Indi näme bolan işiň boldugy bor-da. Oňa çäre ýok. Ýöne biziň hem indi «Ýetim öz göbegini özi keser» etmegimiz gerek. Haýal etmän, ýerküme ýeneki gazynyp, bir sümelge edinmelimikän diýýän.

–Şu diýýäniňizem bir hasap, ýaşuly.

–Özi-de dürs hasapdyr. Özümiz öz aladamyzy etmesek, biziň aladamyzy häli-häzir etjek adam ýok bu ýerde. Ýogsam çagalaram üşederis, özümizem gaty üşäris.

–Agaj-a gelmelimişin öz-ä, ugruna giden wagon ýükleýämiş...

–Gep ol agaç gelýänçä, bu sowugyň öňünde durmakda bar. Onsoňam häzire çenli gelmedik bolsa, haçan geljekmiş ol agaçlaryň, gelensoňam haçan ol jaý üstüne atyljak, haçan onuň üsti bitjek?

–Bolsa-da ýakyn wagtda bolmasa gerek... ol.

–Şonuň üçinem haýal etmän, ýerkümäniň ugruna çykmaly. Näçe tiz başlansa, şonça bähbit. Ýerküme biziň maňlaýymyzdan dirär. Ýadyňdamy, bir ýyl ötegçi owganlaryň üstlerini gara basdyryp, bir gyşy biziň obanyň gapdalynda ýerküme gazynyp oturanlary. Ol wagt sen ýigdekçe oglandyň.

–Hawa, ýadyma düşýär, oturypdylar şolar. Oba-da şonda olara tapanyndan azyk, süýt-gatyk kömek edipdi. Menem iki-üç gezek olara telim suwkädini dolduryp, süýt-gatyk ertip gaýdypdym. Siz bolsa her gün bir janly soýup, nahar bişirip, saraýyňyzda olary gyzgyn nahar bilen hezzetlediňiz.

–Şol garly gün owgan ýaşulularynyň birnäçesi meniň ýanyma gelip, özlerini ýolda gara basdyranlaryny aýdyp, kömek sorapdylar. Azyk ýenekisem ýuwkarak eken olaryň. Göçüp-gonup ýörseň, ýanyň bilen köp zat göterip bolýarmy!? Men olara: «Sizi öýlere bölüp ýerleşdireýin» diýsem, bölünmegi olar göwnemediler. «Biz sizi gysyndyrmaly, bize öz gapdalyňyzdan otyr ýaly ýer berseňiz bolar, biz şol ýerde ýerküme gazyp ýaşarys» diýdiler.

–Ýadymda, soň gidenlerinde-de minnetdar bolup, ugratmaga baranlary gujaklap, ogşap gitdiler bendeler...

–Bizden kyn gününde kömek edenimiz üçin, gaty minnetdar boldy olar bize. Soňam birki gezek Owganda duşan adamlardan at tutubam salam iberdi olar. Şol tutulan atlaryň içinde Kymyş baý diýlip, seniň akgaň ady hem bardy.

–Akgamam enem nan ýapsa: «Bar goňşulara-da dadyryň, ýyljak nan iýseler, aç bendeleň gözüne deger» diýerdi.

–Kymyşam mätäçligiň nämeligini, ýetimligi başdan geçirip gören adam-da... Dertdeş adamlar bir-birlerine özgelerden has tiz düşünýärler.

–Şeýledir-dä. Öz-ä olam şol owganlar bilen-ä gara-gadyrdy.

–Sen, Orazgeldi, olaryň ýerkümelerine girip görüpmidiň? Şolaryň ojaklarynyň nirededigine üns beren dälsiň?

–Er ysy gelip duran alagaraňky kümelerdi özün-ä... Ýöne ojaklarynyň-a nirededigine üns bermändirin.

–Olar ýerkümäniň ortaarasynda, ojak ýerine guşaklykdan edip, tegeläp çukur gazýar ekenler. Onsoň olaryň ot ýakýan ýerem, şol ýukajyk labaşlaryny, et beýlekilerem tendirip alýan ýerleri hem şol ojak bolýar. Gyşda ýatanlarynda hem şonda közlüräk odun ýakyp, aýaly-erkegi ýok, şol çukura aýaklaryny sallaşyp, üstlerine-de bir ýorgan alýarlar-da ýatyberýärler. Olar ilki sowukdan aýagy ýyly saklamaly, aýak üşemese, başga ýerleriň aňsat üşetmese bolar hasap edýärler.

–Her ýeriniň öz dessury bar-da...

–Bizem indi nädibem bolsa onda-da örän tiz şolar ýaly üşemezligiň aladasyny etmeli. «Ýykylsaň, ýere ýapyş» edip, özümize ýerküme gazynmaly. Görmeli bolsa, üýşüp baryp, başlyklary görmeli. Pursady gijikdirmeli däl.

–Men bu meselede Reşetnige özümem maslahat salyb-a bilerdim!

–Ýok. Munuň ýaly köpüň bähbidi üçin edilmeli hereketi ýekelikde edilmeli däldir. Hereketi köplük bolup etmeli. Bir-ä

şeýdilse, her hili başlyk bolsa-da, onuň köpçülikden döwi pes bolýandyr. Köpçülik bolnup edilen hereketde güýjem bardyr, talabam. Biziň şeýdip köpçülik bolup barmagymyzy komendant, elbetde, halamaz. Bu bolşewigiň öz diýenini gögertmäge mümkinçilik tapan häsiýetidir. Bizem onuň şu ýerde şol öz emelini ulansak gowy.

Şol günüň ertesi Gully emindir Orazgeldi jaýsyz galanlaryň birnäçesi bilen säher-säherler öz arzlaryny aýtmak üçin, kolhoz kontorynyň öňüne sürlenişip bardylar. Edil pikir edilişi ýaly-da, komendant köpçüligiň aýaga galmagyny halamady. Öňe çykyp, gelenleriň üstüne hemle atdy:

–Näme iş ýeriňizi taşlap toparlanyşyp ýörsüňiz? Işden boýun towlamagyň jenaýatdygyny bilmeýäňizmisiz!? Bilmeseňiz ähliňizi aýagyňyzy sallap türmä gider ýaly ederin häzir. Baryň jahan ýagtylmanka öz ýerleriňizde, iş başynda boluň!

Ýöne komendant dyzanyp, näçe haýbat atsa-da, adamlar duran ýerlerinden arzlaryny aýtman gozganmaga howlukmadylar. Tutanýerlilik bilen tekepbir agzybirlik görkezdiler.

Ahyrsoňy komendantyň çar tarapdan özüne asylyşýan nägile adam nazarlarynyň öňünde durup bilmänligi belli boldy. Ol gapdalynda özüne öýkünýän ýaly bolup, il üstüne düwläp, ähli diýen gepini gaýtalap, terjimeçilik edip duran Nurýagdy Ýegelege ýüzlendi:

–Bular näme üçin topar tutup gelipdir? Jaý üçin gelen bolsalar-a ýok jaý. Bar bolan otaglar paýlanyldy. Galanlara bolsa agaç gelse, ýetişen jaýlaryň üstüni basyryp, şondan bereris, wessalam, iş tamam!

Şonda oňa Gully emin tap bilenlik bilen ýüzlendi:

–Ýoldaş komendant, jaýyň paýlanmagyndan biziň habarymyz bar. Ildeşlerimiziň gyşdan öň jaýly bolanlaryna bizem begendik. Muny örän gowy etdiňiz. Biz sizden minnetdar.

–Minnetdar bolýan bolsaňyz, onda bu bosup ýörmäňiz näme?

–Biziň bir bölegimize örän uly ýagşylyk etdiňiz. Ýöne ýene bir bölegimiz welin, öňki kyn ýagdaýynda galdy. Goňşy öýün çyrasy biziň öýümizi ýagtyldanok. Biziň ilimizde ýene-de bir gep bar. Onuň-da şunuň ýaly ýarymrak ýagşylyk edilende aýdylan gep bolmagy mümkin. «Ýagşylyk etseň, bütin et, köýnek etseň keteni» diýilýär. Biz siziň ýanyňyza hemaýat sorap geldik.

–Agaç gelip ýetişenok diýdim-ä men size! Agaç bolmasa, diwaryň ýokarsyna men näme özümi goýaýynmy?

–Onda taýak gelýänçä ýumruk etmäge bize bir mümkinçilik döretseňiz?

–Ol nämäniň mümkinçiligi?

–Bu mümkinçilik, ýoldaş komendant, maşgalalarymyz gyşda doňup ölmez ýaly bize ýerkümeler gazynyp, şonda ýaşamaga rugsat berseňiz. Hem mümkin boldugyndan kömek ediň.

Komendant şol pursatda il adyndan ýagdaýa görä tap bilenlik bilen özi bilen gürrüň alyp barýan Gully emin barada: «Sen obaňda-da sala düşer adam bolan bolmaly, gepi ýiti garşylyk boljak gönümellikden aýlap-öwrüp, tutanýerli alyp barşyň şoňa meňzeýär» diýip oýlandy. Onuň ýüzünden sypalmaly adam däldigini özüne ýatladyp, dikanlap aýratyn ýiti seretdi. Halkyň garşysyna gitmezden, bu ýagdaýy ula ýazdyrman, eglişik etmelidigine düşündi. Maslahat komendantyň Potap ussa ýerküme edinjeklere mümkin boldugyndan kömegi bermek baradaky tabşyrygy bilen gutardy. Şeýdibem, gark bolup barýanyň halas bolmasy ilki bilen onuň özüne bagly diýleni boldy. Hasyl ýygnamak, toplamak, çekmek bilen bagly işleriň gurawynyň entek-entekler gowşarly däldigine seredilmezden, her maşgaladan bir adama özüne küme gazynmak üçin komendant gysga wagtlaýyn rugsat berdi.

Orazgeldi Gully eminiň iki ogly Seýitdir Kamyran bilen üç bolup, bir ýerräkden ýerküme gurunmagyň ugruna çykdy. Adamlaryň köpüsi ýel-ýagmyrdan, syrap ýagjak gar-gaýdan yklawrak bolar diýen tama bilen, ony atýatagynyň oňly boýy ýetmedik, ýarym-ýalta dikilen diwarlarynyň eteginden gurmagy

maslahat bildiler. Olar bir gün-ä ýerkümäniň ýerini gazmak iş boldy. Eýýäm sowap, süňňüni gatadyp ugran topragyň ilkinji iki depigini – ýeriň ýumşagyna çenli aralygy gazmak aňsadam bolmady. Onsoňam her kim ülňüni ulurakdan alyp, soňra içinden aýlanara-öwrülere ýerkümäni giňräkden amatlyrak edip gurjak.

Obanyň sesýetimliginde köl suwuny boýlap ösen bir bölek gamyşly jeňňel bardy. Orazgeldi dagy kümeleriň üstüni basyrmak üçin şoňa gidip, düýrläp-düňäp, gamyş ordular. Birki araba ýüklärlik bolanyndanam Orazgeldi olary arabasyna ýükläp, oba daşap ugrady. Beýleki iki ýoldaşy bolsa ýerküme basyrygynyň kemi galmasyn diýip, ýene-de gamyş ýygyp, boýra dokamaklaryny dowam etdirdiler. Öýläne çenli ýerküme üçin gazylan çukurlaryň gapdalynda münder-münder gamyş üýşmekleri peýda boldy. Orazgeldi dagy soň ol gamyşlaryň her ýarym gujak ýalysyny bir alyp, ony telim bir ýerinden daňyp-daýap billendirensoňlar, kümeleriň üstüni basyrmagyň ugruna çykdylar. Boglan gamyşlary bir-biriniň gapdalyna dykybrak ýanaşyk ýerleşdirip, olardan kümä geriş atyp duran arka ýasadylar. Howanyň bolsa awusy barha artmasa azalmaýardy. Hasam kümäniň üstüne sowuk palçygy doňdurman, şire suwag etmek görgi boldy. Palçyk sowukdy, näme üçin bu işiň ugruna öňräk çykyp bolmadykan diýdirip ahmyr etdirýärdi. Şonuň üçinem kümeçiler her ýerräkde, her ýerräkde ot ýakdylar, elleri gaty üşäp, hereketden galyberende şoňa tutup çoýunyp ýylyndylar. Orazgeldi ýerkümäniň ýyly bolmagyna nepiniň degjegini pikir edip, suwugrak palçygyň bir bölegini gamyşlaryň arasyna siňdirip, köpräk wagt alsa-da, ony galyňrak suwamaga çalyşdy. Oguljuma-da bilini guşap, palçyk daşap berip, ýerkümäniň düşek düşeljek ýerine boýra düşäp, oňa güýjüniň ýetdiginden kömekleşdi. Orazgeldi kümäniň ýokarsynyň şire suwagyny tamamlansoň, güýçli ýel-harasat bolanda, onuň etegini galgadyp götermez ýaly kümäniň syra-gyrasyna hem gamşynyň etegini basdyryp, iki-üç hatar agramlyk kerpiç hem örüp berkitdi. Gapa golaýrak bir ýerden ýer ojak gazynyp, onda hem ot

ýakylansoň, ýerküme içine tüsse urup, ol adam sümelgesine hasam meňzedi. Otly ojagy görüp, Orazgeldi arkasy alnan duýgyny başdan geçirdi. Üstüňde sümelge bolsa, ojakda ot bolsa, janyňdan ileri görýän çagajyklaryna mydar ederlik ýyly boljagyna begendi.

Ýakjak odunyň bolsa ol Kymyşlarça aladaçylyk bilen tomusdan bäri tapan ýerinden töňňe-taýak diýmän, tagta-tugta diýmän, gyşda gerek bolar diýip ,arabasyna atyp getirip ýördi. Bir aý mundan gowrak ozal Kaşikow stansiýasynda işleýän tanyş gazagyna Akmollada duşup, ony arabasynda alyp gaýdanynda ol: «Türkmen ageýni, togtap alyň» diýip, arabadan düşensoň, öýüniň gapdalynda üýşüp ýatan kömürdenem bäş-alty sany kelle ýalysyny onuň arabasynyň yzyna atypdy. «Biziň gyşymyz gazapdyr, ýöne muny ýaksaň, hezil berer» hem diýipdi. Şeýdibem, toplanan odunlaram bu günki günde «Aýap goýuň samany, geler onuň zamany» diýleni bolupdy. Şol gün gijöýlänler Orazgeldi Potap ussanyň ugradan işgäri Çary ussa bilen ýerkümesiniň gapysyny oturdyp bolup-bolmanka, Oguljuma ol ýeriň çagalary üçin ýyly hem ýaşamaga amatly boljagyna begenip, onuň içine hut deňli-derejeli täze jaýa geçen ýaly edip, göçüp bardy.

Şondan iki-üç gün soň, Ýegelek ýolbaşçylaryň ýanyna baranda kontoryň öňünde atynyň arkasyny sypalap, Reşetnikowyň çykaryna garaşyp duran Orazgeldä gabat geldi. Jaý paýlanyşygynda oňa eden hyýanatly oýny ýadyna düşüp, onuň ýüzüne göni seredip bilmän, buýtar-suýtar etdi. Özüne osup: «Şu meniň jaýdan goýanymy bilip, Reşetnikowyň üsti bilen şoňa bir hyýanat etjek bolýan bolmasyn» diýen pikir bilen, Potap ussa aýdyp, gapy oturtmak üçin ussa iberdeniň özüdigini ýatlady, özüni aladaçyl, sahawatly görkezmäge çalşyp, oňa ýüzlendi:

– Ildeş, Potap ussa aýdypdym gapyňy oňarmaga ussalarynyň birini ugratdyryň diýip.

Orazgeldi ony eşitse-de, oňa bir zat diýýämiňem diýmän, ýüzüni kese sowdy. Ýegelek ýüzüne urlan ýaly bolup, ýelpäp onuň duşundan geçip, kontora ýetmäge howlukdy.

* * *

Meýdanlarda her gün ýere lagambir gyraw düşüp, onuň çygy galan ekin-dikinleriň, ot-çöpleriň, üstüni şalpy-şaram ederdi. Ekin-dikiniňem hasylynyň köpüsi indi esli mahaldan bäri atyzçillerden çykyp, gawun, näş, noýba, şaly bolşup, öýlere, kümebassyrmalaryň aşagyna çekilişip ýördüler. Ene towugyň bir howpuň ýetip gelýänini aňyp, jüýjelerini ganatynyň astynda gizleýşi ýaly, bu güýzüňem öz miwelerini çem gelen ýerlerde gyşyň gazabyndan gorap gizleýän döwrüdi. Meýdanda esasanam töweregiň iş-aladasy bolup pagta galypdy. Telim ýüzi ýyglyp alnan-da bolsa, meýdanda henizem onuň bereket-akaraty ýetikdi. Üç-dört günlükde gije bolan agyr aýaz şatladyp urany bäri bolsa, çig köreklerem açylyşyp, pagta berekedini ýene-de artdyrypdy. Sowet hökümeti türkmenler ýaly pagtany pygamberimiziň eý gören ekini diýip, mertebelemeýän-de bolsalar, bu ekine gezek gelende olaryň işdäleri-de üýtgeşikdi. Ol «Pagtaň ýeke übtüginem zaýa etmeli däl» diýip, henizem halky pagtanyň içinde aýlap ýördi. Gazanjagyny gazanyp, aljagyny alansoňam onuň adamlar barada garaýşy bardy. Adamlary surnukdyryjy zähmet bilen başagaý etmelidi. Galyberse-de, Orusýetiň äpet aždarha bolup, erteniňi ýuwdup ýatan dokma fabrikleri bardy.

Hemişe pagta her kimiň hojalygyň özüne tagallalyk bolany üçin hasylyny ýygnap boldumy, übtük ýenekisine göz dikip durman, çöpüni çapyp, atyzdan çykaryp, ony «Ýeri güýz sür, güýz sürmeseň, ýüz sür» edip, sürüp, şüdügärleme bilen bolardy. Galakgaçak übtük-körek üçin hiç kimiň ýeriniň sürümini gijikdiresi gelmezdi.

Araky şatlama sowukdan soň ýene-de güýz özüne gelýän ýaly bolup, telim gün ýüzüni nikaplana dönen Günüň hem indi ýene-de hoş habar eşideniňki ýaly ýüzi ýagtyldy. Her gün ir bilen hamala gan-kokuň arasyndan sogrulyp gaýdana meňzäp, bir gujak bolup gyzaryp dogýan Gün bu günler öňkülerinden

buýsançly görnerdi. Asmana göterildigiçe ol daşyndaky gankoklardan sabap, dünýä-de öz täsirini barha artdyrmak bilen bolardy. Şonuň üçinem bu günler howa ýaz günlerine berimsiz açyk hem salkyn bolýardy.

Ertiriň alagaraňkysynda gelip, pagtaly atyzlara dolan aýalgyzlaryň birnäçesi Gün ýagşy göteriljek belentligine göterilip, ýeri gyzdyryp ugransoň, öz ýanlary bilen getiren kömekçi çagalaryny hem alyp, günortan çaýyna çykdylar. Bu öwrede ekerançylyk arasyndan geçýän ýoldan uzak bolmadyk aralykda bili bir gujak hellewläp oturan aşagy kölegeli bir biten tut agajy bardy. Töwerekde işleýän adamlar yssy günlerde şu tuduň aşagynda düşlemegi gowy görerdiler. Nädip beýle bolýanyny bilmeselerde, adamlar şu golaý-goltuma gelseler, baryp onuň aşagynda çaýlap-suwlaýanlaryny kem görmeýärdiler. Tuduň düşündirip bolmaýan täsin özüne çekiji häsiýeti bardy. Onsuzam golaý-goltumda Ýeketut ady bilen belli bolan bu tuduň öwresi gyşyn-ýazyn parhy ýok, ýylyň ähli döwürlerinde-de adamsyz bolmazdy. Mallaryny eňňerä aýlap ýören çopan-çoluk gelerdi, ötegçi ýeneki gelerdi, garasaý, aňsat onuň aşagy boş bolmazdy. Hasam barmak ýaly tudanalar gyzaryp bişende, onuň töwereginiň mähellesi köp bolardy. Çagalar topar-topar bolşup, obadan bu ýere ýörite tudana iýmäge gelerdiler. Şol günler Ýeketut diňe bir tudana getirmän, şahalaryndaky jammyldaşyp oturan çagalary hem miwe hökmünde getirene dönerdi. Mundan başga-da bu tuduň oturan ýeri öň köne ýurt ýeri bolup, onuň şol obada ýaşan ady aýdyma öwrülen Jahangül atly gelin bilen bagly bir gyzykly hekaýaty-da bardy. Ol hekaýat her gezek ýatlananda öýden toýa gitmek üçin bezenip-beslenip çykan, näz-kereşme bilen töweregini gözleýän kalby hesretli Jahangül göz öňüne gelerdi.

Jahangül kimem bolan bolsa söýüp-söýlüp söýginiň, söýgüli durmuşyň gadyryny bilen gelin bolmaly. Munuň ýaly gowy gelin şahyra duşanda dagy onsoň onuň şahyr kalby joşup-daşyp, ony öz gününe goýmaýan bolmaly. Jahangülem şol döwürde şahyryň

goşgusynda tarypy ýetirilen aýal-gyzlaryň biri bolupdyr. Ol goşgy bagşylaryň dilinde aýdyma öwrülipdir. Bu aýdymy eşiden mahalyň Jahangülüň söýgülisi bilen gijeden-gije pynhanlykda şu tuda-da ýaplanyp duranlygyny biygtyýar göz öňüne getirýärsiň. Şeýle-de şahyr bu goşgusynda Jahangülüň mähir-mylakatly gelinligini, haýsy obadan, haýsy lybasdadygyny hem aýdyp, onuň oý-iliniňem anyk salgysyny beripdir:

Eý, agalar, düýeji ilinde
Men bir perizady gördüm.
Bir gülzar açylmyş bagynda
Müň göz hyrydary gördüm.

Harazalar bilen oturan,
Ala ýaglyk at göteren,
Jahangül atly gelin
Gollary batly gelin.

Şol zamanlar bu öwrede aýdymda ýatlanylýan harazalar bilen düýejiler ýakyn goňşuçylykda oturypdyrlar. Ol harazalar soň-soňlar bir sebäp bilen bu ýerden öz taýpadaşlarynyň esasy oturýan ýerlerine Owganystana göçüp gidipdirler.

Bu günler bolsa Ýeketuduň aşagynda edilýän çaý başynyň adaty gürrüňleri: Ýagdy şurany öküz süsmegi, Nobat tebibiň ony bejermekden ýüz öwrüşi, Hanumanyň heleý halyna kejir tebibi tobasyna daýandyrmak üçin, oňa mauzerini somlap tutuşy onuň bolşuny biraz taň görüp gürrüň edilýärdi.

Bu gezek bir zatlary ýatlap, bu gürrüňe bat beren ýaňyrak atyzdan çykyp, dokuz-on ýaşly, maňlaýyny tüňňerdip, özüne çalym berip duran gyzjagazy bilen çaýly tüňçäni öňe alan Sähragül başlapdy.

–Hiý, gyz, ol Ýagdy şuranyň hatçysy, ýöne hatdadam däl öýdýän. Hakyt Nobat tebibe ýarag tutaýypdyr-da ol– diýip, biraz geň galma, biraz üýşenme bilen bu ýagdaýy ýatlap taňlady.

–Aý, ol heleýden her zat çykar. Ol şol galtamanlar oba dökülip alnyp gidilende, olaryň elinden bir ýol bilen gözlerine güýdüşip, sypyp gaçyp bilipdir.

Gelen mahaly bilguşagyny çözmegi unudyp, indi ony aýlap çözüp oturan Sülgün agyr topbuly başyny sähelçe Sähragüle tarap öwrüp, onuň taňlamasynyň üstüni ýetirdi.

–Heleýiň ýamany erkekden dagy on esse ýaman bormuş diýilmeginiň çyn boldugy-da.

Şu pursatda olaryň gürrüňine gyzygyp, beýleräkde iki ýortmanja çaga bilen naharlanyp oturan baga bakylan ýaly çişik görünýän Aýsoltanam bu gürrüňe gatylyp, derçigen ýüzüni sylyp, özüçe pelsepe satdy.

–«Aýal ata çykanda, torgaý çöpe çykanda, ahyrzaman bolar» diýilmänmi näme? Aýal ata çykanda ahyrzaman bolmalymyş bu dünýäde.

–Ahyrzaman diýip gümansyratmaň näme, gyz!? Ahyrzamanda şu wagt, baş aýak boldy, aýak baş. Sowet hökümeti gelip, adam baryny gyran-jyran etdi. Şu men OGPU, men şura diýşip, adamlar şakyrdaşyp, şalkyldaşyp ýaragly haýbatly talap bilen oba dökülişip ugranlary bäri, gör, näçe adamlar gaçyp-tezip, ýurtdan çykyp gitdilar. Kimsini basdylar, kimsini türmelerde urup öldürdiler. Ind-ä sürgün diýibem bir bela tapdylar. Sürläp-sürläp adamlary maşgalasy bilen gümgidene ataryp durlar. Gully emin dagy neberesi bilen Gazagystanyň itgyran çölünden, bir ýerden çykanmyşlar. Gören gözleriň köpüsi ýokdur görseň häzir obaňda! Söýünalynyň iki gyryň arasyna sygman, dolup-daşyp oturan halky, gör, dyr-pytrak bolup, nirelerden çykdy.

Sähragül öz başlan gürrüňi elinden alnyp barylýan deý gepiň şu ýerinden ýene gönüläbräk gürrüňe goşuldy.

–Ahyrzaman. Onuň biziňkileriňem indi başyndan haçan, nireden injegi belli däl. Yzyndan gelnäýjek ýaly bolup, hemişe ýürek bükgüldide. Ahyrzaman-da şu. Näme ahyrzaman bolanda onuň nä şahy bolmalymyşmy!?

–Alla janyň ýöne özi sowawersin!

–Alla ýapyşmasaň, eýsem alajyň näme?

Gürrüňiň çygry giňäp, Hanumaly gürrüňi ýatdan çykaryldy. Şol barmana oba tarapdan kä egrelip, kä dogralyp ekerançylyk arasyndan geçýän ýolda bir başy seleň telpekli, eşekli adam göründi. Eşeklä ilki oturanlardan gözi düşen ejesi bilen gaty nany çaýa batyryp iýip oturan başy könelişenräk tahýalyja, ýüzi çoturlyja gyzjagaz boldy. Ol boýnuny süýndürip hamala bazardan gelýän atasyny gören ýaly, begenip şatlykly dillendi.

–Hol-ha, Kymyş baba gelýär!

Gyzjagaz oturan ýerinden boýurganyp, ýola gözläp aýdan bu sözi töweregiň gulagyna ýakymly habar bolup eşidildi. Oturanlar ýerli-ýerden gyzyklanyşyp, ýola seredişdiler. Sähragül nazaryny ýola aýlap aldy-da:

–Kymyş baba görnen bolsa, ol ýene-de ekinçilige aýlanyp, güýzeki paýlap ýörendir. Şu aganyň endigi-dä şeýdip wagtal-wagtal aýlap, gawun-terne paýlamak.

Sülgün hem ýol tarapa gözläp, hyrydarlyk höwesi bilen onuň gepine goşuldy:

–Ýüregim bir sowujak zad-a küýsäbem durdy. Kymyş baba olary irden salkynda ýygan bolsa, henizem olar sop-sowujakdyr. Uzakly gije biýara ýapynyp ýatsa-da, kesek sowaly bäri terneleriň Gün çyksa-da, aňsat süňňi gyzýan bolmaly däl. Soňra ol: – Baryň, Kymyş babaň ternelerinden alyň! – diýip, töwerekde oturan çagalara ýüzlendi.

Kymyş duzçy Ýeketuduň duşuna ýetende aňyrdan özüni tarap gowaçanyň içi bilen ylgaşlaşyp gelýän çagalary görüp, daýanykly ateşegini saklady. Agtyklary sürgüne gideli bäri her gezek olaryň deň-duşlaryna duşanda bolşy ýaly, ýene-de oňa bir pursat bu çagalaryň arasynda öz agtyklary hem bar ýaly bolup duýuldy. Bu ýakymly güman gojanyň kalbyna ýeňiljek köw salyp geçdi.

Çagalar bökjekleşip gelensoň, Kymyş baba eşegiň iki gapdalynda garyn bolup gäberip duran horjunyň gözlerinden üçden-dörtden terne alyşdyryp, olary çagalara berişdirdi:

–Alyň, balalarym. Iýiň hezil edip! Güýzeki terneleriň dady-da başga bolýandyr. Daşlary gögrägem bolsa, içleri süýjäp bişendir bularyň...

Şol arada özüne terne berilme gezegine saýhallylyk bilen garaşyp duran gyzjagaz goja ýüzlenip, onuň agtygy bilen gyzyklandy:

–Baba, Akgy dagydan habar gelenmiş. Olaryň özleri indi haçan gelýäler? Siziň uly bagyňyzda gurnan hiňňildigiňizde uçar ýaly, olar gurbanlyga çenli gelerlermikän?

Kymyş duzçy her ýyl gurbanlyk döwri iki tuduň aralygynda agtyklary üçin hiňňildik gurup bererdi. «Alla janlaryň hiňňildigini bady gowy» diýip, töweregiň çagalaram köplenç gelip, şol hiňňildikde uçardylar. Kymyş duzçy şundan soň bu gyzjagazyň hem özagtyklary bilen şol batly hiňňildikde hezil edip uçanlaryň biridigini bildi.

Deň-duşlarynyň gözünden uçan agtyklarynyň ýatlanmagy goja üçin  diýseň ýakymly boldy. Ol:

–Hä, Akgym dagydanmy? Olardan-a entek hat gelenok, gyzym. Alla jan dagydan-a, Hudaýa şükür, habar düşdi. Akgym dagydanam indi geler, enşalla.

Kymyş duzçy bu ýeserje gyzjagazy mähir bilen synlap, soňra onuň özi bilen gyzyklandy:

–Sen kimiň gyzy, oglum?

–Men oglanjyk däl-ä, baba.

–Senem oglanjyksyň, gyz oglansyň, guzym.

–Men mamamyň, onsoňam kakamyň gyzy.

–Kakaň kim?

–Kakam-a Gurban, mamamam Äkgül.

Gyzjagazyň aýdasy gelen gepi tükenen ýaly hem bolsa, ýene-de bir zady ýatlanyny mälim edip, ol Kymyş baba täzeden ýüzlendi:

–Baba, seniň şol Akgy ogluň bar-a oýnap ýörkäk ters-leşenimizde jyzyp, meniň saçymdanam çekäýdi-dä.

Kymyş duzçy gyzjagazyň çaga gürrüňini eşidip, özüniň ýylgyranyny hem duýman galdy. Soňam höwes bilen gyzjagazyň başyny sypady:

–Hany, şol garagol bir gaýdyp gelsin. «Äkgülüň gyzynyň näme üçin saçyndan çekdiň?» diýip, men ona gowuja temmi bererin.

–Ýok, baba, degme! Mamama aýtsam ol: «Oglanjyklar çekse, gyzjagazlaryň saçy gowy ösýär» diýdi. Saçymdan çekse-de, men ony gowy görýän. Ulalamsoň oňa jambörügem tikip berjek– diýip jedirdedi.

–Seniň adyň näme, oglum? – diýip, Kymyş duzçy onuň bilen içgin gyzyklandy.

–Men Ogultäç.

–Ogultäç diýsene? Äkgülüň gowuja gyzy bar eken. Äkgül diýýän bolsa dogrudyr, gyzym, seniňem owadan, uzyn saçlaryň bolar.

Bujagaz dillije gyzjagaz bilen duşuşyk ýarasyna melhem goýlan ýaly, Kymyş duzçy üçin diýseň ýakymly boldy.

Ol şol öňünden çykan çagalara göterip bilen ternelerini berensoň, ýene-de eşegini dikgirdetdi-de, ýoluny dowam etdirdi.

Kymyş duzçynyň paýlap giden terneleri öňe alnansoň, Ýeketuduň töweregindäki gürrüňçilik täzeden şüweleň aldy. Hemmeler ýerli-ýerden höwes bilen ternelere otugdylar. Aýallar terneleri şu arada kimdir birinden tapylan pyçak bilen käseläp iýse, ýeneki birleri ony dilimläp, şiresini sarkdyryp iýýärdi. Çagalaryň bolsa hersi kiçiräk terneleriň birini eline alyp, ony gemirýärdiler. Töwerek ogşaşýan ýaly agyn şapbyldy-da, şupbuldydy. Sülgün özüne dilimläp goýan ternesiniň birki dilimini yzly-yzyna iýensoň,

hernä şeýle pursatda aňa gelýän gawun eýesini minnetdarlyk bilen ýatlap dillendi:

–Kymyş babaň-a terneleri daşyndan çigräk ýaly gürünse-de iýeniňde-hä bal ýaly eken.

–Güýzeki-dä, güýzekilerem howul-hararagam bolsa gyş düşmänkä ýetişjek bolup tizbişegenrägem bolýalar-da–diýip, onuň öň ýanynda oturan Ýazbike-de onuň bilen göwündeş gopdy. Soňam bir zady ýatlap, öz sözüne ýene täzeden bat berdi:

–Bazar tebib-ä terne bilen Maňňy keliň heleýinem bejerenmiş. Ol Halbikä «Her gün irden sapagyndan üzüp, ýaş terne iý! Onam gezip ýören ýeriňde hereketde bolup iý!» diýip em buýrupdyr. Halbike-de onuň diýşi ýaly edip, irden terne iýip, günortana çenli onsoň duz datman, berhizini pugta tutupdyr. Ana, görýäňi-ä indi haly erbet däldir!

–Menem ýakynda gördüm ony. Endamy täzeden suwlanyp, biraz heleýlik tabyna gelip ugrapdyr indi. Öňräkler-ä gözüni höweslendirip, bir sykylybam aldy ýogsam. Terne ýagşy içi sürüp, ol ýerdäki ähli awy-zerzaw jerhetleri alyp çykan bolmaly-da. Terneler gadymyýetde Lukman Hekim atamyzyňam melhem diýip tapan, adamlaryň derdini bejeren çöpleriniň birisi bolanmyş. Adamlar bir gezek «Lukman, sen älemden ötseň, onsoň biz näderis?» diýip soranlarynda ol: «Malda düýäni, ekinde gawun-garpyzy ýanyňyzdan goýmaň!» diýenmiş.

–Wiý, ýogsamam, ýaňy «çöp» diýeniňde ýadyma düşdi–diýip, Sülgün köýnegininiň egnine agan açyk ýakasyny sermenekläp düzedip oturyşyna dillenip, ýas-ýaňyja aýtjagyny aýdyp bolmanka elinden aldyran gepleme nobatyny basdaşlarça erjellik bilen yzyna dolap aldy. –Eşidilip-bilnip oturylsa, aslynda töweregimizdäki ot-çöpleriňem hersi telim bir derdiň dermanymyşyn. Ýöne hany indi Lukmanyň özi ýaly ol çöpleri tanap-bilip, ýerli-ýerinde ulanyp biljek barmy!? Kymyş baba-da gawunyň hem derman çöpdügini bilýän bolmaly. Ol gawuny her ýyl ürç edip ekýär, wagtal-wagtal aýlanyp, ile-de şeýdip paýlap, alkyşam alýar ol aga.

–Ah-ýeý, Kymyşy sahylykda ýakasyny tanadan Hatam taý etdiň goýadyň-la, gyz! Ile paýlamasa, nätsin indi, eýsem? Iýermenleri– oglanlarydyr agtyklary, heleýleri bilen gümgidene gidensoň, indi gawuny kim iýsin? Öýünde bolsa iki ýarty gyz agtygy bilen gaty kempiri galdy. Olaram iýende näme iýýär. Onsoň şagala şam bolmasyn diýip, ile paýlamasa, eýsem, näme etsin!? Kymyşlaň nebisjeňligi bilen bolsa, ekendirler ekip bilen gawunyny...

Lukman Hekimli gürrüňiň Kymyş duzça minnetdarlyk bolup barýanyny halamadyk Armangül atly garýagyz gelin şol barmana ýaşmagyny kükregine gaçyryp, Kymyş duzçynyň töwereginde köwsarlaýan gepe pisindi oturman, öňünde dilimlenip duran terneden halamaýan ýaly seňrigini ýygryp, çümmül-çümmül iýenden bolup oturyşyna durup bilmän, gürrüňiň şu ýerinde tasanybrak gürrüňe goşuldy.

Onuň sen-men ýok oturan ýerinde agzyny-burnuny çeýneşdirip, Kymyşlara öjügibermesi töweregi bada-bat geň galdyrdy. Gelniň näme üçin bu gürrüňiň çepinden gelesiniň gelip durmagy, dogrudanam, düşnüksizdi. Oturanlar düşünip bilmän, ýerli-ýerden onuň ýüzüne soragly seredişdiler. Sülgün onuň gepini özüniň halamandygyny mälim edenleriň biri boldy. Ol garaýagyz gelne tarap sähelçe öwrüldi-de:

–Wiý, gelin, bu nä gep boldy? Kymyşlar agzalsa, näme ýaraň kesmegi sypyrylan ýaly bolaýdyň-la seniň?! – diýip dikanlady.

–Näme men hakykaty aýdýan. Dogry-da, Kymyşlar seniň iki dogup, bir galanyňmy? – gelin alkymyndan alynmagyny halamady.

–Hawa, iki dogup, bir galanym.

Sülgün onuň özüne meňzäp, ýakany berk tutanlygyny mälim edip jogap berdi.

–Nämäňmişin onsoň seniň ol?

–Ol meniň ilim. Ilimiňem gowusynyň biri, başga näme gerek saňa! Halkymyň ýüzüniň tuwagy Muhammetgylyç atly serdarynyň dowamly dowamy.

Sülgün bu sözleri aýdanda sen näme diýdiň, men näme diýdim diýip, garaýagyz gelne barha öjügip, onuň bilen ýene-de gaýkynman gidişerli göründi.

Bir çemesi gelende bu gepe goşulaýasy gelip duran Sähragülem şol arada ara gatyldy. Ol:

–A, gelin, özümiz-ä häzir hezil edip, ol babanyň getiren ternelerini iýip otyrys. Ýene-de ol barada ýoknasyz gepem aýdaýasymyzam gelip dur. Eýsem, biziň munymyz-a «Doýranyň sakgalyna» diýleni bolmaýarmy!? Onsoňan sen adamyň bahyl-gyssanjyny görmänsiň, şolar ternesi bolup, şagal-tilkä şam eder welin, adama dadyraýmaz... Ekiniň Kymyş aganyňky bolmagy bolsa iliňki boldugy. Sahawaty ýetikdir ol ojagyň.

Gelniň Kymyşlara öjügmeginden çen alyp, onuň bolup biläýjek sebäbi barada oýlanan Sülgüniň şol barmana bu maşgalanyň öňden kinelidikleri ýadyna düşdi. Muny obada köpler bilýärdi. Ýedi-sekiz ýyllykda bäş belalar bu gara gelniň özünden uly aýal doganyny öz ýigitleriniň biri Magsuda gelin edip almagy niýet edinipdiler. Magsudyň gelnejesi hatda bir gezek eli düwünçekli gelip, bir aýal bilen olaryň gapysyny-da açyp, üm-tama berip gidipdi. Emma bu gudaçylygyň soňy bolmandy. Gaýta, bu barada bäşbelanyň kedhudasy Kymyşyň aýaly «Bize gözi şully maşgala gerek däl, şully eneden gözüniň-ýüzüniň çorbasyny akdyryp oturan çagalar dörär» diýen gürrüň çykypdy. «Gep eýesini tanar» diýleni bolup, bularam kemsinip, aýdany-aýtmadygy belli bolmadyk bu gümürtik gepi gudaçylyk meselesiniň dowamy bolmam, orta ýolda  galansoň, Jemal mamadan gaty görüpdiler. Gaty görenlerini olaryň özlerem eýýäm ýarylyp, onda-munda dillerine alypdylar. Şu zatlardan habarly bolansoň, Sülgüne gelniň näme üçin Kymyşlaryň ady agzalanda tasanyp ugramagynyň sebäbi düşnükli bolupdy. Sülgün gelni birneme köşeşdirmek üçin

gürrüňi sypaýçylyk bilen başga tarapa sowmakçy bolsa-da, bu oňa birbada başartmady. Öz gepi bilen öz ýüregini çişiren gelin barha gazaplanyp, barha öjügdi:

–Ile göwnüýetmezini aýdyp ýören Kymyşyň heleýiniň özem-ä hakyny alandyr. Mamam ýörite onuň üstüne baryp: «Meniň agtygym şully bolup, seniň çaga çykar çukuryňa büdredimi?» diýip gaýdypdyr–diýip, gelin ahyrsoňy Kymyşlaryň üstünden aralyjylykly gazabyny gaýgyrman eňterdi.

Kemsinen gelniň bu aýdylany, aýdylmany näbelli bolan gepiň maşgalany müýn çekip, kemsindireni üçin Kymyşlardan özboluşly hakyndan çykma bilen ar almasy boldy.

Şol barmana gelniň goýar ýerde goýman, agzyna agam gelse, gara-da gelse aýdyp oturmagyny halamadyk Sülgün nägilelik bilen aýgytly gepläp, onuň gepiniň garşysyna çykdy.

–A, gelin, öňki gezek muny gürrüň bereniň-dä mamam üstüne barypdyr diýmän, bir ýerde duşanda aýdypdyr diýipdiň-le– diýip, gepiniň başgaça çykýanyny ýatladyp, gelniň badyny aldy.

Iki aýalyň tüweleý ýaly birden gopan adaty gürrüňiň çäkden çykyp, ýaňka-ýaňka öwrülip ugransoň, ol tiz töwerekde oturanlaryň ýüregine düşüp ugranlygy belli boldy. Ýene-de olaryň gereg-u, geregi bolmadyk onlarça gepiň başyny agyrtjaklarynyň ujy iki däldi. Nädibem bolsa alawlap, ula ýazyp barýan bu sene-menäniň öňüni almalydy. Bu ýerde oturanlaryň arasynda gaşlagragy hasaplanylýan dört-bäş ýyl bäri gelinlikden özüniň bir depik aňyrdaky heleýlik hany-manylygyna atan Sähragül beýlekilerden öň duýdy. Ol biraz gapdala agyp ugran börügini elleriniň biri bilen başynda dikläp, ony ýerinde goýup oturyşyna ýelpäp diýen ýaly gep arasyna gatyldy. Ýaňka-ýaňka ýakymsyz gürrüňiň öňüni dolap, ony tap bilenlik bilen, öňki şuraly, Nobat tebipli bir sebäp bilen ýene arasy üzülen gürrüňe tarap öwürdi.

–Ketje-de bolsa, biziň Nobat tebibimiz ýaly işine ussat tebip kişi az-azdyr.

–Ketje bolsa, ana, ol gördem-dä!–diýip, biraz demini düşürip oturyşyna Sülgün gepiniň bir gapdalyny garşydaşyna kakdyryp, gürrüňi ýene-de gaňryp, tersine alyp ugrady.

–Şol kejirlik tasdanam Nobat tebibiň başyna ýeten eken. Gazap donuny geýen Hanuma-da ony gaýgyryp goýarly dälmişin... Hälem Alla işleri ugruna edip, ogly Bazar wagtynda ýetişäýipdir–diýip, Sähragül gelinleriň gyzyşyp ugran gürrüňine sowlarly görünse-de, ol tarapa öwrülmän, ýene-de sözüni öňki hörpünde dowam etdirdi.

–Nobat tebibiň il taryply seýrek tebiplerdendigine söz ýokdur. Bir ýola onuň seýiklän döwük-ýenjigini Marydaky şol belli tebip ussa Haýta görkezipdirler. Ol seýiklenen ýeri synlap-sermäpdir-de: «Örän inçe iş, menem seýiklän bolsam, şundan gowy seýiklemezdim» diýenmiş.

Birazdan aýlanyp-dolanyp öz ornuna gelen öküzmi-de, şuraly gürrüňiň tuda arkasyny berip, gowaça meýdanynyň üstaşyry bir ýerlere seredip, keýpsiz oturan Nurbibä çakmakdaş bolup sürtülenligi belli boldy. Ol ahmyrly:

–Hä, Kymyş agaň öküzi oňarmandyr. Şahyny onuň içindenem geçirip, bir aýlap urmaly eken – diýip ýangynly gepledi.

Oturanlar ýakynda Nurbibiniň düşen ýagdaýyndan habarly bolansoňlar, onuň otlukly gepini geň-taň görmediler. Gaýta, oňa göwündeşlerçe ýeke sözde düşündiler.

...Şol gezek çörek bişirmek üçin Nurbibi gijäniň bir wagty turup, hamyr eden-de bolsa, hamyr suwy artygrak düşdümi, ýugrumy kem kakdymy nämemi hamyr wagty bilen almady.

Nurbibi daň bilen işden gijä galýanyny ýatlap, salym berip, taba gelen hamyr böleklerini gyssanyp, tamdyra ýelmäp durka, onuň üstünden oba aýlanyp, kolhoz adamlarynyň işe çykyşyna gözegçilik edip ýören Ýagdy şura gabat gelipdi.

Nurbibi onuň garasyny görenden: «Görmän geçäýedi-dä» diýen dileg bilen, tamdyryň arkasyna bukulanam bolsa, barybir

Ýagdy şura ony görüpdi. Ol Görogly bolup, aňyrdan at dyzandyryp gelşine:

–Näme, işe gitmän, henizem syrtyňy gözläp, güýmeň-samaň edip dursuň? Jahan ýagtylmanka atyzda gögermeli diýlen buýruk ýa saňa degişli dälmi!? –diýip, erbet bir işiň üstünden baran ýaly gazaplandy.

–Wah, hamyrym gijräk aldy – diýip, Nurbibiniň oňa düşündiresi geldi. Emma bu söz bialaçlykdan tapylan bahana ýaly eşidilip, Ýagdynyň gaýta gaharyny getirdi.

–Wagtynda turmagyň ýerine äri bilen çolaşyp-çyrmaşyp, heleýliginiň hözirini görüp ýatan heleý diýerler saňa!..

–Heleýligem gursun, şonuň hezilligem. Wah, gitjekdim-le. Eşegimi  garaňkyda gaňňalabam goýdumam-la – diýip, ol bu hatasynyň geçilmegini haýyş edýän hörpde şol bir wagtda tamdyra ýelmän nanyny gopararman bolup, eline ýeňligini geýip, aljyrap, howlugyp durşuna Nurbibi özüne käýinjiredi.

Ol ynsanlarça özüne düşünilmegini isledi. Emma Nurbibiniň bu aman diläp, ýürekden syzdyryp aýdan gepine Ýagdynyň hasda öjügenligi belli boldy. Ol at üstünden oňa haýbat atanyny az görüp, harsa eýeriň gaşyndan galgap ýere düşdi-de, tutgaýy tutan ýaly bolup däliräp, Nurbibiniň üstüne hüjüme geçdi. Elindäki gamçysyny nan goparmak üçin tamdyra eglen gelniň depesinden inderdi. Tenini ot bolup gamçy ýalan mahaly Nurbibi: «Waý, gideýin, häzir gideýin» diýip, nätjegini bilmän, ýöne henizem nanymy goparyp almaga mümkinçilik bolar diýen tama bilen eglendi.

–Bäh, başyňa döneýin, şura, şu tamdyra ýelmän nanlarymy bir tendirip alaýyn. Onsoň işe ugradym derrew!..

Nurbibiniň nanlaryny goparjak bolup, tamdyr ýanyndan aýrylman durmagy Ýagda diýeni bitmeýän, diýlene boýun bolup bada işe tarap ýumlugybermäň ýerine özi bilen erjeşýän ýaly gördümi nämemi, ol Nurbibidir tamdyra şundan soň hasam öjükdi.

Tamdyry it depen ýaly çöwüp depdi. Iki depende ony çörek-söregi bilen içine ýumurdy. Nämä garaşsa-da, ondan beýle deýýuslyga garaşmadyk Nurbibä göz dikip bişirip oturan çöreklerini ýykylan tamdyr aşagynda galdyryp, aglap işe tarap ýola üçürdikläbermekden başga alaç galmady.

Şol günler bu bolan hadysany taň görlüp, il edilmesiz aýylganç işi eden hökmünde Ýagdyny näletläpdi:

–Heý, tamdyram bir depip bolarmy!? Mukaddeslik ahyry ol.

–Tamdyr depip, ojak ýykan-a muramaz ir-de, giç-de.

–Hudaýdan gorkanokmykan ol?

–Weý, ol Hudaý ýok diýýänlerden ahyry. Onsoň ol seniň Hudaýyňdan gorkarmy, beýlekiňden.

–Hudaý janam-a bardyr özün-ä, ondan bir wagt bularam gorkmal-a bolar.

–Görkezmesine bir wagt gözüne görkezer-le, ýöne: ol «Hany ýene pohy bolsa görkezsin» diýip, bularyň syrtyny doly görjek bolýandyr.

Nurbibi şurany öküz süsüp, telim bir wagt öýünde güýlünip, dert çekip ýatmagyny kanagat tapmak bilen ýene-de bir gezek ýatlady.

–«Gul halkynyň jany berk bor» diýlerdi welin, şolam çyn eken, şol öküziň deminden sypdy, bagty getiren ol – diýibem, öňki aýdanlaryny az görüp, gahar ugruna saňňyl-saňňyl etdi.

Töwerek bu meselede henizem Nurbibiniň kalbynyň howrunyň ýetikdigini gördüler.

Şol barmana-da çaý içen käsesidir tüňçe-ýenekisini ýanynda göterýän elhorjunynyň bir gözüne salyp, işiniň ugruna gidermen bolup ugran gelin:

–Wah, doganlar, «Gurt agzasaň, gurt geler» diýenleri boldy bü-ýä. Hol-ha şuranyň özem gelýär– diýip, gol uzadyp arka tarapy görkezdi.

–Ol ekin üstüne aýlanyp ýören bolmaly.

–Nirä aýlanýanyn-a bilemok weli, şu obada şondan köp adam ýok–diýip, Nurbibi onuň gelýänini eşidip, zatlaryny gyssagly ýygnaşdyryp oturyşyna tizräk galyp-gopmagyň aladasy bilen boldy.

–Ýörüň, ýörüň, doganlar. Ol gelmänkä tizräk turawereliň. Ýogsam, beýdip otursak, ol ýer ýuwudan: «Näme syrtyňyzy kesege oýkap otyrsyňyz, ýylatjak bolýaňyzmy?» diýen ýaly bir bolgusyz gep tapar.

–Weý, gyz, oturaňda, eýsem, otyrýeriň bilen oturylman, niräň bilen oturmalymy şonda? Ýa-da onuň özüniňem enesidir heleýi, oýnaşydyr bajylary şol ýerleri bilen oturman, eýsem nireleri bilen oturýarkalar?

–On-a bilemok, gyz. Ýöne äri şura bolansoň, onuň aýalynyň-a ini suwlanyp, syrty küme ýaly heleý bolupdyr.

–Ol han heleýi-dä, onuňky küme bolman, kimiňki bolsun, eýse?! Iýse-içse bar, geýse-goýsa bar. Uzadan ýerine eli ýetýän şura-da getirip döküp, dönderip dur. Onsoň şuraň heleýi taplanman, eýsem, kim taplansyn!

Aýallar şundan soň bir-birlerine «Ýöreweri-de, ýöreweriň» bolşup, duran-duran ýerlerinden zatlaryny ýygnaşdyryşyp, şura golaýlaşmanka, ondan gaçyp, howlukmaç gowaçalyga siňmek bilen boldular.

Bir salymdan Ýeketuduň töweregi ýene-de çolaryp galdy.

* * *

Howanyň gazabyna tutup, sowap, üstesine-de, iki-üç gezek ýagşyň tapgyr-tapgyr ýagmagy bilen gowaçaly ýerlerden başga özbek topragynyň ähli ýerlerinde diýen ýaly meýdanlardan aýak ýygnanyp ugrapdy. Gyşyň ýylanyň, gurbaganyň ahmallygyny alyp, agzyna alşy ýaly onuň hem dünýäni agzyna alanlygy belli bolupdy. Meýdanlarda esasanam ýerleri lagambir şüdügärlemek, ýaplary gazmak, arassalamak, çil çekip, geljek ýyl ekin ekiljek

ýerlere güýz suwuny bermek ýaly daýhan aladalarynyň belli bir bölekleri galypdy.

Bu günler indi ýüzüne gyşyň demini urduran meýdanlaryň ýokarsynda, köplenjem ir ertirlerinden başlap, aýaz dumany peýda bolýardy we ol soňra garym-gatym bolýan ýaly bolup, tüsseläp aýlanyp-öwrülip, töwerekde esli wagt Güne gonalga bermän gezerdi. Süýnüp-sarkyp, geriljiräp ýörşüne günortana ýetip-ýetmänem Syrderýanyň arkasyna bir ýerlere göç edip syrylyp giderdi.

Komendantdyr onuň töweregindäki kömekçileri sürgünleri has-da olaryň erkek kişilerini işsiz goýmazlyga çalyşýardylar. Bir işi boldum etseler, olary beýleki bir işe tutýardylar. Gazy işleri biryan ýüzli edileni bäri Orazgylyç dagy indi bir hepdä golaý wagtdan bäri obanyň töweregindäki ekin ýerlerinde şüdügärlemek işlerinde işleýärdiler. Her gün komendant ir bilen adamlary üýşürip, at tutup, kim bar, kim ýok anyklansoň, olary meýdana alyp çykardy. Howa sowanda bolsa, aýallara diýlişi ýaly, «Öýderäk boluberiň, gerek bolsa, özümiz çagyrys» diýlip, garaşyk ediljege hem meňzemeýärdi.

Sürgünler şüdügärleýiş işlerinde şeýdilip yhlas edilen ýeriň geljek ýyl bol hasyl berjegine, özleriniň gün-güzeranlarynyň gowulanmagyna göwün ýüwürdişip işleýärdiler. Komendantyň her günki agdarmak üçin adam başyna bölüp berýän ýeri az dälem bolsa, adamlar bir-birleri bilen giç agşama çenli ýaryşyp işleşip, tutanýerlilik, işjeňlik görkezýärdiler. Orazgylyja bu gün togarlanýan ýaly bolup gezýän komendantyň bölüp beren gyrak-çetdäki ýerleriniň biri düşüpdi. Ol ajarlap geýýän silkme telpegini çykaryp nan haltasynyň üstünde goýansoň başyny tahýasynyň daşyndan ýaglyk bilen çalyp daňyp, pilini alyp, öz paýynyň daşyna geçdi. Birsalym işlänsoň, agdarylan ýeriň tanyşdan ýakymly ysy onuň burnuna urdy. Ol ysy alansoň bolsa, onuň bilen bagly pikirlere, onda-da beýle öz-özüň bilen galynan çolalykda berilmezlik asla mümkin däldi. Ýer müşgi seniň ünsüňi şeýle bir



*22

özüne çekýär welin, adam ýer basyp gezmegiň, ýaşap işlemegiň nämeligine şonda göz ýetirip ugraýardy.

Orazgylyç ýeriň ysyny duýup ugranda, ol ýortmanja oglanjykdy. Şol gün kakasy ýer sürýärdi. Agasy Orazgeldi bilen ol-da şonda kakasyna kömekleşmäge, künde başyny tutmak höwesi bilen gelipdi. Şonda sürlen ýeriň ysy oňa diýseň ýarapdy hem-de iň gowy müşk bolup, hemişelik onuň ýadynda galypdy. Ony ýeriň sahawat-keremi barada oýlandyryp, höweslendirip, hemişe höwrügip, onuň bilen ýaşamaga tamalandyrypdy. Ol ýer işlerinde işläp ýörkä: «Ýeriň ysy, gör, nähili nanyň ysy ýaly gowy eken» diýende kakasy oňa şol wagt belli bir derejede düşnüksiz bolan bu gepi aýdypdy. Ýeriň ysy ol onuň ynsany eý görüp çoýýan howrudyr, ýaşaýşa berýän medet yhlasydyr. Ol durmuşa höwes döredýär. Ýeten zatdan erjellik bilen aslyşmaga toýa münüp barýan atyňy göreş atyna öwürmäge sebäp bolýanam şol höwesdir. «Ýeriň müşgüne berilseň, ol seniň şeýtan tarapa açylan gulagyňa zat eşitdirmeýär, seniň ýer bilen düşünişmegiňe, onuň bilen birigip, bähbit işleriniň güzerinden inmäge hemaýat edýär. Ýöne ýerden türkmen ony hossar tutunyp, «Ýykylsaň, ýere ýapyş» diýýän däldir".

Orazgylyç bu günler şeýle pikirlere berlip, özüniň agdarmaly ýeriniň nädip aňyrsyna çykanyny hem duýman galardy. Ýeriň mähriban ysy bolsa işlendigi saýy barha köräp-köwsarlap bark urýardy. Ynsanyň ýere, halaldan hasylly zähmete bolan küýsegini artdyrýardy.

Derýa gyrasynyň suwlarynyň ýokarsy gyrpaklap doňup ugrapdyr diýen gürrüňiň yzysüre komendant ýerleri şüdügärlemek işini togtatdy. Ol sowugyň güýçlenenine seretmän, ony bes etmese-de etmezdi welin, ýöne doň ýeri pil bilen agdarmak kynlaşypdy. Gata düşüp gaňrylyp, yzly-yzyna piller sandan çykýardy. Ýöne näme üçindir meýdanlarda gowaçalar ýaprak, hasylyndan aýrylyp, gyzyl çybyk bolşup oturan-da bolsa, hamala ýerleri sürmelidigi, dynç bermelidigi ýada düşmeýän ýaly olar orlup ýygnalmaýardy.

Orazgylyç iki-üç gün bäri öýderäk bolmak bilen toplanja odunynyň azalyp barýanyny görüp, ýene-de onuň näçe wagta ýetjegine çen urýardy. Ot beýdip ýanyp dursa, elbetde, oňa odun çyklyşarly däldi. Ol bu gutarsa, oduny soňra nireden alyp boljagyny pikir edýärdi. Näme-de bolsa bir zat etmelidi. Elbetde, bir ýerlere gitseň, tapylmagy-da mümkindi. Emma komendantyň şundan aňry geçene gaçgak hökmünde temmi beriljekdir diýip, belläp beren çäginden rugsatsyz çykmak gadagandy. Şonuň üçinem bu ýerdäki ähli öýlerde diýen ýaly odun ýetmezçiligi esasy kellagyra öwrülipdi.

Eýýäm her ýyl şu döwür ulyny-kiçini üsgürdip-asgyrdyp, alýan dümew ýene-de obany syryp, öýme-öý diýen ýaly aýlanyp ýördi. Aganazaram alaň-açygrak oýnap, biraz sowuklapdy, o-da indi birki günden bäri ojagyň başynda üsgürip-asgyryp, ejesini azara goýup, dümew geçirip otyrdy.

Amangülüň oglunyň gutulmagy üçin: «Ha, şu mahal, unaş edip, bir derledip biläýsedim, onsoň dessine gowulaşybam giderdi-le bu» diýip, düýn bir gepiň gerdişinde aýdan gepi-de Orazgylyjyň ýadyndady. Şonuň üçinem ol «Ýa bar bolan goş-golamdan bir zady gije-girim gizlin äkidip, ony goňşy obada biraz noýba, ýaga, ajy galampyrdyr sogana çalşyp geläýsemmikäm?» diýibem oý köwsarladýardy. Onsuzam öň gyşy-ýazy iş aladalarynyň yzynda bolup ýörmegi endik eden Orazgylyç üçin, beýdip, aýalynyň gapdalyny alyp, işsiz ýatmak kyndy. Öňlerem gyşyna adamlaryň şeýdip esasy aladasy öýi ýyly saklap, çagalary üşetmezlik, iýgi-içgisini ýetirmek bolardy.

Orazgylyjyň öz aladalary bilen birlikde agasy Orazgeldiniň maşgalasy bilen bagly ahmyr-aladaly pikirler hem hiç wagt onuň aňyndan gitmeýärdi. Howa sowap ugraly bolsa ol «Ol ýerler-ä biziň ýerlerimizdenem sowukmyş, nädip oňýarlarka?» diýibem gaýga batardy. Olara delalatyny degrip bilmejegine gynanýardy.

Emma sürgünleriň bu eýýäm özünden bizar edip ugran böwşeňligi uzaga çekmedi. Komendant şähere baryp gelen güni

giçlik ýene obanyň ortasyndaky giňişlige sürgünleri toplady. Sanaw okap, adam sanyny tükellänsoň:

–Sürgünler, ertir daň bilen başga ýere göçýäris. Goşlaryňyzy ýola taýynlaň. Bize göçi äkitmek üçin mümkin bolan araba, ýeneki hem kömek ediljek. Olaram gije gelip ýeter – diýip, talap bildirip buýruk berdi.

Adamlar özleri üçin entegem Sowetiň göçe-göçlüginiň tükenmänligini bildiler. Olar:

–Indi bular bizi nirä äkitjeklerkän gyşyň içinde zir-zowran edip!?

–Haýwançа görülmeýän wagtyňda, eýäň seni nirä sürende bolanok.

–Arabaly gidilmeli bolsa, uzag-a bolmaly däl barylmaly ýer...

–Nä, bilýäň, otla çenli arabalar äkidýän bolsa?

–O-da mümkin, gelenimizde düýeli, ýenekili gelmedikmi näme?!

–Nirä äkidilýänimizi aýdaýsalar, gowy boljak welin, syr edip onam aýdanoklar-da bular...

–Sorasaňam baranyňyzda, görersiňiz diýer.

Dogrudanam, hökümetiň bu adamlary belli bir ýerde gonalga bermän, ondan-oňa göçürip, yzzan-da, çuwwan edip ýörmegi sürgüne berlen adam köp bolupdy, hökümetiň indi olary nätjegini bilmeýäne meňzeýärdi.

Bu garaşylmadyk talap sürgünler arasynda şeýle alasarmyk gürrüňleriň döremegine sebäp boldy.

Sürgünler talap edilişi ýaly şol günüň ertesi yzanda-çuwan bolşup, gara daň bilen ýola düşdüler. Ýüke niýetlenen at, düýe, öküz goşulan arabalar şol gijäniň özünde ýerden çykan ýaly bolşup, obanyň ortasyndaky boşlukda peýda bolupdylar.

Bölünip üç maşgala bir, dört maşgala bir edip berlen arabalara, esasanam, öý goşlary ýüklenildi. Ençeme ýerde ýaş çagalar bilen garrylaram oňa mündürdiler. Orazgylyç dagyň paýyna düşen iki örküçli düýe goşulan araba bolup, onuň arabakeşi bir orta boýly,

egni ala donly bir çokga sakgal adamdy. Haçan-da ol çagalary araba ýerleşmäge kömek edip durka, gözüni süzüp, bir duranlara syn edip alansoň, gabadynda duran Aganazary ýerden göterip aldy-da, ony araba goşulan iki örküçli düýäniň hereketlense, leňňer atyp duran örküçleriniň arasynda oturtdy.

–Meniňem balalarym şu ýere münmegi gowy görýärler. – Soňam ol onuň eline düýäniň owsar-jylawyny – Oglum, özüň sürersiň–diýip, Aganazaryň eline berdi.

Her çaganyň ynam edilip, ata, düýä mündürilende begenişi ýaly, Aganazar hem muňa diýseň begendi. Gojanyň töwerekden özüni saýlap, düýä mündürenine, onuň özünde başarjaňlyk görenligini pikir edip monça boldy.

Özbek gojasynyň sypaýçylykly, akgöwünlilik bilen eden bu hereketi adamlaryň indiki barjak ýerlerinde özlerine şeýle adamlaryň duşjakdygy umyt etdirip, olaryň gowulyk tamaly pikir ýöretmeklerine sebäp boldy.

Sebäbi düşünişýän gowy adamlaryň ýanyňda bolanlygyndaky işleriňem agramynyň beýle agyr bolmaýanyny halk öz bu selhäselli durmuşynda görüp ýördi. Şeýdip ol ýene-de töwerekde duran çagalaryň bäş-altysyna homp berip, olary göterip, iki gartaşan aýal bilen öz arabasyna ýerleşdirensoň, ýüküni tutdy. «Şu özbeg-ä çaga-çuga bolsaň, düýäň dagy gulagynyňam üstünde ýerleşdirjek» diýdirip, töweregiň minnetdarlygyny gazandy.

Çaga-çugalary alyp, arabalar ýola düşensoň, aýal-erkekler ýene-de bölünişdiler. Erkek adamlar çep tarapyndan, aýallar arabalaryň sag tarapyndan ýörediler.

Howa sowukdy. Asmanda ýeňil ganat gar kebelekleri uçganaklaşyp, pel-pelleşip ýere dökülýärdi. Olar asmanyň bol garly ganarynyň bir ýan eteginiň ýyrtylyp, indem onuň kerem-ara howlukman şol ýyrtykdan dökülip ugran ýaly duýgy döredýärdi.

Göçüň öňünden komendant bilen, göçülmeli gürrüňiň yzysüre diýen ýaly obaçylykda peýda bolan iki atly atlaryny öz maýdalyna sürşüp, gürleşip barýarlar. Ol iki atlyny adamlar göçmegiň üpjün

edilişine gözegçilik ýetmek üçin hökümetiň şäherden ýörite iberen wekilleridigini  olaryň harbylarça geýnişlerinden, ýanbaşdan asan ýaraglaryndan çen tutýardylar.

Orazgylyç öz goňşuraklary Hajydyr Berdi Gulmyrat, Annanur bilen dört bolup, bir ýerräkden toplum tutuşyp, bir-birleriniň aýaklaryna deň ýöreşip barýardylar. Göç ýöredikçe töwerekde gaýmalaşýan gar kebelejikleriniň hem hamala gyşyň jümmüşine aralaşylyp barylýandygyny tassyklaýan ýaly barha gürelýärdi. Mahal-mahal göç sesýetimlige çenli sozulyp, egrem-bugram bolup süýrenip gelýän äpet bir aždarhanyň guýrugyna öwrülýärdi. Özbek obalarynyň içinden geçilip barylýarka adamlar «Şu sowukda bu bendeleri beýdip nirik alyp barýarkalar?» diýip, pikir ediýärdiler. Göçüň garasy ýitýänçä, olaryň yzlaryndan seredişip galýardylar.

Sürgünler öz gelmeli ýerlerine ugran günleriniň ertesi garaňkyny ýagşy düşürip, ýere düşen ilkinji gary depeläp geldiler. Töwerek oňly görünmese-de, adamlar golaý-goltumda göze ilýän, ýaşaýyş alamatlary bolan jaý, ýeneki görünmänsoň, özlerini bir çete atylandyklaryna göz ýetirdiler. Töwerekde bir yklara zat bolmansoň, sürgünler arabalaryň üstüne keçe-ýeneki ýazyp, olaryň aşagynda ýerleşip, mümkin boldugyndan, dynç almak üçin ýalazy meýdanda çagalara, aýallara  amatlyk döretmäge çalyşdylar. Erkek adamlar uzynly gijäni aýak üstünde diýen ýaly gezmeleşip, bir-birleri bilen mesawy gürrüňler edişip, şöwür çekişip geçirdiler.

Ýokardan bürelip duran gara gije ir-daňdanlar kem-kemden hal atyp çalaryp, depesinden çekilýän ýaly ýokaryk göterilip, ýer özüniň giňişligini alyp ugransoň, sürgünler özleriniň şaňlap ýatan bir boşluga getirip dökülendiklerini gördüler. Bu ýeriň gaýra tarapy aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän pagta meýdany bolup, üç tarapy belliksiz-çäksiz giden boşlukdy. Giden pagtaly meýdan üstüne gar düşüp telpekläp otyrdy. Sürgünler gar astynda isrip-zaýa bolup ýatan pagtany görüp gynandylar hem özleriniň bu ýere hut şunuň üçin getirilendiklerini aňdylar.

Sürgünler şeýdibem ir ertir üst-başlaryny agardyşyp, gar ýorganyň aşagyndan ördüler. Ir ertir bolmagyna seretmezden, howa awusyny dökendenmi nämemi, howa ýoldaky ýaly juda sowuk däldi. Töwerek özüniň geriljiräp durşy bilen asman-ýer bilen goşulyşyp, äpet bir ak balygyň açylan agzyna dönüp, gowak bolup hoňkaryp görünýärdi.

Aýallar munça ýatan gary görüp, bu dulanara zadyň ýok ýerinde ýaşaýşyň öňküden has kyn boljagyny aladalanmak bilen pikir etdiler. Ulular alada galan hem bolsalar, çagalaryň welin bu ýaşaýşy kabul edişleri başgaça boldy.

Aýhan üsti garly ýorganyň aşagyndan pallap başyny çykaran wagty diňe bir töwerekleriniňem däl, älem-jahanyň gar bolup ýatanyny görüp muňa begendi. Dessine-de bu gowulygyň barlygyny buşlamak üçin özi bilen arabanyň içinde bir ýorgan bürenip ýatan jigisi Hanow bilen onuň beýlesinde ýatan Aganazary tirsekläp turuzdy.

–Turuň-a, eý, ýaman köp gar ýagypdyr!

Aganazardyr Hanow uky mazasyny almaga goýman turzany üçin ilki başda Aýhandan nägile bolan hem bolsalar, töwerekdäki gary görüp, olaram muňa ondan kem begenmediler.

–Baý-ba, bu garyň köpdügini!

–Biz garyň öýüne gelipdiris-ä!..

–Bu ýer hemişe şeýdip gar bolup ýatýarmykan? Onda hezillig-ä bolar. Obada hemişe garda taýyp oýnardyk.

Oglanlar bu hezilligi bir-birlerine buşlaýan ýaly bolşup, töweregiň ulularyny biraz geň galdyryşyp, şatlykly jammyldaşdylar. Allanazara şeýle-de ol gaplaňyň «Jedel depesiniň» töwereginde gar ýaganda bolýan hezilligi ýatlatdy. Gar ýagan gününiň ertesi «Jedel depäniň» üsti gowy taýpançak bolup, ol töweregiň çagalaryny öz üstüne ýygnardy. Munuň ýaly taýgançak tapylsa, oýunbaz çagalara başga näme gerek!? Aganazar birsalym ýatlama berlensoň, ol şol pursatda ýene-de özüni şol «Jedel depäniň» typançajygyna ynandy. Şonda oňa indi haýal etmän, bile oýnaýan

deň-duşlary Allaberdi, Älli, Arnageldi, Sapar, ýenekilerem öz ýanynda peýda boljak ýaly duýuldy.

Bu töwerekde göze iler ýaly zatdan ýeke üstüne düşen garyň aşagynda  ýegşerilen ýaly bolup oturan gapysyz, penjire ýerine ýassyk sygaýar ýaly deşik goýlan tamkepbe bardy. Komendant uzakly gijäni töweregiň adamlary bilen ortada ot ýakyp, şol dört diwary yklap geçiripdi. Emma ol ýerde oturan ýeriňde irkilip bolan-da bolsa, ýatyp bolmandy. Ukusyz gözler gan öýen ýaly gyzaryşyp durdular. Şäherden gelen iki adamdan tapawutlylykda komendant uzakly gijäni sürgünleriň töwereginde aýlanyp, gerek bolanda olaryň gaçyp-tezmesiniň öňüni almak üçin dynmazjan bolup, töwereginiň ýedi-sekiz esgeri bilen aýak üstünde diýen ýaly geçiripdi.

Jahan biraz ýagtylansoň, ol endigine görä ýene-de barlag üçin erkek adamlary bir çetde töweregine toplady. Atma-at tutup, ýene bir gezek janyny barlady. Adamlarda diňe şundan soň özleriniň hut şu gar astynda galan pagtany ýygmak üçin getirilendiklerine şübhesi galmady.

Komendant işiň gaýragoýulmasyzdygyny nygtap düşündirensoň, adamlara özleri üçin bu ýerde sümelge edinere, gonmak-ornaşmak bilen bagly ýagdaýlar üçin bir gün wagt berdi.

Bu ekin ýerleri töwerekdäki obalaryň biriniň ýaşaýyş ýerinden alysrakda hem giçkiräk eken, gyş gelensoňam, pagtasyny doly ýygmaga ýetişmän, taşlap giden ýerleriniň biridi. Kolhoz adamlarynyň bu ýerden çekilmeginiň sebäbi gyşam-a bolsa bolmagy mümkin welin, esasy sebäbi el güýjüniň ýetmezçilik etmegi bolsa gerek. Türkmen obalarynda bolşy ýaly özbek obalarynyňam adamlarynyň tutulyp-basylýanlary, sürgün edilenleri ýetik bolmaly. Beýdip gazaba tutup dursaň, hany onsoň ýer işläre, mal bakara adam galarmy!? Öz işläýjek adamlaryňy epläp syrtyňa dykaňsoň, elbetde, başga ýerden adam getirmeli borsuň-da. Getireniňem ýanalanlar bolansoň, olary haçan, nirede gazaba, sowuga gerňäňde bolmaýar.

Sürgünler bir-birlerini goldaşyp, aýal-gyzlara bakman, derrew görkezilen ýerden sümelge edinmegiň ugruna çykdylar. Mundan ýarym günlük ýolda tokaýa berimsiz jeňňeliň barlygyny bilmek küme gurnaýanlaryň gulagyna has ýaran gepleriň biri boldy. Näme bar, odun bar. Odun bolsa, ojak bolsa, onsoň hemme zadyň bir ugry, ýoly tapylyp, durmuş assa-ýuwaşdan kaddy-kamatyna geliberýär. Golaý-goltumda sowukda maňlaýdan diräýjek odunly-owkatly jeňňeliň barlygy adamlarda bu kynçylygyň hem öňünde durup biljeklerine ynam döretdi.

Komendantyň gepiniň anygyny alan adamlar haýal etmän, özlerine sümelgelik ýerkümeleriň ugruna çykdylar. Görkezilen ýeriň üstüniň garyny bir gapdala syryp aýransoňlar, adamlar gazylmaly ýerkümäniň ýeriniň töweregine aýlanyp, hemişe ilki edilişi ýaly, onuň göwrüm-giňliginiň ölçeg, çen-çakyny aldylar. Boýunyň, ininiň ädim sanyny ädimläp takykladylar. Erkekler ýerkümäni gazmak işine başlansoňlar, aýallaram durup bilmän, şeýdenlerinde öýleriniň has tiz bitjegine göwün ýüwürdişip, adamlaryna ýardama geldiler. Elleri üşän wagty ony donlarynyň ýakasyndan sokup ýylatdylar. Adamlarynyň tut diýenini tutup, ber diýenini alyp berip, mümkin boldugyndan, hemaýat etdiler. Çagalaryňam bir topary «Oduň başyndan turmaň, üşärsiňiz» diýilýänligine seretmezden, kakasydyr ejelerine çaga endigine görä, sorag baryny berip, jürrüldeşip kömek berşen bolup ýördüler.

Orazgylyç kümeçiligiň biryan çeträginden maşgalasy üçin ini üç, boýy bäş ädimlik küme ýerini ilkinjileriň biri bolup taýynlady.

Komendant soňra Orazgylyç bilen ýerini öňräk gazyp bolanlaryň birnäçesini esgerleriň iki-üçüsiniň ugratmagynda arabalar bilen ýarym günlük ýoldaky jeňňele kümeleriň üstüni basyrmaga gerek boljak torañňydyr gamyş beýleki getirmäge ugratdy. Adamlar sümelge edinmäge näçe gyssansalar-da agaçdyr gamşyň ugruna gidenler wagtynda gelmänsoň, gijäni ýene-de oduň başynda tapan zatlary bilen bürenişip geçirmeli boldular. Adamlar arabalar gelensoň, haýal etmän, ýerkümeleriň üstlerini

basyrdylar. Beýle işleri ozalam elleriniň ujunda edip ýören daýhan adamlar üçin munuň uly bir kynçylygy bolmady.

Gar, sowuk bilen tutluşyk şol günüň ertesi pagta ýyglyp ugransoň başlandy.

Atyzlarda pagta kändi, bu bolsa eden azabyň ýerine düşjegi babatda tama döretdi. Emma çyg pagta bilen pagtadyr öýdülip aldanylyp garbalýan gar bölegi welin lapykeç etmekdenem başga-da eliňi üşedýärdi. Barmaklar çyga garrap, gyrmyzy reňke batyrylyp alnan ýaly bolup gyzarýardylar. Ýörän wagtyň etege dökülýän gar bölekleri geýimleriň öň etegini ezip, suwdan çykan ýaly barha agralýan çygly geýim bilen gezmeli bolýardy. Emma adamdanam emel gutulýarmy. Telim bir ýerde parladyp ot ýakyldy. Indi pagta ýygyp ýören adamlar juda üşäberseler, ot başyna gelip, elleri-ýüzleri çoýup, ýylnyp gidýärdiler. Şundan soň olar esli wagt üşänlerini hem duýman, hars urşup işleýärdiler.

Emma pagta depesinde telpekläp duran gar henizem uly kynçylyk döredip işi bökdeýärdi. Adamlar her düýp gowaçanyň pagtasyny ýygjak bolanlarynda ilki onuň garyny kakyp düşürmeli bolýardylar. Bu bolsa pagtanyň öndümli ýygylmagyna diýseň uly bökdençlik berýärdi. Ýöne adamlar gowaçaň garyny düşürmegiň hem tiz bir emelini tapdylar. Orazgylyç kümesiniň gapdalyna odunlyk üçin basyp goýan toraňňylaryň arasyndan syryk ýaly uzyn, ele çemelisini aldy-da, ony kese tutup, ýygymçylaryň öňünden gowaçalaň garyny düşürip ýöredi. Bu bolsa belli bir derejede işiň ýagdaýyny gowulaşdyrdy. Ýygymçylar şondan soň öňküleri ýaly pagta hanasy diýip, gar bölegine aldanmadylar.

Hökümetiň hem bu pagtany juda çalt ýygdyrasy gelendigi belli boldy. Indi ol her ýygymçynyň öňünde 20 kilo ýygmagy borç goýup, ondan aňyrky artykmaç ýygan pagtasy üçin, berilýän nanyň mukdaryny onuň her on kilosyna ýene-de 100 gram artyk nan goşup ugrady. Amangüldür Orazgylyjam her gün 30-40 kilo pagta ýygyp, nan paýlaryny ep-ýesli artyk alyp ugradylar. Has-da komendantyň täzeden gazan gulagyny gyzdyryp, bir wagtyna

naharlap ugramagy, halkyň gözüne degdi. Gowaça eteklerindäki ýerlerden wagtynda bir sebäp bilen köwlenip alynmadyk sogandyr, käşiriň gar astyndan tapylmagy bolsa gyşyň içinde milletiň maňlaýyndan diredi. Az-kem-de bolsa açlyk belasynyň kükreginden itilendigi belli boldy. Sürgünler ilki jaýsyz ýerde gyşy geçirmegiň kyn boljagyny pikir edişip, gorkan-da bolsalar, garynlary doýup ugransoň, «Garny doka bela ýok» diýen gepe assa-ýuwaşdan ynanyşyp ugradylar.

Adamlara pagta ýyglyp bolansoň, ýene oba göçüljegi aýdylan hem bolsa, belki, ýokarda soň pikir üýtgändir, olar gyşy bilenem şol ýerde galmaly boldular.

* * *

Şemalyň ugruny üýtgedip, demirgazyk-gündogardan öwsüp ugranyna köp wagt geçmänkä, aýaz artyp, ýeriň süňňi barha şaraň gaty bolup doňup ugrady. Onuň yzysüre-de ýene-de güpüläp gar düşdi. Dogrusy, ol gar bolup ozal görlen penje-penje gözüňi dokundyryp ýagýan garam däldi-le. Elekden dökülýän ýaly tozgalap duran un ýaly maýda bir zatdy. Iki günüň içinde ol dünýäni boýdan-başa galyň gar bilen yrk-myrk edip basyrdy. Gar dagy bir ýagjagyny ýagyp, gowzajagyny ýagşy gowzansoň, bir günden, iki günden karar tapaýjak ýaly, welin üç-dört günläp eledi durdy, bulady durdy. Garyň özündenem beter onuň aldajy sowuk şemaly erbetdi. Ol hazylap, güzüläp asla bir ýerde durmaýardy, ýelkildäp bir ondan çykýardy, bir mundan. Birde ýaşaýyş öýlerini gabawa alyp, töwerekläp syrap olary gömüp taşlarly görünse, ýene birde göterip bilen garyny göterip, gar üýşmeklerini ondan-oňa göçürýän ýaly bolup, harasatly güýje öwrülip, ýeser gelen pälazan bolup, ähli gapdalyňdan çykyp, üste dökülýärdi. Özüni synlanlara: «Bu aýlanyp-öwrülip hiç dynanok, nirede bolsa-da bir ýerde şu gyşyň enesine jyn-arwah argaşyp alan bolmaly»

diýdiribem janyýangynly oý etdirýärdi. Sowuk gahar-gazaby daşarda galanyň ýüzüne şarpyk bolup çalynýardy. Bu türkmenler üçin asla görlen zat däldi.

Şeýdibem, sanlyja günde sürgün obalaryny gara gyşyň özüniň rehimsiz leşgeri bilen gabap, sykaja salyp, hüjüm edip ugranlygy belli boldy.

Gijelerine ol indi doňan Işim derýanyň ýüzüni ýalap öwüsýän sowuk uzyn gar etegini yzynda süýräp, sykylyk atyp, kümeleriň töwereginde ýalazy meýdanlary-da ürç edip aýlanýan şemala öwrülýärdi. Indi adamlar juda zeruryna bolaýmasa çykyp, daşary ýüzüni görmeýärdiler. Çykanlaram: «Şemaly dagy ne bela, tozduryp barýar-la bi, hälem guýy bilen aralyga ýapyşylyp ýörär ýaly tanap çekilen eken, gary, şemaly gözüňi açdyranok» diýşip, ondan elheder alşyp gaýdyp gelýärdiler. Bu ýagdaý uzaga çekse, munuň milleti juda heläk etjekligini howpurgama bilen pikir edýärdiler. Hälem bu ýagdaý iliň bagtyna gyş gutarýança «Şeýdip durjakmykan!?» diýlip gorkulyşy ýaly bolmady. Bäş-alty günden gyşyň ýan berip, biraz gazabynyň köşeşenligi belli boldy.

Mal-garalara seredýän adamlar, ýapyk jaýlarda işleýän adamlar gelip-gidip, işe gatnap ugradylar. Aldaýjy sowuga durmuş togtan ýaly edenem bolsa, ol ýene-de täzeden herekete gelip ugrady. Orazgeldem bu günler tekerli arabasyny typýan araba çalşyp, şony sürüp öwrenip ýördi. Reşetnikowy mündürip, mal ýataklara, ýeneki işlenilýän ýerlere alyp gidýärdi. Hatda bir gezek gidip, polewoýstandakylaryň ýagdaýyndanam başlyk bilen arabada gidip, habar alyp geldiler. Beýle gazaply gyş görülmedigindenmi nämemi ölüm-ýitim köpelipdi, hasam Türkmenistandan soňky gelenleriň arasynda ölüm köpelýärdi. Indi her gün kümeçilik bilen obaçylygyň arasynda merhumlary öwlüýä äkidýän ýörite araba peýda bolupdy.

Jeset daşaýan ol araba her gün irden obanyň aňrybaşyndaky kolhoz ýolbaşçylarynyň oturýan tarapyndan peýda bolardy-da, gapdalyndan çykarylýan jesetleri ýükläp, obanyň aralygyndaky

açyklygyň içi bilen öz maýdalyna geçip giderdi. Bu ýerde gyş ýeri telim gat sowugyna, garyna dolap alansoň, belli bir wagta çenli onuň ýanyna baryp bolmaýardy, halka ölüsini ýere düýnemäge-de mümkinçilik bermeýärdi. Hiç zada bakman düýnejegem bolsaň, gabyrlaryň üstündäki doňan gar gatlaklaryny aýryp, soňundanam doňan ýere pil öter ýaly üstünde esli wagt ot ýakyp, ýeri çözülip ýumşaşar ýaly gyzdyrmaly bolýardy. Şonuň üçinem gyş gazabyna tutýan döwürleri millet öz merhumlarynyň jesetlerini bu ýerdäki «Mogilnik» atly ýörite gurlan basdyrmanyň aşagynda it-guş degmez ýaly ýerde saklaýan ekenler.

Şol günleriň birinde Orazgeldileriň başaşa aňyrsyndaky ýerkümedäki goňşularyň biriniň on iki-on üç ýaşlyja göze görnüp gelýän gyzjagazy ýogaldy. Oguljuma tebipçilikden az-owlak habarly bolansoň, wagtal-wagtal ondan habar tutýardy. Gyzjagaz ýogalansoň, är-aýalyň birki gün bir aýagy şol ýerde boldy. Oguljuma öýe gelip gidip, goňşa merhumy adaty türkmen edim-gylymyna laýyklykda ugratmaga taýynlamaga kömekleşýärdi. Orazgeldi hem öýüň gapysynda üýşüşen adamlaryň arasyndady. Eje-kakasy, goňşulary gidensoň, Allanazaryň her gezek öýde jigileri bilen özi galýardy. Eje-kakasynyň tabşyryşy ýaly, jigilerine akga bolup, olara göz-gulak bolýardy. Aglaşyp-eňreşseler, o diýip, bu diýip köşeşdirýärdi, olara hakyky hossar bolmaga çalyşýardy. Ýer ak çeňk kepene dolanan ýaly bolup, ýedigat gar-buza dolanyp ýatan-da bolsa, bu tükeniksiz görünýän gazak gyşynyňam karar tapyp wagtal-wagtal ýumşap, ýazylyp, çözülip alýan wagtam bolýan eken. Ine, bu günem şeýle günleriň biridi. Gyş birki günden bäri hoşgylaw niýet tapynyp, ýumşap açylyşyp ýördi. Gapylaryň giren-çykany köpelip, daşarda görünýän adam sany artyp ugrady. Elbetde, şeýle maýyl günleri has-da gör ýaly garaňky kümeleriň içinde gapylyp oturmaga mejbur bolan çagalar küýseýärdiler. Oýun höwesli çagalaryň birnäçesi eýýäm daşaryk çykyp hem ugrapdylar.

Daşardan eşidilýän çaga sesleri soňra Allanazardyr Rahmannazaryň daşarynyň hezilini görmek höwesine bat berdi. Özi ýaly oglanlaryň garda hezil edip ýörenligini bilip, olaryňam şolara goşulaslary geldi. Şeýle bolanda oýun höwesli oglanlary öýde saklap bolýarmy näme? Ýas-ýaňyja öýe gelip-gidip, çagalardan habar alýan Oguljuma Rahmangulujygy kükregine ýaplap, başyny sypap emdirip gidensoň, köp wagt geçmänkä, ol myrlap uklap galypdy. Daşarda oýnaşyp ýören deň-duşlarynyň seslerini eşidip, baryp olara goşulmak höwesine berlen Rahmannazar «Allakga, daşary gideli» diýip, häliden bäri izileýärdi. Allanazar ejesi gelip gidensoň, onuň indi esli eglenmän gelmejegini bilýärdi. Bu mümkinçilikden peýdalanarman boldy. Rahmannazary üşemez ýaly galyňrak geýdirensoň, özem onuň bilen daş çykdy. Gyşda bolsa mahal-mahal öňüne çolaşýan sowuk bulutlaryň arasynda görnüp, ýere şugla berýän Günem şähdaçyk ýylgyryp durdy. Ol gara çümüp barýan ýaly bolup oturan kolhoz kontorynyň aňyrsyndan ýaňja göterilenem bolsa, eýýäm al-asmanda «Ine, menem» diýip, tegelenip dur. Allanazar daşardan deň-duşlaryň şowhunly sesini eşidensoň, Rahmannazara indi öňküsi ýaly ýürege düşüp: «Akga, bizem daşary gideli-le» diýip, iňezelemegiňem geregi bolmady. Beýle hezillik barka heý-de oňa-da bir goşulman durup bolarmy!? Daşynyň gary artylan guýynyň beýle ýanyndaky depäniň üstünde taýmaşak oýnaýan oglanlar Allanazary gören batlaryna ýerli-ýerden «Eý, balykçy-da, Nazar!» bolşup, onuň soňky wagt köp tutulýan atlaryny tutup, gol bulaşyp, öz ýanlaryna oýna çagyrýardylar.

Allanazar Rahmannazary bäri başda taýýanlara tomaşaçy bolup duranlaryň ýanynda galdyryp: «Ýöne gar iýäýme, ejem käýýär» diýip sargansoň, deň-duşlarynyň arasyna ýetmäge howlukdy. Çagalaryň göçgünli sesleri ýene töwerege ýaň berdi. Barybir Allanazar Rahmangulynyň öýde ýeke galanlygy, onuň oýanyp, aglap özlerini gözläýmeginiň mümkinçiligini pikir edip, ol ýerde isledigiçe oýun oýnamaga galyp bilmedi. Jigisinem ýüzugra alyp,

gyssanyp yzyna dolanma bilen boldy. Allanazar aňyrdan gelende deň-duşlary bilen gar oýnap duran Rahmannazaryň ýüzüniň üşäp, ýaňaklarynyň çym-gyzyl bolanyny gördi. Gelşine-de «Garam iýdiňmi, sen güjük?» diýip, onuň üşän elinde gar görüp, biraz aladalanyp sorady. Ýöne Rahmannazar gepläp-geplemänkä onuň gapdalynda duran Sapar üşän gulagyny owkalap durşuna, hile bir iş eden hökmünde dillendi:

–Menem gar iýdim. Ol-a şekere meňzese-de, süýjem däl eken...

Allanazar jigisiniň donunyň synyna, ýeňine ýokan garlary kakyşdyryp, onuň bilen öýe howlukdy. Kellesinde bolsa «Rahmanguly nätdikä, oýanyp aglamadygam bolsa ýagşy» diýen aladaly pikir at salýardy.

Öýde eýýäm çagalaryndan dynman, olardan habar almaga gelen Oguljuma iki ulusynyň ýoklugyny görüp, alada galan hem bolsa Rahmangulynyň henizem uklap ýatanyny görüp, biraz rahatlanypdy. Ol mysylapjyk, bir gowy bolup ýatan çagajygyň açylan ol, bu ýerini üstündäki örtügi bilen ýapyşdyryp indem iki ulusynyň gözlegine gidermen bolup otyrdy. Ene olary gapyň agzynda görüp: «Egniňize bir gowuja geýindiňizmi?» diýip, käýinme ýerine aladaly garşylady. Soňra-da olaryň üşäp gelenini görüp, töre geçirmän, daşky geýimlerini çykartman, şol golaýda ojak başynda oturtdy. Oglanlar oňa: «Garda taýdym, gar adam oňardyk, hezillik boldy» diýşip, begençli ýylyş-da, ýylyş bolşup gürrüň berdiler. Daşarda bolýan hezilligi höwesli ýatladylar. Ýöne oda çoýunyp, oglanlar biraz ýylynsalar-da, sowugyň sypalap ýaňaklarda goýan gyzyl-al reňki welin ýüzlerden wagty bilen sowulmady. Juda uzak wagt daşarda bolmadygam bolsalar, olaryň ikisiniňem eýýäm belli bir derejede üşänligi duýuldy. Oglanlar ýaňy gyzygyşyp oýnap, ylgap-böküp ýörkäler, oýnuň gyzygyna gyşy duýmadygam bolsalar, olaryň üşänligi agşam düşensoň, hasam belli boldy. Gije oglanlaryň ikisi-de biraz gyzymsady.

Ikisi-de iki-üç gezek oýanyp, suw soradylar. Eje-kakalaryny ynjalykdan gaçyrdylar.

Şeýdibem bu maşgalanyň ene-atasynyň «Çagalary bir üşetmesek ýagşydyr» diýip eden gorkularynyň hakykata öwrülmegi boldy. Oguljuma ogullarynyň derdine em etmekligiň ugruna çykan mahaly minnetdarlyk bilen gaýynenesini ýatlady. Ol gelinlere: «Siz öndürip-ösdürip oturan adam, gerek bolar, mydama men ýanyňyzy alyp durmaryn, aýal halkynyň köp bolmasa-da, az-da, kän-de tebipçilikdenem başy çykmalydyr» diýen maslahat-tagallasyny ýene bir gezek ýatlady, öz bilýän tebipçiligini öwredeni üçin hem ondan gaýybana minnetdar boldy. Oguljumanyň özi-de eýýäm soňky ýyllarda gaýynenesiniň tebipçiligini ýöredip, öz töwerekleriniň ýeňil-ýelpaý dertlerine em-melhem edip, derde ýarap ugran tebipdi. Oguljuma oglanlaryna sowuklama ýetişenini görüp, bada-bat olara em etmegiň ugruna çykdy. Elini ýuwup, oda tutup, gezekli-gezegine «Biziň elimiz däl, Lukman Hekimiň eli, emi bolsun» diýip, ogullarynyň galan damaklaryny basyşdyrdy. Suw gaýnadyp, bokurdagy ýumşadyp, daglap geçer ýaly, olara häli-şindi gyzgynrak suw içirdi. Ene süýdüniň müň derde dermanlygyny ýatlap, süýt sagyp, oglanlaryň arkalaryny kükrekleriniň ýüzlerini sypalaşdyrdy. Bu emleriň olara belli bir derejede melhem boljagyna göwün ýüwürtdi. Dogrudanam, şu emlerden soň kakasynyň sary possunyny jigisi bilen bile ýapynyp ýatan Allanazar şondan soň julk der bolup derledi. Oguljuma gije onuň köýnegini çalşyp, gury köýnek geýdirdi. Onuň ýüregini tutar ýaly, agşamky gaýnadan kortoşkasyndanam birini bir döwüm nan bilen eline berdi.

Emma Rahmannazaryň welin gyzdyryp, haly teňdi. Oguljuma daşynda kebelek bolup, bildiginden näçe em etse-de, onuň gyzgyny wagty bilen azalyp gaýdyşybermedi, gaýta, hyk-çoky artyp, üsgülewigi öwjedi, işdäden galdy. Hemişe köp iýse, özüniň Allanazary ýetip geçip, ondanam tiz ulaljagyna ynanyp, berlen zady işdä bilen iýýän çaganyň indi hiç zadyň ýüzüne seredesi gelmeýärdi.

Horlanyp iki günde oglanyň gözleri höwlendi. Oguljumanyň bir zatlar iýdirmek üçin edýän aladadyr höre-köşesi-de wagty bilen peýda bermedi. Ýöne suwy welin ol häli-şindi soraýardy. Çaganyň aňrysynyň howrunyň ýetikdigi bildirýärdi. Rahmannazaryň barha tapdan düşýänini görüp, maşgala howpurganyp elewreýärdi. Oňa nädibem bolsa kömek beresleri gelýärdi. Maşgala delmirip, kömek sorap, ýürek ezip, Taňra sygynýardy. Dilegleri gowuşsa, Taňrynyň kömek etmäge güzer tapjagyna tama bilen ynanylýardy. Oguljuma wagtynyň köpüsini hamala beýlekilerini unudan ýaly, Rahmannazaryň töwereginde geçirerdi. Gijeler onuň eljagazyny, maňlaýyny sypap, oýanan çagy göwnüni götermek üçin, halyny sorap, hoşamaýlyk ederdi. Oguljuma öz tebipçiliginiň oňly netije bermeýänini görüp ugransoň: «Wah, Bazar ýa-da Nobat tebipden birden-biri bolan bolsady şu wagt, muňa hökman em tapardy» diýip, hossar küýsäp, Söýünalyny ýatlaýardy.

Derdi-belanyň başdan inip, öýde goş basyp ýatanlygy belli bolany bäri indi wagtam oraza günlerindäki ýaly örän haýal geçýärdi. Gabra giren deý garaňky küme-öýde oturmak aňyrsy-bärisi görünmeýän tükeniksizlik bolup görünýärdi. Orazgeldi her gün irden işiniň ugruna gitse-de, ýene yzyndan dynyp bilmän, tiz dolanyp gelerdi. Rahmannazaryň gara heläk bolup, dert çekip ýatyşy bir pursadam onuň göz öňünden gitmezdi. Bu günler başlygam onuň ýagdaýyna düşünme bilen ýygnak, beýlekä çagyrylyp, Akmolla ýenäkä gitmeli bolmasa, aýak ýeter ýerlerine özi pyýada gidip, arabany şeýle bir gerekläbem ýörmedi. Gyş ähli zady diýen ýaly öz diýdimzorluk kanunyna boýun egdiripdi. Maşgalanyň kalbyna oýkanyp, buz çöken ýalydy. Orazgeldi her gezek aňyrdan gelip, gapydan girip-girmän: «Hany, meniň oglum turdumy?» diýip, onuň biraz-da bolsa oglan göwnüni götermek üçin, at tutup, nygtap, Rahmannazary ilki sorardy. Soňam onuň başujunda oturyp, göwün göteräýjek sözleri aýtmaga çalşardy.

–Hany, oglum tizräk bir gutulsun, indi men oňa typýan arabanam sürmäge berjek. Ol Allanazardanam, Reşetnik başlygyň



*23

selpil saçly gyzy Biankadanam arabany gowy sürýärdi. Ol typýan arabany hem olardan has gowy sürer. Obanyň içi bilen gidip, onsoň ikimiz Işim derýaň boýlary bilenem aýlanyp gaýdarys. Oglumyň deň-duşlaram ony görüp: «Anha, Rahmannazar araba sürüp barýar. Ol bizden öň eýýäm uly adam bolmaga ýetişipdir. Gör, jylawy deň tutup oturyşyny» diýşerler. Islese oglum şonda olaram typýan arabasyna mündürip aýlar– diýip, gürrüňiň bir tarapyny oňa bolan tarypa ýanap magtardy.

Rahmannazaryň soňabaka barha egbarlap barýan teň haly maşgalany  barha mazasyny aldy.

Rahmannazaryň gapdaly indi gözülpüner salymam adamsyz goýulmaýardy. Esasanam, onuň başujunda köýüp-bişip oturýan ejesi Oguljumady. Orazgeldi öýde ýok mahaly ejesi öý aladalaryň ugruna çykanda, onuň gapdalynda Allanazar syrkaw jigisine göz-gulak bolup oturardy. Ony-muny sorap, jigisini gürrüňe goşmaga synanyşardy. Eje-kakasyna meňzäp, oňa göwün göteräýjek gulaga ýakymly sözleri aýtmaga çalyşýardy. Belläbem Ogulbikäniň hatyndan Rahmannazaryň gönüden-göni özüne degişli, okap köp gaýtalap, ýat tutan sözlerini aýdyp, onuň göwnüni götermäge synanyşýardy. Ogulbike her hatynda umumy aýdylmaly zatlary aýdyşdyransoň, jigileriniňem hersine aýratynlykda ýüzlenerdi. Allanazaram her gezek diýen ýaly jigisiniň gapdalynda ýeke galanda Ogulbikäniň şol hatynyň Rahmannazaryň gönüden-göni özüne degişli ýerlerini ýatlardy. Ony has täsirli bolar ýaly, ejesiniň, kakasynyň okaýşy ýaly labyzly okamaga çalşardy. «Eý, janlarymyň jany, sen Rahmannazar jan, mosalamyz! Mamam, babam, Akjagül biziň hemmämiziň sizi örän göresimiz gelýär. Meniň-ä seni hasam göresim gelýär. Ogşama diýseňem, seniň çyrşaklyja ýüzüňden bagryma basyp, ogşasym gelýär, jigim jan! Mama-a ýene görse: «Köp ogşamaň, köp ogşalan çagaň agzy suwly boram» diýer. Men-ä şonda-da ogşajak, balym seni. Saçymdan çekseň, indi haýyr gaty görjek däl. Öňem saňa saçdan çekmäni Aky jan bilen Alla jan ikisi öwredýärdiler-ä. Sen saçdan çekmäni

bileňokdyň-a, jigim jan! Şolar meniň bilen basalaşanlarynda ýeňliberseler: «Saçdan çekme ýok» diýilse-de, karam edip, saçdan çekýänler-dä. Senem mosalamyz, saçdan çek, gulakdan çek, ýöne tizräk gelseňiz bolýar! Onsoň gurjakgoş oýnamaga gidenimde-de indi saňa öňkim ýaly, «Bar, yzymdan galam» diýjek däl, hopba edip, bileje alyp gitjek, seni mosalamyz!”

Oguljuma şol günleriň birinde Rahmannazaryň oňly zat iýmeýänini ýatlap, oňa tapdyrsa, ýüregini tutar ýaly nabat ezip içirseň, gowy boljagyny pikir edip, gaýynatasy Kymyş duzçynyň, mahal-mahal ýüwürjisi Orazgylyjyň Tagtabazar bazaryndan getirýän burum-burum bolup duran şahanabatlarynyň bolmagyny isläp küýsegli ýatlady. Ýöne beýdip ýat ilde, üstesine-de, synsyrap kemrysgal bolup ýörkäň nabady nireden tapjak häzir!? Ýogsam oňa ýüzärlik dagynam azrak gatyp içirseň, onuň haýyr etjegi, elbetde, belli.

Oguljuma nabat gerekläňde öňräk bir gezekde Orazgeldiniň «Akmollada bolan uly ýygnakda başlyklara satylypdyr, şuny bize Reşetnikow öz paýyndan dadyrdy» diýip, iki düwür gant getirenini, onuň bir bölegini şol wagt çagalaryna döwüp paýlap berip, ýene bir böleginem soňra geregi çykar diýip, gizläp goýanyny ýatlady. Şol gandy gizläp goýan ýerinden tapyp, ol nabadyň ýerini tutar diýen tama bilen, oňa gyzgynrak edip süýjüli çaý içirdi. Çaý birbada Rahmannazary derçikdirip, em bolup ugran ýaly bolan hem bolsa, birazdanam ýene-de onuň üznüksiz üsgülewügi öwjäp, oglany täzeden sykaja salyp ugrady. Öýkeniň hažžyldysy hem artdy. Oguljuma ýaňy çaý berende oglunyň başyny göterip: «Ine, meniň balam bir süýjüli çaý içer weli, ana, onsoň ol ýer agnan taýçanak ýaly silkinip turup gider çapalap. Hä-ä, Rahmanguly «Maňa-da süýjüli çaý ber» diýýär. Saňa ýok, pişijek, seniň emmäň bar, şony emiber» diýip, basdaşyny henekläp, onda süýjüli çaý içmäge isleg döretmäge çalşypdy. Şol pursatda Rahmannazara ejesini diňläp, özüniň özgelerden has gowy görülýänini pikir etmek ýakymly bolupdy. Her gezek bir zatlar tamşanyp, onuň

ýüzi açylyşyp ugran mahaly ene hamala ogly gutulyp gidiberjek ýaly bolup, onuň kalbynda umyt uçgunjyklary peýda bolýardy. Emma enäniň bu tamasy uzaga çekmeýärdi. Hassanyň hyk-çoky bolsa barha artýardy. Sanlyja günden Oguljumanyň soňky ýylda maňlaýyna düşen gasynlar hem mese-mälim çuňlaşdy. Gijelerine Rahmannazaryň başujunda aýalyna biraz dem-dynç bermek üçin, oňa göz-gulak bolup, Orazgeldiniň özi oturardy. Beýleräginde Rahmangulyny gujaklap, gyşaryp ýanap ýatan Oguljuma bilen ony-muny sorap, iki-ýeke gysgaça gep alyşýardy. Bir-de bolsa: «Heý, bu derdiň dermany tapylyp, yzy gelmezmikän!?» diýip, çekip bolmajak betbagtlygyň bolaýmagynyň ahmaldygyny göwnüne getirip howpurganýardy. Bu gorky soňky günlerde ony hasam syrkawyň düşeginiň başyna kökerýärdi.

Bu günem Rahmannazar çaý içensoň, soňundan üsgülewügi azalan ýaly bolup, biraz maýdaja der gaýtardy. Her gezek şeýle bolanda bolşy ýaly, ol ýene-de bitakat enede gutulyp gidiberjek ýaly umyt döretdi. Wagtal-wagtal gelip, onuň halyny sorap gidýän goňşy-golamlar hem şonda onuň çyraýynyň açykdygyny görüp: «Tüweleme, der gelşip, bäri bakyp ugrapdyr» diýşip, begenişip gitdiler. Onuň gün-günden gowulaşjagyna ynandylar. Emma soň görlüp oturylsa, bu asla bäri bakma nire, zat nire, asla agyr syrkawyň gaýtadan gaýra üzülip, ýan bermeginiň öňüsyrasyndaky wagtlaýyn bolýan janyň aram tapmasy eken. Gijäniň bir wagty ýene-de üsgülewük öwjäp, Rahmannazary aldym-berdime salyp, gyjyrdadyp-gyjyrdadyp tutup, bokurdagyny bogýan ýaly dem almasyny kynlaşdyryp ugrady. Üsgüre-üsgüre haly galmady. Ýüzi bolsa galampyr ýaly gyp-gyzyl bolup gyzardy. Elde-aýakda saklap bolar ýaly bolmady. Soňabaka onuň bu içden joş alyp, daşa urýan üsgülewügi ne agzyna tutulýan gyzgyn suwuň, ne-de däri-derman bilen edilýän tagallalaryň nepi degdi. Şol gün daňdanlar ol üsgürip-üsgürip, urnup-urnup, demi içine giden ýaly bolup, kynlyk bilen kakasynyň elinde jandan üzüldi. Iň gorkulan bolmasyz, indi hiç bir tagalla bilen düzedip bolmajak işiň bolanlygy belli

boldy. Orazgeldi jansyz ogluny bagryna basyp, başyny üstüne egip oturyşyna: «Heleý, ogul-ha bu jahanlyk işini bitirdi...» diýip, hasrat bilen eşidiler-ýeşidilmez pyşyrdady. Beýleki iki uklap ýatan çagalarynyň gapdalynda nätjegini bilmän, Hudaýa sygnyp, elenip oturan Oguljuma şundan soň bozlap, ogluny ýapyşdy:

–Waý, sensiz men näderkäm, balam!?

Enäniň bozlan sesi kümä lerzan berdi. Ony Orazgeldiniň parhlylyk edip: «Goý, aglama, ýatan çagalary gorkuzyp sesikdirsiň» diýmegi-de saklap bilmedi. Ol Rahmannazaryň sowap ugran bedenini gujaklap, içigi-içigip aglady: «Wah, adam bolanja çagam, ne günlere saldylar-la bizi. Seni sensiz biz nä ýüzümize indi oba baraly!? Mamaň: «Hany meniň mosala çagam?» diýmezmi? Babaň öňümizden çykyp: «Hany meniň depilje guzym?» diýmezmi? Doganlaryň zar-zar aglaşyp: «Hany biziň arkadagymyz?» diýmezlermi? Dagarman, men olara näme jogap bereýin? –diýip perýat etdi.

Goňşular eşidişip gelşip ugransoňlar, Kämiran «Çagalar bu ýerde gorkar» diýip, Allanazary yzyna düşürip, Rahmangulyny uklap ýatan ýerinden gujagyna alyp, öz külbesine äkitdi. Öýüň gapysyny açyp, ojagyň oduny öçürip, jesedi sowuk ýerde bozman saklamak üçin ony aşagyna düşelen düşegi bilen sowuga – gapynyň golaýragyna çekdiler. Merhumuň töwereginde ýaý berşip oturyp, ony ertire çenli myhman aldylar.

Allanazar rahadrak ýere gelip, biraz ymyzganyp-ymyzganmanka, ejesiniň emmesini gözläp, aglap ukudan turan jigisiniň sesine oýandy. Dessine-de agşamky birden öýlerinde gopan yzan-da, çuwanlygy ýatlap, ejesiniň Rahmannazary gujaklap aglap ýatyşyny ýatlady.

Kämiranyň gelni Rahmangulyny eline alyp, ejesine emdirtmesek, diňmez bu çarbaý diýip, söýünçli gepläp ýerinden gopdy. Allanazaram donunyň bagjygyny daňyp barşyna onuň yzyna düşdi. Gapynyň alty-ýedi ädimliginde Gully emin aganyň töwereginde goňşy adamlaryň bäş-alty sanysy üýşüşip, bir zatlar

barada aýak üstünde maslahat edip durdular. Şol barmana-da Allanazar hol aňyrdan assa-ýuwaş özlerine tarap typyp gelýän merhum daşaýan tanyş arabany gördi-de, howsala düşüp, hopugyp gyssanyp, nädip Rahmangulyny göterip barýan gelnejeden öňe düşüp, kürsäp içerik girenini-de duýman galdy. Gelşine-de badabat: «Akga jan, araba gelýär Rahmannazar jany äkitmäge gelýär! Bermäli şoňa!?» diýip, elenip möňňürip goýberdi. Onuň sesine aýallaryňam pessaý eňremeleri goşuldy.

Eýýäm aňyrdan ýükli gelen araba kümeçiligiň gapdalynda keseren wagty Orazgeldi däp-dessur boýunça soňky ýoluna taýýarlanyp, dolanyp goýlan Rahmannazaryň jesedini gujagyna alyp, onuň başyny üç gezek kümäniň bosagasyna sähelçe ýüzugra galtaşdyryp alansoň, daş çykdy. Gapydan çykan ýerinde Kämiran öňünden çykyp, çagany onuň elinden gujaklap aldy-da, ony ertip, arabanyň üstünde öňden bar bolan iki jesediň gapdalynda ýerleşdirdi.

Araba göýä zenan eňremeleriniň arasyndan çykyp barýan ýaly bolup, aňyrlygyna typyp ugransoň, Orazgeldi hem goňşulary Kämiran, Reýim ärsary, Orazmyrat brigat, Agajan murt bolşup, onuň yzyna düşdüler...

Balasyny aldyran ene-atanyň armany tükeniksiz bolýar. Durmuşda bu pajygaly ýitgini ýatladýan ýagdaýlar soň-soňlaram olaryň durmuşynda ýeterlik bolup durar. Ýürek elesleýär. Şonda hasrat dony gaýtadan başa bürelýär...

Orazgeldi bir gezek iş bilen Akmolla baranda ol ýerde Beki Seýitmyratdan şu golaýdaky ýerleriň birinde Nedirbaý Aýtakowyň aýalynyň doktor bolup işläp ýörenligini eşitdi. Bu bolsa onuň: «Wah, golaýda öz dogtorymyz bar eken-ä» diýip, ogly Rahmannazary ölümiň elinden alyp galmaga bar bolup, ýöne bilinmedik mümkinçilik hökmünde görnüp, ony ahmyrly oýlandyrdy. Şäherden yzyna gaýdyşyn içini dökere ýoldaş isläp, ol ýol boýy aty bilen «derdinişip» gaýtdy.

–Heý, Bozdumanym (Orazgeldi ilki araba goşýan bu atyny Gyrat diýip atlandyrmakçy bolupdy, ýöne onda Görogly begiň çyrpynyp duran owadan atyna bolan meňzeşligi az gördümi nämem, soň oňa Sapar Kösäň kyrk çybyk urlup gyzdyrylýan atynyň ady bilen Bozduman atlandyryp ugrapdy), görüp otursak, golaý-goltumlaryňyzda  öz dogtorlarymyzam bar eken-ä... Öň bilen bolsam bolmaýarmy!? Aýtakowyň dagy maşgalasy bolsa, ol uly ýerlerde okap, bilim alan ökde dogtordyram. Dogtor gelip, em eden bolanlygynda Rahmannazarym häzir güjürdäp, düňk ýasap ýörse-de ýörerdi.

–Sen ol geler, sereder öýdýärmiň?

–Elbetde, geler. Onuň türkmen çagasydygyny bilse-hä hökmanam geler,  gelmän näme!? Öz türkmeniň onuň ýaly kyn günde kömek etmese bolmaz-a. Biz türkmenler hemmämiz bir atanyň, bir enäniň bilinden gaýdan doganlar-a aslyýetinde... Bir gezeg-ä Tagtabazara gelip, ýygnak edende men Aýtakowy çalarak görüpdimem. Abdynagym Tagan-a ony gowy tanaýanam eken. OGPU-nyň Taganlara jyny düşende ýoldaş Kalinin bilen tilpunda gepleşip, olaryň atuw hökümini türmä çalşyrdyp, ölümden alyp galan şolmuş diýenem bir gep bar il içinde. Hä, şonda Altmyş aga dagy ýygnakdan soň ýörite ýanyna barybam onuň bilen salamlaşyp, gürleşip durupdylar. Wah, ýygralyk etmedik bolsam, menem şonda salamlaşaýmalydym-da onuň bilen. Öz-ä bir ýolbars sypat, görnükli, dogumly adam eken... Onsoňam nä özge halkyň gyzlary meniň ýaly donuny süýräp ýörene heleý bolaýýarmy?! Olaram Nedirbaý ýaly türkmeniň iner ogullaryny saýlap, şolara heleý bolýarlar-a. Aýdyşlaryna görä, biziň garry atamyz Muhammetgylyç serdaryňam sekiz heleýinden bäşisi dagy özbek, gazak, täjik, Buhara jöhidi ýaly dürli milletlerden eken. Başga-başga-da halklaryň gyzlary bolsalar-da, olar atamyz bilen düşünişipdiler... Bala-çaga öndürip-ösdüripdirler. Iki bolup, heleý

bilen kütüşip bir ýorganyň astyna gireňsoň, düşünişme kynam däldir-laý...

Orazgeldi şol gezek aty bilen gürleşip, oba çenli örtene-örtene geldi. Bu, elbetde, atanyň öz balasyna bolan bagyr awusyndan gelip çykýan sedady. Nädibem bolsa, onuň alan ýarasyny bitirmek üçin gurda- köpege dönüp, öz ýarasyny ýalamasydy.

...Bu ömür görülmedik aldajy gara gyş şeýdibem şol ýyl ýaza çenli sürgünleri ýagşyja egisdi.

* * *

Garmy-gaýmy howa ýagdaýynyň nähilidigine seredilmezden, Özbegistanda henizem pagta ýygymy dowam etdirilýärdi. Sürgünlerem indi belli bir derejede bu ýagdaý bilen öwrenişiberipdilerem. Garadaň bilen heniz pagta hanalary gijäniň içinden doly saýlanyp ýetişip-ýetişmänkä, atyza girýän adamlar her gün umyryň pagtasyny ýygardylar. Ýyglan pagta-da her gün garaňky gatlyşansoň, gowaça meýdanlarynyň gapdalyndaky pagta saklamak, guratmak, sermek üçin saýlanyp alnan ýeriň bir gapdalynda çekilip alynýardy. Esasanam, bu ýerde adaty berilýän çörek paýdan artyk ýygnan pagtasy üçin beriljek goşmaça nanyň her günki mukdary kesgitlenýärdi. Ilçilik bu pagtanyň bolunda-da ýygylmaly pagtany ýygyp bilmeýänleri-de tapylýardy. Olara her gün pagta çekilýän tereziniň başynda komendantyň ýagdaý üýtgemese, çörek paýyň keseljekdigi baradaky abaý-syýasaty garaşýardy.

Gar ýagan mahaly indi gyş şu hörpüni aýazdyr doňaklary bilen arsyz wagt dowam etdirerli görünse-de, çogly ýurduň gary-da bir hepde geçip-geçmänkä Gün asmanda görünmesini ýygjamladansoň, howanyň süňňi gowşap, garlar azalyp eremek bilen bolardylar. Daş-töweregiň belli-belli ýerlerinde diňe garyň ýere düşen äpet ak keçesiniň bölek-büçek toplumlary galdy. On-on bäş günden soň sürgünlere gelenlerinde ummasyz bolup

görnen atyzlardaky pagtalaram saýpal tapyp ugradylar. Azalman bu mahala çenli, gör, näçe araba pagtalar ugradyldy. Pagtanyň ikinji ýüzüniň içinden gowy geçildi.

Bu ýagdaýy göz öňünde tutup, komendant birki günlükde nan haky üçin jan başyna gündelik ýygmaly pagtanyň möçberini azaldypdy. Barybir umumy talap üýtgemändi. Pagtany entegem her edip, hesip edip ýygmalydy. Bu bolsa daýhançylyga belet adamlarda: «Heý, bu wagta çenlem bir gyşyň içinde pagta ýyglarmy? Bu wagta çenli eýýäm ýerler gowy sürülmeli. Ol gara çolanyp, doňup-derçigip, täze ýylyň ekinleri üçin güýç toplamaly ahyryn. Ýa bularyň şu-da sürgünlere başga edere iş tapman: «Her zat etmeli welin, şulara dynç oturmaga mümkinçilik bermäýin» diýip edýän işlerimikän!?» Henizem komendant ýygymyň depginini peseltmezligi talap edip, az ýyganlaryň üstüne gapan başynda haýbat atyp gygyrýardy:

–Nan paýyny kesdirip, aç galjak adam diýerler sizlere. Il-ä ýygýar. Näme ala-böle siziň eliňiz daňylgymy? Pagta, pagta gerek ýurda... – diýip käýinýärdi.

Adamlar: «Ertir çynymyzy ederis, ýoldaş komendant» diýşip, onuň öňünde uly günä eden ýaly, boýunlaryny sallaşyp, günäkär bolşup durandyrlar. Şeýdibem, sürgünleriň pagta diýlip, zora tutulmagy entegem dowam ederli görünýärdi. Ýöne adamlar gyşda beýdip pagta ýygdyrylmagynyň sürgünleri zora tutmakdan başga-da, onuň nämedigini bilmeselerem, bir sebäbiniň bar bolmagynyň mümkinçilgini hem çen etmän durmaýardylar. Ýöne onuň sebäbini anyk bilmeýärdiler. Munuň esasy sebäbi diňe «Gyzyl araba» gelen güni belli boldy. Şol günleriň birinde sürgünleriň arasyna şäherden ýörite «Gyzyl araba» medeni-syýasy çäre geçirmäge geldi. Arabanyň her böwrüne ýüzi «Ýaşasyn Stalin!», «Özbegistan, gazanan uly ýeňşiň mübärek bolsun!» diýen ýazgyly gyzyl matalar berkidilipdir. Soň görlüp oturylsa, Özbegistan pagta planyny uzaga çekdirip, kynlyk bilen ýaňy dolan eken. Şundan soň sürgünleriň näme üçin wagty, biwagty ýok, özlerine şu

sowukda pagta ýygdyrylmagynyň sebäbiniň anygy respublikanyň pagta planyny doldurmagynyň aladasy bolanlygy düşnükli boldy. Indi bolsa bu üstünligi respublika telim günden bäri dabara bilen belleýän eken.

Sürgünlere gözegçilik edýän komendantdyr esgerler hemişe wagtyndan öň atyzlardan çykanlary öňlerinden çykyp, yzlaryna ekin içine dolaýan bolsalar, olar bu gün hemmeleri geň galdyryp, heniz işden çykar wagt bolup-bolmanka, olary iş ýerlerinden düşelgä çagyryp aldylar. Gyzyl arabada üç adam gelen eken, olaryň biri otuz bäş-kyrk ýaşlaryndaky häzirki zaman lybasly, başy papakly, orta boýly dolmuş adamdy. Ol bu ýere duşuşyga däl-de, haýsydyr bir uly bähbitli işiň başyny tutmaga gelen ýolbaşça meňzäp, ynamly görünýärdi. Gelenleriň ikinjisi başy atynjaly, gözleri buldurap duran, ýüzi açyk egnine galyň Hywa donuň aşagyndan şowurdap duran daraw-daraw ala ýüpek şahy köýnek geýen görmegeý zenandy. Gelenleriň üçünjisi gapjyk bagana telpekli, galyň don astyndan kürte ýaly edip, ýene bir ýeňsiz galyň geýim geýen uzyn boýly görünýän, hortap, otuz-otuz bäş ýaşlaryndaky adamdy. Olar adamlar gelip, üýşüşip ugran mahaly kese duran arabanyň aňry gapdalynda ýakylan oduň başynda birnäçe esger bilen rubap-depreklerini gaplaryndan alyp, olary oda çoýup sazlaşdyryp, çykyşlaryna taýynlanyşyp durdular. Sürgünleriň ozalky töweregindäki adamlardan tapawutlylykda olaryň ýüzleri açykdy. Durmuşda hiç bir ünjüsiz dep kakyp, rubap çalyp şady-horram ýaşaýandyklary görnüp durdy.

Deprekdir rubabyň tampy-tumpy sesini eşidip, bu ýerde bir hezilligiň boljagyny çen edişip, sürgün çagalary eýýäm gelenleriň töwereginde ýaý berşip, biraz geňirgenme bilen, töwerege syn salşyp durdular.

Bular ýurtda respublikanyň pagta planyny dolmagynyň şanyna ýerlere aýlanyp, halk bilen duşuşyklar geçirip, Sowet syýasatyny magtap, nygtap aýlanyp ýören toparlaryň biridi. Bu ýyl pagta möwriti hemişeki ýyllardakydan azaply bolup, ol has

hem itiň içegesi ýaly diýseň uzapdy. Şonuň üçinem gijrägem bolsa bu planyň dolmagy hem Moskwanyň talabynyň ýerine ýetirilmegi bolup, diýseň uly zähmet ýeňşidi. Moskwa Orta Aziýanyň pagtasyna diýseň uly üns berýärdi. Munuň gereki önümligi barada gürrüň bolanda halk Özbegistan respublikasynyň ýolbaşçylarynyň biri Ahun Babaýewiň Kremlde respublikanyň ýagdaýy barada maglumat berende, Staliniň Ahun Babaýewiň sözüni kesmek bilen oňa: «Pagta bolmasa, Ahunam bolmaz, Baba-da. Pagta bolsa, Ahunam bolar, Baba-da» diýen belli gepi häli-şindi ýatlanylýardy.

Birnäçe görner-görünmez belalary başdan sowmaga mümkinçilik beren bu pagta planynyň dolmagy respublika üçin diýseň uly zatdy. Has dogrusy, bu Özbegistan respublikasynyň döwlet ýolbaşçylarynyň ýolbars agzyna dolan gara başlaryny sag-aman alyp çykmaklary bolupdy. Nädibem bolsa şatlyk goşalananda munuň lezzet mertebesem üýtgeşik bolýar. Onsoň neneň rubap saýrap, dep kükregine kakyp dabaralanmasyn!? Geljekler gelip, sürgünleriň başy jemlenensoň, ýeňsesine öwrülip, «Gyzyl arabalylaryň» ekabyrydyr öýdülen adam bilen gepleşip, nämäniňdir bir zadyň nokgy-nokgy edip, maslahatyny edip duran komendant hoş habaryň bardygyny mälim edip, sürgünlere tarap öwrüldi. Abşarylyp durşuna-da mähelläniň ýerli-ýerden özüne seredýän soragly nazarlaryna jogap berýän äheňde olara ýüzlendi:

–Sürgünler, bir gowy habarym bar. Muny size aýtsam ki, düýnki günde biziň respublikamyz döwlete pagta tabşyrmak planyny abraý bilen ýerine ýetirdi. Moskwa raport berdi. Bu uly üstünlik, uly abraý, adamlar!

Şu pursatda sürgünler komendant: «Sizem muňa öz mynasyp goşandyňyzy goşduňyz» diýen ýaly bir hoş söz aýdar diýen tamada bolan-da bolsalar, şeýle diýmek onuň ýadyna düşende bolsa, munuň sürgünleri öte mertebelemek boljagyny pikir etdimi nämemi, onuň oturanlaryň tarypyna gep aýdasy gelmedi. Ol bu aýdylaýmaly bolup, ýeri gelende gepiň üstünden gerimläp

ätläp, honda geçdi. Soň ol göwresini ýarym aýlaw gapdalyna – myhmanlara tarap öwrüp: «Şu mynasybetli, adamlar, siziň bilen duşuşmaga ýörite aýdym-sazly «Gyzyl araba» gelipdir. Olar size häzir aýdym-saz edip berjek. Ýöne ondan öň ilki syýasatçymyz bar, şony diňläliň!» diýdi-de, öz yzynda halky höwesli synlap duran toparyň syýasatçysyna söz berdi. Ol öz gürrüňini gaty uzaga çekerli bolup, daşdan aýlady. Kimdir birine kapitalistlerden arz edýän äheňde olaryň dünýädäki halklaryň garşysyna hyýanatly işler alyp barýandyklary, köp halatda parahatçylyga olaryň wehim salyp, opurlyşykly alyp barýan betpygyl işleri hakynda aýdyp, dünýäniň dürli künjeklerinden muňa mysallar getirdi. Ýöne kapitalistler nirede näme edýän-de bolsa, azatlygyň mekany bolan biziň SSSR-imize olaryň dişiniň ötmejegini ynam buýsançly belledi.

Bu ýerdäki adamlary adamzadyň gününiň durlanmagyny islemeýän, bahyl kapitalistlerden hüşgär bolmaga çagyrdy. Syýasatçy öňünde oturanlaryň üstaşyr pagta meýdanlaryna seredip gürlänligi üçin adamlara ol betpygyl kapitalistler gelseler, şol gowaçalygyň arasyndan çykyp geläýjek ýaly bolup duýuldy.

Syýasatçy ýurt içiniň habarlaryna geçen wagty onuň ýüzi öňküden has durlandy, keýpem birhili göterilen ýaly göründi. Ol indi adamlara SSSR-iň artykmaçlyklaryny, üstünliklerini birin-birin nygtamak bilen SSSR-däki durmuşyň kapitalistik döwletlerdäki durmuşdan has gowudygyna, onda halkyň has erkin ýaşap, zähmet çekýänligine, ertirki durmuşyň kommunizm bagtyýarlygyna öwrüljekdigine halky öňünden ynandyrmak isleýäne meňzedi. Magnitka, Belomor kanal, Türksib ýaly uly gurluşyklaryň adyny Sowet hökümetiniň gahrymançylygy hökmünde aýratyn mazamlap nygtady. Ýurda indi beýle görlüp-eşidilmedik üstünlikleriň hemişelik hemra bolanlygyny bu zatlaryň hemmesiniň aňyrsynda bolsa ýoldaş Staliniň hut özüniň pähim-paýhasdyr taýsyz tagallalarynyň ýatanlygyny, eger şol bolmadyk bolsa, bu gowulyklar bolmazdy diýen manyda özüni has wepaly, has janköýer görkezmäge çalşyp gepledi. Syýasatçy

bu pursatda öz öňünde sowukdan, horlukdan ýaňa ýüzleri gara ört bolan, gowy zatlar hakynda, şolaryň aňyrsynda özleri hakynda-da bir gowy habaryň barlygyny tama edýän ýaly höwes bilen gürrüň diňleýän adamlary gördi. Olaryň nazarlarynda belli bir derejede aýdylýan zatlardan kanagat tapma-da bardy, näçe diýseň soragam. Şol barmana sürgünleriň türkmenistanlylardygy onuň ýadyna düşeni belli boldy. Ol hut häzir Moskwanyň özüniň tagallasy bilen şeýle tutumly işleriň Türkmenistanda-da barlygyny Garabogaz duz kombinatynyň hem şeýle uludan aladasy edilýän gurluşyklaryň biridigini aýdyp, şondan soň bu kombinat watana her ýyl müň tonna nahar duzuny berer, duz bolçulygy dörär diýen äheňde oturanlara buşlaýan hörpde ýatlady.

Dogrudanam, köpi gören syýasatçy ýalňyşmandy. Ol Türkmenistan hakynda gürläp durka özüne ünsüň artanlygyny, adamlaryň gözleriniň tamaly bulduranlygyny gördi. Elbetde, küýsegli Watan ýatlanyldy. Şeýdip alysda Watan ýatlanylsa, onuň täsirem üýtgeşik bolýar. Adamlar Watan demi ýüzlerine uran ýaly ýakymly duýgyny başdan geçirýärdiler. Syýasatçy Sowet döwletiniň tarypyny aýdyp gutaryp bilmän, gereginden artyk gep nokatlana meňzän-de bolsa, onuň Türkmenistan hakyndaky aýdan maglumatlary, türkmenleriň gulagyna Watan ýüreginň gürsüldisi bolup eşidildi, ol şol wagt her bir türkmenistanlylaryň ýüreklerinden aýakýalaňaç ýöremek boldy.

Öz hünäriniň abyn-tabyn alan syýasatçy sözüni başlaýşy ýaly ýene-de ony Sowet hökümetiniň tarypy, ýoldaş Staliniň hut özüne minnetdarlyk bilen gutardy. Şahyr Gapur Gulamyň ýoldaş Staline ýazan minnetdarlyk goşgusynyň setirleri bilen dabaraly tamamlady.

Ozot mehnet kilar bu kun halkimiz
Biz sizga minnotdor, urtok Stalin!
Bizning ismimizni bergan uzingiz.
Biz sizga minnotdor, urtok Stalin!

Adamlaryň, çagalaryň sabyrlary suw bolup, garaşan aýdymsazlaryna diňe şundan soň nobat ýetdi. Syýasatça arabanyň üstündäki düzüp goýan rubabyny alyp berensoňlar, ol nobatyna howlugyp, otda gyzdyryp alan depini eýýäm tap-tup kakyp ugran depçidir başyndaky ýüzi haşamly börügini biraz ýeňsä alyp, onuň üstünden ýabantowugyň ýelekleri ýaly owadan ýaglyk atynyp, özüne serenjam berip, has göze gelüwli darsyldap duran gelin bilen üç bolup orta geçdiler. Tizden ýakymly özbek sazyna gatylan mylaýym zenan sesi oturanlary ileri-ileri omzadyp, badabat hemmeleriň ünsüni özüne çekdi.

Koşingizning korosiga
Hol bulaý orosiga
Oslo rahming kelmaýdiku, janym eý,
Sebgan kungil žofosiga.
Şubhe solma kunglinga
Kurban bolaý boýunga
Kuzda plan tuýinga,
Tuý kuşilar tuýinga!

Ýürekden joşgun bilen gaýnap çykýan ýakymly aýdym ýasýaňy bolan Watan ýatlanylyp edilen syýasatly gürrüňden soň, joş berip ugran teýli nahardan soň isläp çaý içen ýaly, diýseň lezzet berdi. Sürgünler şu pursatda durmuşyň hezili artan ýaly bolup, nädip bu ýerlerden gelip çykanlaryny hem unudyşyp, aýdymsazyň dünýäsine berildiler.

“Singa» atly bu aýdymyň söýgi aýdymydygyny özbek diline doly düşünmese-de bilmek kyn däldi, aýdymda iki juwanyň birekbirege hyrydar kalby joş urýardy. Näzenin gyzyň näz-kereşmesi bilen göçgün alýan aýdym bolsa barha süýjeýärdi. Ahyram hemmeleriň isleýşi ýaly, aýdym gyzyň ýigide bolan pynhan söýgimeýliniň üstüniň açylmagy, ýigidiň toý şaýyny tutubermeginiň belli bolmagy bilen tamamlanylýardy:

Aýdymçy gelin öňem-ä adamlaryň arasyna wagtal-wagtal kimdir birini tanajak-bellejek bolýan ýaly gözlerini oýnakladyp, näzli nazaryny aýlasa aýlaýardy welin, haçan-da ol ýalta ýygymçy hakyndaky aýdymy aýdanda onuň belläp, Orazgylyjyň oturan ýerine göz güldürip, gaş kakyp, intizar seredýänligi belli boldy.

Eýýäm mylaýymdan saza goşulan ilkinji aýdylan aýdymlar oturanlaryň ünsüni özüne bendi etdi. Olar aýdymlary hamala biri-birlerine basdaşlyk edýän ýaly, ýerli-ýerden oňa ses goşuşyp, deprekçidir rubapçy gelin bilen üç bolup, seslere ýaň berip aýtdylar. Bu aýdymlarda bagtyýarlygyň mesgeni bolan Sowet döwleti, häzirki döwürde Sowet döwletine baş bolup, ony görlüp-eşidilmedik bagtyýarlyk mesgeni kommunizme alyp barýan ýoldaş Stalin wasp edilýärdi. Zenan öňe saýlanyp, ýeňil, tans edip, aýdym aýdyp ugranda tomaşanyň şüweleňini has-da artdy. Ol derçigip barha-da aýdymdan aýdyma gyzyşdy. Soňabaka onuň aýdymlarynyň labzy şeýlebir süýjäp, şagalaň tapyp ugrady welin, hemmeleriň şol pursatda onuň ertekilerinde eşiden häzirki şondan çykyp gelen dünýäni ank eden ussat aýdymçydygyna ynandylar hem kyn günlerinde şeýle gowulyga özleriniň ýüzi düşenleriň biridigine begendiler.

Aýdymçy gelin pyrlanan wagty köýneginiň etegine ýel dolup, ony bir ajaýyp täsin güle öwürse, ýene birde näz-kerişmeli oýnaýan gollar, halatly gözleýän gözler, gümmezekleşip duran galgyn sagrylar ony: «Gör, men nähili näzenin!? Meýliň bolsa, al meni, şonda aýdymy hezil edip, bile aýdarys» diýip, özüni güjeňleýäne meňzedi.

Bu pursat has-da oturan erkek adamlaryň arasynda süýji oý-hyýallar döretdi. Olar gelni ýerli-ýerden hezil tapyşyp höwesli synlaşdylar. «Bä, heleý-ä heleý jan eken-ow. Wah, bir gijejik şunuň dal sagrysyny ýassanyp bolaýsady, şonda göwünde zerre arman galmazdy...» diýşip, süýjüden-süýji arzuw-isleglere berlişip, ümürleşip arzuw çekdiler. Hatda aýdym-sazyň jadylaýjy, göçgünli şowhuny bilen adamlar özleriniň sürgündediklerini

hem bir pursat unutdylar. Hamala oturanlary özüne ymtyldyryp-gyjyndyrany bilen ýaş gelniň aýdym-tanslary şundan soň hasam beleň aldy.

Orazgylyç adamlaryň orta gürpünde bilinden çözüp, aşaga düşelen çöp-çalamyň üstüne ýazan partygynyň üstünde palaw başynda oturan ýaly aýbogdaşyny gurup, ornaşykly otyrdy. Şol barmana-da ortada aýlanyp, aýdym aýdyp, uçjak guş ýaly pasyrdap ýören gelniň Orazgylyja synynyň düşenligi belli boldy. Bu göwün kelamy oňa näme düşünip bolýarmy, eýsem? Ol silkme telpegini bir dyzyna geýdirip, jambörükli oturan syratly ýigide onuň mähri gidip, hyrydar bolan bolmagy-da gaty ahmal. Has dogrusy, onuň aýdym üsti bilen soňraky degişme äheňli hereketleri hem adamlara «Bu gelniň-ä ýigidi sulhy aldy öýdýän» diýdirip, şuňa meňzedi.

Aýdymçy gelin «Ýalta» atly degişme aýdymy aýdanda onuň Orazgylyja bolan garaýşy has-da anyklyk tapan ýaly boldy. Indi ol her gezek aýdymyň gaýtalanmasyny aýtmaga gezek gelende aňyrdan şol gelşine özüni erkek adamlaryň oturan ýerine: «Gapyň meni!» edip zyňarly bolup gelýärdi-de, olaryň iki ädimligine ýetip-ýetmänem, ýene-de badyny saklap, köpüň arasyndan Orazgylyjy aýratyn dikanlap, hut bu gepiň oňa degişlidigini nygtaýan ýaly, goluny oňa uzadyp, aýdymyň gaýtalanmasyny hyruç bilen sanady:

Wogrim ýakding, sen ýalta,
Ýig bolmoganda bir holta!

Aýdymçy gelin her gezek şeýdip golaý gelip, köpüň arasyndan aýratyn Orazgylyja tarap gol uzadyp, aýdymyny nygtamagy munuň bir çöpüniň barlygyny pikir etdirip, töwerekde dörän şübhäniň bat almagyna sebäp boldy. Orazgylyjyň özi bolsa aýdymçy gelniň özüniňem aýdymyna gatanyny duýansoň, egnini gysyp, hiç zada düşünmeýänligini mälim edip, hamala gizlin syry açylan ýaly uýalyp aşak seretdi. Şeýdibem, gelniň bu hereketiniň oturan adamlarda aýdymçy gelindir Orazgylyç bilen baglylykda gümürtik

pikire itergi berdi. Orazgylyjyň gapdalynda oturan Nuretdin gelniň oňa seredip, gol salgap boluberşini görüp, gelni höwesli synlap pyşyrdady. «Şu gelniň-ä saňa syny oturan bolmaly, gör, onuň gol salgap, dili bilen bir zat diýip, senden gözlerini aýyrman, oda-köze düşüp, şaňňyrdap boluberşini!» «Göwnüňedir» diýip, Orazgylyç başyna atyljak bolunýan güman halka mümkinçilik bermezlige çalyşdy. Oturanlaryň jalaýraklary bolsa özleriniňem ol gelne göwünleriniň gidenligini gizläbem durman, gelniň beýdip özi ümlänsoň, nähili-de bolsa bir ýol bilen onuň bilen duşup almalydygyny, Orazgylyja hökmany tõwekgelçilikli, batyrgaý, soňuny saýman aýgytly hereket edilmelidigini maslahat berdiler.

Aýdymçy gelniň duýdansyz üstüne owsun atmasy töwerekde dürli gep-gürrüňleriň döretmegi Orazgylyjy oýlandyryp, gaýta öňküdenem beter uýaldyrdy. Sebäbi aýdymçy gelin aňyrdan tans edip dyzanyp gelip, gol salgap, özüni görkezip ugran wagty ol munuň bolşuny özüniň geçmiş, bu toprak bilen bagly ata-baba garyndaşlaryny ýatlap, gelniň özüniň ilen-çalanlaryna çalym berdirip, haýsydyr bir ýakynlyk tapanlygyny çen edipdi. Käbir halatlarda damarda akýan garyndaşlyk ganyň bir-birini syzmak häsiýetiniň barlygyny pikir edip, bu gelinde şol bilinmeýän ýakynlyk bolaýmasyn diýibem çen edipdi. Buhara eteginde garry atalary Muhammetgylyç serdaryň bir döwürde gala dikip, emir hezretler töwereginde abraý mertebeli adam bolup ýaşanlygyny, onuň başga milletden bolan aýallarynyň, esasan, şu galada ýaşap, olardan önen nebereleriniň hem şu öwrä siňip, «Duza gaçan duz bolar» diýlişi ýaly, şu halklaryň arasyna siňendiklerini ýatlapdy. Aýdymçy gelnem hut şularyň biri bolmagy gaty mümkindi. Ony görensoň gelip, aýdymy zarynladyp, böküp-oýnap, dyzanyp öz haly bilen-ä bolmady. Gan syzan bolmaly. Asla Orazgylyç özleriniň özbek topragyna getirilenleri bäri özi-de munuň sebäbini bilmezden, şeýle gan düşer ýakyn garyndaşlygyň barlygy bilen bagly nireden peýda bolanlygy belli bolmadyk alasarmygrak sowal baryny döredýän pikirleri başdan geçirýärdi. Hatda oňa Tursunbaý



*24

ekedir onuň hatynynyň Aganazardyr Ahmediň tötänden baranda, olara eden ýagşylyklarynyň hem aňyrsynda-da şol gan bilen bagly bir alamat bar ýaly bolup görünýärdi. Bir mümkinçilik bolanda olara gidip, taňryýalkasyn aýdyp, ýakyndan tanşyp gaýtmagy arzuw edýärdi. Hatda ol Tursunbaý ekäniň gyzlarynyň känligini eşidende aýalyna «Hany ogluň bir ulalsyn, onýança gyzlaram ýetişer, onsoň şol gyzlaryň birine gudaçylyga baraýarys» diýip, gowy günlere göwün ýüwürdipdi.

Gyşyň içinde «Gyzyl arabanyň» şeýdip gelmegi sürgünlere özbek halkynyň şirinden-şirin aýdym-sazlaryny diňläp, ussatlyk bilen ýerine ýetirilen tanslaryny synlamak göwne ganat beriji ýakymly boldy. Olar hossar tapylyp, arkalary alnan ýaly, diýseň ýakymly pursady başdan geçirdiler.

...Adam hi bolmanda öz ykbalynyň birki depik öň ýanyny görüp bilýän bolsady...

Orazgylyç «Gyzyl arabalylar» hoşlaşyp gidenlerinde soň, olaryň hatda biri bilenem bir wagt duşaryn öýtmändi. Asla kellä gelen zat hem däldi. Emma Orazgylyç şondan iki ýyla golaý soň Daşkent türmesine getirilip, üç aýa çeken surnukdyryjy soraglardan soň, şol ýerde bularyň biri bolan rubapçy-syýasatçy bilen tötänden gabat gelişdi.

...Şol gezek Orazgylyjy nobatdaky «Togalalymy, tegeläli!?» edilýän üçlükleriň soragyndan soň öňki oturan kamerasyna ertmän, gaýry bir kamera eltip dykypdylar. Bu kamera «togalamaly» edilenleriň öz togalanjak nobatynyň gelerine çenli saklanylýan soňky kamerady.Ýenjilip getirilip dykylan Orazgylyç şol ýykylan ýerinde hereketsiz birsalym ýatansoň, adam seslerini eşidip, töwereginiň özi bilen gyzyklanýanyny duýdy.

–Turubermedi-le?

–Eýin-ä ýetiripdirler...

–Olaryň aýap goýýan adamsy barmy!?

–Bar, agzyna nem çalyp gör!

Birazdan ony birki adam itenişip, ortadan diwara tarap çekdi. Üçünji birem onuň ýüzüne aýasyny aýlap alyp, janyny anyklansoň, agzyna suw tutdy. Onuň şindi aýatda diridigi belli boldy. Orazgylyç özüne gelip, alagaraňky jaýa gözi öwrenişensoň, kamerada özünden başga ýene-de bäş-alty adamyň bardygyny gördi.

Olaryň içindenem biri öz gapdalynda diwara arkasyny berip oturan soraşylyp-ideşilip oturylsa, bir görlen tanyş bolup çykdy.

–Sen nireden?

–Türkmenistanly.

–Düýnem bir türkmeni, bir özbegi, iki buharlyny mundan alyp gitdiler...

–Eri, sen nädip düşüp ýörsüň bu ýerlere?

–Nesibe çekendir-dä.

–Hawa-la, aňyrsa şoldur-la.

–Bizi birki ýyllykda Özbegistana sürgüne getirdiler. Üç-dört aý öňem soragdan gizlän etmişiň bar eken diýip, işläp ýören ýerimden tussag edip alyp gaýtdylar.

–Hä, sürgündäki türkmenlerden diýsene. Birki ýyllykda agitbrigada bilen bizem olaryň arasynda bolup gaýdypdyk.

Özbek adamsy şu gepi aýtdam weli, ony nirede göreni dessine Orazgylyjyň ýadyna düşdi. Bu şol öz öňlerinde çykyş edenleriň ýolbaşçysy halkyň öňünde ýeri gelse, gelmese häli-şindi Staliniň üstüne alkyş ýagdyryp, syýasat edip duran adamdy. Orazgylyç Sowet hökümetine beýle wepadarlyk bilen hyzmat edýän adamyň tussag edilmegine gaty geň galdy.

–Syýasatçy aga, siz dagy nädip bu ýerlere düşüp ýörsüňiz?

Ol ilki jogap beresi gelmeýänini mälim edip dymdy, soňam birhaýukdanam:

–Bularyň ahyrsoňunda sylap goýjak adamlary ýokdur–diýip ahmyrly gürledi... Siziňki dogry eken, türkmen aga. Siz özüňizi pida berip, nesliňiziň tuguny goran ekeniňiz, a biz bolsak...

Ol şu pursatda janyndan ileri görýän balalaryny ýatlady öýdýän, damagy dolup, esli salym gepläp bilmedi. Ýüzüni ýokary – ölüm kamerasynyň petigine dikip, güjüklerini ýolbarsa aldyran ene möjege meňzäp eňreýän pessaý ses bilen ahmyrly uwlady...

Bu onuň garamaňlaý syýasatçydan eşiden iň soňky sözi boldy. Şol gün gijara at okap, ýene-de iki adam bilen ony-da alyp gitdiler. Bu syýasatçynyň görüp-bilip, hyzmatynda bolup, Sowete beren iň soňky bahasy boldy...

Nobatdaky gar özüniň ýagmagyna köp garaşdyrmady, ýogsam ozalky ýagan garyň dört-bäş gün içinde şatylama sowuk gar akarady sowlup, Gün çykyp, ýerler çalygyp, günler ýaza sanyp ugran ýaly bolupdy. Beýle guruganççylykly günler, onda-da gyşyňam tüýs örküjinde uzak bolmajagy, elbetde, bilinýärdi, ýöne gurugançylyk, ýyly küýsegli sürgünler ýagty, mylaýym günleriň mümkin boldugyndan uzagrak bolmagyny isleýärdiler. Şeýle bolanda olara ykbal, nesibedäki bar bolan bu selhä-selli, ýazylganlyk bermeýän bu gaty durmuşyň-da üstünden ätläp ötüberjek ýaly islegli göwünýüwürtmeleri başdan geçirýärdiler. Emma sürgünleriň durmuşynda belli bir derejede iş edilip, wagt geçen-de bolsa, ýene-de oňly üýtgän zat bolmandy. Öňküsi ýaly henizem garadaň bilen atyzlara dolunyp, pagta, körek ýygylýardy, amatsyz durmuş şertiniň, iýmit ýeter-ýetmezliginiň derdi hem şol öňküdi. Respublika dagy pagta planyny dolansoň, indi onuň ýygymyna boldy edip, indiki bähbidi geljek ýylyň hasylyndan gözlemeli ýalydyram welin, ýöne muňa düşünýäniň ýok bolşy ýaly, düşünesi gelýänem ýok ýaly görünýär. Plan meselesinde respublika ýolbaşçylary Moskwanyň şatysyna çydaman, wagtyndan öň dolmadyk planyny dolan hökmünde görkezip, indem bilniksizden pagta ýygymyny dowam etdirip, onuň ýetmeziniň üstüni dolup, gizliginden osurdym-basyrdym edýäne meňzeýärdi.

Tebigatyň özi bir ýol tapyp, sürgünleriň derdini egsäýmese, hökümet-ä özünden bilip, ýygymy indi bes ediň diýerli däldi. Muňa seretmezden, körek, übtük takma-tukma tapylyp, günde-günaşa

diýen ýaly bir araba, iki araba pagtabaza ugradylyp durulýardy. Sürgünlerem nan haklary üçin henizem pagta yhlaslydylar, olar «Zat zaýa bolup, ýere siňip gitmesin» diýip, pagta aladasyndadylar. Sürgünleriň iş-pişe ýagdaýlarynyň üýtgemeýşi ýaly, olaryň saklanyş hak-hukuk meselelerinde hem üýtgän zat ýokdy. Olar komendantdyr onuň ýaragly esgerleriniň gözegçiligi astynda bendilikdäkileriň hukugynda ýaşaýardylar.

Şäherden gelip, sürgünleri ozalky ýerinden göçürip alyp gaýdan iki wekiliň biri gitse-de, onuň ikinjisi welin näme üçindir gider ýerde gitmändi, asla giderli hem däldi, ol uzakly güni ýygymçylardan onuň-munuň ýanyna baryp, atyna, eýer-jylawyna serenjam beren bolup ýördi. Adamlar ilki ol gider ýerde gitmänsoň, ony komendanty çalyşmak üçin ýokardan ýörite iberilen adamdyr öýtdüler. Her gezek komendant atlanyp, batlanyp şähere gidende onuň gaýdyp gelmezliginiň ahmaldygy çen etdiler. Dogrusy, öwrenişilendenmi gygyryp käýinse-de, onuň edýän uly hyýanadynyň ýoklugyndanmy nämemi sürgünler onuň gitmegini isläp-de barmaýardylar. Onuň ýerine niýetlenilendir öýdülýän ümsümden kümsük wekiliň öňki komendantlary ýaly bolmajagyny pikir edýärdiler. Şonuň üçinem her gezek komendantyň gidip, üç-dört günden dolanyp gelmegi sürgünlerde kanagatlanma duýgusyny döredýärdi. Näme üçindir bu düşnüksiz adam dyzanyp, dawa-şer tutup ýörmese-de, oňa sürgünleriň syny oturmazdy. Ol bir hili sürgünleriň yzyny aňtap, ahmallyklaryna garaşyp, şonda alyp ýataryn diýýän ýaly düşnüksizden pikirli görünýärdi. «Gyzyl araba» gelen güni dagy halky her tarapdan synlap, ol hasam hüşgärlenýän ýaly bolupdy. Geplemän diýen ýaly ähli bolýan gep-gürrüňleri diňlemedikden bolup görünse-de, üns bilen diňleýärdi. «Gyzyl arabalylar» bilen sürgünleriň alyşýan sorag-jogaplarynyň, gatnaşyklarynyň tebigatyny synlaýardy. Syýasatçy Türkmenistanda gurulýan Garabogaz duz kombinaty hakynda aýdanda, ol gyzyklanyp gapdalyndan Orazgylyjy siňňin synlapdy. Onuň özüne çiňňerilýänine

şonda Orazgylyjyňam bir gezek ünsüne düşüpdi. Ýöne özünde müýn duýmaýanlygy üçin, oňa aň etjek hem bolup durmandy. Onsoňam dünýäni sarsdyryp beýle hezillik bolup durka, munuň ýaly hele-hüle zatlar kimiň ünsüni sowýar?! Ýogsam ol bu wekiliň oňa-muňa baryp, nämedir bir zatlar ysyrganýanlygyndan eýýäm az-owlak habarlydy. Özüni göz astyndan mahal-mahal onuň synlaýanyny-da görýärdi. Ýöne şonda-da ol özüne, maşgalasyna soňra kesti ýetjek nähilidir bir maksat tutýandyr öýtmeýärdi...

Şol günem biraz nan hakyny artygrak almagyň ugruna çykan Nuretdin bir çeträkde bir özi haýdap, pagta ýygyp ýördi. Ol işine gümra bolup ýörşüne wekiliň nähili ýanyna gelenini hem duýmanam galdy. Wekiliň gelmegi bilen ünsüni bölüp, elini işden sowatmagyny halamasa-da, onuň baş atyp beren armasyny ilgeziklik bilen aldy. Ýaş tapawudynyň barlygyny ýatlap, işinden baş göterip, oňa salam berdi:

–Salawmaleýkim, wekil eke!

Wekil aleýik alansoň, tanajak bolýan deý ony siňňin synlady-da:

–Sen Nuretdin dälmi? – diýip, çintgäp sorady.

Onuň hälki ötüp barýan bolman, özüni sorap ýörite gelenini bildi.

–Hawa, ýoldaş wekil eke.

–Onda seniň adyň diniň nury diýmek-dä?

–Bolsa bolýandyr, men-ä şoňa ünsem bermändirin. Emma atamyzyň dakan ady-da...

–Üns bermeseňem, din-namazhonlyk bilen bagly adyň-a bar seniň. Onda diýmek, ata-eneňem dinhon adamlar-da?

–Olar älemden ötdüler, ýoldaş wekil eke..

–Hä, hüm-m...

Nuretdin birbada näme üçin wekiliň adynyň manysyny tirip, bu zatlara gyzyklanýanynyň sebäbine düşünip bilmedi. Ol entek wekiliň şeýdip, özüni ýürege gul-gula salyp, amadyna

getirip, boýnuna emel halkasyny atyp, ony öz peýdasyna gerek ýerinde ulanmakçy, ele almakçy bolýanyndan entek habarsyzdy. Onuň haýsydyr bir maksat bilen däl-de, iş üstüne gözegçilik edip aýlanyp ýörkä tötänlikde bolan duşuşykdygyna hem ynanýardy. Şeýle-de bolsa onuň şol hörpde öz gepini dowam etdirmegi onuň ünsüni çekdi. Ol öz ýanyndan: «Bu nä maksat tutýarka ýa-da menden tersçil ýasamak isleýärmikä, nirede men muňa beýdere sebäp berdimkäm?» diýip, aljyraňňylyga düşüp, alada galyp ugrady. Onuň ýeneki soraglaryna özünde müýn duýmaýanlygyny aňdyryp, seresap jogap bermäge çalyşdy.

–Namaz okaýarmyň?

–Öň okaýardym, indi okamok. Mekdep okuwyndaky Sowet mollanyň, diniň adam üçin zäherli tirýekdigine düşündirdi.

–Şu ýere gelenlerden kimde «Gurhan» bar?

–Ony bilmedim, ýoldaş wekil eke.

–A, sen biljek bol şony! Kimdir birinde bolup, käte okalýandygy barada bizde maglumat bar. Indi şonuň kimdigini anyklamak gerek.

Nuretdin wekiliň başa syrtmakly halka atmakçy bolýanyny aňsa-da, sebäbini diňe häzir belli bir derejede düşünip, onuň şübhesiniň özünde däl-de başga-başga ýerlerdedigine şükür etdi. Başyndan bela sowlan ýaly ýakymly duýgyny başdan geçirdi.

Wekil şu pursatda ýigidiň alasarmyk halyny ezberlik bilen ulandy.

–Sen biljek bol. Şeýle zatlaryň üstüni açmaga kömek etseň, bizem seniň gadyryňy bileris. Seniň durmuşyňy gowulanmagyna mümkinçilik döredeřis.

Nuretdin: «Aý, men ony oňararmykam!?» diýip, näme edende gowy boljagyna göz ýetirip bilmän ýaýdandy. Onuň bu halyny görüp, wekil ýene-de gep suňşuryp, öz matlabyny berkitdi.

–Sen başararsyň. Bu ýerde asla başaryp-başarmaz ýaly zadam ýok. Sen Sowet hökümetini ýigrenýän dälsiň-ä?

–Ýok, ýok, ýoldaş wekil.

–Onda başararsyň. Biziň diýenimizi ediber, özüňe, maşgalaňa gowy bolar...

Nuretdine wekil ezberlik bilen degerli gepleri öňüne dolap, dartgy-çekgä salyp duransoň, ýuwdunyp ýüke gelenini hem duýman galdy. Wekil gidende oňa: «Şol «Gurhan» tapylsa, Gadyryň, Orazgylyjyň, Berdimyrat şyhyň töwereginden tapylar, şolary gözden salma» diýip, ugur hem salgy berip gitdi. Şu gürrüňçilik bolan güni nan paýlananda Nuretdine 200 gram nan artyk berildi.

Ümsüm wekil bilen bu bolan gürrüňden soň Nuretdine onuň kimdigi anyk belli boldy. Şundan soň ol hamala jadylanan ýaly onuň saýrykdyryp agzan adamlary hakynda nähili böwrüni diňläp, oýlanyp ugrandygyny hem duýman galdy. Ol üçüň biri Bäherden şyhlaryndan bolup, özüni pygamber-sahawalaryň biriniň neslinden hasaplaýan, «Gurhany» özüne özgelerden has ýakyn tutýan Berdimyrat şyhdy. Ol gizlin namazam okaýardy, «Gurhan» aýatlarynyň köpüsini ýatdanam bilýärdi. Ümsüm wekiliň agzan ikinji adamsy Ýaran-Ýapbow diýilýände hem şol gözlenýän «Gurhanyň» bolmagy mümkindi. O-da adamlar bilen gümür-ýamyr edeninde hem hemişe burnuna salyp, «Gurhan» sürelerini aýdardy. Gezip ýören ýerlerinde hem ol süreleri gaýtalamagy gowy görerdi. Ýöne ol ady tutulanlaryň içinde olardan ýaşy hem kiçiräk Orazgylyjyň nädip bu şübheli sanawa düşenine ol düşünip bilmedi. Nuretdin Orazgylyjy iş başarjaň, guramaçy, adamlar bilen dil tapyşyp bilýän janypkeş adam hökmünde tanap ugrapdy. Nuretdin ilki bu meseläniň haýsy tarapyndan barjagyny bilmän, oýurganyp birbada ýaýdandy. Şeýdibem ol ümsüm wekiliň ýüpüň bir ujuny goşaryna sarap, onuň syrtmakly tarapyny soňra islendik wagt çekip almak üçin, öz boýnuna atanyny bilmänem galdy.

Ümsüm wekil, has dogrusy, Orazgylyç bilen «Gyzyl araba» gelip, Garabogaz duz agzalyp, Orazgylyjyň hem geçmişde uly duz eýesi bolandygyndan habar berýän şahsy jildindäki okan maglumatyny ýadyna düşüpdi. Jiltde bolsa ozalky soraglarda

kimdir biriniň onuň «Duz zawodynyň eýesi» bolanlygy barada beren maglumaty bardy. Ümsüm wekil onuň bilen ilki tanşanda hem obada nähili öndürijilikli duz zawodynyň bolup biljek-bilmejegine aň etmegiň ýerine «Eziji synpyň wekili eken, munuň üçin, gör, näçe ýüz adam bilini büküp işländir» diýip pikir edipdi. Onuň Orazgylyç bilen has içgin gyzyklanmasy-da şundan soň başlanypdy. Her zatdan monjuk gözläp, kişiniň betbagtlygynyň üstünde öz «bagtyny» gurmak bolsa bularyň baş taglymatydy. Ýygnakda duzdan gürrüň çykmasy bolsa şol köpäp barýan köne ýaranyň täzeden kesmeginiň goparylmagy bolupdy. Ümsüm wekiliň birhili özüne tarap syrly gözleýänini bir öwrümde Orazgylyjyň özi-de görüpdi. Onsoňam aýdymçy gelin aýdym aýdyp, tans edip: «Bagrym ýakdyň sen, ýalta» diýip, öz syny oturanyny mälim edip, gol salgap, sen diýip görkezip durkan kim oňa seretmändi!?

Şol pursatda töwerekdäki aýdymdan hezil tapyşyp oturan ähli adamlar gelniň gol salgaýan ýerine – Orazgylyja tarap geňirgenişip, syrly-syrly, soragly gözleşipdiler.

Wekil bilen komendant ýekeräk galanlarynda öňem sürgünler barada pikir alyşma hökmünde gürrüň ederdiler. Bu gezegem olar ikiçäk galanlarynda şeýleräk gürrüňler etdiler. Bu gürrüň wekiliň komendanta:

–Sen şu birinji brigadaňa brigadir edip goýan adamyň bolşuna üns berýäňmi? –diýen soragyndan başlandy.

–Men-ä aýratyn bir üýtgeşiklik göremok…

–Içgin synlamasaň bilmersiňem. Kulag-a bular, sähel gowşatsaň, gün-günden ersip, dokuzyny dolduryp barýandyr görseň.

–Orazgylyç Kymyş ogluny ýolbaşçy belläp, men ýalňyşmadymmykam diýýän, ol iş-ä başarýar, özi-de işeňňir adam, adamlaryňam dilini tapýar. Ýolbaşçylaryny özlerinden goýanmyzsoň, işjeňlikleri artaýandyr görseň olaryň.

–Hawa, gowulaşdy. Ýöne biz sähelçe bähbit üçin Sowet hökümetiniň duşmanlaryna öz aramyza aralaşmaga hiç wagt mümkinçilik bermeli däldiris...

–Ylalaşýan, ýoldaş Ynoýatow. Ýöne men soňky döwürde sürgünleriň işjeňlikleriniň artmagynda Orazgylyç Kymyş oglunyňam täsiriniň az däldigini aýtjak bolýan.

–Şol bir wagtda onuň talabam ösüp barýandyr –diýip, wekil ony bir zat üçin şübhelenýänini, ol barada öňki pikirinde galýanlygyny erjellik bilen ýene-de nygtady. Onuň «Çagalara berilýän çörek haky-da artdyraýsaňyz, aç garna olara-da gyşyň öňünde durmak kyn bolýar» diýip, ýüz tutup gelenini aýdan maňa özüň dälmi, eýsem? Ine, şuňa, ýoldaş komendant, talabyň başlanmagy diýilýär.

–Talapmykan? Ýöne aýdylan haýyş bolaýmasa…

–Bu kulaklar hiç zady ýöne aýtmaýarlar, soňunyň hökman bir çöpi bolaýmalydyr… Sähel gowşatsaň, bularyň gepi, talaby artyp gidip barýandyr. Bularyň kulakdygyny, eziji synpdygyny men ýene-de bir gezek aýdýan, biz hiç mahal unutmaly däldiris. Seniň bu brigadiriň dagy öň hut öz duz zawody bolan baý ahyryn. Gör, näçe adam bil büküp, onuň üçin işländir. Muňa eziji synpyň wekili diýmän, eýsem, nähili atlandyrarsyň?

–Dogrudanam, onuň isleg-höwes-ä artyp barýar. Bir gezek ol maňa «Ediljek iş daýhançylyk bolsa, bize bir ussahana-da gerek bolar, ýogsam orak, pil edinmek, olary saplap taplamagam uly alada. Bizde «Är işlemez, gural işlär, bütin-ýartyny uran işlär» diýen bir gep bar» diýdi. Men: «Bütin-ýartyň näme?» diýemde bolsa ol «Bütinim-ä bütin çörek, ýartymam onuň üstüne ýene bir goşmaça, has gowy işletjek bolsaňyz, berýän çöregiňiziň möçberini köpeldiň!» diýen hörpde hem ol bir zat diýipdi– diýip, komendant Orazgylyjyň il aladasynda bolma bilen aýdýan gepini ýatlady. Wekiliň aýdany bilen belli bir derejede ylalaşyp, oňa per berip ugranyny mälim etdi.

Şonda wekil: «Bu kulaklarda oýun kändir diýip aýtdym-a men» diýip, gepi hakykada öwrülip barýan ýaly hasam öjügipdi.

Bu gürrüňi şol pursatda çertegiň daş ýüzünde oturan, ýakynda hatçylyga alnan sürgünleriň biri eşidipdi. Şeýdibem, ol sürgünleriň gulagyna ýetip, wekilden bolan gorkyny has-da artdyrypdy. Sürgünlerden hamala ary bar ýaly barha bilniksizden ýerasty bilen öjügýän wekiliň hiç kime nebsi agyryp, gowusyny etmejegini pikir edip, ondan eýmenipdiler.

Belki, bu gepler hem hälki gep arasynda aýdylan zatlaryň biri hökmünde öz-özünden galyp, unudylyp gitse-de giderdi. Ol bu sözi aýtsa-da, şol wagt bada-bat kimdir birini yzarlaýyn, sykyjyga salaýyn diýmändi.

Sürgünler bilen käbir zatlar ylalaşyp ugrana-da meňzeýärdi. Emma bu juda beýle-de däl eken...

Ýylyň ahyrynda, sürgünleriň bu ýere getirilenine bir aýdan gowrak wagt geçensoň, ikinji gezek agyr gar güpläp düşdi. Daş-töweregi dyzdan gara gömensoň, pagta ýygmak baradaky talap ýatyşypdy. Adamlar şu günlerde öýdeçilräk, ot-ojaklaryň töwereginde bolşup ugrapdylar. Ýygylaýmaly bolanda hem indi atyzlarda-da üýşüp ýatan öňki pagta-da ýokdy. Sürgünler alynmaly pagtany zaýaçylyga galdyrman, gyzgalaňly hüjüm edişip, aranlaryna, ýadanlaryna, aýazyna, garyna seretmezden alypdylar. Muňa bu ýerden telim tonnalap alnyp gidilen pagtalar şaýatlyk edýärdi. Hatda sürgünler onuň sowuk uran köreklerini hem çigit çigitlän ýaly, öýlerine getirip, gijelerine ojak başynda çakypdylar.

Komendant şol günleriň birinde Orazgylyjy brigadasynyň erkek adamlarynyň alty-ýedi sanysy bilen jeňňele odun çapmaga ugratdy. Oňa geljekki guruljak ýaşaýyş jaýynyň aladasy bilen «Jaýa atar ýaly pürslük bolsa-da gözüňde bolsun» diýip sargady. Orazgylyç ol ýere gatnap, wagt ýitirmezlik üçin, ilki şol ýerde çatma dikip, oturyljak-ýatyljak sowuk ýere gamyş, ýeneki düşäp, ony mydar görerlik etdi. Jeňňel uly bolansoň, bu ýerde başga

ýerlerden gelýän odunçylaram gabat gelýärdi. Orazgylyç bir gün toraňňynyň bol biten ýerinde ýoldaşlary bilen odunlyk çapyp ýörkä, ol ýerde oduna arabaly gelen ýerli adamlaryň biri bilen tanyşdy. Ol ýaşy altmyşdan geçenligine seretmezden, süňkbaşy iri, nazarkerde adamdy. Orazgylyç gojanyň sapy döwlen paltasyny täzeden saplap, şineläp eline beren wagty tötänden duşan odunçydan ol diýseň minnetdar boldy. Soňam odunyň öz öwrelerinde teňdigini aýdyp, bazara erten odunynyň dessine duw-dagyn bolýanyny, odun gerekli adamlaryň biri ulag tapman kösense, ýene biriniň bu ýere gelip, çapyp, ýükläp gidere gurbatynyň çatmaýanlygyny, özüniňem gelip gitmegine azandan bir gün gerek bolýandygyny gürrüň berdi. Haçan-da Orazgylyç oňa nebsi agyryp: «Biziň golaýymyzda düşläber, gerek bolsa, biz ýygmaga-da, ýüklemägede kömek ederis» diýensoň, ol diýseň hoş boldy. Indiki gelende iki tegelek nan bilen ep-esli edip, ýarym halta golaý sogan getirdi.

–Şu nan bilen sogany gözüňi ýaşardyp bir iýseň, onsoň dümew töweregiňe gelmezem – diýip, ony Orazgylyja berdi.

Orazgylyç dagy bilen tanşansoň, gojanyň jeňňele gelip gitmesi-de ýygjamlaşdy. Goja her gelende gök önümdir nandan biraz getirensoň, onuň telekeçi gojadygy belli bolup, adamlar ondan goldan gelen hyzmatlaryny gaýgyrmadylar. Geldigi oňa eglemän, odunyny çapyp, ýükläp berip goýberýärdiler.

Odun çekip, önjeýli gazanç eden goja-da şundan soň sürgünlerden sahawatda kem oturmady. Bir gün sürgünleriň iýer-içer meselesiniň ýagdaýlydygyny göz öňüne tutup, iki halta sogan, iki halta käşir, iki halta mäş, noýba getirip, minnetdarlyk bildirdi. Olaryň çapyp beren odunlarynyň özüne ýene telim wagt çekerine boljagyny aýdyp begendi. Orazgylyç bolsa bu zatlary oba ertse, köpçülik üçin bişirilýän nahara telim bir günläp tagam berjegine, belli bir derejede iýmit ýagdaýyny gowulandyrjagyna göwün ýüwürtdi. Oduna gidenler, haçan-da bu zatlary bir araba edip, sürgün düşelgesine getirmegine adamlar dürlüçe seretdiler. Getirip baryny komendantyň eline berenden öz aralarynda ogryn-

dogryn paýlaşan bolsalar, gowy bolardy, ýolbaşçylar eýelän bolsa, indi olar bize oňly zat ýokdurmaz diýip, ol iýmitlik zatlary olaryň öz isleglerine görä ulanjakdyklaryny gürrüň etdiler. Komendant bilen ýörite wekil bolsa Orazgylyjy çagyryp, onuň bu zatlary nireden alanlygy bilen gyzyklanyp, iberilenleriň odun-çapmaga derek bir zat gazanmagyň ugrunda bolup, oňly iş etmän gezendiklerini güman etdiler. Odunçy gojanyň salgyny sorap, ondan bu tarhandökerligiň sebäbini ýörite organlaryň üsti bilen anyklajakdyklaryny, çapylan odunlaryň möçberini anyklajakdyklaryny oňa duýdurdylar. Sowukda özümiz horlanyp ýörmäli, näme bolsa şulara bolsun diýip, olary özbaşyna oduna iberenlerine ökündiler.

Emma bu gepi ulaltsalar, onuň bir tarapynyň özlerine hem degjegini pikir edensoňlar welin, islese-islemeseler-de ýagdaý bilen ylalaşmaly boldular.

Wekil ýene öňki köne heňine tutdy:

–Görüp dursaň-a, bu kulaklar sähel mümkinçilik tapsalar, hor boljak adamlar däl. Bir ýerden bir zatlar tapyşdyryp, dessine özlerini tutup gidiberjek bular...

–Bular baran ýerlerinden şeýdip ýaran-a tapynýar özlerine– diýip, komendant hem göwünjeň goldady.

–Gynansak-da, Sowet hökümetini halamaýanlar, onuň baý-kulagyna raýdaşlyk edesi gelip duranlar henizem biziň ilde-de az däl. Ýogsam hökümetem-ä beýle adamlaryň ýüzünden sypanok welin, tutup-tutup, basyp, wagonlarda alys ýerlere sürgün edibem dur. Şonda-da mugyra gelerli däl bu eziji gatlak.

–Eşidýäs-ä bularyň arkasyny aljak bolýan basmaçy ýenekiler bilen henizem serhet ýakalarynda çaknyşyklar bolup, gan dökülýär.

–Ýogsa-da Ibragim bek ýene-de sypypdyr-ow.

–Sypsa-da uzak gitmez. Ol ýerde hem biziň adamlarymyz bar, olar elleri tanaply, amat peýleşip boýnuna syrtmak salmak üçin, onuňam, ýaranlarynyňam yzaryna düşüp ýörler.

–Jüneýit diýibem-ä bardyr bir garadan gaýtmazy?

–Guşgy eteginde ýakynda bolan söweşde ol örän köp adamsyny ýitiripdir. Oňurgasy ýazandyr, indi wagty bilen, ol özüni alyp bilmez diýilýär.

–Ýogsa-da seniň bu brigadiriň şol töweregiň adamsydyr, bilip goý. Wagtynda sürgüne alnyp gaýdylmadyk bolnanlygynda bu-da şolara goşuljagyň biri eken-dä onda?

Komendant bilen ýörite wekil öz borçlary hakynda pikir ýöredişip, biri-birine çalynýan pyçaklar kimin, özlerini sürgünlere garşy işlere ýitilediler. Dözmezçilik edilip, sürgünlere ýazgynlyk bermeli däldigini, bu işi hökümetiň ynam edip, hut özlerine tabşyrandygyny minnetdarlyk bilen ýatlaşdylar. Sürgün kümeçiliginiň depesinde ýene-de gara bulutlar lemmer-lemmer bolşup köwsarlaşyp ugradylar.

* * *

Gazak, Sibir atlandyrylýan aňyrsy bäri-bärde bolmadyk, bir tarapy Sibir çöketliginden, ýene bir tarapy Ural daglaryna tarap ýaýylyp gidýän sähranyň demirgazyk gündogaryna gyşyň ir düşüşi ýaly-da, onuň ýazy hem özge ýerlerden tapawutlylykda giçki eken.

Apreliň başlaryna gijäniň bir wagty asmandaky bulutlaryň arasynda allowarralarda bir ýerlerde top atylan ýaly bolup, asman-zemini sarsdyryp gök gürledi. Ýeriň süňňünde duşuşyga gelen gyzyň süňňündäki ýaly maýdaja saňňyldy peýda boldy. Şundan köp wagt geçmänkä ýaz özüniň tutumy, küý-köçesi bilen telim aýlap gar astynda ýatan ýerlere şähdaçyklykdyr ýakym mylaýymlyk paýlap aralaşyp ugrady.

Gyşda nirädir bir ýerlere hepdeläp, on günläp ýitirim bolup gidýän Gün hem indi kimdir birini göresi gelip, owsunyp duran göwün bolup, her gün asmanda gadalyp durup, wagty bilen bataryna gitmäge howlukmazdy. Işim derýasam indi bu günler üstüniň bölek-büçek buz bölekleri bilen hamala goýaldylan ýaly bolup, süýnüp-sarkyp ýaltalaç akýardy. Tebigatyň ýazsyrap, güngünden gowulyga öwrülip barýanlygy duýulýardy. Dünýä sanlyja günde çagalaryň daşardan aýak ýygnasy gelmeýän döwrüne öwrülip barýardy.

Indi bu günler Allanazar deň-duşlary bilen seňkildeşip, bir ondan çykýardylar, bir mundan. Boýuna baryp, Işimi synlap gaýdýan-da şolardy, jüre depdi, ýeneki oýnap hezil tapýanda. Gijelerine bolsa ýene öňküsi ýaly jigisi Rahmannazar onuň düýşüne girerdi. Mähriban jigisinden aýra düşmegine onuň kalby asla rahatlyk tapyp bilmeýärdi. Ýazda gazak sährasynyň türkmen sährasy ýaly ummasyz gül-gunçalaryň mesgeni bolýanlygyny eşiden güni bolsa, ol öz öýleriniň ilersindäki baýyrlaryň biriniň üstünde oturan Rahmannazary görüpdi. Onuň ýeke özüniň obadan daş gidenini görübem alada galyp, gol bulap, ony öz ýanyna çagyrdy.

–Rahmannazar jan, gel bärik, mamam seni gözläp ýör-ä! – diýip gygyrdy. Onuň azaşyp gitmänkä tizräk öz ýanyna gelmegini isledi...

Oýanansoň bolsa ol jigisiniň ýoklugyny, ony bile oýnaýan deň-duşlarynyň arasyndanam tapmajagyny gyýlyp ýatlady. Eger beýdilip sürgüne gaýdylmadyk bolanlygynda, onuňam häzir bu hezil oýunlaryň bir tarapynda bolaýmalydygyny ýatlap, näderini bilmän gynanyp sessiz aglardy. Ol diňe daşarda deň-duşlary bilen gyzygyp, oýun oýnap ýörkä, göwnüne jigisi öýde galan ýaly duýlup, ony birsalym unudardy.

Ýazyň gelmegi bilen obanyň ekin-dikin işleri täzeden bat alyp ugrady. Taba gelen ýerlerde gyssagly bugdaý ekilýärdi. Geçen ýylky gyşdan öň sürülmäge ýetişilmedik ýerlerde sürüm işleri alnyp

barylýardy. Hemişe gara görenden elheder alyp gorkup gaçýan mollatorgaýlar gyş gütläp düşensoň, oba adamlaryndan haraý isläp, ýakyn gelip, olaryň töweregindäki yklaw, ýylyrak ýerleri mesgen edinen hem bolsalar, indi olaryňam sesi allowarradan, sürüm geçirilip, ekin ekilýän ýerleriň töwereginiň dik depesinden gelýärdi. Ähli ýerde ýaz ýer astyndan öz gülli ýagyrnysyny kömelekledip çykyp gelýärdi. Wagtal-wagtal asmany garaly-alaly bulutlar tutup, gök gürläp, ýyldyrym çakýardy. Howada indi bir eýýämden bäri ýagşyň tanyş ysy bardy. Gazagyňam ýazy türkmeniň ýazy ýaly, şeýdip bezenip-beslenip, däli-porhan bolup, möwç urup gelýän eken. Belki, ähli gowy zatlar, niýet-päller, hüý-häsiýetler bilen şeýdip bir-birlerine meşzeş bolmalydyr-da. Ýaz hälem köwsarlap-kükräp, gök gürledip, dünýäniň süňňüni sarsdyryp, öz maksadyndan başga hiç zada üns bermän, gyşyň elinden gaňryp alaýdy öz nobatyny, ýogsam gyşyň entekler-ä gozganyp-ganyp gitmek niýetinde ýokdy. Aslynda hereket hemme tarapdan başlanyp, isleg-höwes maksada öwrülip, möwç alyp ugransoň, onuň öňünde durup biljek güýç bolýarmy!? Onda-da möwritiňem geçiren bolsaň.

Şol günleriň birinde Allanazar ýoldaşlary bilen obaçylygyň gapdalyndaky açyklykda gaçyşyp-kowşup oýnap ýörkäler, şäher tarapyndan peýda bolan bir araba oglanlaryň ünsi düşdi. Ol gelip-gelibem oglanlaryň hol beýleräginde, iki ýoluň çatrygynda saklandy. Oglanlar arabanyň yzynda aýagyny sallap oturan gaba telpekli türkmen adamsyny görenlerinde, birbada öz gözlerine ynanmadylar.

–Kimkä ol adam!?

–Öz-ä kimem bolsa, Türkmenistandan gelýän bolmaly.

–Kim... Kimkän ol!?

Onýança-da silkme telpekli adam arabadan düşüp, oňa ýüklän horjunyny zordanrak bir egnine aldy-da, aňyrlygyna barýan arabakeş bilen hoşlaşyp, oba tarap ýöneldi. Hemmeler kimkän diýşip çiňňerilişip, çiňňerilişip ony hasam içgin synladylar.

Aňyrdan gelýän golaýlaşdygyça süňňi bir zat syzan ýaly, Allanazaryň ýürek urgusy güýçlendi. Golaýlaşdygyça-da onuň düňderilip ýöreýşi barha oňa öz ýakynlarynyň ýöreýşini ýatlatdy. Emma ol bu ýerlerde dagy özüniňkileri görerin öýtmänsoň, ilkibada öz gözlerine ynanmady. Ýöne gözleri ony aldamandy. Bu gelýän onuň agasy Ballydy. Allanazar nädip oňa tarap okdurylanyny-da duýman galdy. Barşyna-da onuň üstüne özüni zyňdy.

–Bally akga jan, sen geldiňmi!? Bizi äkitmäge geldiňmi!? – diýibem begenjine aglabam goýberdi.

Ine, şeýdibem gazagyň tükeniksiz sährasynyň bir ýerinde juda uzaga çeken ýaly bolup görünýän agyr aýralykdan soň, iki sany damardaky şol bir gan akýan didar küýsegli aga-ini garaşylmadyk ýagdaýda bir-birleri bilen duşuşdylar. Gyşyň aşagynda gül-gunça çolanyp çykyp gelýän ýaz bilen duşulanda bolşy ýaly, ýürekleri ýakymly joşgun eýeledi.

*31-nji barakdaky türkmenler öz yzlaryndan gelen ilkinji hossar hökmünde Ballyny diýseň gadyrly garşyladylar.*

*Üçünji kitabyň soňy.*

## MILLI MERTEBE MUKAMY

Çeper edebiýat näme?

Edebi zehin näme?

Wagt geçýär, täzeden-täze, ezberden-ezber ýazyjy-şahyrlar orta çykýar. Her täze zehiniň edebiýat meýdanyna gelmegi bilen, ýokarky soraglaryň jogaby gitdigiçe aýdyňlaşaýjak ýaly welin, tersine, ol barha çylşyrymlaşýar. Sebäbi her bir çyn zehin edebiýata heniz belli bolmadyk öwüşginler, öwrümler, tärler, keşpler getirýär. Anha, onsoň, ýaňybir çözgüdini tapdym edeňkirlän sowalyň üstüne täze sowallar münýär.

...Çärýek asyr mundan öň, ýaşajyk talypkak, «Sowet edebiýaty» (häzirki «Garagum») žurnalynda şol wagtky ýaş ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Ýedi däne» atly ilkinji powesti çap edildi. Mugallymlaryň maslahaty bilen, Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplarynyň arasynda bu eser barada pikir alyşmagy karar etdik. Maslahata ýazyjynyň özem geldi. Şonda talyp talabymyz, gögele gömelteýligimiz, jahyl jedelkeşligimiz bilen, powestiň üstüne topulyşymyz ýadyma düşýär. Ýazyjynyň bar aýdylanlary ünsli, sabyrly diňläp oturyşam ýadymda...

Şeýle bir hekaýat bar:

Allatagala aty ýaradansoň, beýleki janly-jandarlary ýygnap, bu işe baha bermeklerini sorapdyr. Şonda düýe birýandan çykyp: «Bu janawaryň galan ýer-ä bolýar welin, şu boýnunam has egri eden bolsaň, juda owadan boljak eken» diýipdir. Soňra eşek aýdypdyr: «Şunuň gulaklaram meniňki ýaly uzyndan salpyrak edilen bolsa, tüýs gelşigine geljek eken». Öküzem öz gezeginde bögürip, bu atyň synasynda ýekeje ýetmeziň bardygyny – iki sany şahyň kemterlik edýändigini ýaňzydypdyr.

Biziňkem şol gezek şo «synçylaryňky» ýaly bolaýdy öýdýän.

Eýsem, bizi şol wagt gyjyklan, öjükdiren zatlar nämedi? Ilkinji nobatda, powestiň şol wagtky edebiýat teoriýasynyň köp kada-kanunlaryna gabat gelmeýänligidi. Iň bir üşerden zatlaryň birem – powestiň diliniň ýylmanak, owadan jümlelerden ybarat däl-de, birhili, büdür-südürräkmi, tikenliräkmi, tokga-tokgarakmy, aý, garaz, başgaçalygydy...

Indi görüp otursak, şo zatlar «Ýedi dänäniň» kemçiligi däl-de, eýsem, artykmaçlygy, türkmen edebiýatyndaky başgaça, üýtgeşik bir kyssanyň başlangyjy eken. Mugallymlarymyz ala-böle şol poweste biziň ünsümizi çekmäge çalyşmalaram ýöne ýerden däl eken.

...Ynha, bu gün şol «Ýedi däne» ýene elimde. Bu eser bilen bir döwürräkde, nusgalyk hökmünde öňe sürlen keşpleriň, gahrymanlaryň köpüsi möwritini ötürip, döwrebaplygyny ýitirdi.

Emma esger Nazarowyň welin şol juwanlygy, şol garagol hyýalbentligi, şol açykgöwün sadalygy.

Agageldi Allanazarowyň ýazyş usulam, onuň gahrymanlaram, daşyndan göräýmäge, sadalaç ýaly. Emma olaryň dünýäsine içgin aralaşdygyňça, şol sadalygyň aňyrsynda nähili çuňlugyň, nähili öwrümleriň ýatandygyny görüp, haýran galýarsyň. Ynha goja awçy bilen agtyjagy çöl içinde tirkeşip, hümürdeşip, käte bir-birlerine sala salşyp, käte-de bir-birini gižželäp gidip barýarlar. Gojanyň bu gün awy oňanok. Ol muňa öz agtygynyň ýanynda niçikler müýnürgeýär, öz-özüne käýinýär, agtygyna beren sözüniň yzynda durup bilmeýänligine örtenýär. Emma... ýaňky gojanyň yzyna düşüp gelýän oglanjygyň entek bu dünýäniň dirileriniň hatarynda ýokdugyny, onuň şindi niçe ýyllar bäri diňe gojanyň hyýalynda, arzuwynda ýaşap ýörenligini soň-soň aňşyryp galýarsyň («Goja» hekaýasy).

Şeýle duýdansyz öwrümler, ýönekeý zatlaryň arasynda gizlenen çuňňur, müdimilik pikirler, pelsepeler ýazyjynyň eserleriniň islendik döwürde, islendik ýurtda höwes bilen okalmagyny üpjün edip bilýär.

...Ýazyjynyň eserlerinden çen tutup, ony haçan, näçe ýaşynda ýazanlygyny anyklamak kyn däl. Sebäbi ýazyjy diňe bir ömrüň dowamynda ençeme adamyň ömrüni ýaşamaga ýetişýär. Şonuň üçinem ol öz eserinde bir görseň, neresse çaga ýaly, bir görseňem, köpügören, pähimdar goja ýaly. Şu ýerde häzirki zamanyň iň uly ýazyjylarynyň biri Çingiz Aýtmatowyň Agageldi Allanazarowyň «Şol bir gezek uçan it» atly eserine uly baha berip ýazan sözbaşysyndaky «Çagalara uly bolup görünmegiň hökman bolşy ýaly, ululara hem çaga bolup görmek hökman» diýen sözleri ýadyňa düşýär. Şu sözleri ilkinji nobatda ýazyja degişli hasap edip, ony şeýleräk düşündirmek mümkin: ýazyja çagaka-ha uly bolup, uluka-da çaga bolup, hatda, bagyşlaň weli, at ýa-da it, gurtmudyr guş bolubam görmek hökman.

Eger şeýle bolmasa, «Iner ýüki», «Çat açan menzil», «Gyr atyň howalasy», «Şol bir gezek uçan it» ýaly powestleri, «Ak ýelken», «Goja», «Zenan bagty», «Urşa giden adam», «Çabdary» ýaly hekaýalary nädip ýazjak?

Ynha, «Iner ýüki» uruş döwründe kakasynyň, agalarynyň, umuman, tutuş «serdarlar» neberesiniň erkekleriniň ornuna galyp, şolaryň barynyň ýüküni öz ejizje gerdenlerine alan oglanjyk. Ony okasaňyz, bu eseri ýazan adamyň uruşdan has soň, 1948-nji ýylda doglandygyna ynanmarsyňyzam.

«Çat açan menzil» bolsa sizi ondanam has aňryk – XX asyryň 20-nji ýyllaryna tarap alyp gider.

Ýa-da «Şol bir gezek uçan it» atly erteki-powesti okap: «Bu adam itleriň, möjekdir tilkileriň ýa-da garaguşlaryň dilini nireden bilýärkä?» diýip, geňler galmagyňyz gaty ähtimal.

Hawa, hakyky ýazyjy şeýle diýdirip bilýär.

Ýok, ýazyjam asmandan inäýenok. O-da iller ýaly, ýerde doglup, ilki emedekläp, soň deň-duşlary bilen basalaşyp, kowalaşyp, okap, işläp ulalýar. Ýöne şol ulalmanyň barşynda, ol köp zatlary başgaça görýär, başgaça eşidýär. Şo-ol bir gezek görlen wakalar, eşidilen sözler beýlekileriň gözüne-gulagyna ilenem däldir ýa-da ilen badyna ýatdan çykyp gidendir. Emma o zatlar geljekki ýazyjynyň welin ömürlik ýüregine ornap, beýnisine çümüp galýar. Bagty gelibem köp zatlaryň täsiri bilen, şol görlen-eşidilenlerden täsin-täsin eserler döreýär. Ýeri gelende, ýazyjy Agageldi Allanazarowyň terjimehaly hakda-da öz bilýänlerimi aýdyp bereýin. Ol, öňde aýdyşym ýaly, 1948-nji ýylda Tagtabazar etrabynyň Marçak obasynda dünýä inýär. Obalaryndaky orta mekdebiň 8-nji synpyny tamamlan dessine-de Mary şäherindäki mugallymçylyk mekdebine okuwa girýär. Bu ýerde onuň edebiýat älemindäki ilkinji şowly ädimlerine ýol açylýar. Soňra ol goşun gullugyna çagyrylyp, desantçylaryň sapynda gulluk borjuny abraý bilen berjaý edýär. Şol wagta çenli ýazyp ýetişen goşgularydyr kyssa eserleriniň kömegi bilen, harby gullugyň yzysüre,

Moskwanyň M.Gorkiý adyndaky Edebiýat institutyna okuwa kabul edilýär. Şol okuwy tamamlaýança-da ol özüniň özbaşdak döredijilik ýoluny diňe saýgaryp-seljermek däl, eýsem, şol ýoly ägirt-ägirt halypalar tarapyndan ykrar etdirmäge-de ýetişýär.

Agageldi Allanazarowyň edebiýat meýdanyna şeýle ynamly gelip, bada-badam ol ýerde öz ornuny tapmagynyň tötänlik ýa-da «arkalylyk» däldigini ýazyjynyň soňra yzly-yzyna neşir edilen «Günüň öýi», «At gaýraty», «A» ýazýan», «Ýedi däne», «Iner ýüki», «Üç murtlak kapitan», «Çat açan menzil», «Gyr atyň howalasy» ýaly kitaplary hem-de dünýäniň dürli dillerinde çykan beýleki köp sanly eserleri subut etdi. Edebiýatda bitiren hyzmatlary üçin ýazyjy 1983-nji ýylda Türkmenistanyň edebiýat we sungat boýunça Ýaşlar baýragyna mynasyp boldy.

Çyn bagşyny sesinden, sazandany kakuwyndan, çyn bedewi toýnak urşundan tanap bolýar. Eýsem, hakyky ýazyjyny haýsy alamatlardan tanasa bolar?

Şeýleräk bir ahwalat, belki, size-de tanyşdyr: öň bir ussadyň elinden çykan gowy goşgynyň ýa-da aýdymyň, hatda kyssa eseriniň käbir setirleri oslagsyz ýagdaýda birden hakydaňa gelýär-de, hiňleneniňi ýa-da pyşyrdanyňy duýman galýarsyň. Şonda ol setirler öz kalbyň bir ýerlerinden çogup gelýän ýalam bolaýýar. Sebäbi olar ýürege şeýle bir ýakyn, şeýle bir mähriban...

Golaýda men Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň tabşyrygy bilen, Ata Gowşudowyň «Dordepel» kitabyna sözbaşy ýazmak üçin kelle döwýärkäm, «Dordepel  mydama biziň ganymyzda at salyp ýör» diýlen jümle dilime geldi-de, begenip muny ur-tut kagyza geçirmekçi boldum. Soňam aýdyma meňzeş bu üýtgeşik jümläniň şeýle aňsat tapylaýşyna geň galyp, gitdim iňkise. G.Ezizowdyr H.Kulyýewden başlap, öz eý görýän şahyrlarymyň barynyň diwanlaryny dörüp çykdym. Iň soňda-da...

«Gulagyma özüme ýakynlap gelýän Gyr atyň güpürdisi eşidilýär. Soňundanam şol güpürdä meňzeş sazlaşykly urgular kem-kemden meniň ýüregimi eýeläp ugraýar. Her gezek ýüregim

at toýnaklarynyň sesi bilen bir perdeden gopup ugran mahaly Gyr at dabyrdap, meniň ganymda aýlanyp ugraýar»…

Bu setirler asyl Agageldi Allanazarowyň «Gyr atyň howalasy» atly powestinde öňräkden bäri lowurdap duran bolsa nätjek!

Ýazyjylykda iňňän synçy göz bilen jam ýaly gulak hem duýgur ýürek örän derwaýysdyr welin, şol gözdür gulagyň hem ýüregiň tapan zatlaryny beýana salmak üçin, gaty jadyly dilem gerek. Ynha, ýokarda ýatlanan powestden ýene bir parçajyk:

«Gyr at her ýerden bir basyp, göwün imrindirip çapan mahaly, ony görmäge göz gerek. Agzybir inişip düşýän toýnaklaryň aşagyndan ot syçraýar. Töweregiň süňňünde maýdaja saňňyldy peýda bolýar. Gyr at şemala ýazylyp, pasyrdaýar. Ol haýsy menzile ýetse, bada-bat şol menzil özgermek bilen. Töwerek lowurdap, öýe täze gelin giren ýaly, göze ýakymly alamata öwrülýär. Gyr at seleň meýdan bilen otlary göwüsläp gelýän wagty, ol kükregi bilen tolkunlary öňüne salyp, daş-töweregine suw syçradyp, suwdan çykyp gelýän suw atyna meňzeýär».

Agageldi Allanazarow näme hakda ýazsa-da, bar zada jan salyp, bar zady adamlaşdyryp hem-de... türkmenleşdirip bilýär. Şu ýerde ýaşuly galamdaşlarymyzyň biriniň Agageldi Allanazarowyň döredijiligi hakda şeýleräk pikir aýdany ýadyma düşýär: Agageldi ýazan zadyna öz adyny ýazmasa-da, onuň şonuňkydygyny bir alamatdan - türkmen äheňinden, diňe türkmene mahsus bolan inçe zatlary tutuşyndan bilse bolýar. Muny başarmak üçin bolsa, ganyňda mydama Gyr at iki ýana dabyrap, at salyp ýören bolmaly.

Agageldi Allanazarow, iň bärkisi, «Sallam-sajak bulutlary döw münen ýaly münüp geljek ýaz ýagmyry» diýip ýazanda-da göwnüňe, şol döwe meňzeş bulutlaryň gerşinde türkmeniň buýra-buýra silkme telpegi görnüp giden ýaly bolýar. Bu häsiýeti, bu alamaty «Millilik» diýlen söz bilen düşündirse bolar.

Agageldi Allanazarowyň eserleri dünýäniň haýsy ýurdunda (Russiýada, Ýewropada, Ýaponiýada, türki dillerde) çap edilse-de, onuň tutuş döredijiligine mahsus bolan millilik öwüşgini bada-bat

göze ilýär. Bu öwüşgin, bu aýratynlyk has-da gowy, aýyl-saýyl görünýän bolsa gerek.

Agageldi Allanazarowyň eserleriniň Moskwada çykan ýygyndysyna belli rus edebiýatçysy, terjimeçi W.Orlowyň ýazan sözbaşysynda şeýle diýilýär: «Hatda kim-de-kim entek Türkmenistanda bolmadyk-da bolsa, onuň ýurdunyň bol çoguna çoýunmadyk, ol ýerde ýaşaýan giň göwrümli, mertebeli, zähmetsöýer halky görmedigem bolsa, Agageldi Allanazarowy okansoň, ol ýurdy söýüp, sarpalap, hormat goýup ugraýaň. Bu häsiýet diňe hakyky, milli ýazyjynyň döredijiligine mahsus»...

Millilik – gaty inçe, düşünmesi kyn düşünje. Muňa öň ýazyjynyň artykmaçlygyny, ussatlygyny aňladýan söz däl-de, eýsem, onuň garşysyna ulanylýan ullakan aýypnama hökmünde seredilen wagtlaram boldy. Emma Agageldi Allanazarow ýaly çyn ýazyjylar şo döwürlerde-de milli bolmaklykdan gorkmadylar. Muny aňan Kerim Gurbannepesow ýaly ägirt halypalaram: «Bu zaluwatjyk... türkmen ata çykmaly diýýär, oňa Gyr atyň howalasy gerek diýýär» diýmekden, ony goldamakdan çekinmändiler.

Eýsem, eseriňe nädip «milli» diýdirip bolýar? Don-telpek bilenmi? Atdyr düýe bilenmi? Ýa-da pajarly, haýbatly, gabarak sözler bilenmi?

Ýok. Ýok-la!

Sen müň keren, million gezek «Türkmen! Men – türkmen!!!» diýip gygyraý, seniň o gykylygyňa pitiwa etjek ýokdur.

Emma eserleriňde ar-namys, abraý üçin, özünden on esse güýçli adamlar bilen, olaryň aždarha ýaly itleri bilen dikleşmekden gorkmaýan oglanjygyňam keşbini döredip bilseň («Iner ýüki»), onda seniňem, ol oglanjygyňam kimdigini soraman bilerler.

Türkmen häsiýetiniň edil Görogly ýaly murtlaryny towlap, gözlerini alardyp, ör-boýuna galýan pursadyny siz «Çöl kanuny» atly hekaýada-da görersiňiz. Ol häsiýet bu gezek Jumagylyjyň we onuň garryja ejesiniň keşbinde jemlenipdir.

Ynha, Jumagylyç öz gandar duşmany – bolşewik esgerbaşysy Semýony ölümden halas edip, ýaralaryny bejerip, indem ugradyp barýar. Duşmany ilk-ä oňa müňkürlenýär, soňam nädip minnetdarlygyny aýan etjegini bilenok. Ine-de, Jumagylyjyň iň soňky sözleri:

« – Ýoluňa git, ýoluňa. Seniň bilen takal okaşyp durara mende wagt ýok. Sen meni göreňok, menem seni. Onsoňam, men seni halas edemok, seni türkmen agaň arkama-arka aýlanyp ýören, ejize eýe çykmak däbi halas etdi.

...Şuny bilip goý! Sen meni nirede görseňem, aýamagyn, gözümden urgun! Duş geläýseň, mendenem gowulyga garaşma»...

Indiki duşuşykda Jumagylyç Semýonyň esgerleriniň okundan wepat bolýar. Emma diňe namartlyk däl, eýsem, mertligem ýokuşagan zat bolara çemeli. Semýon öz hereketi üçin özüne nämäň garaşýanlygyny bilip dursa-da, Jumagylyjyň jesedini çöl ýerde gurda-guşa taşlap gaýdybermäge razy däl.

«Näme üçin Jumagylyja meni – gyzyl komandiri ölümden halas etmek bolýar-da, maňa onuň jesedini adam ýaly jaýlamak bolmaýarmyş? Oňa çölüň kanunyny ýatlap, ölümiň çukuryna aýak sallap oturan duşmanyny alyp galyp, ata-babalara hormat etmek bolýarmyş-da, men näme üçin hiç bir kitaba ýazylmadyk bu ýagşylygy etmeli dälmişim!? Onsoňam, galyberse-de, menem şu çölde doguldym ahyryn».

Agageldi Allanazarowyň gahrymanlarynyň aglabasy, anha, şol ýazylmadyk, ýowuz, ýöne adyl kanun boýunça hereket edýärler. Şonuň üçinem, olary öldürip, ýok edip bolýar, emma ýeňip bolanok.

Ony ýazyjy hiç ýerde gönüläp aýdanok, ony okyjynyň öz-özi, öz ýanyndan pyşyrdap aýdýar.

Ony aýtdyrýan – Agageldi Allanazarowyň diňe ynsan-gahrymanlaryna däl, haýwan-gahrymanlaryna-da («Şol bir gezek uçan itdäki» Möngözlüje, «Çabdarydaky» Çabdary we beýlekiler) mahsus bolan mertlik, merdanalyk sypaty. Agageldi Allanazarowyň

gahrymanlary ykbal çaýkawynyň herjüre oýunlaryna sezewar bolsalar-da, şol mertlik mertebesini ýitirmän bilýärler.

Şeýle gahrymanlary bolan edebiýaty, şeýle edebiýaty bolan milleti hiç güýç ýeňip bilmez. Sebäbi bu edebiýatyň, bu mertligiň aňyrsy gaty düýpden – Oguz handyr Gorkut atadan, Görogludyr Magtymguludan, Seýdidir N.Saryhanowdan... hem Agageldi Allanazarow ýaly täze güýçlerden gaýdýar. Türkmende bu güýç tükenmeýär.

Türkmeni täzeden ata çykaran Beýik Galkynyşlar eýýamy bu gün şeýle güýçlere, şeýle eserlere giň ýol açdy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ägirt uly ilbähbitli tagallalary netijesinde edebiýatyň, sungatyň iň gowy nusgalaryny goldamaga, olary halk köpçüligine ýetirmäge, ýaş

nesli şol nusgalaryň ruhunda terbiýelemäge uly mümkinçilikler döredi.

Türkmende «Sen daga dag diýseň, dagam saňa dag diýer» diýen dana söz bar. Agageldi Allanazarowyňky ýaly gowy eserleri goldasaň, apalasaň, düşünseň hem düşündirseň, ol eserlerem öz gezeginde halkyna, Watanyna, döwrüne bimöçber nepini ýetirip, olaryň abraýyny öňküsindenem artdyryp bilýär.

...Size şu aýdan zatlarymy ýazmak üçin Agageldi Allanazarowyň eserlerini, gör, näçenji gezek gaýtadan okap çykdym. Şeýdibem, men bu ajaýyp ýazyjyny özüm üçin ýene-de bir gezek täzeden açdym. Oňa täzeçe düşündim. Şeýle bagty men, mähriban okyjylar, size-de arzuw edýärin!

*Kömek Kulyýew,*
*ýazyjy.*

## MAZMUNY

Altynjy bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 4
Ýedinji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 211
K.Kulyýew. Milli mertebe mukamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 385

*Agageldi Allanazarow*

# O J A K

Roman

Üçünji kitap

| | |
|---|---|
| Redaktor | *G. Gulbaýew* |
| Suratçy | *G. Okaýew, D. Akyýew* |
| Dizaýn | *A. Öwezow* |

Ýygnamaga berildi 10.10.2006. Çapa rugsat edildi 8.02.2008.
Ofset kagyzy. Ofset çap ediliş usuly. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$. Möçberi .